**JUMADURDY ANNAORAZOW**

# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNYŇ ORTA ASYRLAR TARYHY

**AŞGABAT – 2010**

**J. Annaorazow. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy** (Orta asyrlar döwri). Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin synag okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent **Berdi Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

Kitabyň surat bezegi we kartalary **Jumadurdy Annaorazow, Öwezmuhammet Abdyllaýew, Mähri Annaorazowa** tarapyndan ýerine ýetirildi.

Syn ýazanlar:

Magtymguly adyndaky TDU-nyň dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti **N. Gajarow.**

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýanyndaky Halakara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy **J. Gurbangeldiýew**

Magtymguly adyndaky TDU-nyň dünýä taryhy kafedrasynyň mugallymy T. Aşyrow

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

**©Jumadurdy Annaorazow**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

**Orta asyrlar döwri we onuň döwürleşdirilişi.** Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy dünýä taryhynyň aýrylmaz bölegi bolmak bilen, onuň orta asyrlar zamanasy sebitiň ýurtlarynyň taryhynyň uzaga çeken, şol bir wagtyň özünde bolsa köp asyrlap dowam eden möhüm döwri bolup durýar. Şunuň bilen birlikde, orta asyrlar döwri sebitiň ýurtlarynyň köp müňýyllyk taryhynyň iň bir gyzykly döwrüni hem öz içine alýar. Orta asyr gatnaşyklary we orta asyr medeniýeti, aslyýetinde, häzirki döwürde Gündogar medeniýeti diýlip atlandyrylan taryhy-medeni gymmatlyk hem esasan hut şu asyrlarda kemala geldi.

Aziýa we Afrika sebiti dünýäniň halklarynyň iň köp ýaşaýan yklymlarynyň hem biridir. Bu sebit dünýä dinleriniň we dünýä medeniýetleriniň hem ählisiniň dörän we ýaýran ýeridir. Aziýa we Afrika ýurtlary geografiki ýerleşişi boýunça birnäçe içki sebitlere bölünýändir. Bu yklymlarda Uzak Gündogar, Günorta-Gündogar Aziýa, Günorta Aziýa, Merkezi Aziýa, Orta Gündogar, Alynky Aziýa, Arabystan arym adasy, Ýakyn Gündogar, Demirgazyk Afrika, Tropiki Afrika we Günorta Afrika ýaly uly sebitler bolup, olaryň her biri düzümine birnäçe döwletleri birleşdirýär.

Orta asyr gatnaşyklarynyň ilki dörän ojaklary hökmünde häzirki Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ýerini, Eýrany, Kiçi Aziýany, Arabystany, Hindistany we Hytaýy görkezmek bolar. Orta asyrlar döwri biziň eýýamymyzyň II-III asyrlarynyň sepgitlerinden - XVII asyryň ortalaryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwürde sebitiň ýurtlary taryhy ösüşde belli bir netijeleri gazanmagy başardy.

Orta asyrlar döwri Aziýada Ýewropadakydan birneme öň – II-III asyrlaryň sepgidinde ýüze çykyp başlaýar. Käbir alymlar Merkezi Aziýa ýurdy bolan Türkmenistanda orta asyr gatnaşyklarynyň Beýik Parfiýa şalygynyň döwründe (b.e.ö. III – b.e. III asyrlary) kemala gelendigi baradaky pikirleri hem öňe sürýärler. Emma Ýewropada orta asyrlar döwrüniň ýüze

çykmasy V asyryň ahyrlarynda Rim imperiýasynyň ýykylmagy, gul eýeçilik gurluşynyň dargamagy we Ýewropada feodalçylyk düzgünininiň ýüze çykmagy we milli döwletleriň peýda bolup ugramagy bilen baglanyşykly boldy. Emma Aziýada orta asyr gatnaşyklary öňki dowam edip gelen köne gatnaşyklaryň kämilleşmegininiň hem-de ösmegininiň netijesinde kemala geldi.

Aziýada we Ýewropada orta asyrlar döwrüniň dürli wagtlarda başlaýandygyna garamazdan, sebitleriň ikisi üçin hem şu döwri «Orta asyrlar» diýip atlandyrmak kabul edilendir. Alymlaryň arasynda Orta asyrlaryň haçan başlandygy we gutarandygy barada dürli pikirler hem bardyr. Emma şu okuw gollanmasynda Aziýa we Afrika ýurtlarynda Orta asyrlar döwrüniň başlanýan wagty hökmünde II asyryň ahyrlary – III asyryň başlary, tamamlanýan döwri hökmünde bolsa XVII asyryň ortalary kabul edildi.

Alymlaryň arasynda «Orta asyrlar» düşünjesini Ýewropanyň çäginden çykarmak bilen baglanyşykly jedeller saklanyp galýar. Sebäbi Ýer ýüzüniň sebitleriniň taryhy ösüşi birmeňzeş bolmandyr. Aziýa we Afrika ýurtlarynda bolup geçen durmuş-ykdysady hadysalar, syýasy wakalar, kemala gelen taryhy-medeni we ruhy gymmatlyklar Günbatar Ýewropadakydan belli bir derejede tapawut etdi. Muňa garamazdan, alymlaryň arasynda Ýewropanyň we Aziýanyň hersiniň öz Orta asyrlar taryhynyň bolandygy baradaky pikirler agdyklyk edýär. Ýöne «Orta asyrlar» adalgasy şertli düşünjedir we şu döwri atlandyrmak üçin başga bir pikir ýokdur.

Orta asyrlar zamanasy gadymy dünýä eýýamyndan has gysgadyr. Emma Orta asyrlar müňýyllygy hem uzak döwürdir. Bu döwürde adamzadyň durmuşynda möhüm üýtgeşmeler we ilerlemeler bolup geçdi. Şonuň üçin hem bu döwre has anyk göz ýetirmek, ony has düýpli öwrenmek üçin alymlar bu eýýamy öz içinde üç döwre bölýärler. Ýewropanyň orta asyrlar döwri barada aýdylanda, bu ýerde antiki eýýamyň ornuna kem-

kemden täze jemgyýetçilik gurluşy ýüze çykýar we kemala gelýär. Bu «irki orta asyrlar» döwri bolup, ol V asyryň ahyrlaryndan XI asyryň ahyrlaryna çenli dowam edipdir. Ondan soň orta asyrlaryň iň ösen döwri başlaýar. Şonuň üçin hem bu döwür «ösen orta asyrlar» diýlip atlandyrylyp, ol XIV asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Orta asyrlaryň soňky döwri «giçki orta asyrlar» diýlip atlandyrylyp, ol XV–XVII asyryň ortalaryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwür Ýewropada orta asyrlar döwrüniň tamamlanýan wagtydyr.

Emma bu döwürleşdirme Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhyna doly gabat gelýän däldir. Sebäbi, eýýäm belläp geçişimiz ýaly, Aziýa we Afrika ýurtlarynda orta asyrlar Ýewropadakydan birneme öňräk ýüze çykyp başlaýar. Ýöne, Aziýa we Afrika ýurtlarynda orta asyrlar zamanasynyň tamamlanýan döwri şertli häsiýetdedir. Çünki XVII asyryň ortalaryna çenli Ýewropada orta asyrlar eýýamy tamamlansa-da, bu ýagdaý Aziýa we Afrika ýurtlarynda has giçki döwre çenli dowam etdi. Emma XVI-XVII asyrlarda ýewropalylaryň Aziýanyň, Afrikanyň we Amerikanyň ýurtlaryna köpçülikleýin aralaşmagy bilen, bu sebitlerde täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň kemala gelmegi, millilige esaslanýan täze gymmatlyklaryň döremegi üçin amatly şertler döredi. Şonuň üçin hem şu ýagdaýy göz öňünde tutup, şeýle hem Aziýa we Afrika ýurtlarynyň orta asyrlar döwrüni çuňňur öwrenmek maksady bilen, XVII asyryň ortalaryny Täze taryh bilen Orta asyrlar döwürleriniň arasyny bölýän sene hökmünde şertli kabul edildi.

Aziýanyň we Afrikanyň käbir halklarynda orta asyr gatnaşyklarynyň dargamak hadysasy XVII-XVIII asyrlara, aglaba köpüsinde bolsa XIX asyryň birinji ýarymyna çenli dowam etdi. Aziýanyň we Afrikanyň halklarynyň orta asyrlar eýýamynyň bir basgançagyndan, beýleki bir basgançagyna geçiş döwürleriniň dürli-dürli bolandygyna garamazdan, olaryň

ählisini orta asyrlar gatnaşyklarynyň umumy kanunalaýyklyklary we meňzeşlikleri birleşdirýär.

**Orta asyrlarda Aziýa we Afrika ýurtlarynyň ösüş aýratynlyklary.** Aziýanyň we Afrikanyň irki orta asyrlar döwri ýere eýeçilik etmegiň gowşak ösen görnüşleriniň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu döwürde daýhanlaryň ählisi entek erkindiler we ýer eýeleriniň tabynlygyna doly geçmändiler. Mundan başga-da, hojalygy ýoretmegiň gul eýeçilik we jemagatçylyk (erkin ekerançylyk ýa-da maldarçylyk jemagatlary) gurluşlary hem saklanyp galýardy.

Ösen orta asyrlar döwri şertli iri ýer eýeçiliginiň (ol harby-mülkdarçylyk ulgamy diýlip atlandyrylýar) ösüşi, agalygyň we ýapjalygyň güýçlenmegi, şeýle hem ähli daýhanlaryň ýer eýelerine doly tabyn edilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Orta asyr şäherleriniň kemala gelmegi hem hut şu döwürde tamamlanýar.

Giçki orta asyrlar döwri harby-nülkdarçylyk ulgamynyň we hojalygy ýöretmegiň orta asyr düzgünleriniň pese düşmegi, güýçli we merkezleşdirilen döwletleriň döremegi bilen tapawutlanýar. Bu döwürde Aziýanyň käbir ýurtlarynda pul-haryt gatnaşyklarynyň ähmiýeti artypdyr, manufakturalar döräp başlapdyr.

Aziýa we Afrika ýurtlarynda jemgyýetiň ykdysady binýady bolan ekerançylyk pudagy emeli suwarymlylyga esaslanýardy. Bu yklymda ekin ekmek we ýaşamak üçin amatsyz ägirt uly gurak çöllükler, ulgam-ulgam daglar köp. Gündogarda ýerden hasyl aljak bolsaň, önüm öndürjek bolsaň, ýeri hökman köp zähmedi talap edýän emeli usulda suwlandyrmaly. Dogry, düme ekerançylygy Gündogarda-da bolupdyr, emma onuň bilen jemgyýeti azyk önümleri bilen üpjün edip, haryt bolçulygyny döredip bolmandyr, ony diňe önüm öndürmegiň goşmaça usuly hökmünde ulanypdyrlar. Gurak hem-de yssy guşaklykda ýerleşýän Gündogar

ýurtlarynyň köpüsinde gurakçylyk ýyllary düme ekerançylygy asla bolmaýar.

Gündogar ýurtlarynda ekin ekmek, önüm öndürmek üçin derýalaryň, çeşmeleriň ugrunda suw desgalaryny gurmaly, ýaplary, noburlary çekmeli, her ýyl suw desgalaryny abatlap, gazy-haşar işlerini geçirip durmaly bolýardy. Bu işleri döwlet derejesinde ýa-da tutuş jemagat bolup alyp barmasaň bolanok. Şonuň üçin hem ekerançylygy ýöretmegiň şeýle kyn şertleriniň bolandygy üçin Gündogar ýurtlarynda sürüm ýerlerine esasan döwlet eýeçilik etdi. Ilatyň köp bolmagy, suw ýetmezçiligi zerarly suwarymly ýerleriň hem azlyk etmegi, döwleti ekerançylyk ýerlerini öz eýeçiligine almagyna getiripdir.

**Orta asyrlarda Aziýanyň we Afrikanyň döwletleri, olaryň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Gadymy döwürlerde dünýäde döwletler köp bolmandyr. Emma orta asyrlar döwründe Merkezi Aziýada, Hytaýda, Hindistanda, Eýranda, Arabystanda we beýleki sebitlerde merkezleşdirilen döwletler kemala geldi. Giçki döwürlerde dünýäniň dürli sebitlerindäki döwletleriň sany has hem köpelipdir. Orta asyrlarda köp sanly türkmen döwletleri hem döredi. Olardan Göktürkmenleriň, Garahanly, Gaznaly, Beýik Seljuk, Köneürgenç döwletlerini, Osman imperiýasyny hem-de köp sanly türkmen begliklerini görkezmek bolar.

Hytaýda, Ýaponiýada, Koreýada, Hindistanda, Günorta-Gündogar Aziýada, Eýranda, Kiçi Aziýada we Arabystan ýarym adasyndaky orta asyr döwletleriniň ösen oba hojalygy we kämil şäher önümçiligi bardy. Ady agzalan ýurtlarda döwlet dolandyryş, harby we salgyt ulgamlary kämilleşýärdi. Aziýa we Afrika ýurtlarynda orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen ekerançylyk ýerleri, esasan döwletiň eýeçiligine geçdi. Elbetde, sebitiň ýurtlarynda ýere hususy eýeçilik hem bardy, ýöne ol hiç haçan hem durnukly ýagdaýda bolmandyr. Aziýada ýere hususy eýeçilik wagtlaýyn, durnuksyz häsiýete eýedi.

Aziýa we Afrika ýurtlarynda hökümdar döwletiň ähli ekerançylyk ýerleriniň eýesidi. Şonuň üçin hem ol döwletiň peýdasyna raýatlardan salgyt ýygnaýardy. Ýere döwlet eýeçiligi, aýratyn hem Hytaýda, Sasanylaryň döwletinde we Ýaponiýada ir ýüze çykdy. Döwlet eýeçiliginiň ýüze çykmagy we ösmegi Aziýa ýurtlarynda kämil salgyt ulgamynyň kemala gelmegini çaltlandyrdy. VII asyryň ortalarynda Arap halyflygynyň döremegi bilen Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ýere döwlet eýeçiligi has hem berkedi.

Orta asyrlarda Aziýa we Afrika sebitlerinde gelip çykyşy, ýüz keşbi, dili, medeniýeti boýunça biri-birinden tapawutlanýan köp sanly halklar ýaşapdyrlar. Ekerançylygyň, senetçiligiň we söwdanyň ösmegi Aziýa we Afrika ýurtlarynda medeniýetiň, ylmyň-biliminiň ösüşine-de uly täşir etdi. Şonuň üçin hem bir tarapy Ýuwaş ummany, beýleki tarapy bolsa Atlantika ummany bilen galtaşýan ägirt uly giňişliklerde biri-birinden tapawutlanýan özboluşly medeniýetler kemala geldi. Aziýany we Afrikany biri-birinden tapawutlanýan, esasan bäş sany medeni zolaklara bölmek bolýar. Olar: 1) Merkezi Aziýanyň,[1] Orta we Ýakyn Gündogaryň, şeýle hem Demirgazyk Afrikanyň musulmançylyk, 2) Uzak Gündogaryň we 3) Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa halklarynyň buddaçylyk, 4) Tropiki we 5) Günorta Afrikanyň ýerli ynançlar bilen baglanyşykly ýüze çykan medeniýetleridir.

Aziýa we Afrika ýurtlarynyň juda giň geografiki giňişliklerde ýerleşmegi, sebitleriň we ýurtlaryň ösüşiniň birmeňzeş bolmazlygy, ösen orta asyr gatnaşyklarynyň bu yklymda ýerleşýän ýurtlaryň her birinde dürli asyrlarda kemala gelmegine sebäp boldy. Mysal üçin, ösen orta asyrlar döwrüniň ýüze çykmagy Hytaýda, Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynda,

---

[1] Merkezi Aziỳa döwletleri bolan Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň, Täjigistanyň taryhy «Türki ỳurtlaryň taryhy» atly aỳratyn okuw dersinde öwrenilỳär. Şonuň üçin hem şu okuw kitabynda bu ỳurtlaryň taryhy beỳan edilmeỳär.

şeýle hem Demirgazyk Afrikada VIII asyryň ahyrlarynda, Hindistanda XI-XII, Ýaponiýada bolsa IX-X asyrlarda bolup geçdi.

Ösen orta asyrlar zamanynda ekerançylyk ýerleriniň meýdany düýpli giňäpdir. Suwaryş desgalarynyň giňemegi, suw göteriji enjamlaryň ulanylmagy täze ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik beripdir. Täze oba hojalyk ekinleri, esasan hem tehniki ekinler peýda bolupdyr. Kenep, gowaça, künji, şekerçiňrik ýaly ekinleriň ekilýän meýdany artypdyr. Ýeri işläp bejermekde täze usullaryň ulanylmagy, zähmet gurallarynyň kämilleşmegi daýhanlara ýylyň dowamynda birnäçe gezek hasyl almaga mümkinçilik beripdir. Ekerançylykda bakjaçylyk we miweçilik uly orun eýeläpdir. Aýry-aýry sebitleriň we welaýatlaryň ekinleriň haýsy hem bolsa bir ýa-da birnäçe görnüşini ekmäge ýöriteleşmegi başlapdyr.

Ösen orta asyrlarda ýer eýeçiliginde we jemgyýetiň durmuş gurluşynda uly üýtgeşmeler bolup geçipdir. Ýakyn we Orta Gündogarda, Demirgazyk Afrikada, XIII asyrdan başlap bolsa Hindistanda harby-mülkdarçylyk ulgamy berkäpdir. Harby-mülkdarçylyk ulgamy döwlet we harby gulluklaryň esasynda kemala gelip, şunda döwlete gulluk etmek şerti bilen harby serkerdelere we ýokary wezipeli döwlet işgärlerine patyşa tarapyndan uly ýerler berilýärdi. Emma Hytaý, Koreýa we Ýaponiýa ýaly ýurtlarda serkerdeler, döwlet işgärleri we begzadalar döwlet ýerlerini hususy mülke öwürmäge çalyşýardylar. Şeýle şertlerde orta we ownuk mülkdarlar gowşaýardylar we iri mülkdarlaryň tabynlygyna geçýärdiler. Ýaponiýada iri harby begzadalaryň güýçlenmeginiň netijesinde olaryň mülklerinde ýaragly goşun bölümleri peýda boldy we kem-kemden harby gullukçy gatlagy döredi.

Öndüriji güýçleriň ösmegi jemgyýetçilik zähmet bölünişigini çaltlandyrypdyr. Şäherlerde jemlenen senetçilik önümçiligi ýokary derejelere ýetipdir. Şäherler öňi bilen senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri hökmünde

tanalypdyr, ýöne şunuň bilen bir hatarda, olar dolandyryş merkezleri bolup galmaklaryny hem dowam etdiripdirler. Gadymy şäherler öz meşhurlyklaryny bu döwürde-de saklap galypdyrlar. Başda dolandyryş merkezleri ýa-da goşun bölümleriniň ýerleşýän ýerleri hökmünde saýlanyp alnan täze şäherler tiz wagtdan senetçiligiň hem-de söwdanyň möhüm merkezlerine öwrülipdirler. Netijede, orta asyr gatnaşyklarynyň ösýän döwründe Aziýa we Afrika ýurtlarynda baý şäherler döreýärdi, öň bar bolan şäherler bolsa has-da ulalýardy. Bu döwürde Aziýa ýurtlarynyň şäherlerinde kämil şäher hojalygy döreýärdi. Hytaýyň Çanan, Loýan, Hançžou, Kaýfyn; Ýaponiýanyň Nara, Osaka, Kiota, Kamakura; Hindistanyň Deli; Orta we Ýakyn Gündogaryň Merw, Samarkant, Ürgenç, Nişapur, Tus, Bagdat, Damask, Halap, Kair, Töwriz, Gazna ýaly şäherleri şol döwürlerde dünýäniň iň ösen senetçilik we söwda merkezleridi. Şäherlerde mekdepler, kitaphanalar açylýardy, bu ýerde alymlar, şahyrlar, sazandalar, suratkeşler jemlenýärdiler. Şäher hojalygynyň ösmegi we giňemegi senetçiligiň hem-de söwdanyň ösüşine-de uly itergi berdi. Ýurtlaryň, sebitleriň arasynda söwda gatnaşyklary ýygjamlaşdy, «Beýik ýüpek ýolunda» söwda işleri gaýtadan janlandy.

Ösen orta asyrlar döwründe Aziýa we Afrika ýurtlarynda separatistik (bölünişikçilik) meýiller, döwletleriň syýasy taýdan dargamagy hem güýçlenýär. Ýakyn we Orta Gündogarda Bagdat halyflygy, soňra Beýik Seljuk döwleti birnäçe böleklere bölündi, Hytaýda merkezi häkimiýet ýerlerdäki begzadalaryň bölünişikçilik hereketlerine garşy berk göreşmeli bolýardy. XII asyryň ahyrlarynda Ýaponiýada sýogunlyk esaslandyrylyp, ýurtda özbolușly iki häkimiýetlilik ýüze çykdy, XIV-XV asyrlarda bolsa häkimiýet iri samuraý begzadalarynyň – daýmýolaryň eline geçdi. Netijede, Ýaponiýa birnäçe orta asyr begliklerine bölündi.

IX-XI asyrlarda adamlaryň aň-düşünjesinde, dünýägaraýşynda uly öwrülişikler bolup geçdi. Gündogaryň beýik akyldarlary adamkärçiligi we ynsanperwerligi ynsan durmuşynyň baş kanuny – ýörelgesi bolmaly diýip yglan edýärdiler. Munuň özi Gündogarda ynsanperwerlik (gumanizm) eýýamynyň başlandygyny görkezýärdi. Orta asyrlarda Gündogaryň we Günbataryň her birine mahsus mazmundaky özboluşly adamzat gymmatlyklary, ynsanperwerlik ýörelgeleri bolupdyr. Ýewropada adamyň hukugy, jany we emlägi eldegirilmesiz, mukaddes zat hökmünde hasap edilipdir, Aziýada bolsa esasy gymmatlyk hökmünde ruhy-ahlak ýörelgelerini emele getirýän ejize howandarlyk etmek, mätäje kömek bermek, ýetim-ýesire hossar çykmak, ahlak taýdan päklik ýaly gymmatlyklar jemgyýetçilik ýaşaýşynda ähli zatlardan ileri tutulypdyr.

Aziýa we Afrika ýurtlarynda jemgyýetiň ösüşine daşky çozuşlar we basybalyşlar hem uly täsir edipdir. Sebitiň halklarynyň ösüşine haçly ýörişler, aýratyn hem mongol basybalyşlary uly zyýan ýetirdi. Basybalyşlar ösen ekerançylyk we şäher medeniýeti bolan halklaryň gazananlaryna agyr zarba urdy. Netijede, ekin meýdanlary tozdurylypdyr, suwaryş desgalary, obalar, şäherler ýumrulypdyr, ilat köpçülikleýin gyrlypdyr.

**Giçki orta asyrlarda Aziýa we Afrika ýurtlarynyň ösüş aýratynlyklary.** Orta asyrlarda dünýäniň halklary, şol sanda Aziýanyň we Afrikanyň halklary hem gyradeň ösmändirler. XVI-XVII asyrlaryň sepgidinde Günbatar Ýewropanyň öndebaryjy ýurtlarynda kapitalistik gatnaşyklar kemala gelýän döwründe Aziýada we Afrikanyň bir böleginde ilat ozalkysy ýaly orta asyr döwründe ýaşapdyr. Ýewropalylaryň entek aýak sekmedik ýerleri bolan Afrikanyň, Awstraliýanyň, Amerikanyň we Demirgazyk Aziýanyň birentek halklarynda bolsa ilkidurmuş-jemagat gurluşy saklanyp galypdyr.

Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy ösüşde has öňde barýanlary hem bardy, ýöne şol ýurtlaryň mundan beýläkki ösüşini bökdeýän içki we daşky sebäpler köpdi. Ekerançylyk we maldarçylyk ykdysadyýetiň binýady bolmak bilen bu ýagdaý XVI-XVII asyrlarda-da dowam etdi. Ekerançylyk ýerleri we suwaryş ulgamlary giňeldilýärdi, ýöne bu işleri amala aşyrmaklyk tehnikanyň gazananlaryna esaslanmaýardy. Önümçiligi ýoretmegiň esasy usuly gol zähmetidi we daýhanyň kämil zähmet endikleridi. Mysal üçin, hytaý daýhanlarynyň baý tejribesine we kämil zähmet endiklerine garamazdan, bu ýurtda iş malynyň ornuny, köplenç, adamyň özi tutmaly bolýardy. Munuň özi Aziýa jemgyýetinde öndüriji güýçleriň gowşak ösendigine şaýatlyk edýärdi.

Öndüriji güýçleriň haýal ösmeginiň esasy sebäpleriniň biri-de, asyrlaryň dowamynda öndüriji güýçleriň dolandyryjylara tabynlygynyň kem-kemden güýçlenmegi boldy. Girdeji almagyň esasy görnüşi önüm salgydy bolup, ol pul salgydy we zähmet borçlary bilen utgaşdyrylýardy. Ýöne, goşmaça önüm bilen bir hatarda, daýhanyň elinden onuň öz hojalygy üçin zerur bolan önümiň hem bir bölegi alnypdyr. Bu bolsa daýhan hojalygynyň öndürijilik ukybyny peseldipdir we önümçiligi giňeltmäge päsgel beripdir.

Emirleriň we döwlet gullukçylarynyň oba jemagatlarynyň durmuşyna gödek gatyşmaklary we daýhanlar babatynda dürli borçlaryň girizilmegi daýhan hojalyklarynyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edipdir. Önümçilikde natural hojalyk agalyk edip, ol ýurtda bazar gatnaşyklarynyň kemala gelmegine düýpli päsgel beripdir. Salgytlaryň we borçlaryň artmagy, öndürijileriň dolandyryjylara bolan tabynlygynyň güýçlenmegi, ekerançylyk ýerleriniň obanyň we şäherleriň ýokary gatlaklarynyň eline geçmegine, olaryň mülkleriniň mukdarynyň artmagyna getiripdir. Aziýada we Afrikada asyrlar boýy dowam edip gelen ýere döwlet we jemagat eýeçiligi öz ähmiýetini ýitirip başlaýar. Şunuň bilen bir hatarda, giçki orta

asyrlarda şäherler ykdysady we medeni merkezler bolmak bilen, olarda önümçilik kämilleşdi, önümçilikde tehnikanyň gazananlaryny peýdalanmaklyk artdy. Metallaryň işlenilip bejerilişi, magdan eredilişi kämilleşdi. Önümçiligiň käbir pudaklarynda suwuň güýjünden peýdalanmaklyk (mysal ücin, kagyz önümçiliginde, degirmenler, jyklar işledilende we başgalar) güýçlendi. Dokma taralary kämilleşdirildi we olaryň gurluşy hem-de herekete getirilişi çylşyrymlaşdy. Köşkler, ybadathanalar, metjit-medreseler we galalar gurlanda dürli görnüşli tehniki enjamlar ulanylyp başlady.

Gündogar ýurtlarynyň senetçileri, hünärmentleri dürli bezeg esbaplaryny, şaý-sepleri ýasamakda, nepis matalary, halylary dokamakda, sowuk ýaraglaryň dürli görnüşlerini, farfor gap-gaçlaryny öndürmekde, deri eýlemekde şöhratlanmaklaryny dowam etdirýärdiler. XVI asyrda Hytaý, Ýaponiýa, Eýran, Hindistan, Osman imperiýasy daşary bazardan gelýän ot açyş ýaraglaryny ulanyp başladylar, ýöne därini hytaýlylar oýlap tapypdylar, toplary ýasamagy bolsa ýewropalylar araplardan öwrenipdirler. Aziýa we Afrika ýurtlarynda senetçilikde gazanylan üstünlikler bol we arzan işçi güýji bilen gazanylypdyr. Bu bolsa örän ýokary derejede artykmaç önüm öndürmäge mümkinçilik berýärdi, ýöne işçi güýjüniň bol we arzan bolmagy önümçilikde tehniki enjamlara bolan islegi peseldýärdi.

Deňiz we guryýer söwdasy bilen baglanyşykly bolan iri şäherlerde uly ussahanalar we manufakturalar döreýärdi. Manufakturalaryň döremegi zähmet öndürijiligini artdyrýardy, olarda hakyna tutma işçi güýji giňden ulanylýardy. Emma ownuk senetçiler önümçilikde barybir uly ähmiýete eýe bolmaklaryny dowam etdirýärdiler. Aziýanyň köp ýurtlarynda önümçilikde zähmet bölünişigi hem ýüze çykyp ugrady.

Senetçilik we manufaktura önümçiliginde söwda hem-de maliýe goýumlary giňden ulanylyp başlandy. Önümçilik söwdanyň bähbidine tabyn edilýärdi, ýöne maýa goýumlary

içerki we daşarky söwda geleşiklerinde özbaşdak hereket edip bilmeýärdiler, sebäbi bu pudaklarda agalyk iri begzadalaryň (mysal üçin, Ýaponiýada) ýa-da döwlet edarasynyň (mysal üçin, Hytaýda) ygtyýaryndady. Ýagdaý şeýle bolansoň, söwdagärleriň, işewür adamlaryň, senetçilik guramalarynyň (sehler, gildiler, esnaflar) işleri begzadalaryň we döwlet edarasynyň gönüden-göni gözegçiliginde saklanylýardy. Üstesine-de, içki gümrükler, dürli çäklendirmeler, agyr salgytlar, zähmet borçlary, käbir ýurtlarda daşarky söwdanyň gadagan edilmegi (mysal üçin Ýaponiýada, Hytaýda), we beýlekiler şäher önümçüliginiň ösmegine, bazarlaryň giňemegine, oba hojalygyndan boşaýan artykmaç işçi güýjüniň peýdalanylmagyna päsgel berýärdi. Söwda işindäki çäklendirmeler we päsgelçilikler söwdanyň we işewürligiň ösmegine, maýalaryň toplanmagyna päsgel berýärdi, has beteri-de, gazanylýan girdejiniň ep-esli bölegi begzadalaryň hem-de döwlet emeldarlarynyň jübüsine gidýärdi.

Ýewropa ýurtlaryndan tapawutlylykda, Aziýa we Afrika ýurtlarynda söwdagärleriň we işewür adamlaryň jany, emlägi we hukuklary orta asyr kanunçylygy tarapyndan goralmaýardy we olar dolandyryjy toparlaryň doly tabynlygyndadylar. Şol sebäpden hem şäherleriň söwda we önümçilik bilen baglanyşykly gatlaklary iri begzadalar, köşk adamlary, täsirli emeldarlar bilen gatnaşyklary agtarýardylar, olardan özlerine dürli ýeňillikleri satyn alýardylar. Olar öz maýalaryny köplenç söwda ýa-da beýleki işlere sarp etmän, esasan ýer satyn almaga harçlaýardylar.

Aziýa we Afrika ýurtlarynyň ösüşine Beýik geografiki açyşlar, kolonial basybalyşlar hem uly täsir edipdir. «Altyn keseli» ýewropaly söwdagärleri we deňizde ýüzüjileri Ýer ýüzüniň dürli künjeklerine gitmäge mejbur edýärdi. 1487-nji ýylda portugaliýaly Bartolomeu Dias Afrikanyň iň günorta burnundan aýlandy we 1488-nji ýylda yzyna dolanyp gelýärkä Hoşumyt burnuny açdy. 1498-nji ýylda beýleki bir

portugaliýaly Wasko da Gama Diasyň ýoluny gaýtalap, Hindistanyň Kalikut şäherine bardy. Şeýdip Afrikanyň daşyndan aýlanýan Gündogara deňiz ýoly açyldy. Soňra portugallar Günorta-Gündogar Aziýa, Hytaýa we Ýaponiýa aralaşyp başladylar. XVI asyryň başlarynda bu ýerlerde gollandlar, iňlisler, fransuzlar hem peýda bolup başladylar.

Kolonial mülkleriň peýda bolmagynda iňlisleriň, gollandlaryň we fransuzlaryň Ost-Hindistan kompaniýalary uly işeňňirlik görkezdiler. Güýç ulanmaklyk, aldawçylyk, talaňçylyk we ýerli halk üçin bähbitsiz bolan söwda gatnaşyklary arkaly olar täze-täze ýerleri eýeleýärdiler. Kolonial syýasat Aziýanyň we Afrikanyň halklarynyň ösüşine iki hili täsir etdi. Birinjiden, bu syýasat Ýewropany «doýurdy» we kapitalizmiň ösüşi üçin ýeterlik maýanyň toplanmagyna mümkinçilik berdi. Ikinjiden, Aziýa we Afrika ýurtlaryny Ýewropanyň çig mal çeşmesine öwrendigine we milli sütemiň ýola goýlandygyna garamazdan, bu syýasat ahyr soňunda adamzadyň bitewileşmegine, halklaryň birek-birek bilen gatnaşyklary açmagyna, umumy dünýä bazarynyň kemala gelmegine, Gündogaryň gazananlarynyň Ýewropa, Ýewropanyň gazanalarynyň bolsa, Gündogar halklary üçin elýeterli bolmagyna getirdi.

# I BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNDA ORTA ASYR GATNAŞYKLARYNYŇ KEMALA GELMEGI

## § 1. Eýran irki orta asyrlar döwründe.

**Sasanylar döwletiniň döremegi we onuň jemgyýetçilik-syýasy gurluşy.** Parfiýa imperiýasynyň güýçden gaçan wagtlary III asyryň başlarynda Eýranyň Pars welaýatynda özbaşdaklyk ugrunda hereket başlaýar. Bu ýerler parslaryň gadymy ýurdudy. Eýranda Ahameniler döwletiniň düýbüniň tutulan ýeri hem Parsdyr. Ärsaklaryň (Parfiýa) döwründe Pars welaýatyny Bazratitler nesilşalygyndan bolan

emirler dolandyrypdyrlar. Welaýatyň merkezi Istahr şäheri bolupdyr. Parsda ownuk beglikler hem bolupdyr. Şolaryň biriniň hökümdary, Sasany urugyndan bolan Papak 208-nji ýylda Parsyň emiri, Bazratitler nesilşalygynyň iň soňky wekili Göçihri öldürip, ýerli häkimiýeti basyp alýar. 222-nji ýylda Papak ölenden soň  onuň ogly Ardaşir Parsyň goňşulary bolan Kermany we Huzistany eýeleýär. Soňra ol Parsyň käbir beglikleriniň hökumdarlary bilen bileleşip Parfiýanyň patyşasy Artaban V ýeňýär we 226-njy ýylda «Eýranyň şalar şasy» (*Şehin-şah*) tagt ady bilen bilen hökümdar bolýar.

Şeýlelikde, häzirki Eýranyň ýerinde Sasanylar döwleti (226-651) ýüze çykýar. Ktesifon-Selewkiýa (araplar ony Medain diýip atlandyrypdyrlar) şäherini sasanylar döwletiň täze paýtagty hökmünde saýlap alýarlar,  Istahr bolsa ikinji paýtagt bolup galyberýär. Sasanylar döwleti hem Parfiýa imperiýasynyň ýerleriniň esasynda emele gelip, onuň düzümine Eýranyň häzirki ýerleri, Merkezi Aziýanyň günorta-günbatary, Owganystanyň günbatary, Aşaky we Orta Mesopotamiýa (Suristan) giripdir.

Ýewfratyň günbataryna edilen ýörişler Sasanylar döwleti bilen Pim imperiýasynyň arasynda uruş hereketleriniň başlanmagyna getiripdir. Sebäbi Ardaşir (226-241) Rim imperiýasynyň ýerlerini basyp almak maksady bilen  Siriýa we Kiçi Aziýa birnäçe gezek ýörişler geçiripdir. Gündogarda sasanylar ýykylyp barýan Kuşan döwleti bilen ýeňişli uruşlary alyp barypdyrlar. Şapur I (241-272) döwründe Kuşan döwletiniň hem-de Kawkaz ülkesiniň ýerleri hem Sasany döwletiniň düzümine goşulýar. Netijede, gysga döwrüň içinde Sasanylar döwleti ägirt uly imperiýa öwrülýär. Şonuň üçin hem Şapur I başlap sasany şalary özlerini «Eýranyň we Eýran däl ýerleriň şalar şasy» diýip atlandyryp ugrapdyrlar. Munuň özi sasanylaryň dünýäde agalyk etmäge ymtylandyklaryna şaýatlyk edýärdi.

Sasanylaryň döwründe şalar-sasynyň häkimiýeti Parfiýa döwründäkiden has güýçli bolupdyr. Sebäbi ähli ýapja patyşalyklar ýatyrylypdyr we olaryň höküm süren ýurtlaryna sasanylar urugyndan bolan adamlar bellenilipdir. Ardaşir zoorastrizmi döwlet dinine öwrüpdir we öz häkimiýetini amala aşyrmakda zorastrizm dininiň wekillerine, pars baýlaryna hem-de olara goşulan öňki tanymal parfiýan uruglary bolan Sürenilere, Karenilere we Mähranlara daýanypdyr. Zorastrizmiň döwlet dinine öwrülmegi Sasanylar döwletinde ellinizm medeniýetine we dünýägarýşyna garşy syýasat bilen utgaşdyrylypdyr. Munuň özi ýurtda ýerli medeniýete we dünýägaraýşa uly ähmiýet berlendigine şaýatlyk edýär.

Sasanylar döwletiniň durmuş-ykdysady gurluşy barada taryhy çeşmelerde az maglumatlaryň berilýändigine garamazdan III-IV asyrlarda ýurtda gulçulygyň galyndylarynyň saklanyp galandygy ylymda subut edilen meseledir. Sebäbi bu barada sasany kanunnamasy bolan «*Matigan-i hazar dadestanda*» («Müň çözgüt») belli bir derejede aýdylýar. Şeýle hem grek taryhçylarynyň işlerinde-de Siriýadan, Ermenistandan gullaryň äkidilendigi habar berilýär. Ýesirler bilen bir hatarda, salgydyny töläp bilmedik halatlarynda, daýhanlar hem gullara öwrülipdir. Gullar mülkdarlaryň «*dastkard*» diýlip atlandyrylan mülklerinde şeýle hem patyşanyň senetçilik ussahanalarynda işledilipdir. Mülkdarlar öz ýerlerini satanlarynda ýa-da mülk satyn alanlarynda ýerleri gullary bilen bilelikde satypdyrlar we satyn alypdyrlar. Käbir ýer eýeleri öz gullaryna aýratyn ýer bölüp beripdirler we oňa öz önduren önüminiň belli bir bölegine eýelik etmäge ygtyýar edipdirler.

Gulçulyk bilen bir hatarda Eýranda erkin oba jemagaty - «*kede*» (oba) hem bolupdyr. Ir döwürde «*katak*», «kede» adalgalary uly maşgalalary, hojalyklary, «*katakhwataý*» (öý eýesi) bolsa maşgalabaşyny ýa-da jemagatyň başlygyny aňladan bolsa, soňra ol «*kedehuda*» (oba başlygy) – ýagny, oba

arçynyna öwrülipdir. Türkmen dilinde ulanylýan «kethuda» sözi hem gözbaşyny şol döwürlerden alyp gaýdýar.

Erkin oba jemagatynda emläk deňsizliginiň güýjemegi bilen IV-V asyrlarda jemagatyň içinden ownuk we orta tapdaky ýer eýeleri saýlanyp çykypdyr. Öňler oba jemagatynyň ähli erkin agzalaryny atlandyrmak üçin «*azat*» adalgasy ulanylan bolsa, indi şu at bilen diňe jemagatyň içinden bölünip çykan, özi hem hususy mülke eýe bolmak bilen baýap, at-ýarag edinmäge we söweşlere gitmäge mümkinçiligi bolan adamlar atlandyrylypdyr. V asyrda azatlaryň hataryna «kethuda» bilen «*dehkanlar*» (daýhan) hem goşulypdyr. Bu döwürde dehkan diýlip ýeriň hakyky eýesine aýdylan bolsa, azat diýlip öňi bilen harbylara düşünilipdir. Dehkanlar adatça gullary we hyzmatkärleri bilen öz mülklerini işläp bejeripdir.

Ilatyň ep-esli bölegini senetçiler tutupdyr. Şol döwürlerde Eýranda öndürilen senetçilik önümleri ýurtda hünärmentçiligiň ýokary derejä ýetendigine güwä geçýär. Çeşmelerde senetçileriň köp bolandygy, hatda olaryň öz guramalarynyň bolandygy barada maglumatlar köp duş gelýär. Emma sasanylar döwletinde senetçiler iň ezilýän gatlaklaryň biri bolupdyr, senetçiniň hünäri bolsa halanylmaýan, erkin adam üçin häsiýetli bolmadyk pes iş hasap edilipdir. Senetçiniň ähli öndüren önümine köplenç döwletiň özi eýe bolupdyr. Sasanylar döwletiniň şäherleriniň senetçilik we söwda bilen meşgullanýan ilatynyň agramly bölegi pars däl halklardan ybarat bolupdyr. Ýöne soňra oba jemagatçylarynyň garyplaşmagy bilen IV-V asyrlarda parslardan gelip çykan senetçileriň hem sany artypdyr. Şeýlelikde, sasanylar döwründe ilat ilki üç gatlaga, soňra bolsa dört sany gatlaga bölünipdir:

1. ruhanylar (*herbat, mobet*),
2. harbylar (azat),
3. emeldarlar,
4. salgyt töleýän ilat.

Aşaky gatlakdan ýokarka ýa-da bir gatlakdan beýlekä geçmeklik adatça mümkin bolmandyr. Başda ady agzalýan üç gatlak aýratyn hukukdan peýdalanmak bilen salgyt tölemändirler, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmändirler. Olar diňe öz boýunlaryna ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullanypdyrlar. Meselem, ruhanylar – ybadat işlerini amala aşyrmak, harbylar - ýurdy goramak, ýörişlere gitmek, emeldarlar – döwleti dolandyrmak bilen meşgyllanypdyrlar. Salgyt töleýän ilatyň hataryna ekerançylar, senetçiler, söwdagärler girip, olar önüm öndürupdirler, zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler, öndüren önümlerinden döwletiň hazynasyna, ýer eýelerine salgyt töläpdirler. Görnüşi ýaly, salgyt töleýänler obalaryň we şäherleriň önüm öndürýän, şeýle hem zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän ilaty bolupdyr. Olar jan başyna salgydy (*gezit*) we ekerançylyk önümlerine salynýan salgydy (*harag*) töläpdirler. Ýöne, harag salgydyny diňe daýhanlar töläpdirler. Daýhanlar zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler, ýagny olar suwaryş desgalarynyň, ýollaryň, köprüleriň, galalaryň we döwlet jaýlarynyň gurluşygynda işledilipdir. Umuman aýdanyňda, hemişe bolşy ýaly, dördünji gatlagyň ýagdaýy örän kyn bolup, olar hiç hili döwlet wezipelerini eýeläp bilmändirler. Dördünji gatlagyň üstünden döwlet tarapyndan bellenilen «*wostrioşan salar*» (ekerançylaryň başlygy) gözegçiligi amala aşyrypdyr.

Sasanylar döwründe döwlet edarasynyň işi kämilleşip, ol birnäçe böleklere bölünipdir. Döwletiň başynda Şehin-şah (şalar-şasy) durupdyr. Tagty miras galdyrmagyň berk düzgünleri bolmandyr, ýöne şa hökman sasany neslinden bolmaly eken. Şa şindi dirikä özüne mynasyp mirasdüşeri saýlamaga çalşypdyr. Kähalatlarda, şalar-şasy saýlanylanda aýry-aýry syýasy toparlanyşyklaryň täsiri hem duýlupdyr.

Döwlet edarasynyň işine şa tarapyndan bellenilýän «*wazurg-framadar*» («Beýik buýrujy» ýa-da «Beýk wezir») baştutanlyk edipdir. Weziriň ýerine ýetirmeli borçlary berk

kesgitlenilmändir, sebäbi entek köp şahaly döwlet edarasynyň ulgamy kemala gelip ýetişmändir. Onuň baştutanlygyndaky hökümetiň esasy ýerine ýetirýän wezipesi maliýe we harby işlerini, şeýle hem suwaryş ulgamyny gözegçilikde saklamakdy. Maliýe edarasy salgytlary ýygnamak we jemagatlaryň işleri bilen meşgullanypdyr.

Döwletiň welaýatlaryny dolandyrmaklyk sasanylar nesilşalygyna boýun egen ýerli han-begler tarapyndan amala aşyrylyp, olar belli bir özbaşdaklykdan peýdalanypdyrlar. Sasanylar döwletiniň esasy ýerinde bolsa dolandyryş şa tarapyndan bellenilýän parfýan we tanymal pars begzadalary tarapyndan ýola goýlupdyr. Möhüm welaýatlaryň, aýratyn hem Merkezi Aziýa bilen serhetdeş gündogar welaýatlaryň dikmeleri dolandyryjy sasany nesilşalygyndan bellenilipdir.

IV asyra çenli sasany goşunlary dolulygyna boýun egdirilen ýerleriň han-begleriniň, welaýat dikmeleriniň ňokerlerinden ybarat bolup, onuň esasyny atly goşun düzüpdir. Pyýada goşun kömekçi wezipäni ýerine ýetiripdir. Goşunlara harby gatlagyň begzada toparlary serkerdelik edipdir. Şular hem atly goşunyň aýratyn agyr ýaraglanan bölegini tutupdyrlar.

**Otparazçylyk.** Sasanylar döwletinde din örän uly ähmiýete eýe bolupdyr. Şonuň üçin hem kazyýet işleri diňe ruhanylaryň garamagynda bolupdyr. Şol döwürlerde sasany kanunlary jenaýaty üç görnüşe bölüpdir: dine (ýagny zoroastrizme), şalalar-şasyna we raýatlara garşy jenaýatlar. Jenaýatyň başky iki görnüşi üçin ölüm jezasy göz öňünde tutulypdyr ýa-da, eger-de, jenaýatyň syýasy äheňi bar bolsa, kähalatlarda ömürlik türme tussaglygy bilen hem çalşyrylyp bilnipdir. Raýatlara garşy edilen jenaýat üçin günäkäriň gözüni oýupdyrlar, maýyp edipdirler ýa-da jerime salypdyrlar. Maşgala kanunçylygy sasany jemgyýetinde köp aýallylyga ýol beripdir we nikanyň alty görnüşi bolupdyr. Sasany jemgyýetinde garyndaşlaryň arasynda örän golaý nikalar hem bolupdyr. Mysal üçin, agasy gyz doganyna, atasy gyzyna hat-

da ogly ejesine-de öýlenip bilipdir. Şeýle nikalara sasanylaryň patyşalyk urugynda has hem aýratyn gadyr goýlupdyr

Sasanylar döwründe zoroastrizm döwlet dinine öwrülýär. Zoroastrizm döwlet häkimiýetini berkitmekde, ýurdy bitewileşdirmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Emma zoroastrizm özüniň pygamber Zaratuştranyň döwründäki taglymatyndan daşlaşypdyr we Eýranda feodal düzgüniň berkidilmegi ugrunda çykyş edipdir. Zoroastrizmiň binýadyny ýagtylygyň we tümlügiň özara göreşine esaslanýan dualistik aňyýet düzüpdir. Ahuramazda, Ahriman, Mihra, Anahez we Zrwana ýaly hudaýlara, şeýle hem Güne, oda we ýyldyzlara sežde etmegiň işlenilip düzülen dessurlary ruhanylar bolan herbatlaryň we mobetleriň ägirt uly köpçüligi tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Bu däp-dessurlar içinde baky ot ýakylan ýörite ybadathanalarda amala aşyrylypdyr. Bütewi döwlet buthana ulgamyny döretmekde Şapur I döwründe baş ruhany bolan Kartir köp işleri amala aşyrypdyrlar. Kartir baş ruhany ýa-da şol döwürde aýdylyşy ýaly *«Mobedan mobet»* bolup, patyşanyň ruhy maslahatçysyna öwrülýär. Sasany patyşalary zoroastrizm ybadathanalaryna uly ekerançylyk ýerlerini peşgeş beripdirler. Sasanylaryň döwründe zoroastrizm agalyk ediji dine öwrülipdir we beýleki dinleri ýowuz yzarlapdyr. Ýöne, patyşa häkimiýeti beýleki dinleri diňe syýasy häsiýete eýe bolan halatynda yzarlapdyr we bu işde zorastrizm dinine ýardam edipdir.

**Sasanylaryň nesil şejeresi**




Sasany patyşalarynyň hem-de zoroastrizm ruhanylarynyň golastynda bolan halk köpçüliginiň ýagdaýy

öwerlikli bolmandyr. Şol sebäpden hem ýüze çykýan halk çykyşlary döwlete we resmi dine garşy häsiýetde bolupdyr. Sasanylaryň döwründe şeýle hereketleriň iki sanysy bolup geçdi. Olar maniheýçilik we mazdakçylyk hereketleridir.

**Sasanylar döwründäki halk hereketleri. Maniheýçilik we mazdakçylyk.** Maniheýçilik hereketini döreden Mani 215-nji ýylda Wawilonda dogulýar we 242-nji ýylda Ktesifonda öz taglymatyny wagyz edip başlaýar. Bu dini hereketi esaslandyryjysynyň ady bilen maniheýçilik, oňa eýerejileri bolsa maniçiler diýip atlandyrýarlar. Maniniň pikiri boýunça, täze taglymat bütin dünýä üçin niýetlenen uniwersal – ähļumumy din bolup, ol bar bolan ähli dinleriň ornuny tutmalydy. Maniniň bu pikirleri maniheýçiligiň köp dinleriň daşky sypatyny kabul edendigini görkezýär. Maniheýçilik hem zoroastrizmdäki ýaly iki gapma-garşylygyň, ýagny ýagtylyk bilen tümlügiň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky dyngysyz göreş taglymatyna daýanypdyr. Zoroastrizm aňyýeti boýunça Eýranda dowam edýän jemgyýetçilik-syýasy düzgünler ýagşylygyň we ýagtylygyň diregi hasap edilen bolsa, maniheýçilik bu dünýäň ýaşaýşyny, şu dünýäde ýaşaýan adamlary ýaman başlangyjyň (Hudaýyň) döreden zatlary diýip hasaplapdyr. Şol sebäpden hem maniçiler adamyň ruhuny diňe aýşy-eşreti ýok etmek bilen arassalap bolar diýip düşündiripdirler.

Ýagtylygy tümlükden, ýagşylygy ýamanlykdan arassalamagyň ýeke-täk serişdesi ahyrzamanyň gelmegidir diýip Mani düşündiripdir. Şonuň üçin hem her bir adam özüniň gündelik durmuşynda özündäki ýagtylygy we ýagşylygy daş-töweregi gurşap alýan ýaman dünýäden azat etmäge, şeýdibem ýagşylygyň ýamanlykdan üstün çykmagyna ýardam etmäge çalyşmaly bolupdyr. Munuň üçin adam bütin ömrüniň dowamynda et iýmekden ýüz öwürmeli, arassa ahlakly durmuş ýörelgelerinden ugur almaly diýlip wagyz edilipdir.

Maniheýçilik boýunça ýörite saýlanan adamlara öýlenmek hem gadagan edilipdir.

Maniheýçilige uýýanlar ýönekeý ýaşaýşy baýlyga garşy goýupdyrlar. Maniheýçileriň aýşy-eşretli durmuşa bolan ýigrençleri, olara jemgyýeti özgertmek üçin ol ýa-da beýleki bir talaplary bildirmäge ýol bermändir. Erkin adamlaryň ýowuz ezilişi, gulçulygyň galyndylary, durmuş gapma-garşylygynyň ýitileşmegi bu taglymata çykgynsyzlyk we göwnüçökgünlilik häsiýetini beripdir. Ezijilere bolan ýigrenç şeýle güýçli bolandygy sebäpli daýhanlar, senetçiler we gullar maniheýçiligiň bu dünýäniň ýumrulmagy ýa-da ahyrzamanyň gelmegi bilen baglanyşykly ynançlaryna duýgudaşlyk bildiripdirler.

Başda Sasanylar maniheýçilige päsgel bermändirler. Emma, haçan-da, onuň döwlete we dine garşy meýilleri ýüze çykyp ugrandan soň, olary ýowuz yzarlap başlaýarlar. Mani tussag edilýär we 276-njy ýylda öldürilýär. Onuň tarapdarlary gizlenmäge mejbur bolupdyrlar. Bu taglymat günbatara - Wizantiýanyň mülklerine-de ýaýrapdyr, ýöne bu ýerde-de maniçiler ýowuz yzarlanylypdyr. Maniheýçileriň taglymaty şol döwrüň ýurtlarynyň ilatynyň aňyna uly täsir edipdir. Maniheýçiligiň yzlaryny we täsirini dürli mezhepleriň (sekta) we dini akymlaryň maksatnamalarynda görmek bolýar. Şeýle dini akymlara Ermenistandaky tondrakitleri, Ýewropadaky albigoýlary, Bolgariýadaky bogomilleri mysal edip görkezmek bolar. Merkezi Aziýada maniheýçilik esasan Sogdiananyň şäherlerinde giňden ýaýrapdyr, bu ýerden bolsa Gündogar Türküstana, ondan hem aňyrlygyna – Hytaýa aralaşypdyr.

Eýranda maniheýçilik köp wagtlap gizlinlikde ýaşaýar we sasany jemgyýetiniň durmuşyna täsir etmegini dowam etdirýär. Maniheýçilik giçkiräk döwürde başgarak görnüşde ýene-de döreýär. Ol hereket mazdakçylyk diýlip atlandyrylýar. Mazdakçylyk dini-filosofiki akym bolup, ol maniheýçilik we zoroastrizm bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Bu taglymat öz

gözbaşyny III asyryň ortalarynda dörän zaraduştakan dini akymyndan alyp gaýdýar. Ýöne soň bu akymyň ýolbaşçysy Mazdagyň ady bilen baglanyşdyryp oňa «mazdakçylyk» diýip at beripdirler.

Mazdakçylygyň maniheýçilikden tapawutlanýan ýeri, bu akyma uýýanlar ýagtylygyň tümlükden, ýagşylygyň yamanlykdan üstün çykmagynyň kanunalaýykdygyny, adalaty şu dünýäde ýaşalýan wagty, ahyrzaman gelmezden amala aşyryp boljakdygyna ynanypdyrlar. Mazdakçylyga görä, ýagtylyk aňly-düşünjeli, tümlik bolsa tötänleýin we tertipsiz hereket edipdir. Şundan ugur alyp, mazdakçylar ýamanlyk bilen göreşmegiň doly mümkindigini we Ýer ýüzünden ýamanlygy ýok edip boljakdygyny belläpdirler.

Tümlügiň we ýamanlygyň düýp mazmunyny, mazdakçylar durmuş we emläk deňsizliginde görüpdirler. Şolary hem birinji nobatda ýok etmek göz öňünde tutulypdyr. Öz maksatlaryny amala aşyrmak üçin mazdakçylar barly gatlaklaryň ýerlerini we baýlyklaryny ellerinden alypdyrlar. Ýerleri oba jemagatlarynyň ygtyýaryna berip, baýlaryň emläklerini garyplaryň arasynda paýlapdyrlar. Şol döwürden galan taryhy çeşmeleriň birinde «Eger-de kim-de kim artykmaç emläge, aýallara we gullara eýeçilik edýän bolsa, bir adam beýleki bir adamdan köp zada eýeçilik etmez ýaly, şol baýlyklary biz olaryň ellerinden alarys we beýlekilere bereris» diýlip ýazylypdyr.

Mazdakçylar beýleki talaplar bilen bir hatarda «aýallaryň umumylygyny» hem talap edipdirler. Sebäbi V asyrda Sasanylar döwletinde ilatyň giň gatlaklary iňňän garyp durmuşda ýaşapdyrlar. Şol sebäpden hem erkek adamlaryň aglabasy üçin öýlenmek we maşgalaly bolmaklyk uly meselä öwrülipdir. Iri dehkanlaryň, begzadalaryň we azatlaryň öýlerinde bolsa onlarça aýallar saklanylypdyr. Sasanylar jemgyýetinde emele gelen bu ýagdaý mazdakçylaryň arasynda aýallaryň umumy, ýagny ortalyk bolmagy baradaky talaplaryň

ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Emma şeýle ahlaksyz talaplar sasany jemgyýetiniň käbir böleginde mazdakçylara bolan ýigrenji hem oýarypdyr.

Mazdakçylaryň gozgalaňy 491-nji ýylda, ýurtda açlyk bolan wagty başlaýar. Gozgalaňyň başynda Mazdagyň hut özi durupdyr. Ol ähli ammarlaryň açylmagyny talap edipdir. Sasany patyşasy Kawad (488-496 we 499-531) birnäçe ýyllap mazdakçylary goldapdyr we Mazdagy özüne maslahatçy edip alypdyr. Sebäbi patyşa mazdakçylaryň kömegi bilen boýunegmezek baý azatlary we ruhanylary özüne tabyn etmek isläpdir. Emma patyşanyň garşydaşlary güýçli bolup çykypdyrlar. Patyşanyň syýasatyndan nägile bolan ruhanylar, harbylar birleşipdirler we 496-njy ýylda olar Kawady häkimiýetden agdaryp, zyndana taşlaýarlar. Emma 499-njy ýylda Kawada tussaglykdan gaçmak başardypdyr we eftalylaryň kömegi bilen ýene-de Eýrana dolanyp gelýär. Bu gezek ol öz garşydaşlary bilen ylalaşypdyr we mazdakçylardan arany açýar. Kawad 529-njy ýyla çenli mazdakçylary doly derbi-dagyn edýär.

**Hysrow I Anuşirwanyň özgertmeleri.** Mazdakçylyk basylyp ýatyrlandan soň, taryhda Anuşirwan Adyl ady bilen giňden tanalan sasany hökümdary Hysrow I (531-579) birnäçe özgertmeleri amala aşyrýar. Mazdakçylyk döwründe garyp düşen, emlägi talanan baýlara her hili kömekleri beripdir. Anuşirwan Adyl ruhanylaryň täsirini belli bir derejede peseldipdir. Öňki döwürlerde Mobedan mobet (Beýik ruhany) döwletde ikinji adam bolan bolsa, indi onuň ýerini döwletdäki wazurg-framadar (wezir) eýeläpdir. Mobedan mobet bolsa gulluk basgançagynda ýedinji orna geçipdir. Wezirden soňky orunlary sasany harbylary eýelapdirler. Hysrow Anuşirwan Eýranyň ýerini dört sany harby serkerdeliklere bölüdir. Şolaryň her birine *sepahsalar* ýa-da *spehped* (Baş serkerde) baştutanlyk edip, olar degişlilikde, demirgazyk, günorta, gündogar we günbatar serkerdeliklerine bölünipdir. Indi, şu dört

sepahsalarlar sasanylaryň gulluk basgançägynda hersi öz ähmiýetine görä, wezirden soň üçünji, dördünji, bäşinji we altynjy orunlary eýeläpdirler. Şundan soň, ýedinji orny Mobedan-mobet eýeläpdir. Şeýlelikde, sasanylar döwletinde ruhanylaryň ähmiýeti belli-külli peselipdir.



Hysrow I Anuşirwan awda
(Kümüş tabagyň içindäki şekil)

Hysrow I ýurduň salgyt ulgamynda hem özgertmeleri geçiripdir. Hökümdar köpsanly we dürli görnüşdäki salgytlary ýatyrýar we olaryň ornuna iki sany kesgitli salgydy girizýär. Olaryň biri harag bolup, ol ýer salgydy hasap edilýär, ikinjisi bolsa gezit – ol jan başyna salynýan salgyt bolupdyr. Täze girizilen salgytlaryň mukdary mazdakçylaryň hereketinden öňki salgytlaryň mukdaryndan ep-esli az bolupdyr. Munuň özi daýhanlaryň öňünde edilen özboluşly eglişikdi. Salgytlaryň azaldylmagy sasanylar döwletinde oba hojalyk önümçiligini höweslendiripdir we öndürilýän önümleriň mukdary belli-külli artypdyr. Häkimiýetler döwlet hazynasyna gelýän girdejiniň mukdaryny artdyrmak maksady bilen ýer eýelerine karzlary we iş mallaryny beripdirler. Bu bolsa Eýranda döwlet eýeçiliginiň ähmiýetiniň artmagyna getiripdir. Munuň özi daýhanlaryň ykdysady ýagdaýyny gowylandyrypdyr we VI asyrda Sasanylar döwletiniň ykdysady we harby kuwwaty berkäpdir.

Öňler esasy ýer salgydy bolan harag önüm (natura) görnüşinde ýygnalan bolsa, indi ol pul bilen çalşyrylýar. Şol döwürlerde Eýranyň pul birligi dirhem bolupdyr. Salgyt töleýän ilata salynýan jan başyna salgyt bolan gezit hem pul bilen çalşyrylýar we 20-50 ýaş aralygyndaky adamlar emlägine görä, ýylda 4, 6, 8 ýa-da 12 dirhem salgyt töläpdirler. Umuman alanyňda, VI asyrda Eýranda orta asyr gatnaşyklary kem-kemden berkleşipdirler, ýöne ýutda irki orta asyr jemgyýetçilik gatnaşyklary höküm sürensoň, entäk hojalygy ýöretmegiň gul eýeçilik we patriarhal kadalary, erkin daýhanlaryň oba jemagatlary we çarwa taýpalar ýaşamagyny dowam edipdirler. Bu bolsa Sasanylar döwletinde orta asyr gatnaşyklarynyň ösüşine belli bir derejede päsgelçilik döredipdir.

Gürrüňi edilýän döwürde köne gul eýeleri feodallaşypdyrlar, şeýle hem erkin oba jemagatlarynyň dargamagy bilen onuň içinden gurply daýhanlar (dehkanlar) çykypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen olar ownuk ýer eýeleri bolan azatlar bilen garyşypdyrlar we olaryň ikisi hem dehkan diýlip atlandyrylypdyr. VII asyrda ýer eýeleriniň ählisi dehkanlara öwrülipdirler.

VI asyrda Eýranda ykdysadyýet ösüpdir. Dänelik we miwelik ekinleriň dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilipdir. VI asyrda Hindistandan saly we şekerçiňrigi getirilip ekilipdir. Ýüpek matalary dokamaklyk IV asyrda ýüze çykanda bolsa, ol Hytaýdan getirilýän çig malyň esasynda öndürilipdir. V asyryň ahyrlarynda – VI başlarynda Merkezi Aziýadan ýüpek gurçugy getirilýär we möhüm çig maly indi Eýranyň özünde öndürip başlaýarlar.

Şol döwürde Ktesifondan başga-da Sasanylar döwletiniň Reý, Tawwaz, Istahr we Nišapur ýaly ösen şäherleri bolupdyr. Şäherler senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri bolmak bilen daşary ýurtlar bilen gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyrlar. Ýurtda dokmaçylyk ösüpdir we ýüpekden,

kenepden, ýüňden edilen matalar köpçülikleýin öndürilipdir, halylar dokalypdyr. Eýranly söwdagärler Pars aýlagynyň üsti bilen Arabystan, Efiopiýa, Hindistan we Seýlon bilen söwda edipdirler.

**III-VII asyrlarda Sasanylar döwletiniň daşary syýasaty.** Sasanylar döwleti günbatardaky goňşusy Rim imperiýasy bilen uzaga çeken uruşlary alyp barypdyr. Şapur I döwründe sasanylar 256-njy ýylda Siriýanyň paýtagty Antiohiýany alypdyrlar, 260-njy ýylda bolsa Edessanyň golaýynda Rim goşunlaryny ýeňipdirler. Rim imperatory Walerian ýesir düşüpdir we ölüpdir. Şol soweşde ýesir alnan rimli esgerler soňra Karun derýasynda gurulýan «*Bendi-Kaýsar*» - Patyşa bendiniň gurluşygynda işledilipdir.




283-nji ýylda sasanylar Mesopotamiýa şowsuz ýöriş geçiripdirler we şunuň netijesinde Ermenistanyň üstünden agalygy elden gideripdirler. 298-nji ýylda sasanylar Rimden ýene-de agyr ýeňlişe sezewar bolýarlar we Nisibin şertnamasyna laýyklykda Ermenistany we Mesopotamiýanyň demirgazygyny ýtirýärler. Şu şertnamadan 40 ýyl geçenden soň Şapur II (310-379) Rim bilen täze uruşlara başlaýar we tä 363-nji ýyla çenli dowam edýär. 363-nji ýylda Selewkiýada bolan söweşde Rim imperatory Ýulian ölüm howply ýaralanýar. Onuň şol ýerde imperator saýlanan ogly Iowian Şapur II bilen şertnama

baglaşmaga mejbur bolýar. Özi hem şertnama ýene-de Nisibinde baglaşylyp, Eýran tarapy ähli ýitiren ýerlerini Nisibin bilen bilelikde gaýtaryp alýar. 371-nji ýylda Rim bilen uruşlar täzeden başlaýar we ol bäş ýyllap dowam edýär. IV asyryň ahyrlarynda iki döwlet özara ylalaşyp, Ermenistny paýlaşýarlar. Ermenistanyň ýeriniň 4/5 bölegini sasanylar alýarlar, galan bölegine bolsa Wizantiýa eýe bolýar.


Sasanylar döwrüniň ýüpek matasy
(VI-VII asyrlar)

Bütin V asyryň dowamynda Eýran bilen Wizantiýanyň arasynda parahatçylyk hokum sürüpdir. Muňa belli bir derejede söweşjeň çarwalaryň (eftalylar, gunlar, awarlar) çozuşlary hem sebäp bolupdyr. Gunlar häzirki Wengriýanyň ýerinden we Demirgazyk Kawkazyň üsti bilen Wizantiýa we Eýrana, eftalytlar bolsa Eýranyň üstüne demirgazyk-gündogardan çozupdyrlar. Şol sebäpden hem iki imperiýa özara gepleşip, Alan we Derbent geçelgelerini saklamaga mejbur bolupdyrlar. Sebäbi gunlar Kawkazyň üsti bilen Wizantiýanyň hem-de Eýranyň ýerlerine çozuş edipdirler.

Sasanylar Merkezi Aziýanyň hökümdarlary bolan eftalylar-abdallar (olary ak gunlar diýip hem atlandyrypdyrlar) bilen oňuşmandyrlar. V asyryň 20-nji ýyllarynda iki döwletiň arasynda uruş hereketleri başlaýar. Başky döwürlerde ýeňişler sasanylaryň tarapynda bolupdyr. Sasany patyşasy Bähram V Guruň (421-438) döwründe Merwiň golaýyndaky Küşmeýhan şäheriniň ýanynda bolan söweşde abdallaryň hany wepat bolupdyr. Bähramyň ogly Ýezdigerd II (438-457) dolandyran ýyllarynda-da üstünlik sasanylaryň tarapynda bolupdyr. Ýezdigerd 446-447-nji ýyllarda Etrek derýasyndan geçip,

abdallaryň ýurdy Dehistana çozup giripdir we olary has demirgazyga çekilmäge mejbur edipdir.

Sasany patyşasy Perozyň (459-484) döwründe artykmaçlyk eýýäm abdallaryň eline geçipdir. Hatda abdallar Sasany döwletiniň içki işlerine-de gatyşyp ugrapdyrlar. Sebäbi Ýezdigerd ölenden soň, sasany köşgünde tagt dawalary başlapdyr we merhum patyşanyň mirasdüşerleriniň biri bolan Peroz abdallaryň goldawy bilen häkimiýeti öz eline alypdyr. Abdallaryň kömegi bilen tagta gelen Peroz tiz wagtdan özüne edilen ýagşylygy unudypdyr we abdallara garşy urşa başlapdyr. Emma abdallara diňe bir sasanylaryň hüjümleriniň öňünde durmak däl, eýsem olaryň güýçlerini derbi-dagyn etmek hem başardypdyr. Abdallara garşy ikinji ýörişiň dowamynda Peroz ýene-de ýeňlipdir we ýeňijilere tagtyň mirasdary Kawady girewine goýmaga we salgyt tölemäge mejbur bolupdyr. 484-nji ýylda Peroz abdallara garşy üçünji gezek uly ýöriş geçiripdir. Söweş Hazar deňziniň gündogarynda bolup, Perozyň goşunlary ýene-de derbi-dagyn edilipdir, onuň özi wepat bolupdyr. Ahyrsoňy, iki döwletiň bäsleşigi, abdallaryň gutarnykly agalygy bilen tamamlanyp, sasanylar olaryň ýapjasyna öwrülipdirler. Şeýlelikde, birnäçe ýeňişli söweşlerden soň, abdallar Balhy, Gury, Seýistany we başga-da köp ýerleri eýelemegi başarypdyrlar.

Sasany patyşalary Balaşyň (484-488), Kawadyň (488-531) we Anuşirwan Adylyň (531-579) dolandyran başky ýyllarynda abdallara paç tölenipdir. Bu döwürde abdallar bilen sasanylaryň arasynda garyndaşlyk gatnaşyklary hem ýola goýlupdyr. Abdal patyşasy Töremen (490-515) sasany döwletini öz täsirinde saklamak maksady bilen, öz gyzyny Balaşyň ogly, tagtyň mirasdary Kawada durmuşa çykarypdyr. Abdallaryň atly goşunlary, ýapjalary bolan sasanylaryň Wizantiýa garşy alyp baran ýörüşlerine-de gatnaşýardylar. Eftalylar bilen sasanylaryň arasynda şeýle gatnaşyklaryň dowam edendigine garamazdan, bu gatnaşyklar sasanylar üçin

kemsidiji häsiýetde bolupdyr. Emma 563-567-nji ýyllarda göktürkmenler eftalitleriň döwletini dargadýarlar. Olara sasanylar hem ýakyndan ýardam beripdir. Netijede, sasanylar uzak garaşdyran özbaşdaklyga eýe bolupdyrlar.

VI asyryň başlaryndan Sasanylar döwleti Wizantiýa bilen hem täze urušlara başlaýarlar. Patyša Kawad 502-nji ýylda Wizantiýadan Amidany (häzir Türkiýäniň Diýarbekr şäheri) we Feodosiopoly (häzir Türkiýäniň Erzerum şäheri) basyp alýar. Hysrow I 540-njy ýylda Siriýa çozup girýär we Antiohiýany eýeleýär. Soňra Günbatar Gruziýa hem eýelenilýär. Ýöne, sasanylar basyp alan ýerlerini uzak wagtlap saklap bilmeýärler we 562-nji ýylyň şertnamasy boýunça araçäkler öňküligine galdyrylýar. Sasanylar döwleti bilen Wizantiýanyň arasyndaky uruşlar 571-nji ýylda täzeden başlaýar. Bu gezek hem sasanylara uly üstünlik gazanmak başartmaýar, ýöne Ýemen basylyp alynýar we Eýran halkara söwda ýollaryna gözegçilik etmäge mümkinçilik alýar.

Sebitde agalyk ugrundaky göreşlerde sasanylaryň göktürkmenler bilen hem aralary bozulýar. Sebäbi Hysrow I Hytaýyň we Merkezi Aziýanyň üsti bilen gelýän ýupek söwdasyny Eýranda gadagan edýär. Göktürkmenler muňa jogap edip Wizantiýa bilen ýaranlyk barada şertnama baglaşýarlar we Eýranyň esasy garşydaşyna öwrülýärler. Emma sasany serkerdesi Bähram Çubine 589-njy ýylda Hyradyň eteginde bolan uly söweşde göktürkmenleriň Merkezi Aziýadan edýän ýörişlerini saklamak başardypdyr. Soňra Bähram Çubin sasany patyşasy Hormizd IV-ä (579-590) garşy gozgalaň turzup, tiz wagtdan paýtagt şäher Ktesifony eýeleýär we özüni Eýranyň şasy diýip yglan edýär. Täzelikde tagta çykan Hysrow II (590-628) Wizantiýa gaçýar we imperatoryň kömegi bilen Bähram Çubini ýeňýär we ýene-de tagty eýeleýär. Beren kömegi üçin Hysrow II Wizantiýa bilen «müdimilik» şertnama baglaşýar we köp ýerleri gaýtaryp berýär.

Eýran bilen Wizantiýanyň arasynda alnyp barylýan uruşlara olaryň ýapjalary bolan arap patyşalyklary hem işeňňir gatnaşypdyrlar. Lahmiler patyşalygy Eýranyň, Gassaniler bolsa Wizantiýanyň tarapynda durup söweşlere gatnaşypdyrlar. Emma 602-nji ýylda Hysrow II Lahmiler patyšalygyny ýok edip, onuň ýerlerini Eýrana birikdirýär. Sasany patyşasynyň bu strategiki ýalňyşlygy içki Arabystanda ýaşaýan arap-beduinleriniň Eýrana çozuşlaryny ýeňilleşdirýär. Araplar 604-nji we 611-nji ýyllarda Eýrana uly zarbalar urýarlar. Bu zarbalar bolsa araplaryň soňky çozuşlary üçin özboluşly synag bolup hyzmat edýär.

VII asyryň 30-njy ýyllarynda Sasany döwletiniň araçäklerinde araplar gaýtadan peýda bolup ugraýarlar. 634-nji ýylda olar eýýäm Ýewfratyň çep kenaryna geçipdirler. Araplar basyp alan ýerlerinde berkitmeleri gurupdyrlar. 637-nji ýylda Kadisi şäheriniň ýanynda araplar sasanylaryň «Beýik Rüstemiň goşuny» diýlip atlandyrylan ägirt uly goşunlaryny çym-pytrak edýärler. Netijede, sasanylaryň paýtagty Ktesifon araplar tarapyndan söweşsiz eýelenýär. Araplar ummasyz köp olja alypdyrlar. 638-651-nji ýyllarda araplar bütin Eýrany eýeleýärler. Iň soňky sasany patyşasy Ýezdigerd bolsa Merwde öldürilýär. Şeýdip Sasanylar döwleti ýaşamagyny bes edýär.


Ýezddäki otparazçylyk ybadathanasy

**Sasanylar döwrüniň medeniýeti.** Sasanylar döwründe öndüriji güýçleriň ösüşi ýurtda medeniýetiň ösmegine-de oňyn täsir edipdir. Gurluşyk işinde uly üstünlikler gazanylypdyr. Şol döwrüň ajaýyp binagärçilik sungatyndan Ktesifondaky Tak-

Kisra köşgüniň we beýlekileriň harabaçylygy saklanyp galypdyr. Bu köşklerde diwar suratlary, nagyşlary we dürli görnüşdäki bezegler giňişleýin ulanylypdyr. Sasany binagärçiliginiň şeýle bezeg aýratynlyklaryny Merkezi Aziýada, Gündogar Türküstanda we Wizantiýa çenli giňişliklerde gurlan dürli görnüşdäki ymaratlarda görmek bolýar. Sasanylar döwrüniň binagärçiliginiň yzlary aýratyn hem Türkmenistanda köp saklanyp galypdyr. Biziň ýurdumyzyň günortasynda şeýle ýadygärlikleriň harabaçylygynyň onlarçasy saklanyp galypdyr. Sasanylaryň binagärçiligi wizantiýa gurluşyk ülňüsiniň kemala gelmegine-de öz täsirini ýetiripdir.

Sasanylar döwründe heýkeltaraşlyk we suratkeşlik ösüpdir. Olarda sasany patyşalarynyň ýeňişleri şöhratladyrylypdyr. Bu döwürde çeper bezeg hünärmentçiligi hem ösüpdir. Misden, kümüşden we altyndan edilen dürli görnüşdäki gap-gaçlar öndürilipdir. Sasanylar döwletinde medeniýet we bilim Günbatar we Gündogar ýurtlarynyň ruhy we maddy medeniýeti bilen özara baglanyşykda ösüpdir. Edebiýat boýunça birnäçe işler ýazylypdyr. Käbir antiki döwrüň hem-de hindi alymlarynyň, filosoflarynyň, geografiýaçylarynyň we älemşynaslaryň işleri we edebi eserler terjime edilipdir. Mysal üçin, şol döwürler gadymy hindi «Pançatatra» eseri meşhur alym, diplomat Barzuýa (VI asyr) tarapyndan «Kalila we Dimna» ady bilen orta pars diline terjime edilipdir. Beýik sazanda Barbed (VI asyr) özlmez-ýitmez saz eserlerini döredipdirü

Sasanylaryň döwründe orta pars dilinde baý edebi miras toplanylypdyr. Gynançly ýeri, olaryň köpüsi biziň günlermize gelip etmändir, ýöne olary soňky döwrüň ýazyjy-sahyrlary işläp dürli eserleri döredipdirler. Olaryň hatarynda parfiýa döwrüniň «Wis we Ramin», şeýle hem sasanylar döwrüniň «Walik we Azra» söýgi romanlaryny görkezmek bolar. Şeýle eserleriň hatarynda «Arda-Wiraz-namak» we «Papagyň ogly Ardaşiriň bitiren işleri» eserlerini görkezmek bolar. Aýratyn hem «Arda-

Wiraz-namak» eseriniň ähmiýeti uly bolupdyr. Bu eseriň täsirini Danteniň «Ylahy komediýasynyň» mazmunynda hem görmek bolýar. «Papagyň ogly Ardaşiriň bitiren işleri» eseri bolsa taryhy roman bolup, onda sasanylar döwletini esaslandyryjynyň ömri we işleri hakynda gürrüň berilýär. Mazdak we Bähram Çubin hakyndaky taryhy romanlardan hem bölekler saklanyp galypdyr. VI asyryň wizantiýaly taryhçysy Agafiý Sholastigiň berýän maglumatlaryna görä, sasanylaryň döwründe köşkde «patyşa pergamlary» diýlip atlandyrylan ýazgylar saklanylypdyr. Gönden edilen bu kitaplarda döwrüň möhüm wakalary ýazga geçirilipdir. VII asyryň ortalarynda şol ýazgylaryň esasynda Eýranyň iň gadymy zamanlardan tä Hysrow II (601-628) dolandyran döwrüne çenli taryhy ýazylypdyr. Bu eser biziň günlerimize IX asyryň ahyrlarynyň we XII asyryň arap-pars ýazarlarynyň eserleriniň üsti bilen gelip ýetipdir. Umuman alanyňda, sasanylar döwrüniň medeniýeti Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynda sungatyň, edebiýatyň we ylmyň ösmeginde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

## § 2. Arabystan Yslamdan öňki asyrlarda

**Irki orta asyrlarda Arabystanyň syýasy ýagdaýy.** Arabystan ýarym adasynyň iňňän amatly halkara ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi Gadymy Gresiýa, Rim imperiýasy, Wizantiýa, Eýran, Efiopiýa ýaly güýçli döwletleriň ünsüni hemişe-de özüne çekipdir. Grek we latyn awtorlarynyň göz öňüne getirişlerine görä, Arabystanyň ýeri üç bölege bölünipdir:

1)Bagtly Arabystan («*Arabiýa feliks*» ),
2) Petreý (Nabateý) Arabystany («*Arabiýa Petreýa*») ,
3) Çöllük Arabystan («*Arabiýa deserta*»).

Çöllük Arabystanyň düzümine Siriýa – Mesopotamiýa çöllükleri ýa-da Arabystan ýarym adasynyň demirgazyk bölekleri degişli bolupdyr. Petreý Arabystanyna Sinaý we Nabateý patyşalygynyň ýerleri degişli bolup, onuň paýtagty

Petre şäherinde ýerleşipdir. Şonuň üçin hem ony Nabateý ýa-da Petreý Arabystany diýip atlandyrypdyrlar. Ýurduň üçünji bölegine (Bagtly Arabystan) Arabystanyň galan bölegi giripdir. Bagtly Arabystan biziň eýýamymyzyň I asyrynyň başlarynda garaşsyzdy. Petreý (Nabateý) Arabystany Rim imperiýasynyň, Çöllük Arabystan bolsa Parfiýa imperiýasynyň täsirindedi.

III asyryň ahyrlarynda – IV asyryň başlarynda Demirgazyk we Merkezi Arabystanda ýerleşýän arap taýpalary Lahmileriň täsirine düşüp ugraýarlar. Lahmi döwletiniň paýtagty Hira şäheri bolup, ol 195-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Başda bu döwlet Hira patyşalygy diýlip atlandyrylypdyr, ýöne soňra şäheri esaslandyran lahmi taýpasynyň ady bilen ol Lahmiler patyşalygy diýen ada eýe bolýar. Bu patyşalygyň düýbi 252-nji ýylda tutulyp, ol dört ýüz ýyla golaý ýaşapdyr. Arap hekaýatlarynda aýdylyşyna görä, Hiranyň häkimi sasany şasy Şapur I patyşalyk derejesini alypdyr. Lahmi döwleti Numan I (403-431) döwründe has hem ösüpdir. Sebäbi ol örän başarjaň, akylly hökümdar bolup, söweş hereketlerini üstünlikli alyp barmagy başarypdyr. Numanyň ogly al-Munzir döwründe Lahmi döwleti has-da güýçlenip, olar Sasanylar döwletiniň içki işlerine hem gatyşypdyrlar. Sasany patyşasy Bähram Gur tagt ugrundaky göreşlerde lahmileriň kömeginden peýdalanypdyr. Lahmiler sebitdäki syýasy göreşlerde Sasanylar döwletini goldapdyrlar we Wizantiýa garşy alnyp barlan uruşlara gatnaşypdyrlar. Lahmi hökümdary al-Munziriň ogly Aswat (473-493) sasanylaryň tabşyrygy bilen Wizantiýanyň araçäklerine häli-şindi çozup durupdyr .

Al-Munzir III dolandyran döwründe (VI asyryň birinji ýarymy) Lahmi döwleti has hem ösüpdir. Onuň döwründe Siriýanyň köp bölegi eýelenipdir. Umuman VI asyryň birinji ýarymynda al-Munzir III Wizantiýany örän agyr ýagdaýa salypdyr. Emma sasany hökümdarlaryna öz ýaranlary bolan Lahmileriň güýçlenmegi ýaramandyr. Şonuň üçin hem olar her edip, hesip edip Lahmileri güýçden gaçyrmaga çalşypdyrlar.

VII asyryň başlarynda sasanylara Lahmi döwletini dargytmak başardýar. Onuň tagtyna bolsa öz dikmelerini goýýarlar. Lahmiler bilen goňşuçylykda araplaryň Gassaniler döwleti ýerleşip, ony esaslandyryjylar III asyryň ahyrlarynda Günorta Arabystandan göçüp gelipdirler. Bu nesilşalygy Jafna esasladyrypdyr. Gassaniler goňşylary bolan Lahmiler bilen özara oňuşmandyrlar. Bu döwlet Günorta-Gündogar Siriýada, Wizantiýanyň serhetlerinde ýerleşipdir we Wizantiýanyň ýaranyna öwrülipdir.

Gassaniler döwleti VI asyrda has hem ösüpdir. Al-Haris II (529-569) we onuň ogly al-Munziriň (569-581) dolandyran döwürlerinde gassany goşunlary Wizantiýanyň tarapynda durup, sasanylara garşy alnyp barlan uruşlara gatnaşypdyrlar. Gassanylar 570-nji we 578-nji ýyllarda lahmilere garşy gurnalan ýeňişli söweşlerde aýratyn tapawutlanypdyrlar. Emma Wizantiýa hem öz ýarany babatynda edil sasanylaryň Lahmiler babatyndaky ýaly syýasat ýöredipdir. Wizantiýa bahana arap gassaniler nesilşalygyny ýok edýär. Iň soňky gassani patyşasy al-Aýham 636-njy ýylda bolan Ýarmuk söweşinde Wizantiýanyň tarapynda durup musulmanlaryň garşysyna uruşýar. Bu söweşde arap musulmanlary ýeňiş gazanýarlar, al-Aýham bolsa yslamy kabul edýär. Ýarmuk söweşiniň netijesinde Gassaniler döwleti ýaşamagyny bes edýär we bütewi arap-musulman döwletiniň düzümine goşulýar.

V asyryň ikinji ýarymy we VI asyryň başlary Merkezi Arabystanda ýerleşýän Kindi patyşalygynyň güýçli ösen döwri bolupdyr. Wizantiýa bu döwleti sasanylara we olaryň ýapjalary bolan lahmilere garşy alnyp barlan uruşlarda peýdalanypdyr. Kindi patyşalygy Wizantiýanyň ýapjasy gassaniler bilen hem oňuşmandyr. Bu oňşuksyzlykda gassaniler üstün çykýarlar we VI asyryň 40-njy ýyllarynda Kindi patyşalygy gutarnykly dargaýar. Kindi patyşalygynyň ýerleşýän ýerlerinde derýalar ýok diýen ýalydyr, diňe ýagyşly pasyllar kiçeňräk derýajyklar emele gelip, olar hem çölüň içinde ýitip gidýärler.

Biziň eramyzyň I asyrynyň başlarynda Kataban döwleti, III asyryň ahyrlarynda Hadramaut bilen Saba döwletleri özbaşdaklygyny ýitirip ugraýarlar. IV asyryň ahyrynda – V asyryň başlarynda Günorta Arabystanyň ähli ýerlerini özüne birikdiren umumy Ýemen döwleti kemala gelýär. Bu döwleti Himýar patyşalygy diýlip atlandyrylypdyr. Bu patyşalyk hem işjeň daşary syýasat ýöredipdir. Himýar döwletine Wizantiýa öz ýarany Efiopiýanyň üsti bilen täsir etmäge çalşypdyr. Emma VI asyryň başlarynda Himýaryň Efiopiýa bilen arasy bulaşýar. 517-nji ýylda efiop *negusy* (patyşa) Ýemene goşun iberýär. Soňra 525-nji ýylda efiop goşunlary ikinji gezek Ýemene çozup girýär. Bu uruşda Himýar Efiopiýadan ýeňilýär. Himýar patyşasy Ýusup zu-Nuwas (517-525) söweşde öldürilýär. Efioplar Ýusubyň ornuna Sumaýfany goýupdyrlar. Sumaýfa öň Ýusubyň garşysyna topalaň turzanlaryň biri eken.

534-535-nji ýyllar töwerekleri Sumaýfany ýerli ýemen begzdalary we efiopýaly goşunlar tagtdan agdarýarlar. Himýaryň patyşasynyň ýerini bolsa efiop dikmesi Abraha eýeleýär. Abraha hem Himýar patyşalarynyň derejesini göteripdir, ýöne ol Efiopiýa garaşly bolup galypdyr. Umuman VII asyryň başlaryna çenli Himýaryň syýasy ýagdaýy çylşyrymlylygyna galypdyr, üstesine-de, içki Arabystandan Ýemene beduinler häli-şindi çozup durupdyrlar. Şeýlelikde, yslamlaşmagyň öňisyrasy Ýemende syýasy dagynyklyk hüküm sürüpdir.

**Arabystanda durmuş-ykdysady we jemgyýetçilik gatnaşyklary.** 3 million kw/km ýeri eýeläp oturan Arabystan ýarym adasy gurak sähralyklardan, çöllerden we ýarym çöllerden ybaratdyr. Diňe Ýemen, Merkezi Arabystanyň käbir ýerleri, günbatardaky we demirgazykdaky oazisler, günortadaky welaýatlar ekerançylyk üçin amatly bolupdyr. Arabystan ýarym adasynyň günortasynda gadymy döwürlerde birnäçe döwletler bolupdyr. Aslynda Arabystanda siwilizasiýanyň dörän ýeri hem onuň günortasydyr. Günorta

Arabystanyň ilaty gadym zamanlarda suwarymly ekerançylyga başlap, bu ýerde baryp b.e. öňki IX-VIII asyrlarda ösen jemgyýetçilik gatnaşyklary ýüze çykýar. Käýerlerde düme ekinleri hem ekipdirler. Araplar çölde guýy gazypdyrlar, bu bolsa gurak hem-de jöwzaly çöllüklerde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Ekerançylygyň iň ösen ýeri Ýemendir we onuň meýdanynyň 80%-i ekerançylyk üçin ýaramlydyr. Oba hojalygynda giň ýaýran ekinler bugdaý, arpa, şaly, şekerçiňrigi, kenep we gowaça bolupdyr. Gowaça III asyrda peýda bolýar. Bakja ekinlerinden nohut, hyýar, garpyz, gawun, kädi, sogan, burç, käşir we başga-da dürli görnüşdäki kökli ösümlikler ekilipdir. Ýemende bagbançylyk hem ösüpdir. Üzüm, badam, nar, zeýtun, hurma, hoz, alma, banan, limon, pyrtykal, şetdaly, erik we başga-da köp dürli miweli agaçlar ösdürilipdir. Ekerançylaryň hojalygynda pisse agaçlary aýratyn orunda durupdyr.

Maldarçylyk bilen esasan çarwalar we ýarym çarwalar meşgullanypdyrlar. Olary *beduinler* ( bedewi - çarwa) diýip atlandyrýardylar, Beduinler düýeleri, atlary, eşekdir gatyrlary, iri şahly mallary we dowarlary ösdürip ýetişdiripdirler. Çölüň şertlerinde düýäniň belli bahasy bolmandyr. Düýäniň etinden, süýdünden, ýüňünden başga-da, ol esasy ulag serişdesi we iş maly bolupdyr. Atlar hem uly ähmiýete eýe bolupdyr. Arap atlary çöl şertlerine örän çydamlydyr hem-de olar ýüwrükligi bilen aýratyn tapawutlanýarlar. Käbir arap taýpalary balykçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Araplar magdan gazyp almagy we dürli magdanlary işläp bejermegi başarypdyrlar. Dag känlerinden duz, altyn, kümüş, ýarym gymmat baha daşlary gazyp alypdyrlar.

Özara ysnyşykly ykdysady aragatnaşyklar netijesinde çarwalaryň we oturumly ilatyň arasynda ýeke-täk ykdysady gurama emele gelýär. Sebäbi çarwa ilaty oturumlynyň, oturumly bolsa çarwanyň önümlerine mätäç bolupdyr. Işlenip

bejerilýän ekerançylyk ýerleriniň çäkliligi, otluk öri meýdanlaryň bolsa azlygy, arap çarwalaryny we çomurlaryny biri-birine bagly edip goýupdyr. Köp halklardan tapawutlylykda, arap çarwalary hem-de çomurlary bir bütewi halka – etnosa degişli bolupdyrlar. Şonuň üçin hem olaryň biri-birine ýakynlaşmagyna edim-gylymlary päsgel beräýmese, olarda hojalyk we dil päsgelçiligi bolmandyr, üstesine-de, ilatyň ep-esli böleginiň göçüp-gonup ýörmegi bir milletiň, bütewi bir diliň kemala gelmegine oňyn täsir edipdir.

Yslamdan öňki Arabystan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köpdürliligi, agalygyň hem-de boýun egmekligiň, jemgyýetde zähmet bölünişiniň dürli görnüşleri we derejeleri bilen tapawutlanypdyr. Dürli jemgyýetçilik toparlarynyň önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligi, olaryň jemgyýetçilik önümçiliginde, önümçilik gatnaşyklarynda tutýan orny, erkinligiň we tabynlygyň derejeleri bilen tapawutlanypdyrlar. Şäherlerde senetçileriň, hünärmentleriň dürli toparlaryndan hem-de söwdagärlerden başga-da, erkin hünärli aýdymçylar, tansçylar, sazandalar, tebipler we başgalar hem köp bolupdyr. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň güýçli ösen ýerleri esasan oturumly ilat ýaşan Günorta we Günorta-Günbatar Arabystandyr. Bu ýerlerde belli bir derejede gulçulyk hem bolupdyr, ýöne ol giň gerime eýe bolup bilmändir.

Gadym döwürlerde ýerler oba jemagatynyň eýeçiliginde bolan bolsa, soňra olar hususy eýeleriň eline geçip başlaýar. Käbir zatlar jemagatyň eýeçiliginde hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin, suw, öri meýdanlary, odun ýygylýan, magdan gazylyp alynýan ýerler, duz we kümüş känleri jemagatyň umumy eýeçiliginde galypdyr. Ekerançylaryň oba jemagaty «*şaaba*», çarwa we ýarym çarwalaryňky bolsa «*kabail*» diýlip atlandyrylypdyr.

Oba jemagatynyň täsirli adamlary jemagatyň nökerlerine serkerdelik edipdirler, gazy-haşar işlerine, gala gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdirler. Jemagatyň agzalary erkin

bolup, olaryň ýarag götermäge, jemagatda geçirilýän ähli jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni çärelere gatnaşmaga borçly hem-de hukukly bolupdyrlar. Maldarçylygyň we ekerançylygyň ösmegi taýpanyň, urugyň içinden barly adamlaryň, hojalyklaryň döremegine getiripdir. Çarwa hojalygynyň durmuş-ykdysady binýadyny mallara hususy eýeçilik, öri meýdana bolsa umumy eýeçilik tutupdyr. Ýöne, öri meýdany mallaryň sanyna görä bölünipdir. Taýpa baştutany adatça baý urugdan ýa-da maşgaladan saýlanypdyr. Sebäbi kyn günde ol garyplaşan taýpadaşlaryna kömek berip biljekdi. Taýpanyň ýönekeý agzalary hemişe mätäçlikde bolandyklary sebäpli, barly urugdaşlaryna garaşly ýagdaýda bolup, olaryň her hili ýumuşlaryny, hyzmatlaryny bitiripdirler.

Göçhä-göçlükler döwründe käbir taýpalar öz ýerlerini taşlap başga ýerlere gidipdirler. Eger-de, Demirgazyk we Merkezi Arabystanyň taýpasy günorta göçüp barsa, onda olar baran ýerlerinde pes görlüpdir. Kähalatlarda ýanlaryna göçüp gelen taýpalara baran ýeri howandarlyk edipdir, olary gorapdyrlar, ýöne garyndaş hasap etmändirler. Taýpalaryň arasyndaky gatnaşyklar, kähalatlarda, salgyt tölemeklige esaslanypdyr, ýagny ejiz taýpalar güýçlilere salgyt töläpdirler. Bu zatlaryň hemmesi tire-taýpa bütewiliginiň pese düşýändigini görkezýärdi. Tire-taýpa gatnaşyklarynyň pese düşýändigini nika gatnaşyklary hem tassyklaýar. Sebäbi öňki *ekzogamiýanyň* (taýpalaryň arasyndaky açyk nika gatnaşyklary) ornuna endogamiýa (taýpalaryň arasyndaky nika gatnaşyklarynyň ýapylmagy ỳa-da gadagan edilmegi) gelip başlaýar. Arabystanda miras galdyrmagyň ýeke-täk kemala gelen dessury bolmandyr. Öňler kim at çapyp, gylyç syryp we öz emlägini gorap bilýän bolsa, miras şoňa galypdyr. Ýöne, maşgalanyň ulusy artykmaç hukukdan peýdalanypdyr. Eger-de, mirasdüşer bolmadyk halatynda, miras doganlara galypdyr. Erkek adamynyň artykmaç hukuklary aýallara

miras almaga mümkinçilik bermändir. Ýöne, kähalatlarda, aýallaryň hem miras alýan ýagdaýlary bolupdyr.

**Irki orta asyrlarda Arabystan ýarym adasynda din.** Gadym döwürlerden araplara köphudaýlylyk miras galypdyr. Olaryň hormatyna kaşaň ymaratlar gurlupdyr. Beýleki bir tarapdan araplar dine ynanmak erkinliginden hem giňden peýdalanypdyrlar. Her taýpanyň, tiräniň, urugyň hat-da maşgalanyň hem özüniň hormat-sylag edýän, sygynýan, sežde edýän hudaýy bolupdyr. Olaryň hormatyna ýörüte ýerleri belläpdirler, bellikleri dikipdirler, gurbanlyk beripdirler. Wagtyň geçmegi bilen birnäçe taýpalaryň uýýan bitewi hudaýlary hem ýüze çykypdyr. Manat (ykbalyň hudaýy) atly hudaýyň şekili Mekge bilen Ýasribiň (Medine) arasynda ýerleşipdir. Araplar öz çagalaryna hudaýlaryň atlaryny dakypdyrlar, olaryň öňünde kasam edipdirler. Manadyň şekiline küreýiş taýpasynyň wekilleri hem çokunypdyrlar. Başga bir hudaý al-Lat bolup, onuň şekili Taifde ýerleşipdir. Bulardan başga-da, hudaý aýal Uzza hem ýüze çykypdyr. Onuň şekili Mekgeden demirgazykda ýerleşipdir.

Demirgazyk we Merkezi Arabystanda hormatlanýan hudaýlaryň biri Rudda (öri meýdanlaryň we hasylyň hudaýy) bolupdyr. Hudaýlaryň şekilleri dürli zatlardan: agaçdan, altyndan, kümüşden, daşdan edilipdir. VII asyryň başlaryna çenli Arabystanda sekiz sany dini merkezler ýüze çykypdyr. Birnäçe taýpalar, hat-da birnäçe taýpa bileleşikleri bir hudaýa sygynypdyrlar. Şol döwürler şekiliniň nirede ýerleşendiklerine garamazdan al-Lat, Manat, Uzza umumy arap hudaýlaryna öwrülipdirler. Şeýlelikde-de, araplaryň dini garaýyşlarynyň esasyny aýry-aýry ýerleriň we taýpa bileleşikleriň sygynýan keramatyna bolan ynamlar düzüpdir. Sebäbi keramatly ýerleriň we şekilleriň ýerleşen ýerleri bolan käbeler mukaddes ýerler hasaplanylypdyr. Şol ýerler aýratyn mukaddes bolup, bu ýerlerde köp taýpalaryň däpleri ýöredilmändir, gan dökmek, ar almak gadagan edilipdir. Ol

ýerler jedelleriň çözülýän, söwda hem-de zyýarat edilýän ýerlere öwrülipdir.

Arabystanyň günortasynda – Ýemende dini ýagdaý başgaça bolupdyr. Ýemende IV – V asyrlarda gadymy hudaýlar ýitip, olaryň ornuna ýeke-täk hudaý kemala gelip başlaýar. V asyrda ýeke-täk hudaý Rahman Ilah – ýeriň-gögüň hudaýy ýüze çykýar. Muňa Ýemen monoteizmi (birhudaýlyk) hem diýýärler. Elbetde, monoteizmiň ýüze çykmagynda ýahudyçylygyň (iudaizm) we isaýyçylygyň (hristiançylyk) täsiri hem uly bolupdyr. Emma VI asyryň başlaryndan daşky güýçleriň täsiri bilen Ýemende ýerli monoteizm iudaizm we hristiançylyk tarpyndan gysylyp ugraýar. Günorta Arabystana iudaizmi I – II asyrlarda gelmişek ýewreýler (jöhitler) getiripdirler. Eýýäm III-IV asyrlarda ýemenlileriň ep-esli bölegi iudaizmi kabul edýärler. VI asyrda Ýemeniň patyşasy Ýusup Asar iudaizmi kabul edip, bu dini hristian Efiopiýasynyň garşysyna ulanýar. Ýöne, Ýusubyň öldürilmegi iudaizmiň Ýemende ähmiýetiniň peselmegine getirýär. Ýurtda hristiançylyk ýaýrap başlaýar.

Biziň eýýamymyzyň başky asyrlarynda, aýratyn hem IV asyrdan soň, Arabystanda Wizantiýanyň diplomatiýasy işjeň hereket edip başlaýar. Araplaryň meselesi bilen wizantiýaly diplomatlaryň birnäçe nesli yzygider meşgullanypdyr. Diplomatlar syýasy gatnaşyklar meselesi bilen bir hatarda, bu ýerlerde hristiançylygy ýaýratmak işleri bilen hem meşgullanypdyrlar. Diplomatlaryň ýanynda hristian ruhanylary bolup, olar araplary çokundyrypdyrlar, tanymal begzadalary hristian ybadathanalaryny gurmaga yrypdyrlar. 524-nji ýylda Hirada ilkinji buthana gurlupdyr. Hristiançylygyň ýaýradylmagynda wizantiýaly täjirler hem uly işjeňlik görkezipdirler. Ýöne hristiançylyk bitewi bir din bolmandyr, şonuň üçin hem hristiançylygyň esasy şahalary bolan prowaslawçylyk, monofizitçilik, nestoriançylyk araplary öz

dinlerine çekmekde özara bäsleşipdirler. Emma araplaryň öz arasynda esasan monofizitçilik giň ýaýrapdyr.

Hristian buthanalary Himýar patyşalygynyň paýtagty Nejanda, şeýle hem Zafarda, Hadaramautda, Gyzyl deňziniň kenarlarynda, Mohda, Adende we Farasan adasynda köp bolupdyr. Hristiançylygy Ýemeniň begzadalarynyň hem bir bölegi kabul edipdir. Lahmi we Kindi patyşalarynyň aýallary hristian bolupdyrlar. Kindi patyşasynyň gyzy, Lahmi patyşasynyň bolsa aýaly Hindi hiristiançylyga uýupdyr. Hiradaky buthananyň diwarynda şeýle mazmundaky ýazgy saklanyp galypdyr: «Men Hindi, Haris ibn Amr ibn Hüjrüň gyzy, şa aýaly, patyşalaryň enesi, Isanyň guly patyşa Amr ibn Munziriň enesi, onuň gulunyň enesi we onuň gullarynyň gyzy». Bu sözler Hindiniň we onuň ata-babalarynyň hristian bolandyklaryna şaýatlyk edýär.

Histiançylyk we ýahudyçylyk bilen bir hatarda, Ýemende ýerli monoteizm ugrunda hereketler hem bolupdyr. Bu ýerde gadymy ynançlary, arap otparazçylygyny, ýahudyçylygy we hristiançylygy öz içine alan birhudaýlylyk ýüze çykýar. Ony «ýalan pygamber» Abhala al-Aswada döredipdir. Abhala VII asyryň başlaryna çenli bir hudaýlylygy wagyz eden «pygamberleriň» biri bolupdyr. Atlary Abhaladan soň tutulan başga-da «pygamberler» bolupdyr, mysal üçin: Maslama – Ýememde, Talha – Nejdde, Sajah – Yrak çölleriniň töwereklerinde.

Arabystanyň dini durmuşynda Mekgäniň we ondaky mukaddes Käbäniň ähmiýetini aýratyn nygtamak gerek. Käbäniň haçan gurlandygy belli däl, ýöne arap taryhy çeşmelerinde V asyryň ortalarynda Käbäniň eýeleriniň küreýiş taýpasynyň bolandygy görkezilýär. Käbe dörtburç gara daşdan bolup, onuň daşynda 360 sany dürli hudaýlaryň butlary ýerleşdirilipdir. Käbe ähli arap taýpalaryň diýen ýaly sygynýan hem-de zyýarat edýän ýeri bolupdyr. 360 hudaýyň şekilini ýylyň her güni bilen hem baglanyşdyrýarlar. Şol

hudaýlar Arabystanyň ähli ýerlerinde çokunylýan hudaýlaryň şekilleri bolup, dürli ýerlerden gelen araplar özleriniň hudaýlaryna sežde edip bilipdirler. Käbäniň ýanynda Zemzem guýysy ýerleşip, onuň suwy keramatly hasaplanylypdyr. Mekgäniň bütin töweregi otparazlar üçin gadagan diýlip yglan edilipdir. Bu ýerde gan dökmek, adamy kemsitmek, azar bermek günä hasap edilipdir. Gadagan edilen ýerlere daşlar we sütünler bilen serhet çekilipdir. Kamary ýyl hasaby boýunça, her ýylyň belli günleri Arabystanyň çar tarapyndan araplar haja gelipdirler. Haj parzy Mekgede bolýan gyzgalaňly söwda işleri bilen utgaşdyrylypdyr. Mekgä gelenlerinde zyýaratçylar adaty eşiklerini çykarypdyrlar, ýörite eşik geýipdirler, saçlaryny syrdyrypdyrlar. Soň Käbä baryp daşyndan ýedi gezek aýlanypdyrlar, gara daşy öpüpdirler. Aýlanýan wagtlary sygyrypdyrlar, gygyrypdyrlar, el çarpypdyrlar. Ertesi Mekgäniň ýanyndaky iki depäniň arasynda ylgapdyrlar we hudaý şekillerine çokunypdyrlar. Üçunji gün zyýaratçylar Arafat dagyna çykypdyrlar. Soň mal öldürip, gurbanlyk beripdirler. Gurban berlen mallaryň etini garyplara paýlapdyrlar. Şundan soň Mekgä dolanyp gelipdirler we Käbäniň daşyndan ýene-de aýlanypdyrlar. Baýramçylyk ýedi günläp dowam edipdir. Şu döwürde kureýiş taýpasynyň adamlary zyýaratçylary mugt iýmit bilen üpjün edipdirler. Bu bolsa olaryň we olaryň tarapdarlarynyň abraýyny artdydypdyr. Sebäbi Käbäniň açary hem küreýişleriň elinde bolupdyr.

**Araplaryň Yslamdan öňki medeniýeti.** Arabystanyň Yslamdan öňki taryhyny musulman taryhnamasy tarapyndan «*jahiliýýa*» - nadanlyk adalgasy bilen atlandyrylýar. Emma, muňa garamazdan, Yslamdan öň hem araplaryň özboluşly ýerli medeniýeti bolupdyr. Arabystanyň taryhy däpleri şahyrlar, danalar we kazylar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Olar diňe bir ata-baba aň-düşünjeleri göterijiler bolmak bilen çäklenmän, eýsem öz uruglaryny, taýpalaryny wasp etmek

bilen araplarda hut şu garaýyşlary kemala getirmekde uly hyzmat görkezipdirler.

Arap medeniýetiniň beýik gazananlarynyň biri-de, ýerli elipbiýniň, hat-ýazuwyň ýüze çykmagydyr. Araplarda elipbiýiň üç görnüşi bolap, olar Günorta, Demirgazyk-Günbatar we Demirgazyk Arabystanyň elipbiýleridir. Bularyň başky ikisi biziň eýýamymyzdan öňki döwrüň ahyrlarynda, soňky üçünjisi ýa-da hususy arap elipbiýi bolan demirgazyk elipbiýi IV asyrda döräpdir.

Araplar dilden-dile geçip gelen ösen şygryýeti we kyssaçylygy döredipdirler. Bular «Araplaryň eýýamy» («*Aýýam al-Arab*») atly ajaýyp eserde öz beýanyny tapypdyr. Yslamdan öňki edebiýat arap taýpalarynyň durmuşyny, däp-dessurlaryny, durmuş gatnaşyklaryny beýan edipdir. Şahyrlar araplaryň alyp baran söweşleri, taýpa ýygnaklary, adaty güýmenjeler we oýunlar, ahlak gymmatlyklary barada joşgunly gürrüňleri beripdirler. Ajaýyp arap şahyrlarynyň biri Zuheýr ibn Abi Sulma (530-627) taýpalaryň geçmişdäki kuwwatynyň peselmeginiň sebäbini özara oňşuksyzlyklarda görüpdir we özüniň döredijiligi bilen taýpalaryň arasyndaky uruşlary näletläp, arap taýpalaryň birleşmegine ýardam edipdir.

Nabigu az-Zubiýanini (535-604) syýasy şygryýeti dörediji hasap edýärler. Ol taýpadaşlaryna wesýet hökmünde birnäçe kasydalary döredipdir. Şahyryň kasydalarynda taýpalary oňşuksyzlyklary bes etmäge, taýpa bileleşiklerine ygrarly bolmaga we bileleşip umumy duşmana garşy göreşmäge çagyrypdyr. Uruş we parahatçylyk meseleleri arap şahyrlarynyň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär, olaryň arasyndan urşy wagyz edýän bir şahyry hem tapmak mümkin däldir.

Yslamdan öňki arap edebiýatynyň ajaýyp wekilleriniň biri-de Umr ul-Kaýys (500-540) bolupdyr. Onuň döredijiliginde döwrüň taryhy we syýasy wakalary, araplaryň maddy we ruhy medeniýeti beýan edilýär. Araplaryň baý medeni mirasy

beýleki bir ajaýyp şahyr Antara ibn-Şetdatyň (VI asyr) döredijiliginde özüniň mynasyp ornuny tapypdyr.

VII asyra çenli araplarda älemşynaslyk barada-da takyk garaýyşlar kemala gelipdir. Şonuň üçin hem olar ajaýyp deňizçiler hasap edilipdir. Şindi gadym döwürlerde arap deňizçileri Günbatar Hindistanyň kenarlaryna we şu ýoluň ugrunda ýerleşýän adalara barmagy başarypdyrlar. Strabonuň maglumatlaryna görä, biziň eýýamymyzyň başlarynda araplar Hindistan we Afrika bilen söwda işlerini alyp barypdyrlar. Soňra olar Şri-Lankanyň, Sumatranyň we Madagaskaryň kenarlaryna baryp ýetipdirler.

## § 3. Merkezleşdirilen orta asyr arap döwletiniň we Yslam dininiň döremegi

**Yslam dininiň döremegi.** VII asyrda Gyzyl deňziniň kenarýakasynda ýerleşýän Hijaz sebiti Arabystanyň ykdysady taýdan iň ösen ýerleriniň biri bolupdyr. Bu ýerlerde ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Sebitde Mekge, Ýasrip (Medine) we Taif ýaly uly şäherler hem bolupdyr. Hijazyň ykdysady taýdan şeýle uly ähmiýete eýe bolmagy Arabystanyň birleşdirilmegi ugrundaky syýasy hereket, *Yslam* («Alla boýun synmak») ady bilen ýüze çykan monoteizm dini ynançlaryny wagyz etmek bilen utgaşdyrylypdyr. Araplary bitewi bir döwlete birikdirmek we ýeke-täk Hudaýa uýdurmak işine Muhammet Pygamber (570-632) ýolbaşçylyk edýär.



Mekgedäki mukaddes Käbäniň häzirki zaman görnüşi

Iň soňky pygamber we täze dini esaslandyryjy Muhammet Aleýhyssalam 570-nji ýylda Mekgede asylly

maşgalada eneden doglupdyr. Muhammet ýaşlykdan ýetim galypdyr we çagalyk döwründe köp kynçylyklary başdan geçiripdir. Ol ýaşlykdan söwda işleri bilen meşgullanyp, köp ýurtlary görüpdir, goňşy halklaryň däp-dessurlary, dini ynançlary bilen tanyş bolupdyr. Muhammet Hatyja atly söwdagär aýala öýlenipdir. Hatyja adamsynyň täze din bilen baglanyşykly wagyzlaryny birinji bolup goldapdyr. Kyrk ýaşyndaka Muhammet Pygambere Hira gowagynda Jebraýyl perişde görnüpdir we ol Muhammediň  Allanyň pygamberi edilip saýlanandygyny tassyk edýär. Şundan soň Muhammet Pygamber ildeşlerini bir Hudaýa – Alla  uýmaga çagyrypdyr, köp hudaýlylygy bolsa ýazgarypdyr.

Muhammet pygamberiň wagyzlary güýçlendigiçe onuň hereketlerine garşylyklar hem güýçlenipdir. Onuň janyna howp salyp başlapdyrlar. Şonuň üçin hem ol 622-nji ýylda öz tarapdarlary bilen Mekgeden Ýasribe[1] (Medine) gitmäge mejbur bolýar. Yslam taryhynda bu waka «*hijret*» («göçmek») ady bilen bellidir. Musulman senenamasynyň ýa-da ýyl hasabynyň birinji ýyly hem şu waka bilen  başlanýar.

Medine bilen Mekge hemişe bäsdeşlik edýän şäherler bolupdyr. Medineliler mekgeliler bilen özara uruşlary alyp barypdyrlar. Mekgeliler hem öz ýaranlary bilen Medinäni gabapdyrlar. Iki şäheriň arasyndaky göreşler 630-njy ýylda ylalaşyk baglaşylmagy bilen tamamlanypdyr. Muhammet Pygamberiň tarapdarlary Mekgäni eýeläpdirler. Ylalaşygyň şertine görä, mekgeliler Muhammet Pygamberiň Yslam taglymatyny we onuň häkimiýetini ykrar edipdirler, munuň üçin olar özlerine eglişik edilmegini gazanypdyrlar. Mekge dini merkez hökmünde kabul edilipdir, mukaddes Käbe bolsa Yslamyň baş seždegähine öwrülipdir.

Haka uýýan her bir adam Mekgä zyýarata gelip, mukaddes  Käbä ybadat etmäge borçlanypdyr. Täze dine

[1] Bu şäher soňra «*Madinat an-Nabiý*»  («Pygamberiň şäheri»)  ýa-da ýöne Medine diýlip atlandyrylýar.

uýýanlary «*musulman*» («Alla boýun bolanlar») diýip atlandyrypdyrlar. Pyhamber Käbäni butlardan arassalapdyr we ony musulmanlaryň baş mukaddesligi diýip yglan edipdir. Musulmanlaryň gazanan ýeňşiniň netijesinde Arabystanda Muhammet Pygamberiň baştutanlygynda bitewi musulman döwleti döräpdir. Täze dörän döwletiň dünýewi hem-de dini häkimýetleri Pygamber öz elinde jemläpdir. Muhammet pygamber garyp-pukaralaryň tarapyny tutupdyr, barlylaryň eden-etdiligini ýazgarypdyr.

**Kurany-Kerim.** Yslam dininiň baş taglymaty, onuň keramatly kitaby Kurandyr. «*Kuran* – okamak» işliginden bolup adatça «okamak, sesli okamak» diýen manyny aňladýar. Takmynan 610-njy ýylda Mekgäniň ýanyndaky Hira dagynda ýeke özi ybadat edip otyrka Pygambere Jebraýyl perişde aýatlary okap berer eken. Ol bolsa aỳatlary ýatdan öwrenip, öz tarapdarlaryna aýdyp beripdir. Olar hem öz gözeginde beýleki musulmanlaryň arasynda Kurany şeýle ýol bilen ýaýradypdyrlar. Ulamalaryň tassyklamagyna görä, bu iş ýigrimi üç ýyl dagy dowam edipdir.

Kuran 114 süreden (bapdan) ybarat bolup, süreler hem öz nobatynda aýatlara bölünýär. «*Aýat*» sözi «bellik, nyşan, gudrat» diýen manylary aňladýar. Kuranyň uzyn süreleri kitabyň öňki sahypalarynda, gysga hem-de iň köneleri bolsa yzynda ýerleşdirilipdir. Sesli okamaga oňaýly bolar ýaly, Kuranyň ýazgylary juz diýip atlandyrylýan 30 bölege ýa-da huzban atly 60 bölege bölünipdir. Kuranda ýerleşdirilen süreleriň sany 6204-6236 töweregidir. Onda 77934 söz bar. Kuran keramatly kitapdyr, dünýä edebiýatynyň taglymat derejesindäki deňsiz-taýsyz ajaýyp eseridir we gymmatly taryhy çeşmedir.

Muhammet Pygamberiň aradan çykan wagtyna çenli Kuran gutarnykly düzülip gutarylmandyr. Ondaky, aýatlar, süreler heniz dagynyk ýagdaýda bolupdyr. Kuranyň ýazgylaryny tertibe salyp, ýygyndy etmeklikde Pygamberiň

egindeşleri Abu Bekr bilen Osman köp tagalla edipdirler. 633-nji ýyl töwerekleri Abu Bekr ýaş ýigit Zeýt ibn Sabete aýatlary ýygnamagy tabşyrypdyr. Zeýt ibn Sabet ozalky bölek-büçek ýazgylary ýygnapdyr hem-de Pygamberiň egindeşleriniň ýatdan bilýän zatlaryny ýazyp alypdyr.

634-nji ýylda Abu Bekr ölenden soň Kuranyň ilkinji ýazgysy onuň wesýeti boýunça gyzyna – Pygamberiň aýallarynyň biri Hesbä atasyndan ýadygärlik berlipdir. Şondan soňra keramatly Kitabyň golýazmalaryny ýygnamak bilen Pygamberiň beýleki egindeşleriniň birnäçesi meşgul bolupdyr. Emma şol maglumatlaryň biri-birinden azda-kände tapawudy bolupdyr. Şol tapawutlar bolsa araplaryň arasynda belli bir derejede agzalalyk döredipdir. Mysal üçin, ýygyndynyň birinji nusgasyny damasklylar, ikinjisini kufalylar, üçünjisini basralylar, homslylar ykrar edipdirler. Şeýlelikde, dörän jedeller Yslamyň agzybirligine howp salypdyr. Şoňa görä-de, 650-nji ýyl töwerekleri Kuranyň gutarnykly nusgasyny işläp düzmekligi Osman öz  üstüne alypdyr. Ol bu mesele boýunça keramatly Kitabyň ilkinji nusgasyny dörediji Zeýt ibn Sabete ýüz tutupdyr. Şondan soňra Kuranyň ýazgylary köpeldilipdir. Olardan birini Medinede galdyrypdyrlar we ol esasy nusga hasaplanypdyr. Galanlary bolsa Kufa, Basra we Damask ýaly araplaryň kiçiräk berkitmelerine iberilipdir. Rowaýata görä, Kurhanyň bir nusgasyny Osman öz eli bilen ýazypdyr we şol nusga Medinede galdyrylypdyr.

Kuranyň häzirki döwürde dünýa musulmanlary tarapyndan ulanylyp gelýän nusgasy X asyrda düzülipdir we şondan soňra keramatly Kitap baradaky nätakyklyklar aradan aýrylypdyr.

Şondan soňra Yslam äleminde göçürilen ýa-da neşir edilen Kuranlaryň hemmesiniň Osmanyň nusgasyna gabat gelmegi zerur şert hasaplanýar. Şoňa görä-de Kuranyň her bir nusgasyna «Şu Kuran halyf Osmanyň nusgasy bilen deň gelýär» diýlip ýazylýar. Şeýle ünsli çemeleşilendigi üçin bu

Kitap üýtgedilmän nesilden-nesle geçip gelipdir. Kurany iki topara: Pygamberiň Mekgede ýaşan hijriden öňki hem-de 622-nji ýyldan soňky döwürlere bölmek maksada laýyk hasaplanýar. 632-nji ýylda Muhammet Pygamber aradan çykandan soň, onuň egindeşlerini hökümdaryga saýlapdyrlar. Olary halyf (Pygamberiň orunbasary) diýip atlandyrypdyrlar. Ilkinji halyflar Abu-Bekr (632-634), Omar (634-644), Osman (644-656) we Aly (656-661) bolupdyr.

**Araplaryň ýörişleriniň başlamagy.** 633-nji ýylda halyf Abu-Bekr bakr taýpasyndan bolan Musanna atly serkerdä goşun ýygnamaklygy buýurýar. Sasanylara garşy iberilen goşuna serkerde Halid ibn Welid ýolbaşçylyk edipdir. 634-nji ýylda araplar Yraga golaý ýerlerde ýaşaýan hristian araplaryň ýerlerini eýeläp, tiz wagtdan Ýefratyň çep kenaryna geçipdirler. 634-nji ýylyň maý aýynda Halid ibn Welid pars ýörişinden yzyna çagrylyp, üç müň goşun bilen Siriýa ugradylýar. Musanna bolsa pars ýörüşine baştutan edilip bellenilýär.

Araplar basyp alan ýerlerinde berkitmeleri gurupdyrlar. Ilkinji arap berkitmesi bolan Basra 635-nji ýylda gurlup, onda 800 sany esgeri ýerleşdiripdirler. 637-nji ýylda Kadisi şäheriniň ýanynda araplar sasanylaryň «Beýik Rüstemiň goşuny» diýlip atlandyrylan ägirt uly goşunlaryny çym-pytrak edýärler we döwletiň paýtagty Ktesifony söweşsiz eýeleýärler. Arap esgerleri ummasyz köp olja alypdyrlar. Ktesifony eýelemäge gatnaşan her bir esger 12 müň dirhem alypdyr. Olja alnyp paýlanan puluň mukdary bolsa 900 million dirheme barabar bolupdyr.

636-njy ýylda Hira bilen Ýewfratyň aralygynda Kufa şäheri esaslandyrylyp, ol goşunlaryň serkerdesiniň we basylyp alnan ýerleriň dikmesiniň ýerleşýän ýeri hökmünde saýlanylyp alnypdyr. Kufadan täze ýeleri eýelemek üçin goşunlar ugradylypdyr. 638-nji ýylda Mosul welaýaty eýelenýär. Sasanylaryň köp dikmeleri araplaryň tarapyna geçýärler. 642-nji ýylda Nehawendiň eteginde parslar bilen araplaryň arasynda

uly söweş bolup geçýär. Söweşiň netijesinde araplar Reý, Kazwin, Kumis şäherlerini ýeňillik bilen eýeläp, Azerbeýjanyň ýerlerine aralaşýarlar. 644-nji ýylda Hemedan, Kum, Kaşan, Yspyhan eýelenýär. 651-nji ýyla çenli araplar sasanylaryň Hazar deňziniň günortasyndaky insiz daglyk ýerlerinden galan ähli ýerlerini eýeleýärler we häzirki Owganystanyň ýerlerine çozup girýärler.

Eýrana garşy ýörişler bilen bir hatarda araplar Siriýanyň üstüne hem goşun iberýärler. Siriýa ilkinji ýöriş heniz Muhammet Pygamber dirikä geçirilipdir. Emma içki oňşuksyzlyklar sebäpli goşunlar yzyna çagyrylypdy. 634-nji ýylda Abu-Bekr 9 müňlik goşuny üç bölege bölüp Siriýa ugradýar. Şol döwürler içki oňşuksyzlyklar we Eýran bilen alnyp barylýan uruşlar Wizantiýany hem gowşadypdyr. Wizantiýa bilen araplaryň arasyndaky birinji uruş Iýerusalimiň etegindäki Ajaneýn diýen ýerde bolup geçýär. Söweş araplaryň ýeňşi bilen tamamlanýar we Gaza hem-de Öli deňziň töwereginde ýerleşýän beýleki şäherler söweşsiz eýelenýär. Palestinanyň günortasyny we Iýerusalimi eýelemek üçin araplar Amr ibn al-Asyň ýolbaşçylygynda uly goşun galdyrýarlar, galan goşunlar bolsa ýörişi dowam etdirip, 635-nji ýylda Tiweriadany we Galileýany eýeleýärler. Grekler Iordan deryasynyň jülgesini suwa basdyrýarlar, ýöne araplara grekleri Iordanyň aňyrsyna kowmak we Damaska golaýlaşmak başardýar.

635-nji ýylyň mart-sentýabr aýlarynda araplar Damasky gabawa alyp, ahyrsoňy şäheri eýeleýärler. Şäher ilaty bilen araplaryň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda, ilat paç tölemäge mejbur edilýär, ýöne olaryň janyna, emlägine, dinlerine we buthanalaryna degilmändir. Damaskdan soň araplar Baalbek şäherini eýeleýärler. Mundan aňryk süýşmäge arap serkerdeleri çekinipdirler. Garaşylyşy ýaly, şol wagtlar Wizantiýanyň imperatory Irakliý 80 müňlük goşuny bilen araplara tarap süýşüp ugraýar. Araplar Ýarmuk

derýasynyň kenaryna tarap yza çekilmegi we grekleri şu ýerde garşylamagy karar edýärler. 636-njy ýylda gereklerden, ermenilerden we slawýan hakyna tutma goşunlaryndan ybarat bolan grek leşgerleri araplaryň ýerleşýän ýerine süýşüp gelýärler. Emma Ýarmuk derýasynyň boýundaky söweş grek goşunlarynyň kül-peýekun edilmegi bilen tamamlanýar. Grekleriň pyýada goşunlary doly ýok edilýär, atly goşun bolsa söweş etmän yza çekilýär. Yza çekilýän grek goşunlaryny yzarlamak bilen araplar Damasky ikinji gezek eýeleýärler. 637-nji ýylyň ahyrlaryna çenli araplar Siriýanyň kenarýaka şäherlerini, 638-nji ýylda bolsa Iýerusalimi[1] eýeleýärler.

Basylyp alnan Siriýa-Palestina sebitinde aýratyn dikmelik döredilip, onuň baştutanlygyna Omeýýalar urugyndan bolan Muawiýa bellenilýär. Siriýadan soň arap goşunlary Ermenistany eýelemäge ugradylýar. 642-nji ýylda arap goşunlary Wan kölüniň hem-de Ararat daglarynyň daşyndan aýlanyp, Araks derýasynyň jülgesine girýärler we ýurduň paýtagty Dwini eýeläp, baý oljalar bilen Siriýa dolanyp gelýärler. 658-nji ýylda araplar Ermenistany, Gruziýanyň bir bölegini eýeläp, Kawkaz dag gerişleriniň aňyrsyndaky hazarlaryň ýurduna çenli baryp ýetýärler. Şol ýyl araplar Konstantinopoly almaga şowsuz synanyşyk hem edipdirler.

Iýerusalimi alandan soň, arap goşunlary Amr ibn al-Asyň serkerdeliginde Müsüre ugradylýar. 640-njy ýylda Amr Nil derýasynyň kenaryna ýetip Faýum jülgesini eýeleýär. Şol ýyl halyf Omar Amra kömek üçin Zubeýriň serkerdeliginde ýene-de 4 müňlük goşuny Müsüre iberýär. Zubeýr Pygamberiň egindeşleriniň biri, halyfyň bolsa geňeşçisi bolupdyr. Amr grek serkerdeleriniň oňşuksyzlygyndan peýdalanyp, Geliopolisiň etegindäki söweşde olaryň goşunyny derbi-dagyn edýär.

641-nji ýylda araplar Wawilony eýeleýärler. Şondan soň Wizantiýa araplar bilen parahatçylyk barada şertnama

[1] Iýerusalimi araplar «*Beýt al-Mukaddas*» ( «Mukaddes ýer») ýa-da «*Kuddus*» diýip atlandyrýarlar.

baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýunça 11 aýyň dowamynda grekler paç tölemäge, öz goşunlaryny Müsürden çykarmaga we dagy-duwara Müsüre goşun ibermezlige razy bolýarlar. Araplar hem öz gezeginde hristian buthanalaryna degmezlige we Müsürde öň dowam edip gelýän dolandyryş ulgamyny saklamagy söz beripdirler. 642-nji ýylyň sentýabrynda araplar Aleksandriýany hem eýeleýärler. Müsüriň dikmeligine bellenen Amr 643-nji ýylda Niliň sag kenarynda Fustat (häzirki köne Kair) şäheriniň düýbüni tutýar we ony Müsür dikmeliginiň merkezine öwürýär. Halyf Omar müsür dänesini Arabystana äkitmek, şeýle hem zerurlyk ýüze çykan wagty arap goşunlaryny Müsüre eltmek üçin Gyzyl deňzini Nil derýasy bilen birleşdirmegi buýurýar.

Basybalyşlar Demirgazyk Afrikada-da dowam edipdir we 648-nji ýylda araplar Karfagene ýetýärler. Şäher ilaty altyn-kümüş berip boýun egýär. Soňra arap hökümdarlygyna Liwiýa bilen Tripoly hem tabyn edilýär.

**Yslamda akymlaryň döremegi.** 634-nji ýylda halyf Abu-Bekr ölmeziniň öň ýany Muhammet Pygamberiň iň golaý egindeşlerini ýanyna çagyryp, halyflygy Omara berýändigini aýdýar. Halyf Omaryň (634-644) döwründe iň köp ýerler eýelenilýär. Emma 644-nji ýylda bir gul Omara ölüm howply ýara salýar. Onuň ornuna Osman (644-656) halyf diýlip yglan edilýär. Osman gelip çyşy boýunça araplaryň küreýiş taýpasynyň omeýýalar urugyndan bolupdyr. Başda omeýýalar Pygamberiň esasy garşydaşy bolupdyrlar, ýöne soň onuň tarapyna geçip, Yslamy kabul edýärler. Emma Pygamberiň egindeşleriniň bir topary Osmanyň halyf bolmagyna närazylyk bildirýärler we Pygamberiň inisi hem-de giýewisi Alynyň töwreginde jemlenýärler. Olar Alynyň halyf bolmalydygy baradaky talaby öňe sürýärler. Sebäbi Aly Pygamberiň iň golaý garyndaşy bolupdyr, şonuň üçin hem Pygamberiň mirasdüşeri Osman däl-de, Aly bolmaly diýýärdiler. Alynyň tarapdarlaryny we onuň yzyna eýerijileri «Şyga» (topar, partiýa) diýip

atlandyrypdyrlar. Şygalar Osman tarapyndan wezipelerinden boşadylan dikmeleriň, serkerdeleriň we ýörişler netijesinde baýan arap begzadalarynyň nägileliginden peýdalanmagy başarýarlar. Şygalara aýry-aýry şäherleriň ilaty, daýhanlaryň, beduinleriň bir topary goşulypdyr. Wagtyň geçmegi bilen şygalary basylyp alnan ýerleriň, aýratyn hem Yragyň hem-de Eýranyň ilaty goldap başlaýar.

Halyfyň häkimiýetine tamakinçilik edýän beýleki toparlar hem işjeňleşýärler. Talha bilen Zubeýr Basrada we Kufada wagyz işlerini geçiripdirler we bu şäherler hem öz dalaşgärlerini öňe sürüpdir. Müsürde omeýýalara garşy toparlanyşyga Abu Bekriň ogly Muhammet baştutanlyk edipdir. Osmanyň garşydaşlary Medinede gozgalaň turuzýarlar we 656-njy ýylda gozgalaňçylar halyfyň öýüne kürsäp girip Osmany öldürýärler.

Osmandan soň Aly (656-661) halyf diýlip yglan edilýär. Emma Muawiýa bilen Zubeýr hem öz maksatlaryndan el çekmeýärler, olary Muhammet Pygamberiň aýaly Aýşa hem godapdyr. Bular halyf Alynyň garşysyna baş göterýärler we olaryň tarapyna medineli omeýýalar hem goşulýar. Muawiýa Ala boýun egmek islemändir we ol Siriýany halyflykdan bölüp aýyrýar.

657-nji ýylda halyf Aly döwletiň merkezini Kufa geçirýär we 15-20 müň sany tarapdarlary bilen şol ýere ugraýar. Halyf Aly garşydaşlary az-Zubaýr we Talha bilen bilen ýaraşmak, oňşuksyzlyklaryň öňüni almak maksady bilen gepleşik geçirmäge synanyşýar. Ýöne gepleşikler netije bermeýär. Gandöküşikli söweşde az-Zubaýr we Talha öldürilýär, Aýşa bolsa ýesir alynýar. Garşydaşlarynyň köpüsinden üstün çykan halyf Aly Osmanyň bellän dikmeleriniň hemmesini täzeleýär. Halyf diňe Siriýada oturan garşydaşy Muawiýany wezipesinden aýryp bilmändir. Halyfyň garşysyna urşa taýýarlanmak bilen Muawiýa 60 müňlik goşun ýygnaýar. Halyf Aly bolsa 70 müňlik goşun ýygnap, Siriýa

çozup girmek maksady bilen Ýewfratyň sag tarapyna geçýär. Haçanda, Alynyň tarapdarlary siriýalylaryň goşunlarynyň içine kürsäp girenlerinde, olar naýzanyň ujuna Kurany asyp halyfyň kim bolmalydygy baradaky jedeli kanuna esaslanyp çözmäge çagyrypdyrlar.

Şol wagt Alynyň tarapdarlarynyň arasynda hem jedeller başlaýar. Onuň tarapdarlarynyň bir bölegi halyfyň häkimiýetiniň nesilden-nesle geçmeginden närazy bolupdyrlar. Olar islendik musulman bendesiniň, onuň Pygamberiň neberesi bilen garyndaşdygyna ýa-da garyndaş däldigine garamazdan, halyf bolmaga hukugy bardyr diýip aýdypdyrlar. Bu garýyşlaryň tarapdarlary bolan 12 müň töweregi adam Alynynyň tarapdarlaryndan bölünip aýrylýarlar. Olary *haryjylar* («[bölünip] çykanlar») diýip atlandyrypdyrlar. Haryjylar «hudaýyň we halkyň isleginden daşarda halyf bolmaz» - diýen şygary öňe sürüpdirler we öz halyflaryny saýlapdyrlar. Aly olary ýowuz yzarlapdyr we gyrypdyr. Emma haryjylaryň wagyzlary Yrakda, Huzistanda we Parsda uly goldaw tapypdyr. Şygaçylyk, haryjylyk syýasy akym hökmünde döräpdirler, ýöne musulmançylygyň esasy ugry bolan sünnilige[1] garşy gitmek bilen olaryň dini garaýyşlary hem kämilleşipdir. 661-nji ýylda halyf Aly bir haryjy tarapyndan öldürilýär, halyf bolsa Siriýanyň hökümdary Muawiýa (661-680) bolýar. Şeýlelikde, 661-750-nji ýyllarda arap döwletini Omeýýalar neslinden bolan halyflar dolandyrýar. Şonuň üçin hem Arap döwletini bu döwürde Omeýýalar halyflygy ýa-da paýtagtynyň ady boýunça Damask halyflygy diýip hem atlandyrýarlar.

**Arap halyflygynda durmuş-ykdysady gatnaşyklar.** Araplar öň Sasanylar döwletine we Wizantiýa degişli bolan ummasyz köp ýerleri eýeläpdirler. Basylyp alnan ýurtlarda ähli

[1] Sünnet (*sunna* - eýerilen ýörelgeler) – Muhammet Pygamberiň mukaddes ýol-ýörelgeleriniň, edim-gylymlarynyň we maslahatlarynyň toplumy. Sünnet soňra yslam hukugynyň (*fykyh*) esasy çeşmesi bolup hyzmat etdi.

ekerançylyk ýerleri döwletiňki hasap edilip, olar öňki eýeleriniň elinde galdyrylypdyr. Siriýa we Eýran basylyp alnandan soň, arap begzadalary bu ýurtlaryň ekerançylyk ýerlerini öz aralarynda paýlaşmak isläpdirler. Emma halyf ýerleriň öňki eýeleriniň ellerinde galdyrylmagyny buýrupdyr. Sebäbi ýerleriň arap begzadalarynyň eline geçmegi döwlet hazynasyna gelýän girdeçileri azaltjakdy, çünki araplar öz ýerlerinden «hüşüri» (1/10 salgyt) tölemelidiler, bu bolsa hazyna gelmeli ýer salgydynyň mukdaryny azaltjakdy.

Basylyp alnan ýerlerde öňki patyşalaryň, dolandyryjy nesilşalyklarynyň wekilleriniň, musulmanlar bilen uruşlarda öldürilen iri mülkdarlaryň, basylyp alnan ýerlerden gaçyp gidenleriň we taşlanan ýerleriň ählisi hazyna ýerleriniň hasabyna geçirilipdir. Netijede, döwletiň hazynasyna ummasyz köp mukdarda girdejiler gelipdir. Diňe Günorta Yrakdaky şeýle ýerlerden gelen girdejiler 7 mln dirheme barabar bolupdyr. Eýeçilik meselesinde şeýle usulyň ulanylmagy döwlet gullukçylaryna (raýat we harby) berilýän *«ikta»* (köplük sanda ikta, birlik sanda bolsa *kataa* – bölek, paýlamak) ýerleriniň mukdaryny artdyrmaga mümkinçilik döredipdir. Eger-de, öňler ikta eýeçilik etmegiň ýeke-täk şerti salgyt tölemeklik bolan bolsa, indi onuň üstüne ýeri işläp bejermeklik hem ýüklenilipdir. Şu şert bozulan ýagdaýynda *iktadar* özüne berlen ikta ýerine eýeçilik etmek hukugyny ýitiripdir. Ikta ýerleri miras galdyrylyp, satyp we satyn alnyp bilnipdir.

Iktadan başga-da, hususy eýeleriň ygtyýaryndaky *«mülk»* ýerleri bolupdyr. Bu ýerleri işläp-bejermeklik eýeçiligiň esasy şerti bolmandyr: eger ýer eýesi mülküni işläp bejermese salgyt hem tölemändir. Mirasdüşeri bolmadyk mülkdar aradan çykan ýagdaýynda onuň mülki hazynanyň peýdasyna geçirilipdir. Halyflykda *jemagat* ýerleri hem saklanyp galypdyr.

Halyflykda ilata salgyt salmak meselesinde basylyp alnan ýerlerde öňden gelýän ýerli düzgünler ulanylypdyr.

Yslamyň kabul edilmegi basylyp alnan ýerleriň ilatyny diňe jan başyna salynýan *«jyza»* salgydyndan boşadypdyr. Jyza salgydyny musulman däller töläpdirler. Bu salgyt diňe pul görnüşinde ýygnalypdyr. Jyza ýygalanda tölegçiniň emläk ýagdaýy göz öňünde tutulypdyr. 1) Baý adamlardan ýylda 48 dirhem, 2) ortaça ýaşaýanlardan – 24, 3) garyp daýhanlardan we senetçilerden bolsa 12 dirhem alypdyrlar. Birinji we ikinji toparlara serraplar, mata satýan söwdagärler we iri täjirler, iri ýer eýeleri, dermanhanaçylar we senetçileriň bir topary, üçünji topara bolsa daýhanlar, ownuk senetçiler, tikinçiler, boýagçylar, aýakgap ussalary degişli bolupdyrlar.

Musulman we musulman däl söwdagärleriniň harytlaryna paç salnypdyr. Pajyň mukdary söwdagäriň dini ynanjyna bagly bolupdyr. Musulmanlar öz harydynyň umumy bahasynyň 2,5%-ni, musulman däller – 5, kese ýurtlylar bolsa 10%-ni töläpdirler. Çarwalar öňküleri ýaly mallarynyň baş sanyna görä salgyt töläpdirler.

Yslamy kabul edenler öňküleri ýaly, ýer salgydyny (hyraç) töläpdir. Hyrajyň mukdary 1/3-den 2/3-ä çenli aralykda bolupdyr. Tölenilmeli hyraç salgydynyň mukdary ýeriň möçberine ýa-da öndürilen önümiň mukdaryna görä kesgitlenilipdir. Hyrajyň mukdary kesgitlenilende ekilýän ekiniň görnüşi göz öňünde tutulypdyr. Mysal üçin Günorta Yrakda bugdaý ekilen kesgitli ýerden 4 dirhem, arpadan – 2, künjüden we gowaçadan – 5, üzümden – 10 dirhem alnypdyr. Hyraç döwlet girdejisiniň esasy çeşmesi bolup, ol döwlet hazynasyna ägirt köp girdeji getiripdir. Halyf Omaryň döwründe Günorta Yrakdan ýylda 100 million dirhem salgyt ýygnalypdyr.

**Omeýýalar (Damask) halyflygy.** 661-nji ýylda Aly öldürilenden soň, tarapdarlary onuň ogly Hasana kasam edýär. Emma Hasan Muawiýa bilen gepleşikler geçirip, häkimiýetden el çekýär. Ol dogany Hüseýin bilen Medinä gidýär we şol ýerde-de 669-njy ýylda zäherlenip öldürilýär. Muawiýa öz

garşydaşlary babatynda dürli syýasaty ulanypdyr: olaryň bir böleginiň günäsini geçipdir, ýene birine uly wezipe beripdir, üçünji birini bolsa güýç bilen boýun egdiripdir. Muawiýa haryjylaryň Basradaky we Huzistandaky gozgalaňlaryny basyp ýatyrypdyr. Ol Pygamberiň egindeşleriniň hem birnäçesini öz tarapyna çekmegi başarýar. Muawiýa musulmanlaryň dini däp-dessurlaryny birkemsiz berjaý edipdir, Mekgedäki mukaddes ýerlere baý sowgatlary iberip durupdyr. Ýöne, muňa garamazdan, ol paýtagty Damaska geçirýär. Mundan beýläk Mekgäniň we Medinäniň syýasy merkezler hökmünde ähmiýeti peselýär. Ol arap halyflygynda tagty miras almagyň düzgünlerini üýtgetmegiň we häkimiýeti öz ýakyn garyndaşlaryna galdyrmagyň gamyny iýipdir. Şu maksat bilen ol ogly Ýezidiň mirasdüşer diýlip yglan edilmegini gazanýar.

680-nji ýylda Muawiýa ölenden soň onuň ornuna ogly Ýezit (680-684) halyf diýlip yglan edilýär. Şygalar Ýezidiň halyf bolmagyny islemändirler. Olar halyf Alynyň beýleki ogly Hüseýni (ýaşan ýyllary 626-680) halyf diýip yglan edýärler. Emma Kerbelede omeýýalaryň goşuny tarapyndan daşy gabalan Hüseýn boýun egmekden ýüz öwürýär we söweşiň netijesinde onuň goşuny çym-pytrak edilýär. Söweşde Hüseýin öldürilýär we onuň kellesini kesip Damaska iberýärler. Hüseýiniň öldürilmegi şygalaryň arasynda çuňňur çuňňur gahar-gazap döredipdir. 682-nji ýylda Medinede bolan çykyşlaryň netijesinde olar omeýýalary şäherden kowup çykarýarlar.

Ýezit ölenden soň häkimiýet ugrunda özara göreşler başlaýar. Muawianyň garşydaşlary Pygamberiň egindeşleriniň biri bolan Az-Zubaýr ibn al-Awwamyň ogly, birinji halyf Abu Bekiriň bolsa agtygy Abdylla ibn az-Zubaýry (684-692) halyf diýip ykrar edýärler. Ýezidiň özi ölmänkä häkimiýeti ogly Muawiýa wesýet edipdir. Emma Muawiýa II bary-ýogy iki aý halyflyk edip, Abdylla ibn az-Zubaýryň peýdasyna tagtdan el çekýär. Abdylla ibn az-Zubaýryň häkimiýetini halyflygyň

Siriýadan başga ähli ýerinde ykrar edýärler. Sebäbi Siriýada omeýýalaryň tarapdarlarynyň täsiri güýçli bolupdyr. Omeýýalar Siriýanyň Jabiýa diýen ýerinde ýygnanyşyp, häkimiýet meselesini ara alyp maslahatlaşypdyrlar. Maslahata gatnaşyjylaryň bir topary halyflyga Ýezidiň beýleki bir ogly Halydy, ikinji bir topary bolsa omeýýalaryň gapdal şahasyndan bolan Merwanyň adyny görkezipdirler. Ahyrynda halyf ilki Merwan, ondan soň Halyt ibn Ýezit bolmaly diýen karara gelýärler. Netijede, Siriýada häkimiýet ýene-de omeýýalaryň eline geçýär.



Araplaryň älemşyanslyk enjamy (astroliýabiýa)

Halyf Abdylla ibn az-Zubaýr omeýýalary boýun egdirmek maksady bilen Siriýa goşun iberýär, ýöne bu goşunlar omeýýalar tarapyndan ýeňlişe sezewar edilýär. Siriýadaky häkimiýet Merwanyň eline gutarnykly geçýär. 685-nji ýylda Merwan aradan çykýar. Ol ölmänkä häkimiýeti iki ogluna wesýet edýär. Wesýete görä, ilki Abdylmälik, ondan soň bolsa Abdyleziz hökümdarlyk etmelidi. Jabiýada gazanylan ylalaşyga görä, Merwandan soň Halyt ibn Ýezit halyf bolmalydy, emma häkimiýeti ogullaryna wesýet etmek bilen Merwan bu ylalaşygy bozýar.

Şeýlelikde, 685-nji ýylda Siriýada Abdylmälik ibn Merwan (685-705) halyf diýlip yglan edilýär. Yrakda bolsa Abdylla ibn Zubaýr halyflyk edýärdi. Emma 692-nji ýylda iki halyfyň arasyndaky uruşlar Abdylmälik ibn Merwanyň

peýdasyna tamamlanýar, Abdylla ibn az-Zubaýr bolsa öldürilýär.

Özara uruşlaryň gidýän döwründe Ermenistany we Azerbaýjany Wizantiýa gaýtaryp alypdy. Amyderýanyň aňyrsynda araplaryň häkimiýeti synypdy, Basrada haryjylar, Kufada bolsa şygalar hojaýynçylyk edýärdiler. Emma Abdylmälik ähli garşydaşlaryny boýun egdirýär. 685-nji ýylda ol birinji zarbany haryjylara urup, 687-nji ýylda şygalaryň gozgalaňyny basyp ýatyrýar we Wizantiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşýar. 689-njy ýylda Abdylmälik Siriýadan gelip Medinäni, 692-nji ýylda bolsa Mekgäni eýeleýär. Arap halyflygyndaky häkimiýet ýene-de omeýýalaryň eline geçýär.

Omeýýalar öňki halyflaryň ýörişlerini dowam etdirýärler. Olar häli-şindi Kiçi Aziýa çozup durupdyrlar. 688-nji ýylda araplar hat-da onuň Ýewropa kenaryna-da geçipdirler. Ýöne, bu ýerleri elde saklamak olara başartmandyr. 689-njy ýylda omeýýalar Kaýruana we Karfagene ýörişe başlaýarlar. Ýerli berberileriň görkezýän garşylyklaryna garamazdan, arap goşunlaryna Tunisiň içki etraplaryna aralaşmak başardýar. Soňky 30 ýylyň dowamynda araplar Afrikanyň demirgazyk kenarlaryny doly eýeläp, 710-njy ýylda Ispaniýa bilen Demirgazyk Afrikany bölýän bogaza ýetýärler. Arap goşunlarynyň serkerdesi Musa ibn Nusaýr 711-nji ýylda ispan kenaryna Tarik ibn Ziýad[1] atly serkerdäniň ýolbaşçylygynda 12 münlük goşun iberýär. Olar az wagtyň içinde Günorta Ispaniýanyň Esiha, Arçidona, Elwira, Kordowa we Westgot döwletiniň paýtagty Toledo şäherlerini eýeleýärler. Araplar bilen uruşda westgotlaryň koroly Roderiko öldürilýär.

712-nji ýylda omeýýalaryň Demirgazyk Afrikadaky goşunlarynyň baş serkerdesi we sebitiň dikmesi Abdylla al-Welid (halyf al-Welidiň (705-715) ogly) 18 müňlik goşmaça

[1] Kenarýaka daglar we bogaz *Jebel at-Tarik* (Tarigiň dagy) diýlip atlandyrylypdyr. Şonuň üçin hem Ortaýer deňzini we Atlantik ummanyny bölýän bogaz ispan dilinde *Gibraltar* görnüşinde beýan edilipdir.

goşunlar bilen Ispaniýa gelýär. Bu goşunlar şindi basylyp alynmadyk ýerler bilen hereket edip ýurduň paýtagty Toledo tarap hüjüm edipdirler. 713-nji ýylda bu goşunlar uzaga çeken gabawdan soň Sewilýany eýeleýärler we 714-nji ýyla çenli bütin Ispaniýanyň basklaryň ýurdundan galan ýerlerini eýeleýärler. 718-nji ýylda araplar Pireneýlerden geçip Akwitaniýa girýärler hem-de Narbonnany, Karkosonnuny we Nimi eýeleýärler. 732-nji ýyla çenli araplar Tura baryp ýetýärler. Ýöne, şol ýyl Puatýeniň eteginde frank patyşasy Karl Martellden agyr ýeňlişe sezewar bolýarlar. Şundan soň araplaryň öňe tarap hüjümleri togtadylýar. 759-njy ýylda araplar Narbonnany elden giderýärler.

Arap basybalyşlary gündogarda-da dowam etdirilýär. 670-676-njy ýyllarda Merkezi Aziýada Merw, Balh, Hyrat, Buhara, Paýkent we Samarkant eýelenýär. Ýöne entek bu basybalyşlar ygtybarly däldi. 692-693-nji ýyllarda araplar Kiçi Aziýa we Ermenistan taraplara hüjümleri güýçlendirýärler. 717-nji ýylda olar Konstantinopoly gury ýerden we suwdan gabaýarlar, ýöne bu kuwwatly şäheri eýelemek araplara başartmaýar. Şäheriň gabawunda araplaryň gämileriniň onlarçasy gark edilipdir, 100 müňe golaý söweşijiler bolsa öldürilýär. Şol ýyl araplar Günbatar Gruziýany eýeleýärler. Ermenistanyň we Azerbaýjanyň arap dikmeleri hazarlaryň we dagly halklaryň ýurduna yzygider ýörişleri geçirip durupdyrlar, ýöne olary boýun egdirmek başartmandyr.

Gündogarda halyflygyň daýanç merkezi Merw bolupdyr. Haçanda, 704-nji ýylda Horasanyň dikmesi edilip Kuteýba ibn Muslim bellenenden soň, onuň goşunlary Merkezi Aziýanyň esasy şäherlerini eýeläp, Syrderýadan geçýärler we Ferganany eýeleýärler. VIII asyryň 20-30-njy ýyllarynda Merkezi Aziýada basybalyjylara garşy gozgalaňlar bolupdyr. Bu gozgalaňlary basyp ýatyrmak bilen arap goşunlary 751-nji ýyla çenli Merkezi Aziýa yzygider ýörişleri geçirip durupdyrlar. 751-nji ýylda araplar Merkezi Aziýa hüjüm edýän

hytaý goşunlaryny hem Talasyň eteginde agyr ýeňlişe sezewar edýärler.

711-nji ýylda araplar Hindistana hem çozup girýärler we indusçylygyň dini merkezleriniň biri Multan şäherini eýeleýärler. Hind derýasynyň boýunda araplar birnäçe berkitmeleri gurupdyrlar we olaryň iň ulusy Mansur galasydy. Basybalyşlaryň netijesinde arap halyflygynyň düzümine Hindistandan tä Atlantik ummanyna çenli aralykda ägirt uly ýerler girizilipdir.

**Omeýýalar halyflygynyň syýasy gurluşy we dolandyryş ulgamy.** Omeýýalar döwründe dolandyryş dünýewi hem-de dini häkimiýetlere eýe bolan halyf tarapyndan amala aşyrylyp, onuň häkimiýeti nesilden-nesle geçipdir. Emma döwletiň düzümine ägirt uly ýerleriň girizilmegi dolandyryşy kynlaşdyrypdyr. Eger-de, ilkinji halyflaryň döwründe ýurt üç dikmelige bölünen bolsa, omeýýalaryň döwründe olaryň sany bäşe ýetipdir. Birinji dikmeligi Eýran, Yrak, Gündogar Arabystan, Horasan we Merkezi Aziýa emele getirip, Horasanyň we

Merkezi Aziýanyň öz aýratyn häkimleri – dikmeleri bolupdyr. Ikinji dikmelige – Hijaz, Ýemen we Merkezi Arabystan; üçünjä – Ermenistan, Azerbaýjan, Kiçi Aziýanyň gündogary; dördünjä - Müsir, Liwiýa, Tripoly; bäşinji dikmelige bolsa Günbatar Afrika we Ispaniýa degişli bolupdyr. Dikmeler emir diýlip atlandyrylyp, olar serkerdäniň hem-de dolandyryjynyň wezipelerini utgaşdyryp ýerine ýetiripdirler. Emirler halyf tarapyndan bellenilip, omeýýalar döwründe onuň iki sany orunbasary bolupdyr. Olaryň biri salgytlaryň ýygnalyşyna we maliýe ulgamyna, ikinjisi bolsa kazyýet işlerine jogap beripdir. Emirleri halyfyň hut özi belläpdir we islän pursaty aýryp bilipdir. Merkezi häkimiýet tarapyndan bellenilseler-de, emirler öz dolandyrýan ýerlerinde hakyky hökümdarlara öwrülipdirler.




Emirler bilen ylalaşmazdan halyf döwlet ähmiýetli möhüm meseleleri bir özi çözmändir. Aýratyn hem mirasdüşerlik meseleleri gozgalanda emirleriň pikiri hökman soralypdyr. Şeýlelikde, emirler omeýýalar halyflygynyň syýasy durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Elbetde, emirleriň häkimiýetiniň hetdenaşa güýçlenmegi halyflary çekindiripdir, şonuň üçin hem olary hemişe gözegçilikde saklamaga çalşypdyrlar.

Omeýýalardan öň döwlet edarasynda grekler, parslar we beýleki milletleriň wekilleri köp eken. Omeýýalar olary döwlet işinden çetleşdiripdirler we mümkin boldugyça dolandyryş edarasyna araplary köp çekipdirler. Şeýle ýagdaý arap diliniň döwlet edarasynyň ähli basgançaklarynda we milletara gepleşiginiň serişdesi hökmünde ulanmak zerurlygy bilen delillendirilipdir.

VII asyryň 60-njy ýyllaryna çenli halyflykda grek we sasany teňňeleri ulanylypdyr. Omeýýalar arap teňňelerini zikgelemäge başlapdyrlar, munuň üçin Damaskda altyn dinarlary we kümüş dirhemleri dolanyşyga goýberýän zikgehanalar gurlup, halyflygyň ähli ýerinde ýeke-täk bütewi pul ulgamy girizilipdir. Dikmelikleriň merkezi şäherlerinde diňe kümüş teňňeler zikgelenilipdir.

Döwleti netijeli dolandyrmak we halyflygyň ähli ýerlerini paýtagt bilen ykjam baglanyşdyrmak maksady bilen sasanylar döwründäki aragatnaşyk (poçta) gullugy dikeldilýär. Aragatnaşyk gullugynyň hyzmatyndan hatda aýry-aýry adamlar hem peýdalanyp bilipdirler.

Araplaryň ýörişleri diňe bir köp mukdardaky goşunlaryň jemlenilmegini talap etmän, eýsem goşuny tertibe salmaklygy, onuň üpjünçiliginiň gowylandyrylmagyny hem talap edipdir. Ilkinji basybalyşlar döwründe taýpalaryň nöker goşunlary uly işleri bitiripdirler, ýöne indi taýpa nöker goşunlary döwrüň ösen isleglerini ödäp bilmeýärdi. Täze goşunlary düzmeklik, olary zerur zatlar bilen üpjün etmeklik Muawiýanyň döwründe başlaýar. Ol serkerdeler tarapyndan dolandyrylýan harby sebitleri döredipdir. Omeýýalaryň goşunynda zimmilerden[1] düzülen aýratyn goşun bölümleriniň uly ähmiýeti bolupdyr. Muawiýanyň döwründe polisiýa gullugy hem döredilýär. Omeýýalaryň döwründe gurluşyk işlerine şeýle uly ähmiýet

---

[1] Boýun egdirilen halklaryň Yslamy kabul etmedik we araplar bilen janyna we emlägine el degrilmezligi barada şertnama baglaşan adamlary «*zimmi*» diýip atlandyrypdyrlar.

berilmändir, ýöne muňa garamazdan, bu döwürde-de metjitler, hassahanalar, suw çüwdürimleri, serhowuzlar, kerwensaraýlar gurlupdyr. Yrakda Tigr bilen Ýewfratyň arasyny birleşdirýän emeli akaba dikeldilip, onuň boýunda Wasit (Aralyk) şäheri gurlupdyr. Şäher Kufa, Basra we Ahwaz şäherleriniň her birinden deň aralykda ýerleşipdir. VIII asyryň başlarynda arap dilinde okadylýan ilkinji mekdepler hem gurlup başlapdyr. Mekdeplerde esasy okuw kitaby Kuran bolup, ondan çagalar arap dilini öwrenipdirler.

**Omeýýalar halyflygynda ýer eýeçiligi we salgyt ulgamy.** Edil öňki döwürlerdäki ýaly, Omeýýalar halyflygynda hem ähli ýerler döwletiň elinde bolupdyr. Halyfyň döwletiň ähli ekerançylyk ýerlerine salgyt salmaga we döwlet ýerlerinden öz islän adamsyna ýer bölüp bermäge aýratyn hukugy saklanyp galypdyr. Omeýýalar döwründe eýeçiligiň esasy görnüşi mülk hasaplanylýardy. Mülkdarlar öz ýerlerine erkin eýeçilik edip bilýärdiler. Mülk ýerlerini satyp, sowgat berip we nesilden-nesle geçirip hem bolýardy. Bu ýerler garaşly daýhanlar bolan ýarpaçylar tarapyndan işlenilip bejerilýärdi. Daýhanlaryň jemagat ýerleri hem saklanyp galýardy. *Sawafy* diýlip atlandyrylan döwlet ýerleri hem ýarpaçylar tarapyndan işlenilip bejerilýärdi, alynýan girdeji bolsa dolulygyna döwlet hazynasyna geçirilýärdi. Döwlet ýerlerinden halyflar gullukçylara (harby we raýat) ikta ýerlerini bölüp berip bilýärdiler we ondan ýeriň eýesi hökmünde salgydyň bir bölegini alýardylar.

Omeýýalar döwletiň maliýe ulgamyna aýratyn ähmiýet beripdirler, sebäbi ýörişler köp çykdajylary talap edýärdi. Halyflykda öňden dowam edip gelýän salgytlaryň ähli görnüşleri saklanyp galypdyr. Ýöne, salgyt ulgamynda käbir üýtgeşmeler hem geçirilipdir. Jan başyna salynýan jyza salgydyny diňe musulman däller tölän bolsalar, indi ýer salgydy bolan *hüşüri* musulmanlar, *hyrajy* bolsa musulman däller töläp başladylar. Başda salgytlaryň mukdary sasanylar

we wizantiýa döwründäkiden has az bolupdyr, bu bolsa daýhanlaryň elinde artykmaç önümiň jemlenmegine hem getiripdir. Emma tiz wagtdan omeýýalar salgyt salmagyň düzgünlerini üýtgedip başlaýarlar. Indi salgytlar ekerançylyk ýerleriniň hasyllylygyna, daýhanlaryň önüm öndürijilik ukybyna we olaryň girdejilerine görä salnyp başlaýar.

Halyf Abdylmäligiň döwründe ekerançylyk ýerleriniň we salgyt töleýjileriň sanynyň hasabaty geçirilipdir. Daýhanlara öz ýerlerini taşlap gitmeklik gadagan edilýär. Halyfyň salgytçylary ýerlerde bolmak bilen, degişli ýylda haýsy welaýatyň näçeräk mukdarda salgyt töläp biljekdigini, ilatyň näçeräk azyk önümlerini, geýim-gejim, aýakgap sarp etjekdigini kesgitleýärdiler we şoňa görä-de salgyt salynýardy.

Salgytçylar diňe bir ekerançylyk ýerleriniň umumy mukdaryny kesgitlemän, eýsem ýeriň hilini we ekilýän ekinleriň görnüşini hem hasaba alypdyrlar. Mysal üçin, ekerançylyk ýeri şähere golaý ýerleşýän bolsa, onda üzümiň her müň düýbünden bir dinar, eger-de uzakda ýerleşýän bolsa, onda her iki müň düýpden bir dinar salgyt alypdyrlar.

Taryhy çeşmelerde döwletiň hazynasyna haýsy welaýatdan näçeräk mukdarda salgyt gelendigini görkezýän maglumatlar hem saklanyp galypdyr. Meselem, Iordan welaýatyndan 180 mün dinar, Damask welaýatyndan – 400 müň, Homsdan we Kinnesrinden etraplary bilen bileleikde 800 müň dinar girdeji gelipdir.

Basybalyşlaryň dowam edýän döwründe jyza salgydyndan musulmançylygy kabul edenler boşadylan bolsa, 700-nji ýylda omeýýalar bu düzgüni ýatyrýarlar we indi jyzany arap däl musulmanlar hem tölemeli edilýär. Bu üýtgeşmeler halkyň içinde uly nägilelikleri döredipdir we halyf Omar II (717-720) köne salgyt düzgünini dikeltmäge mejbur bolýar. Emma bu ýagdaý uzak dowam etmändir we onuň mirasdüşerleriniň döwründe arap däl musulmanlardan jyza salgydy ýene-de alnyp başlaýar. Bu bolsa ägirt uly döwletiň

dürli ýerlerinde halk çykyşlarynyň başlanmagyna, aýry-aýry ýerleriň bölünip aýrylmagyna, şunuň netijesinde bolsa merkezi häkimiýetiň gowşamagyna getirýär. VIII asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap omeýýalaryň döwletinde häkimiýet ugrunda göreşler we özara uruşlar hem güýjeýär. Welaýatlaryň emirleri öz girdejilerini artdyrmaga, merkezi häkimiýetden özbaşdak bolmaga çalşypdyrlar.

**Halk hereketleri we Abbasylar halyflygynyň esaslandyrylmagy.** Salgytlaryň artmagy, eden-etdilikleriň güýçlenmegi ýurduň dürli sebitlerinde gozgalaňlaryň turmagyna sebäp bolýar. Halk gozgalaňlaryna daýhanlar, çarwa beduinler, senetçiler, ownuk söwdagärler we ýönekeý esgerler gatnaşýardylar. 685-nji ýylda Kufada şygalaryň gozgalaňy bolup oňa araplaram, parslaram, senetçilerem, şäher garyplaram gatnaşypdyrlar. Gozgalaňa ýerli ownuk begzada Muhtar ýolbaşçylyk edipdir. Ol soňra bütin Yraga diýen ýaly hökümdarlyk edýär. Emma 687-nji ýylda ol halyf goşunlaryndan ýeňlip öldürilýär.

Şygalaryň gozgalaňlary bilen bir hatarda Parsda, Kermanda we Horasanda haryjylaryň çykyşlary hem bolup geçýär. Haryjylaryň gozgalaňlary Merkezi Arabystana hem ýaýraýar. 687-nji ýylda haryjylar Medaini (öňki Ktesifon) we Reýi eýeläpdirler, Yspyhany bolsa gabawa salýarlar. Emma omeýýalaryň goşunlary haryjylary birnäçe gezek agyr ýeňlişe sezewar edipdir.

Gozgalaňlar VIII assyrda-da dowam edipdir. 739-njy ýylda Demirgazyk Afrikada berberileriň gozgalaňy bolup geçýär. Wagtyň geçmegi bilen dürli gozgalaňlar birleşip, olar bütin Demirgazyk Afrikany öz içine alan hakyky uruşlara öwrülýärler. 740-njy ýylda Demirgazyk Afrikanyň dikmesi tarapyndan Sisiliýa ýöriş gurnalýar. Goşunlaryň köp böleginiň ýörişe gitmeginden peýdalanyp berberiler täzeden gozgalaňa başlaýarlar. Bu gozgalaňlar Tanžerden tä Tlemsene çenli aralygy öz içine alypdyr. Häkimiýetler Sisiliýa ugradylan goşunlary yzyna dolap getirýärler we gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Siriýadan we Müsürden goşmaça 30-müňlük goşun ugradýarlar. Gozgalaňçylar gowşak ýaraglandyrylypdyr, şol sebäpden hem 742-nji ýylda olar halyf goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär.


XIII asyrda araplar tarapyndan ulanylan ot açýan ýaraglaryň mysaly nusgalary

Omeýýalara garşy has uly gozgalaň Merkezi Aziýada başlaýar. Araplar Horasany we Mawerennahry eýelemek bilen bu ýerlere emir edip öz adamlaryny goýýardylar, ýerli han-begler bolsa ýurdy dolandyrmak işlerinden çetde galýardylar. Bu ýagdaý basylyp alnan ýerlerde araplara – omeýýalara garşy

halkyň närazylygyny güýçlendiripdir. VIII asyrda Arap halyflygynyň öz içinde hem häkimiýet ugrunda göreşler ýaýbaňlanypdyr. Omeýýalaryň häkimiýetine Muhammet Pygamberiň agasy Abbasyň nesilleri garşy çykypdyrlar, şonuň üçin hem olary abbasylar diýip atlandyrypdyrlar. Başda abbasylar Alyny goldapdyrlar, ýöne soň omeýýalaryň tarapyna geçýärler. Wagtyň geçmegi bilen abbasylar köp baýlyk toplapdyrlar, tarapdarlarynyň sanyny artdyrypdrlar. Olar Alynyň nesilleri bilen hem ylalaşmagy başarypdyrlar.

Abbasylar halkyň närazyçylygyndan peýdalanmak üçin Merkezi Aziýa we onuň bilen goňşy ýurtlarda omeýýalara garşy wagyz-nesihaty güýçlendirýärler. Aýratyn hem Horasanda abbasylaryň tarapdary köp bolupdyr. Horasanda halk çykyşlarynyň esasy şygary häkimiýetiň «Pygamberiň nesillerine gaýtarylyp» berilmegi baradaky talaplar bilen utgaşyp gidýärdi. Abbasylar Pygamberiň urugyndan bolandyklary üçin halyfyň häkimiýetiniň özleriniňki bolmalydygyny aýdypdyrlar. Öz döwrüniň görnükli diplomaty Abu Muslim (takm. 727-755) abbasylaryň adyndan hereket etmek üçin 747-nji ýylda Horasana gelipdir. Ol Horasanyň içki ýagdaýyny öwrenip, aýgytly herekete geçmek gerek diýen netijä gelýär. Abu Muslim Merwiň etegindäki obalaryň birinde ýerleşip omeýýalara garşy goşun ýygnapdyr. Netijede, 747-nji ýylyň 9-njy iýunynda Merwde omeýýalara garşy halk gozgalaňlary başlaýar.

Merwde abbasylaryň tarapdarlary öz geýimlerini gara reňke boýapdyrlar we soňra gara reňk olaryň baýdagynyň reňkine öwrülýär. Abu Muslim närazy halky öz tarapyna çekmek üçin salgytlaryň we borçlaryň möçberini kemeltmegi, dolandyryş işine ýerli han-begleri çekmegi wada edipdir. Ähli güýçlerini jemläp Abu Muslim aýgytly herekete geçipdir we omeýýalaryň Merwdäki dikmesi şäheri taşlap gitmäge mejbur bolýar. Dikme tarapdarlary bilen Nişapura çekilýär, emma gozgalaňçylaryň goşunlary olaryň yzyndan ýetýär. Halyfyň

goşunlaryna Yrakdan kömek gijä galyp gelipdir we omeýýa dikmesiniň we halyfyň birleşen goşunlary 748-nji ýylda gozgalaňçylardan agyr ýeňlişe sezewar bolýarlar. Gozgalaňçylaryň gowy ýaraglandyrylan 100-müňlük goşuny Horasany eýeläp günbatara tarap üstünlikli hüjüm edýär. Gozgalaňçylar Yspyhany, Nehawendi eýeläp Huzistana çozup girýärler we tiz wagtdan Kufanyň eteginde peýda bolup şäheri söweşsiz eýeleýärler. 750-nji ýylda halyf Merwan II (744-750) baştutanlygyndaky goşunlar hem gozgalaňçylar tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Halyf Siriýa gaçypdyr. Gozgalaňçylar Damasky ýeleýärler. Halyf Müsüre gaçýar, ýöne 750-nji ýylda ele salnyp öldürilýär. Omeýýalaryň häkimiýeti agdarylýar. Şindi 749-njy ýylyň 28-nji noýabrynda abbasylaryň ýaşulusy Abul Abbas Saffah halyf diýip yglan edilýär. Şeýlelikde, halk hereketleriniň netijesinde halyflykda häkimiýet başyna Abbasylar (750-1258) nesilşalygy gelýär.

## § 4. Afrika III-VII asyrlarda

**Afrikan jemgyýeti orta asyrlaryň başlarynda.** Afrikanyň Sahara çölünden günortada ýaşaýan halklary taryhy ösüşde uzaga çeken we özboluşly ösüş ýoluny geçdiler. Bu sebitleriň ösüşi birmeňzeş bolmandyr. Haçan-da, Afrikanyň halklarynyň birlerinde orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe döwletler dörän bolsa, başga birleri urug gurluşynda ýaşapdyrlar. Tropiki we Günorta Afrikanyň halklarynyň esasy köpçüligi ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Diňe käbir çarwa halklary - Günorta Saharanyň berberileri we tuaregler, fulbe (Günbatara Afrika), masai, galla (Gündogar Afrika) taýpalary maldarçylyk bilen güzeran aýlapdyrlar.

Sebitiň tebigy şertleri, esasan hem topragyň ýagdaýy, diňe bir ekinleriň saýlanylyp alynmagyna täsir etmän, eýsem ekerançylykda ulanylýan zähmet gurallarynyň peýda bolmagyna-da öz täsirini ýetiripdir. Tropiki Afrikanyň topragynyň esasy aýratynlygy, onuň önüm berýän gatlagynyň

ýuka bolmagydyr. Şonuň üçin hem ýeri çuň sürüp bolmandyr, sebäbi çuň sürüm ekin bitýän gatlagyň gömülmegine we şonuň netijesinde hasylsyzlyga getiripdir. Maldarçylygyň giň ýaýramazlygy ekerançylykda organiki dökünleriň ulanylmagyny çäklendiripdir, ýöne afrikalylar dökün hökminde küli we çüýrüntgileri ulanmagy başarypdyrlar.

Afrikada dänelik ekinlerinden dary, arpa, şaly, nohut; ýagly ösümliklerden arahis, künji we kokos palmasy; tehniki ekinlerden gowaça, indigo, şekerçiňrigi ýaly ekinler köpçülikleýin ekilipdir. Sebitde gök we bakja ekinleriniň hem dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilipdir. Afrikanyň ähli ýerlerinde jemagatçy daýhan esasy önüm öndüriji bolupdyr. Özi hem sebitiň hiç bir ýerinde ekerançylyk ýeri, ony işläp bejerýäniň elinden alynmandyr. Ol ýa-da beýleki döwletler basylyp alnanda ýa-da halklar, taýpalar boýun egdirilende, ýer eýelerinden paç we salgyt almak bilen çäklenipdirler.

Jemgyýetçilik önümçiliginde senetçilik hem möhüm orna eýe bolupdyr. Her oba jemagatynyň öz senetçileri bolup, olar demirçilik, külalçylyk, deri işläp bejermek, mata dokamaklyk bilen meşgullanypdyrlar we kämil senetçilik önümlerini öndürmegi başarypdyrlar.

**Demirgazyk-Gündogar Afrika irki orta asyrlarda. Aksum.** Demirgazyk-Gündogar Afrikada dörän döwletler müsur we arap medeniýetleriniň täsiri bilen ýüze çykýar. Takmynan b. e. II-III asyrlarynda Aksumyň (häzirki Efiopiýanyň gündogarynda ýerleşipdir) ykdysady we syýasy täsiri güýçlenipdir. Aksum döwleti irki orta asyr döwleti bolup, onuň düzümine birnäçe ownukly-irili taýpalar giripdir. Şolaryň iň esasylarynyň biri-de, aksumlylar bolupdyr. Aksumlylaryň arasynda ýere tutuş jemagat bolup eýeçilik etmek giň ýaýrapdyr. Jemagatyň ähli agzalary birek-biregiň hereketi üçin jpgap bermeli bolupdyrlar.

Jemagat eýeçiliginden başga-da, Aksumda «köşk ýerleri» diýlip atlandyrylan döwlet eýeçiligindäki aýratyn ýerler, şeýle

hem Aksumyň patyşalarynyň we köşk begzadalarynyň hususy ýeleri bolupdyr. Giçkiräk döwürde ybadathana, hususanda, hristian buthanalaryna degişli ýerler hem peýda bolýar. Aksumdaky ýerleriň ähli görnüşleri jemagatçy daýhanlar tarapyndan işlenilip bejerilip, olar döwlete ekerançylyk we senetçilik önümlerini salgyt hökmünde töläpdirler, gurluşyk işlerine gatnaşypdyrlar. Suwaryş desgalary Müsürdäki ýaly derejelere ýetmändir, ýöne, Aksumyň häzirki wagta çenli saklanyp galan köne suwaryş desgalarynyň, köşkleriniň we ybadathanalarynyň galyndylary bu ýerde siwilizasiýanyň ýokary derejelere ýetendigine güwä geçýär.

Aksumyň esasy döwlet girdejileri jemagatçy daýhanlardan, ýagny aksumlylardan ýygnalýan salgytlar däl-de, boýun egdirilen halklardan we taýpalardan gelýän paç we goňşy halklara garşy guralýan ýörişler döwründe alynýan oljalar düzüpdir. Şonuň üçin hem paç ýygnamaklyk we olja almaklyk aksumly begzdalaryň esasy eklenç çeşmesi bolupdyr.

Aksum üçin natural hojalyk häsiýetli bolupdyr, ýagny jemagat üçin zerur bolan önümleriň ähli görnüşleri ol ýa-da beýleki bir jemagatyň öz içinde öndürilipdir. Aksum daşary ýurtlar bilen gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny hem alyp barypdyr. Halkara bazaryna bu ýerlerden şirmaýy, gymmatbaha şah, gön, dürli jandarlar we gullar ugradylypdyr. Daşarky bazardan bolsa matalar, geýim-gejim, aýna gaplar, gymmat baha metallardan edilen zynat harytlary, demir, hoşboý ysly otlar, şeker we bäşgalar getirilipdir. III asyrdan başlap Aksum altyn, kümüş we mis teňňelerini hem zikgeläp başlaýar. Munuň özi Aksumyň diňe bir ykdysady kuwwatyndan däl, eýsem onuň syýasy täsirinden hem habar beripdir. Sebäbi şol döwürde altyn teňňeleri dünýäniň iň kuwwatly döwletleri dolanyşyga goýberip bilýärdiler.

Irki orta asyrlarda Aksumyň harby-syýasy we ykdysady kuwwatynyň bolmagy oňa köp ýerleri eýelemäge we eýelenilen ýerlerden paç almaga mümkinçilik beripdir. Aksumyň

hökümdarlary Arabystana ýörişleri geçirip Gyzyl deňziniň iki kenarynda hem öz agalygyny ýola goýupdyrlar. Mundan başga-da, Aksum Nubiýa we Müsüriň serhetýaka welaýatlaryna hem uly üns beripdir. Daşary syýasatda Aksumyň esasy ýarany ilki Rim, soňra bolsa Wizantiýa imperiýasy bolupdyr. Ezeniň dolandyran döwri bolan IV asyryň birinji ýarymynda Aksum has hem kuwwatlanypdyr. Ezeniň «*neguse-negest*», ýagny şalar-şasy unwanyny götermegi Aksumyň hakyktdan hem güýçli döwlet bolandygyna şaýatlyk edýär. IV asyrda Aksumda hristiançylyk hem kabul edilýär. Öňler aksumlylar köphudaýlylyga uýýar ekenler. Hristiançylygyň kabul edilmegi ýurdy Wizantiýa bilen has-da ykjam baglanyşdyrypdyr. Sebäbi hristiançylyk Wizantiýanyň üsti bilen ýaýrapdyr.

V-VI asyrlarda Aksum güýçli döwlet bolup galmagyny dowam etdiripdir. Emma soňra Wizantiýa bilen Sasanylar döwletleriniň özara bäsleşigi Aksumyň Günorta Arabystandaky ornuny gowşadýar. Aksum özüniň deňiz aňyrsyndaky mülklerinden mahrum bolýar, halkara söwda ýollaryna gözegçilik etmegini bes edýär, bu bolsa ýurdy ykdysady artykmaçlykdan mahrum edýär. Daşary syýasy kynçylyklaryň üstüne içerki näsazlyklar hem goşulýar: merkezi häkimiýetiň gowşamagy netijesinde gyrak-çetlerdäki welaýatlar özbaşdaklyga eýe bolýarlar. Aksum özbaşdak döwlet hökmünde ähmiýetini ýitirýär, ýöne onuň paýtagty medeni we taryhy merkez hökmünde ýaşamagyny dowam etdirýär. Giçki döwürlerde, haçan-da, ýurduň syýasy merkezi has günorta süýşende, Aksum hökümdarlaryň uly dabara bilen patyşalyga göterilýän ýerine öwrülipdir.

**Nubiýa.** Häzirki Sudanda Ak we Gök Niliň birleşýän, gadymy grekleriň we rimlileriň Nubiýa, müsürlileriň Kuş diýip atlandyran ýerinde ir döwürlerde ekerançylyk siwilizasiýasy peýda bolýar. V-VII asyrlarda bu ýerde birnäçe özbaşdak döwletler hem ýüze çykýar. Gürrüňi edilýän ýerlere Wizantiýanyň üsti bilen hristiançylyk hem ýaýrap başlaýar.

Nubiýanyň demirgazyk goňşusy bolan Müsür 618-628-nji ýyllarda sasanylar, soňra bolsa araplar tarapyndan basylyp alynýar. Emma Nubiýadaky hristian döwleti bolan Mukurra araplar bilen uruşlarda öz garaşsyzlygyny saklamak başardýar. Ýöne 642-nji ýylyň şertnamasy boýunça araplar Mukurrany birnäçe borçlary ýerine ýetirmäge mejbur edýärler. Araplar hem öz gezeginde Nubiýa bugdaý, arpa, geýim-gejim we halylary iberip durupdyrlar.

VII asyrdan başlap Nubiýanyň demirgazyk welaýatlaryna araplar göçüp gelip ugrapdyrlar. Içeri we daşary daşary söwda kese ýerlileriň, öňi bilen hem arap täjirleriniň eline geçýär. Nubiýadaky döwletlerden altyn, şirmaýy, gymmat bahaly şahlary, ýabany haýwanlary we olaryň derisini, gullary, gymmat baha agaçlary, dermanlyk otlary we şepbik äkidipdirler. Bulardan başga-da, ekerançylyk we maldarçylyk önümleri bolan pagta, däne, atlar we düýeler hem daşary bazarlara köpçülikleýin çykarylypdyr. Arap ýurtlaryndan Nubiýa esasan senetçilik önümleri getirilipdir. Söwdada töleg birligi hökmünde metal bölekleri we matalar giňden ulanylypdyr.

IX asyryň başlarynda Mukurra öz gündogar goňşusy Aksum bilen urşa başlaýar. Ýurduň demirgazygyndaky iň gowy ýerleri arap täjirleri we süýthorlary eýeleýärler. 833-nji ýylda halyf al-Mutasim 642-nji ýylyň şertnamasyndan bäri geçen döwrüň içinde haýsy ýyllarda gullar iberilmedik bolsa, onuň ýerine ýetirilmegini talap edipdir we Müsüre gidýän ýollary ýapypdyr. Mukurranyň hökümdarynyň 836-njy ýylda Bagdada iberen ilçiler topary bergileriň geçilmegini gazanypdyr, emma bu zatlar Mukurrany ykdysady we syýasy çökgünlikden halas edip bilmändir. Üstesine-de, araplar Nubiýada has hem berk ornaşypdyrlar.

## §5. Hytaý irki orta asyrlarda (III-VII asyrlar)

**III asyrda Hytaý jemgyýetiniň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Adamzat taryhynda orta asyrlar döwrüniň başlanan ýeri Hytaý[2] hasaplanylýar. Alymlar bu döwrüň biziň eýýamymyzyň II-III asyrlarynyň sepgidinde başlaýandygyny belleýärler. Emma hytaýly taryhçylar orta asyrlar döwrüniň ýüze çykan wagtyny b.e öňki XI-IV asyrlara çenli aňryk süýşürýärler. Orta asyrlar baradaky şeýle garaýyşlaryň bardygyna garamazdan, Hytaý hakykatdan hem orta asyr gatnaşyklarynyň ilki ýüze çykan ýurdudyr.

Hytaýda orta asyrlar döwri Han imperiýasy (b.e.öňki III - b.e. III) dargandan soň başlaýar. Han imperiýasy Huanhe, Huaýhe we Ýanszy derýalarynyň jülgesinde, şeýle hem häzirki Syçuan we Şandun welaýatlarynyň çäginde ýerleşip, şol wagtlar ýurtda 50 million ilat ýaşapdyr. Ýurduň gür ilatly ýerleri gadymy paýtagtlar Çananyň (Sian) we Loýanyň töwreginde ýerleşipdir. Emma 184-nji ýylda basylyp ýatyrylan «Sary daňylylaryň» gozgalaňy ýurduň ösüşine iňňän agyr täsir edipdir. Uly imperiýa ýykylypdyr we Hytaýda uzaga çeken çuňňur durmuş-ykdysady we syýasy çökgünlik başlaýar. «Sary daňylylaryň» gozgalaňyny basyp ýatyrmaga gatnaşan hökümet goşunlarynyň serkerdeleri indi özara uruşlara başlaýarlar. 189-njy ýylda paýtagt şäher Loýan eýelenilýär. Özara uruşlar netijesinde öňki uly imperiýanyň ýerleri üç sany serkerde tarapyndan paýlaşylýar. Netijede, Hytaýyň taryhynda üç patyşalyk döwri başlaýar.

Hytayyň demirgazygynda hereket edýän serkerdeleriň biri Sao Sao Wey patyşalygyny, beýleki bir serkerde günorta-

---

[2] Hytaýlylar öz ýurduny «*Jungo*» («Älemiň merkezindäki [döwlet]») ýa-da «*Týansýa*» («Taňrynyň huzuryndaky [döwlet]»), milletlerini bolsa han diýip atlandyrýarlar. Türkmenler, türki halkalary, ruslar bu ýurdy «Hytaý» (Kitaý), araplar we parslar «Çyn-Maçyn» («Çin-Beýik çin »), ýewropalylar bolsa «Çina» diýip atlandyrýarlar.

gündogarda U döwletini, ýene biri bolsa günbatarda (Syçuanda) Şu döwletini esaslandyrýar. Sao Sao Hytaýy birleşdirmäge girişýär we III asyryň ahyryna çenli U we Şu döwletleriniň ýerleri hem basylyp alynýar we Sao Saonyň esaslandyran Szin imperiýasynyň düzümine girizilýär. 265-njy ýylda weýli serkerde Syma Ýan Sao Saonyň neslinden bolan patyşany agdarýar we Szin döwletiniň (265-419) düýbüni tutýar.

Ýurdy tozgunçylykly ýagdaýdan çykarmak üçin Syma Ýan 280-nji ýylda oba hojalyk pudagy babatynda ýörite perman çykarýar. Sebäbi uzak wagtlap dowam eden uruşlar ýurduň ykdysady kuwwatyny tozdurypdy. Welaýatlardaky, etraplardaky ekerançylyk ýerleri taryhy çeşmelerde «güýçli hojalyklar» diýlip atlandyrylan täsirli nebereler eýeläpdiler. Kabul edilen permana görä, her bir zähmete ukyply adama döwlet tarapyndan ýer paýy berilmeli we şol ýerden döwletiň peýdasyna kesgitli salgyt alynmaly edilipdir. Her bir 16-60 ýaş aralygyndaky erkek ýa-da aýal adama doly ýer paýy berilmeli edilipdir. Olar salgyt töleýän birlikler hasap edilip, olar «*din*» diýlip atlandyrylypdyrlar. Ýer paýyndan alynýan hasylyň bir bölegi ýeriň eýesine, beýleki bölegi bolsa hazyna geçirilipdir.

Perman boýunça 13-15 we 61-65 ýaş aralygyndaky adamlara ýarym ýer paýy berlipdir. Çagalara we garrylara ýer berilmändir, olara salgyt salynmandyr. Doly ýer alan daýhanlar hasylyň 40% (2/5) salgyt hökmünde töläpdirler. Mundan başga-da, eger-de, hojalyga erkek adam ýolbaşçylyk edýän bolsa, üç top ýüpek mata we üç top mata çykjak ýüpek süýmüni tabşyrmaly bolupdyr. Eger-de, hojalyga aýal, ýetginjek ýa-da garry ýolbaşçylyk edýän bolsa, onda salgydy ýarpa çenli azaltmak göz öňünde tutulypdyr. Şeýle hem salgyt tölemäge degişli edilen adamlar ýylda 30 gün döwlet işlerinde (ýollary, köprileri, suwaryş, goranyş desgalaryny gurmakda we başgalar) işlemäge borçly edilipdir. Bu çäreler ilat üçin ýeňillikli çäreler bolupdyr. Ol ýurduň ösüşine gowy täsir eder diýen niýet bilen geçirmeli edilipdir. Syma Ýanyn 280-nji

ýyldaky ýer özgertmesiniň nähili amala aşyrylandygy belli däl, ýöne ol Hytaýyň soňraky ösüine oňyn täsir edipdir.

Öz tarapyna gurply we bilimli adamlary çekmek üçin Szin imperatorlary[1] olara özlerinin eyeleýän derejelerine görä sylag ýerlerini, şol ýerlerde işlär ýaly ýarym garaşsyz daýhanlary, ýarym gullary we gullary beripdirler. Häkimýetler hususy ýerlere eýeçilik edýän adamlaryň sanyny azaltmaga çalşypdyrlar. Şonuň üçin hem ýokary derejeli emeldarlaryň mülklerindäki daýhan hojalyklarynyň sany 50-den köp bolmaly däl diýlip yglan edilipdir.

Elbet-de, bu çäreler iri ýer eýeleriniň mülklerine howp salmandyr, ýöne olardan köp mukdardaky daýhanlaryň aýrylyp gitmegine getiripdir. Daýhanlaryň döwlet ýerlerine gitmegi «güýçli hojalyklaryň» güýjüni gaçyrypdyr. Netijede, Hytaýda jemgyýetiň ösüşi ykdysadyýetde iki eýeçiligiň: döwlet we hususy eýeçiligiň arasyndaky garşylyklar esasynda dowam edipdir. Bu garşylyklar özara uruşlara getiripdir. Sebäbi uly emeldarlar ýerlerini giňeldip, şol ýerlerde bolsa daýhanlary köpçülikleýin berkidip başlapdyrlar. Nägile daýhanlar gozgalaň turzupdyrlar, «güýçli hojalyklaryň» mülklerini ýakypdyrlar. 289-njy ýylda Syma Ýanyň ölmegi bilen tagt ugrundaky uruşlar hem başlaýar. Bu uruşlara demirgazykly çarwalar - sýanbiler, uhuanlar we hun atlylary hem goşulyşypdyrlar.

**Gündogar Aziýadaky çarwa taýpalary we olaryň Hytaý bilen gatnaşyklary.** III-VI asyrlarda Gündogar Aziýada (Hytaýdan Demirgazykda) hunlar, sýanbiler we uhuanlar ýaly birnäçe çarwa halklary ýaşapdyrlar. IV asyryň ahyrlarynda olar Hytaýyň içine aralaşyp başlapdyrlar. Sebäbi olaryň serdarlary Hytaý imperatorlary bilen ýakyn aragatnaşyk saklamaga çalşypdyrlar. Kähalatlarda olar Hytaýdaky özara uruşýan toparlaryň ol ýa-da beýleki birlerini goldapdyrlar. Soňa baka çarwalar hytaý tagtyna hem dalaş edip ugrapdyrlar.

---

[1]Hytaýda imperatorlary «*huandi*» diýip atlandyrýardylar.

IV asyryň başlarynda hun atly goşuny Hytaýyň merkezi etraplaryny eýeläp başlaýarlar. 311-nji ýylda olar Loýany, 316-da Çanany (Sian) basyp alýarlar. Hunlaryň yzyndan beýleki ownuk çarwa taýpalary hem herekete gelip başlaýarlar. Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda ýaşaýan sýanbiler hem iri taýpalaryň biri bolupdyrlar. Olar iki bölege: muýunlara we tobalara bölünýärdiler. Muýunlar Günorta Mançžuriýada, tobalar bolsa Içerki Mongoliýada ýaşapdyrlar. Muýun taýpalary Hebeý welaýatyny eýeläp, Ýan patyşalygyny döredýärler.

Hytaýyň günbatarynda, häzirki Tibetiň ýerinde ýaşan taýpalar hem Gansu we Şensi welaýatlaryny eýeläp, Sin döwletini döredipdirler. Ýöne 383-nji ýylda hytaýlylara tibetli çarwalary ýeňmek başardýar we Sin döwleti ýykylýar.

IV asyryň ahyrlarynda Hytaýyň bütin demirgazygyny toba taýpalary basyp alýarlar. Olaryň serdary Toba Guý imperator diýlip yglan edilýär. Toba Guýuň agtygy Hytaýyň demirgazygynda Demirgazyk Weý (386-535) nesilşalygynyň düýbüni tutýar. Şeýlelikde, çarwalaryň Demirgazyk Hytaýy eýelemekleri bilen ýurtda syýasy dagynyklyk döreýär.

**III-VI asyrlarda Hytaýdaky irki orta asyr döwletleri.** Hytaýda çarwalaryň höküm süren zamany Hytaý taryhynda Günorta we Demirgazyk nesilşalyklaryň döwri diýlip atlandyrylýar. Bütin Demirgazyk Hytaý çarwa taýpalar tarapyndan eýelenenden soň, köp mukdardaky ýerli ilat günorta göçýär, uly ýurt tozgunçylyga sezewar bolýar. Göçüp gelen ilat günortada boş ýatan ýerleri özleşdirip başlaýarlar. Emma günortada-da ýagdaý gowy bolmandyr. Sebäbi merkezi häkimiýet gowşak bolansoň, bu ýerde «güýçli hojalyklar» hojaýynçylyk edipdirler.

Hytaýly emeldarlar köşk adamlary emele gelen ýagdaýdan çykalga gözläpdirler. Loýan şäheri çarwalar tarapyndan eýelenenden soň, 317-nji ýylda köşk adamlary Szýan (häzirki Nankiniň töwereginde) şäherinde ýygnanyp, Syma Ýanyň neslinden bolan birini imperator diýip yglan edýärler. Täze

nesilşalyk Gündogar Szin ady bilen 317-419 ýyllarda hokum sürüpdir. Ýöne bu nesilşalygyň häkimiýeti hem gowşak bolupdyr. Täze döwleti döredenleriň asly demirgazykly bolansoň, olar ýerliler (günortalylar) bilen oňuşmandyrlar we ýurtda ýene-de özara uruşlar başlaýar.

IV asyryň ahyrlarynda – V asyryň başlarynda Gündogar Szin döwletinde Sun Eniň we Lu Sýunyň ýolbaşçylygynda daýhanlar gozgalaňlary hem bolup geçýär. Bu gozgalaňy basyp ýatyrmaga gatnaşan serkerdeleriň biri Lýu Ýuý ýurtdaky häkimiýeti eýeleýär we ol Sin nesilşalygynyň (420-478) düýbüni tutýar. Şu döwürde häkimiýetler tarapyndan käbir işler hem amala aşyrylýar; döwlet ýerleri birneme giňeldilýär, halk köpçüliginiň ýagdaýyny gowylandyrmak, demirgazygy yzyna gaýtaryp almak barada käbir işler geçirilýär.

V asyryň ahyrlarynda Hytaýyň günortasynda tagt üstündäki uruşlar ýene-de güýjeýär. Şol döwürler üç sany nesilşalygyň patyşalyk süren ýyllary diýlip ýyl ýazgylarynda aýdylýar. Olar Si (479-501), Lýan (502-557) we Çen (557-580) döwletleridi. Munuň özi ýurduň dagynyklygyny aňladypdyr. Imperatorlaryň häkimiýeti paýtagtyň töwereklerinden aňryk gitmändir. Demirgazygy eýelemek başartmandyr. Ýogsam, 354-369-njy ýyllarda Huan Weniň serkerdeligindäki günortaly goşunlar çarwalary birnäçe gezek ýeňlişe sezewar hem edipdirler, ýöne günortalylar üstünliklerini berkidip bilmän yza çekilmeli bolupdyrlar. Demirgazygy soňky gezek Lýu Ýuý (424-453) almaga synanyşypdyr. Emma onuň synanyşygy hem şowsuz tamamlanypdyr.

**Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe ýurduň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Toba taýpalary basyp alandan soň we Demirgazyk Weý döwleti (386-535) esaslandyrylan döwürde Demirgazyk Hytaýyň ýagdaýy öran pes derejede bolupdyr. Ummasyz mukdardaky ýerler taşlanyp, ekerançylyk ýerlerini haşal otlar basypdyr, tut agaçlary gurapdyr, suwaryş desgalary ýumrulypdyr, obalar bolsa boşap

galypdyr. Şäherler weýran edilipdir, olaryň ilaty bolsa gyrlypdyr ýa-da yesir edilip äkidilipdir. Ilatyň aman galan bölegi günorta tarap gaçypdyr. Senetçilik önümçiligi diňe käbir obalarda saklanyp galypdyr. Söwda düýbünden diýen ýaly ýatypdyr, onuň ýerini alyş-çalyş eýeläpdir. Puluň wezipesini köplenç ýüpek matalar we atlar ýerine ýetiripdir.



Gurşunyň eredilişi

Demirgazyk Hytaýa çarwalaryň çozuşlarynyň tamamlanmagy bilen tobalaryň basyp alan ýerlerinde oba hojalygyny dikeltmek işleri başlaýar. Ilat ýuwaş-ýuwaşdan öz ojagyna dolanyp ugraýar. Ýagdaýdan peýdalanan «güýçli hojalyklar» başardyklaryndan köp ýerleri eýelemäge synanyşyk edipdirler we garyp ekerançylary özlerine tabyn etmäge çalşypdyrlar. Yzyna dolanyp gelýän adamlaryň we hojalyklaryň birnäçesi şol bir ýere dawa edipdirler. Netijede, salgyt ýygnamak işleri kynlaşýar, hazyna bolsa boşap ýatyrdy. Bu ýagdaýlar tobalaryň döreden Weý döwletiniň hökümetini döwlet eýeçiligini berkitmäge we döwlet edarasynyň abraýyny galdyrmaga itekleýär. 485-nji ýylda imperatoryň permany bilen ýeri paýlamagyň we oňa eýeçilik etmegiň täze tertibi kabul edilýär. Bu tertip ylymda «bölek ýer ulgamy» diýlip atlandyrylýar. Elbetde, bu perman ýerden peýdalanmakda ählumumy deňligi ykrar etmändir, ýöne

iri ýer eýeleriniň ýerlerini we hukuklaryny çäklendirmekde bu permanyň örän uly ähmiýeti bolupdyr.

Bu kanun döwlet eýeçiliginiň iri ýer eýeçiliginiň üstünden hökmirowanlygyny üpjün edipdir. Kanun daýhanlary iri ýer eýeleriniň garaşlylygyndan aýryp, olaryň döwlet tabynlygyna geçirilmegini we olaryň her biriniň ýer paýyna eýe bolmaklaryny göz öňüne tutupdyr. Perman boýunça şol ýer paýynyň möçberi we olaryň eýeleriniň borçlary kesgitlenilipdir. Kanun esasynda 15-70 ýaş aralygyndaky aýallar we erkekler sürüm ýerlerini eýelemäge hukuk alypdyrlar. Erkeklere doly ýer paýyny, aýallara bolsa olaryňka görä birneme az möçberde ýer bermeklik göz öňüne tutulypdyr. Döwletden ýer paýyny alan daýhanlar öz ýerlerini iňňän gowy ýagdaýda saklamaklyga we we işläp bejermeklige borçly edilipdir. Daýhan garrap tapdan düşende, zähmete ukyplylygyny ýitirende ýa-da ölen ýagdaýynda, ýer başga birine berlipdir (elbetde, ýeri işläp-bejerýän başga bir daýhana). Ýeri satmak ýa-da satyn almak, ony wagtlaýyn başga birine bermeklik düýbünden gadagan edilipdir. Bölünip berilýän ýer paýynyň ikinji bölegine bag we bakja ekinlerini ekmeklik göz öňüne tutulypdyr. Şol ýerlere daýhanlar tut agajyny, kenep, gök we bakja ekinlerini ekmeli bolupdyrlar. Bu ýer, hakykatdan maşgalanyň ygtyýaryna hemişelik berlip, ony nesilden-nesle geçirmäge hukuk berlipdir. Ýer eýesi zähmete ukyplylygyny ýitirende, aradan çykanda ýa-da bolmasa ýer eýesiniň mirasdüşeri bolmadyk halatynda bag-bakja ekilýän ýerleri satmaga we satyn almaga hukuk berlipdir. Bu kanun uly mülk ýerleriniň hem nesilden-nesle geçirilmegine ygtyýar beripdir. Munuň özi döwletiň iri ýer eýelerine eden özboluşly eglişikleriniň biridi.

Döwlet tarapyndan ýer paýynyň bölünip berilmegi daýhanlary her ýylda döwlet hazynasyna dänäni, ýüpekden we kenepden edilen matalary we pamygy salgyt hökmünde tölemäge borçlandyrypdyr. Şeýle hem salgyt tölemäge borçly edilen ýer eýeleri ýylyň belli günleri döwletiň hasabyna

işlemäge-de borçly edilipdir. Salgyt salmakda ýeriň möçberi däl-de, salgyt töleýäniň maşgala sany göz öňüne tutulypdyr. Şonuň üçin oňa jan başyna salgyt diýlip at berlipdir.

Obalary dolandyrmagyň täze usuly girizilipdir. Bäş sany hojalyk iň aşaky jemagat guramasyny emele getiripdir. Ol «*lin*» diýlip atlandyrylypdyr. Bäş sany lin orta jemagat guramasyny - «*li*»-ni emele getiripdir, bäş li bolsa- 125 hojalygy özüne birikdirýän oba guramasyny düzüpdir. Şol birleşikler oba arçynlary ýa-da aksakallary tarapyndan dolandyrylypdyr. Sylag hökmünde ýaňky arçynlaryň maşgala agzalarynyň bir bölegi salgytdan we borçdan boşadylypdyr.

Bu girizilýän täzelikleriň ählisi ekerançylary döwlet häkimiýetine boýun egdirmek, köne garyndaşlyk we goňşuçylyk gatnaşyklary ýok etmek üçin edilýärdi. Şol döwürde hojalyk salgyt töleýän birligiň wezipesini ýerine ýetirip bilmeýärdi, sebäbi bir hojalykda birnäçe maşgala bardy. Şonuň üçin hem häkimiýetler her bir maşgalany hasaba alýardylar we olara salgyt salýardylar. Şeýdibem köneden gelýän jemagat gurluşyny ýok edýärdiler. Elbetde, daýhanlar ähli zähmetkeş ilaty hasaba almak we salgyt salmak üçin edilýän synanyşyklara garşylyk görkezýärdiler. Bularyň hemmesi ahyrky netijede obalarda yzy üzülmeýän göreşleriň we halk gozgalaňlarynyň tutaşmagyna getiripdir.

Gürrüňi edilýän permanda aýratyn ýer paýlarynyň bolmagyny göz öňünde tutupdyr. Şol ýer paýlary goşmaça ýerler hökmünde gullaryň eýelerine we iş mallarynyň eýelerine, şeýle hem köp çagaly maşgalalara berilmeli edilipdir. Meselem, maşgalanyň öýlenmedik agzalaryna şol döwürdäki kesgitli ýer paýynyň 1/4, gul eýesiniň 1 guly üçin 1/8, iş maly üçin 1/10 bölegi goşmaça berilmeli edilipdir. Bu tertip-düzgünler feodallaşýan iri ýer eýeleriniň bähbitlerine doly laýyk gelipdir we olara uly ýerleri eýelemäge mümkinçilik döredipdir. Döwlet gullugynda durýan emeldarlara aýlygyň ýerine güzeran görmek üçin ýörite ýer paýlary berlipdir. Olar hojalyk işleri bilen

meşgullanmazdan girdeji alypdyrlar. Şeýle hem imperatoryň maşgalasyna, köşk begzadalaryna, «güýçli hojalyklara» we buthanalara köp ýerler berkidilipdir. Şol ýerlerde gullar we ýarym gullar (olar hyzmatkäriň we öý sakçylarynyň wezipesini hem ýerine ýetiripdirler), gelmişekler we daýhanlaryň beýleki garaşly bölegi işledilipdir. Ýerlere döwlet eýeçiliginiň girizilmegi demirgazykda irki orta asyr döwletiň berkleşmegine we merkezleşmegine oňyn täsir edipdir. Döwlet gadymy Hytaý dolandyryş ulgamy boýunça dolandyrylyp başlapdyr.

Öňki çarwa han-begleri häkimiýet başynda durmaklaryny dowam etdirseler-de, olaryň hytaýlaşmagy hem güýçli dowam edipdir. Weý hökümdarlary hytaýlylaryň bilimini we tejribesini giňden ulanypdyrlar we olaryň medeniýetini kabul etmäge çalşypdyrlar. Döwlet edarasynda hytaýlylar uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Döwlet dili hytaý dili diýlip yglan edilipdir, tobalaryň dili bolsa gadagan edilipdir. Wagtyň geçmegi bilen tobalar hytaý egin-başlaryny geýip başlapdyrlar, hytaý edim-gylymlaryny, däp-dessurlaryny ýerine ýetirip ugrapdyrlar. Olaryň dünýägaraýşynda hem uly üýtgeşmeler bolup geçipdir, olar öz ata-babalarynyň uýan otparazçylyk (şamanizm) dininden ýüz öwrüpdirler we buddizmi kabul edipdirler.

**Ýurdy birleşdirmek ugrunda meýilleriň güýçlenmegi.** Gürrüňi edilýän döwürde Demirgazyk we Günorta Hytay birnäçe ululy-kiçili döwletlerden ybarat bolupdyr, ýöne wagtyň geçmegi bilen, esasan hem VI asyrdan başlap Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda adaty gatnaşyklar ýüze çykyp ugraýar. Demirgazykda tobalaryň döreden Demirgazyk Weý döwletiniň ornuna demirgazyk-gündogarda Si (550-557) we demirgazyk-günbatarda Çžou (557-581) döwletleri ýüze çykýar, günortada bolsa özara uruşlar peselmän, tersine güýjäp ugraýar. Uruşlar zerarly gedaý galan daýhanlar, serkerdesiz esgerler, garyp düşen iri ýer eýeleri, begzadalar, söwdagärler we beýlekiler kem-kemden demirgazyga gaçyp başlaýarlar. Üstesine-de, Hytaýyň demirgazygynda ýaşaýan türki

taýpalaryň Hytaýa çozmak howpy hem has-da artýar. Şeýle ýagdaýda bütin Hytaýy birleşdirmek we bitewi Hytaý döwletini döretmek meýilleri täzeden janlanyp ugraýar.

Ýurdy birleşdirmek işi Çžou döwletinde başlaýar. Sebäbi olaryň örän söweşjeň goşuny bolupdyr. Üstesine-de, olaryň ýurduna türki çarwalaryň çozmak howpy hem ýüze çykypdyr. Çžou döwletiniň hökümdarlary we olaryň serkerdeleri günorta-günbatarda birnäçe şowly söweşleri amala aşyrýarlar. Soňra olar gündogara ýöriş edip, 581-nji ýylda demirgazyk-gündogardaky Si patyşalygyny boýun egdiripdirler. Basym olar bütin günortany hem eýeläpdirler. Şeýle gysga wagtyň içinde uly döwletiň ýarag güýji bilen birikdirilmeginiň örän çuňňur sebäpleri bardy. Çünki Hytaýyň ykdysady we syýasy bähbitleri içki uruşlaryň tiz gutarmagy we ululy-kiçili gowşak döwletleriň ýeke-täk imperiýa birikdirilmegini talap edýärdi. Uzaga çeken uruşlar oba hojalygyny, senetçiligi we söwdany halys tozdurypdy. Üstesine-de, Hytaýyň ykdysadyýeti uly suw desgalarynyň, emeli derýalaryň gurulmagyny hem talap edipdir. Sebäbi häli-şindi bolup geçýän suw joşmalary ykdysadyýete, ilatyň ýaşaýyş-durmuşyna uly zyýan ýetiripdir. Bu tozgunçylygyň öňüni bolsa aýry-aýry gowşak hem-de dagynyk döwletler alyp bilmändirler. Kyn güne düşen daýhanlar öz ýerlerinden göçüp gidýärdiler, olar täze ýerleri özleşdirmeli bolýardylar. Şeýle uly göçhä-göçlügiň - migrasiýanyň öňüni bolsa diňe bitewi döwletiň derejesinde alyp boljakdy. Diňe güýçli häkimiýet gaçha-gaçlygyň we göçhä-göçlügiň öňüni alyp biljekdi, dowam edip gelýän ykdysady gatnaşyklary saklap biljekdi. Iň esasy zat hem ululy-kiçili patyşalyklar ägirt uly Hytaýyň ekerançylyk etraplarynyň serhetlerini çarwalaryň çozuşlaryndan gorap bilmeýärdiler. Daşky howp has hem Demirgazykda güýçlüdi.




Şol döwrüň ýene-de bir aýratynlygy: han (hytaý) milleti Demirgazykda kemala geldi we soňra demirgazyklylaryň Günortada ornaşmaklary we olar bilen garyşmagy Günortanyň ilatynyň Demirgazyk bilen birleşmäge bolan islegini artdyrypdyr.

**Hytaýda merkezleşdirilen Suý we Tan döwletleriniň berkarar edilmegi.** 581-njy ýylda demirgazykdaky Çžou döwletiniň serkerdeleriniň biri Ýan Szýan imperator diýlip yglan edilýär we onuň esaslandyran nesilşalygy we döwleti Suý adyna (581-618) eýe bolýar. Ýan Szýan we onuň ogly Ýan Guan merkezleşdirilen häkimiýeti berkarar edýärler. 604-nji ýylda Ýan Szýan öz ogly Ýan Guan tarapyndan öldürilýär we ol imperator diýlip yglan edilýär. Hytaý çeşmeleri Ýan Guany örän zalym hökümdar, häkimligi söýýän, toý-baýramçylyga sarpa goýýan patyşa hökmünde suratlandyrýarlar.

Ýan Guan ýurduň paýtagtyny Loýana geçiripdir. Ol bu şäheri täzeden gurdurýar we 10 müň sany baý maşgalany paýtagta göçürip getirýär. Ol owadan köşkleri, täsin seýilgähleri gurdurypdyr. Onuň köşgünde häli-şindi baýramçylyklar, dabaralar geçirilip durupdyr. Ýurduň ähli

azyk ätiýaçlyklaryny bir ýere ýygnamak maksady bilen Ýan Guan Loýanyň ýanynda örän uly ammar gurdurypdyr we ýurt boýunça ýygnalýan däne salgydyny şol ýere getirdipdir. Onuň döwründe täze-täze emeli derýalar gazylyp, olar ýurdy birikdirmekde, haryt gatnadylyşyny çaltlandyrmaga, goşuny ondan-oňa sürmäge, söwdany ösdürmäge mümkinçilik beripdir. Daşary syýasatda imperiýa basybalyjylykly syýasat ýöredipdir. Suýly hökümdarlaryň Hytaýyň demirgazygynda ýerleşýän Göktürkmenleriň döwleti (552-745) bilen uruşmaga bogunlary ysmandyr, şonuň üçin hem olar Koreýa we Wýetnama garşy uruşlary alyp barypdyrlar. Köp sanly deňiz we guryýer goşunlarynyň gatnaşýandygyna garamazdan, ýörişler köplenç şowsuz tamamlanypdyr. Goşuny gerek-ýarak zatlar bilen üpjün etmek üçin ummasyz köp adamlar - daýhanlar sürlüpdir. Tyl işlerinde müňlerçe adamlar açlykdan, suwsuzlykdan we kesellerden ölüpdirler. Esasan hem uruş gidýän ýerler bolan Hebeý-Şandun we Henan welaýatlarynyň ilaty üçin agyr bolupdyr. Hut şol ýerde hem 610-njy ýylda halk gozgalaňy turýar. Hökümet gozgalaňy basyp ýatyryp bilmeýär. Gozgalaňçylar döwlet emeldarlaryndan öç alypdyrlar. Olar özbaşdak patyşalyk döretmäge-de synanyşyk edipdirler. Patyşalyga öňki arçyn we esger Dou Szýan-de saýlanylypdyr. Ýurduň beýleki ýerlerinde-de daýhanlar tolgunşyklary bolup geçipdir.


Sian şäherindäki diň (VII asyr)

Iri begzadalar merkezi hökümetiň hetdenaşa merkezleşmeginden, ýurduň ähli baýlyklaryna onuň ýeke özüniň eýelik etmeginden we uruşdaky şowsuzlygyndan nägile bolup başlaýarlar. Ýurtda

ýene-de baş-başdaklyk başlaýar, ýöne Şansi welaýatynyň hökümdary Li Ýuan (ýaşan ýyllary 566-635) hemmelerden üstün çykýar we ol göktürkmenleriň goşunlaryna daýanyp, Suý nesilşalygynyň paýtagty Çanany eýeleýär. Şeýlelikde, Li Ýuan tarapyndan Hytaýda Tan imperiýasy (618-907) esaslandyrylýar.

Taryhy maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, tanlar gadymy hunlaryň nesilleri bolup, olar Demirgazyk Hytaýda uly abraýdan we täsirden peýdalanan hytaýlaşan Li neberesinden gelip çykypdyrlar. Olar asyrlaryň dowamynda Hytaýň demirgazygyndaky döwletleriň taryhynda görnükli orun eýeläpdirler. 400-nji ýylda şu nesilden bolan Li Hao Hytaýyň demirgazyk-günbataryndaky Ansi we Dunhuan welaýatlarynyň häkimi bolupdyr. Beý Liýan döwletiniň gowşamagyndan peýdalanyp, Li Hao Liýançžou şäherini özüne paýtagt edinip, Si Liýan döwletini esaslandyrypdyr. 422-nji ýylda Li Haonyň döwleti günortaly hunlar tarapyndan eýelenipdir we Li neberesi ýene-de öňküleri ýaly gullukçy maşgala öwrülipdir. Li neslinden bolan gullukçylar, Hytaýyň V-VI asyrlardaky döwletleri bolan Toba-Weý we Beý-Çžou döwletleriniň döwründe-de abraýly derejeleri we orunlary eýeläpdirler. Li neberesinden bolan serkerdeler we döwlet gullukçylary hökümdarlaryna wepaly gulluk edipdirler we şonuň üçin hem uly wezipeleri-derejeleri eýeläpdirler. Ahyr soňy, bu nebere Hytaýyň 28 basgançakdan durýan döwlet gulluk derejeleriniň üçünjisi bolan «Tan gun» derejesine mynasyp bolupdyrlar. 618-nji ýylda Li neberesiniň esaslandyran Tan döwletiniň ady hem şol gulluk derejesiniň adyndan gelip çykypdyr. Şeýlelikde, 200 ýyldan-da gowrak wagtyň içinde tan neberesi, bu sebitde ýaşaýan göktürkmenler we ýerli hytaýlylar bilen garyşyp, aýratyn bir halkyýeti emele getiripdirler. Göktürkmenler olary «tabgaç» diýip atlandyrýardylar. Tanlar hytaýlaşsalar-da, olarda türki däp-dessurlaryna uly hormat goýlupdyr. Bu barada rus alymy L.N. Gumilýow «Tanlar iki taraplaýyn gelip çykyşy bolan nesilşalykdyr. Ony esaslandyran Li Ýuan çarwa däp-

dessurlary bilen hoşlaşmadyk, hytaýlaşan türk bolupdyr. Egindeşleri hem onuň özi ýalydy we olar häkimýete öz adamlaryny getirdirler» diýip ýazypdyr.

VI asyryň ikinji ýarymynda şu nebereden bolan Li Hu, onuň ogly Li Ýuan tanymal adamlara öwrülipdirler. Gürrüňi edilýän asyryň ahyrlarynda Li neberesi hem Hytaýda başlan häkimýet ugrundaky göreşlere gatnaşypdyr. Emma 581-nji ýylda häkimýete Suý neberesi gelipdir we olar häkimiýeti eýeläp, Hytaý birlesdiripdirler.

Tan imperatory Li Ýuan (618-626) halkyň ähli gatlaklary barada örän seresaply syýasat ýöredýär. Daýhanlary köşeşdirmek üçin ol geçen ýyllaryň bergilerini ýatyrýar we zähmet borçlarynyň möhletini azaldýar. Onuň permanlary gulçulyga satylan daýhanlary azat edipdir, feodallara daýhanlary öldürmegi gadagan edipdir. Häkimiýetler açlyk çekýänlere, täze öýlenýänlere az-kem ýardam edipdir. Li Ýuan täze derýalary çekdiripdir, könelerini abatladypdyr. Tanlar gozgalaňçylaryň günäsiniň geçirilýändigini yglan edipdirler. Şeýlelikde, 628-nji ýyla çenli Tanlar ýurtdaky häkimiýeti öz ellerine doly alypdyrlar. 626-njy ýylda Li Ýuan öz ogly Li Şi-Miniň peýdasyna tagtdan el çekýär. Li Şi-Miniň hökümdarlyk süren döwründe ýurdy berkitmäge we onuň çäklerini giňeltmäge uly üns berlipdir.

**Irki orta asyrlarda Hytaýda din we aňyýet.** Hytaýda merkezleşdirilen döwletiň kemala gelmegi bilen döwlet ideologiýasy hökmünde konfusiançylyk berkäp başlaýar. Konfusiançylygyň döremegi we Hytaýda döwlet ideologiýasy hökmünde kemala gelmegi gadymy hytaý akyldary Konfusiniň (Kun-szy - b.e. öňki 551-479) ady bilen baglanyşyklydyr. Konfusiançylyk etiki-syýasy akym bolup, ol uzak asyrlaryň dowamynda döwletiň baş ideologiýasy bolup hyzmat edipdir. Konfusiý ilkinji bolup adamy, jemgyýeti we döwleti kämilledirmegiň ýörelgelerini işläp düzüpdir. Şunda ol döwleti we jemgyýeti dolandyrmak bilen baglanyşykly gadymy

ýazgylara esaslanypdyr. Şol ýazgylaryň esasynda «*Lunýuý*» («Gürrüňler we pikirler») kitaby döredilipdir. Ol mukaddes *Dao* (hak ýol, adalatly düzgün, özüňi alyp barmagyň ýörelgeleri) hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Ol «kim säher bilen Daony duýsa, agşamara gynanman ölüp biler» ýa-da «eger-de Hytaýda (Jungo) Dao höküm sürýän bolsa görünjek boluň, ýok bolsa gizleniň» diýip aýdypdyr.

Konfusiý ir wagtlar hytaýlylaryň aňynda ýaşan «*de*»(ýagşylyk edip sogap gazanmak) düşünjesine täzeçe many-mazmun beripdir. Eger-de öňler «de» gazanmak begzadalara ýa-da saýlantgy adamlara degişli bolan bolsa, indi ony islendik adam hem gazanyp bilipdir. Konfusiýançylyk amaly akym bolupdyr. Onuň baş maksady döwleti berkitmäge, jemgyýeti bitewilikde, asuda we sazlaşykly ýagdaýda saklamaga gönükdirilipdir. Konfusiançylyk boýunça durmuşda her kimiň öz orny bolupdyr, ýagny patyşa - patyşa ornunda, raýat - raýat, ata - ata, ogul - ogul ornunda bolmaly. Ýöne Konfusiý köp meseleleriň adamyň özüne baglydygyny aýdypdyr. Ol garyp – garyplygyna galmalydyr diýmän, köp zat adamyň özüne baglydyr diýip wesýet edipdir. Ol «Diňe iňňän akylly we iňňän akmak adamlar üýtgäp bilmeýärler» diýip belläpdir.

Adamyň abadançylygyny gazanmak konfusiançylygyň baş maksady hasaplanylypdyr. Munuň özi konfusiançylygyň many-mazmunynyň çuňňur ynsanperwerlige – gumanizme ýugrulandygyna şaýatlyk edýär. Ýöne onuň gumanizmi ýewropa gumanizminden düýpli tapawut edýär. Konfusiançylyk boýunça adama subýekt, şahs hökmünde däl-de, aladanyň obýekti hökmünde garalypdyr. Mälim bolşy ýaly, Ýewropa gumanizminde her bir adama jany, hukugy we emlägi eldegrilmesiz şahs hökmünde seredilýär. Käbir alymlaryň Konfisini konserwatizmde – köneçillikde aýyplajak bolýanlary hem bar. Ýöne, ol öz döwrüniň hakyky täzelikçisi bolupdyr, sebäbi akyldar batga çümen Hytaýy galkyndyrmagyň ýollaryny salgy bermäge çalşypdyr.

Islendik döwlet öz gündelik durmuşynda belli bir ideologiýa, dünýägaraýyşlara we özüňi alyp barmagyň kadalaryna daýanýar. Orta asyr Hytaý döwleti hem şol ideologiýalaryň biri bolan sinkretizme daýanypdyr. *Sinkretizm* üç diniň: konfusiançylygyň, daosizmiň we buddizmiň özboluşly sintezi – önümi bolup durýar.

Hytaýyň gadymy taryhyndan gözbaş alyp gaýdýan konfusiançylyk orta asyrlarda-da öz täsirini ýitirmändir. Konfusiýaçy alymlar döwlet, jemgyýetçilik, ahlak ýörelgeleriniň goragçylary we mugallymlary, hukuk-kanunçylyk kadalaryny we bilim ulgamyny işläp düzüjiler bolup galmaklaryny dowam etdirýärdiler. Olar gadymy ýazgylara daýanyp, döwleti dolandyrmagyň öň düzülen ýörelgelerini esas edip almak bilen raýatlaryň hökümdara tabyn bolmaklaryny ündeýärdiler, maşgalada we jemgyýetde tertip-düzgünleriň, kada-kanunlaryň we däp-dessurlaryň berjaý edilmegini wagyz edýärdiler.

Daosizm dini gadymy ynançlar bolan Asmanyň (ýa-da Taňrynyň) hökmirowanlygy we gadymy akyldarlaryň keramaty hakyndaky ynançlary özünde jemläpdir. Halk ynançlarynyň jümmüşinden çykmak bilen daosizm orta asyrlarda hytaýlylaryň durmuşynyň we ruhy medeniýetiniň aýrylmaz bölegine öwrülipdir. Edil musulmanlaryň we hristiýanlaryň ynançlarynda bolşy ýaly, daosizmde hem o dünýä ikä bölünipdir. Daosizmiň tarapdarlarynyň köp bolmagynyň sebäpleriniň biri ol «baky durmuş» ideýasyny öňe sürüpdir. Adamyň bedeni daos dini boýunça dürli-dürli ruhlaryň ýygnanýan ýeri bolupdyr. Şol ruhlar asmanda ýaşap, adamyň gowy we erbet işlerini hasaba almak bilen onuň ýaşyny kesgitläpdirler. Şonuň üçin hem daosizme görä, özüňi gowy alyp barmaly we şol diniň talaplaryny berjaý etmeli bolupdyr. «Baky ýaşamak» üçin bolsa iýip-içmek düzgünini (diýeta) örän berk saklamaklyk talap edilipdir. Daos akyldarlarynyň aýtmagyna görä, iň gowy iýmit adamyň öz tüýküligi bolupdyr.

Daos dinine uýýanlar öz dinlerini döwlet dinine öwürmäge çalşypdyrlar. Şonuň üçin hem buddizmdäki ýaly daosçy alymlar adamlar üçin edep kadalaryny (etiki normalary) we talaplaryny işläp düzüpdirler.

Buddizm Uzak Gündogara Hindistandan geçipdir we hytaýlylaryň orta asyr durmuşyna ägirt uly täsir edipdir. Buddizm dinini ýaýradyjylar bolsa Hytaýa Merkezi Aziýadan barypdyrlar. Olar Gansuda, Şensi-de we Henanide ýerleşipdirler. Orta asyr buddizmi gadymy döwürdäkisine görä birneme ýumşak bolupdyr. Sebäbi gadymyýetdäki buddizmiň terkidünýälige ýüz urmak bilen baglanyşykly örän zabun talaplary bolupdyr. Asketizm (terkidünýälik) diňe saçyny syrdyryp monahçylyga geçenlere buýrulypdyr.



Gezende bagşylar düýäniň üstünde
(Tan nesilşalygynyň döwri)

Dünýä dinleriniň biri bolmak bilen buddizm jemgyýetde integrirleýji ýa-da jebisleşdiriji ähmiýete eýe bolupdyr. Onuň adamlaryň arasyndaky ählumumy deňlik we birek-birege ýardam bermek hakyndaky ynsanperwer ideýalary onuň tarapyna millionlarça adamlaryň geçmegini üpjün edipdir.

**Irki orta asyrlarda Hytaýda ylmyň we medeniýetiň ösüşi.** Jemgyýetçilik durmuşyndaky dawa-jenjeller, halk gozgalaňlary, çarwalaryň çozuşy we beýleki çylşyrymly durmuş hadysalary orta asyr gatnaşyklaryna geçilýän döwürde

Hytaýda medeni ösüşi az-kem togtadan hem bolsa, onuň umumy ösüşiniň öňüni alyp bilmändir. Demirgazykda we Günortada harby ýagdaýyň saklanyp galmagyna garamazdan, ýurtda aň ösüşi dowam edipdir. IV-VIII asyrlarda dürli filosoflar, matematikler, ýazyjy-şahyrlar ýaşap geçipdirler we olar ajaýyp eserleri döredipdirler. Şol döwürlerde taryhçylar döwrüň möhüm wakalaryny ýazgy edipdirler we taryhy eserleri döredipdirler.

Günorta Hytaýa goňşy ýurtlardan syýahatçylar, din ýaýradyjylar (missionerler), söwdagärler gelipdirler. Hytaýdan bolsa Hindistanyň keramatly ýerlerine zyýarata gidilipdir. Hytaýly monahlar Fa Sýan (399-415), Sýuan Szan (629-648), I Szin (673-695), Sun Ýun (518-522), Weý Szo (605-616), Hoý-Çao (723-729), U Kun (751-790) Merkezi Aziýanyň we Hindistanyň halklary barada gymmatly maglumatlary galdyrypdyrlar.

Daşarky gatnaşyklaryň ösmegi Hytaý flotunyň kemala gelmegine getiripdir. V asyrda metallaryň dürli görnüşlerini eretmeklik ýüze çykýar. Tebipler derman otlarynyň kesel bejerijilik täsirini öwrenipdirler, dermanlaryň täze görnüşlerini döredipdirler. Bu bolsa ýurtda medisinanyň ösüşine uly täsir edipdir. Orta asyr binagärleri dürli gurluşyk tilsimlerini we dürli maksatly desgalar gurlanda täsin hem-de netijeli tehniki çözgütleri oýlap tapypdyrlar.

Orta asyr inženerleri we arhitektorlary täsin binalary gurmagy başarypdyrlar. Astronomiýa ylmy ösüpdir. VIII asyrda Hytaýda imperator köşgüniň ýanynda Alymlaryň ýokary ýygnagy ady bilen Hanlin akademiýasy döredilýär. Akademiýanyň alymlary imperatoryň buýruklaryny, permanlaryny bir ýere ýygnap çap edipdirler we hökümet habarlary ady bilen žurnal döredipdirler. Meşhur alym Du Ýu (755-812) «Tundýan» ady bilen ilkinji ensiklopediýany döredipdir.

Irki orta asyrlarda Hytaýda edebiýat hem ösüpdir. «Şetdaly çeşmesi» atly ajaýyp eseriň awtory Tao Ýuan Miniň (365-427) şygryýetde gazanan üstünliklerini Li Bo (699-762) we Du Fu (712-770) ýaly beýik şahyrlar dowam etdiripdirler. Bu döwürde suratkeşlik hem ösüpdir. Suratkeşler ýüpek matanyň we kagyzyň ýüzüne her hili suratlary çekipdirler. Döredilýän eserleriň mazmunynda buddizmiň täsiri uly bolupdyr. Bu döwürde teatr sungaty hem ýüze çykypdyr. Hytaýyň gazananlarynyň Gündogaryň beýleki ýurtlaryna uly täsir edişi ýaly, Hytaý hem özüniň medeni ösüşinde goňşy halklaryň gazananlaryndan giňişleýin peýdalanypdyrlar.

## §6. Koreýa irki orta asyrlarda

**Koreýanyň ýerinde irki orta asyr döwletleriniň döremegi we Hytaý hem-de Ýaponiýa bilen gatnaşyklar**. Hytaý çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, III-V asyrlarda Koreýanyň ýerinde birnäçe taýpalar we taýpa bileleşikleri ýaşapdyr. Ýurduň demirgazygynda kogurýolar, ýemek, okço – günortasynda bolsa han taýpasy ýerleşipdir. Ýarym adanyň ilaty balykçylyk, awçylyk, öý haýwanlaryny idetmeklik bilen meşgullanypdyr, ýöne esasy meşgullanan işleri ekerançylyk bolup, dänelik ekinlerini ( şaly, arpa, süle, nohut we başgalar ) ekipdirler, kenep we ýüpek matalary dokapdyrlar.

Döwlet ilki kogurýolylaryň ýaşaýan ýerlerinde döräpdir diýlip çaklanylýar. Döwletiň döräýmeginiň mümkingadar wagty hökmünde bolsa IV asyryň ahyrlary V asyryň başlary görkezilýär. Emma bu döwür Kogurýonyň güýçli wagty bolupdyr. Şonuň üçin hem hytaý çeşmelerine esaslanyp koreýşynas alymlaryň Kogurýoda döwletiň has ir - III asyrda dörändigi hakyndaky pikirleri öňe sürýänleri hem bar. Kogurýonyň düzümine Koreýa ýarym adasynyň demirgazygy we goňşy Lýaodun ýarym adasy giripdir. Döwleti wan

(patyşa) dolandyryp, öňki urug begzadalary köşk we harby adamlaryna öwrülipdirler.

Koreýanyň günortasyndaky taýpalar (pekçe, saro, kaýa we başg.) öz goňşularyny boýun egdiripdirler we döwlet döredipdirler. Wagtyň geçmegi bilen olardan Pekçe saýlanyp III-IV asyrlarda Koreýanyň günorta – günbatarynda güýçli döwlet döredipdirler. V-VI asyrlarda jemagatçylyk gurluşynyň dargamagy bilen ýarym adanyň günorta–gündogarynda Silla döwleti hem kemala gelýär. Onuň dörän ýeri Saro we Sobol jemagatlarynyň ýerleri bolupdyr. Soňra Silla kaýa taýpasy hem birikdirilipdir .

Şeýlelikde, IV-VI asyrlarda Koreýanyň ýerinde üç sany özbaşdak döwlet kemala gelipdir. Emma olar Koreýa ýarym adasynda agalyk ugrunda biri-birleri bilen ýangynly göreşipdirler. Bu göreşde esasan hem Kogurýo tapawutlanypdyr. 369-njy ýylda Kogurýonyň wany Pekçä garşy urşa başlaýar, ýöne şol gezek kogurýolylar ýeňilýärler. 371-nji ýylda pekçeliler hem Kogurýonyň Phenýan şäherini gabapdyrlar. 391-nji ýylda tagta gelen *Kwangetho* («ýurdy giňeldiji») giň ýerleri Kogurýo döwletine birikdiripdir. Kwangethonyň ogly Çansu 427-nji ýylda



Phenýany paýtagt edýär we Koreýany bir bitewi döwlete birikdirmek maksady bilen Pekçe bilen Silla garşy urşa başlaýar. Emma Kogurýo garşy Pekçe bilen Silla öz harby güýçlerini birikdiripdirler. 475-nji ýylda Çansu 30 müňlik goşun bilen Pekçä çozýar we onuň paýtagty Hansony eýeleýär. Ýöne, ony doly boýun egdirmek başartmaýar, sebäbi bu uruşda Silla Pekçä ýakyndan kömek beripdir.

IV-VI asyrlarda Kogurýo bilen Pekçäniň özara uruşýan döwürleri Silla çalt depginler bilen ösüpdir. Muňa onuň hytaý medeniýetini kabul etmegi hem gowy täsir edipdir. VI asyryň birinji ýarymynda Silla döwletiniň düzümine birnäçe täze ýerler birikdirilýär. 553-nji ýylda Silla bilen Pekçäniň Kogurýo döwletiniň garşysyna alyp baran bilelikdäki uruşlarynyň netijesinde, olara öz garşydaşlarynyň araçägini demirgazyga tarap ep-esli süýşürmek başardýar. Şunuň netijesinde Sillanyň araçägi günbatar kenara ýetýär. Sillanyň ýerleriniň giňemegi Pekçäni howatyrlandyrypdyr we iki ýaran döwletiň arasy bozulýar. 554-nji ýylda Pekçäniň wany Son Sillanyň Kwansan galasyna çozýar, ýöne ol uly ýeňlişe sezewar bolýar.

Koreýanyň ýerindäki döwletler ir wagtdan başlap goňşy döwletler bilen dürli gatnaşyklary hem alyp barypdyrlar. Han imperiýasy dargandan soň Hytaýyň ýerinde dörän döwletler bilen Kogurýo gowy goňşyçylyk gatnaşyklaryny alyp barmaga çalşypdyr. Pekçe hem Lýaodun ýarym adasynyň üsti bilen geçen hytaý medeniýetini kabul edipdir. Emma 245-nji ýylda Hytaýdaky üç döwletiň döwründe Weý döwletiniň goşunlary Kogurýo cozup girýär we onuň paýtagty basylyp alynýar. Soň kogurýo wany goňşy okço taýpasynyň goşunlaryna daýanyp hytaýlylary öz ýurdundan kowup çykarýar.

VI asyryň ahyrlarynda Hytaýda Suý imperiýasynyň döremegi bilen Koreýadaky döwletleriň hytaýlylar bilen gatnaşygy has hem ýitileşýär. Sebäbi suýlar Koreýany boýun

egdirmäge çalşypdyrlar. 598-nji ýylda Suý imperiýasynyň 300 müňlik goşuny gury ýerden we deňizden Kogurýony basyp almak üçin ugradylýar. Emma Hytaýyň guryýer goşunlary derbi-dagyn edilýär, gämileri bolsa gaý-tupanda heläk bolýar. Öz ýurtlaryndan hytaý goşunlaryny kowup çykaranlaryndan soň kogurýolylar 603-nji ýylda ilki Sillanyň, 607-nji ýylda bolsa Pekçäniň üstüne çozýarlar. 612-nji ýylda Suý imperatory Ýandi 1 million 130 müň adamdan ybarat bolan ägirt uly goşun döredýär we onuň uly bölegini Lýaodun ýarym adasynyň üsti bilen ýene-de Kogurýonyň üstüne sürýär. Ýöne, kogurýo serkerdesi Yl Çimundok birnäçe aýa çeken gandöküşikli söweşlerden soň 400 müňe basalyk Suý goşunlaryny derbi-dagyn etmegi başarýar. Kogurýodan aýylganç ýeňilmegi Suý döwletiniň ýykylmagyny tizleşdirýär.


Pekçe patyşasynyň jygasy

Suý döwleti ýykylandan soň onuň ýerinde Tan imperiýasy döredilýär. Edil Suý döwleti ýaly, tanlar hem Kogurýony basyp almagy maksat edinýärdiler. Pekçe bilen Silla hem Kogurýonyň güýçlenmeginden gorkup, tanlar bilen ýakynlaşmaga dyrjaşypdyrlar. Şol bir wagtyň özünde-de, bu iki döwlet hem özara urşupdyrlar. Şol döwürde Kogurýo wany Ýon Kesomun Pekçe bilen şertnama baglaşyp Silla döwletine garşy bileleşik döredýär. Sebäbi Silla Tan döwleti bilen ýakynlaşmaga çalşypdyr. Bu bolsa Kogurýo ýaramandyr. Tan döwleti hem Sillany goldap, Koreýadaky beýleki iki döwleti her-hili ýollar bilen gorkuzmaga çalşypdyr. Ahyrynda 645-nji ýylda Tan imperatory Taýszun 200 müňlik

hytaý goşunyny Kogurýonyň üstüne iberýär.Ýöne, bu gezek hem hytaýlylar ýeňilýärler. Tan imperatory soň ýene-de üç gezek – 649-njy, 650-nji we 651-nji ýyllardada Kogurýonyň üstüne goşun çekýär. Emma barybir hytaýlylara ýeňiş gazanmak başartmaýar.

**Koreýanyň bir bitewi Silla döwletine birikdirilmegi we onuň durmuş-ykdysady taýdan ösüşi.** VII asyryň ikinji ýarymyndan Silla döwleti has hem güýçlenip ugraýar. Köne jemagat gurluşy dargap, orta asyr gatnaşyklary kemala gelip ugraýar. 654-nji ýylda patyşa urugyndan bolan Kim Çhunç Hu patyşa aýal Çindok ölenden soň tagta çykýar. Ol Hytaýdaky Tan döwleti bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Tanlar bilen şertnama baglaşyp, Kim Çhunç Hu Koreýany birikdirmek isläpdir. Tan döwleti hem Sillanyň kömegi bilen Koreýany boýun egdirmegi maksat edinýärdi. 660-njy ýylda Silla bilen tanlaryň goşunlary bir wagtda gury ýerden we deňiz üsti bilen Pekçäniň paýtagty Sabi galasyny gabaýarlar. Tiz wagtdan Sillanyň 50 müňlik we tanlaryň 135 müňlik goşunlary paýtagty eýeläp, Pekçäni dolulygyna basyp alýarlar. Pekçe döwleti ýaşamagyny bes edýär.

Şeýle şertlerde Kogurýonyň ýagdaýy has hem ýaramazlaşýar. Sebäbi tanlar bilen, şeýle hem 60 ýyla golaý dowam eden özara uruşlar Kogurýonuň ykdysadyýetini çökeripdir, ýurdy tozdurypdyr. Bu bolsa Silla we Tan döwletleri üçin amatly pursaty döredipdir. 667-nji ýylda Sillanyň we Tan döwletiniň goşunlary Kogurýo çozýarlar. Ýöne bu ýöriş hem şowsuz tamamlanypdyr. 668-nji ýylda Kogurýo garşy ýöriş ýene-de gaýtalanýar we bu gezek garşydaşlar ýeňiş gazanýarlar. Şeýdip, Kogurýo döwleti hem ýaşamagyny bes edýär.

Pekçäniň we Kogurýonuň üstünden ýeňiş gazanylandan soň tanlar bilen Sillanyň arasynda-da garşylyklar ýitileşip ugraýar. Sebäbi olaryň hersiniň öz maksady bardy. Üstesine-de, Kogurýonyňam, Pekçäniňem boýun egdirilen ilaty tan

basybalyjylaryna garşy dyngysyz göreşýärdiler. Şol göreşlerde Kogurýo bilen Pekçäniň ilaty Silla ýakyndan ýardam edip ugraýarlar.

674-nji ýylda tan goşunlary Sillanyň üstüne demirgazykdan çozup girýärler. Emma 675-nji ýylda Çhonson galasynyň eteginde bolan söweşde tan goşunary derbi-dagyn edilýär. 676-njy ýylda bolan söweşlerde hem sillalylar üstin çykýarlar. Netijede, 735-nji ýyla çenli Koreýanyň ähli ýerleri Silla tarapyndan birikdirilýär. Pekçe, Silla we Kogurýo halkyýetleriniň üçüsi hem bir döwlete birikdirilenden soň, olaryň hemmesi üçin umumy bolan bir dil kemala gelip ugraýar. Umumy koreý dili hökmünde Sillanyň dili ykrar edilýär, beýleki ikisi bolsa ýerli şiwelere öwrülýär. Bir döwlete birikdirilenden soň Koreýanyň ýurt bütewiligi hem ýüze çykýar.

Silla döwleti tarapyndan Koreýanyň birikdirilmegi ýurtda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegine oňyn täsir edipdir. Özara we goňşy döwletler bilen uruşlaryň tamamlanmagy Koreýanyň öndüriji güýçleriniň ösmegine ýardam edipdir. Emma bu ösüşlere üç döwletiň döwründäki öňki begzadalar güýçli garşylyk görkezipdirler, olar merkezi häkimiýete garşy topalaň baryny turuzupdyrlar. Ýöne, häkimiýetler tarapyndan ähli topalaňlar basylyp ýatyrylypdyr, topalaňçylaryň emläkleri bolsa ellerinden alnypdyr.

**VIII–X asyrlarda Koreýada orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi.** Koreýada orta asyr gatnaşyklary ýere döwlet eýeçiliginiň esasynda döreýär. Ýurduň ekerançylyk ýerleriniň agramly bölegini ownuk ýer bölekleri düzüpdir. Şeýle ýer böleklerine bolsa daýhan hojalyklary eýeçilik edipdirler. Daýhanlar döwlete önüm salgydyny töläpdirler we umumydöwlet zähmet we harby borçlaryny ýerine ýetiripdirler.

Ýer böleklerine eýeçilik etmeklik resmi taýdan 722-nji ýylda girizilýär. Şol ýyl ähli ekerançylyk ýerleri döwletiňki

diýlip yglan edilýär. Bölek ýer ulgamy daýhanlary ýerlere berkitmegiň we olary dolandyrmagyň bir görnüşi bolupdyr. Ýöne, şeýle ulgamyň girizilmegi nähili hem bolsa daýhan ýerleriniň iri ýer eýeleri tarapyndan eýelenmegine päsgel beripdir, döwlet hazynasyna durnukly girdejileriň gelmegini üpjin edipdir.

VIII asyryň ikinji ýarymynda häkimiýete dolandyryşda köne garaýyşlara eýerýän begzadalaryň gelmegi bilen ýurtda tagt ugrunda göreşler başlaýar. Bu göreşler ýurdy heläkçilige tarap äkidip ugraýar, merkezleşdirilen döwleti gowşadýar. Ýurt baştutany bolan wan (patyşa) eýýäm olardan öz wagtynda salgytlaryň tölenmegini, borçlaryň ýerine ýetirilmegini talap edip bilmändir. Bu ýagdaý bir tarapdan köne pikirli begzadalaryň ygtyýarynda iri ýer eýeçiligini döreden bolsa, beýleki bir tarapdan obalarda hem öz eline ep-esli ekerançylyk ýerlerini jemlän oba baýlaryny ýüze çykarypdyr. Emeldarlara ýer paýyny bermeklik soňky gezek 685-nji ýylda gadagan edilen hem bolsa (sebäbi ol döwlet häkmýetini gowşadýardy), barybir olara gulluk ýerleri berilýärdi. Soňra şol ýerler emeldarlaryň hususy mülkine öwrülýärdi. Şol ýerlerdäki daýhanlar bolsa, hem döwlete, hemem emeldarlara salgyt töleýärdiler.

Şeýle ýagdaýda daýhanlar tozupdyrlar we ýerlerini taşlap başga feodallara işe durupdyrlar. Sebäbi feodalyň elinde ylalaşyk esasynda işlemeklik, olary tükeniksiz döwlet we feodal salgytlaryndan, borçlaryndan halas edipdir. Emma ilatyň belli bir böleginiň kyn şertlerde ýaşaýandygyna garamazdan, ýurtda oba hojalygy, senetçilik, söwda ösüpdir. Şäherler baýapdyr. Koreýada öndürilýän harytlar Ýaponiýanyň we Hytaýyň bazarlaryna çykarylypdyr.

IX asyrda iri ýer eýeleriniň ummasyz köp ýerleri eýelemegi, süýthorçylygyň we söwdanyň ösmegi bilen koreý daýhanlarynyň garyplaşmagy güýçlenýär. Onda-munda ygyp ýören gaçgak daýhalaryň toparlary ýurduň dürli ýerlerinde häli-

şindi duşupdyr. Üstesine-de, dürli toparlanyşyklaryň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler hem ýitileşipdir. Bu bolsa ýurduň bitewiligine howp salypdyr. Halkdan alynýan salgytlaryň köpelýändigine garamazdan, döwlet hazynasyna girdejiler gelmändir. Sebäbi ýygnalýan salgytlar her hili ýollar bilen emeldarlaryň ygtyýaryna geçirilipdir. Şeýle ýagdaýlar sebäpli IX asyryň başlarynda ýurtda halk gozgalaňlary başlaýar. IX asyryň bütin dowamynda gozgalaňlar ýurduň kä ol ýerinde, käte başga ýerinde turupdyr. Has hem «Gyzyl balaklylaryň» we «Sary daňylylaryň» gozgalaňlary güýçli bolupdyr.Ýöne olaryň hemmesi hem hökümet goşunlary tarapyndan basylyp ýatyrylypdyr.

Daýhanlar gozgalaňlary bilen bir hatarda ýurduň gowşamagy we syýasy taýdan ýuwaş-ýuwaşdan dargamak hadysasy hem dowam edipdir. Käbir täsirli feodallar öz taraplaryna gozgalaňçylary çekmek bilen merkezi hökümetden bölünip ugrapdyrlar we özbaşdak hanlyklary döredipdirler. Netijede, X asyryň başlaryna çenli Silla döwletiniň çägi kiçelip, ol Koreýanyň gündogaryndaky kiçijik döwlete öwrülipdir we onuň galan ýerlerinde özbaşdak beglikler döräpdir.

**Koreýanyň medeniýeti.** Üç döwletleriň döwründe medeniýet, sungat we ylym ösüpdir. Şunda Koreýa Hytaýyň edýän täsiri uly bolupdyr. Koreýleriň gadymy ata-babalarynyň köphudaýlylygynyň (*politeizm*) ornuna konfusiançylyk we buddizm aňyýetleri gelipdir. Ýöne ata-babalaryň dinleriniň täsiri hem entek saklanyp galypdyr, ýagny, ata-babalaryň ruhuna we tebigatyň güýçlerine çokunmaklyk şindi dowam edýärdi. Gürrüňi edilýän döwürlerde Koreýada binagärçilik, heýkeltaraşlyk ösüpdir. Ata-babalaryň dini ynançlary has-da kämilleşipdir. Ir döwürlerde Koreýada taryh hytaý dilinde ýazylypdyr. Emma VII asyrdan başlap hat-ýazuw ieroglif haty bilen koreý dilinde ýazylyp ugraýar.

Demirgazyk Koreýanyň ýerinde (Kansoda, Anakede we başgalar) saklanyp galan kogurýoly begzadalaryň aramgähleri,

olaryň gurluşygynda ulanylan dürli binagärçilik tilsimleri Kogurýoda binagärçiligiň we sungatyň ösendigine şaýatlyk edýär. Kenju etrabynda geçirilen arheologiki barlaglar döwründe ýüze çykarylan tapyndylar Silla döwletinde senetçiligiň we hünärmentçiligiň ýokary derejede bolandygyny görkezýär. Tapyndylaryň arasynda arassa altyndan edilen patyşa jygasy, altyn gülýakalar, bilezikler, ýüpek matasynyň galyndylary, sowuk ýaraglar aýratyn nepisligi bilen tapawutlanýarlar. Şeýle hem Kunjadaky gadymy obserwatoriýanyň galyndylary VII asyryň ortalarynda Silla döwletinde ylmyň, bilimiň gazananlaryny görkezýän aýdyň subutnamadyr.

Koreýada umumy halk diliniň kemala gelmegi bilen, ony ulanmak we edebiýatyň diline öwürmek bilen baglanyşykly işler durmuşa geçirilipdir. VII asyryň ahyrlarynda koreý alymy Solçhon hytaý hatyna esaslanýan koreý ýazuwyny döredýär. Silla döwletinde Hytaý medeniýetine uly sarpa goýlupdyr, şonuň üçin hem paýtagta hytaýly alymlar, din adamlary çagyrylyp getirilipdir. Olar paýtagtdaky ýokary okuw mekdebinde mugallymçylyk edipdirler. Sillaly begzadalaryň köpüsi Tan imperiýasynyň paýtagty Çananda bilim alypdyrlar. Olaryň biri, budda monahy He Çho (VIII asyr) Hytaýdan Hindistana we Merkezi Aziýa syýahat edipdir. Onuň biziň günlerimize gelip ýeten «Hindistana syýahat barada gürrüňler» atly eseri bu sebitleriň halklary barada gymmatly çeşmedir. Hytaýda bilim alan sillalylaryň biri-de, meşhur ýazyjy hem-de alym Çhwe Çhiwon (858-951) bolupdyr. Halk döredijiliginiň esasynda Sillada özboluşly ýerli edebiýat hem kemala gelipdir.

Koreýanyň ýerleri bir bitewi Silla döwletine birleşdirilenden soň ýurtda heýkeltaraşlyk we binagärçilik has hem ösüpdir. Sokkuram gowagyndaky Buddanyň heýkeli, Pilguksa ybadathanasyndaky Tabothap minarasy şu döwrüň ajaýyp ýadygärlikleridir. Pondoksa ybadathanasyndaky bürünçden edilen jaň Sillada metal eretmegiň we ondan çeper

önümleri öndürmegiň has kämil derejelere ýetirendigine şaýatlyk edýär. Jaňyň ýüzüne güberçek görnüşde çekilen şekiller halk durmuşyny we begzadalaryň zynatly ýaşaýşyny inçelik bilen beýan edýär.

## § 7. Ýaponiýada orta asyr döwletiniň döremegi

**Tebigaty we ilaty.** Ýaponiýa müňden hem gowrak ululy-kiçili adalarda ýerleşýän ýurtdyr. Ýaponiýanyň howasy oba hojalygyny ýöretmek üçin amatlydyr. Emma ekerançylyk üçin ýaramly ýerler köp däldir, sebäbi ýurduň köp bölegini daglar tutýar. Ýaponiýa häli-şindi tebigy betbagtçylyklara - ýer titremelerine, wulkanlaryň oýanmagyna, suw joşmalaryna, sil gelmelerine hem döz gelmeli bolýar.

Häzirki ýaponlaryň ata-babalary Aziýanyň materik böleginden göçüp gelipdirler. Olar ýaponlaryň esasy iýmiti bolan şaly ýetişdirmegi we mallary köpeltmegi başarypdyrlar. Goňşy taýpalar bilen söweşleri alyp baryp, ýaponlar ýurduň esasy bölegini düzýän uly dört sany adany – Hokkaýdo, Honsýu, Kýusýu we Sikoku adalaryny eýeläpdirler.

Rowaýata görä, Ýaponiýanyň ilkinji patyşasy (*tenno*) Dzimmu bolup, ol b.e.ö. VII asyrda ýaşap geçenmiş[1]. Emma alymlar ilkinji döwletiň III-IV asyrlarda Ýamato taýpasynyň ýaşaýan ýerinde dörändigini belleýärler. Ýaponlar öz patyşalaryny Hudaý tarapyn dörän diýip düşünipdirler. Ýaponlaryň adaty ynançlaryna görä, ýurduň patyşalary öz aslyny Gün hudaýy (aýal hudaýy) Amaterasudan alyp gaýdýarlar.

Ýapon adalarynyň iň gadymy ilaty häzirki aýnularyň ata-babalary bolan gadymy ebisu taýpasy hasap edilýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, ebisu taýpasy Hindihytaý ýarym

---

[1] Rowaýata görä, Dzimmu gün hudaýy Amaterasunyň nesillerinden bolup, ol hamana b.e. öňki 660-njy ýylyň 11-nji fewralynda ýapon tagtyna çykanmyş. 1967-nji ýyldan bäri her ýylyň 11-nji fewraly Ýaponiýada imperiýanyň esaslandyrylan güni hökmünde bellenilýär.

adasyndan we Indoneziýa adalaryndan göçüp gelipdir diýlip çaklanylýar. Dürli döwürlerde ýapon adalaryna koreýler, hytaýlylar, mançžur-tungus taýpalary hem göçüp barypdyrlar we ebisu taýpasyny ýurduň çet demirgazygyna gysyp çykarypdyrlar. Aldym-berdimli uruşlarda bir taýpa beýleki bir taýpa tarapyndan boýun egdirilipdir, şunuň bilen bir hatarda taýpalaryň biri-biri bilen gatyşyp-garyşmagy hem güýçli dowam edipdir. III asyryň ahyrlarynda – IV asyryň ortalarynda Ýamato taýpasy beýlekilerden has güýçlenipdir we Honsýu adasynyň merkezide Ýamato taýpa bileleşigini döredipdir. Şonuň üçin hem ýurduň başky ady bolan Ýamato[1] şeýdip ýüze çykypdyr.

Häzirki ýaponlaryň ata-babalary ekerançylyk üçin has amatly ýerlerde ornaşypdyrlar. Olar ýaponlaryň esasy iýmiti bolan şaly ýetişdirmegi we mallary köpeltmegi başarypdyrlar. Eýýäm III-IV asyrlarda olaryň esasy oba hojalyk ekini şalyçylyk bolupdyr. Munuň üçin olar ýaplary çekipdirler, howuzlary gurupdyrlar. Şalyçylyk bilen bir hatarda Ýaponiýada ýüpekçilik hem giňden ýaýrap başlapdyr. Senetçileriň arasynda dokmaçylar, külallar we neçjarlar köp bolupdyr. Koreýlar, hytaýlylar ussat senetçiler hasap edilip, III asyrdan olaryň Ýaponiýa göçüp gelmekleri has hem giň gerime eýe bolupdyr. Sebäbi Hytaýyň, Koreýanyň demirgazygyna çarwalaryň çozuşlary bu ýerleriň ilatynyň Ýaponiýa göçmeklerine sebäp bolupdyr. Şonuň üçin hem V asyrda koreýleriň hem-de hytaýlylaryň ýurda göçüp gelmekleri adaty waka öwrülipdir.

Göçüp gelýänler ilatyň «*be*» diýlip atlandyrylan toparyna goşulypdyrlar. Şol döwürler «be» toparynyň düzümine ýurduň gyrak-çetlerinde gorag işini ýerine ýetirýän oba jemagatlarynyň ilaty, köphudaýlylyk dininiň ruhanylary we hytaýça ýazyp-bozup bilýän okumyşlar, şeýle hem oba jemagatlarynyň jenaýat

---

[2] Ýaponiýanyň häzirki «*Nihon*» (Günüň dogýan ýurdy) ady VII asyrda peýda boldy. Ýewropalylaryň dakan Ýaponiýa ady XIII asyrda Hytaýda bolan Marko Poladan gözbaş alyp gaýdýar.

edendikleri üçin gulçuluga sezewar edilen adamlary degişli bolupdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen «be» gatlagynda hem özgerişler bolup, olaryň içinden gurply adamlar ösüp ýetişipdirler, galanlary bolsa tabyn ilata öwrülipdirler.

Ýönekeý haryt önümçüliginiň ösmegi bilen V asyrda Ýaponiýada bazarlar ýüze çykypdyr. Olaryň iň irkisi Honsýu adasynyň merkezindäki häzirki Osaka şäheriniň töwereginde ýerleşen «hytaý bazary» bolupdyr. Şol döwürler söwda işleri güýzde, hasyl ýygnalyp gutarandan soň alnyp barlypdyr. Bazarlarda däne, balyk, ýarag, atlar, mallar, giçkiräk döwürde bolsa dürli görnüşli zynat harytlary hem satylypdyr.

Önümçiligiň ösmegi we giňemegi bilen ýapon jemgyýetinde emläk taýdan deňsizlik güýçlenipdir, begzada toparlary peýda bolupdyr. IV asyryň ahyrlarynda – V asyrda taýpa bileleşiginiň serdarynyň häkimiýeti güýçlenipdir we ol wagtyň geçmegi bilen patyşanyň (tenno) wezipesini ýerine ýetirip başlapdyr. Orta asyr gatnaşyklarynyň ösmeginiň netijesinde ekerançylyk jemagatlary uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu jemagatda hususyýetçiniň hukugyna eýe bolan mülkdar maşgalalar öň hatara çykypdyrlar. Ýokary gatlaklaryň peýdasyna dürli ýygymlaryň ýygnalmagy däne we senetçilik önümi görnüşinde salgydyň döremegini tizleşdiripdir. Zähmetkeş halk suwaryş ulgamyny arassalamak, berkitmek we gurluşyk işlerini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly zähmet borçlaryny hem ýerine ýetirip başlaýar.

Patyşa köşgünde begzada maşgalalary jemlenipdirler we wagtyň geçmegi bilen olar döwlet wezipelerini eýeläpdirler. Şeýle maşgalalaryň birleri baş ruhanynyň wezipesini eýeläpdirler, ýene birleri esgerlere we ýarag göterijilere, üçünjileri köşk goragçylaryna, dördünji birleri bolsa hazyna gözegçilerine öwrülipdirler. Bu wezipeler begzada maşgalalaryna nesilme-nesil berlip, soňra şolaryň esasynda köşk derejeleriniň we wezipe basgançaklarynyň çylşyrymly gurluşy ýüze çykypdyr.

Aýry-aýry begzada maşgalalarynyň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler hem güýçlenipdir. Şol maşgalalaryň biri bolan Sogalar 592-nji ýylda patyşany öldürýärler we häkimiýetde agalyk ediji ýagdaýa eýe bolýarlar. Öz täsirlerini has-da berkitmek maksady bilen Sogalar koreýler hem-de hytaýlylar tarapyndan Ýaponiýa getirilen buddizm dinine daýanyp başlapdyrlar. Şeýtmek bilen Sogalar ýaponlaryň milli dini bolan sintonyň («hudaýlaryň ýoly») täsirini peseltmäge çalşypdyrlar.

**Ýaponiýada irki orta asyr döwletiniň döremegi.** VII asyryň başlarynda ýurtda patyşa häkimiýetini berkitmäge gönükdirilen birnäçe çäreler amala aşyrylypdyr. Patyşa neslinden bolan Sýotoku-taýsi içeri syýasatda hytaý medeniýetiniň muşdaklary bolan köşk begzadalaryna daýanypdyr. 604-nji ýylda Sýotoku-taýsi «17 maddalyk kanuny» kabul edýär. Bu kanunda dolandyryşda Hytaý düzgünlerini kabul etmäge ymtylyşlar duýlupdyr. Emma bu kanuny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge mümkinçilik bolmandyr. Sebäbi ýurtdaky ähli häkimiýet Sogalaryň elindedi.

Sýotoku-taýsi daşary ýurtlar, birinji nobatda Hytaý bilen gatnaşyklary giňeltmäge çalşypdyr. 607-nji ýylda Hytaýa ilçiler topary ugradylýar. Hytaýda ýaponiýaly begzada ýaşlary bilim hem alypdyrlar. Şeýtmek bilen Sýotoku-taýsi Ýaponiýada patyşa häkimiýetini berkitmek isläpdir. Emma patyşa häkimiýetiniň güýçlenmegine Sogalar päsgel berýärdiler. Şonuň üçin hem 645-nji ýylda Ýaponiýada döwlet agdarylyşygy bolup geçýär. Koreýaly ilçileriň kabul edilýän wagty sogalaryň ýaşulysy Uruk we beýleki tanymal sogalaryň ählisi öldürilýär, olaryň köşgi bolsa otlanylýar. Tagta sumeragiler patyşa nesliniň ýaşulysy Kotoku (645-654) çykarylýar. Ol «*Taýka*» (Uly öwrülişikler) tagt ady bilen ýurdy dolandyryp başlaýar. Şeýlelikde, Ýaponiýada Hytaý däpleri esasynda gurlan merkezleşdirilen orta asyr döwleti döreýär.

646-njy ýylda patyşanyň permany bilen iri ýer eýeçiligi we daýhanlaryň olara bolan garaşlylygy ýatyrylýar. Ýurduň ähli ekerançylyk ýerlerine döwlet eýeçligi girizilýär. Perman boýunça daýhan hojalyklaryna döwlet tarapyndan ýer paýlary bölünip berilýär. Ýer paýyny alan daýhan hojalygy döwlete önüm (şaly), ýüpek (mata ýa-da pamyk görnüşinde) salgydyny tölemäge we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge borçlandyrylýar. Bu döwürde öňki garyndaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýan syýasy dolandyryş ulgamy ýatyrylýar. Öňler hakykatdan hem ýurdy täsirli begzada maşgalalary, olaryň kowumdaşlary dolandyrýardy, emma indi ýurdy merkezleşdirilen döwlet edarasy dolandyryp başlady. Ýurduň ilkinji paýtagty Naniwa (häzirki Osaka), 653-nji ýyldan başlap bolsa Asuka (häzirki Nara şäheriniň golaýynda) şäheri boldy.


Fudziwara Kamatari (614-669)

Ýaponiýada sogalaryň häkimiýetiniň ýykylmagynyň sebäbi olar daýhan hojalyklarynyň ýere bolan talaplaryny ýerine ýetirmeýärdiler, salgyt ýygnamakda eden-etdiliklere ýol berýärdiler. Üstesine-de, wagtal-wagtal bolup durýan tebigy betbagtçylyklar daýhan hojalyklarynyň ýagdaýyny has-da kynlaşdyrýardy.

Ýer özgertmesini geçirmeklik täze häkimiýetleriň ilkinji nobatda durýan wezipesidi. Şonuň üçin hem 652-nji ýylda salgyt töleýän daýhan hojalyklary kem-käsleýin hasaba alynýar. Munuň özi Hytaýdaky ýaly «bölek ýer ulgamyny» girizmäge taýýarlyk işleriniň başlangyjy boldy. Şol ýyl «bäş hojalyklaryň» borçlary hakynda perman kabul edilýär. Permanda görkezilişine görä, edil Hytaýdaky «*baoszýa*» (birek-birek üçin jogapkärçilik) düzgüni ýaly, bäş hojalyklaryň agzalary öz ýerleriniň töweregindäki adamlaryň hereketini gözegçilige almaga we ol barada ýerli häkimiýetlere habar bermäge, baş hojalygyň ähli agzalary üçin doly jogapkärçilik çekmäge, bäş ýylyň dowamynda bäş hojalygyň gaçgak agzalaryny gözläp tapmaga, erkek adamsy ýok hojalygyň emläk işlerini ýöretmäge, ölüm jezasyna höküm edilen jenaýatkäriň çagalaryny terbiýelemäge, kynçylyk çekýänlere kömek bermäge, ýollary gowy saklamaga, tut agajyny ekmäge we başgalara borçlanypdyrlar.

Kotoku ölenden soň 654-nji ýylda onuň ejesi Saýmeý (654-662) tenno - patyşa bolýar. Ol tebigaty boýunça şady-horramlyklary, baýramçuylyklary söýýän aýal bolupdyr. Ol ýurduň dürli ýerlerinden 100 müň adam ýygnap owadan köşk gurduryp başlaýar. Patyşa aýalyň hereketi ýurduň içinde uly närazyçylyklary döredýär. Emele gelen ýagdaýdan sogalaryň ýaşulysy Akaýe peýdalanýar. Ol Kotokunyň ogly Arimi öz tarapyna çekipdir. Emma sogalaryň topalaňy netijesiz tamamlanýar we olaryň köpüsi jezalandyrylyp öldürilýär.

Şol döwürler Ýaponiýanyň araçäkleri hem asuda bolmandyr. Ýurduň demirgazygynda ýaşaýan ebisu taýpasy häli-şindi döwletiň araçäklerine çozuşlary gurap durupdyrlar. 658-nji ýylda ebisulara garşy jezalandyryjy ýöriş geçirilýär. Netijede, 660-njy ýylda olar kül-peýekun edilýär, ýöne soň-soňlar hem olar Ýaponiýa çozup durupdyrlar.

Emma Ýaponiýa esasy howp günorta-günbatardan abanypdyr. Daşary syýasatda Ýaponiýa Koreýadaky üç

döwletiň biri bolan Pekçäni goldapdyr. 660-njy ýylda Pekçe Hytaýdan ýeňlipdir we pekçeli şazada Ýaponiýa gaçyp gelýär. Bu wakadan bir ýyl geçenden soň Pekçede hytaýlylara garşy gozgalaň turýar. Pekçäniň şazadasy bäş müňlük ýapon goşuny bilen ýurduna dolanyp gelýär. Saýmeý Pekçä has degerli kömek bermegi ýüregine düwüp taýýarlyk işlerine başlaýar, ýöne keselläp aradan çykýar. Onuň işlerini tagtyň mirasdüşeri Tenti (662-671) dowam etdirýär. Tenti 662-nji ýylda 27 müňlük goşuny 400 sany gämi bilen Koreýa ugradýar. Emma birleşen hytaý-silla (Silla – Ýaponiýadaky üç döwletiň biri) goşunlary ýaponlary agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Şunuň netijesinde Hytaý Pekçäni basyp alýar. Pekçeden soň Hytaý Koreýanyň beýleki bir döwleti bolan Kogurýony hem basyp alýar. Şundan soň hytaý goşunlary Ýaponiýa garşy urşa taýýarlanyp başlaýarlar. Hytaýyň hökümeti Sillany hem Ýaponiýa garşy uruşda peýdalanmak isläpdir. Emma sillalylar hytaý goşunlaryny aldaw ýoly bilen ýok edýärler we Ýaponiýa garşy ýöriş amala aşman galypdyr.

Günorta-Günbatardan abanýan howp Tentini ýer özgertmesini geçirmäge mejbur edýär. Onuň şahsy işjeňligi bilen ýer eýeleri öz mülklerinden we özlerine tabyn daýhan hojalyklaryna bolan hukuklaryndan el çekip başlaýarlar. Tentiniň hut özi döwletiň peýdasyna hususy mülklerinden el çekýär. 664-nji ýylda Tenti begzadalar babatynda şeýle döwlet derejelerini hem girizýär: 1) «neberäniň hudaýy», 2) «neberäniň düýbüni tutujy», 3) «uly neberebaşy». Ýapon patyşasy milleti hem iki gatlaga bölýär: 1) halk (*tami*) we 2) «garamaýak» (*ýakabe*). Garamaýaklaryň agramly bölegi gurply hojalyklaryň elinde işläpdirler.

670-nji ýylda daýhanlary gaçyrmazlyk we olary ekerançylyk ýerlerine ymykly berkitmek maksady bilen ilat ýazuwy geçirilýär. Bu işiň baş maksady döwlet hazynasyna gelýän girdejileriň mukdaryny artdyrmak bolupdyr. Täze oba dolandyryş ulgamy döredilip, oňa merkezden bellenilýän

emeldarlar ýolbaşçylyk edipdirler. Patyşanyň permany bilen täze jenaýat we raýat jemkanuny hem kabul edilýär. Bu jemkanunlar Nakatomi-no Kamako atly täsirli begzada tarapyndan düzülipdir. Soňra ol döwletde birinji ministriň (baş wezir) wezipesini eýeleýär. Nakatomi-no Kamakonyň neberesi Fudziwara ady bilen belli bolup, olar ýapon döwletiniň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. Fudziwaralar köne ruhany neberesi bolup, 729-njy ýyldan başlap döwletde olaryň abraýy has hem artýar. Sebäbi şol ýyl girizilen täze dessura görä, patyşalar diňe Fudziwaralar neberesinden bolan gyzlara öýlenmeli bolupdyrlar. Netijede, Ýaponiýada döwlet häkimiýeti şa aýallarynyň elinde jemlenip ugrapdyr. Çünki döwlet wezipesini esasan şa aýalyň garyndaşlary eýeleýärdiler. Bu döwürde Ýaponiýanyň syýasy abraýy hem artypdyr. Öňler hytaý ýyl ýazgylarynda Ýaponiýany «girdenek adamlaryň ýurdy» diýip atlandyran bolsalar, indi ony «Günüň köki» diýip atlandyryp başlapdyrlar.



Ýüpek matanyň ýüzüne çekilen surat (Osaka, VI asyr)

671-nji ýylda Tenti ölenden soň tagt ugrunda onuň ogly Kobun bilen inisi Oamanyň arasynda göreş başlaýar. Kobun sekiz aý hökümdarlyk edip, garşydaşyndan ýeňilýär we özüni öldürýär. Inisinden üstün çykan Oama özüne Temmu tagt adyny alypdyr we ol 673-686-njy ýyllarda patyşalyk edýär. Tagt ugrundaky göreşler Ýaponiýanyň taryhynda «ýyllaryň topalaňy» ady bilen bellidir. Munuň özi ýurduň içeri syýasy ýagdaýynyň asuda bolmandygyna şaýatlyk edýärdi.

Temmunyň dolandyran ýyllarynda köp üýtgeşmeler girizilipdir. Bu döwürde orta we ownuk begzada nebereleriniň ähmiýeti artypdyr. Patyşa köşk dildüwüşiklerine gatnaşan iri begzadalaryň käbirlerini ýurduň gündogaryna göçürip, olary

daýhanlara öwrüpdir. Garaşly ilat (*kakibe*) indi «döwlet adamlary» (*komin*) we uly neberelere degişli bolan ýerler «döwlet ýerleri» (*koti*) diýlip yglan edilýär. Patyşa ilkinji gezek garaşly ilatyň bergileriniň geçilýändigini yglan edipdir. Döwlet emeldarlary üçin her ýylda eden işleri barada hasabat bermeklik düzgüni hem girizilýär. Emeldarlar din işlerine gatyşmak hukugyndan mahrum edilýär. Patyşa tarapyndan ybadathanalara bir ýyldan 30 ýyla çenli möhlet bilen ekerançylyk ýerleri berilýär.

Patyşa häkimiýetiniň abraýyny artdyrmak, ony has-da berkitmek maksady bilen Ýaponiýada ýyl ýazgylary ýazylyp başlaýar. Goşun üçin hemişelik harby okuwlar girizilýär. Hökümet begzadalar üçin olaryň döwlet gullugynda eýeleýän wezipelerine laýyklykda täze derejeleri we atlary hem girizýär. Şeýdip Ýaponiýada Mabuto, Asomi, Sukune, Imiki, Mitinosi, Omi, Muradzi, Inagi ýaly derejeler döreýär. Bu derejeler soňra belli ýapon familiýalaryna öwrülipdirler.

Kanunçylyk işleri Temmu ölenden soň hem dowam edýär. Patyşa aýal Dzitonyň (687-696) döwründe harby borçlylyk girizilipdir. Bu kanuna görä, maşgalanyň her bir dördünji erkek adamsy gulluga alnypdyr. Dolandyryş ulgamynda-da üýtgeşmeler girizilipdir. Ýurt boýunça her bir 50 sany daýhan hojalygyny birleşdirýän dolandyryş birligi – oba (*sato*) döredilipdir. Patyşanyň kabul eden karary bilen gulçulygyň gerimi has azaldylypdyr. Karar boýunça agasy kiçi inisini gulçulyga satyp bilmändir. Bergidarlyk gulçulygy hem ýatyrylýar, sebäbi öňler kim bergisini berip bilmese ony gulçulyga satýar ekenler. Azat adam bilen guldan bolan çagalar erkin diýlip yglan edilipdir. Azat edilen gullar ikilenç gulçulyga sezewar edilip bilinmändir. Emma çagalaryň gulçulyga satylmagy gadagan edilmän, tersine, bu ýagdaý kanunlaşdyrylypdyr. Dzitonyň permany bilen är-aýallaryň aýralykda ýaşamagy hem gadagan edilýär. Emma durmuşda bu ýagdaý köp wagtlap dowam edipdir. Öňler ýapon zenany

çagasy bolýança adamsyndan aýra ýaşap bilýär eken. 696-njy ýylda Dzito 14 ýaşly agtygy Mommunyň (697-707) peýdasyna tagtdan el çekýär we galan ömrüni budda ybadathanasynda geçirýär. Dzito jesedi oda ýakylan birinji ýapon patyşasydyr.

**Orta asyr gatnaşyklarynyň ösýän döwründe Ýaponiýada agrar gatnaşyklary.** Irki orta asyrlarda Ýaponiýada ýer eýeçiliginiň iki görnüşi bolupdyr. Eýeçiligiň giň ýaýran görnüşi döwlet eýeçiligi bolup, kanun iri ýer eýeçiligine (sýöen) hem ygtyýar edipdir. Emma Dzitonyň döwründe ähli ýerler döwletiňki diýlip yglan edilýär. Her bir daýhan hojalygyna aýratyn ýer paýy bölünip berilýär. Ýer berlende maşgalanyň sany göz öňünde tutulyp, 6 ýaşdan ulylar hasaba alnypdyr. Erkek adama berilýän ýer paýynyň möçberi 2 tana (1 tan – 0,12 ga), aýala berilýäni bolsa, erkege berilýäniň 2/3 bölegine barabar bolupdyr. Ýer paýlanyşygy her 6 ýyldan bir gezek (Hytaýda her ýyl geçirilýärdi) geçirilip, maşgalanyň sanynyň üýtgeýşi hasaba alnypdyr. Daýhan maşgalalaryna bag we kiçiräk mellek ýerleri hem berlipdir. Şeýlelikde, Ýaponiýada amala aşyrylan bu çäreler ýurtda jemagatçylyk zamanasynyň tamamlanyp, täze - has ösen orta asyr gatnaşyklarynyň esasyny goýupdyr.

Ýere berkidilen daýhanlar döwlete däne (şaly) salgydyny tabşyrypdyrlar. Mundan başga-da, daýhandan senetçilik önümi (ýüpek) hem alnypdyr. Daýhan hojalyklary ýylyň dowamynda döwletiň peýdasyna 100 we ondan hem köp gün dowam edýän zähmet borjuny ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Kyn ýeri, döwletiň hasabyna mugt işlenilýän döwri, daýhan hojalygynyň öz ýetişdiren hasylyny ýygnaýan döwrüne gabat gelipdir.

Daýhan hojalyklarynyň ýagdaýyny harby borçlylyk kynlaşdyrypdyr. Indi maşgalanyň her üçünji erkek adamsy serhetde gulluk etmäge borçlandyrylypdyr. Gulluga çagyrylýanlar at, ýarag, harby lybas we azyk önümleri bilen özlerini üpjün etmeli bolupdyrlar. Gulluk edýän her altynjy esger alty sany aty bede bilen üpjün etmelidi. Ýagdaý şeýle

bolansoň harby gulluga gitmeklik daýhan hojalygy üçin hakyky betbagtçylyga öwrülipdir.



Külalyň ussahanasy

VIII asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap bölek ýer ulgamy bozulyp ugraýar. Sebäbi agyr salgytlar we döwletiň peýdasyna işlemeklik hojalyklary tozdurypdyr, ýöne käbir daýhan hojalyklary bolsa gurplanypdyr. Sebäbi ýeterlik derejede iş mallarynyň bolmagy, şeýle hem maşgala agzalarynyň sanynyň köp bolmagy peýda beripdir. Kähalatlarda, başga ýerden gaçyp gelýän tozan daýhanlar şeýle hojalyklaryň hyzmatkärlerine öwrülipdirler. Daýhanlary süýthorçulyk hem tozdurýardy. Şol döwürler her etrap merkezinde hazyna ugradylýan dänäniň bir bölegini jemläp, ätiýaçlyk üçin galdyrýardylar. Hökümet şol dänäni 30-50% göterim derejede kynçylyk çekýän hojalyklara karz bermäge ytyýar edýärdi. Ýerli emeldarlar şol karzdan gelýän girdejini özleri alypdyrlar ýa-da zerur bolmasa-da daýhanlara zorluk bilen dakýardylar. Bu ýagdaý parahorçulygy hem-de süýthorçulygy güýçlendripdir.

Eden-etdilikleriň güýçlenýän şeýle zamanda daýhanlar özlerine degişli ýerlerini taşlap başga etraplara gaçyp gidýärdiler we iri ýer eýeleriniň mülklerinde işlemäge galýardylar. Munuň sebäbi, iri mülkdarlaryň ýerinde işleýänler, döwlet daýhanlaryndan has erkin bolupdyrlar. Sebäbi olar kesgitli ýa-da bikanun salgytlardan, borçlardan boşadylypdyr. Şeýle mülklerde döwlete salgydy mülkdaryň özi töleýärdi.

Mülkdaryň ýerinde işleýän daýhan diňe ýer eýesiniň özüne salgyt töläpdir we şunuň bilen onuň ýerine ýetirmeli wezipesi tamamlanypdyr. Ýöne, giçki döwürde Ýaponiýanyň agrar gatnaşyklarynda iri ýer eýeçiligi agalyk ediji ýagdaýa eýe bolandan soňra olar garaşly daýhanlara öwrüldiler. Olary jemgyýetçilik işlerinde, ýaz aýlary şaly ekilende, otag we ýekeleme döwründe, hasyl ýygnalanda giňden ulanypdyrlar.

702-nji ýylda kabul edilen «*Taýhoryo*» (Taýho döwrüniň kanuny) kanunyna görä baý adamlaryň mülkleriniň mukdary adaty daýhan hojalyklarynyň ýerlerinden 40-1250 esse köp bolupdyr. Şeýle mülkdarlaryň hataryna döwlet işgärleri girip, uly möçberdäki ýerler olara döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin berlipdir. Bu ýerler sylag ýerleri bolup, olary adatça ömürlik berýärdiler. Ýaponiýada wezipesi hem-de derejesi üçin berilýän gulluk ýerleri hem bolupdyr, ýöne ýeriň eýesi wezipeden gidenden soň, onuň ýerini başga bir gullukça berýär ekenler.

Sylag ýerleri iki-üç nesle, kähalatlarda bolsa hemişelik berlip, soňra ol şahsy eýeçilige öwrülipdir. Iri ýer eýeleriniň mülklerine (sýöen), olaryň ululygyna-kiçiligine laýyklykda 100-den 3000-e çenli daýhan hojalyklary berkidilipdir. Şeýle daýhan hojalyklary salgydyň ýaryny döwlet hazynasyna, ýaryny bolsa ýer eýesine töläpdir. Zähmet borjy bolsa diňe mülkdaryň peýdasyna ýerine ýetirilipdir. Patyşanyň hem uly möçberdäki mülkleri bolupdyr, ýöne şunuň bilen bir hatarda, patyşa ýurtdan ýygnalýan salgydyň hem bir bölegine eýeçilik edipdir. Alýan girdejisiniň bir bölegini patyşa aýlyk-günlük hökmünde köşk emeldarlarynyň arasynda paýlapdyr.

Ýaponiýada girizilen bölek ýer ulgamy, Hytaýdakydan belli bir derejede tapawut edipdir. Eger-de, Hytaýda ýer paýy adama zähmet ukubyna görä berlen bolsa, Ýaponiýada jynsyna we durmuş gelip çykyşyna görä berlipdir. Hytaýda dul galan aýallardan başga zenanlara ýer berilmedik bolsa, Ýaponiýada aýallar ýer paýyna eýe bolup bilýärdiler. Üstesine-de, ýapon

zenanlary nika gatnaşyklarynda, miras almakda we başgalarda ep-esli hukuklardan we azatlyklardan peýdalanyp bilýärdiler.

Mirasa eýe bolmakda-da käbir üýtgeşmeler geçirilipdir. Hakyky mirasdar (maşgalabaşy ýa-da onuň mirasdary) emläge eýe bolmakda artykmaç hukukdan peýdalanyp bilmändir. Sebäbi ähli emläk böleklere bölünipdir. Şonda iki paýa aradan çykanyň enesi ýa-da öweý enesi we hakyky mirasdar, bir paýa kiçi doganlar, ýarym paýa aýallar we gyrnaklar eýe bolupdyrlar. Munuň özi ýapon aýallarynyň jemgyýetde belli bir ähmiýete eýe bolandyklaryna şaýatlyk edýär.

Ýer bölüp bermeklik Hytaýda her ýylda, ony hasaba almaklyk her üç ýylda geçirilen bolsa, Ýaponiýada ýer paýlamagam, ony hasaba almagam her alty ýyldan bir gezek amala aşyrylypdyr. Elbetde, Ýaponiýanyň bölek ýer ulgamy Hytaý tejribesine daýanypdyr, ýöne bu işde öňi bilen ýurduň öz aýratynlyklary hasaba alnypdyr.

VIII asyryň ortalarynda – IX asyrda täze ýerleriň açylmagynyň esasynda ýere eýeçilik etmegiň başga bir görnüşi ýüze çykýar. Ol sýöeniň bir görnüşi bolupdyr. Boş ýatan ýerleri özleşdirmeklik köp zähmedi talap edýärdi. Bu işiň hötdesinden diňe gurply adamlar gelip biljekdiler. Täze açylan ýer onuň eýesiniň iki-üç nesline eýeçilik hukugy bilen berlipdir we olara däne salgydy kesgitlenilipdir. Emma şeýle eýeçiligiň berilmegi täze ýerleriň açylmagyny höweslendirip bilmändir. Şonuň üçin hem 743-nji ýylda  täze açylan ýer  onuň eýesiniň ygtyýaryna müdimilik berlipdir.

Özleşdirilmedik ýerler patyşa tarapyndan ýa-da ýokary wezipeli köşk adamlary tarapyndan peşgeş görnüşinde hem berlip bilnipdir. Şol ýerler özleşdirilenden soň onuň eýesiniň öz täze açan ýerini satmaga hukugy bolupdyr. Täze ýerleri özleşdirmeklik giň gerime eýe bolupdyr. Şonuň üçin hökümet çäklendirme girizmäge mejbur bolýar. Özleşdirmäge ygtyýar edilen ýeriň  aňry çägi 500 týo (1 týo – 1,05 ga) barabar bolupdyr. Bu köşk adamlaryna degişli bolupdyr. Şeýle ýerleriň

aşaky çägi 30 týo bolupdyr. Bu çäk etrap häkimlerine degişli bolupdyr.

Mülküň (*sýöen*) esasy salgyt töleỳjisi gurply daýhan bolup, olar «*tato*» diýlip atlandyrylypdyr. Tato ýylyň başynda sýöeniň eýesi bilen şertnama baglaşyp, potratçy hökmünde zähmet çekipdir. Wagtyň geçmegi bilen potratçynyň ýeri kem-kemden onuň ygtyýaryna geçip ugraỳar.

**Ýaponiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Taýkanyň başyny başlan özgertmeleri täze dörän ýokary gatlagyň häkimiýetini kemala getiripdir. Köne döwürde olaryň aglabasy täsirli nebereleriň ýaşulylarydy. Olar täze dörän ýokary gatlagyň esasyny düzmek bilen ýurduň ähli ykdysady we syýasy artykmaçlyklaryny öz ellerine alypdyrlar.«Bölek ýere» eýe bolan daýhan orta asyr jemgyýetiniň bir gatlagyna öwrülipdir we «Taýhorýo» kanunynda olar «gowy adamlar» diýlip atlandyrylypdyr. Ýapon jemgyýetinde az sanly gullar topary hem bolup, olary «ýaramaz adamlar» diýip atlandyrýardylar. Şeýlelik bilen irki orta asyrlar döwründe Ýaponiýada kanunçylyk esasynda gulçulyk ykrar edilipdir. Ýöne, gulçulyk bilen baglanyşykly ýurtda ýörite kanunçylyk tertibi işlenilip düzülipdir. Kanun boýunça kimdir biriniň hojalygynda guly bar bolsa, bu oňa goşmaça ýer paýyny almaga mümkinçilik beripdir. Mysal üçin, her bir döwlet guluna edil erkin adamynyňky ýaly ýer paýy berlipdir. Hususy eýeçilikdäki gula bolsa, erkin adama berilýän ýer paýynyň 1/3 bölegi berlipdir. Käbir gurply hojalyklaryň birnäçe guly bolupdyr, bu bolsa olara artykmaç ýer edinmäge mümkinçilik beripdir.

Gullar babatynda şeýle ýagdaýyň hököm sürmegi ýurtda gula bolan islegi artdyrypdyr. Munuň üçin daýhanlary zorluk bilen äkitmäge ýa-da ogurlamaga başlapdyrlar. Has hem çagalar köp ogurlanypdyr. Köplenç ata-eneler öz çagalaryny gulçulyga satmaga mejbur bolupdyrlar. Ýöne, bu zatlar gullara bolan islegi kanagatlandyryp bilmändir. Gullaryň esasy

köpçüligi döwlete degişli bolupdyr. Olaryň öýlenmäge we durmuşa çykmaga, her 10 günden bir gezek dynç almaga hukuklary bolupdyr. Gul bilen erkin adamdan doglan çaga, 76 ýaşa ýeten gul erkinlige çykypdyr.

VIII asyrda gullaryň sany köp bolmandyr, aýry-aýry ýerlerde olaryň sany has hem azalypdyr. Gul zähmeti bilen diňe agyr işler ýerine ýetirilipdir. IX asyrda gul zähmeti has pese düşüpdir we oba hojalygynda ol bütinleý diýen ýaly ýatyp galypdyr.

Irki orta asyrlar döwründe Ýaponiýanyň ýokary döwlet edarasy Döwlet Geňeşi (Dadzýokan) bolup, ol patyşa köşgünde ýerleşipdir. Döwlet Geňeşiniň düzüminde köşk, din, maliýe, raýat, harby, baýramçylyk, däp-dessur, derejeleriň işleri ýaly edaralar hereket edipdir. Ýaponiýa welaýatlara, olar hem etraplara bölünipdir. Welaýatlar, etraplar döwlet tarapyndan bellenilýän häkimler tarapyndan dolandyrylypdyr.

## § 8. Wýetnam döwleti irki orta asyrlarda

**Wýet jemgyýeti V-IX asyrlarda.** Irki orta asyrlarda Wýet döwleti häzirki Demirgazyk we Merkezi Wýetnamyň bir böleginde ýerleşipdir. Şol döwürler Wýet demirgazykda Hytaý, demirgazyk-günbatarda Taý döwleti, günbatarda dürli dagly taýpalary, günorta-gündogarda we günortada khmerleriň Kambujadeşa we häzirki Merkezi Wýetnamyň ýerinde ýerleşen Týampa döwleti bilen serhetleşipdir. Ýurduň esasy ekerançylyk merkezi Gyzyl derýasynyň boýlarydy. Wýetliler gadymy ekerançylar bolup, olar esasan dänelik (şaly) we bakja ekinleri ekipdirler, iri şahly mallary köpeldipdirler, ýüpek öndürip, ondan ýüpek matalary dokapdyrlar. Wýetnamda balykçylyk we merjen dänelerini ýygnamaklyk hem giň gerime eýe bolupdyr. Wýetde öndürilýän dürli görnüşdäki müşki-anbar önümlerine, dermanlyk otlara we tawus guşuň ýeleklerine Hytaý

bazarlarynda uly isleg bildirilipdir. Demirgazyk Wýetnamyň dag känlerinden mis, demir, galaýy, sink, gurşun, altyn ýaly magdanlary gazyp alypdyrlar we olardan dürli zähmet gurallaryny we senetçilik önümlerini öndüripdirler. Şirmaýy önümleri hem söwdada uly ähmiýete eýe bolupdyr. Wýetiň senetçilik önümçiliginde külalçylyk, mata dokmaçylygy aýratyn orun eýeläp, ýerli ussatlaryň öndüren ýokary hilli, nepis dokma önümleri bütin Uzak Gündogarda giň şöhrata eýe bolupdyr.

VIII – IX asyrlarda ýurduň ykdysadyýeti has hem ösüpdir. Derýalaryň jülgelerinde we deňiz kenarlarynda täze şäherler ýüze çykypdyr. Şäherlerde senetçilik önümçiligi ösüp, metal işläp bejermeklik we külalçylyk ýokary derejä ýetipdir. Wýetnamly binagärler köp gatly ymaratlary we gorag desgalaryny gurmagyň hötdesinden gelipdirler.

Gadymy wýet jemgyýeti şalyçy daýhanlaryň ownuk oba jemagatyndan, iri ýer eýelerinden we gullukçy gatlakdan ybarat bolupdyr. «Demirgazyga garaşlylyk» ýagny, hytaýly imperatorlarynyň dolandyran asyrlary bolan b. e. öňki I asyrdan – b.e. IX asyryna çenli döwürde bu jemgyýetçilik gurluşy ýerli kanunlar esasynda ösüpdir, kämilleşipdir. Sebäbi Hutaýyň uzakda ýerleşendigi we hytaýlylaryň Wýetde az bolandyklary üçin onuň täsiri pes duýlupdyr. Emma VI-IX asyrlarda Wýetnamda hem irki orta asyrlar zamanasy üçin häsiýetli bolan alamatlar doly derejede diýen ýaly ýüze çykypdyr. Bu döwürlerde hytaýly häkimleriň gözegçiligi ýuwaş-ýuwaşdan gowşapdyr, şunuň netijesinde wýetli mülkdar begzadalaryň täsiri artyp, olar ýerlerde dolandyryşy öz ellerine alyp başlapdyrlar. Garaşsyzlygyň dikeldilýän döwründe ýurtdaky syýasy häkimiýet hem şolaryň elinde bolupdyr. 905-nji ýyldan soň şu topar Wýetnamda häkimiýet başyna geçýär. Şu döwre çenli ýurduň ekin meýdanlarynyň bir bölegi olara degişlidi we 905-nji ýyldan soň ýokary wezipeli hytaýly emeldarlaryň ýerleri hem olaryň ygtyýaryna geçipdir.

Wýetli begzadalaryň mülkleri önüm salgydyny töleýän, erkin daýhanlary özünde jemleýän jemagatlardan (*sa*) ybarat bolupdyr. Begzadalara hukuksyz daýhanlaryň hem müňlerçesi degişlidi. Käbir iri ýer eýeleriniň birnäçe şaly ammarlarynyň bolmaklygy olaryň näderejede uly ýerlere eýe bolandyklaryndan habar beripdir. Iri ýer eýeleriniň esasy durmuş guramasy uruglar ýa-da nebere (*ho*) bolup, olaryň ýokary gatlagy begzada hasap edilipdir. Bu begzadalar aýry-aýry oba jemagatlaryndan nesilme-nesil şaly salgydyny ýygnapdyrlar. Begzadalaryň esasy köpçüligi wýetli baý ekerançylardan gelip çykypdyrlar. Begzadalaryň arasynda gelip çykyşy boýunça ruhanylar hem bar eken. Etniki taýdan olaryň agramly köpçüligi lakwýetlerden (wýetlileriň ata-babalary) we olar bilen garyndaş bolan namwýetlerden gelip çykypdyrlar. Begzadalaryň köpüsiniň öz ýaragly nökerleri bolup, olar öz oturan welaýatlarynda hojaýynçylyk edýärdiler.

**Wýetlileriň graşasyzlyk ugrundaky göreşleri.** «Demirgazyga garaşlylyk» döwründe (b. e. öňki I asyrdan – b.e. IX asyryna çenli) wýetliler bilen hytaýlylaryň arasynda yzygider göreşler bolup geçipdir. VI asyryň ortalarynda wýet halky hytaýlylaryň agalygyndan dynýarlar. 541-nji ýyldaky hytaý häkimiýetine garşy turan gozgalaň wýetlileriň ýeňşi bilen tamamlanypdyr. Gozgalaňyň baştutany, iri emeldar Li Bon (541-548) imperator diýlip yglan edilýär we Irki Li nesilşalygy (541-603) esaslandyrylýar. Wýet halkynyň ähli gatlaklarynyň gatnaşan bu urşy uzak wagtlap döwam edipdir. Wýetliler hytaý goşunlarynyň, şeýle hem týampalylaryň köp sanly hüjümlerini yzyna serpikdirmeli bolupdylar.

Döwletiň daşary syýasy ýagdaýyny berkidip, Li Bon ýurduň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni ösüşi bilen baglanyşykly çäreleri amala aşyryp başlaýar. Imperatoryň permany bilen ýurt Wansuan imperiýasy («On müň baharyň imperiýasy») diýlip atlandyrylýar. Li Bon kuwwatly döwlet edarasyny döredipdir we onuň başyna öz ýakyn adamlaryny

belläpdir. Ýerli häkimiýeti ýola goýmak bilen baglanyşykly işleriň hem giň tapgyry durmuşa geçirilýär.

Emma 545-nji ýylda Hytaý bilen wýetlileriň arasynda uruş hereketleri täzeden başlaýar. Bu uruşda Li Bonuň goşunlary ýeňilýär we ol dagly taýpalardan goldaw almak umydy bilen ýurduň demirgazyk-günbataryna çekilýär. Tiz wagtdan Li Bon aradan çykýar we onuň serkerdesi Çieu Kuaň Fuk hytaýlylara garşy urşy dowam etdirmek bilen ýurduň hökümdarynyň wezipesini hem ýerine ýetiripdir. Wýet halkynyň alyp baran azat edijilik urşunyň netijesinde 551-nji ýylda hytaýlylar ýeňilýärler we Wansuandan çykyp gidýärler.

Uruş gutarandan soň imperator bilen goşun serkerdesiniň arasynda özara göreş başlaýar we ýurt wagtlaýynça ikä bölünýär. Özara uruşlardan hytaýlylar peýdalanypdyrlar we 602-nji ýylda Wansuana garşy täze uruşlar başlanýar. 603-nji ýylda bolan söweşlerde hytaý goşunlary wýetlileri agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Şunuň netijesinde Wansuan Suý imperiýasyna tabyn edilýär we Wansuanyň iň soňky imperatory ýesir edilip Hytaýa äkidilýär. Netijede, Irki Li nesilşalygy ýasamagyny bes edýär. Ýurtda hytaý agalygy gaýtadan dikeldilenden soň Wýetnamda Hytaý dolandyryş ulgamy girizilýär we ýurt «*Annan*» («Boýun egdirilen günorta») diýlip atlandyrylýar. Wýetnamyň möhüm welaýatlarynda hytaý goşun bölümleri ýerleşdirilipdir, ýöne ýerlerde esasan wýetlileriň özleri dolandyryş işlerini alyp barypdyrlar.

IX asyryň ortalarynda Gyzyl derýanyň boýlaryna Nançžao döwletinden taý taýpalary göçüp gelipdirler. Hytaýly dolandyryjylar olaryň göçüp gelmegine päsgel beripdirler we 865-nji ýylda göçüp gelenler hytaý goşunlary tarapyndan gyrlypdyr. Bu çäreler wýetlilere Tan imperiýasynyň harby kuwwatyny we mümkinçiliklerini görkezipdir. Hytaýly dikme ýurtda dolandyryş edarasynyň işini kämilleşdiripdir, salgytlary azaldypdyr we ýeke-täk salgyt ulgamyny işläp düzüpdir.

Mundan beýläk hytaý goşunlary ýurduň merkezi welaýatlarda däl-de, onuň gyrak-çetlerinde ýerleşdiriliupdir. Şol bir wagtyň özünde paýtagty berkitmek bilen baglanyşykly işler hem geçirilipdir. Hytaýly dikmäniň we goşun bölüminiň ýerleşýän ýeri bolan Thaňlauň (häzirki Hanoý) şäheriniň erkgalasynyň daşyna iki gat galyň diwar galdyrylypdyr, şunuň netijesinde şäher ýaşaýjylary bolan ýerli wýetliler galanyň daşynda galypdyrlar.

Wýetnamyň üstünden gözegçiligi amala aşyrýan hytaýly dikme dolandyryş edaralaryny berkidýän çäreleriň hem birnäçesini geçiripdir. Ýürtda ýeke-täk salgyt ulgamy işlenip düzülýäýr. Şunuň esasynda daýhanlara salynýan salgytlaryň sany hem-de möçberi üzül-kesil azaldylýar. Ykdysadyýeti galkyndyrmak üçin derýalar we suwaryş akabalary arassalanylypdyr, ýollar gurlupdyr. Ýöne, bu işler hytaý-wýet gatnaşyklaryndaky duşmançylygy peseldip bilmändir we azat edijilik hereketi dowam edipdir.

**X-XI asyrlaryň başlarynda Wýet döwletiniň ykdysady ýagdaýy we syýasy göreşler.** X asyryň başlary Wýetnamda garaşsyz Daýkowýet döwletiniň ýüze çykmagy bilen häsiyetlendirilýär. IX asyryň ahyrlarynda Hytaýda Huan Çaonyň baştutanlygynda bolup geçen daýhanlar gozgalaňy we soňra Tan imperiýasynyň ýykylmagy wýetlilere garaşsyzlyk gazanmaga mümkinçilik beripdir. 939-njy ýylda Wýetnamyň garassyzlygy yglan edilýär. Täze döwletiň başynda iri ýer eýeleriniň topary durupdyr. Bu topar salgyt ulgamyny täzeleýär we öňki hytaý salgyt ulgamy ýatyrylýar, ýerlerdäki dolandyryş edaralary düýbünden bolsa täzelenýär. Ýurtda täze dolandyryş birlikleri girizilip, döwlet welaýatlara, etraplara, etrapçalara, şäherlere we oba jemagatlaryna bölünýär.

Ýurtdaky agalyk ediji gatlak iri ýer eyeleri bolupdyr. X asyryň ortalaryna çenli ýurduň iň uly 12 sany urugy - neberesi Daýkowýetiň dürli ýerlerindäki ýarym garaşsyz hökümdarlara – *sy-kuanlara* öwrülipdirler. Olaryň her biriniň dolandyrýan

ýerlerinde onlarça obalar bolup, şol obalarda azat daýhanlar bolan zanlar we garaşly daýhanlar oturypdyr. Sy-kuanlaryň häkimiýeti nesilden-nesle geçip, olaryň birnäçe ýapjalary hem bolupdyr. Sy-kuanlar öz ýapjalaryna wepaly gulluklary üçin uly emläkleri, iri mülkleri peşgeş beripdirler. Öz ýaragly nöker goşunlaryna daýanyp sy-kuanlar özara urşupdyrlar, ýöne umumy duşmana garşy olar ýurduň hökümdary bolan *wuanyň* (patyşa) serkerdeliginde söweşipdirler.

Mysallardan görnüşi ýaly X asyrda ýurtda syýasy dagynyklyk hokum sürüpdir. Iri begzadalar we ýerli dolandyryjylar bolan sy-kuanlar ýurduň merkezleşmegine päsgel berýärdiler. Emma agalyk ediji gatlagyň beýleki topary bolan döwlet emeldarlary ýurduň bitewiligini isläpdirler, sebäbi olaryň gün-güzerany döwlet edarasynyň kadaly işlemegi bilen baglanyşykly bolupdyr. Şeýle şertlerde ýokary wezipeli emeldar we serkerde Din Bo Lin hytaýlylaryň täzeden çozmak howpuny öňünden aňyp ýurdy merkezleşdirmäge we birikdirmäge girişýär. Netijede, Din Bo Lin Daýkowýetiň hökümdary bolýar we Täze Din nesilşalygyny (968-980) esaslandyrýar.

X asyryň 70-nji ýyllarynda merkezi häkimiýet ep-esli berkeýär. Hemişelik goşun döredilýär, döwlet dolandyryş edaralarynyň işi kämilleşýär we güýçlenýär, köşgüň abraýy artýar. Şu döwürlerde köne wýet däplerini dikeltmäge-de uly üns berilýär. Täze häkimiýet esasan oba jemagatlaryndan önüm görnüşinde salgyt ýygnaýan orta emeldar gatlagyna daýanypdyr. Gulluklary üçin bolsa olara «güzeran görmek üçin» obalary beripdirler, ýagny, olar salgyt ýygnap döwlete tabşyrypdyrlar we onuň bir bölegini özlerinde galdyrypdyrlar.

Wuanyň hökümeti sy-kuanlara garşy ýiti göreş alyp barypdyr, olaryň ellerinden ýerlerini alypdyrlar, höküm sürýän ýerlerini bölüşdiripdirler we başga ýerleriň düzümine goşupdyrlar. Döwlet häkimiýetini berkitmek maksady bilen Din nesilşalygy döwlet we ýerlerdäki dolandyryş edaralaryna

öz tarapdarlaryny belläpdir. Din Bo Lin Hytaý bilen hem arasyny sazlamaga synanyşyk edipdir we şu maksat bilen 971-nji ýylda Sun köşgüne ilçileri iberýär. 972-nji ýylda ol özüni Sunlaryň kagyz ỳüzündäki ýapjasy diýip yglan edýär we Hytaýa ujypsyzja paç töläpdir. Netijede, bu ýagdaý wagtlaýyn hem bolsa-da, Daýkowýetiň howpsuzlygyny üpjün edipdir, sebäbi şeỳle ýapjalyk ony Hytaýyň öňünde hiç bir zada borçly etmändir.

Din Bo Lin boýun egmezek sy-kuanlara garşy berk çäreleri ulanypdyr. Ol nöker goşunlarynyň ornuna 10 sany birikmeden ybarat bolan hemişelik goşun döredýär. Hemişelik goşuna daýanmak bilen Din Bo Lin öz garşydaşlaryndan ýowuz öç alypdyr. Emma iri begzadalar dildüwşüp, köşk agdarylyşygyny geçirýärler. Din Bo Lin tagtdan agdarylyp öldürilýär. Daýkowýetde ýene-de özara uruşlar başlaýar. Ýurtda özara uruşlaryň gidýän döwründe Daýkowýetiň üstüne hytaýlylar hem çozýar. Şonuň üçin hem daşky howp berk häkimiýetiň esaslandyrylmagyny talap edýär. Iri begzadalaryň bir bölegi birleşip, baş serkerde Le Hoany imperator – wua diýip yglan edýärler. 981-nji ýylda täze wua Hytaý goşunlaryna garşy söweşe başlaýar we üstünlikli hereket edip ýeňiş gazanmagy başarýar. Munuň özi Daýkowýetde Irki Le nesilşalygyny (981 – 1009) esaslandyrmaga mümkinçilik berýär. Bu nesilşalygyň dolandyran ýyllarynda döwlet kem-kemden güýçlenipdir.

## § 9. Indoneziýa irki orta asyrlarda

**Indoneziýanyň ýerindäki gadymy döwletler.** Indoneziýanyň ýerinde ilkinji döwletler Malaý arhipelagynda we Malakka ýarym adasynda biziň eýýamymyza geçilýän başky asyrlarda ýüze çykypdyr. Şol döwürler gürrüňi edilýän yerleriň ilaty kämil oba hojalygy bilen meşgul bolup, esasan şaly ekilipdir, ekerançylykda ulanmak üçin iri şahly mallar köpeldilipdir. Ilat bürünçden we demirden edilen dürli zatlary

ýasamagy başarypdyrlar. Sebitiň ilaty ussat deňizde üzüjiler hökmünde hem giňden tanalypdyr. Malakka bogazy we gadymy *Nusantara* (Alysdaky adalar) halkara sowda ýollarynyň ugrunda we çatrygynda ýerleşendikleri üçin bu ýerlerde söwda işleri güýçli ösüpdir. Sebitde alnyp barylýan söwda işlerine Ýakyn we Uzak Gündogaryň, şeýle hem Hytaýyň we Hindistanyň söwdagärleri işeňňir gatnaşypdyrlar.

Uly Zond adalaryndaky derýalaryň jülgelerinde we Demirgazyk Malaýýada ösen ekerançylyk medeniýetleriniň bolandygy barada hindi, antiki we hytaý çeşmelerinde gymmatly maglumatlar berilýär. Sebitde döwletleriň peýda bolmagynda, hat-ýazuwyň we ösen medeniýetiň kemala gelmeginde hindi siwilizasiýasynyň täsiri uly bolupdyr. Biziň eýýamymyzyň I-VI asyrlarynda Günbatar Indoneziýada we «Altyn ýarym adasynda» (grek ýazarlary Malaýýany şeýle atlandyrypdyrlar), hususanda, Molukka ýarym adasynyň we Sumatra adasynyň kenarlarynda onlarça şäher-döwletleri döräp, olar esasan halkara we üstaşyr söwdasynyň hasabyna ýaşapdyrlar. Ýöne, şalyçylyk pudagy hem bu döwletleriň ykdysadyýetinde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Molukka ýarym adasynda dörän ilkinji döwletler Langasuka, Tambralinga (ýarym adanyň demirgazygynda) we Takkola hasap edilýär. Geografiki taýdan amatly ýerleşmek bilen, bu döwletler özara syýasy bileleşikleri döredipdirler we Malakka ýarym adasynyň günbatar we gündogar kenarlaryndaky halkara söwda ýollaryna, şeýle hem Malakka bogazyndan Siam bogazyna gidýän deňiz ýollarynyň ugrundaky söwda nokatlaryna gözegçilik edipdirler. Ýöne, III-V asyrlarda olar eýýäm khmerleriň (Kampuçiýa) Bapnam döwletiniň ýapjasyna öwrülipdirler. Bapnam ýykylandan soň bolsa, olar Hytaý bilen işjeň diplomatik we söwda gatnaşyklaryny saklapdyrlar. Şu döwletleriň içinde iň güýçlüsi Langasuka bolup, onda buddizm esasy din hasap edilipdir.

Häzirki Indoneziýanyň günbatar adasy bolan Sumatranyň gündogar we günorta etraplary hem gadymy malaý siwilizasiýasyna degişli bolupdyr. III asyryň başlarynda bu ýerde Gein, VI asyrda bolsa, Malaýýu döwletleri döräpdir. Bu döwletler Hindistan, Eýran, Hytaý bilen gyzgalaňly söwda gatnaşygyny alyp barypdyrlar. Sumatranyň çet günbatarynda, şeýle hem Malakka we Zond bogazyna ýanaşyk ýerlerde hem birnäçe ownuk döwletler peýda bolupdyrlar.

**Günorta-Günbatar Indoneziýa V-VII asyrlarda.** Biziň eýýamymyzyň V asyrynyň başlarynda Indoneziýanyň iň köp ilatly we ösen ekerançylyk ýeri bolan Ýawa adasynda-da döwletler döräp ugraýar. Ýawanyň ilaty hem esasan malaýlardan bolupdyr. V asyrda Günbatar Ýawada Taruma döwleti döreýär. Gadymy hindi-sanskrit ýazgylary V asyryň başlarynda Taruma döwletini basarjaň hökümdar Purnawarmananyň dolandyrandygyny tassyklaýar. Purnawaramana birnäce goňşy beglikleri boýun egdiripdir we uzynlygy onlarça kilometre ýetýän emeli derýa gazdyrypdyr. Tarumanyň ilaty Purnawaramany ýaşaýşyň goragçysy, budda hudaýy Wişnu meňzedipdirler. Ol buddaçylyk ybadathanalaryna ummasyz köp ekerançylyk ýerlerini peşgeş beripdir.

Soňraky asyrlarda Yawanyň ýerindäki döwletleriň sany artyp, hytaý ýyl ýazgylarynyň habar bermegine görä, V-VII asyrlarda olaryň sany 30-a ýetipdir. VII asyryň 40-70-nji ýyllarynda Ýawanyň merkezi etraplarynda Kalinga patyşalygy hem güýçlenip ugraýar. Kalinga patyşalygynyň döremegi köp babatda ýawa halkyýetiniň ýüze çykyp ugramagy bilen baglanyşykly bolupdyr. Emma Indoneziýada orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykýan we ösýän şertlerinde, ýurduň köp ýerlerinde, esasan hem Kalimantanyň, Sumatranyň jümmüşinde, şeýle hem Gündogar Indoneziýada ilkidurmuş jemagatçylyk gurluşy hem dowam edipdir.

Kampuçiýadaky Bapnam imperiýasynyň dargamagy bilen VI-VII asyrlarda Gündogar Sumatrada güýçli döwletler ýüze çykyp başlaýar. Bu döwürler halkara söwdasy hem güýçlenipdir. Sebäbi Indoneziýada öndürilýän geň-enaýy senetçilik önümleri, şeýle hem gök-bakja we miwe önümleri arap, pars, hindi söwdagärleriniň ünsüni özüne çekipdir. Bu ýerlerde altyn, kümüş, galaýy, gymmat bahaly daşlar, mejen däneleri, gymmat baha agaç köp öndürilipdir. Malaýýanyň söwda portlarynda hindi matalary, metaldan edilen gap-gaçlar, hytaý ýüpegi we farfor önümleri, zynat harytlary köpçülikleýin satylypdyr.

Halkara söwda gatnaşyklarynyň ösýän döwründe Sumatranyň gündogarynda ýerleşýän Şriwijaýýa begligi güýçlenipdir. Şriwijaýýanyň portlary daşary ýurt harytlarynyň hem esasy satylýan we ondan-oňa üstraşyr äkidilýän ýerlerine öwrülipdir. Söwdanyň ösmegi Şriwijaýýa harby we söwda gämilerini edinmäge we şolaryň kömegi bilen Hindi hem-de Ýuwaş ummanlaryny birikdirýän deňiz ýollaryny gözegçilige almaga mümkinçilik beripdir.

682-685-nji ýyllarda Şriwijaýanyň hökümdary Jaýanaşyň döwründe döwletiň ýerleri birneme giňäp, oňa goňşy Malaýýu döwletiniň we başga-da käbir ýerler hem goşulypdyr. Şriwijaýýanyň hökümdarlarynyň esasy maksady Malakka bogazynda harby-syýasy agalyk etmäge gönükdirilip, olar şu sebitde söwda agalygyny hem girizipdirler.

VII asyryň ikinji ýarymynda – VIII asyryň ortalarynda Şriwijaýýa Hytaý bilen yzygider diplomatik we söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Şriwijaýýa *maharajalary* (patyşalary) goňşyçylykda ýerleşýän köp ýerleri eýeläpdirler. Molukka ýarym adasynyň döwletleri bolsa onuň ýapjasyna öwrülipdirler. Khmerleriň ýerleri, Hytaýyň golastynda bolan Demirgazyk Wýetnamyň ýerleri hem häli-şindi şriwijaýýalaryň hüjümlerine sezewar edilipdir. Şeýlelikde, VIII–IX asyrlarda Şriwijaýýa döwleti Günorta-Gündogar Aziýada we Uzak

Gündogarda kuwwatly deňiz döwletleriniň birine öwrülipdir. Bu döwlet esasan araçy we içeri söwdanyň, söwdagärlerden alynýan paçlaryň, salgytlaryň we talaňçylykly ýörişleriň hasabyna ýaşamaga çalşypdyr. Ýöne wagtyň geçmegi bilen derýalaryň boýlarynyň özleşdirilmegi netijesinde oba hojalyk önümçiliginiň hem ähmiýeti artypdyr.


Ýawadaky Borobudur buddaçylyk ybadathanasy (VIII asyr)

Şriwijaýýanyň ykdysady we harby kuwwatyny arap geograflary hem geň galmaklyk bilen beýan edipdirler. X asyryň ortalarynda Masudi bu ýerde altynyň, galaýynyň we dürli önümleriň öndürilýändigini, ýerli maharajanyň bolsa ummasyz baýlygynyň bolandygyny belläpdir. Palembang we Jambiden başga-da Şriwijaýýanyň Malakka ýarym adasynda ýerleşen Kedah porty hem ösüp, ýurduň ikinji paýtagty hökmünde saýlanyp alynýar. Kedah Hindistan, Günorta-Gündogar Aziýa we Hytaý bilen alnyp barylýan gyzgalaňly söwdanyň hem merkezine öwrülýär.

XI asyrdan başlap Şriwijaýýanyň bähbitleri Günorta Hindistanyň döwleti bolan Çollalaryň syýasy-ykdysady bähbitleri bilen çapraz gelip ugraýar. Üstesine-de, çollalar Şriwijaýýanyň baý ýerlerine göz gyzdyryp ugraýarlar. 1025-nji ýylda Rajendra Çolla Şriwijaýýa garşy uly deňiz goşunyny iberýär. Bu goşunlar Şriwijaýýanyň baý yerlerini tozdurypdyr, portlaryny weýran edipdir. Şeýlelikde, Şriwijaýýanyň söwda we deňiz kuwwatyna çollalar tarapyndan uly zarba urulýar.

**Mataram döwleti VIII-XI asyrlarda.** VIII asyryň başlarynda Merkezi Ýawanyň ekerançylyk etraplarynyň iň baýy hem-de kuwwatlysy Mataram döwleti bolupdyr. Onuň

hökümdary *ratu* (hökümdar) Sanjaýýa merkezi ýawaly begzadalardan (*raka*) gelip çykypdyr. Sanjaýýa Mataram nesilşalygynyň düýbüni tutujy bolupdyr. Ol Ýawa, malaýýa we khmer ýerlerini eýeläpdir. Emma Mataramyň harby hem-de ykdysady kuwwatyna Şriwijaýýa garşy durupdyr. Mataram döwletiniň ýüze çykmagy we onuň ösüşi juda kyn şertlerde bolup geçipdir, sebäbi ýerli begzadalar – rakalar özara urşupdyrlar we hersi ýokary häkimiýete – maharajalyga dalaş edipdirler.

IX asyryň ahyrlarynda Mataramyň golastyna diňe Merkezi Ýawanyň ýerleri däl, eýsem Gündogar Ýawanyň ýerleriniň hem bir bölegi girizilýär. X asyryň birinji ýarymyndan başlap Mataramda merkezi häkimiýet güýjeýär, ýurduň dolandyryş-çäk ulgamy çylşyrymlaşýar we berkeýär. Ýurduň etraplary hökümdaryň golaý garyndaşlary we egindeşleri tarapyndan dolandyrylypdyr.

X asyryň ahyrynda – XI asyryň başlarynda Mataramda birnäçe möhüm kanunlar girizilýär, şeýle-de döwletiň esasy garşydaşy bolan Şriwijaýýanyň garşysyna uly deňiz ýörişleri gurnalýar. Ýawalylar Sumatra çozup, Palembangy talapdyrlar we bu döwlete uly howp salypdyrlar. Şonuň üçin hem Şriwijaýýa Çolla döwleti bilen ýakynlaşýar. Ahyrynda, Şriwijaýýa öz ýapjalaryna we ýaranlaryna daýanyp Matarama jogap zarbasyny urýar. 1016-njy ýylda Mataram duýdansyz zarba sezewar edilýär. Netijede ýurt birnäçe özbaşdak ýerlere bölünýär.

Mataramyň ykdysadyýeti barada aýdylanda onuň esasyny oba hojalygy tutupdyr. VIII asyrdan başlap bu ýerde iri ýer eýeleriniň güýji gaçyp, patyşalar bolan maharajalaryň häkimiýetiniň ähmiýeti artýar. Soňraky döwürlerde mülkleri maharajanyň özi päylap ugrapdyr. Ýöne mülkleri ýerli rakalar (emirler) hem paýlapdyrlar. Döwletden we ýerli begzadalardan ýer alýanlar esasan budda ybadathanalary bolupdyr. Emma IX

asyrda ýerleri paýlamak diňe maharajalaryň ygtyýarynda galypdyr.

Mataramda iri ýer eýeleriniň we oba jemagatlarynyň ýokary gatlagynyň hem öz mülk ýerleri bolupdyr. Bu ýerlere hiç kim degip bilmändir. Emma soňra ýurduň ähli ekerançylyk ýerlerine diýen ýaly esasan hökümdar eýeçilik edipdir. Netijede, mataramly hökümdar Aziýanyň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly, esasy ýer eýesiniň wezipesini ýerine ýetirip başlapdyr.

Mataramda ekerançylyk bilen bir hatarda senetçilik hem ösüpdir. Senetçiler pagtadan edilýän nah matalary, agaçdan, metaldan edilen kämil senetçilik önümlerini öndürmegiň hötdesinden gelipdirler.

## § 10. Hindistan III-XII asyrlarda.

**Hindistanda Guptlaryň döwletiniň döremegi.** IV asyryň başlarynda Magadhide (Ganga derýasynyň orta akymlary) Guptlaryň döwletiniň döremegi bilen Hindistanyň taryhynda täze döwür başlaýar. Sebäbi öňki Kuşan döwleti ýykylandan soň (Demirgazyk Hindistan hem onuň düzümine girýärdi), onuň ýerinde birnäçe döwletler döreýär. Guptlaryň döwleti Ganga derýasynyň bütin töwereklerini gurşap alypdyr. Magadhi begi Ghatotkoçiniň ogly Çandragupta I (320-340) özüni maharaja diýip yglan edýär we giň ýerleri öz döwletine birikdirýär. Onuň ogly Samudragupta (340-380) Hindistanda iň uly patyşalaryň birine öwrülýär. Ol bütin Demirgazyk we Merkezi Hindistany diýen ýaly öz döwletiniň düzümine birikdirýär.

Çandragupta II (380-414) öz döwletiniň araçägini Arap deňziniň kenarlaryna çenli uzaldyp, Günbatar Hindistany hem eýeleýär. Emma Kumaraguptanyň (414-455) döwründe guptlar eýýäm goranyş söweşlerini alyp barmaly bolupdyr. Sebäbi onuň döwründe we ondan soňky patyşalaryň döwründe goňşy döwletler bilen uruşlar bolup geçýär. Skandagupta (455-467)

guptlaryň Günbatar Hindistandaky ýerlerine hüjüm edýän puşýamitrleri derbi-dagyn edipdir.

Skandaguptanyň hökümdarlyk eden ýyllarynda guptlar Merkezi Aziýa taraplardan hüjüm edýäneftalylara garşy hem söweşmeli bolupdyrlar. Sasanylar we göktürkmenler tarapyndan ýeňlişe sezewar edilen eftalylar Hindistana çozup giripdirler wer Gandharany (Demirgazyk Hindistan) basyp alyp, Ganga jülgesine tarap öňe süýşüpdirler. Şunuň netijesinde V asyryň ahyrlarynda Guptlaryň döwleti gowşap ugraýar. Dürli welaýatlar döwletiň düzüminden bölünip aýrylyp, özbaşdak patyşalyklar ýüze çykyp ugraýar. VI asyrda bolsa guptlaryň döwleti bütinleý diýen ýaly dargaýar. Guptlaryň döwleti Magadhide kiçijik beglige öwrülip, VII asyra çenli dowam edipdir. Guptlaryň soňky maharajalarynyň biri Budhagupta (467-500) eftalitleriň serdary Töremenden (490-515) birnäçe gezek ýeňilýär. Töremen guptlaryň Ganga derýasynyň boýlaryndaky ep-esli ýerlerini eýelemegi başarypdyr. Ýöne, 510-njy ýylda Töremen hem iň soňky gupt imperatory Bhanuguptadan ýeňilýär. Töremenden soň onuň ogly Mihiraguly (515-533) Hindistana çozuşlary has hem güýçlendiripdir. Hindi taryhy çeşmeleri onuň örän zalym bolandygyny belläpdirler. 530-njy ýyla çenli onuň höküm süren ýerleri Demirgazyk-Günbatar Hindistany we Jamna-Ganga jülgelerini öz içine alypdyr. 533-nji ýylda Miharagulynyň goşunlaryny hindiler derbi-dagyn edýärler we ol ýesir düşýär. Mihiragula soňra Kaşmire gaçmak başardýar, ýöne muňa garamazdan, eftalylaryň Hindistanyň üstüne çozmak howpy aradan aýrylamaýar. 518-nji ýylda Mihiragulynyň ýanynda bolan hytaý ilçisi Sun Ýun şu döwrüň wakalary barada gymmatly maglumatlary galdyrypdyr.

Penjapda ýerleşmek bilen eftalylar VII asyryň başlaryna çenli hindiler bilen uruşmaklaryna dowam edipdirler. Şunuň bilen birlikde eftalylar basyp alan ýerleriniň ilaty bilen garyşypdyrlar. Eftalylar bilen bir döwürde Demirgazyk

Hindistanda we soňra Rajputanda hindiýewropaly gelip çykyşy bolan gurjarlar hem peýda bolýarlar. Olar eftalylar bilen bilelikde Penjapda, Sintde we Rajputanda oturypdyrlar. Demirgazyk-Günbatar we Günbatar Hindistanyň ýerli ilaty, eftalylar we gurjarlar bilen garyşyp rajput milletini emele getirýärler.

**Guptlar döwletiniň ýykylmagy we Harşy döwletiniň döremegi.** VI asyryň ortalaryndan başlap Demirgazyk Hindistan öz syýasy bitewiligini ýitirýär. Sebitde birnäçe özbaşdak döwletler peýda bolupdyr. Şol döwürde Demirgazyk Hindistanda paýtagty Sthaneşwarada (Deliniň 100 km demirgazygynda ýerleşýän häzirki Thanesar şäheri) ýerleşýän döwlet güýçlenip ugraýar. Döwletiň hökümdary özüne *maharajahiraja* (imperator) derejesini alyp, ýurduň ýerlerini giňeldip başlaýar.

Edil şol döwürler Gauda (Bengaliýa) döwletiniň hökümdary Şaşanka (takm. 635-nji ýylda aradan çykan) hem Ganga derýasynyň merkezi bölegindäki ýerleri basyp alyp başlaýar. Oňa garşy Sthaneşwaranyň we Kanaujyň hökümdarlary bileleşip hereket edýärler. Emma 606-njy ýylda Sthaneşwaranyň hökümdary duýdansyz aradan çykýar. Şaşanka gepleşikler geçirilýän pursaty onuň mirasdüşerini we Kanaujyň hökümdaryny haýynlyk bilen öldürýär. Kanaujyň hökümdarynyň mirasdüşeri bolmandyr, Sthaneşwarynyň hökümdarynyň ornuna bolsa onuň kiçi ogly, ýetginjek Harşi (606-647) tagta çykarylýar. Şaşankanyň maksady puja çykýar, sebäbi Harşi Şaşankanyň garşysyna durmagy we ony eýelän ýerlerinden kowup çykarmagy başarýar. Netijede, Harşiniň döwletiniň düzümine Kanauj, Ganga derýasynyň boýundaky ýerler we Malwa girýär, Güjeratyň begi bolsa onuň ýapjasyna öwrülýär. Şeýlelikde, hökümdarynyň ady bilen baglanyşykly Harşi imperiýasy ýüze çykýar. Emma Harşi ölenden soň onuň döreden imperiýasy uzak wagtlap ýaşamandyr. Onuň döwleti köpsanly ownuk begliklere bölünipdir.

**Irki orta asyrlarda agrar gatnaşyklar.** Hindistanda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi ýurduň oba hojalygynda we medeniýetinde bolup geçen yzygider ösüşler bilen baglanyşykly boldy. Elbetde, Hindisatanda orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi bir ýa-da iki asyrda däl, eýsem asyrlaryň dowamynda bolup geçen hadysadyr. Merkezleşen döwletiň kemala gelmegi bilen öňki erkin oba jemagatlary döwlet häkimýetiniň tabynlygyna düşüp ugraýarlar. Oba jemagatlarynyň erkin agzalary indi döwletiň öňünde salgyt tölemäge ýa-da ýörişlere gitmäge borçly edilýärdi. Salgyt tölemeklik soň has hem giň gerime eýe bolupdyr. Başda oba jemagatynyň her bir agzasy öz serdaryna ýardam edipdir, onuň dolandyryş edarasyny saklamak üçin kömek beripdir. Emma indi bu zatlar ýerine ýetirmesi örän kyn bolan agyr salgytlar we borçlar bilen çalşyrylypdyr.




Salgydyň agyrlaşamagy kanunçy-barahmanlary howsala

düşüripdir. Şonuň üçin hem olar dürli kanunçylyk kadalalaryny girizipdirler, şol düzgünleri kagyz ýüzüne geçirip, patyşany hetdenaşa açgöz bolmazlyga çagyrypdyrlar. Sebäbi, brahmanlaryň pikirine görä, salgytlaryň we borçlaryň hetdenaşa artmagy jemgyýetiň içinde ýagdaýyň ýitileşmegine we halk gozgalaňlarynyň turmagyna getirmegi mümkindi.

Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelýän we ösýän döwürlerinde Hindistanda ýygnalýan salgytlaryň möçberi dürli-dürli bolupdyr. Taryhy çeşmelerden belli bolşy ýaly, alynýan salgytlaryň möçberi öndürilýän önümiň 1/12, 1/10, 1/8, 1/6, 1/4, we 0,5 bölegine barabar bolupdyr. Salgyt köplenç 1/6 möçberde alnyp, ol giň ýaýran salgyt hasap edilýär. Esasy salgyt önüm görnüşinde bolup, däne ýygnalypdyr. Mundan başga-da, hökümdar öz raýatlaryndan olaryň öndürýän etiniň, balynyň, ýagynyň, dermanlyk otlarynyň, dürli görnüşli çalgy ýaglarynyň, gülleriň, kökleriň, miweleriň, deriniň, küýzeleriň hem 1/6 böleginiň salgyt hökmünde tölenilmegini talap edipdir.

Salgyt ýygnalanda ol ýa-da beýleki ýerleriň baýlygy, garyplygy, ýerleriň mesligi, tokaýlaryň bolçulygy, şol ýeriň merkezden uzaklygy, onuň boýun egiş derejesi göz öňünde tutulypdyr. Irki orta asyrlar döwrüne degişli bolan «*Arthaşastra*» atly taryhy çeşmede rajalara 1/3 salgydy «örän ýagynly, mes toprakly ýerden öndürilen däneden almaklyk», ortaça we arryk ýerlerden bolsa, şol ýeriň ýagdaýyna görä salgyt almaklyk maslahat berlipdir. Oba jemagatlarynyň agzalary tarapyndan öndürilýän önümlerden alynýan salgytlaryň bir bölegi döwlet tarapyndan köşk adamlarynyň, döwlet gullukçylarynyň arasynda paýlanylypdyr.

Hytaýly syýahatçy Fa Sýan (399-415) Demirgazyk Hindistandanda bolanda döwlet tarapyndan emeldarlara we beýlekilere hazynadan aýlyk berilýändigini belläpdir. Guptlaryň döwründe aýlyk tölemegiň şu görnüşi has hem giň ýaýrapdyr. Irki orta asyrlar döwründe wezipeli adamlara aýlyk tölemegiň ýene-de bir aýratyn görnüşi bolupdyr. Şol boýunça

wezipeli adamlara öz gulluk derejelerine görä, obalar, ekerançylyk ýerleri jemagatyň erkin agzalary bilen birlikde peşgeş berlipdir. Adatça, şol ýerler şertli, ýagny gulluk wezipesi ýerine ýetirilýän döwürde berlipdir. Hindistanda iri begzadalara degişli mülk ýerleri hem bolup, olaryň hukuk ýagdaýy dürli-dürli bolupdyr. Käbir begzadalar dowlete salgyt tölän bolsalar, käbirleri hiç hili salgyt tölemändirler. Sebäbi kime salgyt salynmalydygy, kime salgyt salynmaly däldigi, hökümdarlaryň özleri tarapyndan kesgitlenilipdir.

Brahmanlaryň we budda ybadathanalarynyň ýerleri ýer eýeçiliginiň aýratyn görnüşini emele getiripdir. Ýerler ybadathanalara müdümilik berlip, olardan salgyt alynmandyr. Ýerleriň döwlet tarapyndan dini sowgat hökmünde berilmegi uly hormat hasaplanylypdyr, oňa el degirmeklik külli günä hasap edilipdir. Wagtyň geçmegi bilen oba jemagatynyň baýan agzalary we beýleki ýer eýeleri emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, ýeri işläp bejermekde gul zähmetinden peýdalanmagy bes edýärler we ýeri kärendesine berip başlaýarlar ýa-da daýhanlary hem özlerine, hem-de döwlete salgyt tölemäge mejbur edýärler. Netijede, döwlet hazynasyna gelýän girdejileriň mukdary azalyp, ýer eýeleriniňki bolsa artypdyr.

Ýerde işleýänleriň beýleki bir bölegini hakyna tutma işgärler düzüpdir. Hakyna tutulanlar garyp düşen öňki erkin adamlar bolupdyrlar. Şeýle adamlar jemgyýetde halanylmandyr, sebäbi olara hem edil gullara garaýyşlary ýaly garapdyrlar. Emma olar gul bolmandyrlar. Hojaýyn iýmit bermegini kesse, olar islän tarapyna gidip bilipdirler. Şonuň üçin hem tabyn adamlaryň şeýle toparyny günlükçiler, talabanlar diýip atlandyryp bolar. Umuman alanyňda, jemgyýetiň şeýle gatlagyna degişli adamlar zähmetiň hem-de önüm öndürmegiň mümkin bolan ähli ýerlerinde işlepdilipdir.

Irki orta asyrlarda Hindistanda patyşalaryň ygtyýarynda ýörite ýer ätiýaçlyklary bolup, şol ýerler dört topara bölünipdir.

Bu barada Hindistanda bolan hytaýly syýahatçy Sýuan Szan (629-648) öz ýazgylarynda belläpdir. Şol ýerleriň bir bölegi döwlet çykdajylaryny ödemek, ikinjisi abraýly döwlet işgärlerini sylaglamak, üçünjisi aýratyn sylagly alymlary, ýazyjylary saklamak, dördünjisi bolsa, dini mezhepleri (sekta) döwletiň bähbitleri üçin ulanmaga niýetlenilipdir. Munuň hakykatdan-da şeýle bolandygyny uruşlar döwründe ýa-da döwletiň ýerleri giňeldilende peýda bolýan ekerançylyk ýerleri patyşalar tarapyndan dürli wezipedäki adamlara sahylyk bilen bagyş edilmegi doly derejede subut edýär. Patyşanyň ygtyýaryndaky şeýle ýerlerden başga-da, patyşanyň öz şahsy hojalygyna degişli hem ummasyz köp ýerler bolupdyr. Ýere eýeçilik etmegiň agzalyp geçilen şu görnüşleri Hindistanda tä XII asyra çenli dowam edipdir.

Hindistan dünýäde senetçiligiň hem iň ösen ýurtlarynyň biri hasap edilýär. Ýurtda senetçilik önümleriniň köp dürli görnüşleri öndürilipdir. Senetçilik ussahanalarynda, esasan hem dokma senetçiliginde, aýallaryň zähmeti köpçülikleýin ulanylypdyr. Biziň günlerimize gelip ýeten zergärçilik önümleri, daşyň ýüzüne çekilen nagyşlar gürrüňi edilýän döwürde öndüriji güýçleriň ösendigine şaýatlyk edýär. Dokmaçylyk senetçiligiň iň ösen pudagy bolup, aýallar pagtadan, kenepden, jutdan (kenebiň bir görnüşi), ýüňden ajaýyp matalary dokapdyrlar we bu önümler bütin dünýäde şöhratlanypdyr. Çünki harytlar uzak ýurtlara äkidilip satylypdyr.

**Hindistanda jemagat gurluşy we kasta ulgamy.** Hindistanyň ýerinde oba jemagatynyň dürli görnüşleri bolupdyr. Ýöne, wagtyň geçmegi we hindi jemgyýetiniň ösmegi bilen bu ýerde dünýäniň hiç bir ýurdy üçin häsiýetli bolmadyk üýtgeşik jemagat ulgamy ýüze çykýar. Şeýle oba jemagatynda ilatyň durmuş aýratynlygy emläk esasynda (baý, ortatap, garyp) däl-de, kastalar, ýagny durmuş (sosial) derejeleri esasynda ýuze çykypdyr.

Kasta ulgamy hindi jemgyýetine gadymyýetden miras galypdyr. Gadymy Hindistanda kasta gatnaşyklarynyň ilkinji görnüşi durmuş ranglary – derejeleri (*warna*) bolup, soňra ol kasta ulgamyna (*jaty*) öwrülýär. Şol kasta ulgamy boýunça ilat nesilden-nesle geçip gelýän hünäri ýa-da käri, etniki gelip çykyşy, dini ynanjynyň aýratynlyklary, durmuş gelip çykyşy we ýapyk endogamiýa boýunça toparlara bölünipdir. Şeýlelikde, Hindistanda dört sany kasta – brahmanlar, kşatriler, waýşiler we şudralar kastalary ýüze çykypdyr.

Wagtyň geçmegi bilen kasta ulgamyna yzagalak taýpalar hem goşulypdyr. Ýöne, olar kasta ulgamynyň daşynda galýan we eýýäm kemala gelen kastalara goşulylmaýan kastany düzüpdirler. Şonuň üçin hem olary «ýanaşdyrylmaýanlar» diýip atlandyrypdyrlar. Sebäbi beýleki ýokary kastalaryň wekilleri ýanaşdyrylmaýanlara iň pes jynsly adamlar hökmünde garapdyrlar we olary iň pes işlerde ulanypdyrlar. Ýöne, oba jemagatyna hyzmat etmegiň ýa-da senetçiligiň mümkinçilikleriniň çäkliligine görä, olary başga işlerde-de, mysal üçin, oba hojalygynda-da işledipdirler.

Jemgyýetçilik durmuşynda başgarak ýagdaýlar hem ýüze çykypdyr. Käbir yzagalak taýpalarda harby-demokratiýa ösüp, olar siwilizasiýa ýoluna düşen has ösen goňşy jemagatlary özlerine boýun egdirip, tabyn edilen jemagatyň kasta gurluşyna girmegi başarypdyrlar. Adatça, olar hindi harbylary bolan kşatriler kastasyna goşulypdyrlar. Hindistanyň ilatynyň etniki düzümi boýunça tapawutlanýan dürli taryhy welaýatlarynda oba jemagatlarynyň ekerançylyk bilen meşgullanýan kastalary her hili atlandyrylypdyr, ýöne olaryň hemmesi adatça şudra kastasyna degişli bolupdyr.

Orta asyrlarda söwda we süýthorçulyk bilen meşgullanýan kastalar hem örän möhüm hasaplandyrlar. Umuman, Hindistan kastanyň iň köp ýaýran ýeri bolup, onda üç müňe golaý kastalar bolupdyr. Olara girýänleriň sany hem birmeňzeş däldi. Bir kastada birnäçe ýüz adam bolan bolsa,

başga bir kastanyň düzümine girenleriň sany million adamdan hem geçipdir. Kasta ulgamy örän çylşyrymly jemgyýetçilik bölünişigi bolup, ony hiç kim, hiç bir gurama dolandyrmandyr; onuň özi ýaşapdyr we islendik häkimiýetden özbaşdak ýagdaýda hereket edipdir.

Kasatalr ýapyk *endogamiýa* (endogamiýa – maşgala-nika gatnaşyklary bolup, oňa görä nika diňe bir kastanyň içinde baglaşylypdyr) guramalardy. Onuň bozulmagy iňňän uly jenaýat hasap edilýärdi. Endogamiýa bozulan ýagdaýynda, ýagny ýokary kastadan bolan bir ýigit özünden pes kastanyň gyzyna öýlense, ol öz degişli kastasyndan çykarylypdyr, garyndaşlyk gatnaşyklary bolsa kesilipdir. Düzgün şeýle bolansoň, endogamiýanyň bozulmagy hindi jemgyýeti üçin seýrek duş gelýän hadysa bolupdyr. Jemgyýetiň ösmegi bilen kastalar hem öz içinde birnäçe ownuk kastalara bölünipdirler.

Oba jemagatynyň ýokary gatlagyny şol ýeriň agalyk ediji kastasynyň doly hukukly agzalary düzüpdirler. Şu toparyň agzalary sürüm ýerlerine, öri meýdanlara, çemenliklere eýeçilik edipdirler, jemagatyň ähli hojalyk we jemgyýetçilik durmuşyny elde saklapdyrlar, jemagatyň dolandyryş guramasyny döredipdirler. Adatça, jemagatyň doly hukukly agzalary garyndaş bolupdyrlar, ýöne olaryň uly we kiçi maşgalalarynyň özbaşdak hojalyk ýöredendikleri sebäpli gatnaşyklar emläk esasynda alnyp barylypdyr. Munuň özi gatnaşyklaryň garyndaşlyk esasynda däl-de, goňşuçylyk esasynda alnyp barlandygyny görkezýär.

Oba jemagatynyň içinde jemagatyň hyzmatyny edýän pes kastalar bolup, olar jemagatyň hasabyna ýaşapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen jemagatyň agzalarynyň hojalygyny ýöretmek, kabul edilen durmuş ýörelgelerini alyp barmak üçin senetçilik önümleriniň we hyzmatlaryň, şeýle hem hyzmatkärleri oba hojalyk önümleri bilen üpjün etmek üçin ýörite dessurlar girizilipdir. Bu bolsa oba jemagatynyň içinde önüm alyş-çalşygyny döredipdir. Bu düzgüne «*jajmani*»

ulgamy diýlip at berilýär. Jajmani ulgamy özüne jemagat üçin zerur bolan hyzmatlaryň görnuüşlerini we senetçilik işlerini alypdyr. Şonuň üçin hem hindi oba jemagaty daşarky dünýäden bütinleý özbaşdak ýaşapdyr, sebäbi jemagatyň agzalarynyň ähli islegleri diýen ýaly pul-haryt gatnaşyklaryna girmezden jemagatyň öz içinde kanagatlandyrylypdyr.

Jajmani ulgamynyň diňe ykdysady mazmuny bolman, eýsem ol jemagatyň içinde kastanyň ýokary gatlagy üçin häsiýetli bolan durmuş ýörelgelerini saklamaga-da ýardam edipdir. Bu gatlagyň wekilleri aşaky kastalaryň hem-de ýanaşdyrylmaýanlaryň hyzmatyny hökman ulanmaly bolupdyrlar. Sebäbi ýokary gatlagyň wekillerine «hapa zatlara» el degirmeklik (malyň maslygyna el degirmek, öýi, köçäni süpürmek, kir ýuwmak we başgalar) külli günä hasaplanylypdyr. Jemagatyň adamlary sakgal-murtlaryny syryp ýa-da kir ýuwup bilmändirler – sebäbi ol pes iş hasap edilipdir. Ýokary kastanyň wekili ýanaşdyrylmaýanlary ulanmazdan ýas bilen baglanyşykly hiç bir dessury ýerine ýetirip bilmändir. Sebäbi ýas däp-dessurlary ýerine ýetirilende ybadat işlerinden galan ähli dessurlary ýanaşdyrylmaýanlar ýerine ýetirýärdiler.

**VIII-XII asyrlarda Demirgazyk Hindistandaky döwletler.** VIII asyryň başlarynda Demirgazyk Hindistanda birnäçe özbaşdak beglikler hem-de ownuk hökümdarlyklar bolupdyr. Bu döwürde Hindistana araplar üstünlikli ýörişleri geçiripdirler. 712-713-nji ýyllarda arap goşunlary Muhammet ibn Kasymyň serkerdeleginde Sintdäki we Multandaky beglikleri eýelediler we bu sebitlerde ymykly ornaşmagy başardylar. Şunuň netijesinde Hindistanyň bir bölegi ilkinji gezek musulmanlaryň eline geçdi. Tiz wagtdan Sint we Multan halyflykdan bölünip aýryldy we iki sany özbaşdak musulman emirligi peýda boldy.

VIII asyryň başlarynda Kaşmir güýçlenip ugraýar. Şol asyryň dowamynda ol bütin Demirgazyk Hindistany özüne birikdirmäge çalşypdyr. Kaşmirliler Penjaby we Hind

derýasynyň ýokary akymlaryny eýeläpdirler. Kaşmiriň Karnota nesilşalygyndan bolan rajasy Lalitaditýa Muktapida (724-760) Ganga derýasynyň jülgesine çozýar we ony eýeleýär. Şeýdip ol güýçli Kaşmir döwletini esaslandyrýar.

VIII asyryň başlarynda Demirgazyk-Günbatar Hindistanda we Rajasthanada ýaşaýan taýpalar eftalylar bilen gatyşyip-garyşyp gurjar halkyny kemala getiripdirler. Hindisdandaky häzirki Gujarat ştaty hem gurjarlaryň ady bilen baglanyşyklydyr. Rajasthanada oturýan gurjarlaryň bir bölegi VIII asyrda goňşy welaýatlara, birinji nobatda bolsa Ganga derýasynyň boýlaryna ýörişleri geçiripdirler we uly döwleti döretmegi başarypdyrlar. Basylyp alnan ýerlerde gurjarlar özleriniň kuwwatly neberelerine daýanyp agalyk ediji gatlaga öwrülmegi başarypdyrlar. Şeýle nebereleriň arasyndan dolandyryjy nesilşalyk peýda bolupdyr. Bular soňra özlerini rajputlar («*rajput*» – sanskritçe «rajanyň ogly») diýip atlandyrypdyrlar. Munuň özi her bir rajputyň dolandyryjy nesilşalyk bilen garyndaşlyk gatnaşyklarynyň bolandygyna güwä geçýär. VIII asyryň başlarynda rajputlar bitewi döwleti emele getiripdirler we bu döwleti Gurjar-Pratihar nesilşalygy dolandyrypdyr. Watsa-rajanyň (738-760) döwründe Rajput döwleti giň ýerleri öz içine alypdyr.

VIII asyryň ortalarynda Bengaliýada we Biharda öňki Gauda döwletiniň hokum süren ýerlerinde Pal (Pallaw) döwleti döreýär. Ganga derýasyndan günbatarda ýerleşýän ýerleri eýelemek meýilleri Pal döwletiniň rajputlar bilen çaknyşmagyna sebäp bolýar. Pallar bilen rajputlaryň çaknyşýan döwründe Maharaştrada we Dekanyň demirgazygynda Raştrakut döwleti kemala gelýär. Raştrakut döwleti Çalukýa döwletiniň ýerleriniň esasynda döräpdi. Raştrakut öz serhetlerinden demirgazykda nähilidir bir güýçli döwletiň döremegini islemändir. VIII asyrý 80-nji ýyllarynda Raştrakut Demirgazyk Hindistandaky döwletleriň özara uruşlaryna gatyşypdyrlar we olar Pal hökümdary Dharmapaladan (770-

810) üstün çykmagy başaran Watsa-rajany ýeňlişe sezewar edýärler.

IX asyryň başlarynda Gurjar-Pratiharlar (rajputlar) Dharmapalany ikinji gezek derbi-dagyn edýärler we Bengaliýa çozup girýärler. Ýöne, şol wagt Raştrakutlar hem Demirgazyk Hindistana çozup, rajputlary derbi-dagyn edýärler. Şundan soň Dharmapala Raştrakutyň ýapjasyna öwrülýär. Emma Dharmapalanyň ogly Dewapala (810-850) rajputlar bilen alnyp barlan şowsuz uruşlara garamazdan, Demirgazyk Hindistanyň ep-esli ýerlerini eýeleýär. Ol Raştrakutyň hüjümlerini hem saklamagy başarýar. Emma Dewapala aradan çykandan soň Ganga derýasynyň boýlary ugrundaky söweşlerde rajputlar üstün çykypdyrlar.

IX asyryň ahyrlarynda Gurjar-Pratiharlaryň mülkleri Arap deňzinden tä gadymy Magadhi döwletiniň ýerlerine çenli uzalyp gidipdir. Döwletiň paýtagty Kanauj şäheridi. X asyrda rajputlar Pallaryň üstünden ýeňiş gazanmagy başarypdyrlar, hatda olar Bengaliýa-da çozup giripdirler. 916-njy ýylda raştrakutlar Jamna-Ganga derýa aralygyna çozup giripdirler we rajputlary bu ýerlerden gysyp çykarypdyrlar. X asyryň ortalarynda Gurjar-Pratiharlar doly gowşapdyrlar we olaryň ýapjalygyndaky beglikler özbaşdaklyga eýe bolupdyrlar. Bu döwürde Bengaliýadaky we Bihardaky esasy ýerlerini saklap galsa-da, Pal döwleti hem gowşapdyr. Gurjar-Pratihar döwletiniň dargamagy bilen köpsanly ownuk döwletler peýda boldy. Olaryň arasynda iň az wagt ýaşany Pratiharlaryň mülki bolup, onuň beýik hökümdar derejesi beýleki rajput hökümdarlary tarapyndan ykrar edilipdir.

X asyryň ahyrynda häzirki Owganystanyň ýerinde ägirt uly Gaznaly türkmen döwleti döreýär. Düzümine Eýrany, Merkezi Aziýanyň we Kawkazyň bir bölegini birleşdiren bu döwlet Mahmyt Gaznalynyň döwründe (998-1030) has hem kuwwatlanýar. Ýiti garşylyklardan soň Mahmyt soltan Demirgazyk Penjaby we Kabul ülgesini öz içine alan hindileriň

Şahy döwletini, Multandaky we Sintdäki musulman beglikleri eýeleýär. 1018-nji ýylda pritihar begi paýtagty Kanaujy taşlap gaçyp gidýär. Şeýdip Pritiharlar taryhy sahnadan düşürilýär. Olaryň mülkleriniň we ýapjalarynyň esasynda XI asyryň ahyrlarynda rajputlaryň Gahadawal döwleti peýda bolýar.

XII asyryň ortalarynda Demirgazyk Hindistanda Çauhan döwleti tapawutlanyp ugraýar. Onuň hökümdary Prithwiraja III Delä çenli ýerleri eýeläp oturan Tomar begligini basyp alýar. Prithwiraja III giň ýerlere eýe bolmak bilen hindi begliklerini Gaznalylaryň ýörişlerinden goramaga çalşypdyr. Bu döwürde Gaznaly döwleti Guruň hökümdary Muhammet Gurly tarapyndan eýelenilipdir we ol hem rajput döwletlerine howp salyp başlaýar. 1191-nji ýylda Deliniň golaýynda Prithwiraja III Muhammet Gurydan üstün çykmagy başarýar. Bu söweşe Prithwirajanyň tarapynda durup birnäçe hindi döwletleriniň goşunlary hem gatnaşypdyr. Emma hindi hökümdarlary Çauhanlaryň güýçlenmeginden heder edipdirler. Şonuň üçin hem 1192-nji ýyldaky söweşde olar Çauhanlary goldamandyrlar we şol sebäpden hem Muhammet Gurly Prithwirajanyň goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edipdir, hökümdaryň özi bolsa ýesir alnyp öldürilipdir. Musulmanlar basylyp alnan ýerlerde galypdyrlar we musulmançylyk Hindistanyň demirgazyk-günbataryndan ýurduň beýleki ýerlerine-de ýaýrap ugraýar.


Çalukýalar döwrüniň indusçylyk ybadathanasy

**VIII-XII asyrlarda Günorta Hindistandaky döwletler.** Dekan ýarym adasynda Çalukýa döwleti ýyl-ýyldan gowşaýardy. Olar Demirgazyk Tamilnadudaky Pal döwleti bilen uruşlary alyp barýardylar, Sint tarapdan hüjüm edýän musulmanlaryň çozuşlaryny bolsa yzyna serpikdirmäge mejbur bolýardylar. Hindistanyň çet

günortasynda tamilleriň Pandiýa döwleti ýaşamagyny dowam etdirýärdi. Bulardan başga-da Orissada, Andhranyň gündogarynda, Maýsurda, Keralada birnäçe ownuk döwletler bardy. Umuman alnanda, Günorta Hindistandaky döwletleriň ählisi diýen ýaly harby-syýasy taýdan gowşak bolupdyrlar.

VIII-X asyrlarda Dekan ýarym adasynyň iň kuwwatly döwleti Raştrakut bolupdyr. Bu döwlet Gowind III (793-814) döwründe has hem kuwwatlanypdyr. Sebäbi Dekan ýarym adasy tutuşlygyna diýen ýaly onuň hökümdarlygyndady. Emma Raştrakutyň içki gurluşy berk bolmandyr, şonuň üçin hem özara oňşuksyzlyklar ony gowşadypdyr. Mundan tamilleriň Pal hem-de Pandiýa döwletleri peýdalanypdyr. Bu döwletler özbaşdaklygyny dikeldip, Seýlon we Pal döwletiniň ýapjasy Çol (Çolla) bilen bileleşip Raştrakuta garşy uzaga çeken uruşlary alyp barypdyrlar. Şeýle şertlerde Çol döwletine hem özbaşdak bolmaga mümkinçilik döreýär. Ol öz üstünden hökümdarlyk edýän Palyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýär we olaryň ýerlerini eýeleýär. Raştrakutlar hem X asyrda Demirgazykda we Günortada gazanan üstünliklerine garamazdan, 973-nji ýylda öz ýapjasy bolan Çalukýalardan ýeňilýärler we häkimiýete Giçki Çalukýalar gelýär.

X asyryň ahyrlarynda Günorta Hindistanda Çol döwleti güýjeýär. Rajendra I (1015-1044) döwründe Seýlon, Maldiw adalary, Pandiýa döwletiniň ýerleri eýelenilýär. Şeýlelikde, XIII asyra çenli Günorta Hindistanda diňe iki sany döwlet – Çol we Çalukýa döwletleri saklanyp galýar. Ýöne XIII asyryň başlarynda bu döwletleriň ikisi hem çöküp başlaýar.

**Orta asyrlarda Hindistanyň adaty dinleri.** Biziň eýýamymyzyň birinji müňýyllygynyň başlary Hindistanda buddizmiň (buddaçylyk) hem-de Günorta Hindistanda mäkäm orun alan jaýnizmiň has köpçülikleýin ýaýran döwürleri bolupdyr. Emma buddizmiň hiç bir mezhebi (sekta) hem, jaýnizm hem gadymy döwürlerde *brahmançylyk*, orta asyrlarda bolsa *induizm* (indusçylyk) diýlip atlandyrylan dini

garaýyşlaryň ulgamyndan we halk ynançlaryndan üstün çykyp bilmändir. Sebäbi Hindistanda kemala gelen we agalygya-tabynlyga, durmuş deňsizligine esaslanýan jemagat-kasta ulgamy buddizmiň ähli adamlaryň deňligini wagyz edýän öwütlerine garşy durupdyr.

Buddizmiň wagyzlary diňe ezilýän pes kastalaryň, hindi jemgyýetiniň aşaky gatlaklarynyň arasynda goldaw tapypdyr. Din hökmünde buddizmiň Hindistandaky taryhy – munuň özi hindi jemgyýetinde kemala gelen adalatsyz durmuş ýörelgelerine we jemgyýetçilik gurluşyna, halk däplerine we ynançlaryna garşy netijesiz göreşleriň taryhy bolupdyr. Şonuň üçin hem buddizm şol döwrüň durmuş hakykatlaryna eýermäge we uýgunlaşmaga çalşypdyr, netijede ol kem-kemden induizm bilen ýakynlaşmagyň ýoly bilen öňe gidipdir. Köp sanly buddalar, bodisatwalar we keramatly hudaýlar bilen baglanyşykly göze ilginç hem-de çylşyrymly dessurlaryň we ynançlaryň has-da baýlaşmagy, baý bezelen ybadathanalardaky hudaýlaryň şekillerine tagzym etmek, arhatlaryň terkidünýäligi we başgalar, dini-filosofiki syrlardan baş çykarmaýan ýönekeý adamlaryň aňynda buddizm bilen induizmiň arasyndaky tapawutlary ýitiripdir. Şunuň bilen bir hatarda, induizm hem edil buddizm ýaly, hindi siwilizasiýasy üçin häsiýetli bolan umumy dünýägaraýyşlara esaslanypdyr. Bu dünýägaraýyşlar bolsa ruhuň gaýtadan göwrä girip bilýändigi (*sansara*), her bir adamyň indiki ýaşaýşynyň şu dünýäde eden sogap ýa-da günä işlerine baglydygy (*karma*), munuň üçin ýörite kesgitlenilen dini-etiki kadalary (*dharma*) berjaý etmelidigi hakyndaky ynançlara esaslanýardy. Şunda, aýry-aýry saýlantgy adamlar, özleriniň adaty durmuş ýörelgelerinden düýpli tapawutlanýan üýtgeşik durmuş ýörelgeleri bilen öz ruhlaryny gaýtadan göwrä girmegiň ejirinden halas edip, baky ýaşaýşa eýe bolup bilýärdiler.

Buddizmde halas bolmak üçin bu dünýäniň ähli eşretlerinden ýüz öwrüp, monahçylyga ýa-da buddizmde

aýdylyşy ýaly *bhikşalyga* geçmelidi. Emma buddizme uýýan ýönekeý adamlar özleriniň hemişe gaýtalanyp duran gündelik iş-aladalary, adaty durmuş ýörelgeleri, däp-dessurlary we ynançlary bilen ýaşaýardylar. Şonuň üçin hem adaty buddaçylar öz gündelik durmuşlarynda buddizm üçin häsiýetli bolmadyk şol aladalardan, ýörelgelerden, däp-dessurlardan we ynançlardan ýüz öwrüp ýaşap bilmeýärdiler we olary induizmiň talaplary bilen baglanyşdyrmaly bolýardylar. Harşi döwletiniň döwründe buddizmiň ähmiýeti has hem peselipdir. Birnäçe asyr geçenden soň bu din öz watanynda ýitýär. Onuň aýry-aýry ugurlary diňe Gimalaýlarda (*Mahaýana* görnüşinde) we Seýlon adasynda (*Hinaýana* görnüşinde) saklanyp galýar.

Hindistanda orta asyr gatnaşyklary ösdügiçe, induizm bilen buddizmiň arasyndaky gapma garşylyklar hem ýtileşýär. Sebäbi kemala gelýän orta asyr gatnaşyklary induzmiň ýörelgelerine we bähbitlerine doly laýyk gelipdir.

**Indusçylyk**. Indusçylyk – bu Şiwa, Wişnu we Brahma atly hindi hudaýlarynyň atlary bilen bagly bolan dini, mifiki, filosofiki, hukuk we etiki garaýyşlaryň, ýörelgeleriň toplumydyr. Bu din b.e. I-V asyrlarynyň aralygynda ýüze çykypdyr. Ol öz gözbaşyny brahmançylyk (b.e. öňki VII – b.e. V asyrlary) diýlip atlandyrylan dinden alyp gaýdýar. Brahmançylykdan öň Hindistanda *wedaçylyk* (b.e.öňki XVI – b.e. öňki VII asyrlar) dini bolupdyr. Bu dinleriň üçüsi hem şol bir hudaýlara uýmagy ündäpdir. Wedaçylyk dininde baş hudaý Indra (Ýyldyrymyň hudaýy) hasap edilipdir. Brahmançylykda bolsa, dünýäni ýaradyjy we din adamlarynyň howandary *Brahma* sežde edipdirler.

Indusçylykda dürli mezhepler bolup, olarda dürli hudaýlar baş hudaýlar hasap edilipdir. Emma olaryň hiç birinde hem Brahma baş hudaý hasap edilmeýär. Brahmanyň baş hudaý hasap edilmezligi indusçylygy brahmançylykdan tapawutlandyrýan esasy alamatdyr. Adaty hindi jemgyýeti kasatalara (*warna*) bölünipdir. Kastalaryň artykmaç

hukuklardan peýdalanýany bolsa brahmanlar bolupdyrlar we diňe şu kastanyň wekillerinden din adamlary bolan brahmanlar saýlanyp alnypdyr. Şonuň üçin hem «*brahman*» sözi sanskritden terjime edilende «Brahmanyň erkini beýan ediji» manyny we şol bir wagtyň özünde bolsa şol kastanyň wekilini hem-de din adamsyny (mollany) aňladypdyr.

Brahmanlar Gadymy Hindistanda uly artykmaçlyklardan peýdalanypdyrlar. Olar diňe bir din işlerinde däl, eýsem mugallymçylyk, terbiýeçilik we ylmy işleri bilen meşgullanmakda-da agalyk ediji ýagdaýa eýe bolupdyrlar. Şu işler bilen meşgullanmaklyk olara köp girdejileri getiripdir. Mundan başga-da brahmanlar döwletiň ilatdan ýygnaýan salgytlarynyň hem bir bölegine eýe bolupdyrlar. Brahmanlaryň jemgyýetdäki eýeleýän aýratyn orunlary şol döwrüň dininde hem öz beýanyny tapypdyr. Netijede, Brahma hudaýy şol döwrün baş hudaýyna öwrülipdir. Emma beýleki üç kastanyň (*kşatri, waýşýi* we *şudr*) wekilleri emele gelen ýagdaýdan närazy bolupdyrlar. Olar brahmanlary salgydyň bir bölegine eýe bolmak, mugallymçylyk we ylmy işler bilen meşgullanmaga bolan hukuklaryndan mahrum edipdirler. Netijede, brahmanlaryň ygtyýarynda diňe ybadat işleri galypdyr. Şunuň bilen bir hatarda, beýleki üç kasta Brahma hudaýynyň jemgyýetdäki ornuny peseltmegi hem başarypdyrlar. Bu bolsa brahmanlary jemgyýetdäki iň artykmaç hukukly gatlak bolmakdan mahrum edipdir.

Indusçylykda näçe sany mezhepleriň bolandygy doly anyk däl. Ýöne olaryň esasylary wişnuçylyk we şiwaçylykdyr. Indusçylygyň mezhepleriniň ählisiniň taglymaty birdir we umumydyr, ýöne bir tapawudy, haýsy hudaý esasy bolmaly. Wişnuçylar – Wişnuny, şiwaçylar bolsa Şiwany baş hudaý hasap edýärler. Wişnuçylyga esasan Hindistanyň demirgazygynyň, şiwaçylyga bolsa ýurduň günortasynyň ilaty uýýar. Indusçylygyň üçünji bir mezhebi şaktiçilik bolup, oňa uýýanlar esasan Bengalýada ýaşaýarlar.

Indusçylyk dininde dolandyryş we guramaçylyk işleri ybadathanalaryň özleri bilen çäklenýär. Sebäbi indusçylykda dolandyryş, dini taglymat ýa-da başga bir mesele boýunça karar kabul edýän nähilidir bir merkezi dolandyryş edaralary ýokdur. Ýöne, ähli ybadathanalaryň brahmanlary şol bir dini kitaplara esaslanýarlar. Şu umumylyk hem olaryň bitewiligini üpjün edýär. Emma keramatly kitaplar teswir edilmegini talap edýär. Ine, şunda käbir tapawutlar ýüze çykýar, ýöne olar indusçylygyň umumy mazmunyna zeper ýetirmeýärler.

Indusçylyk dini taglymatynda dört sany esasy zady görkezmek bolar:

1. Keramatly kitaplary,
2. Adatdan daşary jandarlary,
3. Ruhy,
4. O dünýä hakyndaky ynançlary.

Indusçylykda köp sanly keramatly kitaplar bardyr. Olaryň sany doly anyk däl. Bu kitaplar iki topara bölünýärler. Keramatly kitaplaryň birinji topary «*şruty*» («eşidilenler»), ikinjisi bolsa «*smriti*» («ýatda saklanylanlar») diýlip atlandyrylýar. Şruty kitaplaryny hiç kim döretmändir, olar hudaýlaryň peýda bolmagy bilen ýüze çykypdyrlar. Olar kitap hökmünde däl-de, bilim hökmünde ýüze çykypdyrlar. Şol bilimler hudaýlaryň aňynda saklanylypdyr. Hudaýlar şol bilimleri *rişilere* (danalar) eşitdiripdirler, olar bolsa hudaýlardan eşiden ähli zatlaryny kitaplara geçiripdirler.

Keramatly kitaplar mazmuny boýunça ýedi topara bölünýärler. Birinji topar *Weda* («Bilim») kitaplary bolup, olar dört jiltden ybaratdyr. Weda kitaplarynyň esasy mazmuny dini aýdymlar, dilegler we dini dessurlaryň beýany bilen baglanyşyklydyr.

Kitaplaryň ikinji toparyny keramatly kitaplar – Brahmanlar («Brahmanyň erkiniň beýany») düzýär. Brahmanlar onlarça kitaplardan ybaratdyr. Mazmuny boýunça olar Wedalaryň teswiridir. Bularyň mazmunyny Brahma

hudaýy ruhanylaryň üsti bilen adamlara iberipdir diýlip hasap edilýär.

Keramatly kitaplaryň üçünji topary *Aranýaklardyr* («Terkidünýäleriň kitaby»). Adyndan belli bolşy ýaly, onda terkidünýälik we onuň berjaý edilişiniň dessurlary hakynda gürrüň berilýär.

*Upanişadlar* (sözme-söz terjimesi «ýanynda» (*upa*), «aşak» (*ni*), «oturanlar» (*şad*), ýagny mugallymyň - brahmanyň huzurynda oturan okuwçylary diýen manyda) – keramatly kitaplaryň dördünji toparyny emele getirip, olar wedalaryň dini-filosofiki tewsirleridir.

Başinji topar – *Puranlar* («Gadymy hekaýatlar») bolup, olar onlarça kitaplardan - smritilerden ybaratdyr. Has gadymy puranlar başda ýatdan aýdylypdyr. Mazmuny boýunça olar hudaýlar hakyndaky gürrüňlerdir.

«Mahabharata» («Beýik bharatalylar»; *bharatalylar* – bular Hindistandaky halkyň ady) poemasy hem keramatly kitap hasap edilip, onuň ýeke özi altynjy topary emele getirýär. Poema 100 müňe golaý ikilemelerden ybaratdyr. Ol 18 sany bölüme bölünip, olaryň her biri hem kitap diýlip atlandyrylýar. Bu bölümler – kitaplar möçberi boýunça 320-den 14372-ä çenli ikilemeleri öz içine alýar.

Ýedinji topary hem ýeke bir kitap emele getirip, ol «Ramaýana» («Rama hakynda hekaýat») poemasydyr. Bu kitap 24 müň sany ikilemelerden ybaratdyr. «Ramaýana» ýedi bölüme bölünip, ol adatça bir kitap edilip çap edilýär.

Induslar adatdan daşary jandarlaryň – hudaýlaryň we döwleriň we jyn-arwahlaryň bolýandygyna ynanypdyrlar. Döwleriň üç görnüşi bolupdyr: *asurlar* («hudaýdäl»), *rakşasy* («gorkunç»), *pişaçi* (manysy belli däl). Asurlar – hudaýlaryň, rakşasy bilen pişaçi – bolsa adamlaryň garşydaşlarydyr. Rakşasylar mümkin bolan zatlar bilen adamlara zyýan ýetirmäge çalşypdyrlar, pişaçiler bolsa adamlaryň üstüne keselleri iberipdirler. Döwleriň esasy etmeli işleri hudaýlaryň

we adamlaryň garşydaşlary bolmak bilen diňe ýamanlyk etmeli. Emma döwleriň arasynda-da birlän-ikilän gowylary hem bolupdyr.

Keramatly kitaplarda hudaýlaryň dürli sanlary berlipdir. Ýöne ähli mezhepler üçin esasan 9 sany belli hudaýlara ynanmaklyk giňden ýaýrapdyr. Indusçylyk boýunça dünýädäki ähli zatlar hudaýlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Köphudaýly (*politeizm*) dinler üçin häsiýetli bolşy ýaly, indusçylygyň hudaýlarynyň hem hersiniň öz ýerine ýetirýän wezipesi we sypaty bolupdyr. Mysal üçin, käbir hudaýlaryň mysalasy adamlaryňky ýaly, ýöne göwresi äpet, käbirleriniň bolsa dört eli, üç gözi we ş.m. adaty däl alamatlary bar.

Indusçylyk hudaýlarynyň birinji üçlügine baş hudaýlar bolan Wişnu bilen Şiwa we öňki diniň hudaýy Brahma degişlidir. Hudaýlaryň ikinji üçlügine hudaýlaryň aýallary Lakşmi, Parwati we Saraswati, üçünji üçlügine bolsa baş hudaýlar bolmasalar-da, induslar tarapyndan iňňän hormatlanylýan Brahman, Ganeşa we Kama degişlidir. Wişnu («hemme ýerde, ähli zatda bar» ýa-da ýöne «halyk») wişnuçylygyň baş hudaýydyr. Baş hudaý bolmak bilen bir hatarda, ol ýene-de iki sany möhüm wezipäni ýerine ýetiripdir. Birinjiden, ol Älemiň goragçysy bolupdyr. Sebäbi Brahma Älemi ýaradandan soň ony goramaly bolupdyr, onuň wagtyndan öň dargamagyna we onuň döwler tarapyndan eýelenilmegine ýol bermeli däl. Üçünjiden, Wişnu durmuş we ýaşaýyş meselelerini



Rama hudaýynyň aýaly Sitanyň bürünçden heýkeli (XI asyr)

çözmekde adamlaryň esasy kömekçisi bolupdyr. Wişnu suratlarda we heýkellerde, köplenç halatlarda, dört elli erkek adamyň mysalynda şekillendirilýär.

Şiwa («Sahawatly») – şiwaçylygyň baş hudaýydyr. Öz ýerine ýetirmeli wezipesi boýunça Şiwa Älemi ýumrujy hudaý (wagty gelende hudaýlaryň görkezmesi boýunça Şiwa Älemi ýumurmaly) bolup, ol dogulmagyň hem-de ölümiň hudaýydyr, şeýle hem ol janly tebigatyň hem hudaýy hasap edilýär. Şiwany köplenç ýagdaýlarda gögümtil reňkde, dört elli we üç gözli edip şekillendirýärler. Şiwanyň maňlaýynda ýerleşýän üçünji gözi (keseligine däl-de, dikligine şekillendirilipdir) diňe bir görmek bilen çäklenmän, ol özünden adaty bolmadyk şöhle çykarypdyr we öz öňündäki ähli zady ýakyp-ýandyrypdyr.

Indusçylyga görä, hudaýlar ölmeýärler. Ýöne iki sany hudaý – Ganeşa bilen Kama ölüp direlipdirler. Bir gezek Şiwa gaharlanyp gözüniň otly şöhlesi bilen Kamany küle öwrüpdir. Emma Parwati ýalbaryp duransoň, Şiwa Kamany gaýtadan direldipdir.

Indusçylykda o dünýädäki durmuş iki tapgyrdan durupdyr. Onuň birinji tapgyry *sansara* («gezendelik»), ikinjisi bolsa sansaradan çykmaklyk diýlip atlandyrylýar. O dünýädäki ýaşaýşyň birinji tapgyryny ylmy edebiýatda fransuz sözi bolan «*reýinkarnasiýa*» («gaýtadan dogulmak») adalgasy bilen hem atlandyrýarlar. Munuň özi, ruhuň (ýa-da janyň) bir tenden çykyp, beýleki bir tene girmegidir. Sansara karmanyň («etmişiň») esasynda amala aşyrylypdyr. Karma – bu gaýtadan dogulmagyň kanuny bolup, ýaşan ömründe eden gowy işleri üçin adam gowy sansara, ýaramaz işleri köplük eden ýagdaýynda bolsa ejirli sansara eýe bolupdyr. Şol sebäpden hem induslarda: karma nähili bolsa, sansara hem edil şonuň ýalydyr diýlipdir. Eger-de, adamyň karmasy gowy bolsa, onuň ruhy sagdyn, baý we bagtly adamyň göwresine giripdir. Haçan-da, bu hadysa tersine bolan ýagdaýynda, onda onuň ruhy haýsydyr bir haýwanyň, ýa-da ösümligiň ýa-da bolmasa näsag,

garyp hem-de betbagt adamyň göwresine giripdir. Induslar, jenaýatkär özüniň indiki ýaşaýyşlarynyň birinde hökman öň eden jenaýatynyň pidasy bolýar diýip düşünipdirler. Indusçylyga görä, zorluk eden zorluga sezewar bolmaly, öldüren – öldürilmeli, ogurlyk eden talanylmagyň we ogurlygyň jebrini çekmeli.

Aýratyn saýlantgy adamlar üçin o dünýädäki ýaşaýşyň ikinji tapgyry «*mokşa*» («halas bolmak», «azat bolmak») adalgasy bilen atlandyrylýar. Mazmuny boýunça mokşa – aýratyn saýlantgy adamlaryň ruhunyň Brahmanyň ruhy bilen birleşmesidir. Munuň özi sansaradan çykylýandygyny, ýagny gaýtadan dogulmakdan halas bolunýandygyny we iň ýokary hem-de baky ýaşaýşa eýe bolunýandygyny aňladypdyr.

Indusçylygyň ähli akymlary, görnuşleri, mekdepleri, mezhepleri üçin şeýle alamatlar häsiýetli bolupdyr:

1. Kastalaryň esasy durmuş gurluşy hökmünde ýaşamagy.

2.Ruhy halypa hasap edilýän Guru bolmaly. Ol islendik indusçylyk jemagatynyň baştutany hasap edilipdir.

3. Keramatly ýazgylar bolan wedalaryň, aranýaklaryň, upanişadlaryň, käbir şadessanlaryň we şastrlaryň ykrar edilmegi.

4. Ruhuň uçup ýörendigi, onuň göwreden çykyp, gaýtadan göwrä girip bilýändigi hakyndaky taglymatyň kabul edilmegi.

5. Hökmany suratda Şiwa, Wişnu we Brahma bilen baglanyşykly bolan hudaýlara çokunmaly.

6. Sygyrlara çokunylýan haýwan hökmünde hormat goýulmagy.

Indusyň durmuşy dört döwürden ybarat bolup (dogulmagy, kemala gelmegi, öýlenmegi we ölmegi), onuň her döwründe ýerine ýetirmeli dessurlary bolupdyr.

**Irki orta asyrlarda Hindistanda ylym-bilim we medeniýet.** Gadymy döwürde bolşy ýaly, Orta asyrlarda-da Hindisatan ylmyň-bilimiň we medeniýetiň ösen merkezleriniň

biri bolupdyr. Hindi alymlary sanlaryň onluk hasabyny oýlap tapypdyrlar we ol häzirki güne çenli ulanylyp gelýär. Matematikaçylar droblar bilen işlemegi, şekilleriň tutýan meýdanyny, jisimleriň göwrümini hasaplap çykarmagy başarypdyrlar. Hindistanyň orta asyr şäherlerinde köp sanly obserwatoriýalar bolupdyr. Aýry-aýry astronomlar - älemşynaslar Ýeriň öz okunyň daşynda aýlanýandygy baradaky pikiri öňe sürüpdirler.

Hindistanda lukmançylyk has hem ösüpdir. Hindi alymlarynyň lukmançylyk baradaky kitaplarynda adam bedeniniň we onuň içerki agzalarynyň gurluşy jikme-jik beýan edilipdir. Lukmanlar hirurgiýa enjamlarynyň 200-e çenlisini we agyryny aýrýan serişdeleri peýdalanyp, çylşyrymly bejergileri geçirmegi başarypdyrlar. Keseli bilmek üçin lukmanlar bedeniň gyzgynlygyny kesgitläpdirler, näsagyň ýüreginiň hem-de gan damarlarynyň urşuny ölçäpdirler, deriniň we diliň reňkini gözden geçiripdirler. Olar dürli erginleri, pet we çalynýan dermanlary ulanypdyrlar. Hindi lukmanlary özleriniň bilimleri bilen Gündogar ýurtlarynyň hemmesinde şöhratlanypdyrlar.

Hindistanyň binagärçiligi gurluşyklaryň diýseň köpdürlüligi bilen tapawutlanypdyr. Orta asyrlardan köp ybadathanalar we köşkler saklanyp galypdyr. Ilki-ilkiler ybadathanalar gaýalaryň ýüzünde oýulyp, soňra dag gowaklarynda gurlupdyr. Ajantadaky (Merkezi Hindistan) iň meşhur gowak ybadathanalary dokuz asyryň dowamynda gurlupdyr. Ybadathananyň diwarlarynyň ýüzüne suratlar çekilipdir. Olar çig suwagyň ýüzüne ýörite suwuk reňk çalyp salnan nagyşlar bolupdyr. Ajanta ybadathanasyndaky suratlarda rajalaryň, köşk adamlarynyň, şäherlileriň ýaşaýşyndan alnan durmuş pursatlary, rowaýatlar we taryhy wakalar şekillendirilipdir.

VIII asyrdan başlap Hindistanda ägirt uly minaralary ýada salyp duran daşdan we kerpiçden ybadathanalary gurup ugrapdyrlar. Ybadathanalaryň diwarlarynyň daş ýüzi heýkeller we daşyň ýüzüni oýup salnan nepis nagyşlar bilen bezelipdir.

Hindi heýkeltaraşlary haýwanlary takyk şekillendirmegi başarypdyrlar. Ybadathanalaryň golaýynda pilleriň we atlaryň heýkellerini oturdypdyrlar, olaryň içinde bolsa köp elli hudaýlaryň bürünçden guýlan ýa-da daşyň ýüzüni oýulyp ýasalan ägirt uly heýkellerini ýerleşdiripdirler.

# II BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY ÖSEN ORTA ASYRLAR ZAMANYNDA

## §1. Arap halyflygy VIII asyryň ikinji ýarymynda – X asyrda

**Abbasy nesilşalygy häkimiýet başynda.** 750-nji ýylda Omeýýalaryň nesilşalygy agdarylandan soň häkimiýete Abbasylar nesilşalygy gelipdir we olar 1258-nji ýyla çenli hökümdarlyk edipdirler. Abbasylar ägirt uly ýurdy miras alypdyrlar we onuň düzümine Demirgazyk Afrika, Arabystan, Alynky Aziýa, Yrak, Eýran, Kawkazyň we Merkezi Aziýanyň köp ýerleri giripdir. Emma abbasylar Ispaniýany elden gideripdirler we ol ýerde 756-njy ýylda özbaşdak emirlik esaslandyrylýar. Bu emirlik X asyrda özbaşdak Kordowa halyflygyna öwrülýär.

762-nji ýylda halyf Mansur (754-775) Abbasy halyflygynyň paýtagtyny Bagdada[1] geçirýär. Halyflygyň paýtagty öň Kufa şäherinde ýerleşýärdi. Ägirt uly musulman döwletiniň kemala gelmegi bilen has amatly paýtagtyň zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň üçin hem Orta Yrakda, Tigr bilen Ýewfrat derýalarynyň biri-birine has golaý gelýän ýerinde täze paýtagt gurmaklyk karar edilýär. Täze paýtagtyň düýbi 762-nji ýylda halyf al-Mansur tarapyndan tutulyp, onuň adynyň gelip çykyşyny gadymy Bagdat obajygynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Şäheri halyf «*Medinat as-Salam*»

[1]Taryhy edebiýatda Omeýýalaryň halyflygy - Damask, Abbasylaryňky - Bagdat, Ispaniýadaky bolsa - Kordowa halyflygy diýlip hem atlandyrylýar.

(«Abadançylyk şäheri») diýip atlandyrypdyr. Emma halk arasynda barybir «*Bagdat*» («Hudaý beren») ady ýörgünli bolup galypdyr. Şäheriň Horasan, Kufa, Basra we Damask diýlip atlandyrylan dört sany derwezesi bolupdyr. Bagdat şäheri aýratyn hem al-Mansuryň agtygy Harun ar-Reşidiň (786-809) döwründe gülläp ösüpdir.

VIII asyryň ikinji ýarymy – IX asyryň birinji ýarymy Abbasylar halyflygynyň syýasy taýdan kuwwatly döwri hasap edilýär. Emma IX asyryň ortalaryndan başlap häkimiýet ugrundaky uruşlar, halk gozgalaňlary zerarly Bagdat halyflygynyň syýasy, ykdysady we harby kuwwaty pese gaçyp ugraýar. Orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi we berkemegi, ýerlerdäki emirlere ykdysady we syýasy taýdan özbaşdak bolmaga mümkinçilik beripdir. Netijede, Merkezi Aziýada, Eýranda, Siriýada, Palestinada, Müsürde, Demirgazyk Afrikada we Arabystanda ýerli nesilşalyklar kemala gelipdir we X asyra çenli Abbasy halyflarynyň hökümdarlygy diňe Yrak bilen çäklenipdir.


Samarradaky Jausak al-Hakani köşgüniň diwaryndaky surat

Halyflygyň gowşamagynda hakyna tutma goşunlaryň, aýratyn hem köşk goragçylarynyň täsiriniň güýçlenmegi uly täsir edipdir. Eýýäm VIII asyryň ahyrlaryndan başlap, esasan oguzlardan-türkmenlerden, şeýle hem käbir beýleki türki taýpalaryň wekillerinden düzülen goşunlar we köşk goragçylary halyflygyň syýasy durmuşynda uly ähmiýete eýe

bolupdyrlar. Oguz-türkmen serkerdelerini we nökerlerini ulanmak bilen halyflar köp syýasy hem-de harby meseleleri çözýärdiler. Emma wagtyň geçmegi bilen halyflar kem-kemden öz harbylarynyň täsirine düşüp olarsyz bir mesele-de çözüp bilmändirler. Üstesine-de, tagtyň mirasdüşerleri bolan şazadalaryň hem ählisi ýaşlygyndan atabegler hökmünde, türkmen harbylary tarapyndan terbiýelenilýärdi. Türkmenler olaryň diýen edýänlerini tagta getirýärdiler, boýun egmezek halyflary bolsa haýal etmän agdarýardylar. Netijede döwletde halyflary tagta çykarmaklyk türkmen serkerdeleriniň eline geçipdir. Şonuň üçin hem 861-946-njy ýyllarda höküm süren 12 halyfyň ählisi türkmenler tarapyndan bellenilipdir. Şunuň bilen bir hatarda, al-Mutasimden (833-843) başlap abbasy halyflarynyň köpüsiniň ejeleri hem oguzlardan ýa-da beýleki türki taýpalaryň gyzlaryndan bolupdyrlar. Harun ar-Reşidiň üçünji ogly, sekizinji abbasy halyfy al-Mutasim (833-842) türkmen ýesir gyzyndan doglupdyr.

Tagta geçen dessine, al-Mutasim Merkezi Aziýadan getirilen türkmenlerden düzülen dört müňlük hususy goşunlary öz töweregine ýygnapdyr. Halyf paýtagty Bagdatdan göçürmegi we täze paýtagt gurmagy karar edýär. 836-njy ýylda Bagdatdan 120 km daşlykda, Tigr derýasynyň sag kenarynda ýerleşýän Samarra obajygynyň ýerinde täze paýtagt gurlup başlaýar. Araplara düşnüksiz bolan assiriýalalylaryň «Samara» adyny al-Mutasim «Surra men raa» («[Ony] gören şat bolar») diýip üýtgedipdir. Halyflygyň paýtagty hökmünde «Surra men raa» ady teňňeleriň ýüzünde, resmi döwlet iş dolandyryş kagyzlarynda giňişleýin ulanylypdyr, ýöne halk arasynda şäheriň Samarra ady barybir ýörgünli bolup galypdyr. Bagdatdan tapawutlylykda, Samarra göni köçeli şäher bolup, onuň baş köçesiniň giňligi 100 metre uzynlygy bolsa 15 km barabar bolupdyr. Şu köçe bilen günde diýen ýaly halyfyň türkmenlerden düzülen goragçylary we goşunlary dabaraly nyzam bilen geçýär ekenler. Şähere köp sanly metjitler, halyfyň

we onuň türkmen serkerdeleriniň köşkleri aýratyn bezeg beripdir. Aýratyn hem al-Mutasimiň «*Jausak al-Hakani*» («Han galasy») diýlip atlandyrylan köşgi owadan bolupdyr. 56 ýyldan soň halyf al-Mutamit (871-892) döwletiň merkezini Samarra şäherinden ýene-de Bagda-da göçürip getirýär.

946-njy ýylda Bagdat halyflygynda häkimiýet ylmy edebiýatda buitler diýlip atlandyrylýan parslaryň büweýhiler nesliniň eline geçýär. Halyflaryň ygtyýarynda diňe dini häkimiýet galypdyr, ýöne olaryň köşk adamlaryny saklamaga, juma namazynda öz atlaryna hutba okatmaga we teňňeleriň ýüzüne atlaryny ýazdyrmaga ygtyýarlary bolupdyr. Şeýleleikde, halyflar Rim papalary ýaly ruhy hökümdarlara öwrülipdirler.



Bagdat şäheri
(XV asyryň miniatýurasy)

Halyfyň köşgüni ekläp saklamak üçin öz döwri üçin örän uly döwlet çykdajysy - 5 müň dinar pul goýberilipdir. Halyflygyň ýerinde döreýän täze hökümdarlaryň häkimiýetini kanun esasda ykrar etmek üçin hökman halyfyň patasy gerek bolupdyr. Haçan-da, türkmen-seljuklar 1055-nji ýylda Bagdada girenlerinde Togrul beg halyf el-Kaýim (1031-1075) tarapyndan beýik soltan diýlip yglan edilipdir. Seljuklaryň

döwründe halyflaryň abraýy we syýasy täsiri hem ep-esli artypdyr. Bagdat halyflygy 1258-nji ýylda mongollar tarapyndan ýok edilýär.

**Abbasy halyflygynyň syýasy gurluşy.** Abbasylar basybalyşlary dowam etdirmändirler. Olaryň baş maksady merkezi häkimiýeti berkitmäge, dolandyryşy merkezleşdirmäge, şeýle hem dolandyryjy nesilşalygyň syýasy hem-de sosial binýadyny berkitmäge gönükdirilipdir. Eger-de, omeýýa halyflary esasan arap begzadalaryna daýanan bolsalar, abbasylar parslaryň, oguzlaryň we beýleki halklaryň hyzmatyndan hem peýdalanypdyrlar. Öňki döwürlerde bolşy ýaly, ýurtdaky dini hem-de dünýewi häkimýetleri halyfyň elinde jemlenipdir. Emma 755-nji ýylda baş weziriň wezipesi girizilip, ol ýurtdaky ikinji adama öwrülipdir. Abbasy halyflygynyň başky elli ýyllyk döwründe baş weziriň wezipesi asly Balhdan bolan barmakylar nesliniň ygtyýaryna geçipdir. Wagtyň geçmegi bilen barmakylaryň köşkdäki abraýyy has-da artypdyr we ýurtdaky dolandyryşa esasan şolar jogap beripdirler.

Baş wezir diwanyň, daşary gatnaşyklar, maliýe, harby edaranyň, halyfyň goragçylarynyň işlerine gönüden-göni gözegçilik edipdir. Munuň özi weziriň wezipesiniň näderejede ähmiýetli bolandygyna şaýatlyk edýär. Wezir hatda aragatnaşyk we polisiýa gulluklaryna hem ýolbaşçylyk edipdir. Emma halyf Harun ar-Reşidiň (786-809) döwründe beýik wezirleriň ygtyýarlyklary ep-esli çäklendirilýär. 802-nji ýylda ol barmakylary häkimiýetden çetleşdirip, ähli emläklerini ellerinden alypdyr we özlerini hem ýok edýär.

Bu döwürde döwlet işlerini halyfyň orunbasary baş kazy (*kadiý*) alyp barypdyr. Adyndan belli bolşy ýaly, ol kazyýetiň we magaryfyň işine jogap beripdir. Kazynyň wezipesiniň ähmiýeti weziriň wezipesiniň ähmiýeti bilen deňleşipdir. Kazynyň ýyllyk girdejisi hem baş weziriň

girdejisiniň möçberine barabar bolupdyr. Baş kaza şäherleriň we welaýatlaryň kazylary hem tabyn edilipdir.

Welaýatlaryň başynda öňki döwürlerdäki ýaly dikmeler – emirler durup, olar ýokary begzadalar gatlagyndan gelip çykypdyrlar. Emiriň wezipesi juda girdejili bolupdyr. Şonuň üçin hem aýry-aýry begzadalar bu wezipäni satyn almak üçin serişde gysganmandyrlar. Bagdat halyflygynyň bütin dowamynda hökümdarlar welaýatlardaky emirleriň işlerini öz gözegçiliginde saklamaga çalşan-da bolsalar, olar özlerini hut ýerlerdäki patyşajyklar ýaly duýupdyrlar. Emirler öz isleglerine görä salgytlary artdyrýardylar, kähalatlarda bolsa, ýygnalan salgydy dolulygyna özleri alýardylar. IX asyrdan başlap köp emirleriň ýerlerdäki häkimiýeti mirasdüşer häkimiýete eýe bolup ugraýar, şunuň netijesinde Müsürde Tulunylar, Ihşidiler, Eýranda we Merkezi Aziýada Tahyrylar, Saffarylar we Samanylar ýaly özbaşdak dolandyrylýan nesilşalyklar ýüze çykýar.

Abbasylaryň döwründe aragatnaşyk gullugynyň ähmiýeti has-da artypdyr. Omeýýalaryň döwründäki ähli aragatnaşyk beketleri gaýtadan dikeldilýär we köp sanly täze beketler gurulýar. Aragatnaşyk gullugynyň üsti bilen baş wezirler halyflygyň ähli ýerlerindäki dolandyryş edaralarynyň işini we emeldarlary gözegçilikde saklaýardylar. Aragatnaşyk gullugynyň ýerlerde özüniň giň ýaýran maglumatçylary bardy. Olar ýerlerde bolup geçýän hadysalar, wakalar, ilatyň hal-ýagdaýy, suwaryş desgalarynyň, maliýe işleriniň ýagdaýy, wezipeli adamlar we başgalar barada yzygider habar berip durýardylar. Ýerlerden gelýän şol maglumatlar soňra baş weziriň edarasy tarapyndan öwrenilip, halyfyň dykgatyna ýetirilipdir. Umuman aýdanyňda, aragatnaşyk gullugy öz döwrüniň howpsuzlyk gullugy ýaly bir zat bolupdyr.

Abbasylar halyflygynda goşunda gulluk edýänleriň sany 160 müňe ýetip, olar oguzlardan, berberilerden we horasanlylardan düzülipdir. Emma şunça mukdardaky goşuny

saklamak üçin kän serişde gerek bolupdyr. Şonuň üçin hem hakyna tutma goşunlar bilen bir hatarda, zinjilerden[1] düzülen goşunlar hem saklanylypdyr.

**Ekerançylyk pudagynyň ýagdaýy we agrar gatnaşyklary.** Abbasylar döwründe orta asyr gatnaşyklary has-da kämilleşipdir we ösüpdir. Oňki döwürde bolşy ýaly ýere döwlet eýeçiligi doly derejede saklanyp galypdyr. Orta asyrlar üçin häsiýetli bolan eýeçiligiň ähli görnüşleri (mülk, gulluk ýerleri (ikta), jemagat ýerleri) bu döwürde-de saklanyp galypdyr. Ýöne, şunuň bilen bir hatarda, ýer eýeçiliginiň mazmunynyň üýtgemegi bilen, onuň täze görnüşleriniň peýda bolmagy hem dowam edipdir.

Omeýýalaryň döwründe ikta eýeçilik etmegiň esasy şerti ýeri işläp bejermeklik we salgyt tölemeklik bolan bolsa, abbasylaryň döwründe onuň şertliligi has-da artypdyr. Sebäbi ikta indi diňe harby we döwlet gullugy üçin berilýärdi. XI asyrda bolsa ikta diňe harby gulluk üçin berlipdir. Ýöne, iktadarlar gulluk üçin döwletden ýer almak bilen, ony öz hususy eýeçiligine öwürmäge, nesillerine miras galdyrmaga çalyşýardylar. Has beteri-de, iktadarlar döwlete gulluk etmek islemeýärdiler. Ikta ýerleri bolsa esasan döwlet hazynasyna degişli ýerleriň hasabyna berilýärdi, üstesine-de, iktadarlar öz ýerleriniň golaýyndaky oba jemagatlaryna degişli ýerleri hem eýelemäge çalşypdyrlar.

IX asyrda orta asyr eýeçiliginiň täze bir görnüşi – *wakf* («wakf» – «bagyş [edýärin]») peýda bolýar. Wakf ýerleri barada aýdylanda, ol din adamlaryna hökümdarlar tarapyndan sadaka berilýän ýerlerdi. Abbasy halyflygynda wakf ýerleri giň ýaýrapdyr. Sebäbi halyflykda durmuş syýasaty esasan din adamlarynyň üsti bilen amala aşyrylýardy. Wakfa dine bir ekerançylyk ýerleri degişli bolman, kerwensaraýlar, bazarlar we hammamlar hem berilýärdi. Adatça wakf eýeçilindäki

[1] Zanzibar adasynyň (arapça az-Zinjibar) üsti bilen Gündogar Afrikadan getrilýän garaýagyz gullary zinjiler diýip atlandyrypdyrlar..

emläklere salgyt salynmandyr. Olardan gelýän girdejiler dolylygyna dini edaralaryň hasabyna geçirilýärdi.

Abbasy halyflygynda uly mukdardaky ýerleriň aýry-aýry begzadalaryň, emirleriň elinde jemlenmegi hem dowam edipdir. Ýurtda iň uly mülkdarlar abbasylaryň özleri bolupdyrlar. Omeýýalara degişli ägirt uly mülkleriň abbasy nesilşalygynyň eline geçmegi belli bir derejede döwlet ýerleriniň mukdaryny artdyrmaga mümkinçilik beripdir. Halyflar boş ýatan we tarp ýerleri özleşdirip özlerine degişli ýerleriň mukdaryny artdyrypdyrlar.

Halyflygyň esasy baýlygy salgyt ýygnamagyň esasynda toplanypdyr. VIII-IX asyrlaryň sepgidinde abbasy halyflygynyň umumy döwlet girdejisi 530 million dirheme barabar bolupdyr. Mundan başga-da, döwlet hazynasyna ummasyz köp mukdarda önüm görnüşindäki salgytlar – matalar, geýim-gejimler, halylar, gant, bal, hoz, dowarlar, atlar, düýeler, piller we başgalar hem gelipdir.

**Abbasylar halyflygynda halk hereketleri.** Abbasylar häkimiýet başyna omeýýalara garşy turan halk gozgalaňynyň netijesinde gelipdirler. Ýöne halk gozgalaňlary abbasylaryň döwründe-de az bolmandyr. Eýýäm abbasylar häkimiýet başyna gelen badyna 751-nji ýylda Buharada Şarigiň baştutanlygynda uly gozgalaň başlaýar. At-Tabariniň berýän maglumatyna görä, Şarigiň gozgalaňyna gatnaşyjylaryň sany 30 müň adama ýetipdir. Gozgalaň begzadalara, olaryň eden-etdiliklerine we täze halyflaryň häkimiýetine garşy gönükdirilipdir.

Öňki halk gozgalaňynyň serdary Abu Muslim abbasylaryň tarapynda durup çykyş edipdir we Şarigiň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga gatnaşypdyr. Abbasylaryň ýakyn adamsyna öwrülmek bilen Abu Muslim goşunlar bilen Buhara ugrapdyr we Şarigiň gozgalaňyny basyp ýatyrypdyr. Şu gozgalaň bilen bir döwürde Yrakda we Arabystanda

haryjylaryň çykyşlary hem bolup geçipdir. Halyfyň goşunlary gozgalaňlary iki ýylyň dowamynda basyp ýatyrypdyr.

Halyflykdaky gozgalaňlary ýene biri Abu Muslimiň öldürilmegi bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Omeýýalar agdarylandan soň Abu Muslim abbasylaryň täsirli begzadalarynyň birine öwrülipdi. Emma halkyň içindäki abraýyndan çekinip 755-nji ýylda ol halyfyň buýrugy bilen öldürilýär. Halk hereketiniň serdarynyň öldürilmegi Nişapurda we Reýde gozgalaňyň turmagyna getirýär. Gozgalaňa Smbat Mag baştutanlyk edipdir. Gozgalaň Horasandan tä Azerbeýjana çenli aralygy öz içine alypdyr. 767-nji ýylda Horasanda Ustat Sisiň ýolbaşçylygynda ýene-de bir uly gozgalaň turýar. 778-779-njy ýylllarda Gürgende «Gyzyl baýdaklylaryň» («*Surh alem*») gozgalaňy hem bolup geçýär.

Merwli Haşim ibn Hekimiň ýa-da taryhy edebiýatda aýdylyşy ýaly Mukannanyň[1] baştutanlygynda «Ak geýyimlileriň» gozgalaňy (776-783) bütin Mawerinahra ýaýrapdyr. Mukanna öz hereketine VIII asyryň 60-njy ýyllarynda başlapdyr. Abbasylaryň häkimiýetine garşy çykyş edýändigi üçin ony zyndana taşlapdyrlar, ýöne oňa gaçmak we Merwe dolanyp gelmek başardypdyr. Merwde ýerleşmek bilen Mukanna Mawerannahryň dürli sebitlerine öz adamlaryny iberipdir we halky gozgalaňa çagyrypdyr. Tiz wagtdan ol Buharada peýda bolýar we tarapdarlarynyň sanyny has hem artdyrýar. 776-njy ýylda Buharanyň golaýyndaky Narşah obasynyň töwereginde gozgalaňçylar bilen halyf goşunlarynyň arasynda ilkinji çaknyşyk bolup geçýär. Halyf goşunlaryna bu ýerdäki gozgalaňy basyp ýatyrmak kynlyk bilen başardypdyr.

Başda Buharanyň begzadalarynyň bir bölegi gozgalaňçylary goldapdyrlar, emma Narşahdaky gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň olaryň köpüsi hökümet goşunlarynyň tarapyna geçýärler. 778-nji ýylda halyf goşunlary Samarkandy

[1] *Mukanna* – «Perdeli»

eýeleýärler. Netijede, 783-nji ýylda Mukannanyň gozgalaňy doly basylyp ýatyrylýar. Harun ar-Reşidiň dolandyran soňky ýyllarynda Yspyhanda, Hemedanda, Reýde hem gozgalaňlar bolup geçýär.

VIII asyryň ahyrlarynda – IX asyryň başlarynda Müsürde, Yrakda, Demirgazyk Afrikda dürli çykyşlar bolup geçýär. Abbasylaryň häkimiýetine garşy aýratyn uly gozgalaňlar Azerbaýjanda başlady. 816-nji ýylda başlan bu gozgalaňa ýaş senetçi Babek baştutanlyk edipdir. Babegiň baştutanlygyndaky bu hereket «Gyzyl hürremileriň» gozgalaňy (816-837) ady bilen bellidir. Gozgalaň Azerbeýjanyň Talyş daglarynda başlaýar we Günbatar Eýrana, Yspyhana we Kermana çenli ýaýraýar. Diňe Azerbaýjandaky gozgalaňçylaryň sany 300 müňe ýetipdir. Halyf Mamunyň (813-833) goşunlary gozgalaňçylardan birnäçe gezek ýeňilýärler. Emma gyzyl hürremiler, olaryň serdary Babek (takm. 800-838) adalatly talaplar bilen bir hatarda emlägiň we we aýal-gyzlaryň ortalyk bolmagy hakyndaky ahlaksyz garaýyşlara eýerýärdiler. Babegiň esaslandyran bu hereketi III-V asyrlarda ýaşap geçen Mani bilen Mazdagyň döreden maniheýçilik-mazdakçylyk hereketleri bilen baglanyşyklydyr. Gyzyl hürremileriň hereketi bu akymlaryň täze döwürde ýüze çykan görnüşidi.

Gyzyl hürremileriň hereketi halyflyga uly howp salýardy. Eger-de haýdan-haý çäresi görülmese, Eýranyň, Yragyň we bütin Kawkaz ülkesiniň abbasy halyflygynyň düzüminden çykmagy, halyflygyň Merkezi we Günorta Aziýa bilen arasyny bölmegi mümkindi. Olaryň garşysyna Mamun hem, onuň inisi al-Mutasim (833-843) hem, yzygider ýörişleri geçiripdir. Emma Babege halyfyň goşunlaryny ençeme ýola ýeňmek başardypdyr. Al-Mutasimiň Dolanaý Beg, Meňli Çör, Beýik Buga, Aşnas at-Türki, Afşin at-Türki, Hammad at-Türki, Ahmet at-Türki, Abu as-Caç atly meşhur serkerdeleri bolupdyr. Ahyrsoňy, halyf al-Mutasimiň serkerdeleri Beýik Buga, Aşnas at-Türki, Afşin at-Türki, Abu as-Caç dagy Babegiň

goşunlaryny derbi-dagyn edip, onuň Azerbaýjandaky galalaryny eýeläpdirler we topalaňçynyň özünem ýesir alypdyrlar.

Abbasy nesilşalygynyň onunjy wekili al-Mütewekgiliň (847-861) döwründe Bagdat köşgündäki oguz serkerdeleriniň täsiri has hem güýçlenipdir. Mütewekgiliň gowşaklygy sebäpli halyflygyň dürli ýerlerinde döwlete garşy çykyşlar dowam edýärdi. Azerbaýjanda turan topalaňa al-Buweýs baştutanlyk edipdir. Halyfyň dikmesi Muhammet ibn Hatam topalaňy basyp ýatyrmagyň hötdesinden gelip bilmändir. Şonuň üçin hem halyf Häzirbegjana edenli türkmen serkerdesi Tegin Buga aş-Şerabyny iberipdir. Tegin Buga topalaňçylaryň esasy güýçlerini gabap, onuň ýolbaşçylaryny ýesir alypdyr.

Döwlet üçin aýratyn hem Ermenistanda we Gürjüstanda turan topalaňlar howply bolupdyr. Sebäbi olary Wizantiýa goldaýardy. Şonuň üçin hem halyf Mütewekgil serkerde Tegin Bugany Ermenistana iberipdir. Ol gozgalaňy basyp ýatyrypdyr, Ermenistanda tertip-düzgüni ýola goýup, Gürjüstanyň paýtagty Tbililisini eýeläpdir. 857-nji ýylda Mütewekgil Tegin Bugany Wizantiýanyň garşysyna-da ugradypdyr. Sebäbi grekler halyf goşunlarynyň Ermenistandaky we Gürjüstandaky topalaňlary basyp ýatyrýanlygyndan peýdalanyp, halyfyň Yrakdaky we Siriýadaky mülklerine çozupdyr. Netijede, halyfyň oguz serkerdeleriniň iki ýylyň dowamynda alyp baran uruşlarynyň netijesinde, grek goşunlary basyp alan ähli ýerlerinden kowlup çykarylypdyr.

Halyf al-Mutazyň (867-870) dolandyran ýyllarynda Musa ibn Beýik Buga görnükli serkerdeleriň biridi. Mutazyň döwründe Hemedanda halyfa garşy uly topalaň turýar. Emma Musa ibn Beýik Buga gozgalaňy basyp ýatyrypdyr. Musa beg 869-njy ýylda Kazwinde turan topalaňy hem basyp ýatyrýar.

Abbasy halyflarynyň häkimýetine howp salýan dini-syýasy güýçleriň biri-de, haryjylaryň hereketidi. Şonuň üçin hem halyf al-Muhtadi (870-871) serkerdeler Musa ibn Beýik

Bugany, Baý Gabak hany we Muflih hany haryjylaryň garşysyna iberýär. Abbasy halyflary 15 ýyllap (870-885) dowam eden «zinjileriň» ägirt uly topalaňyna garşy hem göreşmeli bolupdyrlar. Zinjileriň asly Gündogar Afrikadan getirilen hebeşi gullar bolup, olar örän kän eken. Halyflar daýhançylyk etmek islemeýän araplaryň ýerinde işletmek, şeýle hem köşk hyzmatkärleri hökmünde ulanmak üçin Afrikadan müňlerçe hebeşi gullary sürüp getirýärdiler. Soňa baka gullaryň sany artyp, olar döwletiň içki howpsuzlygyna-da uly zeper ýetirip başlaýarlar. Olar döwlete garşy uly gozgalaňlary turzup, asuda oturan ilaty talap, sütem edip, ençeme şäherlerdir obalary ýakyp-ýandyrypdyrlar.

Zinjilere garşy uruşlarda Muflih serkerde wepat bolupdyr. Emma onuň goşunlary pitneçileriň uly toparyny derbi-dagyn edipdir. Pitneçilere garşy uruşlarda Baýyk Beg, Muflih hanyň ogly Abdyrahman ibn Muflih, Musa ibn Beýik Buga, Yshak ibn Gannaç, Ywraýym ibn Sima, Muhammet Akguş, Ahmet Ýarjyk ýaly oguz serkerdeleri aýratyn tapawutlanypdyrlar. Wasit, Ahwaz, Al-Meniýa, Al-Mansuriýa ýaly Eýran bilen Yragyň uly şäherleri yzyna gaýtarylyp alnanda, olja alnan 15 müňden gowrak musulman aýallary, garrylar, oglan-uşaklar zinjileriň zulmundan azat edilipdir.

IX asyryň ahyrlarynda Bahreýnde karmatlaryň[1] hereketi ady bilen arap daýhanlarynyň we senetçileriniň gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňçylar durmuş we emläk deňligi ugrunda çykyş edipdirler. Olar jemgyýetiň esasy adamsy – erkin jemagatçy bolmalydyr diýýärdiler. Karmatlaryň çykyşlary Yrakda, Siriýada, Müsürde, Eýranda, Horasanda giň goldawa eýe bolupdyr. Karmatlar öz gözegçilik edýän ýerlerinde talaňçylyk hem edýärdiler. Tiz wagtdan karmatlaryň hereketi bütin Arabystany gurşap alýar. Halyf goşunlary bilen karnmatlaryň arasyndaky söweşleriň biri 902-nji ýylda

[1] Bu adyň nämäni aňladýandygy anyk däl.

Kufanyň golaýynda bolup, hökümet goşunlary olardan ýeňilýär. Soňra karmatlaryň goşunlary Damasky, Homsy, Hamany, Maarrany, Baalbegi we Salamiýany talapdyrlar.

928-nji ýylda karmatlar Kufanyň eteginde halyf goşunlaryny nobatdaky gezek agyr ýeňlişe sezewar edýärler we Bagdatyň etegine süýşüp gelýärler. Emma Bagdady eýelemek karmatlara başartmandyr. 930-njy ýylda karmatlar Mekgä çozup, şäheri talaýarlar, soňundan bolsa mukaddes Käbedäki Gara daşy hem özleri bilen alyp gidýärler. Gara daşy Mekgä diňe 951-nji ýylda gaýtaryp getirmek başardypdyr.

**Müsürde we Siriýada türkmen nesilşalyklarynyň häkimiýeti.** IX asyryň 60-njy ýyllarynda Müsürde häkimiýet asly oguzlardan bolan Ahmet ibn Tulunyň eline geçýär. Tulunylar nesilşalygynyň irki döwürleri barada köp zat bilinmeýär. Diňe hanedana at beren Tulun begiň Merkezi Aziýanyň hökümdarlarynyň köşginde gulluk eden oguz esgeridigi belli. Ol IX asyryň 20-nji ýyllarynda köşkde özüni edermen esger hökmünde tanadypdyr. Gullugyna saklygy we gözsüz batyrlygy üçin ony halyf al-Mamuna sowgat beripdirler. Iňlis alymy E.Boswordyň tassyklamagyna görä, «tulun» sözi türkmen diliniň «Dolan aý» sözüniň arapça ýoýulmasydyr. Bagdat köşgünde jogapkärli wezipelerde işlän Tulun beg 854-nji ýylda aradan çykandan soň onuň ornuna ogly Ahmet beg geçýär.

Halyf Mütewekkiliň (847-861) döwründe Ahmet Tulun birnäçe jogapkärli wezipelerde işläpdir. 868-nji ýylda halyf Mutazz (866-869) ony Müsüriň emiri edip belleýär. Ähli häkimiýeti öz eline alyp, Ahmet Tulun şol ýyl Müsüriň özbaşdaklygyny yglan edýär. Özbaşdaklyk gazanandan soň Ahmet Tulun 870-nji ýylda halyfyň dikmeleriniň oturýan ýeri bolan Fustatyň gapdalynda Müsüriň täze paýtagtyny – Kataý şäheriniň düýbini tutýar. 878-nji ýylda Ahmet Tulun Palestinany we Siriýany hem Müsüre birikdirýär. Ahmet Tulun Müsüriň garaşsyzlygyny yglan etse-de, Bagdat bilen arasyny

üzmändir. Müsürden, Siriýadan we Palestinadan gelýän salgydyň bir bölegini ol Bagdada ugradypdyr we juma namazynda halyfyň adyna hutba okadypdyr.

Ahmet Tulunyň dolandyran ýyllarynda Müsür çalt depginler bilen ösüpdir. Raýatlardan ýygnalýan salgydyň köp bölegi Müsürde galýardy. Hazynanyň serişdeleri oba-hojalygyny, söwdany, senetçiligi we gurluşygy ösdürmäge sarp edilipdir. Ahmet Tulun aradan çykandan soň müsür tagty onuň ogly Abul Jaýş Humarawaýha (884-896) miras galýar. Ol Tulunylariň döwletiniň serhetlerini has-da giňeldipdir we döwletiň düzümine Wizantiýanyň elinden alnan Sisiliýa adasy bilen Mesopotamiýa hem goşulypdyr. Netijede, tulunylar döwleti sebitde iň kuwwatly ýurda öwrülýär. Ol Bagdat halyflygy, Karmatlaryň döwleti, Demirgazyk Afrikadaky Idrisiler, Aglablar döwletleri we Wizantiýa imperiýasy bilen bäsleşipdir.

895-njy ýylda Humarawaýh aradan çykandan soň, ýurdy onuň ogullary Jeýş Abul Asahir (895-896) we Harun (896-904) dolandyrypdyr. Humarawayhyň ogullarynyň dolandyran ýyllarynda Tulunylar döwleti gowşapdyr. Harun beg 904-nji ýylda aradan çykýar we häkimiýet onuň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Şeýbana (904-905) miras galýar. Harunyň dolandyran döwründe 903-nji ýylda tulunylar karmatlardan ýeňlipdirler. Bu ýagdaýdan bagdatly halyflar haýal etmän peýdalanýarlar we 905-nji ýylda halyf Muktafi (902-908) Müsüre garşy ägirt uly guryýer we harby-deňiz güýçlerini sürýär we Kataý basylyp alynýar.

935-nji ýylda Müsür ýene-de abbasylaryň galygyndan çykýar. Bu gezek Müsüre garaşsyzlygy beýleki bir oguz serkerdesi Tuguç Ihşidiň ogly Muhammet beg alyp berýär. Ihşit unwany Muhammet begiň ata-babalarynyň hökümdarlyk derejesi bolup, olar gadymy döwürlerden tä VIII asyryň ortalaryna çenli Merkezi Aziýada Sogdiýananyň ihşitleri - hökümdarlary bolupdyrlar.

Muhammediň kakasy Tuguç beg Ferganany dolandyran ihşitleriň biriniň ogly bolup, ol X asyryň başlarynda Bagdatda halyfyň köşgünde gulluk edýär eken. Öz döwründe ol Damaskyň emiri wezipesini hem eýeläpdir. Emma halyfyň garşysyna gidenligi üçin Tuguç beg tussag edilýär we zyndanda aradan çykypdyr. Muhammet beg kakasynyň şowsuzlyklaryny düzetmegi başarýar we 930-njy ýylda ilki Damaskyň, 935-nji ýylda bolsa Müsüriň emiri bolmaklygy başarýar. Halyf ar-Rady (934-940) Muhammet bege ata-babalaryndan miras galan «*ihşit*» unwanyny beripdir.

938-nji ýylda Muhammet Tuguç özüni Müsüriň ihşidi diýip yglan edýär. 941-nji ýylda begligiň düzümine Siriýa, Palestina, 942-nji ýylda bolsa Mekge-Medine hem birleşdirilýär. 946-njy ýylda Muhammet beg aradan çykandan soň ýurdy onuň uly ogly Abulkasym Oňar Ihşit (946-960), ondan soň bolsa ikinji ogly Abulhasan Aly Ihşit (960-966) dolandyrýar. 966-njy ýylda Abulhasan Ihşit häkimiýetini köşk adamlarynyň birine aldyrýar. Emma ihşidiň serkerdeleri topalaňçyny ýok edip, häkimiýeti iň soňky ihşit Abulfawaris Ahmede alyp berýärler.

Çylşyrymly wakalaryň gidýän döwründe gowşan begligiň üstüne goňşy döwletler hem hüjüm edip ugraýarlar. Şonuň üçin hem ihşitiler öz goňşulary bolan araplaryň Hamdaniler, Fatimiler, Karmatlar döwletleri bilen üznüksiz uruşlary alyp barmaly bolupdyrlar. Sebäbi Ýakyn Gündogaryň iň baý ülkesi bolan Müsüri her kimiň eýeläsi gelýärdi. Müsüre Wizantiýa hem göz gyzdyrypdyr. X asyryň başlaryndan Müsüre merkezi *Magribde*[1] ýerleşýän şygalaryň Fatimiler nesilşalygy dalaş edip ugraýar. Fatimiler öz aslyny Pygamberiň gyzy Patmadan (Fatima) alyp gaýdypdyrlar, şonuň üçin hem özlerini fatimiler diýip atlandyrypdyrlar. Ahyrsoňy, 969-njy ýylda fatimileriň

---

[1] *Magrib* – arapça «Günbatar» manysyny aňladyp, onuň düzümine Alžir, Tunis we Marokko döwletleri girýär. Soňky döwürlerde Liwiýany hem Magrib ýurtlarynyň hataryna goşýarlar.

serkerdesi Jöwher Müsüre uly ýöriş geçirýär we paýtagt şäher Kataý eýelenýär. Jöwher hem Kataýyň gapdalynda täze paýtagtyň – Kairiň (*al-Kahire*) düýbüni tutýar.

## § 2. Eýran IX-XIII asyryň başlarynda

**Abbasylar halyflygy döwründe Eýranda orta asyr gatnaşyklarynyň ösüşi.** IX-X asyrlarda Abbasy halyflygynyň möhüm yerleriniň biri hökmünde Eýranda ykdysadyýet ýokary göterilipdir we öndüriji güýçler ösüpdir. Basybalyşlaryň bes edilmegi we halk çykyşlarynyň basylyp ýatyrylmagy Eýranda parahatçylykly durmuşyň ýola goýulmagyna getirýär. Bu döwürde hazyna gelýän girdejiniň ep-esli böleginiň suwaryş desgalaryny abatlamaga, olaryň täzelerini gurmaga sarp edilmegi, şeýle hem taşlanan we tarp ýerleriň özleşdirilmegi ekerançylyk pudagyny çalt depginler bilen ösdürmäge mümkinçilik beripdir. Ekinleriň täze-täze görnüşleri ekin dolanyşygyna girizilipdir. Bugdaýyň, şalynyň, dänelik, gök we bakja ekinleriň, gowaçanyň ekilýän ýerleri giňeldilipdir. Parsda we käbir welaýatlarda zygyr ekilipdir. Huzistanda, Kermanda we Parsda şekerçiňrigi ösdürilip ýetişdirilip, ondan gant gaýnadypdyrlar. Üzümçilik we miweçilik has hem ösüpdir. Kermanyň pissesi, Huzistanyň zeýtuny we limony, Yspyhanyň gawunlary giň şöhrata eýe bolupdyr. Şirazda we Reýde ýokary hilli çakyr we gülgüne ýag, Hazarýaka ýerlerde bolsa ýüpek öndürilipdir. Eýranda ýokary önümli maldarçylyk önümçüligi hem ýola goýlupdyr.

Eýranyň welaýatlarynda arap, pars we oguz harbylaryna halyflar tarapyndan ekerançylyk ýerleri ikta edilip berlipdir. Ibn Miskaweýhiň (1030-njy ýylda aradan çykan) şaýatlyk etmegine göra, iktalaryň eýeleri öz ýerlerini tozdurypdyrlar we olary yzyna hazyna gaýtaryp beripdirler. Yzyna berlen ýerleriň ornuna bolsa iktadarlar täze ýerleri saýlap alypdyrlar. Şonuň

üçin hem IX-X asyrlarda döwlet hazynasyna degişli ýerleriň mukdary ikta hem-de sowgat berilýän ýerleriň hasabyna kemelipdir.

XI asyrdan başlap wakf ýerleriniň möçberi hem artypdyr, olardan gelýän girdejiler dolulygyna dini guramalaryň we edaralaryň hasabyna geçipdir. Kähalatlarda kiçiräk ýer eýeleri öz ýerleriniň täsirli begzadalar ýa-da harbylar tarapyndan eýelenilmeginden gorkup, belli bir şertler bilen ýerlerini wakyfa «öwürýärdiler». Şol döwürden başlap hem abbasy halyflygynda din adamlarynyň syýasy we ykdysady täsiri güýçlenip ugrapdyr.

Haryt önümçiliginiň giňemegi IX-X asyrlarda Eýranda şäherleriň ösüşine oňyn täsir edipdir. Halkara söwda ýollarynyň ugrunda ýerleşýän köne şäherler bilen bir hatarda bu döwürde täze şäherler hem peýda bolupdyr. Täze şäherler ýerli bazarlary haryt bilen üpjün edýän senetçilik merkezleriniň esasynda döreýärdiler ýa-da öň uly ähmiýeti bolmadyk kiçiräk şäherleri ýerli ýarym garaşsyz hökümdarlar öz dolandyryş merkezleri hökmünde saýlap alýardylar. Şunuň netijesinde Tahyrylaryň merkezi Nişapur, Buidleriň başky merkezleri bolup hyzmat eden Yspyhan we Şiraz ösüpdir. Hökümdarlar paýtagtlarda kaşaň binalary gurupdyrlar, şäherleriň abadançylygy, bazarlaryň, hammamlaryň, köprüleriň we köçeleriň gurluşygy üçin hazynadan serişde baryny goýberipdirler. Bu şäherlerde senetçiligiň ösüşi birinji nobatda köşge, goşuna, diwana, dini edaralara we begzdalara hyzmat etmek üçin, galyberse-de, daşarky bazar üçin haryt öndürmeklik bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Senetçilik önümleri Gündogar we Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň, Hindistanyň, Hytaýyň we Merkezi Aziýanyň bazarlaryna çykarylypdyr.

IX-X asyrlarda Eýranda dokma önümçiligi ýokary depginler bilen ösüpdir. Gymmat baha parçalar, ýüpek, zygyr, nah we ýüň matalar, ýüň we ýüpek halylar köp öndürilipdir. Demir önümleri bolan sowuk ýaraglary, sowut, tuwulga, şeýle

hem bürünç we kümüş gap-gaçlary öndürmeklik giň gerime eýe bolupdyr. Eýranyň orta asyr şäherleri diňe bir gür ilatly söwda merkezleri bolmak bilen çäklenmän, eýsem, olar senetçilik önümleriniň hem dürli görnüşleriniň öndürilýän ýerlerine öwrülipdirler Senetçiniň iş ýeri bolan ussahana, şol bir wagtyň özünde, onuň öz önümini satýan dükany bolup hem hyzmat edipdir. Belli bir senetçilik önümini öndürýänler, adatça, bazaryň bir hatarynda ýerleşipdirler.

Iri mülkdarlaryň – dehkanlaryň galalarynyň töwereginde kemala gelen şäherleriň öz häsiýetli gurluşy bolupdyr. Şäherleriň merkezinde erkgala we onuň bilen ýanaşyk şähristan, olaryň daşynda bolsa senetçileriň mähelleleri bolan ribat (rabat) ýerleşipdir. Önümçiligiň tiz ösmegi ribatlaryň has-da ulalmagyna getripdir. Şol döwürlerde Nişapur bilen Yspyhandan başga-da, Reý bilen Şiraz Eýranyň uly şäherleri hasap edilipdir. Bu döwürde Eýranyň Hyrat, Tus, Balh, Gürgen, Amul, Hemeden, Kum, Istahr, Fasa, Karun, Ahwaz, Tuster ýaly ortaça ululykdaky şäherleri senetçilik önümleri we bazarlary bilen giňden tanalypdyr.

Şäherlerde häkimiýet welaýatyň emiriniň ýa-da ýerli iri mülkdarlaryň elinde bolup, adatça olar şäherlerde ýaşapdyrlar. Eýranyň şäherlerinde öz-özüňi dolandyryş edaralary kemala gelmändir, ýöne oňa derek mähellelerde, senetçileriň guramalarynda (esnaf) we täjirleriň birleşmelerinde öz-özüňi dolandyryş guramalary hereket edipdir.

**Abbasy halyflygynyň döwründe Demirgazyk-Günbatar Eýrandaky emirlikler.** Araplaryň basyp alan ähli ýerlerinde bolşy ýaly, Eýranda-da olara garşy ýygy-ýygydan çykyşlar bolup durupdyr. Araplaryň öz aralarynda, şeýle hem olaryň basyp alan ýerleriniň ilaty bilen gatnaşyklarynda häli-şindi ýiti garşylyklar ýüze çykypdyr. Şoňa görä-de IX asyryň başlaryndan Bagdat halyflygynyň kuwwaty ýyl-ýyldan pese düşüp başlapdyr. Abbasylar halyflygy döwründe döwlet dolandyryş ulgamyna boýun egdirilen halklaryň wekilleri bilen

bir hatarda parslar hem çekilip ugraýar. Olar köşkde we welaýatlarda uly wezipeleri eýeläpdirler. Wagtyň geçmegi bilen araplaryň häkimiýeti gowşapdyr we ýerli welaýat häkimleriniň täsiri güýçlenipdir.

Halyflar bu ýagdaýyň öňüni almak üçin birnäçe synanyşyklary edipdirler. Basylyp alnan ýerlerde dolandyryş we harby işlere ýerli han-begler barha köp çekilip başlanypdyr. Bagdatly hökümdarlar islese-islemeseler ýerli begzadalarýn bähbitlerini göz öňünde tutmaly bolupdyrlar. Şunuň netijesinde halyflygyň köp ýerlerinde bolşy ýaly, Eýranyň ýerinde-de, halyflyga kanun taýdan bagly, emma iş ýüzünde ondan özbaşdak emirlikler peýda bolup ugraýar.

Demirgazyk-Günbatar Eýaranda dörän şeýle döwletleriň iň irkisi Sajylaryň (889-941) döwletidir. Sajylaryň döwletiniň ady, halyfyň köşgünde uly wezipeleri eýelän oguz-türkmen serkerdesi Abu as-Saçyň («saç», «saçly» manylarynda) ady bilen baglanyşyklydyr. Bu döwletiň ady arap ýoýulmasynda «as-Sajy» görnüşinde duş gelýär. As-Saç Babegiň gozgalaňynyň gidýän döwründe halyf tarapyndan Azerbaýjana iberilipdir we bu gozgalaňyň basylyp ýatyrylmagynda hyzmat görkezipdir. Ol dürli ýyllarda Kufanyň (Yrakda), Halabyň (Siriýada), Ahwazyň (Eýranda) emiri bolupdyr. 875-nji ýylda as-Saç aradan çykandan soň halyf onuň ogly Awýaz Muhammedi Azerbaýjanyň, Jebeliň (Yragyň demirgazygy) we Ermenistanyň emiri edip belläpdir. 888-nji ýylda onuň inisi Ýusup häkimýet başyna gelýär. Bir ýyl geçenden soň Ýusup as-Saç özbaşdaklygyny yglan edipdir. Dürli ýyllarda döwletiň paýtagty Maraga, Ardebil we Genje şäherleri bolupdyr.

X asyryň 30-njy ýyllarynda Sajylaryň döwleti bilen goňşuçylykda, Hazar deňziniň günortasynda ýerleşýän Deýlemistan güýçlenip, bu ýerde Salyrlaryň (931-981) döwleti ýüze çykýar. Döwletiň ady emir Salyr Marzban ibn Muhammediň ady bilen baglanyşyklydyr. Salyr Marzban Deýlemistanyň Şamiran galasynyň emiri eken. Onuň ogly

Muhammet bolsa, bu ülkäniň Tarim galasyna häkimlik edipdir. Ol Salyrlar nesilşalygynyň tarim şahasyny esaslandyrypdyr we bu döwlet seljuklar tarapyndan eýelenilýänçä 1065-nji ýyla çenli ýaşamagyny dowam etdiripdir.

Salyr Marzban edenli hökümdar bolup, ol 941-nji ýylda Azerbaýjana ýöriş geçirýär we bu ýerdäki as-Sajylaryň döwletinde häkimýeti bikanun eýelän gul Deýsam ibn Ybraýymy ýeňipdir. Netijede, bu döwletiň ýerleri Salyrlaryň döwletiniň düzümine goşulýar. 981-nji ýylda araplar Salyrlaryň Azerbaýjandaky, Deýlemistandaky we Ermenistandaky ýerlerini eýeläpdirler.

X asyryň ortalarynda Günbatar Eýranda *Buýidleriň*[1] (945-1055) ýerli begzada nesliniň täsiri hem güýçlenipdir. 945-nji ýylda halyf al-Mustakfi (945-946) döwletiň syýasy durmuşynda oguz-türkmen serkerdeleriniň täsirini peseltmek maksady bilen, Buýidleriň neberesinden bolan üç dogany öz tarapyna çekýär we olara baş weziriň wezipesini ynanýar. Emma buidler bir ýyl geçip-geçmänkä al-Mustakfini tagtdan agdaryp, ýerine onuň doganoglan inisi al-Mutini (946-974) getiripdirler. Şundan soň halyfyň köşgünde türkmen serkerdeleriniň täsiri belli bir derejede peselipdir. Buidleriň döwründe halyflykda syýasy häkimiýet dolulygyna olaryň eline geçipdir, abbasy halyflarynyň ygtyýarynda bolsa diňe dini häkimiýet galypdyr. Halyf tarapyndan Buidlere «*amir al-umara*» (emirleriň emiri) derejesi berlipdir we olar döwlet dolandyryş ulgamynyň ähli edaralarynyň işini öz gözegçiliklerinde saklapdyrlar. Yrak, Huzistan, Pars, Kerman, Hemadan, Yspyhan we Reý etraplary olaryň golastyna geçipdir.

962-nji ýylda Gaznaly türkmen döwletiniň esaslandyrylmagy bilen abbasy halyflygynda türkmenleriň abraýy ýene-de güýçlenipdir. Bu işlerde samany serkerdesi,

[1] Taryhy edebiýatda olar Buweýhiler diýlip hem atlandyrylýar.

soňra gaznaly döwletini esaslandyran Söbük Teginiň (977-997) hyzmatlary has-da uly bolupdyr. Ol bir döwürde halyflygyň paýtagty Bagdatda gulluk edipdir. Al-Muti gowşak hökümdar bolupdyr. Şonuň üçin hem Söbük Teginiň hemaýaty bilen 974-nji ýylda häkimýete onuň ogly at-Taýi (974-992) getirilipdir. At-Taýiniň ejesi Hazar atly, Edep lakamly oguz sähralaryndan getirilen ýesir türkmen gyzy bolupdyr.

992-nji ýylda buidler at-Taýini aýryp, ýerine al-Kadyry (992-1031) belläpdirler. Emma öňki halyf gaznaly hökümdarynyň bellän adamsy bolansoň, ony ýok etmäge buidleriň bogny ysmandyr we at-Taýi garrap aradan çykýança, täze halyfyň köşgünde ýaşapdyr. Taze halyfyň ejesi Temenni Hanym hem türkmen gyzy bolupdyr.

Buidler tarapyndan goýlan iň soňky abbasy halyfy el-Kaýym (1031-1075) al-Kadyryň ermeni aýalyndan bolan ogludyr. Onuň döwründe buidleriň täsiri gowşapdyr. Sebäbi bu kowumdan bolan wezirler, begzadalar, emirler özara oňuşmandyrlar. Halyflygyň içinde emele gelen ýagdaýdan ýene-de türkmen serkerdeleri peýdalanypdyrlar. Olaryň baştutany Arslan beg al-Basasiri orta çykypdyr, buidleri hem-de halyfy gysaja salypdyr. Hatda ol el-Kaýyma «ýurtda tertip-düzgüni ýola goýup bilmeseň, abbasy nesliniň häkimýetini ýatyraryn» diýip duýdurypdyr. Ýöne, el-Kaýymyň bagtyna, şol döwürler Reýde seljuk türkmenleriniň soltany Togrul beg oturýardy. Halyf oňa kömek sorap ýüz tutupdyr. 1055-nji ýylda Togrul beg Bagdada gelipdir, al-Basasiri bolsa, Müsüre gitmäge mejbur bolýar. Arslan beg 1059-njy ýylyň fewral aýynda Togrul begiň Bagdatda ýoklugundan peýdalanyp, ýene-de paýtagta dolanyp gelipdir. Emma şol ýylyň dekabr aýynda Togrul beg Bagdada dolanyp gelýär, Arslan beg bolsa şäherden çykyp gidýär.

**Abbasylar halyflygynyň gowşaýan döwründe Gündogar Eýrandaky emirlikler.** Gündogar Eýranda abbasylar halyflygynyň gowşamagy eýýam Mamunyň

hökümdarlyk eden ýyllary (813-833) ýüze çykyp ugrapdy. Munuň esasy sebäpledriniň biri-de, Eýranda orta asyr gatnaşyklary çalt depginler bilen ösýärdi, şunuň esynda bolsa iri ýer eýeçiligi döreýärdi. Bu bolsa öz gezeginde ýerlerde özbaşdaklyk meýyillerini güýçlendirýärdi. Ýerli begzadalaryň bu hereketi ahyr soňunda häkimiýeti nesilden nesle geçýän emirlikleriň döremegine sebäp boldy.

Halyf Mamun eýranly, horasanly, mawarennahrlay dehkanlara – feodallara wepaly gulluklary üçin ýokary döwlet wezipelerini, mülk ýerlerini sylag berýärdi. Bu bolsa Gündogar Eýranda we Horasanda ýarym garaşsyz emirlikleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Şeýle döwletleriň biri-de Tahyrylar emirligidi (821-873). Bu emirligi Tahyr ibn Hüseýni esalandyrýar. Halyf Mamun 812-nji ýylda Tahyry Horasanyň hökümdary edip belleýär. Çünki 809-813-nji ýyllarda dogany Amin bilen bolan uruşlarda Tahyr Mamuna kömek edipdir.

Tahyr Horasana gelenden bary-ýogy bir ýyl geçip-geçmänkä özbaşdak syýasat ýöredip başlaýar. Tahyr ibn Hüseýin 822-nji ýylda Juma namazynda halyfyň adyna hutba okamagy gadagan edýär. Emma tiz wagtda ol duýdansyz ýagdaýda aradan çykypdyr. Tahyr ölenden soň halyf Mamun häkimiýeti onuň ogly Talha (822-828) beripdir. Şondan soň tahyrylar Nişapurda hökümdarlyk edip başlapdyrlar. Yslamyň sünni mezhebine eýermekleri we pars hem-de arap mülkdarlaryna ýardam etmekleri tahyrylaryň häkimiýetini berkidipdir.

Abdallah ibn Tahyryň (828-844) hökümdarlyk eden döwründe birnäçe kerwen ýollary abadanlaşdyrylypdyr, kerwensaraýlar gurlupdyr. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň häzirki ýerindäki Dehistan, Paraw, Kufen (Kaka etrabynda), Daýahatyn (Garaşsyzlyk etrabynda) kerwensaraýlaryny we başgalary görkezmek bolar. Daýahatyn kerwensaraýy orta asyr ýazuw çeşmelerinde «Tahyryň kerwensaraýy» diýen at bilen ýatlanýar.

836-njy ýylda Abdallah raýatlara salynýan salgytlaryň möçberini azaldypdyr. Toplanan salgydyň belli mukdaryny hökümdar ýurduň içki hajatlary üçin harçlapdyr. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, 844-nji ýylda Tahyrylar döwletinde raýatlardan 38 million dirheme barabar salgyt ýygnalypdyr.

Abdallah tahyrylar nesilşalygynyň güýçli hökümdary hökmünde diňe bir Horasanda däl, eýsem Gündogar Eýranda, Mawerannahrda, Horezmde, Gürgende we birnäçe ýerlere-de öz häkimligini ýöredipdir. Abdallah döwleti pugtalandyrmak maksady bilen birnäçe çäreleri işläp düzüpdir. Ol döwlet girdejileriniň ep-esli artmagyny gazanypdyr. Bu döwürde ekerançylyk ýerlerini giňeltmek, suwaryş desgalaryny kämilleşdirmek boýunça ençeme işler durmuşa geçirilipdir. Onuň döwründe özünde suwdan ýerlikli peýdalanmagyň kadalaryny jemleýän «Kärizler hakynda kitap» neşir edilipdir.

IX asyryň ikinji ýarymynda Gündogar Eýranda ýene-de bir emirlik peýda bolýar. Ol Leýs Saffaryň ogly Ýakup (861-879) tarapyndan esaslandyrylan Saffarylar emirligi (861-900) bolupdyr. Käbir maglumatlara görä Leýs Saffar mis ussasy bolupdyr. Mis sözi bolsa arapça «saffar» diýmekligi aňladýar. Şoňa görä-de bu nesilşalygyň adyny Saffarylar diýip atlandyrypdyrlar.

861-nji ýylda Leýs Seýistanyň emirligine bellenilýär we şol döwürden başlap hem özbaşdak syýasat ýöredip ugraýrar. 868-nji ýylda Seýistanyň emirligi onyň ogly Ýakup ibn Leýse geçýär we ol demirgazykda Hyrady, günortada bolsa Parsy Şiraz bilen bileleikde eýeleýär. Ýakup soňra tahyrylara garşy uruşlary alyp baryp, Balh bilen Toharystany hem basyp alýar. 873-nji ýylda Ýakup ibn Leýs Nişapura eýeleýär we Tahyrylar nesilşalygynyň soňky wekili Muhammedi tagtdan düşürip, onuň häkimiýetine eýe bolýar. 874-nji ýylda Ýakup Tabarystana ýöriş geçirýär we Hazaryň günorta kenaryndaky ýerli Alylar emirliginiň (865-1033) hökümdary Hüseýin ibn

Zeýdi ýeňlişe sezewar edýär. Indiki ýyl ol Ahwazy eýeläp, Bagdada öz wekillerini iberýär. Ýakubyň wekilleri, eger-de, Horasanyň, Parsyň, Kermanyň, Seýistanyň we tahyrylara degişli beýleki ýerleriň hökümdarlygy özlerine berilmese, Bagdada ýöriş etjekdigini halyfa duýdurýarlar. Halyfyň bildirilýän talaplary ýerine ýetirendigine garamazdan Ýakup barybir Bagdada goşun çekýär. Emma halyf al-Mutamidiň (871-892) baştutanlygyndaky goşunlar Ýakuby agyr ýeňlişe sezewar edýär.




Taryhy ýazgylar Ýakup ibn Leýsi juda ýönekeý adam hökmünde häsiýetlendirýärler. Ol kamys matadan tikilen eşikleri geýip, ýörişlerde haly-palas diýen ýaly zatlary düşenmändir. Ýatyp-turanda aşagyna atynyň juluny düşenipdir, galkanyny ýassyk, baýdagyny bolsa ýorgan edinipdir. Ýakup örän talapkär serkerde bolup, onuň goşunynda tertip-düzgün iňňän berk saklanylypdyr. 874-nji ýylda saffarylaryň goşunynyň sany 15 müň atla ýetip, söweşlerde atly goşun bilen

birlikde, pilli goşun hem ulanylypdyr.

Bagdada edilen şowsuz ýörişden üç ýyl geçenden soňra Ýakup ibn Leýis aradan çykypdyr. Tagty onuň dogany Amr ibn Leýs (879-900) eýeleýär we ol abbasy halyfyna tabynlyk bildirýär. Amr halyfdan Horasana we Eýranyň gündogar welaýatlaryna hökümdarlyk hukugyny alypdyr. Emma tahyrylar ýaly, Amr ibn Leýs hem halyfa ullakan bir garaşly bolman, özbaşdak syýasat alyp barypdyr.

818-nji ýyldan başlap Mawerannahryň dürli welaýatlarynda Samanylar nesli (874-999) hökümdarlyk edipdirler. Emma başky döwürde samanylar Tahyrylara tabynlykda bolupdyr. Tahyrylar döwletiniň synmagy (873) Samanylaryň özbaşdak döwlet bolmagyna amatly şert döredipdir. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, samanylar VI-VII asyrlaryň sepgidinde ýaşap geçen sasany serkerdesi, asly parfiýalylaryň mähranlar urugyndan bolan Bähram Çubiniň nesilleri bolupdyrlar. Bu barada rus alymy L.N.Gumilýow: «Bähram serkerdäniň nesilleri ol wepat bolandan soň VII asyrda Günbatar göktürk[men] hanlygynyň düzüminde bolan Balhda ýaşamaga galypdyrlar. Olary samanylaryň ata-babalary hasaplaýarlar. Türk[men]leriň arasynda ýaşap, aýratyn hukuklardan peýdalanan bu adamlara, türk[men] ilini emele getirýän taýpalaryň biri hökmünde garalypdyr» – diýip ýazypdyr.

Döwleti Ysmaýyl ibn Ahmet (874-907) esaslandyryp, onuň paýtagty Buhara şäheri bolupdyr. Ysmaýyl Mawarennahrda bolup geçen halk hereketleriniň birnäçesini basyp ýatyrypdyr. Amyderýanyň ýokary akymlarynda we Balh sebitlerinde samanylar bilen saffarylaryň arasynda ençeme çaknyşyklar bolup geçipdir. Ysmaýylyň goşunlary birbada asgynlapdyrlar, emma ol aýgytly pursatda Buharanyň halkyndan goşmaça güýç alyp, saffarylara garşy täzeden ýöriş edipdir. Netijede, 900-njy ýylda saffarylaryň hökümdary Amr

ibn Leýsiň goşunlaryny derbi-dagyn edipdir, özüni bolsa ýesir alyp Bagdada iberipdirler.

Samanylar döwletiniň ösen döwri Ysmaýylyň (892-907) edara eden ýyllary hasap edilýär. Onuň dolandyran ýyllarynda merkezleşdirilen döwlet kemala gelipdir. Ýurtda oba hojalygy, senetçilik we söwda ösüpdir, şäherler ulalypdyr. Welaýatlaryň emirleri, ýerli emeldarlar hut Ysmaýylyň özi tarapyndan bellenipdir.

Samanylaryň döwründe ýurduň paýtagty Buhara şäheriniň Yslam dünýäsindäki at-abraýy ýokary göterilipdir. Buharada musulman Gündogarynyň köp ýerlerinden atly ulamalar we alymlar ýygnanypdyrlar. Bu ýerde mekdep-medreseler açylyp, halyflygyň ähli ýurtlary üçin yslam taglymatyny ýaýradyjy ulamalar taýýarlapdyrlar. Horasanda we Mawarennahrda medrese Bagdatdakydan bir asyr öň açylypdyr.

Samanylaryň hökümdarlyk eden ýyllarynda Eýranyň, Horasanyň we Mawarennahryň şäherleri ylmy merkezleri, kitaphanalary we medreseleri bilen giňden şöhratlanypdyrlar. Medreselerde ylahyýet ylymlaryny, lukmançylygy, matematikany, filosofiýany we taryhy ürç edip öwrenipdirler. Şunuň bilen bir hatarda, şäherler ýarym ekerançylyk häsiýetlerini hem saklap galypdyrlar. Şäherleriň çäginde, kähalatlarda bolsa olaryň merkezinde ekin meýdanary hem bolup, daýhanlar miweli baglary, üzüm, gök we bakja ekinlerini ösdürip ýetişdiripdirler.

Ysmaýyl Samany ruhanylaryňç dini edaralaryň we guramalaryň maddy üpjünçiligini gowulandyrmak üçin birnäçe çäreler geçiripdir. Metjitlere, medreselere we beýleki mukaddes ýerlere bagyş edilýän wakf emläkleriniň mukdary görnetin artypdyr. Metjit-medreselere we gaýry dini guramalara ekerançylyk ýerleri bölünip berlipdir. Bu döwürde ylmyň we diniň dili hökmünde arap dili, döwlet we edebi dil hökmünde bolsa pars dili giňden ulanylypdyr.

Nişapur, Merw, Buhara, Samarkant, Ürgenç ýaly orta asyr şäherleri öz döwrüniň ylmy we medeni merkezleri bolupdyr. Emma Samanylaryň döwletinde salgytlaryň yzygider artmagy halk köpçüliginde häli-şindi närazylyk döredipdir. Bu bolsa X asyryň ortalaryndan başlap Samany döwletiniň pese düşmegine sebäp bolupdyr.

**Gündogar Eýran Gaznaly türkmen döwletiniň (962-1187) düzüminde.** 962-nji ýylda türkmen gulamlarynyň arasyndan saýlanyp çykan we Merkezi Aziýada hem-de Horasanda 500 sany oba eýelik eden Alp Tegin ýerli samany hökümdaryna garşy topalaň turuzýar. Emma onuň topalaňy şowsuz tamamlanýar we Gazna gitmäge mejbur bolýar. Alp Tegin Gaznany eýeleýär we bu ýerde öz hökümdarlygyny esaslandyrýar. Onuň mirasdüşeri Mahmyt Gaznaly (998-1030) buýider bilen söweşipdir we öz häkimiýetiniň Reý bilen Yspyhan welaýatlarynda-da ykrar edilmegini gazanypdyr. Gaznaly hökümdar ýyl-ýyldan gowşaýan samanylar döwletinň Amyderýadan günortada ýerleşýän ýerlerini hem eýeleýär, onuň Mawarennahrdaky esasy ýerlerini bolsa Garahanly[1] türkmen döwleti (848-1212) eýeleýär. Şeýelelikde, 1000-nji ýyla çenli Samanylar döwleti ýaşamagyny doly bes edýär.

Mahmyt Gaznalynyň ýörişleriniň esasy ugry Hindistan bolup, birnäçe ýylyň dowamynda ol bu ýere 17 gezek ýöriş geçiripdir. Netijede, giň ýerleri öz içine alan Gaznaly döwleti kemala gelýär. Mahmyt Gaznaly 1029-njy ýyla çenli Eýranyň Reý, Hemedan, Yspyhan şäherlerini hem eýeleýär.

Taryhy edebiýatda Mahmyt Gaznalynyň gazaply hökümdar hökmünde suratlandyrylýandygyna garamazdan, ol başarjaň serkerde hem-de edenli hökümdar hökmünde uly yz galdyrypdyr. Onuň ajaýyp paýtagty Gazna döwründe ylmyň, medeniýetiň, senetçilik önümçiliginiň we söwdanyň merkezi hökmünde bütin musulman Gündogarynda şöhratlanypdyr.

[1] Olary Ilek hanlary hem diýip atlandyrypdyrlar.

Mahmyt soltan aradan çykandan soň tagta onuň ogly Masut Gaznaly (1030-1040) çykýar. Masudyň dolandyran ýyllarynda Gaznalylar döwleti gowşap başlaýar. Ustesine-de, bu döwürde Orta Gündogaryň syýasy sahnasynda türkmenleriň meşhur hanedany bolan seljuklar nesilşalygy peýda bolýar.

**Eýran Seljuk türkmenleriniň döwletiniň düzüminde.** XI asyryň 20-nji ýyllarynda seljuklar neslinden bolan 4 müň oguz-türkmen maşgalalary Horasanda ornaşyp başlaýarlar. Soltan Mahmyt Gaznaly olara Demirgazyk Horasanda yurt tutunmaga ygtyýar beripdir we olary goşun gullugyna çekipdir. Türkmenleriň Horasanda ornaşmaklary Mahmyt soltan ölenden soň has hem güýjeýär we olar 1038-nji ýylda eýýäm Nişapury eýeleýärler. Nişapurda Togrul begiň hormatyna hutba okalypdyr. Munuň özi seljuklaryň Gaznalylardan özbaşdaklygy gazanandyklaryny aňladýardy. 1040-njy ýylda Merw bilen Sarahsyň aralygyndaky Daňdanakan diýen ýerde seljuklar gaznalylaryň goşunlaryny gutarnykly derbi-dagyn edýärler. Söweşiň netijesinde gaznalylar Horasany elden giderýärler, ýöne häzirki Owganystanyň günorta-gündogaryndaky ýerleri we Penjaby saklap galypdyrlar.

1040-1050-nji ýyllarda seljuklar Eýranyň merkezi etraplary bolan Reýi, Yspyhany we Hemedany eýeläpdirler we Kawkaza hem-de Yraga tarap süýşüpdirler. Şol bir wagtyň özünde Hyrat, Seýistan we Kerman hem seljuklaryň elene geçýär. 1055-nji ýylda seljuk goşunlary Bagdada girip buýidleriň häkimiýetini agdarýarlar. Seljuklaryň hökümdarlygy döwründe abbasy halyflarynyň musulman dünýäsindäki abraýlary artypdyr. Bu döwürde seljuklar nesli bilen abbasy halyflarynyň arasynda garyndaşlyk gatnaşyklary hem ýola goýlupdyr. Halyf el-Kaýym (1031-1075) Çagry begiň gyzy Arslanjan Hatyna, soltan Togrul beg bolsa el-Kaýymyň gyzyna öýlenipdir.

El-Kaýym aradan çykandan soň, tagta onuň agtygy al-Muktadi (1075-1094) çykypdyr. Halyf al-Muktadi Mälik şanyň

(1072-1092) giýewisidi. Halyf al-Muktafiniň (1136-1160) aýaly bolsa, Yrakdaky seljuk türkmenleriniň soltany Masudyň (1133-1152) aýal doganydy. 1180-1225-nji ýyllarda halyflyk eden an-Nasyryň ejesi hem Zumrat (Zümerret) atly türkmen gyzy bolupdyr.

1059-njy ýylda Horasanyň hökümdary Çagry beg aradan çykandan soň Togrul beg tä 1063-nji ýyla çenli Seljuk döwletiniň ýeke-täk hökümdary bolup galýar. Onuň dolandyran ýyllarynda Seljuklar döwletiniň düzümine köp ýerler girizilipdir. Togrul soltan aradan çykandan soň seljukly tagtyna Çagry begiň ogly Alp Arslan (1063-1072) eýe bolýar. Seljuklaryň ýörişleri Alp Arslanyň döwründe-de dowam etdirilýär. Alp Arslanyň dolandyran döwrüniň iň wajyp wakasy 1071-nji ýylda Ermenistanyň Malazgirt şäheriniň eteginde Wizantiýanyň imperatory Roman Diogeniň goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegidir. Şundan soň on ýylyň dowamynda seljuklar diňe bir Ermenistany




däl, eýsem Kiçi Aziýany, Arabystany, Yragy, Siriýany, Palestinany, Azerbaýjany, Ermenistany, Gruziýanyň gündogaryny, Şirwany eýeleýärler.

Seljuk döwletiniň iň kuwwatly döwri Alp Arslanyň ogly Mälik şanyň (1072-1092) dolandyran ýyllary hasap edilýär. Onuň hökümdarlygynyň ahyryna çenli Seljuklar döwletiniň araçäkleri günbatarda Ortaýer we Mermer deňizleriniň kenarlaryna, gündogarda bolsa Kaşgara, demirgazykda Aral deňzine, Kawkaz dag gerişlerine we Gara deňzine, günortada bolsa Pars aýlagyna hem-de Siriýa çöllüklerine çenli baryp ýetýär.

Seljuklar döwleti dolandyryşda ikta ulgamyna daýanypdyr. Bu ulgam boýunça döwletiň ekerançylyk ýerleri harby serkerdelere ikta – gulluk ýerleri hökmünde berlipdir. Iktadar döwletiň peýdasyna salgyt ýygnapdyr we özüne galýan paýyň hasabyna goşun saklapdyr. Ýygnalýan salgydyň mukdary seljuklardan öňki döwürlerdäkiden köp bolmandyr, üstesine-de, iktadarlar daýhanlaryň emläklerine we şahsyýetine erk edip bilmändirler. Munuň özi seljuklaryň döwründe esasy öndüriji güýçler bolan daýhanlaryň kanun esasynda erkin bolandygyna şaýatlyk edýär. Seljuklaryň döwründe ikta eýeçiliginiň köpçülikleýin häsiýete eýe bolmagy bilen eýranly dehkanlaryň mülk eýeçiligi öz-özünden ýitip gidýär.


Bagdatdaky Zümerret Hatynyň aramgähi (1201)

Seljuk soltanlary diňe bir türkmen serkerdeline ýa-da emirlerine däl, eýsem ýerli begzdalara hem ikta ýerlerini beripdirler. Şonuň üçin hem seljuklaryň hökümdarlygy Eýranda ýerli begzadalaryň we atly ulamalaryň arasynda giň goldawa eýe bolupdyr. Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň merkezleşmegine belli wezirleriň biri Nyzam al-Mülkiň alyp

baran syýasaty hem belli bir derejede ýardam edipdir. Nyzam al-Mülk «Syýasatnama» eserini döredipdir we onda döwleti dolandyrmagyň Sasanylaryň, Abbasylar halyflygynyň we Gaznalylar döwletiniň tejribesine esaslanýan ýörelgeleri öňe sürüpdir. Emma bu weziriň syýasaty uzak dowam etmändir, sebäbi seljuklar döwletinde dowam edýän ikta ulgamy Nyzam al-Mülküň merkezleşdiriş syýasatyna çapraz gelipdir. Mälik şanyň (1072-1092) dolandyran ýyllarynda ikta ýerleriniň möçberi has hem artypdyr.

Seljuklar öz neberedeşlerine, garyndaşlaryna we serkerdelerine tutuş welaýatlary ikta edip berýärdiler. Munuň özi, bir tarapdan döwlet häkimiýetini, dolandyryjy nesilşalygyň agzybirligini berkidýän ýaly edip görkezse-de, beýleki bir tarapdan döwletiň ýuwaş-ýuwaşdan bölünip başlamagy üçin şert döredýärdi.

Eýýäm Togrul begiň dolandyan ýyllarynda Kermandaky seljuk döwleti (1041-1187) döräp, ony Togrul begiň inileriniň biri Kawart esaslandyrýar. Giçkiräk döwürde Kiçi Aziýada basylyp alnan ýerleriň esasynda Rumdaky seljuk döwleti (1077-1307) peýda bolup, ony Togrul begiň doganoglan inisi Gutulmyşyň ogly Süleýman esaslandyrýar. Seljuk döwletlerinden başga-da, Eýranda, Siriýada, Kawkazda we Kiçi Aziýada seljuk serkerdeleri tarapyndan köp sanly beglikler hem esaslandyrylýar.

Mälik şa aradan çykandan soň seljuklaryň döwletinde häkimiýet ugrunda göreşler hem başlaýar. Bu göreşler Mälik şanyň ogullary Mahmyt bilen Berkýörigiň arasynda ýigrimi ýyldan hem köp wagt dowam edýär. Ahyrynda, 1118-nji ýylda Mälik şanyň diri galan ogullary Sanjar bilen Muhammet özara ylalaşyp, Seljuk döwletini ikä bölýärler. Netijede, döwletiň gündogar ýerlerinde Beýik seljuk döwleti (paýtagty Merw) we günbatarda bolsa Günbatar Eýrany we Yragy öz içine alan Yrakdaky seljuk döwleti (paýtagty Hemedan) kemala gelýär.

Soltan Sanjaryň (1118-1153) dolandyran ýyllarynda Beýik seljuk döwleti çalt depginler bilen ösüpdir. Döwletiň paýtagty Merw musulman Gündogarynyň iň uly hem-de baý şäherleriniň birine öwrülýär. Soltan Sanjaryň dolandyran ýyllarynda seljuk döwletiniň Mawarennahrdaky mülklerine garahytaýlylar howp salypdyrlar. 1141-nji ýylda garahytaýlylar bilen bolup geçen Katwan söweşinde seljuk goşunlary agyr ýeňlişe sezewar bolýar. 1153-nji ýylda Soltan Sanjara garşy Balhda ýaşaýan oguzlar-türkmenler hem gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňy basyp ýatyrmaga bu ýere gelen Sanjar olardan ýeňlip ýesir düşýär. Soltan Sanjara ýesirlikden boşamak başardypdyr, emma 1157-nji ýylda beýik hökümdar aradan çykýar. Soltan Sanjaryň aradan çykmagy bilen Beýik seljuk derejesi Yrakdaky seljuk döwletiniň ygtyýaryna, döwletiň ýerleri bolsa Köneürgençdäki türkmen döwletiniň düzümine goşulýar.

**Eýranda ysmaýylitleriň hereketi.** XI asyryň ahyrlarynda Eýranyň aýry-aýry ýerlerinde özlerini ysmaýylitler diýip atlandyrýan şygalaryň gizlin mezhebi (sekta) ýüze çykýar. Bu at Hezreti Alynyň neslinden bolan ýedinji şyga ymamy Ysmaýylyň ady bilen baglanyşyklydyr. Hakykat ýüzünde ýedinji ymam diýlip onuň dogany Musa Kazym yglan edilipdir. Emma mundan närazy bolan Ysmaýylyň tarapdarlary, ýedinji ymam bolmaly diýip Ysmaýyly goldapdyrlar. Şygalaryň 12 ymamlaryndan beýleki «Göze görünmeýän ymamlar» diýlip atlandyrylýanlary Ysmaýylyň nesilleri bolupdyr.

XI asyrda ysmaýylitleriň hereketi has ýiti häsiýete eýe bolup, olar öz maksatlaryna ýetmek üçin aç-açan terrorçylyga ýüz urýardylar. Olaryň terrorçylyk işleri ýokary gatlaklaryň we sünni ulamalarynyň garşysyna gönükdurilipdir. Bu guramany Müsürdäki Fatimi halyflary tarapyndan iberilen Hasan ibn Sabbah esaslandyrýar. 1090-njy ýylda Hasan ibn Sabbahyň tarapdarlary Kazwin şäherinden kän uzak bolmadyk Elbrus

daglaryndaky barmasy kyn Alamut galasyny eýeleýärler we şol ýerde gizlin mezhep döredýärler. Ysmaýylitlere Deýlemistandaky, Kuhistandaky, Parsdaky, Rudbardaky, şeýle hem Siriýadaky, Liwandaky dag galalaryny eýelemek hem başardypdyr. Olaryň Liwandaky we Siriýadaky galalary haç göterijileriň şäherlerine golaý ýerleşipdir. Ysmaýylitler şol ýerlerden haç göterijileriň mülklerine, şäherdir obalaryna çozup durupdyrlar. Haç göterijileriň arasynda we Ýewropada ysmaýylitler assasinler[1] ady bilen tanalypdyr.

Tiz wagtdan Hasan ibn Sabbah müsürli fatimeler bilen arasyny doly keşýär we ol Eýrandaky hem-de Siriýadaky ysmaýylitleriň ruhy hökümdaryna öwrülýär. Alamutdaky ysmaýylitleri berk tertip-düzgünler, ruhy ýolbaşçy bolan Hasan ibn Sabbahyň buýruklaryna gürrüňsiz boýun synmaklyk birleşdiripdir.

Hasan ibn Sabbah köp wagtlap, ýörite usullar bilen birkemsiz taýýarlanan ýigitleri terrorçylyk etmek üçin ugradypdyr, Olar adatça täjiriň, gedaýyň, hyzmatkäriň, derwüşiň sypatyna girip islän ýerlerine baryp bilýärdiler. Şonuň üçin hem dürli ýyllarda ysmaýylitler tarapyndan Nyzam al-Mülkiň, soňra onuň oglunyň, fatimi halyfynyň biriniň, abbasy halyflarynyň ikisiniň, köpsanly emirleriň, begzadalaryň, haç göterijileriň serdarlarynyň janyna kast edilip öldürilipdir. Şol bir wagtyň özünde häkimiýetler tarapyndan ysmaýylitleriň özleri hem ýowuz yzarlanylypdyr.

Wagtyň geçmegi bilen Alamutdaky ysmaýylitleriň döwletinde-de ep-esli üýtgeşmeler bolup geçýär. Olaryň ýokary gatlaklary özlerine emläk edinipdirler, uly ýerlere eýe bolupdyrlar, berkitmeleriň töweregindäki obalarda oturýan daýhanlary, şäherleriň senetçilerini, täjirlerini salgyt tölemäge

---

[1] *Assasin* – araplaryň «*haşişiýun*» («gaşiş çekýän ýa-da beňkeş, neşekeş» manylarynda) sözüniň ỳewropa dillerinde ỳoỳulmasy. Ysmaýylitler her gezek terrorçylyk işini amala aşyrmaga gidenlerinde beň (gaşiş) çekýär ekenler.

mejbur edýärdiler. Şeýlelikde, mezhebiň ýolbaşçylarynyň özleri ysmaýylçylyga we mezhebiň bähbitlerine ters gelýän hereketlere ýuz urupdyrlar we XIII asyryň başlarynda Alamutdaky döwlet adaty orta asyr döwletine öwrülipdir

**Eýranda Ildeňiz atabeglerniiň we Köneürgenç türkmenleriniň hökümdarlygy.** 1157-nji ýylda Soltan Sanjar ölenden soň, Beýik sejuklaryň häkimiýeti Yrakdaky seljuk türkmen döwletiniň soltanlarynyň eline geçipdir. Emma Orta Gündogaryň dürli ýerlerinde musulman dünýäsinde agalyk ugrunda ýiti bäsleşikler dowam edipdir. Bu göreşe elden gideren dünýewi häkimiýetini gaýtaryp almak maksady bilen Bagdatda oturan abbasy halyflary hem goşulypdyrlar.

1170-nji ýylda abbasy halyfy al-Mustanjid, 1172-nji ýylda Azerbaýjandaky Ideňizler begliginiň hökümdary, atabeg Şemseddin Ildeňiz we Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň patyşasy Il Arslan aradan çykypdyr. Bu üç hökümdar XII asyryň 60-njy ýyllarynda ýyl-ýyldan gowşaýan Beýik Seljuk türkmen döwletiniň mirasyna dalaş edýän esasy bäsdeşler bolupdyrlar. 1177-nji ýylda Yrakdaky seljuk türkmen döwletiniň soltany Arslan şa (1161-1177) hem aradan çykýar.

Arslan şa aradan çykandan soň seljukly nesliniň tagtyna Arslan şanyň ýedi ýaşlyja ogly Togrul III (1177-1194) göterilipdir. Tagta çykan juwan soltan Togrul begden (1040-1063) we Yrakdaky seljuk döwletiniň soltany Togrul şadan (1132-1133) soň, «Togrul» adyny göteren hökümdarlaryň üçünjisidi. Ýaşajyk soltan kämillik ýaşyna ýetýänçä, ýurdy onuň atabegi, Azerbaýjandaky Ildeňizler begliginiň hökümdary, atabeg Muhammet Jahan Pälwan dolandyrmaly edilipdir. Başarjaň hökümdar we edermen serkerde hökmünde tanalan Jahan Pälwan ýyl-ýyldan gowşaýan seljukly döwletini bitewilikde saklamaga, ýurduň dargamagynyň öňüni almaga çalşypdyr. Emma atabegiň betbagt tarapy onuň aýallary we ogullary köp eken. Şonuň üçin hem olar atabegiň häkimiýetden giderine sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar.

1186-njy ýylda Togrul soltan 16 ýaşyna ýetende atabeg Muhammet Jahan Pälwan hem aradan çykypdyr we onuň ýerine ogullarynyň birden üçüsi dawa edip başlapdyrlar. Jahan Pälwanyň uly ogly Abubekir Azerbaýjanda kakasynyň inisi Gyzyl Arslanyň elinde terbiýelenipdir. Şonuň üçin hem agasynyň uly ogly bolandygy üçin Gyzyl Arslan Abubekiri atabeg diýip yglan edýär. Emma Abubekriň hem entäk kämillik ýaşyna ýetmändigi üçin 1187-nji ýyldan başlap ýurdy soltanyň atabegi hökmünde Gyzyl Arslanyň özi dolandyryp ugraýar.

Bu döwürler Seljuk döwletiniň paýtagty Hemedanda, Gyzyl Arslanyň mülkleri Azerbaýjanda, Jahan Pälwanyň mülkleri bolsa Reýde ýerleşipdir. Seljukly döwletinde ýüze çykan agzalalyklara türkmen gyzy Zumrat Hatyndan bolan abbasy halyfy an-Nasyr (1180-1225) hem goşulypdyr. An-Nasyr häkimiýet ugrundaky göreşlerde Gyzyl Arslany goldapdyr. Ýöne, şunuň bilen bir hatarda, «Agzyny alart – höküm sür» syýasatyna gowy düşünýän halyf



Bagdatda oturan ýerinden ýurtdaky ululy-kiçili türkmen emirleridir serkerdelerini hem biri-birlerine garşy küşgüripdir.

Gyzyl Arslanyň inisi Abubekir agasy Muhammet Jahan Pälwanyň gyrnaklarynyň birinden doglandy, Jahan Pälwanyň beýleki iki ogly bolsa onuň baýry aýaly Ynanç Hatyndan bolandy. Çylşyrymly wakalaryň netijesinde seljukly döwleti üçe bölünipdir. Togrul III tagtyna bir tarapdan Gyzyl Arslan bilen Abubekr, beýleki tarapdan bolsa, Ynanç Hatyn we onuň ogly Gutlug Ynanç dawa edipdirler. Ýaşajyk soltan häkimiýetini bermejek bolup garşydaşlary bilen birnäçe ýyllap uruşmaly bolupdyr.

Bu döwürler amatly pursaty peýläp, Yrakdaky Seljuk döwletiniň üstüne Merkezi Aziýanyň hökümdary, Köneürgenç türkmen döwletiniň soltany Tekeş (1172-1200) hem goşun çekip gelipdir. Seljukly soltanlarynyň häkimiýetiniň esasy dalaşgäri Gutlug Ynanç haýal etmän onuň tarapyna geçýär. Tekeş bilen başlan uruş hem Togrulyň peýdasyna bolmandyr. Sebäbi onuň üstüne Tekeşiň hem-de Gutlug Ynanjyň goşunlary hüjüm edýärdiler. 1194-nji ýylda şor suwly Farhan kölüniň ýanynda bolan söweşde seljukly soltany Tekeşden ýeňilýär we ozunin 50-60 nökeri bilen günorta gaçýar. Emma Gutlug Ynanjyň goşunlary bilen bolan söweşde soltan Togrul III eňlip öldürilýär. Şeýlelikde, häkimiýet ugrundaky göreşlerde köneürgençi hökümdar hemmelerden üstün çykypdyr we Günbatar Eýran Tekeş soltanyň eline geçýär.

Yrakdaky seljuk türkmen döwletinde bolup geçen bu pajygaly wakalar 1194-nji ýylda bolup geçipdir. Şondan bir ýyl geçen soň, Gutlug Ynanjyň özini hem öldüripdirler. «Şeýdip iň soňky seljuk soltany Togrul öldürildi. Seljuklar nesliniň köräp duran közünden onuň diňe küli galypdy, onam ýeller sowurdy» diýip, Yrakdaky seljuk döwletiniň köşk işgäri Nejimeddin Muhammet Rawendi özüniň «Rahat as-sudur wa aýýat as-surur» («Ýürekleriň ynjalygy we şatlygyň höziri») atly eserinde çuňňur gynanç bilen ýazypdyr.

Tekeşiň mirasdüşeri Muhammet II (1200-1220) döwründe Köneürgenç türkmen döwletiniň ýerleri has-da giňäpdir. Ol garahytaýlylary derbi-dagyn edip, Mawarennahry öz döwletiniň düzümine goşupdyr, Owganystany we Azerbaýjandaky Ildeňizler begliginiň ýerlerini we Eýranyň Huzistandan galan ýerlerini eýeläpdir.

1217-nji ýylda Muhammet II Bagdada ýöriş geçirýär. Emma gyş günleri Zagros daglarynyň geçelgelirinden geçilende, onuň goşunlarynyň köp bölegi gyrylýar, şol sebäpden hem köneürgençli hökümdar yza dolanmaga mejbur bolýar. Köneürgençi hökümdarlar Tekeş bilen Muhammet Eýranyň basylyp alnan ýerlerinde merkezleşdiriji syýasat ýöretmäge çalşypdyrlar we köp sanly ownukly-irili özbaşdak, ýarym özbaşdak beglikleri ýatyrypdyrlar. Emma ýapjalary bolan Eýranyň Pars welaýataýndaky Salyrlaryň atabegligine (1148-1288) we Lurystandaky Hazarasply begligine (takmynan 1148-1339) köneürgençli hökümdarlar degmändirler.

## § 3. Günbatar Aziýadaky türkmen döwletleri

**Börileriň (Damask) atabegligi.** Beýik Seljuk türkmen döwleti ägirt uly harby imperiýady, nesilşalygyň häkmiýetiniň sütüni hasap edilen goşuna bolsa seljuklaryň türkmen serkerdeleri baştutanlyk edýärdiler. Her bir seljuk soltanynyň Oguz hem-de Gypjak sähralaryndan getirilen köp sanly gulamlary bardy. Olar köşkde we goşunda möhüm wezipeleri eýeleýärdiler we seljukly soltanlaryna sadyklyk bilen gulluk edýärdiler.

Seljuk soltanlarynyň häkimiýetiniň gowşamagy we onuň böleklere bölünmegi bilen serkerdeleriň, gulamlaryň döwlet häkimiýetindäki we goşundaky orny has hem berkäpdir. Wagtyň geçmegi bilen möhüm döwlet hem-de harby wezipeleri eýeleýän gulamlar seljukly şazadalarynyň atabeglerine öwrülipdirler. Bu bolsa olara tiz wagtdan soltanlaryň

tabynlygyndan çykmaga we özbaşdak häkimiýete eýe bolmaga mümkinçilik beripdir.

Seljuklaryň döwründe özbaşdak häkimiýete eýe bolan ilkinji atabegleriň biri Tug tegin hasap edilýär. Tug Tegin Şamdaky (Siriýa) seljuk döwletini esaslandyran Tutuşyň (Alp Arslanyň ogly) gulamy bolupdyr. Tutuş ony öz ogly Dukagyň atabegi edip belleýär. Tutuş öz agasy Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwründe Damaskda häkimlik edipdir. Agasy ölenden soň ol ýurtdaky häkimiýeti basyp almagy maksat edinýär. Gysga wagtyň içinde oňa Halaby, Al-Jeziräni, Diýarbekiri, Azerbaýjany we Hemedany eýelemek başardýär. Tutuşyň adyna hatda Bagdatda hutba-da okalypdyr. Emma ol 1095-nji ýylda Berkýaruk bilen tagt üstündäki uruşlarda ýeňlip öldürilýär. Tutuş ölenden soň Damaskdaky häkimiýet ogly Dukakygyň ygtyýaryna geçipdir, emma ol öz häkimiýetini atabegi Tug Teginiň eline berýär. Tug Teginiň (1104-1128) esaslandyran döwleti Böriler atabegligi (1104-1154) diýlip atlandyrylyp, döwletiň ady Tug Teginiň ogly Täç al-Mülk Börüniň (1128-1131) ady bilen baglanyşyklydyr.

Tug Teginiň we onuň ogly Börüniň nesilleri Damasky 50 ýyldan hem gowrak wagtlap dolandyrypdyrlar. Olar haç göterijiler bilen uruşlary alyp barypdyrlar, ol ýa-da beýleki dalaşgäriň tarapynda durup, seljukly şazadalaryň häkimiýet ugrundaky göreşlerine gatnaşypdyrlar. Häkimiýet ugrunda şeýle göreşleriň gidýän döwründe halaply zeňňi atabegi Nureddin Mahmyt Damaska girýär we Börileriň mülklerini öz döwletiniň düzümine goşýar.

**Zeňňileriň atabegligi (1127-1250).** Türkmenleriň Siriýada guran bu döwletini atabeg Ymadeddin Zeňňi esaslandyrýar. Ol Mälik şanyň türkmen gulamy Ak Sunguryň ogly bolupdyr. 1085-1094-nji ýyllarda Ak Sungur Damaskyň hökümdary Tutuşyň Halapdaky emiri bolup gulluk edýär. Emma 1094-nji ýylda öz hökümdary Tutuşyň garşysyna

topalaň turuzýar we ýeňlip öldürilýär. Kakasy wepat bolanda Ymaddedin Zeňňi 10 ýaşlyja oglanjyk eken.

1096-njy ýylda Mosulyň häkimligi Gara Buga atly türkmen emiriniň eline geçýär. Döwründe Ak Sungur oňa köp ýagşylyk edipdir. Şonuň üçin hem Ak Sunguryň ýetim galan ogluny Gara Buga öz howandarlygyna alýar. 1102-nji ýylda Gara Buga aradan çykandan soň Mosuldaky häkimiýet Şems ed-Döwle Çekirmişiň golastyna geçýär. Çekirmiş hem Ymadeddin Zeňňä howandarlyk edipdir. Ol ölenden soň häkimiet Çawly Sakaw atly başga bir serkerdäniň eline geçýär. Çawly Sakaw hem Ymaddedin bilen gowy gatnaşyk saklapdyr, ýöne Çawly Sakaw seljuk soltany Muhammediň (1105-1118) garşysyna baş göterendigi sebäpli Ymadeddin onuň bilen arasyny kesýär.

1109-njy ýylda Mosulyň häkimligine Maudud Tugteginogly bellenilýär. 1114-nji ýyla çenli tä Maudud öldürilýänçä Ymadeddin Damaskda galypdyr, ýöne soňra täze häkim Juýuş Beg bilen Mosula dolanyp gelyär. Şundan soň Zeňňi haç göterijiler bilen uruşmaga gidýär we bu uruşlarda şahsy mertlik hem-de gahrymançylyk görkezip giň meşhurlyga eýe bolýar. Onuň bitiren hyzmatlaryna seljuk soltany Muhammet ýokary baha beripdir we Mosulyň häkimine Ymadeddin Zeňňini özüne maslahatçy edip almagy buýurýar.

Soňra Zeňňi Juýuş Begiň we Masudyň tarapynda durup, aradan çykan  soltan Muhammediň ogly Mahmydyň (1118-1131) garşysyna hereket edýär. Emma bu hereket şowsuz tamamlanýar. Şonuň üçin hem, haçan-da, 1120-nji ýylda Juýuş Beg Masudy seljukly tagtyna çykarmaga synanyşyk edende, Ymadeddin Zeňňi ony goldamandyr.

1122-nji ýylda Yragyň häkimi edilip Ak Sungur Barsakly bellenilýär we ol Ymadeddini özüne maslahatçy edip alýar. Haçan-da, soltan Mahmydyň emirleriniň biri Dubaýs ibn Sadaka öz hökümdaryna garşy topalaň turzanda, Barsakly bilen Zeňňi soltany goldap çykyş edýärler, ýöne ýeňlişe sezewar

bolýarlar. Şundan soň Ak Sungur Ymadeddini Wasitiň häkimi edip belleýär we oňa Dubaýsyň garşysyna uruş etmegi tabşyrýar. Özüne ynanylan goşunlary gowy tertibe salyp, Ymadeddin Dubaýsy agyr ýeňlişe sezewar edýär. Ymadeddiniň bu ýeňşi onuň Basranyň häkimligine bellenilmegine sebäp bolýar. Şundan soň Barsakly, Ymadeddin we halyf üçüsi birleşip, Dubaýsyň goşunlaryny derbi-dagyn edýärler.

Tiz wagtdan Ymadeddin Basrada öz dikmesini galdyryp şäherden çykyp gidýär. Emma köp wagt geçmänkä Dubaýs ýene-de dolanyp gelip, Ymadeddiniň dikmesini öldürýär. Muny eşidip Ymadeddin 1123-nji ýylda Basra dolanyp gelýär, Dubaýs bolsa Siriýa gaçyp gidýär. 1124-nji ýylda seljuk soltany Zeňňini ýene-de Basra iberýär. Sebäbi bu ýerleri entegem asuda däldi. Bu döwürde soltan Mahmydyň abbasy halyfy al-Mustarşit bilen arasy bozulypdyr, şol sebäpden hem soltan Ymadeddine, eger-de, halyfyň goşunlary Wasitiň töwereklerinde görünäýse, oňa gaýtawul bermegi tabşyrýar. Zeňňi bu tabşyrygy üstünlikli berjaý edýär we halyfyň goşunlary sebitden kowlup çykarylýar. Şundan soň soltan Ymadeddine goşunlaryny Bagdadyň üstüne sürmegi buýurýar. Ymadeddiniň goşunlarynyň golaýlap gelýändigini eşiden abbasy halyfy dessine seljukly soltany bilen ylalaşmaga mejbur bolýar. Şeýlelikde, bu waka 1126-njy ýylda halyfyň Ymadeddin Zeňňini Yragyň häkimi edip bellemegi bilen tamamlanýar.

Ak Sungur aradan çykandan soň Mosulyň atabegi onuň ogly Izzeddin Masut, ol ölenden soň inisi bolýar. Emma soňky atabeg soltanyň gazabyna duçar bolýar we şol sebäpden ol hem öz ornuny Ymadeddin Zeňňä berýär. Şeýdip 1127-nji ýylda Ymadeddin Zeňňi (1127-1146) Mosulyň atabegine öwrülýär.

Şu döwürler Dubaýs ibn Sadaka Basradan Horasana gaçyp gelýär we Beýik seljuk Soltan Sanjryň huzuryna baryp, onuň ynamyna girýär. Bu ýere Dubaýs bilen duşmançylygyň soňuna çykmakda Soltan Sanjara araçy bolmagy teklip etmek üçin

yrakly seljuk soltany Mahmyt hem gelýär. Ýaraşyk baglaşylandan soň Soltan Sanjar Mahmyda Ymadeddini Mosulyň atabegliginden aýyrmagy we onuň ornuna Dubaýsy bellemekligi teklip edýär. Mahmyt soltan Sanjar bilen razylaşypdyr we ol abbasy halyfyna ýüz tutup, Dubaýsyň günäsini geçmegini we oňa Bagdada gelmäge rugsat bermegini soraýar.

Dubaýs bilen baglanyşykly ähli gürrüňleri eşidip, Ymadeddin hem halyfyň huzuryna barýar we Dubaýsyň haç göterijiler bilen ýaran bolandygyny we olar bilen Halaby gabamaga-da gatnaşandygyny halyfa duýdurýar. Ymadeddin Zeňňi eger-de şeýle adam haç göterijileriň edil alkymynda ýerleşýän Mosula häkim bellenilse, munuň agyr netijelere getirjekdigini düşündirmegi hem başarýar. Atabegiň ýerlikli pikirleri, şeýle hem Bagdadyň ilatynyň Dubaýsyň dolanyp gelmegine garşylygy, halyfy Ymadeddin bilen ylalaşmaga mejbur edýär. Wagtyň geçmegi bilen Dubaýsyň dolanyp gelmeginiň halkyň närazylygyny döretjekdigine soltan Mahmydyň özi hem düşünýär.




1131-nji ýylda soltan Mahmyt aradan çykýar we onuň ornyna ogly Dawut (1131-1132) geçýär. Dawudyň Yrakdaky seljuk tagtyna gelmegi özara göreşleri tutaşdyrýar. Bu göreşlere

Beýik seljuk hökmünde Soltan Sanjar hem gatnaşýar. Özara uruşlarda Ymadeddin Zeňňi Soltan Sanjary goldaýar we onuň bilen bileleşip halyf bilen uruşýar. Bu uruşlarda Ymadeddin şowsuzlyga uçraýar we Mosula dolanyp gelýär. Seljukly nesliniň tagt ugrundaky uruşlarynda Masut (1132-1152) üstün çykýar we soltan diýlip yglan edilýär. Ymadeddin täze soltanyň häkimiýetini bada-bat ykrar edýär.

Emma Ymadeddin Mosula dolanyp gelenden soň şäheri halyfyň goşunlary gabaýar. Muňa jogap edip soltan Masut hem goşunlary bilen Bagdady gabawa salýar. Netijede, halyf Mosulyň gabawyny aýyrmaga we Ymadeddin bilen ylalaşmaga mejbur bolýar. 1134-nji ýylda Ymadeddin Zeňňi halyf bilen bilelikde soltan Masuda garşy urşa başlýar. Emma Ymadeddiniň haç göterijilere garşy uruşlardaky hyzmatyny göz öňünde tutup, soltan Masut onuň bilen derrew ýaraşyk baglaşýar.

Ymadeddin Zeňňiniň wagt-wagt häkimiýet ugrundaky göreşlere gatnaşýandygyna garamazdan, onuň esasy aladasy haç göterijilere garşy uruşlar bolupdyr. Bu döwürler Siriýada birnäçe türkmen beglikleri döräp, olaryň iň ulusy Böriler (Damask) begligidi. Zeňňileriň güýçlenyän döwründe Damask Ymadeddiniň ogly Nureddin Mahmydyň eline geçýär. 1127-nji ýylda Zeňňileriň golastyna Al-Jezire, 1128-nji ýylda Halap, 1129-njy ýylda Sinjar, Habur, Harran, 1132-nji ýylda Erbil, 1135-nji ýylda Rakka, 1144-nji ýylda bolsa Ana bilen Al-Hadisa hem geçýär. Tikridiň (Yrak) häkimleri iki dogan Nejmeddin Eýýubi (Salaheddin Eýyubiniň kakasy) bilen Asabeddin Şirkuh Ymadeddiniň ýakyn ýarany bolupdyrlar. Haçan-da, olar Tikritdäki häkimiýetlerini elden giderenlerinde, Ymadeddin Zeňňi özüniň 1140-njy ýylda alan Baalbek şäheriniň häkimligini doganlara beripdir. Şol ýyl Zeňňileriň döwletiniň düzümine Diýarbekir, Mardin, Nisibin we Kürdistan hem goşulýar.

1134-nji ýylda Ymadeddin Zeňňi Siriýanyň Hama şäherini eýeleýär, ýöne üç ýyldan soň Ysmaýyl Böri ony yzyna gaýtaryp alýar. 1138-nji ýylda Ymadeddin Hama şäherini ýene-de eýeleýär, soňra bolsa Damasky gabaýar. Emma Damaskyň gabawy şowsuz tamamlanýar we Zeňňi yzyna dolanmaga mejbur bolýar.

Haç göterijilere garşy uruşlarda Ymadeddin diňe harby çäreleri däl, eýsem diplomatiki usullary hem ulanypdyr. Ol Edessanyň grafy bilen şertnama baglaşypdyr. Soňra ol Halabyň demirgazygyndaky Al-Asarib galasyna hüjüm edýär. Sebäbi bu ýerden haç göterijiler Siriýanyň dürli ýerlerine talaňçylykly çozuşlary geçirýärdiler. 1136-njy ýylda Homs şäherini (Siriýa) gaban haç göterijiler köp sanly goşunlar bilen Ymadeddiniň garşysyna ýörişe başlaýarlar. Haç göterijileriň goşunlaryna Iýerusalimiň koroly Falk (1131-1143) we Tripoliniň grafy Raýmond II (1137-1152) serkerdelik edýärdiler. Emma bu goşunlar Ymadeddin Zeňňi tarapyndan derbi-dagyn edilýär, graf Raýmond bolsa ýesir alynýar. Iýerusalimiň koroly Falka gaçmak we Barin galasynda gizlenmek başardypdyr, ýöne Ymadeddin ony hem ýesir alýar. Ymadeddiniň iň uly üstünlikleriniň biri hem Edessanyň (Şanly Urfa) haç göterijileriň elinden alynmagy boldy. Meşhur türkmen serkerdesi hem-de hökümdary Ymadeddin Zeňňi haç göterijiler bilen tä aradan çykýança – 1146-njy ýyla çenli uly söweşleri alyp barypdyr.

Ymadeddin aradan çykandan soň onuň yzynda iki sany mirasdüşeri galypdyr. Seýfeddin Gazy (1146-1149) Mosulda, Nureddin Mahmyt (1146-1174) bolsa Halapda hökümdarlyk edipdirler. Nureddin kakasynyň haç göterijiler babatyndaky syýasatyny yzygider alyp barypdyr we olary ençeme ýola agyr ýeňlişe sezewar edipdir. Edessa haç göterijileriň elinden alnandan soň, hristianlar şäheri gaýtaryp almaga birnäçe gezek synanyşyk edipdirler. Bu synanyşyklaryň ählisi Nureddin Zeňňi tarapyndan puja çykarylypdyr. Edessany gaýtaryp almak üçin

Rim papasy ýewropaly hökümdarlary Ikinji haçly ýörişe çagyrypdyr. Emma haçly goşunlar Ýakyn Gündogara gelip, Edessa tarap däl-de, Damaska tarap eňipdirler. Öňler Damaskyň ilaty Zeňňileriň häkimiýetine garşy bolýardy, emma haç göterijileriň salýan howpy olary Nureddin Mahmyda kömek sorap ýüz tutmaga mejbur edýär. 1154-nji ýylda Nureddin goşunlary bilen Damaska girýär.

1163-nji ýylda Hisn al-Arkad galasynyň ýanynda haç göterijiler Zeňňilere agyr zarba urýarlar. 1164-nji ýylda bolsa haçly goşunlary Müsüre garşy hüjüm edip ugraýarlar. Haçlylaryň ýörüşine päsgel bermek maksady bilen Nureddin olaryň mülklerine demirgazyk tarapdan çozuş geçirýär, serkerdesi Asabeddin Şirkuhy bolsa Müsüre ugradýar. Harim galasynda Nureddin Antiohiýanyň we Tripoliniň hökümdarlaryny we wizantiýaly serkerde Komusy ýesir almagy başarýar. 1174-nji ýylda Nureddin aradan çykandan soň atabeglige onuň kiçi ýaşly ogly Salyh Ysmaýyl (1174-1181) göterilýär. Salyh Ysmaýyldan zürýat galmandyr, şol sebäpden hem onuň mülkleri (Damask bilen Halap) Zeňňileriň Mosuldaky mülklerine goşulýar.

Seýfeddin Gazynyň mirasdüşerleri barada aýdylanda bolsa, 1149-njy ýylda ol ölenden soň atabeglige onuň inisi Kutubeddin Mahmyt (1149-1170) göterilýär. Ol ölenden soň bolsa Seýfeddin Gazy II (1170-1179) hökümdarlyk edýär. 1179-njy ýylda häkimiýete gelen Mosulyň atabegi Izzeddin Masut I (1179-1192) Zeňňileriň ähli mülklerini birleşdiripdir. Emma ol Müsüriň hökümdary Salaheddin Eýýubi bilen çaknyşýar. Salaheddin Halaby eýeleýär we häkimiýete ogly Tahyry getirýär. Salaheddin Mosuly eýelemäge-de synanyşypdyr, emma bu işi amala aşyrmak oňa başartmasa-da, Zeňňiler eýýubileriň ýapjalygyna razylyk bildiripdirler. XIII asyrda Zeňňileriň döwleti halys gowşaýar we 1232-nji ýylda mongollar tarapyndan basylyp alynýar.

**Erbil (Begteginler) atabegligi (1144-1230).** 1144-nji ýylda Ymadeddin Zeňňi öz türkmen serkerdeleriniň biri Zeýneddin Alyny Mosulyň dikmesi edip belleýär. Zeýneddin Aly soňra Sinjarda, Tikritde we Erbilde-de öz hökümdarlygyny ýola goýýar. 1147-nji ýylda ol aradan çykandan soň, onuň mirasdüşerleriniň arasynda häkimiýet ugrunda dawa ýüze çykýar. Şunuň netijesinde Zeýneddin Alynyň uly ogly Muzaffareddin Gökböri Harrana gaçyp gidýär, Erbildäki häkimiýet bolsa onuň kiçi ýaşly inisi Zeýneddin Ýusubyň eline gecýär. Emma Erbil atabegligi hakykat ýüzünde Zeýneddin Ýusubyň weziri Müjehideddin Gaýmaz tarapyndan dolandyrylypdyr. 1190-njy ýylda Zeýneddin Ýusup aradan çykýar, häkimiýeti bolsa Gökböri eýeleýär. Gökbörini eýýubi soltany Salaheddin goldapdyr. Erbildäki häkimiýetden daşgary, Salaheddin oňa Harranyň hem-de Edessanyň häkimligini hem ynanypdyr.

Erbil atabegligini Gökböri tä aradan çykýança – 1230-njy ýyla çenli dolandyrypdyr. Gökbörniň ogul zürýädy bolmandyr, şonuň üçin hem häkimiýeti atabegiň öz wesýet edişi ýaly, abbasy halyflarynyň ygtyýaryna geçipdir.

**Artyklar atabegligi (1101-1408).** Artyklar atabegligi seljuk soltanlarynyň meşhur türkmen serkerdeleriniň biri Artyk Beg ibn Egsik (ýa-da Aksap) tarapyndan esaslandyrylýar. Haçan-da, mukaddes şäher Iýerusalim Damaskyň seljukly neslinden bolan emiri Tutuşyň hökümdarlygyna tabyn edilende, Artyk Beg şäheriň häkimi edilip bellenilýär. Ol bu wezipäni 1091-nji ýyla çenli ýerine ýetiripdir. Artyk Begden soň onuň bu wezipesi ogullary Sökmengazy bilen Ilgaza geçýär. Iki dogan Palestinadaky latyn döwletleriniň hökümdarlary bilen yzygider uruşlary alyp barypdyrlar. Emma 1096-njy ýylda Iýerusalim Müsüriň hökümdarlary bolan fatimiler tarapyndan eýelenilýär. Şundan soň Sökmengazy bilen Ilgazy Edessa we Yraga gidýärler.

Sökmengazy hem-de Ilgazy seljuk hökümdarlary bilen ýakyn gatnaşyklarda bolupdyrlar, şonuň üçin hem 1101-nji ýylda seljuk soltany Muhammet Ilgazyny Bagdadyň häkimi, Sökmengazyny bolsa Diýarbekire we onuň golaýndaky Kaýfa galasyna häkim edip belleýär. Şu wakadan iki ýyl geçenden soň Sökmengazy Mardini hem Diýarbekire birikdirýär. Emma 1108-nji ýylda ylalaşyk boýunça Mardin onuň agasy Ilgazynyň ygtyýaryna berilýär. Şondan soň artyklaryň iki şahasy ýüze çykyp, olaryň biri (Sökmengazynyň nesilleri) 1101-1231-nji ýyllarda Kaýfada, beýlekisi (Ilgazynyň nesilleri) bolsa 1108-1408-nji ýyllarda Mardinde dolandyrýar.

Sökmengazy haç göterijilere garşy üstünlikli uruşlary alyp barypdyr. 1105-nji ýylda ol Edessanyň graflary Balduin bilen Ioselen (Žokelen) tarapyndan serkerdelik edilýän haçly goşunlary agyr ýeňlişe sezewar edýär, hökümdarlaryň ikisini hem ýesir alýar. Bu ýeňiş haçly döwletleriň golaýyndaky musulman ýerleriniň howpsuzlygyny üpjün edipdir we haçlylara öňe süýşmäge mümkinçilik bermändir. Artyklaryň Kaýfadaky şahasy 1231-nji ýyla çenli ýaşap, soňra Eýýubileriň döwletine birikdirilýär.

Ilgazy we onuň nesilleri hem haç göterijilere garşy gahrymanlarça göreşipdirler. 1112-nji ýylda Ilgazy Halabyň eteginde haç göterijileri aýylganç ýeňlişe sezewar edýär. 1231-nji ýylda Artyklar begliniň köp ýerlerini mongol basybalyjylary eýeleýärler. Yragyň demirgazygy bütinleý diýen ýaly tozdurylýar, ilatyň bir bölegi gyrlypdyr, bir bölegi bolsa dumly-duşa gaçyp gidipdir. Mardindäki artyklar Rumly seljuklaryň ýapjasyna öwrülipdirler. Giçki döwürde bu ýerler Teýmirleň tarapyndan basylyp alynýar, 1408-nji ýylda bolsa Garagoýunly türkmenleriň döwletiniň düzümine goşulýar.

**Garagoýunly türkmenleriň döwletiniň döremegi.** Garagoýunlylar oguzlardan gelýän taýpa bileleşigi bolup, onuň düzümine Ýywa, Ýazyr, Awsar ýaly türkmen taýpalary giripdir. XIII asyryň 20-nji ýyllarynda garagoýunlylaryň 20-30

müň öýlüsi öz serdarlary Töre begiň baştutanlygynda mongol basybalyşlary zerarly, ilki Mawerennahrdan Horasana, soňra bolsa Gündogar Anadola göçüp gelipdirler we Erzurum, Diýarbekir sebitlerinde mekan tutunypdyrlar.

Emma oguzlardan-türkmenlerden dörän garagoýunly we akgoýunly illeri özara jet bolupdyrlar. Şonuň üçin hem olar Ilhanlar döwletiniň gowşamagy netijesinde emele gelen täze türki-mongol begliklerine – garagoýunlylar Bagdatda höküm süren Jelaýyrlara, akgoýunlylar bolsa Mosulda we Diýarbekirde agalyk eden Çopanylara gulluk edipdirler. Çopanylaryň özara uruşlarda asgynlyk edip Anadola çekilmegi bilen akgoýunlylar Mardinde edara edýän artyklar bilen birleşip Diýarbekirde ornaşypdyrlar.

Gargoýunly taýpa serdarlarynyň ilkinjisi Baýram hoja hasap edilýär. XIV asyryň 50-nji ýyllarynda Mosul taraplary Baýram hojanyň eline geçýär we şäheri onuň adyndan dogany Berdi Hoja edara edip başlaýar. 1366-njy ýylda Baýram Hoja Mardini gabaýar we öz garşysyna çykan artyklaryň güýçlerini derbi-dagyn edýär. Şu waka bilen baglanşykly artykly hökümdary Mälik Mansuryň ilçisi Jelaýyr soltanynyň huzuryna Bagdada baryp, Baýram Hojanyň çapawulçylygy barada habar berýär we ony garagoýunlylara garşy ýörüş etmeklige çagyrýar. Soňky ýylyň baharynda Jelaýyr hökümdary Weýis soltan garagoýunlylar bilen ilkinji gezek çaknyşypdyr.

1380-nji ýylda Baýram Hoja ölenden soň garagoýunlylaryň baştutanlygyna Gara Muhammet (1380-1389) geçýär. Onuň edara eden ýyllarynda garagoýunlylar öz ýagdaýlaryny ep-esli pugtalandyrypdyrlar we goňşy welaýatlara täsirlerini artdyrypdyrlar. Haçanda, jelaýyr soltany Weýisiň ogullarynyň arasynda tagt ugrunda dawa tutaşanda, Gara Muhammet soltan Ahmediň tarapynda çykyş edip, onuň bäsdeşlerini derbi-dagyn edýär. Bu ýeňiş garagoýunlylaryň harby kuwwatyny we syýasy abraýyny ýokary göterýär.

Bu döwürde Eýrana Merkezi Aziýanyň hökümdary emir Teýmirleň çozup girýär. 1385-nji ýylda Teýmirleň Demirgazyk Eýranda Damgandan tä Soltanyýa çenli aralygy basyp alýar. Ol 1386-njy ýylda Töwrüzi eýeläp, şäheri ýowuz talaňçylyga sezewar edýär. 1387-nji ýylda Teýmirleň Yspyhany hem basyp alýar. Şeýlelikde, Eýranda hem-de Yrakda Teýmirleňe garşy durup biljek ýeke-täk güýç Garagoýunly türkmenleriň döwleti bolup galýar.

1387-nji ýylda garagoýunlylar ilkinji gezek Teýmirleňiň goşunlary bilen söweş edipdirler. Teýmirleň gyşy Garabagda geçirip, Gündogar Anadola we Yraga garşy ýörişe taýýarlanypdyr. Teýmirleň goşun serdarlary bilen maslahatlaşyp, 30 müň urşujydan ybarat saýlama goşun düzýär we olary garagoýunlylaryň üstüne sürýär. Goşunlara Teýmirleňiň garyndaşlary serkerdelik edipdirler. Dag geçelgelerindäki goranyş we hüjüm etmek üçin amatly ýerleri eýeläp, Gara Muhammet duşmanyň goşunyna gaýtawul bermäge taýarlanypdyr.

Teýmirleňiň uly güýçleriniň garagoýunlylara garşy ugrandygyny görüp, Gara Muhammet çalasynlyk bilen daglara çekilipdir we jülge ýollarynda duýdansyz çozuşlary gurapdyr. Haçanda, san taýdan köp esse agdyklyk edýän Teýmirleňiň goşunlary garagoýunlylary yzarlap dag jülgelerine girenlerinde, Gara Muhammediň bukuda ýatan nökerleri duýdansyz ýagdaýda olaryň üstüne hüjüme geçipdir. Garagoýunly güýçleriň aýgytly hereketleri netijesinde çagataý goşunlary öz söweş tertibini ýitirip, başly-barat yza çekilip ugrapdyrlar. Teýmirleňiň özi hem söweş meýdanyndan gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Garagoýunlylary boýun egdirip bilmejegine gözi ýetenden soň, Teýmirleň Eýrana dolanypdyr hem-de öz ýolunda gabat gelen ähli şäherleri, obalary talapdyr we ýykyp-ýandyrypdyr. 1388-nji ýylda goragoýunlylar Teýmirleňiň Altyn Ordanyň hany Togtamyş bilen söweşmek üçin Mawerennahra

gidendiginden peýdalanyp, Töwrüzi eýeläpdir we ol ýerden Jelaýyr emirlerini kowup çykarypdyr. Emma türkmenleriň Töwrizde hökümdarlygy uzaga çekmändir. Içerki agzalalyklar zerarly tiz wagtdan olar Töwrüzi terk etmäge mejbur bolupdyr. 1389-njy ýylda Gara Muhammet başga bir türkmen emiri Gara Hasan bilen bolan söweşde heläk bolupdyr. Gara Muhammetden soň garagoýunlylara Gara Ýusup (ýaşan ýyllary 1355-1420) baştutanlyk edipdir.

**Çagataýlaryň basybalyşlaryna garşy göreşler.** 1391-nji ýylda garagoýunlylar ikinji gezek Töwrüzi eýeläpdirler, emma Teýmirleňiň goşunlarynyň ýakynlaşyp gelýändigini eşidip, soňky ýyl şäheri taşlap gitmäge mejbur bolupdyrlar. 1393-nji ýylda Teýmirleň özüniň Yraga garşy birinji ýörişine ugrapdyr we Bagdady Jelair soltany Ahmediň elinden alypdyr. Mosul we Mardin ýerlerini boýun egdirip, Teýmirleň öz goşunynyň sag ganatyny garagoýunlylaryň garşysyna ugradypdyrlar. Emma Teýmirleňiň serkerdesi Burhan-oglanyň baştutanlygynda garagoýunlylara garşy iberilen goşun netijesiz dolanyp gelipdir. Teýmirleň biraz wagtdan soň Erzurumyň günorta-gündogarynda ýerleşýän Awnik galasyny basyp almagy karar edýär. Şol wagt galany Gara Ýusubyň agasy Müsür Hoja edara edýärdi. Kyrk üç günläp dowam eden dyngysyz hüjümden soň galany basyp almak Teýmirleňiň goşunlaryna başardypdyr. Teýmirleňiň Gruziýa, ondan soň hem Tohtamyşyň garşysyna uruşmak üçin Azerbaýjandan we Yrak ýerlerinden gitmeginden peýdalanyp, Gara Ýusup öz dogduk mekany Erjiş şäherini gaýtaryp alypdyr. 1396-nji ýylda Gara Ýusup Mosuly basyp alypdyr we ony öz dogany Ýar Aly bege beripdir.

1400-nji ýylda Hindistana ýörişinden gaýdyp gelen Teýmirleň ýene-de Azerbaýjanda peýda bolýar. Bu habary eşidip Gara Ýusup Wan welaýatyndan Mosula çekilýär. Teýmirleň uly goşun döredýär we ony Bagdady basyp almak üçin ugradýar. Çagataý goşunlarynyň ýetip gelýändigini eşidip

Ahmet Jelaýyr dowla düşüp, Bagdatdan Mosula - Gara Ýusubyň ýanyna ugraýar. Gara Ýusup soltan Ahmedi güler ýüz bilen garşylapdyr we oňa myhmansöýerlik bildiripdir.

1402-nji ýylyň başynda Gara Ýusup häzirki Yragyň ýerine gelipdir we Bagdadyň demirgazygynda Ýewfrat derýasynyň ýakasynda ýerleşýän Hut galasynda düşläpdir. Şondan az wagt soňra ol Hilla gelip, soltan Ahmede ogly Tahyryň pitnesini basyp ýatyrmaga kömekleşýär. Az wagt geçenden soňra Gara Ýusup Bagdada ýörüş edip şäheri eýeleýär. Jelaýyr soltany Ahmet Bagdatdan gaçyp ilki Tikrit şäherine gelýär, ol ýerden bolsa Siriýa tarap ugraýar.

Gara Ýusup 1403-nji ýylyň ahyryna çenli Bagdatda galýar. Teýmirleň Anadoly ýörişinden ýeňiş bilen dolanyp gelýärkä, Gar Ýusubyň Bagdatda höküm sürýändigini eşidip, onuň garşysyna Diýarbekir-Wasit welaýatlarynyň hökümdary, agtygy Abu Bekir Mürzäniň baştutanlygynda uly goşun ýollaýar. Abu Bekiriň goşuny Lurystanda hereket eden emir Rüstemiň goşunlary hem birleşýär. Gara Ýusup çagataý goşunlaryny Hillanyň günortasynda garşylaýar. Abu Bekiriň we Rüstemiň goşunlary Ýewfrat derýasyndan geçip, garagoýunlylaryň üstüne hüjüm edipdirler. Şol garpyşykly söweşde Gara Ýusup ýeňlipdir we Siriýa çekilmäge mejbur bolupdyr. Onuň dogany Ýar Aly beg bolsa söweşde ýesir alnyp öldürilipdir.

Damaskyň hökümdary Gara Ýusuby dostlukly garşylapdyr we oňa öz köşgünde ýer beripdir. Az wagtdan bu ýere soltan Ahmet hem gelipdir. Emma uzak wagt geçmänkä Siriýanyň dikmesi Kairden Gara Ýusuby we soltan Ahmedi tussag etmek hakynda görkezme alypdyr. Netijede, Gara Ýusup bilen soltan Ahmet Damask galasynda tussaglykda saklanylypdyrlar. 1405-nji ýylyň başynda Teýmirleňiň öldi habaryny eşidip, bendileriň ikisini hem tussaglykdan boşadypdyrlar.

Az wagtdan Gara Ýusup Damaskdan öz watanyna ugrapdyr. Ýüzüniň ugruna ol düker taýpasynyň baştutany Gökçe Isanyňka sowlupdyr, soňra Mardine gelip ol ýerde ep-esli saklanypdyr. Ol ýerden garagoýunly emiri Diýarbekire gelipdir. Ýolda duşmanlar bir ýüz segsen gezek onuň ýoluny bekläpdirler. Emma Gara Ýusup şol päsgelçilikleriň hemmesini batyrgaý söweşler bilen ýeňip geçipdir. Soňra Gara Ýusup Diýarbekirden Bidlise gelipdir we garaşyk etmegini sorap şol ýeriň emiri Şemseddine ýüzlenipdir. Şemseddin Gara Ýusuba Pasin etrabyny we Awnik galasyny bagyş edipdir. 1407-nji ýylda Gara Ýusup Mosulda gyşlagda oturan wagty Mardiniň, Süleýmaniýanyň, Zarkanyň kürtleri oňa goşulypdyrlar. Soňky ýyl ol Demirgazyk-Gündogar Anadolynyň ownuk begliklериniň köpisini özüne boýun egdiripdir.

**Teýmirleňiň nesilleri bilen alnyp barlan uruşlar.** Teýmirleň 1404-nji ýylyň ýazynda Günbatar Aziýadan öz paýtagtyna ugramakçy bolanda, Nibetabad diýen ýerde uly toý tutup, öz agtygy Miranşahyň ogly Omar mürzäni ozalky Hulagular döwletiniň düzümine giren ýerleriň hökümdary diýip yglan edýär. Emma Teýmirleň ölen badyna, onuň agtyklarynyň arasynda tagt ugrunda güýçli agzalalyklar başlaýar. Omar mürze Soltanyýa şäherinde Abu Bekiri tussag edipdir. Emma Abu Bekir türmeden gaçyp, Horasana barýar we şol ýerde öz kakasy Miranşaha birleşýär. Horasanda goşun ýygnap, olar Yraga ýörişe başlaýarlar we ilki Soltanyýa şäherini, soňra bolsa Töwrüzi eýeleýärler. Emma Teýmirleňiň agtyklarynyň hiç birine hem bütewi döwlete baştutanlyk etmek miýesser etmändir. Teýmirileriň döwleti köp sanly özbaşdak we ýarym özbaşdak begliklere dargap ugrapdyr.

Abu Bekir öz dogany Omar mürze bilen uruşlary bes edip, haýal etmän garagoýunlylara garşy urşup baslapdyr. Abu Bekiriň ýörişinden habarly Gara Ýusup goşunlaryny ýygnap söweşe taýýar bolup durupdyr. 1406-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda iki goşun Nahiçewanyň günbatarynda, Araks

(Araz çaýy) derýasynyň boýundaky Çukur-Saad[1] diýen ýerde duşuşypdyr. Iki gün dowam eden söweş netijesinde çagataý goşunlary söweş meýdanyndan başly-barat yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar, olaryň bir bölegi bolsa garagoýunlylara ýesir düşüpdir. Abu Bekir ilki Merende gelýär we garagoýunlylaryň kowgusyndan howatyr edip, ol ýerden Töwrüze çekilipdir we şäheri rehimsizlik bilen talapdyr. Soňra ol Soltanyýa şäherine çekilip, şol ýerde ornaşypdyr.

Bu ýeňişden soň Çukur-Saad, Merend, Nahiçewan, Şurur we Makul Gara Ýusubyň ygtyýaryna geçipdir. Gara Ýusubyň Soltanyýa şäherinden gidenligini eşidip, Abu Bekir ýene-de şäheri eýeläpdir. Soňky ýylyň ýazynda Abu Bekire Samarkantdan bäş müň esgerden ybarat goşun kömege gelipdir. Abu Bekir bilen Gara Ýusubyň goşunlary ikinji gezek 1408-nji ýylyň 24-nji aprelinde Serdrut derýasynyň boýunda duşuşypdyrlar. Geçen ýylky ajaýyp ýeňişleri bilen ruhlanan türkmenler bu gezek aýgytly hüjüme geçipdirler we urlan zarbalaryň netijesinde çagataý goşunlarynyň söweş tertibini bozupdyrlar. Abu-Bekire söweş meýdanyndan gaçypdyr, onuň kakasy Miran şah bolsa şol söweşde öldürilipdir.

1409-nji ýylyň baharynda Gara Ýusup öz emirleri bilen Muş çölünde ýazlagda gezip ýörkä onuň ýanyna Mardiniň artykly hömümdary Mälik Salyhdan çapar gelýär we akgoýunly serdary Gara Ýülük Osmanyň goşunlarynyň Mardiniň üstüne ýöriş edip gelýändigini habar berýär. Gara Ýusup öz güýçlerini çaltlyk bilen Mardine tarap ugradýar we Amidiň golaýynda Gara Ýülügiň üstüne hüjüm edip, ony gaçyp gitmäge mejbur edýär.

Bu döwürler garagoýunlylaryň Jelaýyr hökümdary Soltan Ahmet bilen hem gatnaşyklary ýitileşýär. Soltan Ahmet bilen Gara Ýusup Damaskda tussaglygynda ýatyrkalar dogan okaşýarlar we hemişe ylalaşykda ýaşamak hakynda kasam

[1] Häzirki Ýerewanyň töwerekleri.

edýärler. Şonda olar geljekde Yragyň Soltan Ahmediň, Azerbaýjanyň bolsa Gara Ýusubyň mülki bolmalydygy hakynda hem özara şertleşipdirler.

Emma 1409-nji yylyň tomsunda soltan Ahmet Töwrüze Gara Ýusubyň üstüne ilçilerini iberip, özüne Hemadan örüsiniň berilmegini talap edýär. Gara Ýusup bu talaby ret edýär. Soltan Ahmet bu jogaba gaharlanypdyr we Gara Ýusubyň Erzinjana gidenliginden peýdalanyp, garagoýunlylaryň paýtagty Töwrüzi basyp alypdyr. Söweş 1410-nji yylyň 30-njy awgustynda Töwrüziň eteginde bolup geçýär we ol türkmenleriň doly suratda ýeňşi bilen tamamlanýar. Bu söweşde Soltan Ahmet garagoýunlylara ýesir düşýär. Soltan Ahmet Azerbaýjany ogullygy Pir Pudaga (hakykatda Pir Pudak Gara Ýusubyň ogly), Bagdady bolsa Gara Ýusubyň beýleki bir ogly Şah Muhammede bagş edýär. Bu işler resminama we möhür goýmak dessurlary bilen berkidilýär. Gara Ýusubyň «Men onuň ganyna geçmäge ant içdim» diýip garşylyk görkezendigine garamazdan, türkmen hökümdarynyň nökerleri Soltan Ahmediň jezalandyrylyp öldirilmegini gazanýar. Şeýlelikde, Jelaýyrlaryň döwleti ýykylyp, onuň ýerleri türkmenleriň Garagoýunly döwletiniň düzümine goşulýar.

**Pir Pudagyň tagta çykarylmagy.** 1413-nji ýyla çenli döwletiň düzümine Günorta Azerbaýjan, Ermenistan, Kurdüstan, Yrak we Gündogar Anadolynyň bir topar ýerleri giripdir. Gara Ýusup Günorta Azerbaýjany özi edara edipdir, döwletiň galan ýerlerini bolsa öz ogullaryna paýlap beripdir. Gara Ýusup 1411-nji ýylda Azerbaýjanyň atly beglerini döwletiň paýtagty Töwrize çagyryp ogly Pir Pudagy soltan diýip yglan edipdir. Pir Pudak kakasy Damaskda bendilikde wagty doglupdyr we soltan Ahmet Jelaýyrdan ogullyk patasyny alypdyr. Şol wagt türkmenleriň arasynda dowam edip gelýän ynanja görä, diňe Çingiz hanyň nebereleri ýa-da şolar bilen garyndaşlyk gatnaşygy bolan kişiler han diýlip yglan edilip

bilinipdir. Pir Pudak Jelaýyr hökündarynyň ogullygy bolandygy üçin, Gara Ýusup aňyrdan gelýän däbe görä, ony özüne garanda soltan tagtyna has mynasyp diýip hasap edipdir. Resmi kabul edilişikde Gara Ýusup ogluny altyn tagta çykaryp, onuň başyna soltan täjini geýdiripdir, biline altyn kemer guşadypdyr, özi bolsa beýleki emirleriň hatarynda onuň gullugynda durupdyr. Täze soltanyň hatyrasyna birnäçe gün dowam eden uly toý tutulypdyr. Gara Ýusup oglunyň adyndan we öz adyndan mis we kümüş teňňeleri zikgeledipdir.

1412-nji ýylda Gara Ýusup bilen onuň iň ýakyn emirleriniň biri, Yragyň welisi Bistam begiň arasynda agzalalyk ýüze çykypdyr. Şol bir wagtyň özünde bolsa Şirwanşah Ybraýym, Şekiniň welisi Arlat Saýyida Ahmet we gruzin patyşasy Konstantin gün-günden güýçlenip barýan Garagoýunly döwletine garşy ýörüş edýärler. Şirwanşahyň özüne boýun egmejegine gözi ýetenden soň, Gara Ýusup Şirwanşah Ybraýyma we onuň ýaranlaryna garşy urşa taýýarlanyp ugraýar. 1412-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Gara Ýusup Kura derýasyndan (Kür çaýy) geçip, ýaranlaryň üstüne hüjüm edýär. Iki tarapyň arasynda tutaşan gazaply söweşiň netijesinde, Gara Ýusubyň garşydaşlary ýeňlişe sezawar bolýarlar we olaryň köpisi garagoýunlylar tarapyndan ýesir alynýar. Şirwan şah Gara Ýusuba tabynlyk bildirmäge mejbur bolýar hem-de özüniň Şirwany edara etmek hukugyny oňa tassykladýar. Garagoýunlylaryň gün-günden artyp barýan güýç-kuwwaty şirwanşahlary, akgoýunlylary we teýmirileri garagoýunlylara garşy birleşmeklige iterýär. Merkezi Aziýanyň we Eýranyň hökümdary soltan Şahruh (1406-1447) on müň adamdan ybarat goşuny ýaraglandyryp, Halyl Soltanyň baştutanlygynda garagoýunlara garşy ugradypdyr. Emma teýmiri şazadasy mürze Isgenderiň gozgalaňy zerarly bu goşun garagoýunlylara ýetip bilmändir, onuň serdary Halyl Soltan bolsa 1411-nji ýylda ýolda ölýär.

1414-nji ýylyň basynda Şahruh uly goşunyň baştutanlygynda Yraga ugraýar. Ol teýmirileriň neslinden bolan mürze Ybraýyma habar edip, gyşy Mazendarenda geçirmekçi bolýandygyny, soňra Gara Ýusubyň üstüne ýöriş etjekdigini we şol ýörüşe gatnaşmak üçin Ybraýymyň taýýar bolup durmagyny tabşyrypdyr. Emma bu gezek Şahruha teýmiri şazadasy Isgenderiň pitnesini ýatyrmak iş bolupdyr. Isgender Şahruha tabyn bolmakdan boýun gaçyrypdyr hem-de oňa garşy bilelikde çykyş etmeklige çagyryp, Şeýistanyň, Kandagaryň we Gerimsaryň hökümdarlaryna ýüzlenipdir. Şahruh Damganda ýerleşen Bistam begiň kömegi bilen Yspyhany basyp alypdyr we ol ýeriň hökümdary Mürze Isgenderi tussag edipdir, onuň mülklerini bolsa beýleki şazadalara paýlapdyr. Şonuň bilen hem Şahruhyň Yraga birinji ýörişi tamamlanypdyr.

Şondan soň üç-dört ýylyň dowamynda Gara Ýusup teýmirliler bilen bilelikde hereket eden akgoýunly serdary Gara Ýülük Osman bilen hem birnäçe söweşler edip, ony gysyp çykarypdyr. 1420-nji ýylyň başlaryna çenli Şahruha özüniň esasy bäsdeşleriniň garşylygyny syndyrmak we atasy Teýmirleňiň giň imperiýasynyň esasy böleklerini bir bütewi döwleti birleşdirmek başardypdyr. Indi onuň öňünde garagoýunlylar tarapyndan edara edilýän Günorta Azerbaýjan, Yrak we Eýranyň käbir welaýatlarynda öz agalygyny dikeltmek wezipesi durýardy. Şu maksat bilen Şahruh Gara Ýusubyňka ilçi ýollapdyr we özüne tabyn bolmagyny, möhüm söwda we ykdysady merkezler bolan Soltaniýa we Kazwin şäherleriniň özüne gaýtarylyp berilmegini talap edipdir. Emma Gara Ýusup bu teklibi kabul etmändir.

Garagoýunlylary gepleşikler bilen dyza çökerip bilmejigine göz ýetirenden soň Şahruh ýörişe ugraýar. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä, Şahruhyň goşunlarynyň sany iki ýüz müňe ýetipdir. Gara Ýusup doly söweş taýýarlygynda Şahruh bilen duşuşmak üçin Töwrüzden ugrapdyr, emma 1420-nji ýylyň noýabrynda 65 ýaşynyň içinde

tarpa-taýyn aradan çykypdyr. Gara Ýusubyň ölümi onuň goşunynda baş-başdaklyk döredipdir. Aýry-aýry emirleriň Gara Ýusubyň ornuna ogullarynyň haýsy hem bolsa birini bellemek üçin eden synanşyklary netijesiz gutarypdyr. Gara Ýusuby Wan kölüniň ýakasyndaky dogduk mekany Ejriş şaherinde öz ata-babalarynyň öwlüýäsinde jaýlapdyrlar. Gara Ýusup türkmen harby sungatynyň taryhynda özüniň söweşjeň başarnygyny we guramçylyk ukyby boýunça öňe saýlanan iň görnükli patyşalaryň biridi. Ol özüniň önüp-ösen şertleriniň talabyna laýyklykda, çarwa adatlaryny we däplerini bäş barmagy ýaly gowy bilipdir we kowumdaşlaryny bir ýere jemlemegi başarypdyr.

Şahruh Gara Ýusubyň öldi habaryny Reý şäheriniň eteginde eşidipdir. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, ol mürze Baýsungury Töwrüzi eýelemek üçin ýola salypdyr. Soltan Şahruhyň özi bolsa Soltanyýa şäherine tarap herekete başlapdyr. 1420-nji ýylyň ahyrynda Şahruh Araks deryasyndan geçip, gyşlamak üçin Garabagda düşläpdir. Onuň ýanyna çar tarapdan azerbaýjanly emirleriň wekilleri gelip tabynlyk bildiripdirler. Şahruh tabynlyk bildiren ýerli beglere olaryň hökümdarlyk edýän ýerleriniň özlerine galdyrylýandygyny tassyklaýan ýarlyklary gowşurypdyr. Emma Azerbaýjanda we Eýranda ýerleşen Şahruhyň goşunlarynyň ýagdaýy öwerlikli bolmandyr. Gara Ýusupdan soň tagty öz eline alan Isgender Garagoýunly (1420-1435) çagataýlara degerli gaýtawul bermegi başarýardy.

1421-nji ýylyň martynda Şahruh Garabagdan Töwrüze ugrapdyr. Mart aýynda Sinjaryň demirgazyk-günbataryndaky Hatuniýa kölüniň golaýynda Şahruhyň tarapdary bolan akgoýunlylar bilen garagoýunlylaryň arasynda söweş bolup geçýär. Ertirden agşama çenli dowam eden şol söweş akgoýunlylaryň ýeňilmegi bilen gutarypdyr. Akgoýunlylaryň üstünden gazanylan ýeňiş garagoýunlylaryň kuwwatyny we täsirini ep-esli derejede ýokary göteripdir.

Akgoýunlylaryň, şirwanşahlaryň we beýleki özüne tabyn güýçleriň goldawyna daýanmak bilen Şahruh Garagoýunlylaryň hökümdary Isgenderiň garşysyna ýörişe taýýarlanmaga buýruk berýär. Isgender Şahruha ýaraşyk teklip edipdir, emma teklip kabul edilmändir we taraplar söweşe taýýarlanyp başlapdyr.

1421-nji ýyllaryň 30-njy iýulynda garagoýunlylar bilen teýmirileriň arasynda söweş başlanýar. San taýdan çagataýlaryň goşunlary garagoýunlylaryňkydan 3-4 esse agdyklyk edipdir. Şahruhyň tarapynda Merkezi Aziýadan getirilen goşunlardan başga-da, Şiwan goşuny we Gara Ýülük Osmanyň akgoýunly goşunlarynyň hem bir bölegi söweşipdir. Söweşiň başynda türkmenlere Şahruhyň goşunlaryny yza serpikdirmek başardypdyr. Emma Şahruhyň pilli we düýeli goşunlary söweşe salmagy urşuň ykbalyny kesgitläpdir. Üç gün dowam eden gazaply söweşiň netijesinde garagoýunlylar agyr ýeňlişe sezewar bolupyrlar.

Isgender Garagoýunly ýeňilse-de göreşi bes etmändir. Ol goşunlary bilen Şahruhyň azerbaýjanly ýapjalarynyň ýerlerine çozuşlary gurap durupdyr. 1427-nji ýylda Isgender ýöriş edip Şemahany talapdyr we öz paýtagtyna baý olja bilen dolanyp gelipdir. Soňky ýyl ol teýmirlilere degişli bolan Soltaniýa, Ahwaz, Kazwin we Zenjan şäherini basyp alypdyr. 1429-njy ýylyň aprelinde ol Reý şäherine gelip, Şahruha garşy urşa taýarlanyp başlaýar. Emma 17-nji sentýabrda başlanan gandöküşükli söweş hem Şahruhyň ýeňişi bilen gutarypdyr.

1434-nji ýylada Isgenderiň goşunlary Şirwana çozup giripdirler. Bu çozuş bütin bir ýyl dowam edýär. Ahyr soňynda Şirwanşahyň hökümdary Halilullah öz penakäri soltan Şahruha kömek üçin ýüzlenipdir. Haçanda, soltan Şahruhyň goşunlary Töwrüze girende, Isgenderiň dogany Mürze Jahanşa çagataý hökümdarynyň öňünden çykyp, oňa tabynlyk bildiripdir. Az wagt Töwrüzde bolandan soň, Şahruh Azerbaýjanyň hökümdarlygyny Jahanşa berip, gyşlamak üçin Garabaga

ugraýar. Isgender hökümdarlygyň inisine berilmegine garşy bolupdyr. Iki doganyň goşyny Töwriziň etegindäki Sufýan diýen ýerde duşuşypdyr. Söweşde Isgenderiň goşuny derbi-dagyn edilipdir, özi bolsa gaçyp Alynjak diýen galada gizlenipdir. Şol ýerde Isgenderiň Kubat diýen ogly kakasyny öldüripdir we onyň kellesini Jahanşa iberipdir. Jahan şa dogany Isgenderiň jesedini abraýly ýagdaýda Töwüzde jaýlapdyr we onuň mazarynyň üstüne äpet gümmez galdyrdypdyr.

Jahan şa her ýyl Şahruhyň köşgüne baý sowgatlar iberip durypdyr. Jahanşa (1435-1467) garagoýunly patyşalarynyň arasynda meşhur bolup, onuň döwründe döwlet öz kuwwatynyň we syýasy bitewiliginiň ýokary derejesine baryp ýetipdir. Jahan şa tä Şahruh ölýänçä onuň garşysyna duşmançylykly hereket etmändir.

**Eýranda Akgoýunly türkmenleriniň döwleti.** 1350-nji ýylda düýbi tutulan Akgoýunly türkmen döwleti hem sebitiň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Akgoýunlylar Azerbaýjan we Yrak ülkelerinde seljuklar döwründe ýaşapdyrlar we seljuk soltanlary olara Diýarbekiri we onuň töweregini ikta edip beripdirler. Akgoýunlylar oguzlaryň baýandyr urugyndan bolup, olar düker, baýat, çepni taýpalary bilen bileleşip hereket edýärler. Tur Aly begiň döwründe akgoýunly türkmenler Trabzon Rum soltanlygyna hüjüm edýärler. Trabzon imperatory bu hüjümleriň öňüni almak üçin Akgoýunly taýpa serdarynyň ogly Gutly bege öz gyzyny beripdir.

Gutly begiň ogly Ahmediň döwründe akgoýunlylar Garagoýunlylar döwleti bilen birnäçe gezek söweşipdir. Akgoýunly döwletiniň syýasy täsiriniň ösmeginde Ahmet begiň dogany Gara Ýülük Osmanyň (1378-1406) hyzmaty ulydyr. Ol özüniň gaýratlylygy bilen beýlekilerden tapawutlanypdyr. Gara Ýülük Osman 1389-njy ýylda Kazy Burhaneddiniň elinden Şiwasy basyp alýar. Ol osmanlylaryň golastyndan çykmak üçin Müsüriň soltany Berkuk bilen ylalaşýar. Teýmirleň Anadola ýöriş edende, ol ony parahatçylykly garşylaýar we onuň

tabynlygyna geçýär. Teýmirleň Gara Ýülük Osmany Diýarbekire hökümdar edip belleýär.

Garagoýunlylar bilen akgoýunlylaryň arasyny has ýitileşdiren wakalaryň biri hem Gara Ýülük Osmanyň ogullarynyň biri Alybegi garagoýunly soltany Gara Ýusubyň nökerleri tutup zyndana salýarlar. Aly beg köp wagt zyndanda oturýar. Onuň zyndandan sypmak nesibesi Teýmirleniň ogly, Şahruhyň Azerbaýjana ýöriş etmegi bilen amala aşýar. Aly begiň zyndanda ýatan ýerine Şahruhyň ogly Baýsungur baryp ony bendilikden boşadýar.

Alybegiň beýleki ogly Hasan beg pursatdan peýdalanyp Diýarbekiri basyp alýar. Hasan beg dogany Jahangiriň bolýan şäheri Mardine ýöriş edýär hem-de şäheri gabaýar. Ýöne, bu ýerde Hasan bege doganynyň garşysyna uruşmazlygy töwella edip, olaryň enesi Sara hatyn ýüz  tutýar. Şundan soň Akgoýunly döwletiniň iň ösen döwri bolan Uzyn Hasanyň (1453-1478) hökümdarlygy başlanýar. Onuň döwründe Akgoýunly türkmenleriň döwleti döwründe gülläp ösýär. Akgoýunly döwletiniň paýtagty Töwrüz  bolupdyr. Uzyn Hasan özüne patyşa unwanyny alyp, bu ady soň onuň nesilleri hem göteripdirler. Uzyn Hasanyň döwründe akgoýunlylar garagoýunlylar bilen yzygider söweşleri alyp barypdyrlar. 1467-nji ýylda Muşuň (Ermenistanda) ýakynyndaky söweşde Uzyn Hasan Jahan şa Garagoýunlynyň goşunlaryny derbi-dagyn edýär, onuň özi bolsa öldürilýär.

Uzyn Hasan Ýewropanyň we Aziýanyň köp döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary saklapdyr. Patyşanyň köşgine Moskwa döwletinden, Wenesiýadan, Wengriýadan Awstriýadan, Polşadan we beýleki döwletlerden ilçiler gelipdirler. Uzyn Hasanyň iň şowly ýörişleriniň biri hem onuň 1477-nji ýylda Gruziýa eden ýörişidir. Ol bu ýörişden ummasyz köp oljalar bilen dolanyp gelipdir.

Uzyn Hasan içeri syýasatda merkezi häkimiýeti güýçlendirmek, dolandyryşy berkitmek barada çäreleri

geçiripdir. Onuň döwletiň ykdysadyýetini ösdürmekde amal eden çäreleriniň biri hem salgyt özgertmesini geçirmegi we «Kanunnamaýň» çap edilmegidir. Akgoýunly döwletiniň syýasy gurluşy we edara edilişi barada gürrüň edilende, ol özüniň içki gurluşy boýunça Garagoýunly döwletinden tapawutlanypdyr. Akgoýunly döwletiniň hökümdarlary türkmen han-beglerine daýanypdyr.

Akgoýunly döwletinde patyşadan soň döwletde ikinji adam, hökümdar tarapyndan bellenilýän goşunbaşy emir-al-umara (emirleriň emiri) hasaplanypdyr. Bu wezipäni köplenç patyşanyň garyndaşlarynyň biri eýeläpdir. Akgoýunly döwletinde baş weziriň hem häkimiýeti abraýly bolup, ol döwletiň dolandyryş işlerini we daşary syýasaty alyp barypdyr. Döwletiň ykdysady, maliýe işlerine diwanyň başlygy ýolbaşçylyk edipdir. Döwlet birnäçe welaýatlara bölünip, onuň başynda emirler durupdyr.

Akgoýunly döwletinde patyşanyň özüniň hemişelik goşuny, emirleriň baştutanlygyndaky nöker goşunlary we begzadalar tarapyndan düzülýän ýygynlar bolupdyr. Goşun ok, ýaý, gylyç, naýza we galkan bilen ýaraglanyp, onda az sanly toplar hem bolupdyr. Akgoýunly döwletiniň kuwwatly döwründe goşunyň sany 100 müňe ýetipdir.

XV asyrda Akgoýunly döwletiniň ykdysadyýeti gülläp ösüpdir. Bu döwürde onuň paýtagty Töwrüz şäheri sebitiň ösen söwda we hünärmentçilik merkezleriniň birine öwrülipdir. Bu barada 1403-nji ýylda Töwrüzde bolup gören ispaniýaly Klawiho şäherde owadan köşkleriň we metjitleriň, üsti ýapyk bazarlaryň bardygyny we olarda gymmat bahaly harytlaryň satylýandygy barada ýazypdyr. Akgoýunlylaryň Töwrizden başga-da Şemaha, Derbent ýaly ösen şaherleri bolupdyr.

Uzyn Hasan ölenden soň Akgoýunly döwletinde tagt ugrundaky dawa başlaýar.Ol göreşde Ýakup patyşa öňe saýlanypdyr.Ýakup patyşanyň döwründe (1478-1490) Akgoýunly döwleti öňki şöhratyny saklap bilipdir. Onuň

döwründe 1480-nji ýylda Bijan ogly Süleýman begiň baştutanlygyndaky akgoýunly goşuny osmanlylaryň goşunyny ýeňýär we Baýazit II ýaraşyk soramaga mejbur bolýar. Ýöne, eýýäm Ýakubyň döwründe döwlet gowşap başlaýar, üznüksiz agyr salgytlar, yzygiderli uruşlar ýurduň pese düşmegine getiripdir.

Ýakup patyşa ölenden soň XV asyryň 90-njy ýyllarynda Akgoýunly döwletiniň tagtyna sekiz sany bäsdeş geçmäge synanşypdyrlar. Özara uruşlar Rüstem patyşanyň (1492-1497) tagta çykmagy bilen tamamlanýar. Rüstem patyşadan soň tagta geçen Ahmet patyşa (1497) özüniň hökümdarlyk eden az wagtynyň içinde süýürgal ýerleriniň möçberini azaldyp, olaryň eýeleriniň ýerlerdäki häkimiýetini çäklendirmek isläpdir. Ýöne, han-begler Ahmet patyşanyň hereketiniň öňüni alypdyrlar we ony öldüripdirler. Mundan soň ýene-de tagt ugrunda özara göreşler başlapdyr. Iki ýyla çeken özara göreşlerden soň 1499-nji ýylda Akgoýunlylar döwleti ikä bölünipdir. Azerbaýjanyň we Ermenistanyň birnäçe welaýatlaryny öz içine alan böleginde Elwent Mürze, düzümine Yrak we Pars giren beýleki böleginde bolsa Myrat hökümdarlyk edipdir.

Bu iki döwlet hem uzak ýaşamandyrlar. 1501-nji ýylda Sefewi türkmenleriniň hökümdary şa Ysmaýyl Elwendiň döwletini, 1503-nji ýylda bolsa Hemedanda bolan söweşden soň Myrat Akgoýunlynyň döwletini basyp alýar. Özara uruşlaryň netijesinde tapdan düşen Akgoýunly döwleti ýaşamagyny bes edýär. Onuň ýerinde Sefewi türkmenleriniň döwleti kemala gelýär.

Umuman alanyňda, Günbatar Aziýadaky türkmen döwletleri sebitiň taryhynda öçmejek yz galdyrypdyrlar. Bu döwletler XI asyryň ahyrlaryndan tä XIII asyryň başlaryna çenli haç göterijileriň talaňçylykly ýörişlerini üstünlikli yza serpikdiripdirler we olary ençeme ýola agyr ýeňlişlere sezewar edipdirler. Garagoýunly türkmen döwleti bolsa Teýmirleňiň

Merkezi Aziýadan edýän hüjümlerine degerli gaýtawul beripdir.

Günbatar Aziýanyň türkmen döwletlerinde ylym, medeniýet we sungat ösüpdir. Bu döwürde «Nejepoglan» ýaly ajaýyp dessanlar, «Türkmenleriň taryhy» («Tarih-i-Turkmaniýa») atly taryhy eser döredilipdir. Akgoýunly türkmenleriniň döwründe «Türkmen suratkeşlik mekdebi» adyny alan täsin sungat döredilipdir. Günbatar Aziýanyň Halap, Damask, Diýarbekir, Mardin, Mosul, Töwriz, Erzurum we beýleki şäherlerinde ajaýyp binalar gurlup, olaryň köp sanlysy türkmenleriň sahawatly hökümdarlygyndan nyşan hökmünde biziň günlerimize gelip ýetipdir.

## § 4. Eýran XIII-XIV asyrlarda

**Eýran mongol basybalyşlary döwründe.** 1221-nji ýyla çenli mongol basybalyjylary bütin Merkezi Aziýany eýeläp, Owganystana we Eýrana çozup girýärler. Mongollaryň talaňçylykly ýörişleri döwründe Eýranyň halklary basybalyjylara garşy ýiti garşylyk görkezipdirler. Emma mongollara garşy durýan güýçleriň dagynyklygy sebäply basybalyjylar Eýranyň esasy merkezlerini yzly-yzyna eýeleýärdiler. Mongollara garşy göreşe iň soňky köneürgençli hökümdar Jelaleddin (1221-1231) baştutanlyk edipdir. 1221-nji ýylda Kabulyň golaýyndaky Parwan düzlüginde Jelaleddin mongol goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär. Emma bu ýeňiş ýeterlik derejede berkidilmändir.

Çingiz han Mongoliýa gidenden soň Jelalaeddin Hindistandan Eýrana dolanyp gelýär. Onuň häkimiýeti Parsda, Kermanda we Günbatar Eýranda ykrar edilipdir. 1228-nji ýylda Jelalaeddin Yspyhanyň eteginde mongol goşunlaryny derbi-dagyn edýär, ýöne, söweşde onuň özi hem uly ýitgiler çekýär we duşmany yzarlap bilmeýär. 1229-njy ýylda Jelaleddiniň garşysyna Jormugan noýonyň baştutanlygynda täze goşunlar iberilýär. Jormugan noýon bilen alnyp barlan söweşler

Jelaleddine üstünlik getirmändir. 1231-nji ýylda mongol goşunlaryndan ýeňlen türkmen serkerdesi galan goşunlary bilen Günorta Kürdüstana gidýär we Diýarbekiriň töwereklerinde gapyllykda öldürilýär.

Jelaleddin ölenden soň mongollar Azerbaýjany, Arrany, Şirwany, Gruziýany we Ermenistany eýeleýärler. Şol bir wagtyň özünde Eýrany basyp almak hem dowam etdirilipdir. 1237-nji ýylda Yspyhan basylyp alnypdyr. XIII asyryň 50-nji ýyllaryna çenli basybalyjylar Horasanda, Seýistanda, Mazendaranda we Günbatar Eýranda häkimiýeti doly öz ellerine alýarlar. Emma Eýranyň günortasy we günorta-günbatary ýurduň beýleki ýerleri ýaly güýçli tozdurylmandyr.

Bu döwürde Kermanda köneürgençli hökümdar Muhammet II gullukçylarynyň biri bolan Burak Hajyp oturypdyr. Mongol basybalyşlary döwründe ol bütin Kerman sebitlerini eýeläpdir we mongollara tabynlyk bildiripdir. Munuň üçin mongollar oňa «Gutlug han» derejesini beripdirler.

Parsda salyr türkmen atabegligi ýerleşip, atabeg Abubekir (1230-1260) hem mongollara tabynlyk bildiripdir, şonuň üçin hem bu ýerler känbir talaňçylyklara sezewar edilmändir. Lurystanda bu döwürde iki sany atabeglik bolupdyr, ondan günbatarda bolsa Bagdat halyfynyň mülkleri ýerleşipdir. Mongol basybalyşlary Alamutdaky ysmaýylitleriň döwletinden (1090-1256) sowa geçipdir. Sebäbi Orta Gündogaryň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, uzakdaky Mongoliýanyň hökümdarlary hem ysmaýylit terrorçylaryndan öler ýaly gorkýardylar.

Bu döwürlerde mongol basybalyjylary ýerli ilatdan yzygider salgyt ýygnamak maksady bilen aýry-aýry sebitleriň hojalygyna gözegçiligi güýçlendirip başlaýarlar. Bu işlerde aýratyn hem Horasanyň mongol dikmeleri tapawutlanypdyrlar. Horasanyň dikmesi Gorkuz (Kurkuz) Tusy dikeldipdir we ony özüniň dolandyryş merkezine öwürýär. Ol Hyrady hem dikeldýär. Emma mongol dikmeleri halkdan ýygnap alýan

salgytlaryny hiç kim bilen paýlaşmak islemändirler. Şonuň üçin hem käbir mongol dikmeleri halka salynýan salgydyň mukdaryny we onuň döwlete berilmeli bölegini kesgitlemäge çalşypdyrlar. 1244-nji ýylda Gorkuzyň ornuna gelen Argun aga Horasandan ýygnalýan salgydyň mukdaryny kesgitläpdir we mongol begzadalarynyň eden-etdiliginiň öňüni almaga, olary hazyna salgyt tölemäge mejbur etmäge çalşypdyr.

Mongol basybalyşlary döwründe Eýran başda Juçynyň ulusynyň (Altyn Orda) düzümine girizilmeli edilýär we ol XIII asyryň 50-nji ýyllaryna çenli Beýik hanlaryň dikmeleri tarapyndan dolandyrylypdyr.




**Eýranda mongollaryň Hulagular döwletiniň döremegi.** 1251-nji ýylda Karakorumda bolan gurultaýda mongol tagtyna Müňke han (1251-1259) çykýar. Gurultaýda Ýakyn we Uzak Gündogardaky basylyp alynmadyk ýerleri eýelemeklik karar edilýär. Şu maksat bilen Müňkäniň inileri Hubilaý Hytaýy, Hulagu bolsa Eýrany basyp almaga ugradylýar. 1253-nji ýylda Hulagu han Karakorumdan günbatara tarap ugraýar, ýöne ol örän haýal hereket edipdir we diňe 1256-njy ýylda Amyderýadan geçýär. Şol ýyl mongol goşunlary ysmaýylitleriň birnäçe galalaryny gabaýarlar we

boýun egmek barada uzaga çeken gepleşiklerden soň olaryň Meýmundiz galasy zabt edilip alynýar. Ysmaýylitleriň hökümdary Hurşah Karakoruma, Müňke hanyň huzuryna ugradylýar we ýolda öldürilýär. 1256-njy ýylyň ahyrlarynda ysmaýylitleriň merkezi Alamut galasy we ýene-de 40-a golaý galalar zabt edilip alynýar.

1257-nji ýylda mongol goşunlary Bagdada tarap süýşüp ugraýar. Bu döwürde Abbasy halyflygyny 1242-nji ýylda häkimýet başyna gelen iň soňky – 37-nji halyf al-Mustasim (1242-1258) dolandyrypdyr. Al-Mustasim ynsanperwer, hudaýhon, ýöne ýumşak hem-de gowşak hasýetli hökümdar bolupdyr. Aýbeg al-Halaby, Müjehit ed-Din Aýbeg, Aýbeg Dawidar Kiçi, Seýfeddin Gylyç, Gara Suňkar, ibn Gurt ýaly edenli türkmen serkerdeleriniň bolandygyna garamazdan halyf ikirjiňlenipdir, haýal-ýagallyga ýol beripdir, Hulagu hanyň baştutanlygynda Bagdadyň etegine süýşüp gelen mongol basybalyjylary bilen ylalaşmagyň ýollaryny gözläpdir. Gurrandazy Husameddin hökümdaryna, eger-de «türkmenlerden we kürtlerden 100 müňlük goşun ýygnasa, gäwürleri ýeňjekdigini aýdypdyr». Emma al-Mustasim mongollara garşylyk görkezmäge ýürek etmändir. 1258-nji ýylyň 10-njy fewralynda Hulagu han Bagdada girýär. Basybalyjylaryň ýalan wadasyna ynanyp Hulagu hanyň öňünden çykan halyfy ata depeledip öldüripdirler. Şundan soň mongol goşunlary Siriýa tarap ugraýar we Halaby, Damasky eýeleýärler. Emma mongollaryň Müsüri basyp almak maksady mamlýuklaryň 1260-njy ýylda Aýn Jallutdaky ýeňşiniň netijesinde başa barmaýar. 1260-njy ýylda Kairde dabaraly ýagdaýda Abbasy halyflygy dikeldilýär. Bagdatdan gaçyp gelen abbasylar neslinden bolan gaçgak halyf diýlip yglan edilýär.

Abbasy halyfynyň öldürilmegi bütin musulman dünýäsinde gaýgy-hesret, gahar-gazap döredipdir. Halyfyň öldürilmegine Altyn Ordanyň täzelikde musulmançylygy kabul

eden mongol hökümdary Berke han (1256-1265) hem gahar-gazap bildiripdir. 1262-nji ýylda Berke hanyň özi otuz müňlük goşuna baş bolup Dagystanyň üsti bilen hulagularyň mülklerine çozup giripdir. Derbendiň eteginde bolan söweşde Berke han hulagularyň goşunlaryny derbi-dagyn edipdir. Emma üstünligi berkitmän altynordalylar yzlaryna dolanýarlar.

Hulagu han ähli goşunlary bilen bilen Eýranda hemişelik galýar. Ol bu ýerde öz nesilleri üçin täze döwletiň düýbüni tutýar. 1261-nji ýylda Hubilaý han oňa basyp alan ýerlerine hökümdarlyk hukugyny tassyklaýan döwlet nyşanlaryny ugradypdyr we ilhan unwanyny beripdir.

Hulagularyň döwleti giň ýerleri öz içine alypdyr. Gruziýa bilen Şirwanşahlar, şeýle hem Gara deňziň kenaryndaky grekleriň Trapezunt imperiýasy, Rumdaky seljuk döwleti, Ermeni-Kilikiýa patyşalygy, merkezi Hyratda ýerleşýän Gurtlaryň döwleti hulagularyň ýapjalaryna öwrülipdirler. Hulagular Altyn Orda, Çagataýlaryň döwleti we Müsürdäki mamlýuklaryň döwleti bilen duşmançylykly gatnaşyklarda bolupdyr. Aýratyn hem hulagularyň mamlýuklar bilen gatnaşyklary ýiti häsiýetdedi. Mamluklaryň täsirini gowşatmak üçin hulagular ýewropaly hökümdarlar (Angliýa, Fransiýa we Rim papalygy) bilen gatnaşyk açyp, olar bilen ilçileri alşypdyrlar.

**Hulagular döwletiniň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Hulagularyň döwleti hem durmuş-ykdysady we syýasy taýdan edil Mongol imperiýasynyň guralyşy we dolandyrylyşy ýaly ýörelgelere, düzgünlere esaslanypdyr. Döwletde ýokary häkimiýet ilhana degişli bolup, şazadalar, noýonlar, emirler ilhanyň doly tabynlygynda bolupdyrlar. Ýokary gatlaga degişli bolandyklary üçin ilhan tarapyndan welaýatlar, etraplar we şäherler olara mülk edilip berlip, gelýän girdejiler dolylygyna olaryň ygtyýaryna geçipdir. Olaryň eýeleri öz mülklerinde ýaşamandyrlar we dolandyryş bilen meşgul bolmandyrlar. Dolandyryş mülklerde döwlet

emeldarlary tarapyndan amala aşyrylypdyr. Döwlet mongollaryňky bolsa-da, onda türki taýpalaryň täsiri hem güýçlidi. Mongol we türki taýpa serdarlary mongol goşunynyň serkerdeleri hasap edilipdir we han çagyran badyna nöker goşunlary bilen hökümdaryň huzuryna gelipdirler.

Ilhan we mongol begzadalary çarwa däpleri boýunça ýaşapdyrlar we şunda toparlaýyn we elguşly aw etmeklik, dabaraly meýlisleri guramaklyk harby ýörişler bilen utgaşdyrylypdyr. Ilhan anyk bir ýerde ýaşamandyr: ýylyň bir döwrüni Bagdatda we Töwrüzde, galan döwürlerini – tomus daglarda, gyşda bolsa Mugan çölünde geçiripdir. Hulagunyň ýörişleri döwründe oňa tabynlyk bildirip, boýun synan Gruziýanyň, Rumuň, Lurystanyň, Parsyň, Ýezdiň, Hyradyň, Owganystanyň we başga ýurtlaryň ýerli nesilşalyklary onuň ýapjalary bolup galypdyrlar, ýöne dolandyryş ilhanyň ýörite bellän adamlary bolan *basgaklaryň* (parsça *şihne*) gözegçiliginde amala aşyrylypdyr.

Çylşyrymly durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy bolan Eýrany dolandyrmak üçin mongollara sowatly adamlar köp gerek bolupdyr, şonuň üçin hem olar parslary döwlet işlerine köpçülikleýin çekipdirler. Musulman ulamalary bolan seýitler we derwüşçilik guramalarynyň şyhlary mongollaryň döwründe öz öňki ýagdaýlaryny saklap galmagy başarypdyrlar. Otparaz mongollar musulman ulamalarynyň halk içindäki abraýyna tiz göz ýetiripdirler, şonuň üçin hem olaryň wakf ýerlerini özlerinde galdyrypdyrlar. Dini guramalar, döwlet emeldarlary içerki we daşarky söwda bilen berk baglanyşykly bolupdyrlar. Iri täjirçilik şereketleriniň agzalary bolan ortaklar, köplenç hanlaryň, han aýallarynyň, şazadalaryň we iri mülkdarlaryň wekilleri hökmünde hereket edipdirler.

Hulagularyň döwründe Eýranyň ilaty gelip çykyşy, dili, dini we durmuş ýörelgeleri boýunça dört topara bölünipdir. Birinji topara mongol, türki, türkmen we kürt çarwa begzadalary, ikinjä – esasan parslardan düzülen döwlet

emeldarlary, üçünjä - musulman ulamalary we dördünjä bolsa merkezi döwlet edarasy bilen baglanyşygy bolmadyk ýerli begzadalar degişli bolupdyrlar. Syýasy häkimiýet dolulygyna mongol hem-de türki çarwa begleriniň elinde jemlenipdir.

Ilhanlaryň döwletinde iň ýokary wezipeli adam diwan weziri (*Sahyp-diwan*) bolup, ol hazyna, salgyt ýygnalyşyna, döwlet girdejilerine we çykdajylaryna, iş dolandyryş edarasyna we dolandyryşyň aşaky basgançaklarynyň işine jogap beripdir. Weziriň ygtyýarlyklaryna adatça ılhana ýa-da onuň ýakynlaryna degışlı bolan senetçilik ussahanalaryň **(«*kärhana*»)** işi hem degişli bolupdyr.

Sahyp-diwandan başga-da, ilhanyň we onuň hossarlarynyň gozganýan we gozganmaýan emläkleriniň işini ýöredýän – *diwany-inji* hem bolupdyr. Bu emläklerden gelýän girdejiler hanyň we onuň hossarlarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga, şeýle hem goşuny saklamak üçin harçlanypdyr.

**Döwletiň salgyt ulgamy.** Hulagularyň döwletinde ekerançylyk ýerleri dört topara bölünipdir: 1) döwlet ýerleri – *diwany*; 2) ilhana we onuň hossarlaryna degişli ýerler - *inji*; 3) mongol hem-de ýerli begzadalaryň hususy eýeçiligindäki mülkler; 4) wakf ýerleri.

Esasy salgyt *mal* ýa-da ekerançylyk ýerlerine salynýan *hyraç* bolupdyr. Mongollar täze *kupçur* salgydyny hem girizipdirler. Kupçur başda maldarlardan alnyp, onuň mukdary mallaryň 1%-e barabar bolupdyr, ýöne soňra bu salgydy jyza (jan başyna salgyt) hökmünde pul görnüşinde daýhanlar bilen şäherlilere-de salypdyrlar. Bulardan başga-da, *ihrajat* (arapça – çykdajylar üçin diýen manyda) diýlip atlandyrylan pul we önüm görnüşinde alynýan salgyt hem bolupdyr. Şeýle hem daýhanlar goşun üçin azyk (*ulufe*) we atlar üçin iým (*alafe*) tabşyrmaga borçly edilipdir.

Daýhanlara «*ulag*» borjuny ýerine ýetirmek kyn düşüpdir, sebäbi olar hanyň çaparlary üçin atlary, eşekleri bermeli

bolupdyrlar. *Bigar* (gazy-haşar işleri) hem ýerine ýetirmesi agyr borçlaryň biri hasap edilipdir. *Nuzul* (myhmançylyk ýaly bir zat) borjuny berjaý etmeklik ýerli ilat üçin hakyky betbagtçylyga öwrülipdir. Nuzul dessury boýunça, islendik mongol begzadasy ýurda aýlanyp ýören mahaly bir şähere ýa-da oba baranda, onuň özüni, ýanyndaky adamlaryny, şeýle hem nökerlerini myhman almaly bolupdyr. Begzadanyň nökerleri düşlän öýlerindäki islän zatlaryny gypynç etmän alypdyrlar, zenanlary zorlap, öý eýelerini horlapdyrlar.

Mongollaryň döwründe daýhanlar ekerançylyk ýerlerine berkidilip, erksiz-ygtyýarsyz we hukuksyz adamlara öwrülipdirler. Beýle düzgünler musulmançylyk döwründe bolmandy, sebäbi şerigat musulmanlaryň hukuklarynyň çäklendirilmegini gadagan edýärdi.

Basybalyşlar döwründe ýandyrylan şäherler haýallyk bilen dikeldilipdir. Şäherlerde önümçilik örän pes ýagdaýda galmagyny dowam etdiripdir. Iň beteri-de, mongollar senetçilere we täjirlere *tagma* salgydyny salýardylar, bu bolsa söwdanyň we haryt önümçiliginiň ösüşine uly zyýan ýetiripdir.

Hulagu hanyň goşuny mongol we türki taýpa serdarlarynyň nöker goşunlaryndan ybarat bolup, goşunlar her taýpanyň, tiräniň we uruglaryň wekillerinden düzülen onluklara, ýüzlüklere, müňlüklere we tümenlere bölünipdir. Taýpa serdarlary şol bir wagtyň özünde tümenleriň serkerdeleri bolmak bilen, olar gulluklary üçin handan ikta ýerlerini alypdyrlar. Serkerdeler we esgerler çarwa däpleri esasynda ýaşapdyrlar. Tomsuna olar «*ýurt*» diýlip atlandyrylan özleri üçin ýörite bellenilen ýerlerde, esasan hem Horasanda we Azerbaýjanda ýaşapdyrlar, gyşyna bolsa ilhanyň ýa-da onuň ogullarynyň ýaşaýan ýerlerine gelipdirler. Ýönekeý esgerlere başda ikta berilmändir, olara güzeran dolandyrmak üçin «*jamegi*» (geýimlik), «ulufe» (azyklyk) we «alafe» (ot-iýimlik) haklary tölenipdir.

Hulagu han ölenden soň gurultaýda ilhanlyga onuň ogly Abaka han (1265-1282) göterilipdir. Abaka hem umuman alanyňda kakasy Hulagunyň syýasatyny dowam etdiripdir. Abaka han ölenden soň han tagtyna onuň iki ogly Tokudar bilen Argun dalaş edipdir. Emma Tokudar (1282-1284) üstün çykyp gysga wagt ilhanlyk edýär. Tokudar ilhanlaryň arasynda ilkinji bolup yslamy kabul edýär we özüne musulmanlaryň Ahmet adyny alýar. Ol mongollary yslamlaşdyrmaga we musulman döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary saklamaga çalşypdyr. Ol özüniň ilkinji permanynda Bagdadyň ýaşaýjylaryna ýüzlenip, özüniň yslamy kabul edendigini we musulmanlara howandarlyk etkdigini nygtapdyr. Emma Tokudar-Ahmediň yslamy kabul etmegi mongol begzadalarynyň köpüsine ýaramandyr we olar Arguny goldap başlapdyrlar. Garşydaşlaryndan ýeňlen Tokudar ýesir alnypdyr we onuň oňurgasyny ýazdyryp[1] öldüripdirler.

Argun hanyň (1284-1291) dolandyran ýyllarynda mongol begzadalarynyň topalaňlary köpelipdir. Olar täze ilhanyň ýurdy merkezleşdirmäge gönükdirilen syýasatyny oňlamandyrlar. Aýratyn hem 1289-njy ýylda emir Nowruzyň topalaňy ilhanyň häkimiýetine uly howp salypdyr. Emir Nowruz mongollaryň oýrat taýpasyndan bolup, ol XIII asyryň 30-50-nji ýyllarynda Horasanda dikmelik eden Argun-aganyň ogly bolupdyr. Emir Nowruz yslamy kabul eden mongol begzadalarynyň biri hökmünde Argunyň musulmançylyga garşy ýöredýän syýasatyny goldamandyr.

Ilhanlaryň Günbatar ýurtlary bilen gatnaşyklary Argunyň döwründe-de dowam etdirilipdir. 1287-1288-nji ýyllarda Rime, Genuýa, Fransiýa we Angliýa hristiançylygyň nestoriançylyk şahasynyň wekili Saumanyň baştutanlygynda ilçiler topary ugradylypdyr. Ýewropaly hökümdarlar we Papa hem öz gezeginde Argun hanyňka ilçileri ugradyp, mongol

---

[1]Öňden gelýän däbe görä, Çingiz hanyň nesilleriniň ganyny döküp öldürmek bolmandyr.

hökümdaryna müsürli mamlýuklara garşy birleşmegi teklip edýärdiler. 1289-njy ýylda genuýaly ilçi Býuskarel de Gisulf papa Nikolaý IV-ä, iňlis koroly Eduard I-ä, fransuz koroly Filip IV Görmegeýe Argun hanyň hatyny gowşurypdyr. Emma haç göterijiler hem, Argun han hem gijä galypdyrlar; müsürli hökümdar Aşraf haç göterijileriň Siriýadaky we Palestinadaky ähli ýerlerini diýen ýaly eýeläpdir.

Ilhanlaryň hem-de Günbatar Ýewropanyň hökümdarlarynyň arasyndaky gatnaşyklar käbir netijeleri beripdir, XIV asyryň başlarynda soňra Ilhanlaryň döwletiniň paýtagtyna öwrülen Soltaniýada we Eýranyň käbir şäherlerinde katolik arhiýepiskoplygy esaslandyrylypdyr.

1291-nji ýylda Argun han ysmaz keseline uçraýar we aradan çykýar. Şindi ilhan hassa wagty ýurduň dürli ýerlerinde topalaňlar bolup geçýär we ep-esli wagta çeken göreşden soň tagta Abaka hanyň ogly Keýhatu çykýar. Keýhatu han (1291-1295) öňi bilen ýurduň içinde parahatçylygy ornaşdyrmaga çalşypdyr. Emma onuň garşysyna doganoglany, Kiçi Aziýanyň dikmesi Baýdu topalaň turuzýar. Ony köp sanly mongol begzadalary goldapdyrlar. Tarapdarlaryny ýitiren Keýhatu gaçypdyr, ýöne garşydaşlary ony tutup, bonuna syrtmak salyp bogup öldüripdirler. Tagta çykan Baýdu han bary ýogy alty aý hökümdarlyk edýär. Ol Argun hanyň ogly, Horasanyň dikmesi Gazan bilen söweşleriň birinde öldürilýär.

**Gazan hanyň özgertmeleri.** Argunyň ogly Gazan han (1295-1304) öz tarapdarlarynyň sanyny artdyrmak, ýerli begzadalar bilen ýakynlaşmak, şunuň esasynda bolsa, Eýranda merkezleşdirilen güýçli döwleti döretmek maksady bilen yslam dinini kabul edýär. Bu işde ol öňden musulmançylygy kabul eden mongol tire-taýpa serdarlaryna daýanypdyr. Şindi 1289-njy ýylda Argun hanyň garşysyna topalaň turzan mongollaryň oýrat taýpasyndan bolan emir Nowruz Gazan hany goldapdyr. Ol, eger-de, Gazan han yslamy kabul etse, ony goldajakdygyny aýdypdyr. Şonuň üçin hem öň buddaçylyga

uýan Gazan han yslamy kabul edýär we özüne musulmanlaryň Mahmyt adyny alýar. Şeýlelikde, Eýranda Yslam ýene-de döwlet dinine öwrülýär. 1295-nji ýylyň oktýabrynda bolan gurultaýda Mahmyt Gazan han dabaraly ýagdaýda ilhan diýlyp yglan edilýär. Gazan han indiden beýläk musulman hökümdary hökmünde Hytaýda oturan otparaz mongol hanyna tabyn bolmagy bütinleý bes edýär.

Gazan han häkimiýete gelende ýigrimi dört ýaşynda eken. Ol diýseň başarjaň we sowatly hökümdar bolupdyr. Özüniň hökümdarlygynyň başky ýyllarynda hulagular neslinden bolan şazadalaryň häkimiýeti eýelemäge eden çykyşlarynyň birnäçesini basyp ýatyrypdyr. Täze hökümdar üçin iň kyn mesele merkezi häkimiýetden özbaşdaklyga dyzaýan ýerlerdäki topalaňçy mongol dikmeleriniň tabynlygyny dikeltmek bolupdyr. Şeýle güýçler köplenç hulagularyň garşydaşlary bolan goňşy döwletleriň goldawyna daýanýardylar. 1295-nji ýylda Duwa hanyň serkerdeliginde mawarennahrly çagataýlaryň goşunlary Hulagular döwletiniň Horazan we Mazendaran welaýatlaryna çozup girýär. Çagataýlaryň goşunlary hulagular tarapyndan kowlup çykarylypdyr, emma bu iki welaýat bu çozuşdan uly zyýan çekipdir. Gazan hana has hem emir Nowruzyň topalaňyny basyp ýatyrmak kyn düşüpdir. Başda ol Gazan han özüne ýokary wezipe berer öýdüpdir, ýöne soňra tamasy çykmandan soň, 1298-nji ýylda hökümdara garşy gozgalaň tutuzýar. Emir Nowruz Horasanyň garaşsyz hökümdary bolmaklygy maksat edinýärdi. Emma Nowruzyň goşunlary Gazan han tarapyndan derbi-dagyn edilýär we ol Hyrada gaçýar. Hyradyň emiri mälik Fahreddin Gurt Nowruzy myhmansöýerlik bilen garşylaýar, ýöne soň ony Gazan hanyň eline berýär. Nowruz jezalandyrylyp öldürilýär.

Gazan han özüniň esasy garşydaşy bolan Müsürdäki mamlýuk soltanyna garşy ýörişleri hem geçiripdir. 1299-njy we 1303-nji ýyllarda Gazan han Siriýa ýöriş geçirip, az wagtlyk Damasky we Halaby eýeläpdir, ýöne soňra ýeňlip yza çekilmeli

bolýar. Fransiýa, Aragoniýa we beýleki Günbatar döwletleri mamlýuklara garşy göreşde Gazan hany goldamaga söz beripdirler, ýöne olar wadalarynda tapylmandyrlar.

Gazan han Hulagularyň döwletinde birnäçe wajyp özgertmeleri hem durmuşa geçiripdir. Özgertmeleriň durmuşa geçirilmeginde hökümdaryň belli döwlet işgäri, meşhur «*Jami at-Tawarih*» («Ýyl ýazgylarynyň ýygyndysy») eseriniň awtory Reşideddin Fazlallah Hemedanynyň (1240/47-1318) hyzmaty uly bolupdyr. Reşideddin baş wezir bolmasa-da, iş ýüzünde 20 ýyllap (1298-1318) ähli döwlet işlerini özi alyp barypdyr. Gazan hanyň özgermeleri boýunça ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy durmuşynda birnäçe özgertmeler geçirilipdir. Täze girizilen kadalara görä, hyrajyň we kupçuryň möçberi berk kesgitlenilipdir. Ilatdan kanunda görkezilen möçberden artyk salgyt alnandygy üçin berk çäreler görlüpdir. Halk üçin ýerine ýetirmesi örän agyr bolan nuzul bolsa doly ýatyrylypdyr.

Mongol esgerleriniň isleglerini kanagatlandyrmak üçin Gazan hana olara ikta ýerlerini paýlap beripdir. Gazan han mamlýuklar bilen uruşlarda ýeňilmeginiň esasy sebäbini, mongol esgerleriniň üpjünçiliginiň pes bolmagynda görüpdir. 1303-nji ýylda kabul edilen permana görä, welaýatlar mongol müňbaşylaryna ikta edilip berlipdir. Ikta eýe bolan müňbaşy bije atyp, iktany ýüzbaşylaryň, olar hem öz gezeginde onbaşylaryň, onbaşylar hem ýönekeý nökerleriň arasynda paýlapdyrlar. Nökeriň paýyna düşýän ikta, adatça bir obadan ýa-da obanyň bir böleginden ybarat bolupdyr.

Permana laýyklykda ikta ýerlerini satyp ýa-da satyn alyp bolmandyr; ýaramaz gulluk üçin iktadaryň ýeri elinden alnypdyr; ikta atasyndan ogluna ýa-da golaý hossaryna geçipdir we ol nesilden-nesle geçýän eýeçilige öwrülipdir. Ikta ýerlerinde ýaşaýan daýhanlara salynýan salgytlar döwlet hazynasyna däl-de, dolulygyna iktadaryň peýdasyna geçipdir.

Gazan hanyň permany eýranly daýhanlary ýere berkidipdir. Hiç kimiň özüne berkidilen ýerini taşlap gitmäge

hukugy bolmandyr. Gaçgak daýhanlary otuz ýylyň dowamynda gözläp tapmak we olary mejbury ýagdaýda yzlaryna getirmeklik buýrulypdyr. Gazan hanyň döwründe boş ýatan ýerleri özleşdirmeklik giň gerime eýe bolupdyr. Bu döwürde wakf ýerleriniň möçberi, ulamalara berilýän pul serişdeleriniň mukdary hem ep-esli artypdyr.

Gazan hanyň özgertmeleri şäher durmuşyny hem janlandyrypdyr. Senetçileriň we söwdagärleriň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek maksady bilen käbir şäherlerde tagma ýygymy ýatyrylypdyr, galanlarynda bolsa ýarpa çenli azaldylypdyr. Gazan han tarapyndan pul özgertmesi hem geçirilipdir. Ýurduň dürli ýerlerinde zikgelenilýän dürli ölçeglerdäki teňňeleriň deregine agramy 2,15 grama barabar bolan ýeke-täk kümüş dirhemler dolanyşyga goýberilipdir. Alty dirhem bir kümüş dinara, 10 müň dinar bolsa bir tümene barabar bolupdyr. Bu düzgüniň juda amatly bolandygy üçin ol tiz wagtdan Çagataýlaryň döwletinde-de kabul edilýär.

Gazan han paýtagt şäher Töwrüzi ösdürmäge uly üns beripdir, şäheriň etegindäki Şam diýen ýerde özüne ajaýyp aramgäh gurdurypdyr. Bu aramgäh Soltan Sanjaryň Merwdäki aramgähinden hem beýik bolupdyr. Aramgähiň gapdalynda hökümdar medrese, hassahana, obserwatoriýa, kitaphana, arhiw, hammam, serhowuz gurdurypdyr. Bu döwürde Töwrüziň ilaty ep-esli artypdyr. Gazan handan öň Töwrüziň daşyny gurşap alan galanyň umumy uzynlygy 6 müň ädime barabar bolan bolsa, Gazan han uzynlygy 25 müň ädime barabar bolan täze gala diwaryny gurdurýar. Şäheriň baýlygy we onyň gür ilaty görenleri haýran galdyrypdyr.

Gazan hanyň özgertmeleri döwletiň hazynasyna gelýän girdejileri düýpli artdyrypdyr. Eger-de, öňki ilhanlaryň döwründe hazyna gelýän girdejiniň mukdary 1700 tümen bolan bolsa, Gazan hanyň döwründe ol 2100 tümene çenli artypdyr. Munuň özi Gazan hanyň döwründe döwlet girdejileriniň 25% artandygyna şaýatlyk edýär.

**Hulagular döwleti Oljaýtu hanyň dolandyran ýyllarynda.** 1304-nji ýylda inisi Oljaýtu hany mirasdüşer diýip yglan edip Gazan han aradan çykýar. Muhammet Hudaýbende adyny göteren Oljaýtu hanyň (1304-1316) dolandyran ýyllarynda mongollar Siriýany eýelemek maksadyndan el çekmändirler. Munuň üçin ýewropaly hökümdarlar we Papa bilen diplomatik gatnaşyklar dowam etdirilipdir. Emma ýewropaly dolandyryjylar wada baryny berseler-de, iş ýüzünde hiç hili hereket edilmändir we mongollaryň Siriýany mamlýuklaryň elinden almak baradaky arzuwlary amala aşman galypdyr. Oljaýtu hanyň dolandyran ýyllarynda Çagataýlaryň döwleti we Altyn Orda bilen gatnaşyklar duşmançylykly häsiýetde bolan hem bolsa, döwletleriň arasyndaky serhetler ütgewsizliginde galypdyr.

Içeri syýasatda Oljaýtu Gazan hanyň özgertmelerini dowam etdiripdir we durmuşa geçirilen öňki özgertmeler öz güýjünde galypdyr. Onuň döwründe iki sany mongol serkerdesi Çopan bilen Gutlugşah harby işlere gözegçilik edipdirler, döwlet dolandyryşy bolsa Reşideddin alyp barypdyr. 1305-nji ýylda Oljaýtu han gurluşygy şindi Argun han tarapyndan başlanylan Soltaniýa şäherini gurmak işine täzeden başlaýar. Kerwen ýollarynyň çatrygynda we mongollaryň ýaýlagynyň golaýnda ýerleşen bu şäher ösüpdir we tiz wagtdan ilhanyň tomusky paýtagtyna (ýaýlagdaky paýtagt) öwrülýär. Ýurduň gyşky paýtagty (gyşlag paýtagty) bolsa öňkileri ýaly Bagdat şäheridi. Soltanyýanyň gurluşygy 1313-nji ýylda tamamlanýar, onuň daşyny gurşap alan gala diwarlarynyň uzynlygy 30 müň ädime barabar bolupdyr. Oljaýtu han doglanda hristian dinine uýan ejesi tarapyndan çokundyrylypdyr, ýöne soň yslamyň sünni mezhebini kabul edip alypdyr. Emma ömrüniň ahyrynda ol şygalyga ýykgyn edipdir, ýöne onuň bu mezhebi döwlet dinine öwürjek bolmaga eden synanyşyklary Eýranyň sünni ulamalarynyň berk garşylygyna sezewar bolupdyr. Oljaýtu

hanyň döwründe musulman dällerden jyza salgydyny almaklyk gaýtadan girizilýär.

**Hulagular döwletiniň gowşap başlamagy.** Oljaýtu hanyň onki ýaşynda häkimiýet başyna gelen ogly Abu Seýit Bahadur hanyň (1316-1335) dolandyran ýyllarynda döwleti iş ýüzünde baş serkerde emir Çopan dolandyrypdyr. Emir Çopan 1318-nji ýylda Reşideddiniň häkimiýetden giderilmegini we jezalandyrylyp öldürilmegini başarypdyr. Bu döwürde mongol çarwa emirleriniň täsiri has hem güýçlenipdir. Bu bolsa Gazan hanyň özgertmeleri döwründe girizilen oňyn işleriň öz-özünden ýatyp galmagyna sebäp bolupdyr.

Emir Çopanyň täsiriniň güýçlenmegi beýleki mongol emirleriniň nägileleigini artdyrypdyr, olar Çopana garşy dildüwşik gurapdyrlar. Nägile güýçleriň başynda keraýit taýpasynyň serdary emir Irinçin durupdyr. Emma bu dildüwşik tiz wagtda ilhan Abu Seýidiň garşysyna gönügipdir. 1319-njy ýylda uzaga çeken tutluşykdan soň topalaň basylyp ýatyrylýar, Irinçin bolsa öldürilýär.

1320-nji ýylda müsürli mamlýuklar hulagularyň ýapjasy bolan Ermeni-Kilikiýa patyşalygyna çozup girýär. Özüniň günbatardaky araçäkleriniň howpsuzlygyndan gorkup, Abu Seýit mamlýuk soltany Nasyr Muhammet bilen gepleşiklere başlaýar we 1323-nji ýylda iki döwletiň arasynda parahatçylyk şertnamasy baglaşylýar. 1332-nji ýylda Kiçi Aziýda emir Çopanyň ogly Timurtaş topalaň turuzýar. Topalaňy basyp ýatyrmaga emir Çopanyň hut özi ugrapdyr, ýöne topalaň basylyp ýatyrylandan soň oglunyň günäsiniň geçilmegini başarýar. Bu döwürde Altyn Orda we Çagataýlara garşy uruşlar hem dowam etdirilipdir.

Döwletiň syýasy durmuşynda şeýle çylşyrymly wakalaryň bolup geçýän döwründe emir Çopanyň täsiri has hem güýçlenipdir. Emir Çopanyň ogly Dymyşk hojanyň Töwrizde edýän bulagaýlyklary ählumumy nägilelikleri döredipdir. 1327-nji ýylda Dymyşk hoja jezalandyrylyp öldürilýär. Muňa jogap

edip emir Çopanyň özi topalaň turuzýar, ýöne ýeňlip Hyrada gaçýar. Hyradyň hökümdary ilki oňa gaçybatalga beripdir, soňra bolsa Abu Seýide ýaranjak bolup emir Çopany öldürdýär.

Ýyllar geçdigiçe Hulagularyň döwletiniň ýagdaýy kynlaşypdyr, emirleriň, begzadalaryň eden-etdilikleri, döwletara uruşlary köpelipdir. Üstesine-de, şol döwürler gurakçylyk bolup, aýylganç açlyk höküm sürüpdir. 1328-nji ýylda emir Çopan öldürilenden soň baş wezirlige bellenilen Kyýaseddin Muhammet Reşidi (Reşideddiniň ogly) käbir özgertmeleri geçirmäge synanyşypdyr. Onuň teklibi bilen ilhan Abu Seýit ilata bikanun salgytlaryň salynmagyny gadagan edýän perman kabul edýär. Emma amala aşyrylan çäreler Hulagularyň döwletiniň dargamagynyň öňüni alyp bilmändir.

1335-nji ýylda Altyn Orda garşy guralan ýöriş wagtynda Abu Seýit aradan çykýar. Onuň ogly bolmandyr, şonuň üçin hem Abu Seýit ölenden soň döwletiň içinde häkimiýet ugrunda uzaga çeken özara uruşlar başlaýar. Baş wezir Reşidi köşk emeldarlaryna daýanyp Hulagu hanyň inisi Aryk Buganyň neslinden bolan Arpany ilhanlyga göterýär. Emma olaryň garşydaşy, mongollaryň oýrat taýpasyndan bolan Aly patyşa altynjy ilhan Baýdunyň agtygy Musany tagta çykarmagy maksat edinýär. 1336-njy ýylda Maraganyň ýanynda bolan özara söweşde baş wezir Reşidi we Arpa ýeňlip, olaryň ikisi hem öldürilýär. Emma Musanyň tarapdarlary hem 1336-njy ýylda Aladagda we 1337-nji ýylda Maraganyň ýanynda bolan söweşlerde täze garşydaşlary, mongollaryň jelaýyr taýpasynyň emiri Hasan Buzurgdan (Uly Hasan) ýeňlipdirler.

Jelaýyrlar emir Çopanyň agtygy Hasan Kiçi tarapyndan baştutanlyk edilýän üçünji bir topar – çopanylar bilen hem göreşmeli bolupdyrlar. Çopanylar gelip çykyşy boýunça mongollaryň sulduz taýpasyndan bolup, olaryň elinde hem Çingiz hanyň neslinden bolan oýnatgy ilhanlary bar eken. 1338-nji ýylda Nahiçewanda we 1340-njy ýylda Maragada bolan söweşlerde çopanylar jelaýyrlardan üstün çykypdyrlar.

Şundan soň çopanylar Azerbaýjanda, Ermenistanda we Demirgazyk-Günbatar Eýranda (Soltanyýa we Kazwin şäherleri bilen bilelikde), jelaýyrlar bolsa häzirki Yragyň ýerinde ornaşypdyrlar. Tiz wagtdan Hasan Buzurg Jelaýyr we Hasan Kiçi Çopany oýnatgy ilhanlary öňe sürmeklerini bes edip, hersi öz ýerinde özbaşdak hökümdarlar hökmünde dolandyryp başlapdyrlar.

Yrakda ornaşan Hasan Buzurg 1340-njy ýylda özüni soltan diýip yglan edýär we Jelaýyrlar nesilşalygyny (1340-1410) esaslandyrýar. Jelaýyrlaryň ilkinji soltanlary Hasan Buzurg we soltan Weýis (Uweýs) Gazan hanyň syýasatyny ýöretmäge çalşypdyrlar. Bularyň tersine, Çopanylar – Hasan Kiçi we onuň mirasdüşeri Mälik Aşraf (Eşrep) öz hökümdarlyk eden ýerlerinde zabun syýasat ýöredipdirler. Şonuň üçin hem ýerli halkyň wekilleri Altyn Ordanyň hany Janybege kömek sorap ýüz tutupdyrlar. Janybeg han 1356-njy ýylda Azerbaýjana çozup giripdir we Çopanylaryň döwletini derbi-dagyn edipdir. Hemmeler tarapyndan ýüz öwrülen Mälik Aşraf ähli baýlygyny alyp gaçypdyr, emma tutulyp Janybeg han tarapyndan öldürilipdir. Çopanylar döwleti ýaşamagyny bes edýär. Altyn Ordanyň goşunlary gidenden soň 1357-nji ýylda Azerbaýjany Günorta Eýrandaky Muzaffarylar döwletiniň (1313-1393) hökümdary Mubarizeddin Muhammet basyp alýar. Ýöne, 1384-nji ýylda Töwrüzi soltan Weýis muzaffarylaryň elinden alýar. Şeýlelikde, Jelaýyrlaryň döwletiniň düzümine Günbatar Eýranyň, Kürdüstanyň, Günorta Azerbaýjanyň, Garabagyň, Ermenistanyň we häzirki Yragyň ýerleri girizilýär.

**XIV asyrda Eýranda mongol agalygyna garşy halk hereketleri.** Mongol agalygy döwründe ýerli halkyň ýagdaýy örän agyr bolupdyr. Hulagular döwletiniň gowşamagy bilen mongol han-begleriniň eden-etdiligi has hem güýjäpdir. Eýranyň kä ol ýerinde, kä başga ýerinde halk çykyşlary yzygider bolup geçipdir. Şeýle hereketleriň biri-de, Horasanda

bolup geçen serbedarlaryň[1] hereketidir. Serbedarlaryň hereketiniň esasy merkezi Horasanda ýerleşse-de, Mawerannahrda, Owganystanda we Eýranyň dürli ýerlerinde olaryň tarapdarlary köp bolupdyr.

Serbedarlaryň hereketi Horasanyň Beýhak etrabynda mongol agalygyna garşy gozgalaň bilen başlapdyr. Beýhak etrabynyň Baştin obasyna gulluk sapary bilen geçip barýan bir mongol emeldary sowlup, iki sany doganyň öýünde düşleýär. Mongollaryň girizen däbi boýunça, ýerli ilat öz obalarynda, şäherlerinde düşleýän mongol emeldarlaryny, geçip barýan goşunlary myhman almalydylar we olary gidýänçäler eklemelidiler. Öýlerinde düşlän mongol emeldarynyny iki dogan başardyklaryndan myhmanlapdyrlar, oňa diýen zadyny tapyp beripdirler. Emma mongol emeldary doganlardan owadan gelin getirmeklerini talap edýär. Doganlar oňa bu obada şeýle zenanyň ýokdugyny aýdýarlar. Onda emeldar «eger-de, obaňyzda gelin ýok bolsa öz aýalyňyzy getiriň» diýip buýurýar. Gazaba münen doganlar emeldary öldüripdirler. Mongol emeldarynyň öldürilendigi hakyndaky habar köşge baryp ýetýär. Ilhanyň weziri Alaýeddin Muhammet Hindu doganlaryň tutulyp, öz ýanyna getirilmegini talap edýär. Emma obanyň adamlary bu talaba gozgalaň turuzmak bilen jogap berýärler. Şeýdip serbedarlaryň hereketi adyny alan gozgalaň başlaýar. Bu gozgalaň 1336-njy ýylyň ýazynda başlapdyr. Gozgalaňyň başynda ýerli seýitleriň biri (Hezreti Alynyň nesilleri) Abdyrazak durupdyr. Serbedarlar bir ýyldan soň özlerine jeza bermek üçin bu ýerlere goşun çekip gelen ilhanyň weziri Alaýeddini hem ele salyp öldüripdirler.

Tiz wagtdan serbedarlar Sebzewar şäherini eýeleýärler we ony Serbedarlaryň paýtagyna öwürýärler. 1338-nji ýylda Abdyrazak öldürilenden soň, onuň ornuna inisi Wejiheddin

---

[1] *Serbedar* – parsça «ser» - baş, «dar» - dar, ýagny «dara çekilenler» manysynda. Olar masgara bolup ýaşandan «gara başymyz gurban bolsun» diýip aýdypdyrlar.

Masut geçýär we soltan unwanyny alýar. Ol öz garşysyna iberilen mongol goşunlaryny hem birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edipdir. Ýahýa Karrawynyň (1353-1358) dolandyran ýyllarynda serbedarlaryň döwletiniň çäkleri ep-esli giňäpdir. Horasanyň emirleri bolan Jana Gurbanylaryň elinden Tus, Maşat şäherleri alnypdyr. Ilhan Tugaý Teýmir han Ýahýa Karrawynyň özüne tabynlyk bildirmegini we öz ýanyna Gürgene gelmegi teklip edýär. Ilhan Ýahýany bu ýere çagyryp, ony öldürmegi niýet edinipdir, emma Gürgene gelen serbedarlar meýlis gidip duran mahaly ilhany we onuň ýanyndakylary öldüripdirler. Şeýdip, ilhanlaryň iň soňkusy hem öldürilipdir.

Wagtyň geçmegi bilen serbedarlar hem öz aralarynda oňuşmandyrlar. Sebäbi pälwan Hasan Damganynyň (1360-1364) dolandyran döwründe serbedarlaryň öz aralarynda çaknyşyklar bolup geçipdir. Hasan Damganydan soň häkimiýeti Aly Muaýýat (1364-1381) basyp alýar. Şundan soň özara oňşuksyzlyklaryň netijesinde serbedarlaryň döwleti gowşaýar. Aly Muaýýat Mawerannahryň hökümdary emir Teýmirleň bilen hem gowy gatnaşyk saklapdyr. Munuň özi soňra Teýmirleňe serbedarlaryň döwletini ýok etmek üçin amatly şert döredipdir. Sebedarlar Teýmirleňe öz garşydaşlaryndan üstün çykmaga-da kömek beripdirler. Emma 1383-nji ýylda Horasana ýörişiniň çäklerinde Teýmirleň Sebzewary zabt edip alýar we serbedarlary üçdantutma gyrýar. Bu wakadan iki ýyl öň bolsa Teýmirleň öz köşgünde saklanylýan tarapdary Aly Muaýýady hiç bir bahanys öldürýär. Şeýdip, Serbedarlaryň döwleti ýaşamagyny bes edýär.

## § 5. Türkiýe XI-XIV asyrlarda

**XI-XII asyrlarda Kiçi Aziýada ilkinji türkmen döwletleriniň döremegi.** Orta asyr taryhy edebiýatynda türki dilde gürleýän taýpalaryň Kiçi Aziýanyň (Wizantiýanyň) ýerinde baryp IV asyrda peýda bolandyklary bellenilýär. Ýöne,

türki kowumlarynyň Kiçi Aziýada ornaşmaklary XI asyryň ikinji ýarymyndan has güýçlenip, Wizantiýanyň döwlet garaşsyzlygyna howp salyp ugraýar. Sebäbi bu döwürde Wizantiýanyň araçäklerinde türki halklaryň harby kuwwaty boýunça iň güýçlisi bolan türkmenler peýda bolýarlar. Gysga wagtyň içinde oguz-türkmenleriniň seljuklar nesli tarapyndan döredilen «Beýik Seljuklar» döwleti Wizantiýanyň esasy garşydaşyna öwrülýär. XI asyryň ahyrlaryna çenli bu döwletiň düzümine Merkezi Aziýa, Owganystan, Eýran, Yrak, Azerbaýjan we Ermenistanyň gündogary giripdir. XI asyryň ortalaryndan başlap oguz-türkmenleriň Kiçi Aziýa aralaşmaklary we Wizanyiýa döwletine harby-syýasy taýdan zor salmaklary has hem güýjeýär. Bu wakalara türkmenleriň ýarym milliondan, bir milliona çenlisi gatnaşypdyr diýlip hasap edilýär.

Wizantiýanyň imperatory Roman IV Diogeniň öz döwletini bitewilikde saklamak we türkmenleriň hüjümlerini yzyna serpikdirmek bilen baglanyşykly tagallalarynyň bary puç bolýar. Türkmenleri eýelän ýerlerinden gysyp çykarmak maksady bilen Roman Diogen Wiazantiýa bilen araçäkdäki ýerlere çozup girýär. Alp Arslan 20 müňlük goşunlary bilen onuň öňünden çykýar. Alp-Arslanyň serkerdeligindäki goşunlar 1071-nji ýylyň 19-njy awgustynda Ermenistanyň Malazgirt (Mansikert) şäheriniň eteginde Roman IV Diogeniň goşuny bilen duşuşýarlar. Wizantiýalylar türkmenleriň garşysyna 100 müň goşun çykarýarlar. Emma Roman Diogeniň goşunlary özünden bäş esse az seljuk goşunlary tarapyndan kül-peýekun edilýär. Bu söweşde musulman taryhy edebiýatynda «*Kaýser-i-Rum*» (Rumuň – Wizantiýanyň kaýsary – patyşasy) diýlip atlandyrylan Wizantiýa imperatory türkmenlere ýesir düşýär. Malazgirt söweşinden soň türkmenler imperiýanyň jümmüşine kürsäp girýärler.

Ýöne, seljuklar Kiçi Aziýa gelenlerinde Kappadokiýada türkmenleriň Danyşmentliler dowleti bar eken. Bu barada

akademik B.A. Dorn «Abu ben Mizrab (Taýly beg Danyşment – J. A.) atly bir türkmen emiriniň ogly bolan Mälik Danyşment, XI asyryň ikinji ýarymynda Kiçi Aziýa ýöriş geçiripdir we Siwas, Sis, Karkarýa, Amasýa, Kümüşmagdan we Niksar şäherlerini eýeläpdir» diýip ýazýar. Taýly beg Danyşment Mahmyt Gaznalynyň serkerdeleriniň biri bolup, ol XI asyryň 20-nji ýyllarynda Gaznaly hökümdar bilen oňuşman Azerbaýjana göç edipdir. Taýly beg Danyşment Wizantiýa garşy häli-şindi ýörişleri geçirip durupdyr. Wizantiýa garşy ýörişleri onuň ogly Mälik Ahmet Danyşment dowam etdirýär. 1065-1068-nji ýyllar töweregi Siwasyň eýelenilmegi bilen Danyşmentleriň döwleti esaslandyrylýar. Ýöne döwletiň Danyşmentliler ady Mälik Danyşmendiň ogly Gazy begiň (1084-1106) hökümdarlyk eden döwründe ýüze çykypdyr.

XI asyryň ahyryna çenli oguz-türkmenleri Kiçi Aziýanyň tas hemme ýerini diyen ýaly eýeleýärler. Şol eýelenen yerlerde çaklaňja beglikler ýüze çykyp ugraýar. Şol emirlikleriň biri hem 1077(8)-nji ýylda Anadolynyň günbatarynda esaslandyrylan, merkezi Iznik (Nikeya) şäherinde ýerleşen beglik bolupdyr. Bu begligiň esaslandyrylmagynda seljuklaryň gapdal şahasyndan bolan Ysraýyl Arslan ýabgunyň ogly Gutulmyş beg uly hyzmat görkezipdir. Mälim bolşy ýaly, Ysraýyl Arslan yabgu Seljuk begiň dördünji ogly bolupdyr. Iznikdäki begligiň döwlet hökmünde kemala gelmeginde Gutulmyşyň ogly Süleýman köp işleri bitiripdir. Süleýman wizantiýalylaryň Iznigi gaýtaryp almak üçin geçiren birnäçe çozuşlaryny yzyna serpikdiripdir we Bosforyň kenarlarynda serhet galalaryny döredipdir. 1083-1084-nji ýyllarda öz döwletiniň serhetlerini has uzaklara süýşürip, ol Adana, Tarsus, Antiohiýa şäherlerini eýeläpdir we Kilikiýanyň hökümdary Filareti gaçyp gitmäge mejbur edýär. Emma Süleýman özara uruşlarda Damaskyň hökümdary Tutuş beg (Alp Arslanyň ogly) bilen uruşda öldürilýär. Süleýman öldürilenden soň häkimiýet başyna onuň ogly Gylyç Arslan I (1086-1107)

gelýär. Emma Iznikdäki beglik kyn günleri başdan geçiripdir. Sebäbi bagdatly seljuklar bu döwletiň ýerini hem bitewi döwletiň düzümine goşmaga çalşypdyrlar. 1092-nji ýylda Mälik şanyň aradan çykmagy bilen seljuklaryň döwletinde häkimiýet ugrunda özara uruşlar başlaýar, bu bolsa Süleýmanyň ogly Gylyç Arslana häkimiýeti ýene-de öz eline almaga mümkinçilik beripdir.

Kiçi Aziýada başga-da birnäçe täze türkmen beglikleri döräpdir. Şolaryň iň irkileriniň biri Mengüjek (Meňgüýçli) Gazy tarapyndan Erzinjan, Kemah we Diwrigi şäherleriniň aralygynda ýerleşen Meňgüjekleriň begligidir (1071-1252). Bu ýerleri Meňgüjek begiň özi eýeländigi üçin seljuklar tarapyndan onuň özüne emirlik edilip berlipdir.

Saltyklar begligi (1071-1202) hem seljuklara ýapjalykda bolup, onuň merkezi Erzerumda ýerleşipdir. Bu ýerler seljuklar tarapyndan Saltyk bege emirlik edilip berlipdir. Saltyklar begliginiň kuwwatly döwri onuň düzümine Riza, Artwin we Kars welaýatlarynyň ýerleri giripdir.

1081-nji ýylda türkmen emiri Çaka beg Egeý deňziniň kenaryndaky Izmir şäherini (Smirna) eýeleýär we adybir begligi esaslandyrýar. Çaka beg gypjaklar bilen gepleşik geçirip Konstantinopoly eýelemäge synanyşýär. Elbetde, synanyşyk şowsuz tamamlanypdyr, ýöne paýtagta hüjüm edilmegi Wizantiýanyň imperatory Alekseý Komnini gorkuzypdyr. Alekseý Komnin iznikli hökümdar Gylyç Arslany Çaka begiň garşysyna küşgüripdir. Şeýlelikde, Kiçi Aziýanyň agramly bölegi türkmen emirleriniň eline geçipdir. Ýöne, Kiçi Aziýanyň käbir ýerlerinde entäk grekleriň Trapezunt imperiýasy we Ermeni-Kilikiýa patyşalygy hem ýaşamagyny dowam etdiripdir.

Kiçi Aziýadaky bu beglikler merkezi Bagdatda ýerleşen seljuk soltanlaryny ykrar edipdirler, hakykatda bolsa, olar garaşsyzdylar. Başky döwürlerde bu beglikleriň esasy ünsi eýelän ýerlerinde häkimiyeti berkitmäge we öz täsirlerini

giňeltmäge gönükdirilipdir. Emma türkmenleriň Kiçi Aziýada ornaşýan döwürleri haçly ýörişleriň başlaýan döwrüne gabat gelipdir. Şonuň üçin hem tiz wagtdan bu aladalaryň üstüne haç göterijiler bilen göreşler hem goşulypdyr.

1096-1099-njy ýyllarda bolup geçen haçly ýöriş türkmenleri yza çekilmäge mejbur edipdir. Sebäbi Alekseý Komniniň maslahaty bilen haç göterijiler esasy zarbany Iznik emirligine garşy gönükdiripdirler. Bu wagtlar Gylyç Arslan Gündogar Anadolyda Malatýanyň gabawunda eken. Şol sebäpden hem hökümdar wagtynda Iznige dolanyp gelip ýetişmeýär. Haç göterijileriň birnäçe hüjümlerini yzyna serpikdirip, paýtagty goraýjylar şäherden çykyp gidýärler. Iznigi eýeläp haç göterijiler öňe sýşmeklerini dowam etdiripdirler. Eskişäheriň (Dorileý) golaýynda Porsuk derýasynyň boýunda Gylyç Arslan bilen Danyşmentler bileleşip haç göterijilere zarba urmagy maksat edinýärler. Emma bu söweş hem türkmen goşunlarynyň agyr ýeňlişi bilen tamamlanýar.

Haç göterijiler bilen ikinji söweş Konýanyň (Ikoniý) ýanynda bolup, ol hem türkmenlere üstünlik getirmändir. Şundan soň türkmen serkerdeleri haç göterijilere garşy söweşiň başga usullaryny ulanypdyrlar. Türkmenleriň ownuk toparlary Kiçi Aziýanyň içi bilen Palestina barýan haç göterijileriň üstüne häli-şindi çozup, olara uly ýitgiler salýardylar.

Bu uruşlarda uly zyýan çeken Iznik begligi pese düşüpdir. Onuň ep-esli ýerleri haç göterijiler tarapyndan basylyp alnypdyr. Ýöne beglige Anadolynyň düzlük ýerlerini elde saklamak başardypdyr. Tiz wagtdan Gylyç Arslan I begligiň merkezini Konýa şäherine geçiripdir. Şonuň üçin hem indiden beýläk bu begligi Konýa soltanlygy ýa-da Rumdaky Seljuk döwleti diýlip atlandyryp başlaýarlar. Haçly ýörişler döwründe türkmenler ýewropaly goşunlara garşy




ençeme söweşleri geçiripdirler. Gylyç Arsan I, Masut I (1116-1156), Gylyç Arslan II (1156-1192) ýaly seljuk hökümdarlary haç göterijilere garşy uruşlarda Konýa soltanlygynyň ýaşaýşa ukyply döwletdigini subut edipdirler.

Kiçi Aziýany eýelemek ugrundaky göreşler XII asyrda-da dowam edipdir we ahyr netijede Konýa soltanlygy bu göreşde ýene-de üstün çykypdyr. Konýaly seljuklar 1147-nji ýylda ikinji haçly ýörişe gatnaşyjylary, 1176-njy ýylda bolsa, Miriokefalyň (Egridir kölüniň demirgazygy) eteginde Wizantiýa goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler. Konýalylara beýleki türkmen beglikleri hem ýakyndan ýardam edipdirler. Soňra olar 1165-nji ýylda Anadolynyň merkezinde ýerleşýän, özleriniň esasy bäsdeşi Danyşmentleri häkimiýetden agdaryp, öz ýerlerini Gara we Ortayer deňizleriniň kenaryna çenli süýşüripdirler.

1189-1192-nji ýyllaryň üçünji haçly ýörişi ýewropalylar üçin üstünlikli başlapdyr. Sebäbi Gylyç Arslan II öz döwletini dokuz sany oglunyň we iki sany agamogullarynyň arasynda

paýlapdyr, hökümdaryň özi bolsa Konýada galypdyr. Emma tiz wagtdan soltanyň ogullary häkimiýet ugrunda biri-biri bilen özara urşa başlapdyrlar. Konýa soltanlygynda emele gelen ýagdaýdan german imperatory tarapyndan serkerdelik edilýän haç göterijiler peýdalanypdyrlar we soltanlygyň paýtagty Konýany eýeläpdirler.  Diňe XIII asyryň başlarynda Gylyç Arslan II ogly Rukneddin Süleýman şa (1196-1204) Rum soltanlygyny ýene-de bitewi bir döwlete öwürýär.

Soltan Rukneddin esasy ünsi Rum soltanlygynyň gündogar we demirgazyk serhetlerine beripdir. Sebäbi ýurduň gündogar serhetlerinde soltanyň esasy bäsdeşi gruzin patyşasy Tamaranyň döwleti ýerleşýärdi. Emma Rukneddiniň dogany we onuň mirasdüşeri Kyýaseddin Keýhysrow (1192-1196 we 1205-1211) döwletiň günbatar we günorta serhetlerine ähmiýet beripdir. Seljuk soltany Anadolynyň Orta ýer deňziniň kenarynda ýerleşýän möhüm söwda porty bolan Antalýany eýeleýär. Keýhysrow tiz wagtdan wenesiýalylar bilen söwda şertnamasyny baglaşýar we olara dürli ýeňillikleri berýär. Keýhysrow latynlaryň, Nikeýada we Trapezuntda oturan grek hökümdarlarynyň özara bäsleşiginden peýdalanyp, günbatarda Iznigi almaga synanyşýar. Emma Nikeýanyň imperatory bilen bolan söweşde Keýhysrow öldürilýär.

Keýhysrow aradan çykandan soň üç oglunyň arasynda başlan özara uruşlar olaryň ulusy Izzeddin Keýkowusyň (1211-1220) ýeňşi bilen tamamlanýar. Keýkowus Trapezunt imperiýasyna garşy alyp baran uruşlarynyň netijesinde 1214-nji ýylda Gara deňziň kenaryndaky Sinop şäherini eýeleýär. Şäher eýelenilende imperator Alekseý Komnin türkmenler tarapyndan ýesir alynýar. Trapezunt Rum soltanynyň ýapjasyna öwrülýär we her ýyl  10 müň altyn teňňe salgyt tölemäge razy bolandan soň imperator ýesirlikden boşadylypdyr.

Seljuklaryň Ermeni-Kilikiýa patyşalygyna garşy alyp baran uruşlary hem şowly tamamlanýar. Ermeni patyşasy Lewon II bilen Antiohiýanyň hökümdary Boemundyň arasyndaky

agzalalykdan peýdalanyp Keýkowus Kilikiýanyň demirgazygynda birnäçe galalary eýeleýär. Alaýeddin Keýkubadyň (1220-1237) dolandyran ýyllarynda Rumdaky Seljuk soltanlygy öz harby-syýasy kuwwatynyň çür depesine çykýar. Keýkubat XV asyryň taryhçysy Ýazyjyogly Alynyň berýän maglumatlaryna görä, örän başarjaň we öňden görüji hökümdar, tejribeli diplomat we edermen serkerde bolup, ol ylymlaryň dürli ugurlaryndan baş çykarypdyr. Bu döwürde Konýa soltanlygy çalt depginler bilen ösüpdir. Olar özlerini Rum soltanlary diýip atlandyrypdyryp ugrapdyrlar.

Keýkubadyň döwründe Rum soltanlygynyň dürli taraplarynda birnäçe täze ýerler eýelenilipdir. Ýöne, mongol çozuşlarynyň başlanmagy bilen, sebitde halkara gatnäsyklary üýtgeýär. Emele gelen ýagdaýdan Keýkubat peýdalanmagy başarypdyr. Ýurduň gündogarynda ol merkezi Erzinjanda ýerleşýän Mengüjekleriň emirligini özüne boýun egdirýär. Şol döwürler Erzerumda Gylyç Arslanyň ogullarynyň biri hökümdarlyk edýär eken. Ol Merkezi Aziýadan gelen Jelaleddin bilen birleşip Keýkubadyň garşysyna çykýar. Keýkubat hem öz gezeginde Eýýubiler we Kilikiýanyň patyşasy Getum I bilen ýaranlyk baglaşýar. 1231-nji ýylyň iýulynda Erzinjanyň golaýynda birleşen seljukly-eýýubi goşunlary Jelaleddini we onuň ýaranyny agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Bu ýeňşiň netijesinde Keýkubat Erzerumy hem eýeleýär.

Keýkubadyň Diýarbekirdäki Artyklar begligini (1101-1339) eýelemäge gönükdirilen syýasaty, onuň Eýyubiler döwleti bilen arasynyň bozulmagyna getirýär, sebäbi eýýubiler hem artyklylaryň mülklerine göz gyzdyrypdyrlar. Netijede, Keýkubadyň Artyklar döwleti babatyndaky maksatlary, diňe onuň ogly Kyýaseddin Keýhysrow II (1237-1245) dolandyran ýyllarynda amala aşyrylypdyr. 1240-njy ýylda Keýhysrow II-niň Diýarbekiri eýelemegi bilen Anadolydaky ähli türkmen beglikleri seljuk hökümdarlarynyň gol astyna geçýär.

Şeýlelikde, Rumdaky Seljuk döwleti Günbatar Aziýanyň we Ýakyn Gündogaryň kuwwatly döwletine öwrülýär. Bu hakykatyň özüni taryhy maglumatlar hem doly derejede tassyklaýar. Alynky Aziýada bolup gören dominikan monahy Simon de Sent Kwentiniň berýän maglumatlaryna görä, Kilikiýanyň patyşasy Getum I – 1400, nikeýaly imperator Ioan Watas – 400, Trapezundyň hökümdary 200, Halabyň emiri – 1000 sany ýaýçy esgerleri seljuk soltanyna bermäge borçlanypdyrlar. Gruzin patyşa aýaly Rusudana bolsa gyzyny Keýhysrow II aýal edip bermeli bolupdyr.

**Konýa soltanlygynyň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** XII-XIII asyrlarda Kiçi Aziýanyň ykdysady durmuşynda uly ilerlemeler bolup geçipdir. Ýörişleriň we içki agzalalyklaryň azalmagy sebitiň hojalyk durmuşyna oňaýly täsir edipdir. Üstesine-de, goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklar Rum soltanlygynda-da, edil Ýakyn we Orta Gündogaryň beýleki musulman döwletlerinde kemala gelen gatnaşyklar ýaly düzgünleriň döremegine getiripdir. Şunuň bilen bir hatarda, wagtyň geçmegi bilen bir wagtky çarwa türkmenler Kiçi Aziýanyň ýerli halky bolan grekleriň we ermenileriň täsiri bilen oturymlylyga hem geçip ugrapdyrlar, olardan köp zatlary öwrenipdirler. Şunuň netijesinde, XII-XIV asyrlarda sebitde durmuş-ykdysady gatnaşyklar çalt depginler bilen ösüpdir.


Konýadaky «Inçe minara» (1251)

Elbetde, Rum soltanlygynda kemala gelen durmuşy-ykdysady gatnaşyklarynyň özboluşly ýerli aýratynlygy bardy.

Şol aýratynlyklar, esasan Rum soltanlygynda ekerançylyk ýerlerine döwlet eýeçiliginiň (ikta) hususy eýeçilikdäki mülk ýerleriniň mukdaryndan has agdyklyk etmegi bilen baglanyşykly boldy. Şunuň esasynda bolsa döwlet eýeçiligindaki ýerleriň hasabyna miras galdyrylmazlyk şerti bilen gullukçylara ikta ýerlerini bermeklik giň gerime eýe boldy.

Kiçi Aziýanyň ekin meýdanlarynda bugdaý, arpa, şeýle hem gök we bakja ekinleri ekilipdir, alma, armyt, garaly, şetdaly, injir we mindal ýaly miwe agaçlary ösdürilip ýetişdirilipdir. Seljuk döwletinde ýokary hilli önüm berýän iri we ownuk şahly mallary idedipdirler, şeýle hem atlar we gatyrlar köpeldilipdir. Şol döwrüň taryhy çeşmeleinde demir, mis, kümüş känleri, duz alnyşy, deri eýlemek üçin ulanylýan aşgarlaryň öndürilişi barada-da maglumatlar berilýär. Kiçi Aziýanyň şäherleri barada aýdylanda, bu ýerde ýüpek we nah matalary öndürýän, haly dokaýan, deri eýleýän, metal, agaç we daş işläp bejerýän senetçiler juda köp bolupdyr. Kiçi aziýaly senetçileriň öndürýän dokma we gön önümleri aýratyn hem italýan täjirleriniň arasynda giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Seljuklar döwründen saklanyp galan halylar, dabaralarda geýilen geýimler, misden we kümüşden edilen önümler, ýaraglar bu döwrüň senetçileriniň ýokary ussatlygyndan habar berýär. Möhüm ýollaryň ugrunda ýerleşen kerwensaraýlar, dürli görnüşdäki söwda nokatlary – *hanalar* Konýa soltanlygynyň Gündogaryň we Ýewropanyň möhüm söwda merkezleri bilen berk arabaglanyşykda bolandygyna şaýatlyk edýär. XIV asyryň taryhçysy Hamdallah Kazwininiň berýän maglumatlaryna görä, Konýaly hökümdarlaryň girdejisi 15 mln dinara barabar bolupdyr. Eger-de, deňeşdirip görülse, şol döwürde Müsüriň hazynasyna gelýän girdejiler 4 million dinara deň bolupdyr.

Orta asyr jemgyýetiniň ösüş derejesi esasan ýer eýeçiliginiň we salgyt ulgamynyň ýagdaýyna görä kesgitlenilýär. Seljuk

jemgyýetinde kemala gelen ýer eýeçilik ulgamy eýeçiligiň üç görnuşine esaslanypdyr. Olar döwlet, jemagat we hususy eýeçilikdäki ýerler bolupdyr. Türkmenleriň Kiçi Aziýa ýaýran başky döwürlerinde olaryň arasynda ýer eýeçiligiň giň ýaýran görnüşi döwlet ýerleridi. Sebäbi döwlete gulluk edýändikleri üçin olara döwlet ýerleriniň hasabyna ikta ýerlerini berýärdiler. Galan ýerler – ýaýlaglar, gyşlaglar we öri meýdanlary jemagat eýeçiliginde galypdyr.

Konýa soltanlygynda mülk ýerleri hem bolupdyr. Mülk ýerlerini soltanyň köşk adamlaryna, belli serkerdelere döwlete wepaly hyzmatlary üçin berýärdiler. Şunuň bilen bir hatarda, ýurtda dini edaralara berilýän wakf ýerleri hem bardy. Ýöne, orta asyr taryhy çeşmeler bilen tanyşlyk, mülk we wakf ýerleriniň eýeçiligiň giň ýaýran görnüşine öwrülip bilmändiklerine güwä geçýär. Munuň özi Rumdaky seljuk döwletinde eýeçiligiň giň ýaýran görnüşiniň döwlet (ikta) eýeçiliginiň bondygyny subut edýär. Musulman Gündogarynda ikta eýeçiligi VII asyrda peýda bolup, IX asyrda şertli ýer eýeçiliginiň giň ýaýran görnüşine öwrülipdir. Başky döwürlerde ikta ýewropalylaryň benefisiý ýerleri ýaly diňe gulluk edilýän döwri berlipdir. X-XII asyrlarda onuň şertliligi peseleipdir, mukdary bolsa has artypdyr. Iktanyň eýeleri bolan iktadarlar (ýa-da mukta) döwletiň öz içerki işlerine gatyşmagyny belli-külli çäklendirýän erkinlikleri (immunitet) gazanmagy başarypdyrlar. Iktanyň şeýle görnüşi ýewropalylaryň feodyny ýada salýar, ýöne iktadaryň durmuşdaky orny feodyň eýesiniňkiçe (feodal) bolmandyr.

Mukta ýerlerinde oturan daýhanlar «*muzari*», ýagny sürüm ýerleriniň eýeleri diýlip atlandyrylypdyr. Olar ýer eýeleri bolan mukta ýa-da iktadara ýer salgydy bolan *hyraç* töläpdirler. Bulardan başga-da, musulman däl muzariler jan başyna salgydy - *jyza* hem töläpdyrler. Hyraç önüm görnuşinde (köplenç öndürilen önümiň 20%-i), jyza bolsa salgyt töleýäniň emläk ýagdaýyna görä, adatça pul görnüşinde tölenilipdir.

Aýratyn bellemeli taraplaryň biri-de, Konýa soltanlygy döwründe daýhanlardan alynýan salgydyň mukdary Wizantiýa döwründäkiden has pes bolupdyr. Munuň özi Kiçi Aziýanyň ykdysadyýetine we hojalyk taýdan ösüşine örän oňyn täsir edipdir.

Iktanyň köpçülikleýin paýlanylmagy türkmen çarwa serdarlarynyň feodallaşmagyna, ekerançy ilatyň bolsa olara garaşly bolmagyna getiripdir. Rumdaky seljuk ýdöwletinde öndürijilerden salgyt ýygnamagyň, döwletiň peýdasyna zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegiň özboluşly dessurlary kemala gelipdir. Seljuk hökümdarlary Wizantiýanyň Anadoly welaýatynda dowam eden salgyt ulgamyny kabul edipdirler, ýöne oňa musulmançylyk äheňi berlipdir. Mysal üçin, XIII asyryň taryhy çeşmelerinde hyrajyň we jyzanyň ýygnalandygy barada agzalýar. Belli taryhçy Ibn Bibi XIII asyrda oba ilatynyň arasynda «*dihkan*» (daýhan) diýlip atlandyrylan aýratyn toparyň bolandygyny belleýär. Bu adalga bilen Eýranda iri we ownuk ýer eýelerini we şol sanda oba jemagatyndan saýlanyp çykan, özbaşdak hojalyk ýöredýän adamlary hem atlandyrypdyrlar. Emma XIII asyrda bu at eýýäm ýer eýesini hem, onuň ýerinde zähmet çekýäni hem aňladypdyr. Konýa soltanlygy barada aýdylanda bolsa, ýerli dihkanlar muzarilerden tapawutlylykda, özleriniň «*çift*»[1] diýlip atlandyrylan ýerlerinde özbaşdak hojalyk ýöredipdirler we salgydy gönüden-göni döwlet emeldarlaryna töläpdirler.

Kiçi Aziýanyň ilatynyň üçünji bir gatlagy çarwalar bolup, XIII asyrda türkmenleriň köp böleginiň oturymlylyga geçmegi bilen, olaryň sany ep-esli kemelipdir. Çarwalaryň esasy baýlygy ownuk mallar bolup, olar ýere ýazlag-gyşlag we öri meýdanlary hökmünde garapdyrlar. Bu bolsa örileriň we beýleki ýerleriň jemagat eýeçiliginde galmagyna getiripdir. Çarwa türkmenler öri meýdanlaryň kimdir biriniň hususy

---

[1]Osman imperiýasynda özbaşdak hojalyk ýöredýän daýhanlary eýýäm «çiftçi» diýlip atlandyrýardylar.

eýeçilige geçirmäge edýän synanyşyklaryna berk gaýtawul beripdirler. Şonuň üçin hem olardan salgyt almak döwlet üçin uly meselä öwrülipdir.

XIII asyryň birinji ýarymynda Kiçi Aziýada şäherler ösüp başlaýar. Simon de Sent Kwentiniň berýän maglumatlaryna görä, Konýa soltanlygynda 100-den köp şäherler bolupdyr. Şäherler diňe bir häkimiýetiň ýa-da söwda-senetçilik işewürliginiň jemlenen ýerleri bolman, eýsem ýaşaýyş-durmüş, syýasy we medeni merkezler hem bolupdyrlar. Olaryň has ululary bolan Konýada, Siwasda, Kaýseride, Erzinjanda, Sinopda, Malatýada on müňlerçe ilat ýaşapdyr. Aýratyn hem Konýa öz döwrüniň uly şäherleriniň biri bolup, onda 100 mün töweregi ilat ýaşapdyr. XIV asyrýn 30-njy ýyllarynda bu ýerde bolup gören arap syýahatçysy Ibn Battuta: «Ol gowy edilip gurlan, bol suwly, baglara we miweli agaçlara basyrylyp oturan uly şäher. Konýanyň köçeleri giň, onuň bazarlary örän amatly ýerde ýerleşen» diýip belleýär.

Daşky keşbiniň özgerýändigine garamazdan, şäherler umuman alanyňda, Wizantiýa döwrüniň keşbini saklap galypdyrlar. Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlaryndan söwdagärleriň, senetçileriň, alymlaryň, musulman ulamalarynyň yzygider gelip durmagy, Rumdaky seljuk döwletiniň şäherlerini musulman medeniýetiniň möhüm ojaklaryna öwrüpdir. Türkmen diliniň giň ýaýrandygyna garamazdan, gürrüňi edilýän döwrürde pars dili döwlet dili hökmünde ulanylypdyr.

Konýaly soltanlar çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolupdyrlar. Soltanlar dini hem-de dünýewi häkimiýeti öz ellerinde jemläpdirler. Kiçi Aziýaly seljuk soltanlary bütin dünýäniň musulmanlarynyň baştutany hökmünde abbasy halyflaryna uly hormat goýupdyrlar. Abbasylaryň gara baýdagy Konýa soltanlygynda döwlet nyşany hökmünde kabul edilipdir. Şonuň üçin hem halyflar olaryň dünýewi häkimiýetini ykrar

edipdirler we soltanlara häli-şindi diýen ýaly don sowgat iberip durupdyrlar.

Başky döwürlerde Konýaly soltanlaryň köşgi, döwletiň edara edilişi, köp babatda çarwa imperiýalarynyň merkezi hasap edilen Orda (Stawka) meňzäpdir. Şunuň bilen baglanyşyklykda, käbir köşk wezipesiniň ähmiýeti örän uly bolupdyr. Musulman ýurtlarynda adatça, hökümdardan soň döwletde ikinji adam wezir hasap edilýärdi. Emma Konýa soltanlygynda *atabeg* bilen *perwana* ähmiýeti boýunça wezirden has öňde durupdyrlar. Atabegler ýaş soltanlaryň ýa-da şazadalaryň terbiýeçileri hökmünde köşkde örän uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Perwanalar (kebelek) bolsa soltanyň şahsy wekilleri hasap edilip, olar merkezi häkimiýet bilen ýerli dolandyryş edaralaryny birleşdirýän örän täsirli döwlet emeldarlary (ministrler) bolupdyrlar.

Merkezi häkimiýetiň beýleki bölegini soltanyň Diwany emele getirip, ol  dürli wezipeli emeldarlardan düzülipdir. Diwana wezir baştutanlyk edip, ol döwlet edarasynyň dolandyrylyşyna  we hazyna gelýän girdejilere jogap beripdir. Diwanyň düzümine dört sany edara girip, olaryň her birine wezipeli emeldar ýolbaşçylyk edipdir: *mustoufi* – hazyna, *tugrayy* – dolandyryş edarasyna, *ariz* – harby işlere we *müşrif* – soltanyň mülklerine jogap beripdir. Bularyň içinde iň täsirlisi mustoufi hasap edilip, onuň 12 sany emeldary döwlet girdejilerini, 12 sany başga birleri bolsa, goşun we dolandyryş edaralary üçin sarp edilýän çykdajylary hasaplapdyrlar. Ariziň ygtyýarynda döwlet edarasy bolup, ol ikta berilýän ýerleriň hasabatyny alyp barypdyr. Tugraýynyň ygtyýarynda tugra diýlip atlandyrylan soltan möhüri hem saklanylypdyr. Şol möhür bilen soltanyň permanlary, sylag hatlary bolan beratlar we  döwlet edarasynda kabul edilýän dürli resminamalar tassyklanylypdyr.

Bulardan başga-da, Konýa soltanlygynda kazyýet edarasy hem bolup, oňa kadi ýolbaşçylyk edipdir. Kadiniň esasy

wezipesi şerigata esaslanyp kanunçylyk işlerini amala aşyrmak bolupdyr. Kadilerden başga-da, *kadiesger* diýlip atlandyrylan ýörite harby kazylar hem bolupdyr.

Konýa soltanlygynda ýerli dolandyryş beglerbegiler, sübaşylar, häkimler we weliler tarapyndan amala aşyrylypdyr. Mysal üçin, günbatardaky Kastomonu serhet welaýatynda dolandyryşy beglerbegi alyp barypdyr. Beýleki welaýatlary bolsa taýpa serdary bolan *sübaşy* dolandyrypdyr. Birneme giçkiräk döwürlerde sübaşylary häkim ýa-da weli diýip atlandyrypdyrlar. Olaryň wezipe ygtyýarlyklaryna dolandyryş hem-de harby meseleler giripdir.

Konýa soltanlygynyň goşuny barada aýdylanda, türkmenleriň nöker goşunlaryndan başga-da, yslama uýdurylan greklerden, slawýanlardan, türkmenler bilen garyndaş bolan gypjaklardan düzülen gulam goşunlary bolupdyr. Seljuklar hristianlaryň hakyna tutma goşunlaryny hem peýdalanypdyrlar.

**Mongol çozuşlary we Konýa soltanlygynyň pese düşmegi.** XIII asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap Rumdaky seljuk döwletine mongollar howp salyp ugraýarlar. 1220-nji ýylda Jebe bilen Subataýyň serkerdeligindäki 30 müňlük mongol goşunlary Günbatar Eýrana we Kawkaza çozup girýärler. Mongollaryň bu ýörişi Kiçi Aziýa zyýan ýetirmändir, sebäbi olar Hazar deňziniň günbatar kenary bilen demirgazyga – Gypjak sähralaryna tarap gidýärler. Emma 1231-1232-nji ýyllarda Azerbaýjan basylyp alynýan döwürde mongollar Rumdaky seljuk döwletiniň gündogar welaýatlaryna talaňçylykly ýörişleri geçirip, Siwasa we Malatýa çenli ýetipdirler.

Mongol basybalyjylarynyň çozuşlary Merkezi Aziýadan we Eýrandan türkmen taýpalarynyň Kiçi Aziýa köpçülikleýin göçüp gelmeklerine sebäp bolupdyr. Türkmen taýpalarynyň uly bölegi Horezmiň hökümdary Jelaleddin bilen gelipdirler. Jelaleddin 1231-nji ýylyň iýulynda Keýkubatdan ýeňlenden soň, köp wagt geçmänkä Kürdüstan daglarynda heläk bolýar.

Jelaleddiniň ähli goşunlary Rum soltanynyň tarapyna geçipdirler. Keýkubat (1220-1237) olary Erzinjan, Amasýa, Garaman taraplarda ýerleşdirip, bu ýerlerini olara ikta edip beripdir. Şu döwürlerde Eýrandan Kiçi Aziýa salyrlaryň uly bölegi bolan garamanlar, Merkezi Aziýadan bolsa kaýylar[1] göçüp gelipdirler.

Mongollaryň aç-açan howp salmagy soltany Gruziýa hem-de Siriýadaky eýýubiler bilen ýakynlaşmaga mejbur edýär. 1236-njy ýylda Gruziýa, Ermenistan we tutuş Kawkaz eýelenileninden soň mongollar Konýa ilçi iberip, seljuklardan boýun synmagy hem-de salgyt iberilmegi talap edýärler. Şu wakadan soň birnäçe ýylyň dowamynda mongollar Rumdaky seljuk döwletine talaplary bildirmändirler. Emma rumly seljuklar hem mongollaryň çozuşlaryna taýýarlyk görmändirler.

1242-nji ýylyň ahyrlarynda Baýju noýon tarapyndan serkerdelik edilýän mongol goşunlary Kiçi Aziýa çozup girýärler. Tiz wagtdan mongollara Gündogar Anadolynyň esasy merkezleriniň biri bolan Erzurumy basyp alamak başardýar.

Erzurumyň basylyp alnandygy hakyndaky habar gelip ýetenden soň soltan Keýhysrow haýal etmän goşun ýygnamaga girişýär. Soltanyň çakylygy boýunça Halabyň, Trabzonyň we Nikeýanyň goşunlary kömege gelipdirler. Diňe Ermeni-Kilikiýa döwletiniň hökümdary Getum I goşun ibermändir. Getum I seljuklara kömek bereninden Baýjunyň tarapyna geçenini gowy görüpdir. Netijede, 1243-nji ýylyň 26-njy iýunynda Erzinjanyň golaýyndaky Kösedag jülgesinde iki goşun garpyşýar. Bu söweşde seljuk goşunlary mongollar tarapyndan aýylganç ýeňlişe sezewar edilýär we basybalyjylar Siwasy we Kaýserini ýüzüniň ugruna eýeleýärler. Şundan soň mongol ordasyna soltanyň weziri gelip basybalyjylar bilen ylalaşyk baglaşýar. Ylalaşyga görä, seljuklar mongol ýapjalygyna we her ýyl salgyt ibermäge razy bolýarlar. Munuň

[1] Soňra olar Osman imperiýasyny esaslandyrdylar.

üçin bolsa mongollar seljuklaryň basylyp alynmadyk ýerlerinde häkimiýetini ykrar edipdirler. Bu ylalaşygy soňra Mongol imperiýasynyň günbatar böleginiň hökümdary Baty han hem ykrar edýär. Ol Keýhysrowa ýarlyk iberip, ony özüniň Rumdaky wekili diýip yglan edýär.

Kösedagyň etegindäki agyr ýeňliş Konýa soltanlygyny gowşadypdyr, onuň harby-syýasy kuwwatyna agyr zarba urupdyr. Ýurtda merkezi häkimiýetiň abraýy gaçypdyr. 1245-nji ýylda Keýhysrow aradan çykandan soň, onuň yzynda üç sany kiçi ýaşly ogullary galypdyr. Koşk adamlary soltanyň üç ogluny hem hökümdar diýip yglan edipdirler, ýöne soň olaryň her birini goldaýan üç sany aýratyn syýasy toparlanyşyk ýüze çykýar. Netijede, ýurduň içinde häkimiýet ugrunda özara göreşler başlaýar. Bu göreşlere Eýranda ýerleşýän mongol serkerdeleri goşulypdyrlar we Konýa soltanlygynyň döwlet özbaşdaklygyny öňküden hem beter çäklendiripdirler.

1258-nji ýylda Hulagu han tarapyndan Bagdadyň basylyp alynmagy bilen sebitde Hulagularyň döwleti kemala gelýär. Bu döwletiň düzümine Kawkaz, Yrak, Gündogar Anadoly giripdir. Rumdaky seljuk soltanlygy, Trapezunt imperiýasy, Ermeni-Kilikiýa döwleti we Kipr Hulagular döwletiniň ýapjasyna öwrülýärler.

Mongollaryň agalygy döwründe Konýa soltanlygyndan her ýylda bir gezek paç alnypdyr. Bu ýerden alynýan paç iki bölege bölünip, onuň birinjisi *inji* diýlip atlandyrylypdyr we ol döwlet hazynasynyň hasabyna geçirilipdir. Pajyň ikinji bir bölegi bolsa *dalaý* diýlip atlandyrlyp, ol gös-göni mongol ilhanynyň hususy girdejileriniň üstüne goşulypdyr. Paç mongol salgyt ýygnaýjylary bolan basgaklar tarapyndan ýygnalypdyr. Emma bu işi amala aşyrmak üçin basgaklaryň köp sanlysy gerek bolupdyr. Şol sebäpden hem ilhanlar paç ýygnamakda *mukata,* ýagny paç ýygnamak hukugyny satmak düzgünini köpçülikleýin ulanypdyrlar. Bu düzgün boýunça aýry-aýry welaýatlardan ýa-da taýpalaryň oturýan ýerlerinden paç

ýgnamaklygy baý adamlara satýardylar. Olar ýygnaljak kesgitli pajy öňünden mongol dikmelerine eltip berýärdiler. Soňra mukata salgyt ýygnamak hukugyny satyn alan ýerinden çykaran çykdajylaryny iki-üç esse edip gaýtaryp alypdyr.

Rumdaky seljuk döwleti mongollaryň ýapjasyna öwrülenden soň 1261-1277-nji ýyllarda Konýadaky häkimiýet belli köşk işgäri Muýineddin Süleýman Perwananyň eline geçýär. Baş weziriň wezipesini ýerine ýetirmek bilen Perwana döwleti merkezleşdirmäge, häkimiýet ugrundaky göreşleri basyp ýatyrmaga çalşypdyr. Şindi 1254-nji ýylda Keýhysrow II-niň tagta dawa edýän ogullarynyň biri Alaýeddin Keýkubat II (gruzin patyşasynyň gyzyndan bolan) mongol hanynyň köşgünde awy berlip öldürilipdir. 1257-nji ýylda soltanyň diri galan beýleki iki oglunyň arasyndaky dawany Müňke hanyň hut özi çözmäge çalşypdyr. Mongol hany Rumdaky seljuk döwletini iki dalaşgäriň arasynda bölüpdir. Ýöne soňra dalaşgärleriň körpesi Gylyç Arslan IV Hulagu hanyň goldawyndan peýdalanyp, agasy Izzeddin Keýkowus II-ni (grek aýalyndan bolan) häkimlik edýän ýerlerinden kowup çykarýar. Keýkowus II Konstantinopola, ol ýerden hem Kryma gaçyp gidýär.

Emma 1265-nji ýylda täze ilhan Abaganyň köşgünde Gylyç Arslan IV hem zäherlenilip öldürilýär, tagta bolsa onuň kiçi ýaşly ogly Kyýaseddin Keýhysrow III çykarylýar. Muýineddin Perwana bu wakalaryň ählisini gözi bilen görüpdir. Şonuň üçin hem mongollar bilen gowy gatnaşyklary saklamaga çalşypdyr. Emma onuň Rumdaky seljuk döwletinde merkezi häkimiýeti berkitmek bilen baglanyşykly tagallalary garaşylýan netijäni bermändir, sebäbi mongollaryň Kiçi Aziýadaky täsiri ýyl-ýyldan güýçlenipdir. Perwananyň tabşyrygy boýunça onuň golaý adamlarynyň biri Müsüre baryp, hulagularyň ganym duşmany bolan müsürli mamlýuk soltany Beýbars bilen gepleşik geçirýär. Beýbarsa Konýadaky tagta eýe bolmak teklip edilýär. Emma Beýbarsyň Kiçi Aziýa ýörişi şowsuz

tamamlanýar. Ilhan Abaga mongollara garşy çykýanlaryň ählisini, şol sanda Perwanany hem öldürýär.

Abaganyň ýörişi Konýa soltanlygynyň ýerlerini öňküsinden hem azaldypdyr, onuň ygtyýarynda indi Gyzyl Yrmyk derýasyndan günbatardaky ýerler galypdyr. Şu döwürden başlap Konýa köşgünde wezirleri hem hulagularyň özleri belläp başlaýarlar. 1284-nji ýylda ilhanyň buýrugy bilen Keýhysrow III öldürilýär, onuň ornuna bolsa Izzeddin Keýkowus II-niň ogullarynyň biri Kyýaseddin Masut (1284-1293, 1294-1300, 1302-1304) tagta çykarylýar. Masudyň dolandyran ýyllaryndan mälim bolşy ýaly, ol dalaşgärleriň birnäçesi, şol sanda doganynyň ogly Alaýeddin Keýkubat III bilen hem uzak wagtlap göreşmeli bolupdyr. Masudyň şunça ýyllap häkimiýetde oturmagyny mongol goşunlary üpjün edipdirler. Sebäbi seljuk döwletini mongol agalygyndan çykarmak ugrunda çykyş edýän güýçler Kiçi Aziýada az däldi. Şonuň üçin hem mongollar her gezek Masudy goldamak üçin Kiçi Aziýa goşun çekip gelenlerinde gözel ýurdy ýakyp-ýandypdyrlar. Şeýlelikde, Rumdaky seljuk döwleti doly diýen ýaly dargapdyr, onuň ýerinde özbaşdak beglikler hem-de emirlikler peýda bolup ugraýar. Masudyň ölmegi bilen seljuklaryň nesilşalygy ýaşamagyny bes edýär.

**Mongollara garşy azat edijilik göreşi we Kiçi Aziýada türkmen begliklериniň döremegi.** XIII asyryň 60-njy ýyllarynyň başlarynda Kiçi Aziýanyň dürli sebitlerinde mongol hökümdarlygyna garşy göreşler güýçlenipdir. Mongollara garşy göreşler aýratyn hem türkmen çarwalarynyň köpçülikleýin ýaşaýan ýerleri bolan günbatar we günorta ujlarda[1] güýçlidi. 1256-1257-nji we 1261-nji ýyllarda olar soltan Izzeddin Keýkowusyň mongollara garşy göreşini goldapdyrlar. Mongollaryň jeza çärelerine garamazdan, türkmenler Deňizli, Ankara, Kastomonu, Tokat taraplarda Izzeddiniň

[1] *Uj* – uç, gyrak-çet, ýagny serhetýaka welaýaty manysynda. Beýik Karlyň döwletindäki markalar (serhetýaka welaýatlar) ýaly ýerler.

garşydaşlarynyň üstüne çozup durupdyrlar. Bu işlerde aýratyn hem Tawr daglarynyň eteklerindäki Ermenek welaýatynda ýaşaýan türkmenler tapawutlanypdyrlar. Olaryň baştutany Garaman beg (1262-nji ýylda aradan çykan) bolupdyr. Kakasynyň azat edijilik göreşini onuň ogly Muhammet beg Garamanogly dowam etdiripdir.

Muhammet beg beýleki türkmen taýpa serdarlary bolan Eşrep beg we Menteşe beg bilen ýaranlyk baglaşypdyr. Şeýlelikde, XIII-XIV asyrlaryň sepgitlerinde Kiçi Aziýanyň günbatar we günorta taraplarynda ilkinji beglikler ýüze çykýar. Bu beglikleriň Garamanogullary, Menteşeogullary, Çopanogullary ýalylary Wizantiýadan, haç göterijilerden ýa-da Kilikiýadan alnan ýerleriň esasynda döreýär. Beglikleriň Eşrefogullary, Germiýanogullary we Hamytogullary ýaly ýene birleri bolsa, seljuk hökümdarlary ýa-da mongollar tarapyndan bölünip berlen ýerlerde ýüze çykypdyrlar. Netijede, XIII asyrda we XIV asyryň birinji ýarymynda Günbatar we Merkezi Anadolyda 20-ä golaý türkmen beglikleri ýüze çykypdyr. Olaryň käbiri az wagt ýaşap dargapdyrlar, beýleki birleri bolsa Türkiýaniň taryhynda görnükli yz galdyrypdyrlar. Şeýle beglikleriň arasynda Garaman begligi has güýçli bolup, ol Tawr daglarynyň eteginde, Ermeni-Kilikiýa döwletiniň demirgazyk we günbatar taraplarynda ýüze çykýar. Garamanlar diňe bir ermenilere garşy däl, eýsem ilhanlara garşy hem üstünlikli hereketeri alyp barypdyrlar. XIV asyryň başlarynda ep-esli ýerleri, şol sanda 1308-nii ýylda Konýany hem eýeläp, olar Seljuk soltanlarynyň mirasdarlygyna dyrjasyp ugrapdyrlar. Muhammet beg Garamanogly Kiçi Aziýanyň ýerinde döwlet dilini pars dilinden türkmen diline geçirmäge synnyşyk eden birinji hökümdardyr.

Siwasyň seljuklar tarapyndan bellenilen dikmesiniň ogly Menteşe Çelebi başda Garamanlaryň ýapjasy bolupdyr, soňra bolsa Kiçi Aziýanyň günorta-günbatar böleginde Menteşeogullary ady bilen tanalan özbaşdak türkmen begligini

esaslandyrýar. Bu begligiň ýerleri hem greklerden alnan ýerleriň esasynda döreýär.

Gürrüňi edilýän döwürde Garamanlaryň esasy bäsdeşi Germiýan begligi bolup, onuň merkezi Kütahýa şäherinde ýerleşipdir. Germiýan begligi hem edil Menteşe ýaly, Nikeýa imperiýasy bilen araçäk ujda peýda bolýar. Germiýanly serkerdeler Wizantiýa degişli ýerleriň köpüsini eýeläpdirler we begligiň araçägini Ankara çenli süýşüripdirler. XIV asyryň 20-30-njy ýyllarynda Germiýan begligi kem-kem gowşapdyr. Sebäbi Egeý deňziniň kenarlarynda dörän ownuk beglikler öz üstlerine araçäk sakçylarynyň wezipesini almak bilen Germiýana öňe süýşmäge päsgel beripdirler. Şeýlelikde, Kiçi Aziýanyň bütin günbatary türkmen begliklerininiň eline geçipdir.

1291-nji ýylda Şemseddin Ýaman beg Jandar tarapyndan serkerdelik edilýän uly bolmadyk goşunlar Gara deňziň kenarynda esaslandyrylan Çopanogullary begliginiň ýerlerini eýeleýärler we Jandarogullary begligini esaslandyrýarlar.

Beglikler Anadolynyň merkezi hem-de gündogar welaýatlarynda hem peýda bolupdyrlar. Sebäbi Günbatar Eýranda Hulagularyň döwleti synypdyr. Mongollaryň jelaýyr taýpasyndan bolan Hasan Buzurg Yrakda ornaşyp özüni soltan diýip yglan edýär. Hasan Buzurg Kiçi Aziýanyň meseleleri bilen gyzyklanmandyr, şonuň üçin hem bu sebiti dolandyrmaklygy türkileriň uygur taýpasyndan bolan Alaýeddin Eretnä (1352-nji ýylda aradan çykan) tabşyrýar. Eretne şindi 1333-nji ýylda özüni Rum welaýatynyň hökümdary diýip yglan edýär. Onuň hökümdarlyk eden ýerlerinde soňra Eretneogullary begligi ýüze çykýar. XIV asyryň 20-30-njy ýyllarynda Merkezi we Gündogar Anadolyda Eretneogullary begligi bilen goňşyçylykda Janik, Erzinjan ýaly beglikler hem peýda bolýar. Şonuň üçin hem Eretnäniň nesilleri begligi bitewilikde saklamagy başarmandyrlar. Eretneogullary begliginden birnäçe möhüm welaýatlar bölünip aýrylýar we beglik gowşaýar.

Garaşsyz beglikler Egeý deňziniň kenarlarynda hem döräp başlaýar. XIV asyryň başlarynda Germiýanly serkerde Aýdyň beg öz begligini esaslandyrýar. Aýdyňogullary begliginden demirgazykda beýleki bir Germiýanly serkerde Saryhan beg tarapyndan Saryhanogullary begligi döredilýär. Miziýanyň ýerinde Mälik Ahmet Danyşmendiň neslinden bolan Gara Isa hojaýynçylyk edipdir. Onuň esaslandyran Garasyogullary begligi Gara Isanyň ady bilen baglanyşyklydyr. Bu beglikden demirgazyk-gündogarda Osman begligi ýerleşipdir. Bu begligiň esasynda soňra ägirt uly Osman imperiýasy kemala geldi.

Egeý deňziniň kenarynda ýerleşen beglikler daşary söwda bilen meşgullanypdyrlar. Sebäbi kenarýakadaky amatly portlar olaryň elinde bolupdyr. Aýratyn hem Izmir (Smirna) portunyň ähmiýeti uludy. Bu şäheri aýdyňly Gazy Ömür beg eýeläpdir. Bu ýerlerdäki beglikleriň örän gowy abzallaşdyrylan söwda gämileri we harby deňiz güýçleri bolupdyr.

Egeý deňziniň kenaryndaky türkmen begliklerine garşy döredilen Mukaddes liganyň (Rim papasy, Wenesiýa, hristianlaryň Ioannitler (gospitalýerler) ordeni) haç göteriji goşunlary 1343-1344-nji ýyllarda Izmiri yzyna gaýtaryp alýarlar. 1348-nji ýylda Gazy Ömür beg Izmiri hristianlaryň elinden almaga synanyşyk edende wepat bolýar. Mukaddes Liganyň goşunlary türkmenler tarapyndan Egeý deňziniň kenarynda eýelenen portlara, olaryň harby-deňiz güýçlerine uly zyýan ýetirýärler. Şol sebäpden hem sebitdäki türkmen begliklериniň harby-syýasy we ykdysady kuwwaty peselýär.

**Kiçi Aziýadaky beglikleriň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Garaşsyz beglikleriň kemala gelmegi Anadolynyň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna uly täsir edipdir. Beglikleriň arasyndaky öz ýerlerini giňeltmek we sebitde agalyk ugrundaky özara uruşlar oba jemagatlarynyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýitileşdiripdir. Emma beýleki bir tarapdan, çarwa taýpalara mallary köpeltmekde, täze öri meýdanlaryny eýelemekde giň mümkinçilikler peýda bolupdyr. Mongollaryň

ýörişleriniň netijesinde Anadolyda çarwa we ýarym çarwa ilatyň sanynyň artmagy, daýhanlaryň bir bölegininiň begleriň goşunyna nöker edilip alynmagy, oba ýaşlarynyň bolsa şäherlere göçüp gitmegi bilen daýhanlaryň sany görnetin azalypdyr.

Kiçi Aziýanyň agrar durmuşynda-da uly özgerişler bolup geçipdir. Eger-de, Seljuklaryň döwründe döwlet eýeçili ýer eýeçiliginiň esasy agalyk ediji görnüşi bolan bolsa, döwletiň serhetýaka ujlarynda hususy mülkleriň mukdary artýardy. Emma Seljuklaryň döwletiniň dargamagy netijesinde ujlaryň esasynda beglikleriň ýüze çykmagy bilen, indi bu hadysalar tersine bolup geçýärdi, ýagny begleriň hususy ýerleri bolan mülkler döwlet ýerlerine (*miri*) öwrülýärdi. Şol ýerleriň esasynda XIV asyrda Kiçi Aziýada döwlet tarapyndan berilýän gulluk ýerleriniň täze görnüşi peýda bolýar. Orta asyr taryhy çeşmelerinde ol *timar* diýlip atlandyrylýar.

Timarlar[1] halyflyk döwründe ýüze çykan iktanyň täze döwürlerde dörän görnüşidi. Timar boýunça onuň eýesi (grekçe timariot, parsça sipahi) döwlete gulluk edýändigi üçin oba ilatyndan salgyt ýygnaýardy. Emma beglikler zamanynyň timary, halyflyk döwrüniň iktasyndan hem, seljuklar döwründäkiden hem tapawut edýärdi. Mysal üçin, garamanogullary begliginde timar «*mälikýane-diwani*» diýlip atladyrylan salgyt ulgamy bilen berk baglanyşykly bolupdyr.

Garamanogullarynyň özlerini seljuklarynyň mirasdüşerleri diýip yglan edendikleri üçin olar şol döwürde hereket eden agrar düzgünlere degmändirler. Mälim bolşy ýaly, seljuklar döwründe mülk we wakf ýerleri örän köpdi. Şeýle ýagdaýda garamanogullaryna döwlet ýerleriniň mukdaryny artdyrmaga mümkinçilik tapylmandyr, şonuň üçin hem olar başga ýoly saýlap alypdyrlar. Täze düzgüne görä, garamanogullary

---

[1] Parsçadan türkmen diline geçirilende «howandarlyk», «merhemet», «peşgeş berlen» ýaly manylary aňladýar.

mülkleriň eýelerine we wakflaryň dolandyryjylaryna diňe *«tekýalifi-şeriýe»,* ýagny şerigat salgytlaryny (hüşür, jyza we başgalar) ýygnamak hukugyny berýärler. Bu salgytlar *«mälikýane»* diýlip atlandyrylypdyr.




Salgytlaryň beýleki görnüşlerini ýygnamak hukugyny, ýagny *«mekýalifi-urfiýe»* (adat boýunça ýygnalýan salgytlar) we *«awarizi-diwaniýe»* (adatdan daşary salgytlar) salgytlaryny ýygnamaklygy bolsa, begligiň hökümdary öz ygtyýýarynda galdyrypdyr. Salgydyň bu bölegi *«diwani»* diýlip atlandyrylypdyr. Ine, diwani diýlip atlandyrylan şu salgytlary ýygnamak hukugy, döwlet gullukçylarynyň ygtyýýaryna berlipdir.

Garamanogullary begligindäki timar we IX asyrdaky halyflyk döwrüniň iktasy belli bir derejede meňzeş bolupdyr. Munuň özi ýere eýeçilik etmekligi däl-de, şol ýerleriň daýhanlarynyň zähmetinden girdeji almak hukugyny aňladypdyr. Emma, görnüşi ýaly, girdeji almak meselesinde, timar iktadan özüniň has çylşyrymlylygy bilen tapawutlanypdyr.

Egeý deňziniň ýakasyndaky türkmen begliklerinde timar eýeçiligi, wiazantiýa döwrüniň gulluk üçin ýer bermek (proniýa) düzgünininiň esasynda kemala gelipdir. Ýeri gelende aýtsak, seljuklar döwrüniň timary, wizantiýalylaryň «proniýa», ol hem öz gezeginde ýewropalylaryň «benefisiý» eýeçiligiu bilen manydaşdyr. Saklanyp galan taryhy çeşmeler timaryň *«serbest»* (erkin) we *«serbestsiz»* (erkin däl) görnüşleriniň bolandygyndan habar berýär. ***Erkin timarlar häkimiýetiň ýerlerdäki wekillerine berlip, olar ilata salynýan salgytlaryň jyzadan beýlekilerini özlerine alypdyrlar. Erkin däl hasap edilýän timarlaryň eýeleri bolsa käbir ýygymlary, ýagny dürli etmişler üçin salynýan jerimeleri we mala salynýan salgydy ýerli dolandyryjylar bilen paýlaşmaly bolupdyrlar.***

Timarlar adatça harby gulluk üçin berlipdir. Şonuň üçin hem gulluk ýerleri ylymda şertli eýeçilik, ýagny gulluk etmek şerti bilen berilýän ýerler diýlip atlandyrylýar. Timaryň eýesine *«sipahi»* (harby) diýip at berlipdir, grek ýazarlarynyň eserlerinde bolsa timariot diýlip atlandyrylypdyr. Harbylardan başga adamlaryň, mysal üçin, kazynyň hem timar almaga hukugy bolupdyr. Uly möçberli timarlar «hasse» diýlip atlandyrylyp, olar ýerli begiň golaý garyndaşlaryna we egindeşlerine berlipdir.

Şertli eýeçilige berilýän ýerler iki bölege bölünipdir. 1) Sipaha berilýän ýerleriň köpüsini daýhanlaryň ýerleri (çift) düzüpdir. 2) Sipahiniň özüniň hem «hassa çiftlik» diýlip atlandyrylan aýratyn ýer bölegini almaga hukugy bolupdyr. Düzgün boýunça ýerli daýhanlar şol çiftlikleri işläp bejeripdirler we öndüren önümleriniň bir bölegini özlerinde galdyrypdyrlar.

Oba ilatynyň esasyny düzen daýhanlar bitewi bir gatlak bolmandyr. Olaryň arasynda öz ýerlerini miras galdyrmaga hukugy bolan we munuň üçin degişli salgytlary tölemäge borçly edilen ýönekeý raýatlar we hususyýetçileriň ýerlerini işläp bejerýän paýçy-daýhanlar bolupdyr. Bulardan başga-da,

oba ilatynyň döwletiň öňünde aýry-aýry borçlary ýerine ýetirmek borjy ýüklenilen toparlary hem bar eken. Olaryň hataryna senetçiler, oduncylar, magdançylar degişli bolup, olar munuň üçin «tekýalifi-urfiýe» we «awarizi-diwani» salgytlaryny tölemekden boşadylypdyr.

Oba ilatynyň aýratyn bir toparyny erkin jemagatçylar bolan «askeri» (harby gatlak) gatlagy düzüpdir. Başda olardan taýpa nökerlerini düzüpdirler, soňra sipahi goşunlarynyň peýda bolmagy bilen olaryň boýnuna sülsady (goşunyň ýüki), ýollaryň, dag geçelgeleriniň howpsuzlygyny goramak, çaparlaryň wezipesini ýerine ýetirmek, begiň atlaryny bakmak, seýislemek, el guşlaryny idetmek ýaly borçlar ýüklenilipdir. Şeýle borçlary ýerine ýetirýändikleri ücin, adatça, olar salgytlardan boşadylypdyr, emma olaryň ýörişlere gatnaşmak we zerur harby esbaplary edinmek üçin serişdeleri ýetmeýärdi. Şol sebäpden hem olar «ojaklara» (jemagat manysynda) birleşýärdiler. Ojaklaryň agzalary şeýle ýörişlere nobat boýunça gatnaşýardylar, özi hem ýöriş nobaty öňde durýanlar, urşa gidýänleriň çykdajylaryny çekýärdiler. Käbir ýagdaýlarda ojaklara (jemagatlar) bilelikde ulanmak şerti bilen timar ýerleri hem berlipdir. Elbetde, olary sipahileriň hataryna goşmandyrlar, ýöne hukuk derejesi boýunça olar ýönekeý raýatlardan has ýokarda durupdyrlar.

XIV-XV asyrlarda Kiçi Aziýadaky begliklerde senetçilik we söwda hem belli bir derejede ösüpdir. Bu döwürde Anadolynyň şäherleri ilat sany we tutýan meýdany boýunça gaty uly bolmandyr. Şäher bazarlaryna getirilýän harytlaryň arasynda oba hojalyk we senetçilik önümleri agdyklyk edipdir. Şäher bazarlarynyň harytlary arzan bolupdyr. Ibn Batuta Kiçi Aziýanyň şäherlerindäki bazarlaryň harytlarynyň bahalaryny görüp haýran galypdyr. Mysal üçin, semiz goýnuň etiniň ýarysyny 10 dirheme (ýagny 10 akja), bir günläp oňňut edip boljak on adamlyk çöregi 2 dirheme, bir daňy oduny 1 dirheme satyn alyp bolupdyr.

Egeý deňziniň kenaryndaky şäherler Lewant (Gündogar) söwdasyna işjeň goşulypdyrlar. Wenesiýaly, genuýaly, kritli söwdagärler Anadolydan däne, pamyk, ýüpek, zygyr, gön, ýüpek, ýüň we nag ýüplükleri boýamak üçin ulanylýan boýaglary, deri eýlemek üçin ulanylýan aşgarlary satyn alypdyrlar. Ibn Batutanyň berýän maglumatlatyna görä, Anadolydan öndürilen türkmen halylary mamlýuklaryň Kairdäki köşklerini bezäpdirler.

Lewant söwdasynyň örän peýdaly we köp girdeji getirýän pudak bolandygy üçin ýewropaly täjirler bilen Günbatar Anadolynyň begleri özara söwda şertnamalaryny baglaşypdyrlar. 1331-nji ýylda menteşeli beg Orhan Kritiň dukasy (häkimi) bilen söwda şertnamasyny baglaşypdyr. Kritiň dukasy bilen edil şeýle şertnamany 1337-nji ýylda aýdyňly beg hem baglaşypdyr.

## § 6. Osman döwleti XIV-XV asyrlarda

**Osman begliginiň kemala gelmegi we Anadolyny birikdirmek ugrundaky hereket.** XIII asyryň ahyrlarynda Kiçi Aziýanyň çet demirgazyk-günbatarynda, Sakarýa derýasynyň boýunda ýerleşýän serhet ujy bolan Osmanly begligi güýçlenip ugraýar. Başda bu ýerlerde Husameddin Çopanyň nebereleri hojaýynçylyk edýärdiler. XIII asyryň ortalarynda bu ýerler häzirki Türkmenistanyň ýerinden göçüp baran kaýylaryň serdary Ärtogrul Gazynyň mülklerine öwrülipdir. Mongollaryň ýörişlerinden soň, begligiň seljukly soltanlaryna baglylygy peselipdir we Çopanogullarynyň begliginiň dargamagy bilen bolsa özbaşdak ýagdaýa geçipdirler. Begligiň döremegi Ärtogrul Gazynyň ogly, meşhur türkmen serkerdesi Osman begiň (1258-1326) ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ol Wizantiýa garşy alnyp barlan uruşlarda Gazy adyna mynasyp bolupdyr. Mongollaryň Rum soltanlygynyň köp ýerlerini eýelemegi we seljuklaryň ilhanlaryň ýapjasyna öwrülmegi Osman Gaza begligi

berkitmäge we onuň ýerlerini giňeltmäge mümkinçilik döredipdir. 1300-njy ýylda Osman beg seljuklaryň agalygyndan doly çykýar we özbaşdak syýasat ýöredip ugraýar. Osman Gazy 1302-nji ýylyň 27-nji iýulynda Wizantiýa imperatorynyň öz garşysyna ugradan goşunlaryny hem derbi-dagyn edýär.

Osman begligi ykdysady ösüşiniň derejesi we tutýan meýdany boýunça beýleki türkmen begliklerinden yza galypdyr. Emma begligiň geografiki taýdan amatly ýerleşmegi, şonuň ýaly-da, XIV asyryň başlarynda emele gelen syýasy ýagdaý, Osman begliginiň kuwwatlanmagyna we onuň ýerleriniň giňemegine getiripdir. Begligiň başda dörän ýeri bolan Sögüt etraby mongollaryň häkimiýetinden örän uzakda ýerleşipdir. Wagtal-wagtal mongollara paç iberip, olar özbaşdak hereket edipdirler. Osman begliginiň Garaman bilen anyk araçägi bolmandyr, şonuň üçin hem olar osmanlylaryň üstünliklerine päsgel berip bilmändirler. Beýleki bir beglik Germiýanogullary Wizantiýa bilen uruşlary alyp barypdyr, Garamanogullary bilen bolsa bäsdeşlik edipdirler. Netijede, golaý-goltumdaky emirlikleriň aglabasynyň ünsi başga meselelere gönügipdir. Egeý deňziniň kenaryndaky beglikler barada aýdylanda bolsa, olar Osman begliginden has uzakda ýerleşýärdiler.

Osman begliginiň kuwwatlanmagyna täsir eden şertleriň biri-de, onuň Wizantiýa bilen goňşuçylykda ýerleşmegidi. Osmanlylaryň Wizantiýanyň ýerlerine yzygider hüjüm etmekleri, Kiçi Aziýanyň jümmüşinden täze-täze güýçleriň osmanlylara goşulyp durmaklary begligiň ýerlerini has-da giňeldipdir.

Şindi Osman Gazynyň döwründe türkmenler Sakarýa derýsynyň boýundaky gowy berkidilen Bursa galasynyň töweregindäki ýerleri eýeläpdirler. Bursa soňra Osmanyň ogly Orhan Gazy (1326-1361) tarapyndan eýelenýär we begligiň täze paýtagty hökmünde saýlanyp alynýar. XIV asyryň 30-njy ýýllarynda Wizantiýanyň Anadolydaky iň soňky galalary bolan

Nikeýa we Nikomediýa şäherleri hem osmanlylar tarapyndan eýelenilipdir.

XIV asyryň 40-njy ýyllarynda osmanlylar goňşuçylykda ýerleşýän beýleki bir türkmen döwleti bolan Garasyogullary begliniň ýerlerini kynçylyksyz eýeleýärler. Netijede, asyryň 50-nji ýyllaryna çenli osmanlylar Gara deňziniň bogazlaryna çykmagy başarýarlar, ýöne bogazdan geçmek we Konstantinopoly eýelemek Orhan bege başartmaýar. Orhan Gazynyň döwründe Osman begligi sebitde iň güýçli beglikleriň birine öwrülýär. XIV asyryň 30-40-njy ýyllarynda Kiçi Aziýada bolan arap syýahatçysy Ibn-Batuta Orhan barada: «Bu soltan – iň baý genji-hazynasy, şäherleri we esgerleri bolan türkmen hökümdarlatynyň iň güýçlüsi. Onuň ýüze golaý gowy berkidilen galalary bolup, öz galalaryna ol hemişe aýlanyp durýar. Şol galalaryň her birinde birnäçe günläp bolmak bilen, Orhan olaryň ýagdaýyna we galalarda alnyp barylýan abatlaýyş işlerine gözegçilik edýär» diýip ýazypdyr.

Osman begliginiň güýçlenmegi Kiçi Aziýanyň merkezi we gündogar böleginde ýerleşýän beglikleri howatyrlandyrypdyr. Aýratyn hem Eretneogullary begligi Osman begliginiň güýçlenmeginden çekinipdir. Bu döwürler Eretneogullary begligi dagynyk ýagdaýdady. Emma begligiň paýtagty Siwasda hökümetiň başyna öz döwrüniň meşhur döwlet işgäri, hukukçysy we şahyry Kazy Burhaneddin Siwasilynyň (1345-1398) gelmegi bilen beglik gaýtadan güýçlenip ugraýar. 1380-nji ýylda Eretnäniň agtygy Alaýeddin Aly beg aradan çykandan soň, Kazy Burhaneddin begligiň hakyky hökümdaryna öwrülýär.

1389-njy ýylda Kazy Burhaneddin Garamanogullary, Aýdyňogullary, Saryhanogullary, Menteşeogullary, Germiýanogullary we Hamitogullary bilen bilelikde osmanlylaryň garşysyna türkmen emirlikleriniň bileleşigini döredýär. Olar Orhanyň ogly Myrat I-niň (1362-1389) Serbiýa ýörişe gidenliginden peýdalananyp, osmanlylaryň Kiçi

Aziýadaky mülklerine hüjüm edýärler. Emma Myradyň ogly Baýezit Ýyldyrym (1389-1403) soňra beglikleriň bileleşigine güýçli zarba urup, Günbatar Anadolydaky beglikleriň ýerlerini eýeleýär. Emma Kazy Burhaneddiniň, Garamanogullarynyň we Jandarogullarynyň döreden täze bileleşigine Baýezidiň hüjümlarini saklamak başardýar. Üstesine-de, osmanlylar we olaryň garşydaşlarynyň arasyndaky meselelere Müsüriň mamlýuk soltany hem araçy bolup gatnaşýar.

Eger-de, XIV asyryň birinji ýarymynda Kiçi Aziýada 20-ä golaý ululy-kiçili beglikler bolan bolsa, şol asyryň ahyrlaryna çenli olaryň sany görnetin azalypdyr. Şu döwre çenli sebitde agalyga dalaş edýän üç sany merkez kemala gelýär: Garamanogullary, Kazy Burhaneddiniň Siwasdaky soltanlygy we Osman begligi. Bularyň üçüsi hem Seljukly nesliniň sebitdäki mirasyna eýe bolmaga çalyşýardylar. Emma özara bäsleşikde we ownuk beglikleri bir bitewi döwlete birleşdirmekde Osmanly begligi has işjeň hem-de aýgytly hereket edipdir. Bu syýasat osmanly soltanlary Myradyň[1] hem-de Baýezidiň döwründe has uly netijeleri beripdir. 1387-nji ýylda Myrat I Garamanogullary bilen urşup, Hamidogullary begliginiň ýerlerini eýeleýär.

1389-1390-njy ýyllarda Baýezit Ýyldyrym Günbatar Anadolydaky Menteşeogullary, Aýdyňogullary, Saryhanogullary we Germiýanogullary begliklerini eýeleýär. 1390-1392-nji ýyllarda bolsa osmanlylar esasy bäsdeşleriniň biri bolan garamanogullaryny hem derbi-dagyn edýärler. Garamanogullarynyň aman galan agzalary osmanlylara boýun synýarlar. Şu wakadan köp wagt geçmänkä Jandarogullary hem osmanly hökümdarlarynyň häkimiýetini ykrar edýärler.

Tiz wagtdan Kiçi Aziýanyň syýasy ýagdaýy çylşyrymlaşýar. Sebäbi Merkezi Aziýa we Eýran taraplardan Anadola Teýmirleňiň (1370-1405) goşunlary çozup girýär.

---

[1] Myrat I «soltan» unwanyny alan ilkinji osmanly hökümdarydyr.

1394-nji we 1396-njy ýyllarda Teýmirleň Kiçi Aziýanyň gündogaryna we merkezini etraplaryna talaňçylykly ýörişleri geçirýär. Teýmirleň tarapyndan basylyp alynmak howpy Baýezit bilen Kazy Burhaneddini bileleşip hereket etmäge mejbur edýär. Emma sebitdäki köp begliklerіň hökümdarlary Teýmirleň bilen gepleşik geçirip, oňa tabynlyk bildiripdirler. Baýezit bilen Kazy Burhaneddiniň bileleşigi uzaga çekmändir. Sebäbi 1398-nji ýylda Teýmirleňiň tarapdary bolan Akgoýunly türkmen döwletiniň goşunlary bilen uruşda Kazy Burhaneddin wepat bolýar. Baýezit Anadolydaky türkmen begliklerініň ýerlerini eýelemegi dowam etdiripdir. Siwas soltanlygy, Janik we Amasýa beglikleri, Malatýa, Elbistan, Diwrigi şäherleri eýelenilýär. Emma 1402-nji ýylda Ankaranyň eteginde bolan söweşde Baýezidiň goşunynyň düzümindäki Garasyogullary, Saryhanogullary, Aýdyňogullary, Menteşeogullary, Hamitogullary, Zülkadyrogullary, Remezanogullary we Germiýanogullary begliklerініň ilatyndan düzülen goşunlar Teýmirleňiň tarapyna geçýärler we osmanlylar agyr ýeňlişe sezewar edilip, hökümdaryň özi bolsa iki ogly bilen ýesir alynýar.

Teýmirleň Osman döwletiniň dikelmegine ýol bermezlik maksady bilen türkmen begliklerini dikeldýär, emma olaryň agramly bölegi täze şertlerde özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamaga ukypsyz bolup çykýarlar we bary-ýogy 15-20 ýyl ýaşap ýene-de Osman döwletiniň düzümine goşulýarlar. XV asyryň 50-nji ýyllaryna çenli Saryhanogullary, Menteşeogullary, Jandarogullary (beýleki ady Isfendiýarogullary), Aýdyňogullary, Germiýanogullary we Tekeogullary beglikleri ýaşamaklaryny bes edýärler. 1465-nji ýylda osman soltany Muhammet II Fatih (1451-1481) goşunlaryny Garamanogullary begiligine garşy gönükdirýär. Garamanogullaryny Akgoýunly türkmen döwletiniň patyşa Uzyn Hasan goldapdyr, emma 1473-nji ýylda Muhammet II birleşen akgoýunly-garamanogullary goşunlaryny derbi-dagyn

edýär. Şeýlelikde, bütin Kiçi Aziýada Osman döwletiniň golastyna geçýär.

**Osmanlylaryň Ýewropa ýörişleriniň başlanmagy.** Osmanlylaryň Ýewropa ýörişleriniň öňsyrasynda Balkan ýarym adasynda birnäçe özbaşdak döwletler bardy. Olaryň syýasy-ykdysady we harby taýdan güýçlileri Wizantiýa, Serbiýa, Bolgariýa we Bosniýa hasap edilýärdi. Bu döwletler hemişe özara uruşýardylar, güýje baýrynyp, biri-biriniň ýerlerini alýardylar. Özara uruşlarda ol ýa-da beýleki bir döwlet anadolyly türkmen begleri bilen ýaranlyk baglaşyp, olaryň nökerlerini kömege çagyrýardylar we garşydaş tarapy bilen alnyp barylýan uruşlarda peýdalanýardylar. Şol döwürden başlap osmanly taryhynda Ýewropa ýurtlaryna *«akyn»* (akyn, ýagny ýoriş etmek manysynda) etmeklik başlaýar. Akyn edýänleri *akynjylar* diýip atlandyrýardylar.

Balkan ýarym adasynda osmanly akynjylary 1345-1346-njy ýyllarda, haçanda, Ioan Kantakuzeniň wizantiýa tagtyna dalaş edýän döwründe, onuň ýaranlary hökmünde peýda bolýarlar. Türkmen akynjylarynyň kömegi bilen tagta gelen Ioan Kantakuzen minnetdarlygyň alamaty hökmünde gyzy Feodorany Orhan bege aýal edip berýär. 1348-nji ýylda Orhanyň ogly Süleýman Kantakuzeniň Serbiýa garşy guralan ýörişine-de gatnaşýar. Bir ýyldan soň akynjylar Bolgariýa garşy hem ýöriş geçirýärler.

Tiz wagtdan Kantakuzen Orhan bilen ýaranlykdan ýüz öwürýär we bolgar patyşasyna we serb despotyna (patyşa) osmalylara garşy ýaranlyk baglaşmagy teklip edýär. Osmanlylara garşy ýaranlyk döretmek Wizantiýanyň hökümdaryna başartmaýar. Ýöne, 1352-nji ýylda Konstantinopol tagtynyň täze dalaşgäri serblere we bolgarlara daýanyp Kantakuzeniň garşysyna çykanda, ol ýene-de Süleýmany kömege çagyrýar. Süleýman beg goşunlary bilen yzyna dolanyp gelýärkä Geliboly (Gallipoli) ýarym adasynda kiçeňräk Simpe galasyny eýeleýär. Kantakuzen köp pul

hödürläp Süleýmany galadan el çekmäge yrjak bolupdyr. Emma 1354-nji ýylda Gelibolydaky galalaryň ýykylmagyna getiren uly ýer titremesi bolup geçýär. Süleýman beg gysga döwrüň içinde tutuş Geliboly ýarym adasyny kynçylyksyz eýeleýär. Şeýlelikde, Dardanel bogazyndan Balkan ýarym adasyna päsgelçiliksiz geçmek üçin gowy mümkinçilik döreýär.

Orhan Gazy aradan çykandan soň başlan häkimiýet ugrundaky özara uruşlar, 1357-nji ýylda Süleýman begiň ölmegi, 1366-njy ýylda Gelibolynyň wizantiýalylar tarapyndan gaýtarylyp alynmagy, begligiň Anadolydaky ýerleri bilen Balkanlardaky osmanly goşunlarynyň arasynyň 10 ýyllap diýen ýaly üzňe ýagdaýda bolmagy hem türkmenleriň Ýewropa tarap öňe süýşmeklerini bökdäp bilmändir. Hajy Ilbeg, Ewren beg, Mihal beg we Turak han ýaly serkerdeleriň baştutanlygynda osmanly goşunlary üç ugur boýunça: Egeý we Gara deňileriniň boýy, şeýle hem Edirnäni Sofiýa we Belgrad bilen birleşdirýän ýol bilen demirgazyga tarap öňe süýşüpdirler.


Soltan Myrat I
(1359-1389)

Başda ýörişler olja almak maksady bilen geçirilen bolsa, indi osmanlylar ýer eýeleýärdiler we eýelän ýerlerinde ykjam ornaşýardylar. Şol sebäpden hem Balkan ýarym adasyndaky döwletler osmanlylara garşy ýaranlyk döredip, olary yzyna serpikdirmäge çalşypdyrlar. Emma 1371-nji ýylda Marisa derýasynyň boýundaky Çernomen galasynyň ýanynda serb despoty Ugleş tarapyndan baştutanlyk edilýän birleşen goşunlar osmanlylar tarapyndan agyr ýeňlişe sezewar edilýär. Şundan soň hristian döwletleriniň garşylygy belli-külli peselýär. Osman soltany Myrat I hem ýörişleri bes edipdir we olara meýletin boýun egip, ýapja bolmaklygy teklip edipdir. XIV asyryň 80-nji ýyllarynyň başlaryna çenli Myrat I bütin Frakiýany we

Makedoniýany eýeleýär. Konstantinopoly yzda galdyryp osmanly hökümdary bar ünsüni Serbiýa garşy gönükdiripdir. 1389-njy ýylyň 28-nji iýunynda Kosowo meýdanynda aýgytlaýjy söweş bolup geçýär. Söweşde serblerden we bosnaklardan düzülen goşunlar gutarnykly derbi-dagyn edilýär. Şol gün osmanly hökümdary Myrat I we serb koroly Lazar wepat bolupdyrlar. Kosowo söweşi Serbiýanyň ykbalyny çözüpdir we ol özbaşdaklygyny ýitirýär.

Balkanlara geçirilen ýorişleriň netijesinde öňki kiçeňräk beglik ep-esli giňäpdir we ol güýçli döwlete öwrülipdir. Bu ýerlerde eýelenilen ähli ýerler birikdirilip, *Rumeliýa* («Rum ili» sözlerinden) beglerbegligi döredilipdir. Täze dörän beglerbegligiň merkezi Edirne (Adrianopol) şäherine soltan Myrat I döwletiň paýtagtyny (öň Bursa) hem göçürip getirýär. Myrat I Anadolydaky garşydaşlaryna garşy uruşlarda özüniň ýewropaly ýaranlaryny, şeýle hem ilkinji gezek toplary we tüpeňleri peýdalanypdyr.

Myrat I-niň mirasdüşeri we ogly Baýezit I (1389-1403) kakasynyň syýasatyny ýöredipdir. Ol özüniň hristian ýapjalaryny ulanyp gysga wagtyň içinde Günbatar Anadolydaky beglikleri eýeleýär, soňra bolsa eýelän beglikleriniň goşunlary bilen Balkan ýarym adasynda ep-esli ýerleri eýeleýär. 1393-nji ýylda türkmenler eýýäm Bolgariýanyň paýtagty Tyrnowany eýeläpdirler, 1396-njy ýylda bolsa Dunaý derýasynyň günortasynda ýerleşýän Nikopolyň eteginde wengerleriň, walahlaryň, bolgarlaryň we ýewropaly rysarlaryň 20 müňe barabar söweşijileri bolan birleşen güýçlerini derbi-dagyn edýärler. Balkan ýarym adasyndaky ýerlere geçiren üstünlikli ýörişleri we okgunly hereketleri üçin Baýezit I «*Ýyldyrym*» lakamyna eýe bolýar. Baýezit Konstantinopoly eýelemegi ýüregine düwýär we munuň üçin Bosfor bogazynyň Anadoly kenarynda gala gurdurýar. Emma Konstantinopoly eýelemek maksadyndan el çekmeli bolýar, sebäbi Kiçi Aziýa Teýmirleň goşun çekip gelýär.

**Osman döwletiniň dolandyrylyşy.** Başky döwürlerde Osman begliginiň dolandyrylyşy ýönekeý bolupdyr. Osman beg, onuň ogly Orhan beg taýpa maslahatynda atly taýpa serdarlary tarapyndan beglige tassyklanylypdyr. Serkerde hökmünde beg harby işlere ýolbaşçylyk edipdir, ýörişleri geçiripdir. Begiň egindeşleriniň, maslahatçylarynyň ornuny, köplenç, ogullary, doganlary tutupdyrlar we olardan basylyp alnan ýerleriň, galalaryň häkimleri bellenilipdir.

Osman begliginiň ýerleriniň giňemegi onuň dolandyrylyşyny kämilleşdiripdir we onuň çylşyrymly gurnalan durmuş-ykdysady we syýasy gurluşly döwlet hökmünde orta çykmagyny tizleşdiripdir. Orhanyň döwründe döwlet dolandyryş ulgamynda weziriň wezipesi, döwletiň öz kümüş puly – akja (akçe – 1,5 gr) ýüze çykýar. Goşunyň düzümi we onuň dolandyrylyşy kämilleşipdir. Goşun iki bölekden durup, onuň bir bölegini pyýada (*piýade*) ýa-da ýaýçy (*ýaýa*), ikinji bölegini bolsa *müsellem* (atly goşun) diýip atlandyrypdyrlar. Bu goşunlaryň esgerleri ýörişler döwründe günde 1 akja hak alypdyrlar. Parahatçylyk döwründe esgerler özlerine döwlet tarapyndan berlen ýerlerde işläpdirler. Olara salgyt salynmandyr. Şunuň netijesinde öňki taýpa ýygynlarynyň, nökerleriniň ornuna döwlet goşunlary döredilip başlapdyr. Eger-de, XIV asyryň birinji ýarymynda goşunlar jemagatçy-nökerlerden (*azap* ýa-da *akynjy*) düzülen bolsa, soňky döwürlerde beglikde geçirilen harby özgertmeler, hökümdarlaryň uzak möhletleýin maksatlary öz öňlerinde goýandyklaryna şaýatlyk edipdir. Täze düzülýän goşunlar diňe bir täze ýerleri eýelemek üçin gerek bolman, eýsem bütin Kiçi Aziýany bitewi bir döwletiň düzümine birikdirmek üçin hem zerurdy.

Ekerançylyk ýerleriniň – timarlaryň gulluk ýerleri hökmünde serkerdelere berilmeginiň merkezleşdirilen bitewi döwletiň kemala gelmeginde uly ähmiýeti bolupdyr. Timarlar köplenç harby gullyk we ýörişlere gidilýändigi üçin berilýärdi

we olaryň eýelerini *sipahi* diýip atlandyrypdyrlar. Osman döwletinde berýän girdejisiniň mukdary boýunça timarlary üç bölege bölüpdirler. Olaryň birinjisi timaryň (eýesi timariot) özi bolup, ol bir ýylda onuň eýesine 3 müňden 10 müň akja çenli girdeji beripdir. Has uly möçberli we eýesine 20 müňden 100 müň akja çenli girdeji berýän ikinji bölegi *zeamet* (eýesi *zaim*) diýlip atlandyrylypdyr. Belli bir mukdardaky nökerleri öz hasabyna ýaraglandyryp hökümdaryň huzuryna gelmek we onuň bilen ýörişlere gitmek timariotlaryň we zaimleriň esasy borjy hasap edilipdir. Bulary osmanly döwletinde türkmençe «*gylyç adamlary*» diýip hem atlanyrýardylar. Timarlaryň soňky, üçünji bölegi «*hassa*» dylip atladyrylyp, şeýle ýerler onuň eýesine ýylda 100 müňden ýokary girdeji beripdir. Hassa ýerleri ýokary döwlet wezipelerini eýeleýän döwlet emeldarlaryne berlipdir we olar «*galam adamlary*» diýlip atlandyrylypdyr. Timar, zeamet we hassa ýerlerine, «*dirlik*» diýlip atlandyrylan umumy at berlipdir.

Osman döwletinde kemala gelen bu düzgün ylymda timar ýa-da sipahi ulgamy diýlip atlandyrylyp, bu ulgam jemgyýetiň iň köp sanly topary bolan sipahiler gatlagynyň üstüni yzygider dolduryp durmalydy. Sipahiler diňe bir ýörişlere gatnaşmak bilen çäklenmän, olar ýerlerde tertip-düzgüne we daýhanlaryň döwletiň öňündäki borçlarynyň gyşarnyksyz ýerine ýetirmeklerine hem jogap beripdirler. Sipahi ulgamynyň ýüze çykmagy Osmanly döwletiniň Anadolydaky, şeýle hem Wizantiýadan, Balkan ýarym adasyndaky ýurtlardan alnan ýerleriň esasynda kemala gelipdir. Timarlaryň sanynyň we mukdarynyň artmagy osman döwletiniň harby kuwwatynyň artýandygyny aňladýardy.

Osman döwletiniň kuwwatlanmagyna hemişelik ýanyçar («*ýeni çeri*» - täze goşun) goşunlarynyň döredilmeginiň hem uly ähmiýeti boldy. Müň esgerden durýan şeýle goşun ilkinji gezek Orhan begiň döwründe peýda bolýar. Bu goşunyň döredilmeginiň esasy aýratynlygy, onuň satyn alnan gullardan,

ýesir düşen esgerlerden düzülenliginden ybaratdy. Şeýlelikde, özleriniň etno-medeni we dini durmuşlaryndan bütinleý arany üzen, yslam dinine uýdurylyp, Bekdaşy derwüş guramasynda musulmançylyga uýdurylan we soltana wepalylyk ruhunda terbiýelenilen ýanyçar goşunlary diniň we soltan häkimiýetiniň hakyky goragçylaryna öwrülipdirler. Olary osman jemgyýetinden üzňe ýagdaýda saklaýardylar. Ýanyçarlara öýlenmek hem bolmaýardy. Bular ýörişler döwründe esasy zarba urujy güýç hömünde, şunuň bilen bir hatarda, ýurduň içinde boýun egmezek sipahileri, eýelenilen ýurtlaryň halkyny tabynlykda saklamak üçin ulanylypdyr.

Wizantiýadan we Balkan ýarym adasyndaky döwletleriň elinden alnan ýerlerde yslam dini köpçülikleýin ýaýrapdyr. Bu işi has-da çaltlandyrmak maksady bilen soltanlar basylyp alnan ýerlerde dini guramalara berilýän wakf ýerleriniň mukdaryny artdyrypdyrlar. Nirede wakf ýerleri köp bolsa, şol ýerde musulmançylygy kabul edýänleriň sany artypdyr. Osman taryhynyň irki döwürlerinde basylyp alnan ýerlerde dünýewi we dini häkimiýetleriň eýeleri harby serkerde – beg bilen sopyçylyk-derwüş dini guramasynyň ýolbaşçysy – şyh deň mümkinçilikleri we täsirleri bolan baştutanlar bolupdyrlar. XIV asyryň ikinji ýarymynda beg eýýäm soltana öwrülipdir, derwüş guramasynyň şyhynyň ornuny bolsa musulman alymlary bolan ulamalar eýeläpdirler. Ulamalaryň täsiriniň güýçlenmegi Osman döwletinde yslamyň sünni mezhebiniň köpçilikleýin ýaýramagyna, köp milletli musulman döwletinde ruhy bitewiligiň kemala gelmegine getiripdir. Ulamalardan döwlet edarasynyň wezipeli adamlary düzülipdir, olaryň arasyndan ilkinji wezirler çykypdyrlar. Ulamalaryň döwlet işine köpçülikleýin çekilmegi, soltanlaryň abraýyny artdyrypdyr we döwletiň merkezleşmegi üçin has gowy şertleri döredipdir.

Baýezit I dolandyran ýyllary oňyn özgertmeler bilen utgaşypdyr. Soltan döwlet hazynasynyň berkemegine, şerigatyň kadalaryna däl-de, öňi bilen urp-adatlara (urf) esaslanýan täze

salgytlaryň girizilmegine uly ähmiýet beripdir. Onuň döwründe ilkinji gezek salgyt töleýjileriň sanawy düzülipdir we «tahrir depderleri» diýlip atlandyrylan hasabat kitapçalary ýöredilip başlapdyr. Döwlet dolandyryş işinde «*gapyguly*»[1] ulgamy hem giňişleýin girizilip ugraýar. Munuň özi gullaryň diňe bir goşunda däl, eýsem döwlet edaralarynda hem köpçülikleýin ulanylyp başlandygyna şaýatlyk edýär.

Osmanly döwletiniň dolandyryş-çäk gurluşy kämilleşipdir. 1393-nji ýylda Anadolyda ikinji beglerbeglik döredilýär. Edil Rumeliýa beglerbegligi ýaly, ol hem öz gezeginde aşaky dolandyryş ulgamyna – sanjaklara bölünipdir. «*Sanjak*» köne türkmen dilinde (arapça – *liwa*) «baýdak» manysyny aňladyp, ol kesgitli mukdardaky goşuny berip biljek ýeri – etraby aňladypdyr. Netijede, sanjagyň dolandyryjysy – *sanjakbeg* (ýa-da *emiriliwi*), şol bir wagtyň özünde bu ýerden gelýän goşunlaryň serkerdesi hem hasap edilipdir. Baýezit Ýyldyrymyň döwründen başlap sanjaklar Osman döwletiniň esasy dolandyryş birligine öwrülipdir.

**Bedreddin Simawynyň baştutanlygyndaky gozgalaň.** Teýmirleňiň ýörişleri Kiçi Aziýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýyna juda ýaramaz täsir edipdir. Osman döwletiniň geljegi üçin howply ýagdaý döreýär, sebäbi Garaman we beýleki beglikler dikeldilipdir. Munuň üstesine-de, Teýmirleň döwletiň Anadolydaky ýerlerini 1403-nji ýylda aradan çykan Baýezidiň ogullarynyň arasynda bölüpdir. Teýmirleň Kiçi Aziýadan gidenden soň Baýezidiň mirasdarlarynyň arasynda häkimiýet ugrunda ýiti göreşler başlaýar. Birnäçe ýyldan soň mirasdüşerleriň diňe iki sanysy – Musa bilen Muhammet (Mehmet) diri galypdyr. 1413-nji ýylda Musa ýeňlipdir we öldürilipdir. Muhammet I (1413-1421) osmanlylaryň Ýewropadaky we Kiçi Aziýadaky mülkleriniň ýeke-täk hökümdaryna öwrülýär.

---

[1] *Gapyguly* – bu ýerde köşk ýa-da hökümdaryň gullukçylary, ýagny köşgüň ýa-da hökümdaryň gapysynda hyzmat edýän gullukçy manysynda gelýär.

Baýezidiň ogullarynyň arasyndaky göreşler osman jemgyýetindäki dürli durmuş toparlarynyň arasyndaky gapma-garşylyklaryň üstüni açypdyr. Häkimiýet ugrundaky göreşlerde Musa türkmen taýpalarynyň nöker goşunlaryna, Muhammet bolsa jemagatçylyk gurluşyndan bir wagt saýlanyp çykan türkmen sipahi goşunlaryna daýanypdyr. Muhammediň ýeňşi döwlet goşunlarynyň erkin jemagatçylaryň nökerlerinden üstün çykmagyny aňladypdyr. Şol döwürden başlap sipahileriň atly goşunlary osman döwletiniň esasy söweşjeň güýjüne öwrülýär, ýaýalar we müsellemler bolsa öz ähmiýetini ýitirip, ikinji derejeli ýygynlara öwrülýärler.


Teýmirleňiň Izmiri basyp almagy (miniatýura, 1467)

Döwrüň çylşyrymly syýasy wakalary ilatyň ýaşaýyş-durmuşyna-da ýaramaz täsir edipdir we ýurduň dürli ýerlerinde halk çykyşlarynyň turmagyna sebäp bolupdyr. Halk çykyşlaryna raýatlar diýlip atlandyrylan ekerançylar we çarwalar köpçülikleýin gatnaşypdyrlar. Aýratyn hem osmanlaryň başky döwründe soltanlaryň esasy zarba urujy güýji bolan türkmen çarwalarynyň närazylygy güýçli duýulypdyr. Balkan ýarym adasynyň serhet welaýatlarynda ýerli häkimiýeti ellerinde saklaýan taýpa serdarlary hem aç-açan nägileleik bildiripdirler, sebäbi olaryň özbaşdaklygy merkezleşdirilen soltan häkimiýetiň kemala gelmegi bilen berk çäklendirilipdir. Daýhanlar köpçüliginiň närazylyklarynyň osman jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynyň garşylyklary bilen birleşmegi ýurtda ýiti durmuş-syýasy gapma-garşylygy

döredýär. Bu garşylyklar osmanly tagty ugrundaky özara dawalarda, aýratyn hem 1415-1416-njy ýyllaryň gozgalaňynda öz beýanyny tapypdyr.

Bu gozgalaňa musulman Gündogarynyň belli jemgyýetçilik-syýasy işgäri, musulman alymy, şyh Bedreddin Simawy (1358-1416) ýolbaşçylyk edipdir. Ýaşaýyş, durmuş, din, ahlak hakyndaky dini-filosofiki gözlegler bu alymyň öz döwrüniň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşyna çapraz gelýän talaplary öňe sürmegine getiripdir. Onuň dünýägaraýşy we eýeren aňyýeti barada aýdylanda, ol panteistik[1] garaýyşlardan ugur alypdyr. Bedreddin Simawy ähli adamlaryň dini garaýyşlaryna garamazdan, olaryň doganlygyny ündäpdir, emläk we durmuş deňsizligini ýazgarypdyr. Bu işde onuň özi adamlara görelde bolupdyr, terkidünýäleriň geýimini geýip, şyh ähli emläginden el çekipdir we baýlyklaryny garyp halkyň arasynda paýlapdyr.

Şyhyň wagyzlary we durmuş ýörelgesi şindi gozgalaňdan has öň halkyň içindäki abraýyny artdyrypdyr. Haçan-da, 1405-nji ýyllarda Bedreddin Simawy Kairden Edirnä gelende, halk ony uly dabara bilen garşylapdyr. Konýada, Kütahýada, Aýdyňda, Tirde, Izmirde, Bursada, Edirnede we şäherleriň töweregindäki obalarda onuň tarapdarlary has-da köp bolupdyr. Tagtyň dalaşgärleriniň biri Musa hem onuň halkyň içindäki abraýyny göz öňünde tutup, ony özüniň kazyesgeri edip belleýär. Musa ýeňlenden soň şyhy Iznige sürgün edýärler. Sürgünde wagty Bedreddin Simawy öz maksadyny amala aşyrmak üçin gozgalaň turuzmagy karar edýär. 1415-nji ýylyň başlarynda ol ýurdaky ýagdaýyň çylşyrymlaşýandygyny aňyp müritlerini Günbatar Anadola iberýär. Onuň şägirtleri – müritleri Mustapa Berklije bilen Torlak Kemal Izmir we

[1] *Panteizm* – munuň özi Taňrynyň älemleri ýaradandygy we şunuň bilen bir hatarda, ähli barlyklaryň Taňrynyň özüdigi hakyndaky düşünjedir. Teizm boýunça Taňry barlyklary ýaradyp bir gyra çekilýän bolsa, panteizm boýunça her bir zat Taňrydyr.

Manisa taraplarda gozgalaň turuzýarlar. Olaryň baştutanlygyndaky gozgalaňçy goşunlaryň sany 10 müňe ýetipdir we olar birnäçe gezek soltan goşunlaryny ýeňlişe sezewar edipdirler. Emma gozgalaňçylaryň sanyny artdyrmagyň we täze ýerlere hüjüm etmegiň deregine gozgalaňçy serdarlary goranyşa geçipdirler. Şonuň üçin hem soltan Muhammet I pursatdan peýdalanyp ilki Mustapa Berklijäniň, soňra bolsa Torlak Kemalyň goşunlaryny derbi-dagyn edipdir. Gozgalaňçy serdarlaryň ikisi hem ýesir alnyp öldürilýär.

Izmirde başlan gozgalaňy eşidip, şyh Bedreddin sürgünden gaçýar we Jandar ogly Isfendiýaryňka gelýär. Ol şyha Walahiýa gaçmaga könek edýär. Bu ýerden Bedreddin Simawy Walahiýanyň gospotary (hökümdar) Oja Mirçanyň kömegi bilen Dunaýyň aňyrsyna geçip, Däli Orman tokaýlygynda ýerleşýär. Bu ýerden ol Edirnä hüjüm etmek maksady bilen Stara Zagora şäherine tarap süýşüp ugraýar. Bedreddin özüne Mäti adyny alýar. Şygalaryň düşünjesi boýunça Mäti asmandan inip, Ýer ýüzünde adamlary ejirden we ezilişden halas etmelidi we ählumumy adalaty dikeltmelidi. Bedreddiniň syýasaty şägirtleriniňkiden belli derejede tapawutlanypdyr. Eger-de, onuň okuwçylary göreşlerde halk köpçüligine daýanan bolsalar, ol uly wezipeleri we timar ýerlerini wada etmek bilen, ýokary gatlagyň wekillerini hem çekipdir. Onuň goşunynyň düzüminde Musany goldan iri sipahiler hem köp eken. Mundan başga-da, özüni soltan Baýezidiň ogly diýip yglan eden, türk ýyl ýazgylarynda *Düzme* (ýalan, ýasama) Mustapa diýlip atlandyrylan osman tagtynyň dalaşgärleriniň biri hem Salonik şäherinde gizlenip, soltan goşunlaryna berk garşylyk görkezipdir.

1416-njy ýylyň iýulynda Bedreddin Simawy soltan goşunlarynyň Kiçi Aziýadaky gozgalaňlary basyp ýatyrmak we Salonik şäherini gabamak işleri bilen başagaýlygyndan peýdalanyp hereketini güýçlendirýär. Emma Kiçi Aziýadaky

gozgalaňlar basylyp ýatyrylýar, Düzme Mustapa bolsa Wizantiýa imperatorynyňka gaçyp gidýär. Bu bolsa soltana esasy güýçlerini Bedreddin Simawynyň garşysyna gönükdirmäge we onuň tarapdarlaryny ýeňlişe sezewar etmäge mümkinçilik berýär. Şyh ýene-de Däli Orman tokaýlaryna gaçyp gelýär. Emma Bedreddin Simawyny soltana tutup berýärler we 1416-njy ýylyň dekabrynda ol jezalandyrylyp öldürilýär.

Muhammet I ölenden soň Osman döwletinde tagt ugrundaky göreşler täzeden başlapdyr. Wizantiýalylar aradan çykan Muhammet I-niň ogly Myrat II-niň (1421-1444, 1446-1451) garşysyna Düzme Mustapany küşgüripdirler. Tagt dawasyna Myradyň inisi Kiçijik Mustapa hem goşulypdyr. Emma täze soltana garşydaşlarynyň ikisini hem ýeňlişe sezewar etmek we döwleti asuda ýagdaýa getirmek başardýar.

1430-njy ýylda Myrat II Salonik şäherini ikinji gezek eýeleýär we soňky ýyllarda Gresiýa, Albaniýa we Serbiýa garşy ýörişleri geçirýär. Osman goşunlarynyň mundan beýläk öňe süýşmeklerine wenger hökümdary Ýanoş Hunýadi päsgel beripdir. Emma 1448-nji ýylda Kosowo meýdanynda Myrat II wengerleri hem derbi-dagyn etmegi başarýar.

XIV asyryň 20-30-njy ýyllarynda Osman döwletiniň kuwwatlanmagy öňi bilen goşunda duýlupdyr. Osman goşunlarynda ok atýan ýaraglar, topçy goşunlary köpçülikleýin ulanylyp başlaýar. Ýanyçar goşunlarynyň söweş ukyby artypdyr. Şu döwürlerde ýanyçar goşunyna esger toplamak hem giň gerime eýe bolýar. Ýanyçar goşunlaryna Balkan ýarym adasynyň hristian ilatyndan 10-12 ýaşly oglanjyklary «dewşirme» düzgüni boýunça ýygnaýardylar. Hristian ýetginjeklerini topar-topar edip Kiçi Aziýa getirýärdiler we birnäçe ýyllap derwüş guramalarynda ýa-da türkmen maşgalalarynda terbiýeleneninden soň, olary ýanyçar goşunlaryna getirýärdiler. Yslama we soltana wepalylyk ruhunda terbiýelenilen ýanyçarlar döwrüň iň söweşjeň goşun

bölümlerine öwrülipdirler. Bu döwürde osmanly hökümdarlary söweşjeň deňiz goşunlaryny döretmegi hem başarypdyrlar.

1444-nji ýylda Rim papasynyň wekili kardinal Juliana Çezarina polýaklardan, litwalylardan we wengerlerden haç göterijileriň goşunyny düzmek we olary osmanlylara garşy ugratmak başardýar. Bu döwürde osmanlylarda hem tagt mirasdarlygy bilen baglanyşykly mesele döräp, Myrat II häkimiýetini kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Muhammede (geljekki Muhammet II Fatyh) bermäge mejbur bolupdyr. Emma Hunýadiniň baştutanlygyndaky haç göterijileriň Edirnäniň etegine ýetip gelýändigini eşidip, köşk begzadalary oňa osmanly goşunlaryna serkerdelik edip ber diýip ýalbarypdyrlar. 1444-nji ýylyň 10-njy noýabrynda Muhammet II Warnanyň (Bolgariýa) eteginde haç göterijileri aýylganç ýeňlişe sezewar edýär.


Konstantinopolyň türkmenler tarapyndan eýelenilmegi (B. de la Brokýeriň kitabyndaky miniatýura, XV asyr)

**Konstantinopolyň eýelenilmegi we Osman imperiýasynyň kemala gelmegi.** Haç göterijileriň üstünden gazanylan aýgytly ýeňiş osmanly hökümdarlarynyň köp asyrlyk arzuwynyň amala aşmagyny – Konstantinopoly eýelemek işini çaltlandyrýar. Warna ýeňşinde gazanylan üstünlik osmanlylara Wizantiýanyň we onuň paýtagtynyň ykbalyny

çözmäge mümkinçilik berýär. Konstantonopoly eýelemeklik Muhammet II-niň (1451-1481) döwründe mümkin boldy. Ol Konstantinopoly eýelemekligi we Wizantiýany döwlet hökmünde ýykmagy öz öňünde maksat edip goýupdyr. Ýaş soltan şäheriň nähili möhüm ýerde ýerleşýändigine we ony eýelese gün-günden güýçlenýän Osmanly döwleti üçin nähili uly syýasy-ykdysady ähmiýetiniň boljakdygyna gowy düşünipdir. Üstesine-de, XV asyryň ortalarynda Osman döwletiniň ýeterlik harby we ykdysady kuwwaty bolup, ýeňilmezek Konstantinopoly eýelemeklik Muhammet II-ä mümkin bolup görnüpdir.

Muhammet II Konstantinopoly eýelemek üçin taýýarlyk işlerini geçirip ýören wagty Wizantiýanyň imperatory Konstantin XI Paleolog soltana basyş etmegi ýüregine düwýär. Munuň üçin ol Konstantinopolda ýaşan osmanly hanedanyndan bolan şazada Orhany ulanmak isläpdir. Şindi Myrat II döwründe Konstantinopola gelen Orhan osmanly tagtyna tamakinçilik edýän dalaşgärleriň biri bolupdyr. Konstantiniň ilçileri Edirnä gelip, Muhammet II Konstantinopolda onuň mümkingadar bäsdeşiniň bardygyny ýaňzydypdyrlar. Konstantin Muhammet II özi bilen geleşik eder, ony Konstantinopoly zabt etmek hyýallaryndan el çekmäge mejbur edip bolar öýdüpdir, ýöne soltan Konstantiniň bu hilelerine pitiwa-da etmändir.

Tiz wagtdan wizantiýalylar aýgytly söweşleriň golaýlandygyny aňypdyrlar. Sebäbi Muhammet II şindi Baýazit I tarapyndan Bosfor bogazynyň Aziýa kenarynda gurlan Anadolyhysar galasynyň garşysynda, bogazyň Ýewropa kenarynda Rumilihysar galasynyň gurluşygyna başlaýar. Bu galanyň gurulmagy Muhammede Bosfor bogazynyň iki kenarynam öz gözegçiligine alyp, Konstantinopoly Gara deňzi tarapdan deňiz gabawuna salmaga mümkinçilik beripdir.

Rumilihysar galasynyň gurluşygy 4 aýlap dowam edip, onda soltanyň ähli welaýatlaryndan getirilen 6 müň adam

işläpdir. Galanyň gurluşygyna Muhammediň hut özi ýolbaşçylyk edipdir. Gala nädogry bäşburçlygy emele getirip, onuň diwarlary örän berk daşlardan gurlupdyr. Galanyň her burçunda bir diň galdyrylyp, olaryň üstünde uly toplar oturdulypdyr. Galanyň gurluşygy gutaran dessine Muhammet II Bosfor bogazyndan geçýän ähli gämileri gümrük barlagyndan geçirmegi buýrupdyr. Barlaga boýun egmek islemedik gämileri bolsa gark etmegi tabşyrypdyr. Tiz wagtdan bu talaba boýun egmedik wenesiýalalylaryň gämisi gark edilipdir. Şundan soň Rumilihysar galasy «*Bogaz kesen*» adyna eýe bolupdyr. Haçanda, konstantinopoldakylar täze galanyň gurluşygyna başlanandygyny eşidip, uly howsala düşüpdirler we imperator ýagdaýy anyklamak üçin soltanyňka ilçi iberipdir. Emma Muhammet II ilçini kabul etmändir. Galanyň gurluşygy gutarandan soň Konstantin soltan bilen iň soňky gezek ylalaşyk etmäge synanşypdyr. Onuň ilçileri Muhammede öz hökümdarlarynyň islendik eglişige razydygyny mälim edipdirler. Soltan Konstantinden şäheri tabşyrmaklygy talap edipdir, oňa derek imperatora Moreýany mülk edip berjekdigini aýdypdyr. Emma Konstantin muna razy bolmandyr.

1452-1453-nji ýyllaryň gyşynda Konstantinopola boljak aýgytly hüjüme taýýarlyk işleri dowam edipdir. Soltan şäheriň gurluşyny, onuň gorag diwarlarynyň ýagdaýyny üns bilen öwrenipdir. Gabawyň başlanjak wagtyny, şäheri almagyň usullaryny soltan hiç kime aýtmandyr. Onuň bar ünsi goşunlaryň söweş ukybyny ýokarlandyrmaga, ony gabaw tehnikalary bilen üpjin etmäge gönükdirilipdir. Edirnäniň eteginde ussa Urbanyň ýolbaşçylygynda kuwwatly toplary ýasaýan ussahana gurlupdyr. Ussahanada onlarça bürünç toplar ýasalyp, olaryň biri aýratyn äpet eken. Ol topyň niliniň ýogynlygy 12 garş bolup, onuň daşdan edilen her bir okunyň agramy 500 kg golaý bolupdyr. Taryhçylaryň ýazmagyna görä, bu mähnet topy Edirneden Konstantinopola çenli 60 sany öküz 2 aýyň dowamynda süýräp getiripdirler.

1453-nji ýylyň mart aýynda osmanly goşunlary Konstantinopola tarap süýşüp ugrapdyr. Aprel aýynyň 5-inde iň soňky goşunlar bilen şäheriň etegine soltanyň özi hem gelýär. Goşunlar Konstantinopoly gury ýerden gabaw halkasyna alypdyrlar. Soltanyň Konstantinopoly gaban goşunlarynyň sany 100-den hem geçipdir. Soltana 80 sany harby we 300-den gowrak ýük daşaýan gämileri jemlemegem başardýar. Keramatly Roman derwezesiniň garşysynda soltan öz toplarynyň esasy köpçüligini, şol sanda Urbanyň äpet topyny, şeýle hem esasy zabt ediji goşunlaryny ýerleşdiripdir. Bu ýerdäki goşunlara soltanyň hut özi serkerdelik edipdir. Gabawyň sag ganatyny Anadolydan getirilen goşunlar düzüp, bu goşunlara köp söweşlerde ýeňiş gazanan Ishak paşa serkerdelik edipdir.

Soltanyň Rumilinden (Ýewropa) getirilen goşunlary gabawyň çep ganatynda Altyn derweze aralygynda ýerleşdirilip, oňa belli serkerde Garaja beg ýolbaşçylyk edipdir. «Altyn şah» aýlagynyň üstüne abanyp duran depeleriň üstünde Sagan paşanyň  serkerdeligindäki goşunlar ýerleşdirilip, olar aýlaga gözegçilik etmelidi. Mermer deňzinde ýerleşýän harby-deňiz güýçlerine admiral Palta ogly serkerdelik edipdir. Ýöne soltanyň gämilerine aýlagyň bütin uzynlygyna çekilen ýogyn zynjyrlar päsgel berip, olar gämilere «Altyn şah» aýlagyna girmäge we şäheriň deňiz diwarlaryna hüjüm etmäge päsgel beripdirler. Üstesine-de, zynjyrlaryň aňyrsynda «Altyn şah» aýlagynyň içinde, şäheriň deňiz tarapynyň goragynda wizantiýalylaryň 30 gämisi söweşe taýýar bolup durupdyrlar.

Gabaw işleri tamamlanandan soň 1453-nji ýylyň 6-njy aprelinde irden Muhammet II Konstantinopola ilçileri iberipdir. Ilçiler imperatora soltanyň boýun egmek baradaky hatyny gowşurypdyrlar. Şäherlilere iberen hatynda soltan, eger-de, boýun egseler, olaryň janyna we emlägine degilmejekdigine kepil geçipdir. Emma imperator boýun egmek islemändir. Şeýlelikde, 18-nji aprelde  goşunlar galanyň diwarlaryny zabt

edip ugrapdyrlar. Daňdanyň umuş-tamyşlygynda esgerler garymlary çöp-çalamdan, içi çägeli haltalardan dolduryp, galanyň diwarlarynyň weýran bolan ýerlerine okdurylypdyrlar.

Emma galanyň gabawy uzaga çekipdir. Beýik wezir Halyl paşa soltany gabawy aýyrmaga yrmaga çalşypdyr. Ol bu iş ahyrynda Ýewropa ýurtlary bilen uly urşa getirer diýipdir. Emma soltanyň köşk adamlarynyň agramly bölegi Muhammet II-ni bu meselede goldapdyrlar. Şonuň üçin hem Konstantinopoly zabt etmeklik maý aýynda-da dowam etdirilipdir. Şäheri top okuna tutmak güýçlendirilipdir, gabaw işlerinde soltan täze-täze tilsimleri ulanypdyr. Maý aýynyň ahyrlarynda soltan harby geňeşi çagyrypdyr we şonda ol Konstantinopola iň soňky gezek hüjüm etjekdigine we şäheri aljakdygyna aýdypdyr. Beýik wezir Halyl paşa parahatçylykly şertnama baglaşmagyň ýollaryny gözlemegi teklip edipdir. Emma serkerdeleriň köpçüligi ýene-de soltany goldapdyrlar. Dogry, soltan iň soňky gezek imperator Konstantine şäheri boşatmagy ýa-da 100 müň altyn teňňe paç tölemegi teklip edipdir. Emma teklipleriň ikisi hem kabul edilmändir.

1453-nji ýylyň 29-njy maýynda söweşiň iň soňky güni başlanýar. Soltan goşunlarynyň gury ýerden we deňizden edýän hüjümlerini galany goraýjylar ýangynlylyk bilen yzyna serpikdirýärdiler. Soltan bolsa söweşe täze-täze saýlantgy güýçlerini sürýärdi. Ahyr soňy toplar keramatly Roman derwezesiniň golaýýnda galanyň diwaryny ýumurýar. Galanyň bu ýerini goraýan genuýalylar gaçyp başlapdyrlar. Olaryň serkerdesi Justiniani ýaralanypdyr we gämä münüp gaçypdyr. Tiz wagtdan hüjüm edilýän derweze açylypdyr we onuň depesinde soltanyň baýdagy dikilýär. Imperator Konstantin söweşde öldürilipdir. Şeýlelikde, açylan derwezeden goşunlar şähere kürsäp girýärler. Aýlag tarapdan deňiz diwarlaryna hüjüm eden deňizçiler hem garşylygy syndyrypdyrlar. Şäherden ilkinjiler bolup wenasiýalylar we genuýalylar gämilerine münüp gaçypdyrlar. Şeýlelik-de, asyrlaryň

dowamynda kesekileriň ygtyýarsyz aýagy düşmedik synmaz şäheri Muhammet II goşunlary tarapyndan syndyrylýar. Şäher eýelenenden üç gün geçen soň Muhammet II Konstantinopola gelipdir. Keramatly Sofiýa ybadathanasynyň owadanlygy soltany haýran galdyrypdyr. Ol öz gazanan ýeňşini şöhratlandyrmak üçin ybadathanany metjide öwürmegi we ony «*Aýýa Sofiýa*» diýip atlandyrmagy buýrupdyr.

Konstantinopolyň eýelenendigi hakyndaky habar bütin Ýewropany sarsdyrýar. Rim papasy Kalikst IV hristiýan döwletlerine hat iberip, olary täze haçly ýöriş geçirmäge we «Muhammede göz görkezmäge» çagyrypdyr. Konstantinopolyň eýelenmegi Osman döwletini belli-külli güýçlendirýär we onuň halkara abraýyny artdyrýar. Muhammet II 1459-njy ýylda Serbiýany, 1460-njy ýylda Moreýany, 1464-nji ýylda bolsa Bosniýany boýun egdirýär. XV asyryň 70-nji ýyllarynda Albaniýa, Moldowa, Walahiýa hem Osman döwletiniň düzümine goşulýar. 1461-nji ýylda Kiçi Aziýada Trapezund imperiýasy hem basylyp alynýar. Mälim bolşy ýaly, 1473-nji ýylda Muhammet II Akgoýunly türkmen döwleti bilen Garamanogullary begliginiň goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edip, olaryň ýerlerini hem eýeleýär. Netijede, Balkan ýarym adasynda, Ortaýer deňzinde we Anadolyda eýelenilen giň ýerleriň hasabyna kuwwatly Osman imperiýasy döreýär. Soltan Muhammet II-niň adynyň yzyna «*Fatyh*» (Ýeňibalyjy) unwany hem goşulypdyr.

## § 7. Ýakyn Gündogar ýurtlary haçly ýörişleriň döwründe

**Müsür we Siriýa fatimi halyflarynyň we eýýubileriň dolandyran döwründe.** 969-njy ýylda Müsüri eýelänlerinden soň fatimiler döwletiniň düzümine Siriýay hem goşulýar. 1037-nji ýylda fatimiler köp ýyllar bäri musulman ýerlerine çozuşlary amala aşyrýan Wizantiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşýarlar. Şunuň netijesinde fatimiler Siriýanyň

Halap şäherini eýeleýärler. Fatimiler Karmatlar döwleti bilen hem ylalaşmagy başarýarlar. XI asyryň başlaryna çenli Fatimileriň döwletiniň düzümine Müsür, Liwiýa, Siriýa, Palestina, Günbatar Arabystan, Malta, Sisiliýa, Sardiniýa we Korsika adalary girizilipdir. X asyryň başlaryndan bäri fatimi hökümdarlary halyf unwanyny göterýärdiler. Şeýlelikde, Gündogarda iki sany halyf peýda boldy – olaryň biri Bagdatda, beýlekisi bolsa Kairde oturýardy. Olar biri-birini dinden çykmaklykda aýyplaýardylar. Müsüriň, Siriýanyň we Demirgazyk Afrikanyň ilatynyň agramly köpçüliginiň sünni bolandygyna garamazdan fatimiler döwletiniň esasy ideologiýasy şygaçylyga esaslanypdyr. Fatimi halyfy musulman bolmaklygyň birinji şerti bolan «*Lä-ilähä-illallohu Muhammedur-Rasulallahy*» (Alladan başga Hudaý ýokdur, Muhammet onuň Resulydyr) keramatly sözlerinden soň şygalaryň «*Ali weliýýullahi*» (Aly onuň dostudyr) sözlerini goşdurýar.

Fatimileriň talaplary musulman dünýäsiniň köp ýerlerinde, hatda Medinede-de goldaw tapypdyr. Ýemeniň hökümdary juma namazynda fatimi halyfynyň adyna hutba okadyp başlapdyr we onuňka öz wekilini ugradypdyr. Fatimileriň täsiri Horasana çenli ýaýrapdyr. Şonuň üçin hem türkmen seljuklaryň serkerdesi Togrul beg öz hökümdarlyk edýän ýerlerinde fatimileriň tarapdarlarynyň çykyşlaryny hem basyp ýatyrmaly bolupdyr.


Iýerusalimdäki «Isanyň tabydy» ybadathanasy (IV asyr)

1053-nji ýylda abbasy halyfynyň goşunlarynyň baş serkerdesi, türkmen Arslan al-Besasiri Bagdatda fatimileriň ak baýdagyny galdyrypdyr we abbasy halyfyny Kairdäki fatimi halyfynyň häkimiýetiniň kanunydygyny ykrar etdirýär. Emma 1055-nji ýylda Togrul beg Arslany Bagdatdan gysyp çykarypdyr. Seljuklardan godaw tapan halyf el-Kaýim täze perman kabul edip fatimileriň häkimiýetiniň bikanundygyny yglan edýär.

Fatimiler halyflygynyň merkezi Müsür bolupdyr. Fatimileriň dolandyran ýyllarynda yurt çalt depginler bilen ösüpdir. Oba hojalygy, senetçilik we söwda ýokary derejelere ýetipdir. Müsür esasy däne öndürýän merkezdi. Ol diňe bir özüni däl, eýsem Fatimiler döwletiniň beýleki welaýatlaryny hem däne bilen üpjün edýärdi. Ýurduň salgyt ulgamy, ýere eýeçilik etmegiň düzgünleri, saklanyp galan käbir tapawutlara garamazdan, musulman dünýäsiniň beýleki ýerlerindäkä meňzeş gelipdir.

Fatimileriň döwletinde hazynanyň peýdasyna salynýan esasy salgyt hyraç bolup, ol ýeriň möçberine görä salnypdyr. Hyraçdan başga-da, goşmaça ýygymlaryň hem birnäçe görnüşleri bolupdyr. Olardan hüşüri (1/10) we *humusy* (1/5) görkezmek bolar. Hüşür musulman söwdagärlerine, humus bolsa musulman däl täjirlere salnypdyr. Musulman dällerden jyza salgydy hem alnyp, bir ýylda bu salgyt hazyna 150 müň dinar girdeji getiripdir.

Fatimileriň goşunlary başda berberilerden düzülipdir, ýöne soňra oguzlardan, gypjaklardan we hebeşi gullaryndan düzülen goşunlary hem döredýärler.

XI asyryň ikinji ýarymyndan fatimi halyflarynyň häkimiýeti gowşap ugraýar. Çünki seljuklaryň Bagdatda peýda bolmagy fatimileriň Siriýadaky mülklerine howp salyp başlaýar. Olar fatimileriň elinden Damasky we Iýerusalimi (Kuddus) alýarlar. XI asyryň ahyrlarynda Siriýa birnäçe türkmen emirlikleriniň arasynda bölünipdir. Haç göterijileriň

Siriýa hüjüm etmekleri fatimilere Iýerusalimi seljuklaryň elinden almaga mümkinçilik berýär. Emma mukaddes şäheri olar bir ýyl hem elde saklap bilmeýärler: 1099-njy ýylda Iýerusalim haç göterijiler tarapyndan basylyp alynýar.

XII asyryň ikinji ýarymynda Müsürdäki häkimiýet ugrundaky göreşlere Siriýadaky Zeňňi türkmen atabegliginiň hökümdary Nureddin gatyşyp ugraýar. Bu döwürler Müsürde weziriň wezipesiniň üstünde iki sany dalaşgär dawa edipdirler. Olardan biri Şawer ýeňlip Nureddiniň köşgüne gelipdir we ondan kömek soraýar. Ýagdaýdan Nureddin peýdalanypdyr we ol Müsüre serkerdesi Şirkuhy we onuň inisi Salaheddini iberýär. Şirkuh Şawere wezirligi alyp beripdir. Emma Müsüre gelen türkmen goşunlary yzyna gitmändirler. Şonuň üçin hem Şawer Iýerusalimiň haçparaz patyşasy Amori I-den türkmenleri Müsürden kowmak üçin kömek soraýar. Haçparazlaryň kömegi bilen Şawer Şirkuhy Müsürden gitmäge mejbur edipdir, ýöne birnäçe wagtdan soň Şirkuh ýene-de Müsüre dolanyp gelýär we 1167-nji ýylda Aleksandriýany eýeleýär.



**ÝAKYN GÜNDOGARDAKY HAÇ GÖTERIJILERIŇ DÖWLETLERI**

Haçparazlar müsürlilere kömek berýändikleri üçin her ýyl olardan on müň altyn dinar alýar ekenler. Müsüriň gowşaklygyna göz ýetirip, haçparazlar ýurdy basyp almagy we onuň hazynasyna eýe bolmagy ýüreklerine düwýärler. 1168-nji ýylda haçparazlar

müsür goşunlarynyň ýeňsesinden zarba urupdyrlar we ýurdy talamaga girişipdirler. Gorkusyndan zähresi ýarylan Fatimi halyfy Nureddine çapar gönderýär we ondan ýurdy haçparazlardan goramaga kömek bermegini soraýar. Atabege iberilen hatyň içine halyf öz aýallarynyň saçlarynyň tarlaryny salypdyr. Hatyň soňunda: «Saçlaryny iberýän aýallarym seni pereňler (ýewropaly haçparazlar) tarapyndan geljek indiki betbagytçylyklardan goramaga çagyrýarlar» diýlip ýazylypdyr.

1169-njy ýylda Şirkuh haçparazlary Müsürden kowupdyr. Şundan soň Şirkuh Fatimi halyfynyň baş wezirine öwrülipdir. Emma şol ýyl Şirkuh aradan çykypdyr we Salaheddin onuň ornuna geçýär. Ýaş wezir haýal etmän döwletiň içinde tertip-düzgüni ýola goýmaga girişýär. Ol Bagdatda oturan sünni halyfsyny ykrar edipdir we 1169-njy ýylda şygalaryň hökümdary Fatimi halyfyny agdaryp, ähli häkimýeti öz eline alýar. Öňler Müsüriň goşunlary berberilerden, sudanlylardan we ermenilerden durýan bolsa, indi Salaheddin olary türkmen atlylary bilen çalşyrypdyr.

Özbaşdak dolandyryşyň ilkinji ýyllarynda Salaheddin öz döwletine täze-täze ýerleri birikdiripdir. 1172-1173-nji ýyllarda Salaheddiniň serkerdesi Garaguş Demirgazyk Afrikanyň kenarýaka ýerlerini, 1174-nji ýylda bolsa inisi Turanşah Ýemeni eýeleýär. Şeýlelikde, XII asyryň 80-nji ýyllaryna çenli Salaheddin musulman dünýäsinde iň kuwwatly hökümdara öwrülýär. Salaheddin Eýýubyň ogly bolupdyr. Şonuň üçin hem 1174-nji ýylda Nureddin ölenden soň Salaheddin Damasky eýeläp, Müsür bilen Siriýany öz içine alýan Eýýubiler döwletini esaslandyrypdyr. 1175-nji ýylda Bagdat halyfy ony soltan hökmünde ykrar edýär.

**Türkmenleriň haç göterijilere garşy uruşlary.** Salaheddiniň hökümdarlyga gelen wagtlary Ýakyn Gündogaryň uly synaglary başdan geçirýän döwürleridi. Sebäbi indi ýüz ýyla golaý wagt bäri haçparazlar bu ýerlere yzygiderli hüjüm edýärdiler we onuň iň gowy ýerlerini eýeleýärdiler. Rim Papasy bolsa haç göterijileri musulmanlaryň elinden «Isanyň tabydyny» gaýtaryp almaga çagyryp olary has-da öjükdirýärdi, Munuň üçin yzly-yzyna haçly ýörişler geçirilýärdi. 1096-1099-njy, 1147-1149-nji ýyllarda geçirilen 1-2-nji ýörişleriň netijesinde olar Kiçi Aziýadan tä Müsüre çenli aralykdaky baý kenarýaka şäherleri eýeläpdirler. Basybalyşlaryň netijesinde bu ýerlerde haçparazlaryň Edessa we Tripoli graflyklary, Antiohiýa begligi we Iýerusalim karollygy döredildi. Bularyň iň güýçlisi Iýerusalim karollygy bolup, bu döwlet beýleki üç haçparaz döwletine-de diýenini etdirip bilýärdi.


Salaheddiniň Kairdäki galasy

XII asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrlarynda Salaheddin musulmanlaryň gideren ýerlerini gaýtaryp almak üçin haçparaz döwletleri bilen uzaga çeken uruşlara başlaýar. Bu döwürler haçparaz döwletleri üçin hem ýeňil ýyllar bolmandyr. Sebäbi Salaheddin ýuwaş-ýuwaşdan olaryň ellerinden şäherleridir galalaryny alýardy.

1185-nji ýylda Salaheddin Iýerusalimiň koroly bilen uruşlary bes etmek barada şertnama baglaşýar. Emma haçparazlar bilen baglaşylan parahatçylyk uzaga çekmändir. Sebäbi rysarlar Müsüriň we Siriýanyň ýerlerine häli-şindi

çozuşlary gurap, galtamançylyk edýärdiler, söwda kerwenlerini talaýardylar. Şonuň üçin hem 1187-nji ýylyň baharynda Salaheddiniň goşunlary haçparazlaryň ýurduna çozup girýär we Nazaretiň ýanynda olary derbi-dagyn edýär. Ýörişler döwründe Salaheddin döwletiň obalaryny tozdurýardy. Bu bolsa ýurdy açlyga sezewar edip, onsuzam ilatdan doly şäherleriň ýagdaýyny kynlaşdyrýardy.

1187-nji ýylyň iýunynda Salaheddiniň goşunlary Tiwerýada (Hattin) şäheriniň etegine süýşip gelýär we haçparaz goşunlaryny derbi-dagyn edýär. Bu söweşde Salaheddin köp mukdarda ýesirleri hem alypdyr. Ýesir düşenleriň arasynda Iýerusalim patyşasy Gwido Luizinýan, tampliýerleriň beýik magistri, Iýerusalimiň marşaly, ioannitleriň komandory, köşk adamlary, graflar, baronlar – bütün Ýakyn Gündogaryň tanymal haçparaz rysarlary bar eken.

1187-nji ýylyň güýzünde türkmen goşunlary Iýerusalimi gabaýar. Iýerusalimiň zabt edilmeginiň we nähak gan dökülmeginiň öňüni almak maksady bilen Salaheddin şäher goragçylaryna talapnama iberipdir. Talapnamada, eger-de, şäherliler boýun egseler, olara otuz müň dinar beriljekdigi, haçparazlara şäheriň eteginde ýaşamaga rugsat ediljekdigi aýdylypdyr. Göçüp gitmäge isleg bildirýänleri bolsa, Salaheddin öz hasabyna Ýewropa ugratmaklyga söz beripdir. Emma talapnama kabul edilmändir. 1187-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda Iýerusalim türkmenlere 88 ýyllyk haçparaz agalygyndan soň dabaraly ýagdaýda gaýtarylyp berilýär.

Iýerusalimiň musulmanlar tarapyndan eýelenendigi hakyndaky habar bütin Ýewropany sarsdyrdyrypdyr. Rim papasy howlukmaçlyk bilen Ýewropa ýurtlaryna ilçiler iberip, hökümdarlardan Palestinanyň haçparazlaryna kömege gitmegi talap edýär. Papa ýewropalylary musulmanlara garşy täze haçly ýörişe çagyrýardy. 1189-nji ýylda Ýewropadan ýene-de ägirt uly goşunlar Ýakyn Gündogara ugradylýar. Goşunlara mukaddes Rim imperiýasynyň (Germaniýa) hökümdary

Fridrih Barbarossa, Angliýanyň karoly Riçard Şirýürek, Fransiýanyň karoly Filip Awgust we Awstriýanyň patyşasy Leopold serkerdelik edýärdiler. Bularyň içinde iň güýçlisi Fridrih hasap edilip, onuň ygtyýarynda ýüz müň töweregi gowy ýaraglandyrylan goşun bolupdyr. Ýörişden öňürti Barborossa Salaheddine talapnama bilen ýüz tutýar. Fridrih ondan Iýerusalimden gitmegi, haçparazlara Tiweriýada (Hattin) söweşinde ýitirilen keramatly haçy gaýtaryp bermegi we ýetirilen zyýanynyň öwezini dolmaklyklygy talap edýar. Eger-de, soltan talaplary ýerine ýetirmese hristian dünýäsi haçly ýörişe başlar diýip ol duýdurypdyr. Salaheddin hem öz gezeginde imperatordan Siriýanyň şäherlerini yzyna gaýtarmagy talap edýär. Şondan soň ol keramatly hajy gaýtaryp berjekdigini we ýewropaly zyýaratçylara islän wagtlary Iýerusalime gelip-gitmäge ygtyýar etjekdigini aýdypdyr. Şundan soň haçly ýöriş başlaýar. Emma Fridrihiň ýörişi pajygaly talamamlanypdyr. Ol 1190-nji ýylyň 10-njy iýýunynda Siriýanyň Selewkiýa şäheriniň etegindäki Salef derýasyna gark bolup ölýär.

Haçly ýörişe Ýakyn Gündogaryň haçparazlaram taýýarlyk görüp başlaýarlar. Olar Akka şäherini gabapdyrlar we onuň gabawy iki ýyllap dowam edýär. Ýewropadan gelýän haçparaz goşunlary kiçijik Akkanyň üstünden sil ýaly bolup inýärdiler. Emma Akka haçly ýorişiň bar «abraýyny döküpdir». Sebäbi haçparazlar şäheri alyp bilmän ýörişi «haçly duralga» öwrüpdirler.


Akka galasy

Salaheddiniň ýagdaýam öwerlikli bolmandyr. Ol Akkany kynlyk bilen elinde

saklaýardy. 1190-njy ýylyň ýaz aýlary haçparazlar Italiýadan getirilen pürslerden we tagtalardan üç sany äpet gabaw maşynyny gurýarlar. Olaryň her biriniň belentligi 30 metirden hem beýik eken. Gabaw maşynlary şeýle äpet bolansoň, onuň depesinde ýaýçylaryň uly toparyny we daş atýan meneljikleri (katapult) ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär. Netijede, haçparazlar diňe bir galanyň diwarlaryny däl, eýsem şäheriň içinem oka tutup bilipdirler.

1191-nji ýylyň iýýun aýynda Akkanyň etegine Angliýanyň patyşasy Riçard Şirýüregiň gelmegi bilen ýagdaý haçparazlaryň peýdasyna üýtgäp başlaýar. Riçard täze gabaw maşynlaryny ulanyp hüjüme geçýär. Ahyr soňy Akkanyň serkerdesi, eger-de galanyň goragçylaryna şäherden erkin çykyp gitmäge rugsat edilse, şäheri gaýtaryp bermäge razydygyny aýdýar. Ylalaşyk boýunça türkmenler haçparazlaryň Hattin söweşinde aldyran Keramatly hajyny, 1600 sany ýesir haçparazy gaýtaryp bermelidi we 200 müň altyn teňňe tölemelidi. Şundan soň Akkanyň goragçylary şäherden erkin çykyp gidip bilýärdiler. Emma haçparazlar haýynlyk edýärler we Akkany goran 3000 müň türkmen esgeri şäheriň eteginde biri galdyrylman öldürilýär.

Akkany eýelän haçparazlar iňlis koroly Riçardyň baştutanlygynda Iýerusalime tarap ýörişe başlaýarlar. Emma Riçardyň goşuny dargaýar. Ony ilki fransuzlar, germanlar, soňam awstraliýalar taşlap gidýärler. Salaheddin bilen uruşlarda Riçard ummasyz köp goşunyny ýitiripdir. 1192-nji ýylyň tomsunda ol Iýerusalimi almak umydyndan el üzüp, Salaheddiniňkä ilçiler toparyny ugradypdyr. Şertnama boýunça haçparazlara Tirden Ýaffa çenli kenarýaka zolajygy galdyrylýar.

Haçparazlar bilen alnyp barylan uruşlar Soltan Salaheddini surnukdyrypdyr we ol 1193-nji ýylda Damaskda ysytma keselinden aradan çykýar. Şindi diri wagty Salaheddin döwletini dört bölege bölýär. Ol uly ogluny soltan dyip yglan

edýär we oňa Damask bilen Günorta Siriýany berýär. Ikinji ogluna Müsüri, üçünjisine Halap bilen Demirgazyk Siriýany, inisine bolsa Yragy berýär. Bu bölekleriň emirleriniň arasynda Salaheddiniň inisi Mälik Adyl soltanyň beýleki üç oglundan hem özüniň başarjaňlygy bilen tapawutlanypdyr. Ol 1196-njy ýylda Damasky, 1200-nji ýylda Salaheddiniň ikinji ogly Eziz ölenden soň Müsüri, soňra bolsa agasynyň beýleki iki oglunyň mülklerini hem eýeleýär. 1218-nji ýylda aradan çykan Mälik Adylyň goşunlary haç göterijilere garşy üstünlikli uruşlary alyp barypdyr.

**Haçly ýörişleriň soňy.** Rysarlaryň Iyerusalimi alyp bilmändikleriniň sebäbini orta asyr adamlary «rysarlar nähak gan döküp, köp günä gazandylar we Hudaýyň gazabyna duçar boldylar» diýip düşündiripdirler. Rysarlar üstünlik gazanyp bilmänlerinden soň 1212-nji ýylda Fransiýadan we Germaniýadan müňlerçe oglanjyklar Palestina ugradylypdyr. Çagalar gowy ýaraglandyrylmandyr, üstesine-de, olar söweşmek islemeýärdiler. Oglanjyklar Iýerusalim öz-özünden boýun eger öýdüpdirler. Emma çagalaryň haçly ýörişi betbagtçylyk bilen tamamlanypdyr. Çagalary Palestina äkitmäge wada eden italýan täjirleri olary aldap, Müsüre getiripdirler we şol ýerde olary gulçulyga satypdyrlar.

Çagalaryň haçly ýörişi tamamlanandan soň Gündogara täze ýöriş geçirilipdir. Emma nemes, iňlis we wenger rysarlary gatnaşan bäşinji haçly ýöriş (1217-1221) hem şowsuz tamamlanypdyr. 1228-1229-nji ýyllarda bolup geçen altynjy haçly ýöriş üýtgeşik bolupdyr. Oňa Fridrih Barbarossanyň agtygy Fridrih II baştutanlyk edipdir. Haçparazlara bu gezek uruşmak gerek bolmandyr. Fridrih II ýerli soltan bilen şertnama baglaşypdyr we şertnama boýunça soltan haçparazlara Ierusalimi we başga-da birnäçe şäherleri gaýtaryp beripdir. Oňa derek haçparazlar seljuk soltanyna öz garşydaşlaryna garşy göreşlerde kömek bermeli bolupdyrlar.

Emma 1244-nji ýylda türkmenler Ierusalimi haçparazlaryň elinden ýene-de alypdyrlar. Ýedinji (1248-1254) we sekizinji (1270) haçly ýörişlerine fransuz koroly Lýudowik IX Keramatly serkerdelik edipdir. Emma Iýerusalimi almak başartmandyr, korolyň özi bolsa wepat bolupdyr. Netijede, haçparazlar 1291-nji ýyla çenli Kipr adasyndan beýleki ähli ýerlerini ýitiripdirler.

Haç göterijiler esasy zarbany Müsüre garşy gönükdirýärdiler. 1219-njy ýylda olar Damiýettany eýeleýärler. Emma 1221-nji ýylda Mälik Adylyň ogly Kamil Damiýettany gaýtaryp alýar we haç göterijileri Müsürden kowup çykarýar. Kamil kiçi aziýaly Seljuk türkmenleri bilen bäsleşipdir we 1237-nji ýylda Damasky we Demirgazyk Siriýany olaryň elinden alýar. Şeýlelikde, Eýyubileriň döwleti Salaheddiniň döwründäki araçäklerine ýetipdir, ýöne 1238-nji ýylda Kamil ölenden soň döwlet dargap başlaýar.

**Müsürde we Siriýada Mamlýuklaryň döwletiniň esaslandyrylmagy.** Eýýubileriň döwletiniň dargamagyna özara uruşlar bilen bir hatarda, hökümdarlaryň harby syýasaty hem belli bir derejede sebäp bolupdyr. Çünki eýýubi goşuny esasan türkmenlerden, kürtlerden, şeýle hem satyn alnan türkmen we türki gulamlar bolan mamlýuklardan ybarat bolupdyr. 1244-nji ýylda müsürli mamlýuklaryň serkerdesi Beýbars ýewropaly korollaryň birleşen goşunlaryndan üstün çykyp


Mamlýuklaryň aramgähi

Iýerusalimi, Damasky, Baalbeki, Askalony we ýene-de birnäçe şäherleri eýeleýär. 1250-nji ýylda beýleki bir mamlýuk serkerdesi, türkmen Aýbeg Eýýubiler nesilşalygyny ýatyryp, özüni soltan diýip yglan edýär. Şeýlelikde, Müsürde we Siriýada Mamlýuklaryň (1250-1517) döwletiniň döwri başlaýar.

Mamlýuklaryň döwletinde goşunlaryň we olaryň serkerdeleriniň ähmiýeti örän uly bolupdyr. 1249-1250-nji ýyllarda mamlýuklar Fransiýanyň koroly Lýudowik IX baştutanlygyndaky nobatdaky haçly ýörişi derbi-dagyn edýärler. Olar XIII asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda Müsür taraplara hüjüm edýän mongol goşunlaryna hem mynasyp garşylyk görkezmegi başarýarlar.

1260-njy ýylda mongollar Müsüre garşy ýörişe başlaýarlar. Olar Kaire ilçi iberip, Müsüriň mamlýuk soltany Guduzdan boýun synmagy talap edýärler. Emma mamlýuklar mongol ilçilerini öldüripdirler. Mamlýuklar köp goşun ýygnapdyrlar we Palestina tarap ugraýarlar. 1260-njy ýylyň 3-nji sentýabrynda Aýn-Jalut diýen ýerde mongol goşunlary Guduz tarapyndan derbi-dagyn edilýär, olaryň serkerdesi bolsa ýesir alnyp öldürilýär. Aýn-Jalutda gazanylan ýeňiş diňe Müsüriň we Siriýanyň däl, eýsem tutuş Yslam dünýäsiniň ykbalyny çözüpdir. Çünki mongollar bilen haç göterijiler musulmanlara garşy birleşmek isleýärdiler.

Mongollara garşy ýeňişli söweşden dolanyp gelýän Guduz beýleki bir memlýuk Beýbars tarapyndan öldürilýär. Goşunlar Beýbarsy soltan diýip yglan edýärler. Beýbars (1260-1277) merkezi häkimiýeti berkidipdir we topalaňlary basyp ýatyrypdyr. Onuň dolandyran ýyllarynda ýurduň ykdysady ösüşine uly üns berlipdir. Beýbars haç göterijilerden hem üstün çykmagy başarýar. Olaryň elinde diňe Tripoli bilen Akka şäherleri galypdyr. 1277-nji ýylda Beýbars uly goşun ýygnap Tawrdan geçýär we mongollara berk zarba urýar. Emma soltan

gazanan ýeňşini berkidip bilmändir we yza çekilmäge mejbur bolupdyr. Yza çekilýän wagty Beýbars aradan çykýar.

Mamlýuk soltany Kalawunyň (1280-1290) döwründe döwlet has hem kuwwatlanypdyr. Ol kawkazlylardan durýan täze goşuny döredipdir we olary Kair galasynda saklapdyr. Kalawun Genuýa, Sisiliýa we Kastiliýa bilen söwda şertnamasyny baglaşypdyr. Onuň döwründe Aleksandriýa we Kair Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky söwda gatnaşyklarynyň merkezine öwrülipdir. Müsür Nubiýa, Ýemene we Mekgä öz täsirini ýetiripdir. Bu bolsa Hindistana gidýän söwda ýollarynyň howpsuz bolmagyny üpjün edipdir.

1303-nji ýylda mamlýuklar mongollara ýene-de uly zarba urýarlar. Şonuň üçin hem 1323-nji ýylda mongollar bilen mamlýuklaryň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşylýar.

XIV asyryň 90-njy ýyllarynda Müsürdäki häkimiýeti çerkes mamlýuklary eýeleýärler. Ilkinji çerkez soltany Berkuk (1390-1399) bolupdyr. Bu döwürde mamlýuklaryň Siriýadaky mülklerine Teýmirleň howp salýar. 1400-nji ýylda Teýmirleň Siriýa ýörişe başlaýar. Şol wagt mamlýuklaryň tagtynda 15 ýaşly Faraj (1399-1412) oturypdyr. Şol sebäpden hem mamlýuklar Teýmirleňe mynasyp garşylyk görkezip bilmändirler. Teýmirleň Damasky eýeläp, şäheri görlüp-eşidilmedik derejede ýakyp-ýandyrýar. Özara uruşlar, Teýmirleňiň talaňçylykly ýörişleri Mamlýuklaryň döwletini gowşadypdyr.

## § 8. Magrib ýurtlary IX-XI asyrlarda

**Bagdat halyflygyndan Demirgazyk Afrikadaky mülkleriň bölünip aýrylmagy. Idrisileriň döwleti (788-921).** Abbasy halyflygynyň Demirgazyk Afrikadaky welaýatlarynyň emirleri eýýäm VIII asyryň ikinji ýarymynda özbaşdaklyga eýe bolup başlaýarlar. Emirleriň gowy ýaraglandyrylan deňiz goşunlary Sisiliýa, Sardiniýa we Korsika şowly çozuşlary geçiripdirler. Tiz wagtdan abbasy halyflary Demirgazyk

Afrikadaky mülklerini ýitirýärler we bu ýerlerde özbaşdak berberi beglikleri peýda bolup ugraýar.

VIII asyryň ikinji ýarymynda Sijilmasyň we Tahertiň (Alžir) şäherleri özbaşdak berberi beglikleriniň paýtagtlaryna öwrülýärler. Bu döwürler Demirgazyk Afrika abbasylaryň garşydaşlary hem köpçülikleýin gaçyp gelýärdiler. Şolaryň biri Idris ibn Abdallah 788-bji ýylda Mekgeden Tanžere gaçyp gelýär. Ony berberi taýpalarynyň biriniň serdary myhmansöýerlik bilen kabul edýär. Tiz wagtdan Idris şyga ymamy bolup ýetişýär we taýpa serdaryna öwrülýär. Bu taýpa soňra goňşy taýpalar hem birleşýär. Şeýleleikde, Idrisileriň döwleti ady bilen berberi begligi peýda bolýar. Berberi goşunlaryna baş bolup, Idris Demirgazyk Marokkanyň birnäçe şäherlerini basyp alýar. Ol Madinat al-Fes (Marokka) şäherini esaslandyrýar we bu şäher Idrisileriň döwletiniň paýtagtyna öwrülýär.

Idrisileriň döwletiniň döremegi bilen Demirgazyk Afrikanyň Günbatar taraplary Abbasylar halyflygyndan bütinleý bölünip aýrylýar. Abbasylaryň bu döwleti gowşatmak ugrunda eden ähli tagallalary netije bermändir. Idris II-niň (792-828) hökümdarlyk eden ýyllarynda ispaniýaly omeýýalar we goňşy Aglablar döwleti bilen Sardiniýa, Sisiliýa we Korsika ugrunda bäsdeşlik edilipdir. Idrisiler omeýýalardan we aglablardan gaçyp gelýänleri hem göwünjeňlik bilen kabul edipdirler. IX asyryň başlarynda omeýýalara garşy gozgalaň turzan 8 müň adam Kordowadan, şeýle hem 300 maşgala Kaýruandan aglablaryň yzarlamalaryndan gaçyp Idrisileriň döwletine gelipdirler. Şeýle wakalar beýleki berberi taýpalarynyň arasynda Idrisileriň, olaryň döwletiniň abraýyny artdyrypdyr, onuň ýerlerini giňeldipdir.

Emma berberi taýpalarynyň arasyndaky oňşuksyzlyklar Idrisileriň döwletini gowşadypdyr we ol bölünip ugraýar. Bu ýagdaý aglablara hem-de omeýýalara garşy durmagy kynlaşdyrýar. Şeýlelikde, X asyryň ikinji ýarymynda idrisi

beglikleri ispan omeýýalarynyň täsirine düşüpdirler. 974-nji ýylda Kordowanyň goşunlary idrisileriň özbaşdaklygyny dolulygyna ýatyrýarlar.

**Aglablaryň döwleti (800-909).** Abbasy halyfynyň häkimiýeti Kaýruan sebitlerinde-de (Alžir bilen Liwiýanyň aralygy) gowşak bolupdyr. Ýerli taýpalaryň gozgalaňlary, emiriň ornuna dalaş edýänleriň topalaňlary bilen utgaşypdyr. Hatda, kähalatlarda, abbasy halyfy Kaýruandaky öz dikmesiniň garşysyna-da goşun ibermeli bolupdyr. VIII asyryň ahyrlarynda Demirgazyk Afrikadaky berberi emirleriniň arasynda Ybraýym ibn al-Aglab tapawutlanypdyr we ol Kaýruan welaýatynda tertip-düzgüni ýola goýmaga abbasy halyfyna ýardam edýär. Ybraýym Aglab hyzmaty üçin halyfa Kaýruan welaýatynyň özüne mirasdüşer mülk edip bermegi teklip edipdir, munuň üçin bolsa salgyt tölemäge borçlanypdyr. Halyf Harun ar-Reşit bu teklip bilen razylaşýar we 800-nji ýylda soralýan ýerleri Aglabyň ygtyýaryna berýär. Şeýlelikde, Demirgazyk Afrikada, Tripoli we Alžiriň aralygynda ýene-de bir özbaşdak berberi nesilşalygy peýda bolýar.

Idrisilerden tapawutlylykda, Aglablar abbasy halyflaryny umumy hökümdar hökmünde ykrar edipdirler, olaryň wepaly hyzmatkärlerine öwrülipdirler, merkezi häkimiýete tabynlygyň ähli dessurlaryny birkemsiz ýerine ýetiripdirler. Aglablar döwletinde juma namazynda halyfyň adyna hutba okalypdyr, ýerli zikgelerde halyfyň ady görkezilipdir. Öz gezeginde abbasy halyflary hem aglablary goldapdyrlar we 100 ýylyň dowamynda bir halyf hem olaryň hukuklaryny çäklendirmändir. Abbasylar aglablara halyfyň Demirgazyk Afrikadaky berk daýançlary hökmünde garapdyrlar. Sebäbi olar berberi taýpalarynyň we wizantiýalylaryň bolup biläýjek çozuşlarynyň öňüni alypdyrlar. Aglablar aýratyn hem berberiler babatynda çeýe syýasat ýöredipdirler. Berberilerden düzülen goşunlar bilen aglablar Sisiliýa häli-şindi ýörişleri geçirip durupdyrlar.

Içeri syýasatda aglablar merkezi häkimiýeti berkitmäge, topalaňlary basyp ýatyrmaga çalşypdyrlar. Aglablaryň yslamyň sünni mezhebine uýmaklary, olara abbasy halyflaryň öňünde uly abraýdan we ynamdan peýdalanmaga mümkinçilik beripdir. Aglablaryň abraýynyň artmagynda ýerli we Bagdatdan iberilýän sünni ulamalarynyň hyzmaty hem uly bolupdyr.

Döwleti dolandyrmakda aglablar abbasy halyflarynyň tejribesinden giňişleýin peýdalanypdyrlar. Olar weziriň, leşgerbaşynyň, aragatnaşyk gullugynyň, baş kazynyň we beýlekileriň wezipelerini girizipdirler. Döwlet we harby wezipelere bellenilende, adamlaryň gelip çykyşyna parh goýulmandyr. Döwlet emeldarlary emiriň özi tarapyndan seçilip alnypdyr we bu bolsa olaryň hökümdara wepaly hyzmat etmeklerine getiripdir. Uzakdaky welaýatlaryň dikmeleri emire tabyn bolupdyrlar, ýöne giň özbaşdaklykdan peýdalanypdyrlar.




Wagtal-wagtal bolup durýan özara oňşuksyzlyklara we içki kynçylyklara garamazdan, aglablara döwlet hazynasyna salgytlaryň yzygider ýygnalmagyny üpjün etmek başardypdyr. Musulman kanunçylygynda görkezilen salgytlardan başga-da, olar kanunda görkezilmedik täze salgytlary hem girizipdirler.

Söwda geleşiklerinden, ýurda getirilýän harytlardan salgyt alypdyrlar. Aglablaryň döwletinde ähli daýhanlar ýer salgydyny töläpdirler. Hüşür salgydy önüm görnüşinde bolupdyr, ýöne kähalatlar, ol pul görnüşinde-de ýygnalyp bilnipdir. Salgytlaryň çokder bolmagy, häli-şindi gurakçylygyň hem-de açlygyň bolup durmagy, emirlikde gozgalaňlaryň turmagyna getiripdir. Ýöne, muňa garamazdan, ýurtda metjitler, köşkler, ýollar, köpsanly suw desgalary gurlupdyr. IX asyryň ahrynda Kaýruandan uzak bolmadyk ýerde ýurduň täze paýtagty Rakkada şäheri gurulýar. Agalablar goşuny kämilleşdirmäge, döwletiň araçägini berkitmäge, munuň üçin bolsa köne galalary dikeltmäge uly üns beripdirler. Öňler aglaby goşunlary taýpa serdarlarynyň nökerlerinden ybarat bolan bolsa, indi olaryň ornuna hebeşilerden düzülen we emire tabyn bolan hemişelik goşun döredilipdir. Aglablaryň güýçli deňiz goşunlary hem bar eken. Bu goşunlar Sisiliýa, Sardiniýa we Korsika garşy häli-şindi ýüzüşleri geçirip durupdyrlar. Aglablar Sisiliýany basyp almaga onlarça ýyllary sarp edipdirler. Sisiliýa alnandan soň bolsa onuň üsti bilen Italiýa ýöriş geçiripdirler we iki gezek Rimi eýelemäge synanyşypdyrlar.

Sisiliýanyň eýelenilmegi aglablara uly peýda getiripdir, ýöne şunuň bilen bir hatarda, ýörişler uly çykdajylary hem talap edipdir. Bu bolsa merkezi häkimiýeti gowşadypdyr. IX asyryň ahyrynda – X asyryň başynda ýurtda taýpalaryň topalaňlary turupdyr. Berberilerň gozgalaň turzan kidama taýpasy aglablaryň paýtagty Rakkadany we ownuk emirlikleriň merkezi Taherti we Sijilmasy eýeleýär. Netijede, Aglablaryň döwleti ýaşamagyny bes edýär.

**Fatimileriň döwleti (910-1171).** IX asyrda abbasy halyflygynyň ähli ýerlerinde şyga mezhepleriniň wagyz-nesihat işleri güýçlenip ugraýar. Olar Pygamberden we başky ymamlardan (olar dört Çaryýarlaryň Alydan beýleki başky üçüsini inkär edipdirler) başga-da, gizlin ymamyň bardygy,

onuň adamlaryň arasyna gaýdyp geljekdigi we Ýer ýüzünde adalaty ýola goýjakdygy baradaky wagyzlary öňe sürüpdirler. Şeýle wagyzlary öňe sürýän şyga mezhepleriniň biri-de Ysmaýylitleriň mezhebi bolupdyr. Olar ýedinji ymam Ysmaýyly iň soňky aç-açan ymam we ondan soňkylary bolsa gizlin ýa-da ýaşryn ymamlar (batyny ymamlar) hasap edipdirler. Ysmaýylitleriň abbasy halyflygynyň dürli sebitlerine öz adamlaryny wagyz-nesihat etmek üçin iberipdirler.

X asyryň başlarynda şu mezhebiň wekilleriniň biri Ubaýdallah özüni Pygamberiň gyzy Patmanyň (Fatima) nesillerinden diýip yglan edýär. Ubaýdallah Siriýada ýaşaýar eken. Ol Yraga, Eýrana, Ýemene, Demirgazyk Afrika öz adamlaryny wagyz etmäge iberip durupdyr. Ysmaýylitler Mekgä zyýarata gelýänleriň arasynda Alydan soňky halyflaryň häkimiýetiniň bikanundygy we diňe Alynyň nesilleriniň halyf bolmaga hukuklarynyň bardygy baradaky wagyzlary öňe sürüpdirler. Yslam dünýäsinde häkimiýeti öz ellerine almak maksady bilen Ubaýdallahyň tarapdarlary Abbasy halyflygynyň gyrak-çetlerinde ysmaýylitleriň goşunlaryny döretmäge-de çalşypdyrlar. Ysmaýylitleriň wagyzlary uzakdaky Magribde öz netijesini beripdir: olary berberileriň kidama taýpasy goldapdyr. Kidama taýpasy abbasy halyflarynyň häkimiýetini ykrar etmeýärdiler. Olar 909-njy ýylda Ubaýdallahyň wekilleriniň biriniň baştutanlygynda Aglablaryň paýtagty Rakkada şäherini eýeleýärler. Ubaýdallah 910-njy ýylda bu ýere gelip özüni Mäti[1] diýip yglan edýär we Fatimileriň döwletiniň düýbüni tutýar.

Täze dörän döwlet Barka bilen Tanžeriň arasyndaky ýerleriň esasynda kemala gelýär. Fatimiler Müsüru almagy maksat edinýärler. Emma Müsüri bu döwürler Tulunylaryň türkmen nesilşalygy dolandyrýardy. Şonuň üçin hem fatimiler başky döwürlerde özlerinden günbatarda ýerleşýän güýçli

[1] *Mähdi Muntazar (hristianlarda messiýa)* – (türkmençe – asmandan inmegine garaşylýan Mäti ) şygalaryň garaşýan 12-nji halasgär ymamy.

berberi taýpalaryny goldapdyrlar. Idrisileriň köp ýerlerini eýeläp, Ubaýdallah dolandyryjy idrisi nesilşalygyny saklamaly diýip karar edýär. Sebäbi ispaniýaly omeýýalar hem Demirgazyk Afrikanyň köp ýerlerine göz gyzdyrýardylar. Şeýle şertlerde idrisiler fatimileriň häkimiýetine tabyn bolmak bilen omeýýalaryň basybalyşlarynyň öňüni almalydylar.

913-nji ýylda fatimi halyfy gündogara uly guryýer we harby-deňiz goşunlaryny ugradyp Barkany we Aleksandriýany ýeňillik bilen eýeleýär. Emma Bagdatdan gelen kömegiň güýji bilen müsürliler olary derbi-dagyn edýärler. Biraz wagtdan şeýle ýagdaý ýene-de gaýtalanýar, ýöne Barkany elde saklamaklyk fatimilere başardypdyr. Munuň özi soňky döwürlerde fatmilere Müsüriň üstüne çozmak üçin amatly daýanç nokady bolup hyzmat edýär.

Müsüri Fatimileriň döwletine tabyn etmeklik uzaga çekipdir. Diňe X asyryň 60-njy ýyllarynda Magrib doly eýelenenden we 967-nji ýylda Wizantiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşylandan soň fatimilere türkmenleriň ihşitler nesli tarapyndan dolandyrylýan Müsüriň üstüne çozmaga amatly mümkinçilik döreýär. 969-njy ýylda fatimi halyfy Muyzz öz serkerdesi Jöwheri Müsüre garşy ýörişe ugradýar. Jöwheriň goşunlary güýçden gaçan ihşitleriň goşunyndan üstün çykyp, Aşaky Müsüre girýärler we paýtagt şäher Kataýy eýeleýärler. Jöwher Kataýdan uzak bolmadyk ýerde Müsüriň täze paýtagtyny – el-Kahirany (Ýeňiş şäheri – häzirki Kair) esaslandyrýar. Jöwher Kairde ornaşmak bilen 970-nji ýylda Siriýa öz goşunlaryny iberýär we Damasky basyp alýar.

Damaskyň eýelenilmegi Fatimiler bilen karmatlaryň arasynyň bozulmagyna getirýär, çünki bu ýerlere karmatlar hem göz gyzdyrýardylar. Karmatlar özleriniň köne duşmanlary bolan abbasy halyfyna kömek sorap ýüz tutýarlar. Netijede, karmatlaryň hem-de abbasylaryň birleşen güýçleri fatimileri Siriýadan kowup çykarýarlar we Müsüre tarap süýşüp

ugraýarlar. Jöwhere bu goşunlary saklamak başardypdyr, ýöne Siriýany gaýtaryp almaklyk başa barmandyr.

973-nji ýylda halyf Muyzz Magribden Kaire gelýär we şäher Fatimiler döwletiniň täze paýtagtyna öwrülýär. Emma XI asyrda fatimileriň Magribdäki mülkleriniň esasynda birnäçe özbaşdak döwletler döreýär. XII asyrda Fatimiler döwleti has hem gowşaýar we 1171-nji ýylda onuň ýerlerinde Eýýubiler döwleti esaslandyrylýar.

**Almorawitleriň döwleti (1049-1149).** XI asyryň başlarynda Fatimiler döwletiniň gowşamagy bilen Magribde birnäçe ownuk emirlikler peýda bolýar. Şeýle emirlikleriň birini Marokkonyň günortasynda ýaşaýan sanhaja taýpalary döredýärler. Bu taýpalar esasan çarwaçylyk hem-de söwda bilen meşgullanypdyrlar. Emma bu taýpalar çarwa bolansoňlar olaryň dini ynançlary pes derejede bolupdyr. Şonuň üçin hem ýerli emirler Kaýruandaky ymamlara ýüz tutup, özlerine Kurany öwreder ýaly ulamalaryň iberilmegini soraýarlar. Kaýruandan bu ýerlere ulamalar ugradylypdyr. Şeýle ymamlaryň biri Abdallah ibn Ýasin bolup, ol sanhaja taýpalarynyň arasynda wagyz işlerini geçiripdir. Ilki başda Abdallah ibn Ýasiniň wagyzlary kän ýol almandyr, şonuň üçin hem ol Senegalyň we Nigeriýanyň töwereklerinde Ribat diýlip atlandyrylan wagyz edilýän ýerleri esaslandyrypdyr. Şeýlelikde, Ribat musulmanlaryň ýygnanýan ýerine öwrülip, şol ýere ýygnanýan adamlary murabitler[1] diýip atlandyryp başlapdyrlar. Döwletiň Almorawitler ady hem şu sözden gelip çykýar. Almorawitlerde örän ýowuz kanunlar, däp-dessurlar hereket edipdir. Olar ýuwaş-ýuwaşdan öz täsirlerini töwreklerindäki ýerlere-de ýaýradyp ugraýarlar. Olar öz hatarlaryna gelip goşulýanlary berk synagdan geçiripdirler. Abdallah ibn Ýasin berk tertip-düzgüni ýola goýupdyr we sanhaja taýpalaryny doly boýun egdiripdir. Abdallahyň özi dini

[1] *Murabit* – «Ribatyň ýaşaýjylary» .

ýolbaşçy bolup, goşun serkerdeligini lemtuna taýpasynyň serdarynyň ygtyýaryna beripdir. Ýöne, hakykat ýüzünde, hökümdar Abdallah ibn Ýasiniň özi bolupdyr.

XI asyryň ikinji ýarymynda almorawitler günorta we demirgazyga çozup durupdyrlar. 1054-nji ýylda olar Gana çozup Audogost şäherini eýeleýärler. Soňra almorawitler Sijilmasa çozup, ony tozduryarlar. Şol çozuşlaryň birinde Abdallah ibn Ýasin öldürilipdir. Abdallahyň ornuny serkerdeleriň biri Abubekr ibn Omar eýeleýär. Abubekrden soň almorawitlere Ýusup ibn Taşfin (1061-1106) hökümdarlyk edýär. Ýusup ibn Taşfin Marrakeş (Marokko) şäherini esaslandyrýar we öz hökümteini hem şu ýere göçürip getirýär. Täze eýe bolnan ýerler Marokko adyna eýe bolýar.

Kordowadaky halyflygyň ýykylmagy bilen we ispan araplarynyň Magribe taşiriniň peselmeginden peýdalanyp, almorawitler 1070-nji ýylda Fesi, soň Tanžer bilen Tlemseni eýeleýärler. 1076-njy ýylda Gana hem basylyp alynýar. XI asyryň ahyryna çenli almorawitleriň döwleti Alžirden Senegala çenli ýerleri öz içine alypdyr. 1090-njy ýylda almorawitler Ispaniýada Granadany, Malagany, Kordowany, Karmony, Sewilýäni we beýleki möhüm şäherleri eýeleýäp, bu ýerdäki ownuk emirlikleriň ählisini ýatyrýarlar. XII asyryň başlaryna çenli bütin musulman Ispaniýasy Almorawitleriň döwletiniň düzümine goşulýar.

**Almohatlaryň döwleti (1145-1269).** XII asyryň başlarynda Atlas daglarynda ýaşaýan berberi taýpalarynyň arasynda täze bir ymam Muhammet ibn Tumart peýda bolýar. Ol Allatallanyň ýeketäkligi (töwhid) hakyndaky taglymaty wagyz edipdir. «*Töwhid*» sözüniň esasynda oňa eýerýänleri «*muwahhidin*» diýip atlandyrypdyrlar. Bu söz ýewropa dilleriniň ýoýulmasynda «*almohad*» görnüşinde beýan edilýär we olaryň döreden döwleti hem ýewropa taryhy edebiýatynda Almohadlaryň döwleti diýlip atlandyrylýar. Ibn Tumart sowady ýetik güýçli ulama bolupdyr. Ol öz taglymatyny ýaýratmak

üçin köpçüligine düşnükli bolar ýaly berberi dilini giňden ulanypdyr. Ol Tripolide, Fesde, Tlemsende öz wagyzlary bilen çykyş edipdir. 1121-nji ýylda ol Marokko şäherine gelýär we almorawitleriň köşgi bilen aragatnaşyk açýar. Ýöne, ibn Tumartyň wagyzlary almorawit hökümdaryny gorkuzypdyr, şonuň üçin hem ol paýtagtdan çykyp daglarda ýaşaýan berberi taýpalarynyň arasyna gidýär.

Ibn Tumart dagly berberi taýpalarynyň nägileliginden peýdalanyp, olary birleşdirmegi başarýar we almorawitlere garşy göreşde ulanýar. Muhammet ibn Tumart özüni Alynyň neslinden bolan şerif diýip yglan edýär we özüne Mäti derejesini kabul edip alýar. 1129-njy ýylda ibn Tumart ölenden soň, onuň orunbasarlarynyň biri Abdyl Mömin (1129-1163) halyf diýlip yglan edilýär. Abdyl Mömüniň dolandyran ýyllarynda basybalyjylykly ýörişler geçirilip, Marokkoda Almorawitleriň döwleti ýykylýar. Başda almohatlar Marokka çozuşlary geçiripdirler, 1146-njy ýylda bolsa Marokko şäherini eýeläp, almorawitler nesilşalygyny ýatyrýarlar. 1148-nji ýyla çenli btin Marokko almohatlar tarapyndan basylyp alynýar. Şundan soň almohatlaryň goşunlary gündogara tarap hüjüm edip Alžir, Buži we Kalu şäherlerini söweşsiz eýeleýärler. On ýylyň dowamynda almohatlar gündogara tarap süýşmeklerini dowam etdirip, birnäçe ownuk emirlikleri boýun egdirýärler we Tunisi, Susy basyp alýarlar. 1160-njy ýylda Mahdiýa şäheri gabalýar we zabt edilip alynýar. Bu ýerde häkimiýeti täzelikde ele alan normannlaryň agalygynyň soňuna çykylýar. Şeýlelikde, bütin Magrib berberi hökümdarlarynyň bir bitewi häkimiýetine tabyn edilýär. 1172-nji ýylda Almohatlar döwletini musulman Ispaniýasy hem ykrar edýär.

Almohatlaryň hökümdary Abdyl Mömin häkimiýetini öz ogullaryna miras galdyrmaga çalşypdyr, ýogsam, däbe görä, ibn Tumartyň egindeşleriniň biri halyf bolmaly eken. Tumart öz ogullaryna dürli welaýatlary paýlap beripdir, emma halyfyň bu hereketi almohat begzadalarynyň arasynda nägilelikleri

döredipdir. Olar halyfa garşy topalaňlary turzupdyrlar, ýöne olaryň ählisi Abdyl Mömün tarapyndan basylyp ýatyrlypdyr.

Abdyl Mömün güýçli goşun döretmegi başarypdyr. Başda onuň goşunlary esasan berberilerden durupdyr, soňra almohatlaryň goşunynda araplar, türkmenler, hatda hristianlar hem peýda bolupdyrlar. Almohatlaryň harby-deňiz goşunlary Ortaýer deňzinde iň kuwwatly güýje öwrülipdir.

Almohatlaryň döwründe ekerançylygy ösdürmek bilen baglanyşykly uly işler amala aşyrylypdyr, täze suw desgalary gurlupdyr. Halyflar paýtagty abadanlaşdyrmaga aýratyn uly üns beripdirler, täze şäherleri gurupdyrlar. Ortaýer deňzinde garakçylygyň güýçli bolandygyna garamazdan, hristian ýurtlary bilen gyzgalaňly söwda gatnaşyklary alnyp barlypdyr. Magribli söwdagärler Piza, Genuýa, Wenesiýa, Marsel bilen söwda işlerini alyp barypdyrlar. Ýewropaly täjirler Magribiň şäherlerinde ýaşamaga galyp bilýärdiler, sebäbi olaryň jany hem-de emläkleri halyf tarapyndan el degrilmesiz diýlip yglan edilipdir.

Almohatlaryň imperiýasy uzak ýaşamandyr. Eýýäm XIII asyryň başlarynda dolandyryjy toparlaryň arasynda oňşuksyzlyklar başlaýar. Ibn Tumartyň hem-de halyfyň mirasdarlarynyň arasynda özara uruşlar alnyp barlypdyr. Bu döwürde Ifrikiýa we Tunis welaýatlarynyň öz nesilşalyklary ýüze çykýar. 1269-njy ýylda Merinitler nesilşalygynyň (1195-1470) wekilleri Marokko şäherini eýeleýärler we Almohatlar nesilşalygyny ýok edýärler. XIV-XV asyrlarda Magribde dürli syýasy toparlaryň arasynda özara uruşlar bolup geçýär. Sebitde bolup geçýän bu wakalara ýewropalylaryň gatyşmagy ýagdaýy has-da ýitileşdiripdir.

### § 9. Musulman hukugynda (*fykyh*) durmuş-ykdysady we syýasy meseleler

**Musulman kanunçylygy.** Muhammet Pygamber tarapyndan kabul edilen we Kuranda beýan edilen başky

dessurlar, hukuk we ykdysady ýörelgeleriň (konsepsiýalar) mundan beýläkki ösüşinde binýat bolup hyzmat etdi. Durmuş tejribesinde ýüze çykýan ýa-da bolup geçýän dürli hadysalar Kuranda görkezilmedik we düşündirilmedik ýagdaýynda, musulman kanunçylary ilkinji nobatda Hadyslara[1] ýüzlenipdirler we olardan jogap gözläpdirler, özleriniň çykaran netijelerini Pygamberiň adyna salgylanyp berkidipdirler. Hadyslary ýygnamaklyk we olara düşündiriş bermeklik Yslam hukugynyň we ykdysady kanunlaryň ösüşinde wajyp işe öwrülýär. Musulman sünneti (*sunna* – eýerilen ýörelgeler) – Muhammet Pygamberiň mukaddes ýol-ýörelgeleriniň, edim-gylymlarynyň we maslahatlarynyň toplumy bolan Hadyslara esaslanypdyr. Sünnet soňra yslam hukugynyň (fykyh) esasy çeşmesi bolup hyzmat etdi.

Ägirt uly merkezleşdirilen döwletiň – halyflygyň kemala gelmegi yslam hukugyny, aýratyn hem onuň durmuş-ykdysady gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän maddalaryny işläp düzmekligi talap edipdir. Şunda musulman kanunçylary öz tejribelerini hem-de keseki tejribesini giňişleýin ulanypdyrlar. Hadyslary ýygnaýjylar we beýan edijiler[1] Muhammet Pygamberiň garyndaşlary, egindeşleri we döwürdeşleri bolupdyrlar. Kuranyň tefsiriniň (beýan) we hadyslaryň öwrenilmeginiň esasynda, *ylahyýet* we hukuk (*fykh*) ýüze çykyp, olar musulman dini hukugy bolan şerigatyň iki pudagyny düzüpdirler. Şerigatyň esasy çeşmeleri bolup Kuran, Sünnet we adat hyzmat edipdir.

Köp hadyslar giçki döwürlerde-de öz ähmiýetini ýitirmändirler, sebäbi olar halyflygyň durmuşynda bolup geçen durmuş-ykdysady özgerişleri, şeýle hem hukuk we ykdysady garaýyşlarda bolup geçen ilerlemeleri beýan edipdirler. Orta

---

[1] *Hadys* – bu birinjiden Muhammet Pygamberiň aýdan sözleri, eden hereketleri we tassyklanlary, ikinji bir tarapdan bolsa, onuň pähimleriniň, edim-gylymlarynyň, wesýetleriniń we maslahatlarynyň ýygyndysy.
[1] Olary *muhadisler* diýip atlandyrypdyrlar.

asyrlarda ykdysady garaýyşlar hukuk bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr we köplenç olary biri-birinden bölüp aýryp bolmaýar. Ine, şonuň üçin hem iň bolmanda, Yslamyň sünni mezhebiniň hukuk mekdeplerine gysgaça häsiýetnama bermek zerurlygy ýüze çykýar.

**Hukuk mekdepleri.** Musulman hukugynyň aýratyn taraplarynyň biri, onuň din bilen aýrylmaz baglanyşykly bolmagydyr. Munuň özi ahyr netijede hukugyň öz hakyky many-mazmunyny ýitirmegine getiripdir, ýagny ir döwürde dörän ähli kadalar çalşyrylyp ýa-da ýatyrylyp bilinmändir. Emma musulman kanunçylary hukugyň has kämil hem-de ählumumy toplumyny düzmäge çalşypdyr. Jedelli meseleler çözülende musulman kanunçylary öz şahsy garaýyşlaryny we logiki pikirlerini hem ulanypdyrlar. Ýöne, kabul edilýän çözgütler we kararlar hökman Kurandaky we Hadyslardaky mysallar we abraýly kanunçylaryň pikirleri bilen gabat gelmeli bolupdyr. Musulman hukuk mekdepleriniň dört sanysy biziň günlerimize gelip ýetipdir.

1. Hanifiler mekdebi. Bu mekdebi meşhur hukukçylaryň biri an-Numan Abu Hanifa (takmynan 696-767) esaslandyrýar. Abu Hanifa we onuň yzyna eýerijiler şerigatyň berk kada-kanunlaryny durmuş talaplaryna laýyk edip ulanmaga çalşypdyrlar. Şunuň bilen bir hatarda, hanifiler dünýewi häkimiýet tarapyndan kabul edilýän kanunlaryň we adatyň dessurlarynyň ulanylmagyna-da giň ýol beripdirler. Hanifiler beýleki dinler babatynda ylalaşykly (*tolerantlyk*) garaýyşlara eýeripdirler.

2.Mäliki mekdebi. Bu mekdep ymam Mälik ibn Anas (713-795) tarapyndan esaslandyrylýar. Mälikiler sünnete berk eýeripdirler, şunuň esasynda bolsa Kuranyň erkin beýan edilmegini inkär edipdirler. Bu mekdebe eýerijiler beýleki dinler babatynda aýratyn dini çydamsyzlyklary bilen tapawutlanypdyrlar.

3.Şafiler mekdebi. Mekdebi ymam Muhammet ibn Idris aş-Şafi (820-nji ýylda aradan çykan) esaslandyrypdyr. Olar meseleler çözülende şahsy pikiriň ulanylmagyny çäklendirmäge çalşypdyrlar. Şafiler garaýyşlary boýunça mälikilere golaýdyr.

4. Hanbalylar mekdebi. Bu mekdebi esaslandyryjy ymam Ahmet ibn Hanbal (855-nji ýylda aradan çykan) hasap edilýär. Ibn Hanbalyň garaýýşlary soňra onuň okuwçylary tarapyndan ulgamlaşdyrylypdyr. Durmuşda peýda bolýan täze zatlara iňňän çydamsyz garamak, Kuranyň Hadyslara eýerilmän, erkin beýan edilmeginiň doly inkär edilmegi – hanbalylary häsiýetlendieýän esasy alamatlardyr.

Bütin orta asyrylaryň dowamynda hukuk mekdepleriniň arasynda ýiti jedeller dowam edipdir. Jedelleri dürli hukuk meseleleri döredipdir. Taryhyň dürli asyrlarynda döwletleriň hökümdarlary mekdepleriň haýsy hem bolsa birini döwlet hukuk mekdebi hökmünde yglan edipdirler. Şunda aýratyn hem hanifi we şafi hukuk mekdepleri uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Her bir kanunçynyň islän mekdebine goşulmaga hukugy bolupdyr, ýöne meseleler çözülende şol döwrüň kabul edilen hukuk kadalaryna eýeripdir.

Dini hukugy bilen bir hatarda, dünýewi hukugy hem ösüpdir. Ýöne, ol esasan hökümdarlar tarapyndan kabul edilýän permanlara we kanunlara esaslanypdyr. Entek VII asyrda kanunçylar tarapyndan musulman hukugy güýçli işlenilip düzülýärkä, omeýýa halyflary iş ýüzünde dünýewi hökümdarlara öwrülipdiler we olar kazyýetiň käbir wezipe ygtyýarlyklaryny ýerlerdäki dikmelere beripdiler, Abbasylar döwründe bolsa harby-polisiýa gullugy döredilipdir. Polisiýa gullugy şäherlerde ýerleşip, onuň başlygynyň giň ygtyýarlyklary bolupdyr. Polisiýanyň başlygy islendik jenaýatkäriň garşysyna iş gozgap we höküm çykaryp bilipdir. Munuň özi halyflykda şerigat kazyýeti bilen bir hatarda

dünýewi kanunçylygyň hem deň derejede hereket edendigini görkezýär.

Musulman hukugynda emläk meselesine aýratyn uly üns berlipdir. Eýeçiligiň esasy çeşmesi zähmet bolupdyr, ýagny boş ýatan ýeri ekin dolanyşygyna goşan islendik adam onuň hakyky eýesine öwrülip bilipdir. Emma ýer üç ýylyň dowamynda işlenilip bejerilmedik ýagdaýynda, şeýle ýere eýeçilik öz-özünden ýitipdir. Şeýle ýagdaý ýüze çykanda häkimiýetler bu ýeri başga birine beripdirler we ol şol ýeriň eýesine öwrülipdir. Eýeçilige geçen ýeri döwlet hem, wezipeli adam hem, ýere sarp edilen zähmetiň ýa-da onuň hakyky bahasyny tölemezden, eýesiniň elinden alyp bilmändir.

Musulman hukugy ýere salgyt salmagyň düzgünlerini hem işläp düzüpdir. Salgyt salnyşynyň aýratynlyklaryna görä, ýerler iki görnüşe bölünipdir. Olaryň biri hüşür ýerleri (araplaryňky), beýlekisi bolsa hyraç ýerleri (arap dälleriňki) bolupdyr. Hüşür ýerlerine 1/10 salgyt, hyraç ýerlerine bolsa 1/2-den – 1/3-e çenli mukdarda salgyt salnypdyr.

**Musulmançylykda eýeçilik gatnaşyklary we döwlet dolandyryş ulgamy.** Halyflykda musulman haýyr-sahawat edaralarynyň, metjitleriň, medreseleriň we beýlekileriň eýeçiligine berilýän wakf ýerleri hem peýda bolýar. Her bir musulman adamsy öz ýeriniň bir bölegini ýa-da başga bir emlägini metjide berip we wakf döredip bilipdir. Wakflar hukuk taýdan eldegrilmesiz we döwlet tarapyndan salgyt salynmaýan eýeçilik hökmünde gutarnykly kemala gelipdir. Wakfyň şeýle ähmiýete eýe bolmagy orta asyrlarda durmuş syýasatynyň dini edaralar we guramalar tarapyndan amala aşyrylmagy bilen düşündirilýär.

Musulman ýurtlarynda raýat ýagdaýlary kazy tarapyndan hasaba alnypdyr. Mirasdüşerlik, emlägi satmak we satyn almak, olary kärendä bermeklik, karz almak bilen baglanyşykly geleşikleriň ählisi göniden-göni kazynyň gatnaşmagynda baglaşylypdyr. Musulman kanunçylary satuwy ýönekeý alyş-

çalyşdan tapawutlandyryp bilipdirler. Alyş-çalyşda iki tarapyň hem hukuklary we borçlary deň bolupdyr, emma satuwda geleşik edýän taraplar hukuk taýdan biri-birinden tapawutlandyrylypdyr.

Musulman hukugynda döwleti dolandyrmagyň iň kämil görnüşi teokratiýa hasap edilipdir. Musulman hukukçylary dini hem-de dünýewi häkimiýetiň, dini hökümdarlar bolan halyfyň elinde jemlenilmegini zerur hasap edipdirler we olar döwlet hukugy dolulygyna dine esaslanmalydyr diýip belläpdirler. Emma, hakykat ýüzünde, omeýýalaryň döwründen başlap şeyle döwlet eýýäm ýokdy. XI asyryň kanunçysy al-Mawardi hakyky musulman döwletiniň nähili bolmalydygyny beýan edipdir. Onuň pikirine görä, halyflyk Hudaýyň hut özi tarapyndan döredilip, Ýer ýüzünde ýeke-täk halyf we diňe bir musulman döwleti bolmalydy.

Al-Mawardi halyfyň nähili bolmalydygyny hem kesgitläpdir. Onuň pikiriçe, halyf hem edil Muhammet Pygamber ýaly, kureýis taýpasyndan gelip çykan, beden hem-de ahlak taýdan kämil, hukukdan we dini bilimlerden suwara baş çykarýan adam bolmalydy. Halyf ählihalk tarapyndan saýlawlar esasynda ýa-da dolandyryjy halyfyň şindi diri wagty mirasdar diýlip yglan edilmeginiň netijesinde häkimiýete gelip bilipdir. Sünni kanunçylarynyň al-Mawardiniň garaýyşlary bilen ylalaşýandyklaryna garamazdan, iş ýüzünde omeýýalaryň döwründen bäri halyflyk mirasdüşer döwlet bolupdyr.

Halyf bilen musulman jemagatynyň arasyndaky gatnaşyklara al-Mawardi ikitaraplaýyn şertnama hökmünde garap, şol şertnama boýunça her tarap öz üstüne kesgitli borçlary alypdyr. Al-Mawardiniň nazaryýetine laýyklykda, halyf Yslam dinini we onuň esasy ýörelgelerini goramaly; jedelli meseleler boýunça çözgütleri kabul etmeli; musulman ybadatlarynyň dogry we yzygider ýola goýulmagyny üpjün etmeli; juma namazynda onuň hut özi ymamlyk etmeli; jenaýat işi boýunça çykarylan hökümi ýerine ýetirmeli; kanun esasynda

salgyt ýygnamaly; her ýylda esgerlere we emeldarlara döwlet hazynasyndan aýlyk tölemeli; özüne köşk adamlaryny saýlap almaly we raýatlary dolandyrmak üçin ýerli emeldarlary bellemeli, döwlet işine şahsy gözegçiligi amala aşyrmaly. Halk köpçüliginiň borçlary hakynda aýdylanda bolsa, al-Mawardiniň pikiriçe, raýatlar halyfa boýun synmaly we halk ähli işlerde halyfa ýardam etmeli.

Al-Mawardiniň nazaryýetine laýyklykda, halkyň emelsiz hem-de adalatsyz halyfy häkimiýetden agdarmaga hukugy bolupdyr. 1258-nji ýylda halyflyk ýatyrylandan soň, kanunçylar häkimiýeti güýç bilen basyp alan, ýöne dolandyryşy şerigat esasynda ýöredýän halyfyň häkimiýetini ykrar edip bolar diýip hasap edipdirler. Eger-de, onuň häkimiýetini hem başga biri güýç bilen basyp alsa, onda täze hökümdaryň häkimiýeti hem ykrar edilipdir.

Döwlet dolandyryşyň beýleki bir nazaryýetini meşhur alym ibn Haldun (Abu Zeýd Abdurrahman ibn Muhammet – 1332-1406) öňe sürüpdir. Ibn Haldun teokratik häkimiýeti inkär edipdir we onuň pikirine görä, islendik akylly-başly we beden taýdan sagdyn, dolandyryşdan başy çykýan musulman adamsy halyf bolup bilipdir. Döwleti we häkimiýeti ibn Haldun jemgyýetçilik durmuşynyň bir görnüşi hasap edipdir.

## § 10. Yslamda sopyçylyk ýörelgesi

**Sopyçylygyň ýüze çykmagy.** Gadymy we Orta asyrlarda dünýäniň ähli halklarynda diýen ýaly ruhy kämillige ýetmek üçin bilim almagyň pynhan hem-de syrly usullary bolupdyr we şeýle bilimlere diňe amal etmesi kyn synaglardan geçilenden soň eýe bolup bilnipdir. Ruhy gözlegleriň şol ýollaryny geçen adamlary Hindistanda mahatma we maharişi, Gresiýada – danalar, gadymy Ysraýylda - *hahamlar*, hristiýan däplerinde – keramatlylar we gaýduwsyzlar, nusulman ýurtlarynda bolsa sopylar (derwüşler) diýip atlandyrýardylar.

Emma dürli hili atlandyrylandygyna garamazdan olaryň hemmesini bir zat birleşdiripdir: olar ähli dinleriň gözbaşynyň ýeke-täkdigine, dinleriň we ynançlaryň esasyny Hakyň emele getirýändigine ynanypdyrlar.

«Sopy», «sopyçylyk» («sufizm») adalgasynyň araplaryň «*suf*» («ýüň») sözi, ýagny sopylaryň ýüň dony bolan «hyrka» bilen baglanşdyrýarlar. Bu adalganyň araplaryň «*saf*» («sap», «arassa») sözünden gelip çykandygyny hem belleýärler. Käbir alymlaryň bu düşünjäni, grekleriň «*sofiýa*» («paýhas») ady bilen baglanşdyrýanlary-da bar. Sopyçylygyň ýüze çykmagy Yslam dininiň taryhy ösüşi bilen baglanyşykly boldy. Muhammet Pygamberiň we Onuň ilkinji orunbasarlary – halyflar Abu Bekiriň we Omaryň dolandyran ýyllarynda arap jemagaty özboluşly dini jemagat bolup, onda entäk sözüň doly manysynda dünýewi häkimiýet kemala gelip ýetişmändir. Sebäbi Yslam dininiň döremegi bilen Arabystanda ýüze çykan häkimiýet Alla tarapyndan buýrulan dini häkimiýetdi. Ilkinji halyflar Abu Bekiriň we Omaryň durmuşy musulman jemagatynyň ýönekeý agzalarynyň durmuşyndan känbir tapawut etmändir. Emma parasatly hem-de adalatly adam bolandygyna garamazdan, üçünji halyf Osmanyň döwründe dolandyryjy toparlaryň baýlaşyp ugramagy, jemgyýetde nägileleikleriň döremegi ýaly hadysalar ýüze çykyp ugraýar.

661-nji ýylda Arap döwletinde häkimiýet başyna Omeýýa nesliniň gelmegi bilen halyflaryň häkimiýeti dünýewi häsiýete eýe bolýar. Dini häkimiýetiň wezipeleri bolsa durmuşyň ähli meselelerine jogaby özünde jemleýän Kurana, soňra bolsa Muhammet Pygamberiň wesýetlerine - «Hadyslara» syrygyp ugraýar. Bu döwürde ylahy we hukuk bilimlerini özünde jemleýän Hadyslara düşündiriş berýän ulamalar - «muhadisler» hem peýda bolýarlar. Muhadisler arap jemgyýetinde uly ynamdan hem-de aýratyn hormatdan peýdalanypdyrlar. Muhadislerden diňe bir Hadyslary bilmeklik däl, eýsem Hadyslara eýermeklik hem talap edilipdir.

Hadyslara eýermeklik bolsa, durmuşda we her bir işde Pygamber ýaly bolmalydygyny aňladypdyr. Mälim bolşy ýaly, Pygamberiň ömri durky bilen ýönekeý ýaşaýşa, gadagan hem-de haram hasap edilen ähli zatlardan saklanyp we gaça durup bilmeklige, Allanyň öňünde sadyklyga ýugrulandy. Şeýlelikde, ýönekeý hem-de takwa durmuşyň esasynda soňra sopyçylyk diýip at alan terkidünýälik (derwüşçilik) akymy ýüze çykýar. Sopylar adaty dindarlardan – *möminlerden* durmuşa we dine bolan has işjeň garaýyşlary we dini amaly bilen tapawutlanýardylar.

**Sopyçylygyk taglymaty.** Resmi döwlet ideologiýasy musulmanlary Hudaýyň ady we dowzah ody bilen gorkuzan bolsa, sopylar öz tarapdarlaryny Allany we Onuň gaýtalanmajak gözelligini söýmäge çagyrypdyrlar. Sopylar Haka ýetmäge çalşypdyrlar, munuň üçin bolsa hiç bir zady talap etmändirler. Olar «Biz dowzahdan çekinemzok, jenneti hem islämzok» diýip aýdypdyrlar. Hak – munuň özi bu dünýäniň ähli isleglerinden özüni mahrum eden sopynyň ylham halynda Alla bilen pynhan sözleşmegidir. Sopyçylyga «Sopy — munuň özi Hakyň aşygydyr, ol Yşgyň hem-de Sadyklygyň güýji bilen Haka we Kämillige tarap barýan kişidir» diýlip düşündiriş berilýär. Yşgyň hem-de sadyklygyň güýji bilen Haka tarap barýan hereketi bolsa sopylar *tarykat* ýa-da Alla barýan ýol diýip atlandyrýarlar.

Sopyçylyk – bu nebsiňi (*nafs*) ýaramaz isleg-hyýallardan arassalamagyň ýoludyr we ruhuňy ylahy islegler bilen baýlaşdyrmakdyr. Bu ýoly *mürit* («gözleýji») sopyçylyk ýoluny geçen *mürşidiň* (piriň) ýolbaşçylygynda geçýär. Kimiň öz mürşidinden müritlere halypaçylyk etmäge ygtyýary bolmasa, ol hakyky pir hasap edilmändir we sopyçylygy öwretmäge hukugy bolmandyr. Şerigata sygmaýan zatlar sopyçylyk hasap edilmändir. Şonuň üçin hem al-Gazaly (1058-1111) sopyçylygy Yslamyň many-mazmuny hasap edipdir.

Sopylar pukaralygy (*fakr*) wagyz edipdirler, bu dünýäniň panydygyny tassyk edipdirler, bu dünýäniň isleglerinden ýüz öwrüp, terkidünýälige ýüz urupdyrlar (*zuhd*), «*Lä illähe illallah*» (Alladan başga Alla ýokdur), «*Hüw Hak*» (Ol Hakdyr) diýip, Allanyň adyny yzygider gaýtalapdyrlar (*zikir* çekmek), Ýaradan barada oýlanyp, içlerinden doga okapdyrlar (*tefekkur*), Allanyň erkine sygynypdyrlar (*tewekkul*, töwekgel – bil baglamak), Kuranyň aýatlatyny ýorupdyrlar (*tewil*).

Sopyçylyk amalynyň pynhan bilimlerine diňe mürşitden sapak alnanda eýe bolup bilnipdir. Şonuň üçin hem mürit sopyçylygyň diňe geçilen ýoly barada bilipdir. Hatda ylmy ýetik sopylar hem öz halypasynyň ygtyýary bolmasa sopyçylyk hakynda ýazmandyrlar. Çünki sopyçylyk amalyndaky aýratyn ruhy ýagdaýy söz bilen beýan etmek mümkin bolmandyr, şol sebäpden hem sopylar: «Söz bilen aýdyp bolýan zatlar sopyçylyk däldir» diýip belläpdirler.

Meşhur sopylar beden hem-de ruhy taýdan kämilleşmäniň esasynda adamyň Hudaýy söýdügiçe, Hudaý bilen bitewileşdigiçe, onuň kalbynda içki «men»-iň ýitjekdigi we diňe Hudaýyň galjakdygy hakyndaky duýgynyň döräp biljekdigine ynanypdyrlar. Sopynyň şeýle ruhy halyny olar «*fena-fillah*», ýagny «Allada ýitmek» diýip düşündiripdirler. Bu düşünje IX asyryň ahyrlaryndan başlap sopyçylygyň esasy ynanjyna öwrülipdir, çünki «Allada ýitmek» sopyçylyk mekdepleriniň esasy köpçüligi üçin ahyrky maksat hasap edilipdir.

Eýsem-de bolsa sopyçylyk name? Sopyçylyk – bu özünde ähli bilimleriň «açaryny» saklaýan pynhan dini taglymatdyr. Onuň wezipesi – ynsany has ýokary kämillek derejesine çykarmakdyr. Ähli ylymlar adamzada Gudraty güýçliniň ýaradan zatlaryna akyl ýetirmek üçin bagyşlanan bolsa, sopyçylyk Gudraty güýçliniň özüne akyl ýetirip, Onuň özünde ýitip gitmekdir. Şonuň üçin hem sopyçylyk – hakyky Barlyga

akyl ýetirmegiň ýoludyr, ol diňe bir ynsanyň kimligi hakynda däl, eýsem onuň nähili bolmalydygy hakyndaky taglymatdyr.

Sopyçylyk ýolunyň geçilmegi ýörite bilimleri talap edipdir, çünki onsuz ruhy gözlegler ýoluna düşýänleriň saglygyny hem-de aklyny ýitirip heläk bolmaklary mümkindi. Şonuň üçin hem sopyçylyk ýoluny geçen we pir ýa-da şyh derejesini göteren adamlardan – mürşitlerden halypa saýlap almak (pire gol ýapmak) dessury ýüze çykýar. Başda mürşidiň ýolbaşçylygynda mürit birnäçe synaglardan geçýär, soňra ol köp sanly zikirleri berjaý edýär, agzyny bekleýär, gijelerini ukusyz geçirýär, Kuran okaýar, ýeke özi ýalňyzlykda kyrk günläp ybadat edýär (çillä girmek). Mürit islendik päsgelçilikden arkaýyn geçer ýaly, mürşit onuň aňynda janly pikirlenmäni, erki hem-de erjelligi kemala getirýär. Öz gezeginde mürşitler hem tejribe psihologiýasy bilen meşgullanyp, özlerinde kesekiň pikirini aňlamak we olary okap bilmek ýaly endikleri kemala getiripdirler. Haçan-da, mürşit şägirdiniň kemsiz ýetişendigine gözi ýetenden soň, oňa talyp toplamaga we öz halypasynyň kesbini dowam etdirmäge ygtyýar (*ijaza*) berýär.

**Sopuçylygyň ösüş tapgyrlary we makamlar.** Sopyçylykda Haka ýetmegiň ýoly dört tapgyrdan durupdyr. Onuň birinji tapgyry ýa-da basgançagy «*şerigat*» diýlip atlandyrylyp, islendik musulman adamsy ýaly, sopular hem şerigatyň ähli parzlaryny berjaý etmelidiler. Sopyçylygyň ikinji basgançagy «*tarykat*» diýlip atlandyrylyp, onuň «ýol», «ýörelge» ýaly manylary bardyr. Bu döwürde sopy, belli pirleriň birine gol ýapýar, ondan sapak alyp, ylahyýet ylmyny doly özleşdirýär. Sopyçylygyň üçünji döwri «*maryfat*» diýlip atlandyrylyp, bu döwürde sopynyň özi pirlige ýetişýär we töweregine sopy ýygnaýar. Sopyçylygyň soňky basgançagy «*hakykat*», onuň iň ahyrky hem-de ýokary derejesidir.

Şerigat - Haka akyl ýetirmäniň birinji başlangyjy bolup, onda beýleki adaty musulmanlar ýaly Yslamyň bäş sütüni bolan

Iman getirmek, günde bäş wagt namaz okamak, Orazada (Remezanda) agyz beklemek, Haj etmek, Hudaý ýoluna sadaka bermek ýaly parzlar berjaý edilipdir. Emma bu entäk sopyçylyk däldir, ýöne ony geçmekliik hökman bolupdyr, sebäbi Yslamyň esaslaryny bilmezden sopyçylyk ýoluna düşmek mümkin bolmandyr.

Tarykat – ruhy taýdan kämilleşmegiň ikinji tapgyry bolup, ol özünde dürli ruhy-ahlak usullaryny jemleýär. Munuň özi Hudaýy gözleýän ruhuň özboluşly ýol salgysy bolupdyr. Tarykat Hudaýyň gözleginde gezip ýören müridiň ruhy durmuşyny hem aňladýar. Tarykat adalgasy onuň özi bilen manydaş «*suluk*» (girmeklik), şol ýoldaky gezende bolsa «*salik*» (giriji) sözi bilen çalşyrylyp bilnipdir. Sopyçylykda ýoluň bar bolşy ýaly, şol ýolda «düşelgeler» hem bolupdyr. Şol düşelgeler, duralgalar «*makam*» diýlip atlandyrylypdyr. Her bir makamyň şu tapgyra mahsus bolan özüniň ruhy haly ýa-da ýagdaýy bardyr.

Esasy makamlar toba etmekligi (tewbe), takwalygy (wara), terkidünýäligi (zuhd), pukaralygy (fakr), sabyrlylygy (sabr), öz şahsy erkiňden el çekmekligi we dolulygyna Allanyň erkine bil baglamaklygy (tewekkul), Allanyň razylygyny gazanmaklygy (*rida, riza*) öz içine alypdyr.

Tarykat tapgyrynda Hakyň gözlegine çykan mürit öz kalbyny we ýüregini ähli ýaramaz pikirlerden we hyýallardan arassalamaly, äňyndan, pikirinden we hyýalyndan Haka akyl ýetirmekden başga ähli zatlary zyňyp taşlamaly, onuň hereketleri dogry we tarykat tapgyrynyň talaplaryna laýyk gelmeli bolupdyr. Sopynyň tarykat tapgyryndaky hereketleri şu zatlary öz çine alypdyr: sopynyň hökman piri bolmaly, pire wepalylyk hem-de sadyklyk bildirmeli; öz iýjek çöregiňi özüň gazanmaly; gürrüňçilikde we adamlar bilen söhbetdeşlikde ýaňralykdan daşda durmaly, az gürlemeli; az ýatyp, az iýmeli, pukara ýaşamaly we başgalar. Eger-de, piri bar bolan şägirt şu şertleriň ählisini ýerine ýetirse, ol hökman öz maksadyny amal

edipdir we Haka ýetip bilipdir. Emma şu şertleriň iň bolmanda biri ýerine ýetirilmedik halatynda, ol Hakyň huzuryna barýan ýoly tamamlap bilmändir.

Maryfat (bilmek, ýagny Hudaýy bilmek, Oňa akyl ýetirmek) sopyçylygyň üçünji tapgyry bolup, bu tapgyrda ruhy agtaryşlaryň gözleginde ýola çykan sopyda gysga wagtlaýyn joşgun peýda bolýar. Makamdan tapawutlylykda, joşguny sopy öz güýji, öz yhlasy bilen  bilen gazanyp bilmeýär. Bu Hudaýyň ýokardan iberýän peşgeşi bolupdyr. Şunda sopy özüni edil Hudaýyň huzurynda ýaly duýýar we özüne Hudaýyň bakýandygyna akyl ýetirýär. Munuň özi «fena-fillahdyr», ýagny «Allada ýitmekdir». Emma sopylaryň esasy köpçüligi muny ahyrky pelle hasap etmeýärler, çünki ondan soň *baky* ýa-da *bakyýet* hem bolupdyr.

Maryfat tapgyryny geçen sopy öz halypasynyň - mürşidiniň ygtyýar bermegi bilen sopy ýygnamaga we mürşit bolmaga mümkinçilik alypdyr. Maryfatdan soň gezende iň soňky tapgyra – Hakykata gadam basýar. Bu adalga Hakyky, Absolýut Barlygy, Allany aňladýar. Hakykata ýetip sopy Barlygyň hakyky tebigatyna, Hudaýa we özüniň Oňa dahyllydygyna göz ýetirýär. Şundan soň ol öz hususyny, ýagny «men»-ini ýitirip, Absolýut (Hudaý) ummanyna çümüp gidýär we özüniň bakyýete gelendigine göz ýetirýär. Şol sebäpden hem sopylar özlerini köplenç «*ähl-hak-hakika*» (hakykatyň adamlary) diýip atlandyrypdyrlar. Hakykatyň ýoluny geçen we Haka ýeten sopy ilki Hudaýa, ondan soň bolsa ýaradylmanyň filosofiýasyna akyl ýetiripdir; hiç kim bilen duşmançylyk etmändir; ynsanlary asylly işlere ugrukdyrypdyr; ähli adamlar babatynda sabyr-takatly, ýönekeý bolupdyr; sadyk we hiç kime bagly bolmadyk erkin ýaşaýyş ýörelgelerine eýeripdir; diňe Hudaýa bil baglapdyr; harsydünýäligi we açgözligi unudypdyr; az bilen oňňut edip, kanagatly bolupdyr; adamlara diňe ýagşylyk edipdir we hiç bir hili ýagdaýda-da olaryň göwnüne degmändir; ähli ýagdaýlarda özüni sowukganly hem-de parahat

alyp barypdyr we başgalar. Şeýle häsiýetler sopyda diňe ruhy gözlegleriň hakyky syrlaryna aralaşandan soň döräp bilipdir, ýagny Hutaýa tarap syýahata başlanda («*seýr il-Allah*»), soňra Hudaý bilen bileleikde syýahata ugranda («*seýr fil-Allah*»), ondan sön «Hudaý bilen adamlara tarap» ýola düşende we iň soňunda bolsa «Adamlar bilen bilelikde Hudaýa tarap» täze syýahata başlanda.

Sopylar joşgun (ekstaz) halyna ýetmäge uly ähmiýet beripdirler. Sebäbi joşguny olar Allanyň ýalkadygy hasap edipdirler. Joşgun halyna geçmek üçin sopylar saz bilen ýanalyp aýdylýan çeper sözleri peýdalanypdyrlar. Many-mazmuny sopyçylyga ýugrulan aýdymdyr sazlary diňlemek dessury köp mürşitler tarapyndan kabul edilip alnypdyr we ol *sema* (arapça «diňlemek») diýlip atlandyrylypdyr. Sema diňleýjiniň – sopynyň kalbyny heýjana getirýän özboluşly nagmalar bolupdyr. Emma sema bilen meşgullanmak diňe ýukaýüreklere we zenan söýgüsinden ýüz öwrenlere buýrulypdyr. Kimde-kim bu zatlardan saplanmadyk bolsa, onda ol zikir çekipdir we agyz bekläpdir. Semanyň giň gerime eýe bolmagy soňra sopyçylyk edebiýatynyň ýüze çykmagyna getiripdir.

**Sopyçylygyň ugurlary.** Sopyçylyk taglymatlarynyň birmeňzeş däldigine we köp görnüşli bolandygyna garamazdan, onda esasan iki sany ugur bardyr: aramlar we barypýatan sopylar. Aram sopylaryň hataryna Hasan al-Basry (642-728), al-Gazzaly (1058-1111), Abulkasym al-Jüneýt (830-910), Hoja Ahmet Ýasawy (1103-1166/67) we beýlekiler degişli bolup, olar sopylar şerigatyň çäginden çykmaly däldir, olaryň her bir aýdýan sözi we edýän hereketleri Kurana hem-de Hadyslara gabat gelmelidir diýip belläpdirler.

Barypýatan sopylara Hüseýn al-Hallaç (858-922), Ibn Araby (1165-1240), Jellaleddin Rumy (1207-1273), Bistamy (874-nji ýylda aradan çykan) ýaly alymlar degişli bolup, olardan Ibn Arabi Hakyň birligini («*wadhati wujud*») öňe

süripdir, ýagny ol Hudaýy we tebigaty bir bitewilikde kabul edipdir. Wagtyň geçmegi bilen sopyçylyk dürli guramalara hem bölünipdir. Olaryň köpüsi guramany esaslandyryjynyň (Möwlewiler, Kubrawylar, Nagyşbendiler, Kadyrylar, Ýasawylar we başgalar) adyny göteripdirler. Her bir mürşit (halypa) mürit (şägirt) ýetişdirýän wagtynda olardan birini özüne orunbasar belläpdir we ol halypa ölenden soň onuň hyrkasyny geýipdir. Netijede, elden-ele geçýän hyrka sopyçylyk guramasynda häkimiýetiň esasy nyşanyna öwrülipdir.

Sopynyň söýgüsi çäksiz, onuň belli bir serhedi, çägi bolmandyr, çünki bilimiň çeşmesi tükeniksiz hem düýpsizdir. Şonuň üçin hem Hakykat arzuw edilýän, ýöne ýetip bolmaýan gözel ýaly, hemişe el ýetmez bolup galypdyr. Sopy şahyrlar sopyny adatça söýgi zerarly aklyndan azaşan Mejnuna meňzedýärler. Jelaleddin Rumynyň hekaýatlarynyň birinde halyf Leýlä ýüzlenip: «Hakykatdan hem Mejnun sen zerarly aklyndan azaşdymy? Sen şeýle bir owadan gyz hem däl ekeniň» diýip geňirgenipdir. Onda Leýli: «Sen Mejnun däl! Sebäbi sen öz aklyňda, Mejnun bolsa söýgi zerarly däli-diwana öwrülen. Söýgüde öz aklyňda bolmaklyk - biwepalykdyr» diýip jogap berýär.

Yslamyň döreden şertleri sopyçylyk taglymaty üçin juda amatly diýlip hasap edililipdir. Yslam sopyçylyk ýaly gizlin hem-de pynhan taglymatyň ýaýramagy üçin şu sebitde ýaşap geçen beýleki ähli dinlerden has amatly şertleri döredipdir. Sopyçylygyň öňe sürýän aňyýeti uniwersal, ýagny ählumymy görnüşdedir we onuň yzlaryny her dürli ruhy taglymatlarda we dinlerde görmek bolýar. Sopyçylyk taglymaty diňe bir taglymatda (doktrinada) jemlenen däldir we ol taryhy şertlere baglylykda we anyk adamlaryň psihologiki aýratynlyklarynda täze görnüşlere eýe bolup bilipdir. Sopyçylyk – munuň özi ýitigini (Hudaýy) gözleýäni baky Barlyga (Hudaýa) tarap alyp barýan ýoldur. Ol ýol misli ynsan durmuşy ýaly köp dürlidir we

ol her bir adamda bir hili görnüşde ýüze çykypdyr. Şonuň üçin hem tanymal sopylar Hudaýa barýan ýollaryň sany, ýolagçylaryň sanyna barabardyr diýip aýdypdyrlar.

## § 11. Orta asyr arap musulman medeniýeti

Ägirt uly basybalyşlaryň netijesinde arap halyflygynyň düzümine taryhy ösüşiň dürli basgançaklarynda duran halklaryň onlarçasy girizilipdir. Munuň özi halklaryň arasynda medeni gatnaşyklaryň ösüşine, umumy musulman medeniýetiniň döremegine örän uly täsir edipdir. Umumy musulman medeniýetiniň kemala gelmegine arap dili uly täsir edipdir. Wagtyň geçmegi bilen arap dili milletara gatnaşyklarynyň, iş dolandyryşyň, kazyýetiň, edebiýatyň, taryhyň we ylmyň diline öwrülipdir. Orta asyrlaryň arap alymlary we beýleki musulman halklaryndan ösüp ýetişen ajaýyp akyldarlar arap dilinde gürläpdirler we öz ölmez-ýitmez eserlerini döredipdirler. Arap diliniň söz baýlygy beýleki halklaryň dillerine aralaşypdyr, arap dili hem öz gezeginde beýleki dilleriň hasabyna baýlaşypdyr.

Arap diliniň ösmegine Kuranyň göçürilmegi we beýan edilmegi uly täsir edipdir. Dil bilen birlikde, ýazuw düzgünleri hem kämilleşipdir. Eýýäm VII asyrda arap diliniň ýazuw düzgünleri bilen baglanyşykly mekdepler peýda bolup başlaýar. VIII asyrda as-Subaweýhiniň arap diliniň ýazuw kadalaryna bagyşlanan kitaby neşir edilýär. Ýazuw düzgünleri bilen bir hatarda, arap diliniň söz baýlygyny öwrenmek bilen baglanyşykly işler hem amala aşyrylypdyr. VIII asyryň ahyrlarynda arap diliniň birinji sözlügi neşir edilýär. Wagtyň geçmegi bilen arap dili barada ylmy işler hem çap edilýär.

XIII asyrda al-Saganynyň (1177-1262) we ibn-Manzuryň uly göwrümli sözlükleri neşir edilýär. Sözlükleriň ýene biri al-Firuzabadi (1326-1414) tarapyndan ýazylyp, ol giň meşhurlyga eýe bolýar. Giçki döwürde bu sözlük pars hem-de türk dillerine hem terjime edilýär. Arap diliniň ösüşine beýleki dillerde

ýazylan eserleriň terjime edilmegi hem oňyn täsir edipdir. Halyf Abdyl Mäligiň (685-705) döwründe iş dolandyryş Wizantiýanyň elinden alnan welaýatlarda grek dilinden, öňki sasany welaýatlaryndaky ortapars dilinden bolsa arap diline geçirilip başlaýar. Onuň döwründe teňňeleriň ýüzündäki ýazgylar arap diline geçirilipdir. Wizantiýa kanunlarynyň uly toplumy hem arap diline terjime edilipdir.

VIII asyrda dünýä edebiýatynyň dürli ugurlaryna degişli kitaplary arap diline geçirilipdir. Harun ar-Reşidiň we onuň ogly al-Mamunyň döwründe terjimeçilik işi has işjeň ýagdaýa eýe bolýar. VIII asyryň ahyrlarynda – IX asyryň başlarynda Bagdatdaky Ylymlar akademiýasynyň ýanynda ýörite terjimeçileriň topary hereket edipdir. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda Gaýtadan döreýiş eýýamyndan öň Aristoteliň, Ýewklidiň, Ptolomeýiň, Gippokratyň, Galeniň, Arhimediň we beýleki gadymy grek akyldarlarynyň işleri bilen diňe arap dilinden latyn diline terjime edilen işler arkaly tanşyp bilipdirler.

VII-VIII asyrlarda gadymyýetden gözbaş alyp gaýdýan arap edebiýaty ösüp başlaýar. Bu döwrüň edebiýaty özüniň dünýewiligi, ýokary ruhubelentligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Edebiýatda aýratyn hem şygryýet ösüpdir. Şahyrlaryň birleri öz eserlerinde halyflary, olaryň ata-babalaryny, eden işlerini wasp etseler, ýene birleri durmuş nogsanlyklaryny paş edýärdiler. Bu döwürde yşky-liriki eserler hem peýda boldy. Irki arap söz ussatlaryndan omeýýalar köşgüniň şahyrlary Farazdagyň hem-de Ahtalyň atlaryny görkezmek bolar.

VIII-XI asyrlarda Abu Nuwas (VIII ikinji ýarymy – IX asyryň birinji ýarymy), Abu-al-Atahiýa (748-825), al-Mutanabbi (915-965), Abu-al-Ala al-Maari (973-1057), al-Hafifi (1054-1122) ýaly şahyrlar giň meşhurlyga eýe bolupdyrlar. XII asyryň başlarynda arap edebiýatynda kyssa žanry peýda bolýar. Şeýle kyssalaryň biri harby-gahrymançylyk temasynda ýazylan «Antar hakynda kyssa»

eseridir. Eserde gürrüň berilýän hekaýatlaryň köpüsi soňra «Müň we bir gije» atly meşhur arap eserine girizilipdir.

Arap halyflygynyň döremegi araplarda taryhnamanyň ösüşine uly itergi beripdir. Ilkinji taryh kitaby Abu Abdallah Muhammet ibn Ishagyň (767-768-nji ýyllarda aradan çykan) «Pygamberiň ömürbeýany» kitabydyr. Ibn Ishak Pygamberiň ömrüne bagyşlap jemi üç sany kitap ýazypdyr, emma olar saklanmandyr. IX asyrda olary dilçi alym ibn Hişam (828-nji ýylda aradan çykan) gaýtadan işläpdir.

Muhammet Pygamberiň ömürbeýany bilen başga taryhçylar hem meşgullanypdyrlar. Dünýewi häsiýetdäki işler IX asyrda peýda bolýar. Arap basybalyşlary barada taryhçy al-Belazuri (IX asyr), Bagdada ibn abu Tahyr Teýfur (IX asyr) uly göwrümli işleri ýasypdyrlar. IX asyrda «ählumumy taryhlar» ýazylyp başlaýar. Olaryň iň kämili hem-de ähmiýetlisi Muhammet ibn Jarir at-Tabariniň (839-923) «Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy» («*Tarih ar-Rusul wa al-muluk*») atly uly göwrümli eseridir.

Abu-al-Abbas ibn Ýakubi (takmynan 897-905-nji ýyllarda aradan çykan) özboluşly ählumumy taryh boýunça eser ýazýar. Ýazaryň işinde ysraýylly pygamberleriň, Siriýanyň, Assiriýanyň, Wawilonyň, hindileriň, grekleriň, rimlileriň, parslaryň, hytaýlylaryň, müsürlileriň, berberileriň we yslamdan öňki araplaryň hökümdarlarynyň taryhy beýan edilipdir.

XIV-XV asyrlaryň meşhur taryhçylarynyň arasynda ibn Haldun (1332-1406) bilen Taki ed-Din Ahmet ibn Ali al-Makrizi (1364-1442) aýratyn orun eýeleýärler. Aýratyn hem ibn Haldunyň eserleriniň ähmiýeti ulydyr. Ibn Haldunyň pikirine görä, adamzat jemgyýetiniň ösüşinde patyşalaryň däl-de, eýsem halk köpçüliginiň hereketi uly ähmiýete eýe bolupdyr. Taryh ylmynda ilkinji bolup ibn Haldun maddy durmuşyň jemgyýeti döredýän esasy alamatdygyny subut edipdir. Ibn Haldun adamzat taryhynyň özboluşly

döwürleşdirilişini öňe sürüpdir. Ol jemgyýetiň üç ýagdaýyny görkezipdir: wagşylyk, oba durmuşy we şäher durmuşy. Bu ýagdaýlaryň her biri önümçüligiň we sarp edişiň derejesi boýunça biri-birinden tapawut edipdirler.

Musulman filosofiýasy bir tarapdan gadymy gerek filosoflarynyň täsiri netijesinde, beýleki bir tarapdan bolsa VIII asyrda dörän musulman dini ylmynyň – kelamyň[1] esasynda kemala gelýär. Kelamyň iň esasy mezhebleriniň biri *mugtezile* mezhebidir. Mugtezileçiler yslamyň ynanç esaslaryny düşündirmekde rasional meýillere, ýagny akyla örän uly ähmiýet beripdirler. Olar özleriçe Kuranyň käbir aýatlaryndaky akyla ters gelýän ýaly bolup görünýän ýerlerini, öz akyl ýörediş usullary bilen, ýagny tewil[2] ýoly bilen düşündirmäge çalşypdyrlar. Akylyň ornuny olar onuň ahlak taraplarynda, ýagny dünýä akyl ýetirmekde, ýagşy bilen ýamany saýgarmakda görüpdirler. Ynsan täleýini inkär etmek bilen mugtezileçiler her bir ynsanyň öz eden etmişine görä, kyýamat-magşar güni jogap berjekdigi hakyndaky taglymaty kabul edipdirler. Mugteziläniň baş ýörelgesi – bu Allanyň adalaty we onuň birligidir. Mugtezileçiler Allanyň birligi, Allanyň adalaty, ynsanlara ýagşyny buýurmak (emir etmek), olary ýamandan saklamak (ýamany ýazgarmak), etmiş edip, toba etmedigiň ýalkanylmajakdygy, günä üçin jezanyň gutulgysyzdygy we sogap üçin ýalkanyljakdygy baradaky ynsanperwer pikirleri öňe sürüpdirler.

Musulman filosofiýasyny esaslandyryjy basraly Abu Ýusup al-Kindi (800-870) bolupdyr. Al-Kindi garaýyşlary boýunça mugtezileçilere golaýdyr. Onuň eserleriniň latyn diline terjimesi Ýewropada giň gerime eýe bolupdyr. Lukmançylyk ylmyndaky we farmakologiýadaky açyşlary üçin XVI asyrda

---

[1] *Kelam* – Allanayň subuty we şahsy sypatlary, onuň barlygynyň we birliginiň ezeliligi (başy) hem-de bakylygy (onuň soňunyň ýoklugy) hakyndaky ylymdyr.

[2] *Tewil* – düşündiriş bermek (interpretirlemek).

al-Kindi ýewropaly alymlar tarapyndan adamzadyň 12 sany iň ajaýyp şahslarynyň hataryna goşulypdyr. Arap filosoflarynyň arasynda ibn Tufeýl (1110-1185), ibn Ruşd – Awerros (1126-1198) we beýlekiler uly yz galdyrypdyrlar.

Araplarda tebigat we takyk ylymlar hem ösüpdir. Şindi VIII asyrda arap astronomlary we matematikleri «dünýäniň ýaşyny» kesgitlemäge synanyşyk edipdirler. Munuň özi wagtyň araplar üçin diňe bir tebigy hadysa bolman, eýsem onuň kosmiki we taryhy ähmiýete eýe bolandygyny hem subut edýär.

IX asyrda ýyldyzlaryň globusy döredilipdir we kartografiýada ýokary netijeler gazanylypdyr. Arap astronomy as-Sufiý öz gözegçilikleriniň esasynda ýyldyzlaryň arasyndaky aralygy ölçäpdir we netijesini Ptolomeýiň hasaplamalary bilen deňeşdiripdir. 210 sany ýyldyzyň arap atlary Ýewropanyň astronomiýa ylmyna giripdir. Arap alymlary tarapyndan hasaplanylan meridianyň uzynlygy, diňe täze taryh döwründe takyklanylypdyr. IX asyrdan başlap käbir şäherlerde obserwatoriýalar gurlupdyr, Ýewropada bolsa ilkinji obserwatoriýalar XVI asyrda peýda bolup ugrapdy.

Araplarda matematika, algebra, geometriýa, trigonometriýa ylymlary ösüpdir. Häzirki döwürde ulanylýan sanlar arapçadyr (hindilerden alnan we kämilleşdirilen). Arap matematikleri ilkinji bolup sanlaryň arasyna nol düşünjesini girizdiler we munuň özi matematika ylmynyň ösüşinde uly öwrülşik boldy.

Araplarda himiýa ylmy ösüpdir we ilkinji himiki birleşmeler arap alymlary tarapyndan alnypdyr we beýan edilipdir. Hytaý därisi araplar tarapyndan harby işde ulanylypdyr. IX asyrda Ýakyn Gündogarda eýýäm gymmat bahaly we ýarym gymmat bahaly daşlaryň udel agramyny ölçäp bilipdirler. Arap lukmançylygy XVI asyra çenli Ýewropada agalyk edipdir, arap lukmanlary mineral, jandar we ösümlik häsiýetdäki dermanlary bilipdirler we bejerişde ulanypdyrlar. XIII asyrda ibn Baitar 1400 sany dermana häsiýetnama

beripdir. Beýleki bir lukman Abul Kasym az-Zahrawy çyzgylary bilen bilelikde «Hirurgiýa we enjamlar hakynda kitap» eserini galdyrypdyr. Lukmançylyk ylmynda Abu Bekr Muhammet ar-Razi (925-nji ýylda aradan çykan) öçmejek yz galdyran alymlaryň biri bolupdyr.

Arap halyflygy döwründe döwletiň arap däl halklaryndan ösüp ýetişen beýik alymlar aýratyn tapawutlanypdyrlar we musulman ylmynyň ösüşinde uly yz galdyrypdyrlar. Asly Merkezi Aziýadan we Eýrandan bolan alymlaryň atlary bolsa dünýä ylmynyň taryhyna altyn harplar bilen hemişelik ýazyldy.

Araplaryň aralaşan we Yslamyň ýaýran ýurtlarynda özboluşly binagärçilik ülňüsi kemala gelipdirýär. Bu döwürden köpsanly ýadygärlikler biziň günlerimize ýetipdir.

## § 12. Afrikanyň döwletleri VIII-XV asyrlarda

**Günbatar Afrika.** Günbatar we Merkezi Sudanyň halklary gadym döwürlerden bäri ekerançylyk bilen meşgullanyp gelýärdiler we Saharanyň günortasynda ýaşaýan öz demirgazykdaky goňşylary bolan çarwa berberi taýpalary bilen alyş-çalyş edýärdiler. VII-VIII asyrlarda Günbatar Sudanyň Sahel zolagynda Aukar, Mali, birneme soňrak Tombuktu, Ualata, Gao ýaly söwda merkezleri döräp, olar döwletleriň ýüze çykmagynda möhüm ähmiýete eýe bolupdyrlar. Bu şäherler Günbatar Sudanyň dürli ýerlerini birleşdirýän möhüm söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdirler. Esasy ýollar bolup Niger, Senegal, Gulbin, Sokoto, Kamadugu derýalary hyzmat edipdirler.

Söwdanyň esasy harytlary ekerançylyk we maldarçylyk önümleri, duz hem-de altyn, Günbatar Sudanyň günorta etraplarynda bolsa, altyn bilen hoz bolupdyr. Günbatar Sudanda alyş-çalyşyň esasy töleg birligi hökmünde mis we mata bölekleri hyzmat edipdir.

Niger derýasynyň ýokary we orta akymlaryndaky ýerlerde Gana, Mali, Songaýi ýaly ilkinji döwletler peýda

bolýar. Senegal derýasynyň boýlarynda wolof, serer, tukuler we fulbe taýpalarynyň hem-de halklarynyň döwletleri döreýär. Çad kölüniň demirgazyk we günbatar kenarlarynda Bornu, Kanem we hausalaryň şäher-döwletleri ýüze çykýar. Irki orta asyrlarda Günbatar Sudanyň Atlantika ummanyna we Gwineýa aýlagyna ýanaşýan günorta etraplarynda ýorubalaryň döwleti, Benin, Dagomeýa, Aşanti we başga-da birnäçe döwletler döreýär. Bu sebitlerde ýaşaýan halklaryň etniki we dil umumylygy döwletiň döremeginde we ykdysady gatnaşyklaryň pugtalanmagynda uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Gürrüňi edilýän sebitiň iň gadymy döwletleriniň biri Gana ýa-da Aukar döwletidir. VIII asyrda Gana eýýäm kuwwatly döwletdi. Bu döwleti soninka taýpasy esaslandyrýar. IX asyryň ortalarynda Gananyň düzümine Aukar, Baganu welaýatlary, Sahara çölüniň Hoda we Taganta etraplarynyň bir bölegi giripdir. Günbatar taraplarda onuň ýerleri Tekrur welaýatyna, gündogarda – Nigere, günortada bolsa, Senegalyň ýokary akymlaryna we onuň gollarynyň biri bolan Baula çenli baryp ýetipdir. Gananyň hökümdarlygyna käbir berberi taýpalary hem tabynlyk bildiripdirler. Döwletiň paýtagty Kumbi-Sale şäheri bolupdyr.

IX asyrdan başlap Gananyň hökümdarlary Gana gelýän we ondan Magrib ýurtlaryna gidýän kerwenleri talaýan söweşjeň berberi taýpalary bilen gazaply uruşlary alyp barypdyrlar. Gananyň esasy garşydaşy berberileriň lemtuna taýpa bileleşigi bolup, onuň hökümdary Tilutan Günbatar Saharanyň ähli berberi taýpalaryny birleşdiripdir. 919-njy ýylda lemtuna taýpa bileleşigi dargandan soň, berberi taýpalarynyň arasynda agalyk zenaga taýpa bileleşiginiň ygtyýaryna geçýär. Zenaga garşy göreş Gananyň peýdasyna tamamlanýar we 990-njy ýylda olaryň paýtagty we esasy söwda merkezi Audagost eýelenilýär.

X asyrda Gana syýasy taýdan has hem kuwwatlanýar. 1054-nji ýylda Almorawitleriň Gananyň elinden Audagost

şäherini alandyklaryna garamazdan, Gana öz kuwwatyny saklap galmagy başarýar. Gananyň 200-müňlük gowy ýaraglandyrylan goşunynyň 40 müňüsi ýaýçylar, galanlaryny bolsa atly goşun düzüpdir.

Almorawit soltany Abu Bekr ibn Omar Günbatar Sudanyň demirgazygyndaky öz döwletiniň çäklerine golaý ýerleri eýelemäge we bu ýerlerde yslam dinini ýaýratmaga çalşypdyr. 1076-njy ýylda ol Gananyň paýtagtyny eýeleýär. Gananyň tunkasy (patyşa) Almorawitlere tabynlyk bildirýär we her ýylda paç tölemäge borçlanýar. Marokkalylar Ganada yslam dinini ornaşdyrypdyrlar we ýurduň altyn känlerine eýe bolupdyrlar.

Emma marokkoly almorawitleriň Ganadaky agalygy uzaga çekmändir. 1087-nji ýylda Adrara etrabynda almorawitlere garşy turan gozgalaňyň netijesinde Abu Bekr öldürilýär we onuň goşunlary Ganadan çykyp gidýär. Emma Gana öňki kuwwatyna eýe bolup bilmändir, onuň çäkleri diňe Aukar we Bassikunu welaýatlary bilen çäklenipdir, Günbatar Sudanyň giň ýerlerinde bolsa özbaşdak döwletler peýda bolupdyr. Şolaryň biri-de Soso döwleti bolup, ol XIII asyryň 30-njy ýyllaryna çenli sebitiň iň kuwwatly döwletleriniň birine öwrülýär. Şeýleleikde, Soso döwleti Günbatar Sudanyň möhüm söwda ýollaryny öz gözegçiligine alýar. 1224-nji ýylda kerwen ýollarynyň çatrygynda Ualata şäheri esaslandyrylýar we ol ýurduň esasy ykdysady merkezine öwrülýär.

**Mali döwleti.** Soso döwletiniň hem howply garşydaşy bolupdyr. Ol Merkezi Sudanda ýerleşýän Mali döwletidi. Malinka taýpasy tarapyndan esaslandyrylan Mali döwleti öz gözbaşyny VIII asyrdan alyp gaýdýar. Başda onuň esasy ýerleri gündogarda Niger derýasynyň ýokary akymlarynda, demirgazykda – Beledugu, günbatarda bolsa – Bakoý derýasynyň ýokary akymlarynda ýerleşipdir. Döwletiň merkezi onuň demirgazyk etraplarynda ýerleşip, bu ýerlerde Taraore, Konate, Keýta uruglary gezekli-gezegine hojaýynçylyk

edipdirler. XI asyrda dolandyryjy nesilşalyk yslam dinini kabul edýär, ýöne ilatyň esasy köpçüligi köne dini ynançlara eýeripdirler. Hökümdarlarynyň musulman bolandyklary üçin Malide musulman söwdagärleri uly artykmaçlyklardan peýdalanypdyrlar.

XII asyrda Mali döwleti has hem güýçlenýär. Bu döwürler ýurtdaky häkimiýeti Keýta urugy öz eline alýar. Başarjaň serkerde we döwlet işgäri Sundiatyň (1230-1255) dolandyran ýyllarynda Mali döwletine Sankarani we Futa-Jallon welaýatlary birleşdirilýär. Sundiat soňra öz goşunlaryny gündogara sürüp, Niger we Baule derýalarynyň aralygyndaky ýerleri eýeleýär.

Maliniň hökümdary Soso döwleti bilen urşa başlaýar we 1235-nji ýylda ony agyr ýeňlişe sezewar edýär. Netijede, 1240-njy ýyla çenli Sosonyň ähli ýerleri Maliniň düzümine goşulýar. Sundiatyň döwründe Sankarani derýasynyň çep kenarynda Maliniň täze paýtagty – Niani şäheriniň hem düýbi tutulýar. Maliniň düzümine Günbatar Sudanyň iri söwda we medeni merkezleri bolan Ualata we Tombuktu şäherleri hem goşulypdyr. Şunuň netijesinde Gana Magrib, Liwiýa we Müsür bilen gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyr.

XIV asyryň ikinji ýarymy Maliniň taryhynyň iň bir howsalaly ýyllary bolupdyr, sebäbi ýurtda özara uruşlar, häkimiýet ugrundaky göreşler dowam edýär. Şunuň netijesinde Mali gowşapdyr we goňşylary onuň ýerlerini eýeläp ugraýarlar. Bu döwürde döwletiň esasy garşydaşlary Songaý patyşalygy we mosi taýpasynyň Ýatenga döwleti bolupdyr. Bu iki döwlet Maliden ep-esli ýerleri basyp alýarlar.

**Songaý döwleti (Gao imperiýasy).** Mali döwletiniň gowşamagy bilen onuň gündogar tarapynda ýerleşýän Songaý döwleti güýçlenip ugraýar. Başda olar hem Mali döwletiniň tabynlygynda bolup, olara paç töläpdirler. Bu ýagdaý tä XV asyra çenli dowam edýär. Songaý döwletiniň kuwwatly döwri Aly Beriň (1464-1492) dolandyran ýyllarydyr. 1468-nji ýylda

Aly Ber Tombuktu şäherini, ýedi ýyldan soň bolsa möhüm söwda merkezi bolan Jenna şäherini eýeleýär. Ol Ýatenga we Gurma döwletlerini, dogon, berberi we fulbe taýpalaryny hem agyr ýeňlişe sezewar edýär.

Aly Ber 1492-nji ýylyň noýabrynda ýörişleriň birinde wepat bolýar. Onuň ogly Bakari-Da uzak patyşalyk sürüp bilmändir. Onuň garşysyna Aly Beriň serkerdeleriniň biri Muhammet Ture topalaň turuzýar. 1493-nji ýylda Ango söweşinde iň soňky songaý patyşasynyň goşuny derbi-dagyn edilýär. Muhammet Ture paýtagty eýeläp, özüni patyşa diýip yglan edýär. Muhammet I-niň (1493-1528) döwründe hemişelik hereket edýän güýçli goşun döredilipdir.

1494-1515-nji ýyllar aralygynda Muhammet I tarapyndan Diaga, Kasina patyşalyklary, Maliniň ýerindäki Baganu welaýaty, fulbe we hausa taýpalarynyň ýaşaýan ýerleri bolan Bakunu welaýaty we başga ýerler eýelenilýär. Netijede, Songaý döwleti sebitde harby-syýasy we ykdysady taýdan kuwwatly imperiýa öwrülýär. Şol döwürler Songaýyň paýtagty Gaoda 75 müň ilat ýaşapdyr.

**Hasuan we Ýoruba halklarynyň döwletleri.** Songaýyň gündogar araçäklerinden tä Çad köline çenli aralykdaky giňişliklerde hausa taýpalary ýaşapdyrlar. VIII-X asyrlara degişli taryhy maglumatlar hausalaryň Daura, Kano, Zariýa, Gobir, Kasina, Kebbi, Wangara ýaly döwletleriniň bolandygyndan habar berýärler. Bularyň ählisi Günbatar Sudanyň möhüm söwda-ykdysady we medeni merkezleri bolupdyrlar. Hasuan döwletleriniň iň güýçlisi Kano döwleti hasap edilýär. Ol örän möhüm söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşip, diňe bir Demirgazyk Afrikanyň (Tunis, Liwiýa) däl, eýsem, Günbatar Afrikanyň günortasyndaky döwletler (häzirki Gananyň we Günorta Nigeriň ýerleri) bilen hem gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr.

Kanonyň hökümdarlary XIV asyrda basybalyjylykly daşary syýasat alyp barypdyrlar. Ýajiniň (1349-1385)

dolandyran ýyllarynda goňşy taýpalara garşy birnäçe gezek ýörişler geçirilipdir. Kanajejiniň (1390-1410) dolandyran ýyllarynda bolsa hasuanlaryň beýleki bir döwleti – Zariýa basylyp alynýar. XV asyryň birinji ýarymynda Kano döwleti Bornunyň soltanynyň tabynlygyna düşýär, ýöne Ýakubunyň (1452-1483) we Rimfanyň (1463-1490) dolandyran ýyllarynda onuň tabynlygyndan çykmagy başarýar.

Rimfa Kasinu döwletini basyp almagy maksat edinýär. Emma Kasinu döwletine garşy uruşlar arakesmeler bilen 70 ýyllap diýen ýaly dowam edýär. Bu döwürde Zariýa garşy hem uruşlar alnyp barylypdyr. Emma bu uruşlardan Songaý döwleti peýdalanýar we diňe bir Kasinu döwletini däl, eýsem, Zariýany hem-de Kanonyň özüni hem eýeleýär. Bu üç döwlet ýarym asyrlap Songaý döwletine paç tölemäge mejbur edilipdir.

Hasuan döwletleriniň esasy garşydaşlary Songaý patyşalygy we Bornu soltanlygy bolupdyr. Bu iki döwlet hasuan döwletleriniň hökümdarlarynyň arasyndaky bäsleşiklerden we agzalalyklardan peýdalanmagy başarypdyrlar. Diňe XVI asyrda, haçanda, Songaý döwleti gowşap başlanda, hasuan döwletleri ýene-de öňki özbaşdak ýagdaýlaryna eýe bolýarlar. Muňa hasuanlaryň aýry-aýry taýpalarynyň bir bitewi halka öwrülmek hadysasy hem ýakyndan ýardam edipdir.

Nigeriýanyň günorta kenarýakalarynda we Dagomeýada ýoruba taýpalary ýaşapdyrlar. Bu taýpalar hem birnäçe döwletleri esaslandyrypdyrlar. Şolaryň has ulusy we kuwwatlysy Oýo döwletidi. Bu döwlet IX-X asyrlarda peýda bolup, taryhy ösüşde ep-esli öňegidişlikleri gazanmagy başarýar.

**Efiopiýa we Sudan.** X asyrda Efiopiýanyň gadymy paýtagty Aksum weýran edilýär. Aksum patyşalygy ýaşamagyny bes edýär. Merkezi Efiopiýada häkimiýet täze nesilşalygyň eline geçýär. Häkimiýeti ele alanlar falaş taýpasynyň wekilleri bolup, olar ýahudyçylyga uýupdyrlar.

Olar Efiopiýada häzirki döwürde-de ýaşaýarlar. XII asyrda ýurtdaky häkimiýeti asly Lasta welaýatyndan bolan hristianlaryň Zagwe nesilşalygy eýeleýär. Ýurduň paýtagty hem Lasta welaýatyna geçirilýär. Ýüz ýyl töweregi hökümdarlyk eden Zagwe nesilşalygynyň iň görnükli hökümdarlarynyň biri bolan Lalibalanyň dolandyran döwründe Efiopiýa sebitiň täsirli döwletleriniň birine öwrülýär.

XIII asyrda Efiopiýadaky häkimiýeti Solomonlaryň nesilşalygy eýeleýär. Onuň birinji patyşasy Ýekune-Amlagyň (1270-1285) döwründe paýtagt Şoa welaýatyndaky Ankober şäherine geçirilýär. Efiopiýa döwleti demirgazykda Deboroa (Asmaranyň 25 km günortasy), günortada Awaş derýasyna, günbatarda Tana kölüne, demirgazyk-günbatarda Efiopiýanyň ýapjasy Mazona patyşalygyna (Sudan) çenli aralyklarda ýerleşipdir. Efiopiýanyň günorta-günbataryndaky Abbaýi derýasynyň boýunda efiop neguslaryna paç tölän Uollega, Znarýa, Hadiýa, Kaffa döwletleri ýerleşipdir. Gündogarda Efiopiýa Somaliniň musulman emirlikleri bilen serhetleşipdir.

Efiopiýada kemala gelen orta asyr gatnaşyklary barada aýdylanda, onda urug-jemagatçylyk we gul eýeçilik gatnaşyklarynyň yzlaryny görmek bolýar. Efiop jemagatynda (*addi*) ýerler häli-şindi jemagatyň agzalarynyň arasynda paýlanylyp durlupdyr. Şunda jemagatyň her bir agzasyna ýer paýy berlipdir. Emma kähalatlarda addiniň kethudasynyň karary bilen jemagat ýerinden, onuň agzasy bolmadyk adamlara hem ýer bölünip berlipdir. Orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi bilen käbir täsirli nebereler jemagat ýerini hemişelik peýdalanmaga alypdyrlar.

Efiopiýada gulluk ýeriniň özboluşly görnüşleriniň biri bolan «*gult*» ýerleri hem bolupdyr. Gulty negusyň ýa-da iri begzadanyň gullugynda duran adamlara beripdirler. Ähli ekerançylyk ýerleriniň eýesi negus hasap edilipdir. Ýurt dagynyklygy döwründe bu hukuk welaýat häkimleriniň (*rasa*)

ygtyýaryna geçipdir. Şonuň üçin hem Efiopiýada iň uly ýer eýeleri negusyň özi we rasalar bolupdyr.

XI asyra çenli Nubiýada hem birnäçe özbaşdak hristian beglikleri bolupdyr. 1172-nji ýylda Müsürde häkimiýet ugrundaky uruşlar döwründe Nubiýanyň Mukurra döwletiniň gösunlary Müsüriň günorta welaýatlaryna çozuşlary geçirýärler. Bir ýyldan soň eýyubylar mukurralylary eýelän ýerlerinden kowup çykarypdyrlar, ýöne iki ýyldan soň olar ýene-de öňki eýelän ýerlerini basyp alypdyrlar. Müsürde mamlýuklaryň hökümdarlygy döwründe mukurralylar Müsüre täze ýorişleri geçirýärler. Bu wagtlar mamlýuklar hem haç göterijiler bilen uruşlary alyp barýardylar. Şonuň üçin hem Mukurranyň patyşasy Dawid 1272-nji ýylda Aýyuby we Asuany eýeleýär. Emma 1275-nji ýylda soltan Beýbars Mukurranyň goşunlaryny derbi-dagyn edýär we patyşany ýesir alyp, onuň ornuna öz adamsyny belleýär. Şundan soň Mukurranyň üstünden Müsüriň agalygy berkarar edilýär.

Şu döwürlerde ýerli ilat meýletinlik bilen musulmançylyga köpçülikleýin geçip başlapdyrlar. Sebäbi ýurduň dürli welaýatlarynda hristian emirleriniň arasynda özara uruşlar tutaşypdyr. 1304-1305-nji ýyllarda ýurtdaky uruşlaryň öňüni almak we tertip-düzgüni ýola goýmak maksady bilen Sudana mamlýuk goşunlary giripdir. Mamlýuklar iň soňky hristian patyşasyny häkimiýetden çetleşdiripdirler we onuň ornuna Kairde ulalan we yslamy kabul eden Berşambo goýlupdyr. Dongolanyň baş ybadathanasy bolsa metjide öwrülipdir.

XIV-XV asyrlarda Sudanyň häzirki ýerlerinde arap taýpalarynyň ornaşmagy dowam edipdir. Göçüp gelenler sudanlylar bilen gatyşyp-garyşyp oturýardylar. Bu bolsa ýerli halk bilen gelmişek arap taýpalarynyň garyşmagyna we hemmeler üçin umumy bir arap diliniň ýüze çykmagyna getiripdir. Sudanyň şundan soňky taryhy arap-yslam dünýäsiniň taryhy bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. XVI asyryň

başlarynda Sudanyň ýerinde Sennar we Darfur atly arap-musulman döwletleri peýda bolýar.

## § 13. Hytaýda orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi

**Tan imperiýasynyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Irki orta asyrlarda, aýratyn hem Tan imperiýasynyň ýaşan ilki onýyllyklarynda Hytaýyň ykdysadyýeti ep-esli ösüşlere eýe bolupdyr. Şol wagtlar bölek ýer ulgamy heniz hem dowam edýärdi. Sürüm ýerleri giňeldilipdir, ekinleriň dürli görnüşleri ekin dolanyşygyna girizilipdir, alynýan önümleriň möçberi artypdyr. Bu döwürde täze suwaryş desgalary gurlupdyr, ýerler giňeldilipdir. Suwarymly ekerançylykda hytaýly daýhanlar täze tehniki enjamlary ulanypdyrlar, jykyrlaryň kömegi bilen suwy ýokary götermegi başarypdyrlar. Ekerançylykda ekini çalşyp ekmegi özleşdiripdirler. Daýhanlar bir wagtyň özünde dürli wagtlarda ýetişýän iki ekini bir ýere ekip hasyl almagy başarypdyrlar.

Zähmet bölünişiginiň çalt ösmegi netijesinde senetçilik önümçiligi has-da ösüpdir. Merkezleşdirilen imperiýanyň kemala gelmegi netijesinde gowy gurnalan hem-de ösen döwlet edarasynyň kömegi bilen iri ýer eýeleri ähli ekerançylyk ýerlerine agalyk etmek we şol ýerlere ýazylan daýhanlary özlerine bakna etmegi başarypdyrlar. Ýöne, täze şertlerde bular hem ýokary gatlagy kanagatlandyrmandyr we olar öz ýerlerini, baýlyklaryny we syýasy täsirlerini artdyrmagyň ýollaryny agtarypdyrlar. Ýokary häkimiýet bolsa her hili ýollar bilen onuň öňüni almaga çalşypdyr. Häkimiýet bu göreşde köne dessury, ýagny, ýerleri döwlet eýeçiliginde saklamak usulyny ulanmaga çalşypdyr.

Döwlet häkimiýeti ekerançylyk pudagyny öz gözegçiliginde saklamaga çalyşsa-da ýa-da bu ugurda iri ýer eýeçiliginiň ösüşiniň öňüňi almaga gönükdirilen birnäçe çäreleri amala aşyran-da bolsa, bu ýagdaýyň öňüni almak başartmandyr. Sebäbi täsirli begzadalar, emeldarlar,

söwdagärler dürli ýollar bilen döwlete salgyt töleýän daýhanlaryň ýerlerini ellerinden alypdyrlar ýa-da olary öz mülklerine çekipdirler. Sebäbi hususy mülklerde işledilýän daýhanlar sansyz-sajaksyz döwlet salgytlaryndan we borçlaryndan boşadylypdyr. Iri ýer eýeleri öz ýerlerine täze ýaplary çekmek bilen döwlet ýerlerinde oturýan daýhan ýerlerini suwsuz goýupdyrlar we olary tozdurypdyrlar. Tozan daýhanlar ýa ýerlerini taşlap gaçyp gidipdirler ýa-da iri ýer eýeleriniň kärendeçilerine öwrülipdirler.

Bölek ýer ulgamynyň gowşamagyna kähalatlarda imperatorlaryň özleri hem sebäp bolupdyrlar. Çünki hökümdarlar wepaly gulluklary ýa-da aýratyn hyzmatlary üçin öz garyndaşlaryna we täsirli adamlara, bar bolan çäklendirmelere garamazdan, ekerançylyk ýerlerini şol ýerde oturan daýhanlary bilen bilelikde beripdirler. Bu bolsa şol ýerleriň soňra hususy ýerlere öwrülmegine getiripdir. Eger-de, 710-njy ýylda 140-dan gowrak ýokary derejeli begzada maşgalalary imperatordan ýer sowgadyny alan bolsalar, 766-njy ýylda şeýle hojalyklaryň 400-sine ýer berlipdir.

Döwlete salgyt töleýänleriň sanynyň görnetin azalmagy döwlet hazynasyny gowzadypdyr. Döwlet bolsa salgyt töleýanleriň sanyny saklajak bolup netijesiz göreşipdir. Imperatorlar tarapyndan döwlete salgyt töleýän ýerleriň eýelenilmegine garşy her hili permanlar çykarylypdyr. Döwlet ýerleriniň eýelenendigi üçin ýörite jeza çäreleri bellenipdir. Ýerleiň satylmagy we satyn alynmagy gadagan edilse-de, barybir, döwlet bu ýagdaýyň öňüni alyp bilmändir. Döwlet hat-da «müdimilik berlen ýerleri» satmagy gadagan etmäge-de synanyşypdyr.

736-njy ýylda gaçgak daýhanlara öz ýerlerine dolanyp gelmäge rugsat berlipdir, olara her hili kömekleri we ýeňillikleri wada edipdirler. Iri ýer eýeleri tarapyndan daýhan ýerlerine gidýän ýaplaryň öňüne galdyrylan gaçylar, böwetler hökümet tarapyndan ýykylypdyr. Hökümet salgyt töleýänleriň

sanyny artdyrmak maksady bilen esgerleri gullukdan boşadypdyrlar we olary daýhanlara öwrüpdirler. Ýöne, barybir salgyt ulgamynyň gowşamagynyň öňüni almaklyk hökümete başartmandyr.

Özleriniň ykdysady ýagdaýlaryny berkidip, iri begzadalar merkezi döwlet häkimiýetini gowşatmaga dyrjaşypdyrlar. Käbir täsirli begzadalaryň güýçlenmeginden we separatistik (merkezi häkimýetden bölünip aýrylmaga ymtylýan güýçler) meýillerden gorkusyna imperatorlar ýerlerdäki harby serkerdelere käbir dolandyryş wezipelerini hem beripdir. Bu bolsa, tersine, ýerlerde iki häkimiýetliligiň döremegine sebäp bolupdyr.

Hazynanyň gowzamagyna Hytaý tarapyndan basylyp alnan ýa-da Hytaýya ýapja ýurtlaryň özbaşdaklyga eýe bolmagy hem sebäp bolupdyr. 751-nji ýylda araplardan ýeňlenden soň Hytaýyň Beýik ýüpek ýolundaky täsiri peselipdir. Demirgazyk-gündogarda ýurduň üstüne kidanlar çozup durupdyrlar, Koreýa elden gidipdir, üstesine-de, tanlar serhetde goranyş uruşlaryny hem alyp barmaly bolupdyr.



Çanşa şäherindäki köşk

Ýurtda we paýtagtda ýagdaýyň agyrlaşmagy imperator häkimiýetine garşy dürli güýçleriň topalaň turuzmagyna getiripdir. 755-nji ýylda goşun serkerdesi we imperatoryň dikmeleriniň biri bolan An-Lu-şan topalaň turuzýar. Ol öň öz goşuny bilen kidanlara garşy söweşýär eken. Ol ilki Kaýfyny, soňra bolsa Loýany we ýurduň paýtagty Çanany eýeleýär. Tan imperatory tagtyny taşlap gaçýar. Tanlar uýgurlary we çarwalary hakyna tutup, olaryň güýji bilen An Lu-şany

Çanandan kowýarlar. Ýöne, hökümete garşy gurnalan bu topalaňlar uzak wagtlap dowam edipdir we topalaňçylar imperatordan birnäçe eglişikleri gazanypdyrlar.

Tanlara kömege gelen çarwalar hem Hytaýdan elleri boş gitmändirler. Olar yzlaryna gaýdanlarynda ýurdy keýp edip talapdyrlar. Durmuş-ykdysady we syýasy çökgünligiň netijesinde ýurt halys tozupdyr. Şonuň üçin hem Hytaýda ykdysady özgertmeleri geçirmäge synanyşyk edilýär. Özgertmeleri geçirmek üçin bolsa öňi bilen salgyt töleýän ilaty hasaba almalydy. Ilaty hasaba almak üçin bolsa serişde gerekdi, serişdeler bolsa Hytaý hökümetinde bolmandyr. Öňden hereket edip gelýän ekerançylyk babatyndaky kanunlary hem ýöredip bolanokdy, sebäbi iri ýer eýeleriniň sany has hem köpelipdir. Mälim bolşy ýaly, olar her hili ýollar bilen döwlete salgyt tölemeýärdiler.

**Ýan Ýanyň özgertmeleri.** 763-nji ýylda salgyt özgertmesi geçirilip başlaýar. Özgertmäni hökümetiň birinji ministri Ýan Ýan işläp düzüpdir. Ol bölek ýer ulgamynyň öz ähmiýetini ýitirendigi baradaky pikiri öňe sürüpdir. Ýan Ýan salgydy kimiň töleýändiginiň ähmiýetiniň ýokdugyny, ýagny daýhanmy ýa-da iri ýer eýesimi, esasy meseläniň hazyna salgyt gelmelidigini düşündirmegi başarypdyr. Ol daýhan ýerlerini saklajak bolup ýa-da olara ýer paýlap berjek bolup azara galmaly däl, sebäbi olaryň içinde ýerini oňarjagy, oňarmajagy bar, üstesine-de, hökümet her ýyl daýhanlaryň arasynda ýer paýlanyşygyny geçirjek bolsa ýa-da gurakçylyk ýyllary olara kömek berjek bolsa, onda başga işem gerek däl diýip aýdypdyr.

Kabul edilen kanuna görä, ähli ekerançylyk ýerleri 9 sany topara bölünip, salgyt ekin ekilýän ýeriň mukdaryndan alynmaly edilýär. 780-nji ýylda imperatoryň permany bilen hem-de Ýan Ýanyň teklibi boýunça «*Lýanşuý*» ulgamy girizilýär. Lýanşuý – bu salgyt ulgamy bolup, bu ulgam boýunça ýerleriň möçberiniň uludygyna-kiçidigine garamazdan, ýer eýeleriniň ählisine salgyt salynmaly edilýar.

Lýanşuý boýunça ýer eýelerine ýylyň dowamynda iki gezek salgyt salnypdyr. Täze düzgün boýunça salgytlaryň birinjisi altynjy aýda (tomus), ikinjisi bolsa on birinji aýda (güýz) ýygnalmaly edilipir. Salgyt esasan önüm görnüşinde alnypdyr, ýöne salgyt pul görnüşinde-de ýygnalypdyr. Salgyt tölemeklik şäherlere-de degişli edilýär. Şäherleriň senetçileri, hünärmentleri, söwdagärler hem döwlete salgyt tölemäge borçlandyrylýar.

Täze salgyt ulgamy «güýçli hojalyklaryň» we iri ýer eýeleriniň bähbitlerine uly zarba urupdyr, sebäbi olar öňler salgyt tölemekde köp ýeňilliklerden peýdalanýardylar. Hökümetiň girizen bu çäresi olaryň ýiti garşylygyny döredipdir. Şeýlelikde, Lýanşuý ulgamy bölek ýer ulgamyny ýok edip, onuň ornuna ýere hususy eýeçiligi resmileşdiripdir.

Lýanşuý ulgamynyň girizilmegi daýhanlaryň ezilmegini öňküsindenem güýçlendiripdir. Garaşly daýhanlar öz işläp bejerýän ýerleriniň hojaýynlaryna ýer salgydyndan başga döwlete-de salgyt töläpdirler. Salgytlaryň artmagy daýhanlaryň gününi has-da kynlaşdyrypdyr, olaryň köpüsi ýerlerinden mahrum bolup, iri ýer eýeleriniň golastyna düşupdirler.

Daýhanlar bilen bir hatarda söwdegärleriň we şäherlileriň hem ýagdaýy kynlaşypdyr. Salgyt ulgamynda para-peşgeş artypdyr. Köşk adamlarynyň, harbylaryň arasynda häkimiýet ugrunda bäsdeşlik güýçlenipdir. Tan imperiýasy gowşapdyr.

**Huan Çaonyň baştutanlygyndaky daýhanlar gozgalaňy.** IX asyryň ahyrlarynda ýurtda häli-şindi gozgalaňlar turupdyr. Bu gozgalaňlara ýersiz galan we tozan daýhanlaryň, harby adamlaryň, esgerleriň, öýsüz-öwzarsyz galan garyp adamlaryň uly toparlary gatnaşypdyr.

874-nji ýylda Gansu, Şensi, Henan, Şandun welaýatlarynda daýhan gozgalaňlary başlaýar. Gozgalaňa Wan Sýançži baştutanlyk edipdir. 875-nji ýylda gozgalaňçylara Huan Çao hem goşulýar we Wan Sýançžiniň iň ýakyn egindeşine öwrülýär. Huan Çao harby işden gowy baş çykarypdyr. Ol öň

bikanun duz söwdasyny edýär eken.[2] Gysga wagtyň içinde gozgalaňçylaryň sany 100 müňe ýetipdir. Gozgalaňçylar ady agzalan welaýatlarda talaňçylyk, zorluk edýärdiler, iri ýer eýelerini, olaryň maşgala agzalaryny öldürýärdiler.

Gozgalaňçylary köşeşdirmek üçin gozgalaňyň baştutanlaryna, hususanda, Wan Sýançžiniň özüne uly wezipeleri hödürläpdirler. Emma Wan Sýançži hökümet bilen gepleşiklerden boýun gaçyrypdyr. Ýöne, tiz wagtdan onuň Huan Çao bilen arasy bozulypdyr. Netijede, gozgalaňçylar ikä bölünip, hersi özbaşdak hereket edip başlapdyrlar. 878-nji ýylda Wan Sýançži günbatara – hökümet goşunlaryna garşy ýörişe ugraýar. Tan hökümetine çarwalar ýardam beripdir, şonuň üçin hem uruş Wan Sýançžiniň topary üçin şowsuz gutarypdyr. Ol ýeňilipdir we ýesir alnyp öldürilipdir.

Gozgalaňçy goşunlaryň aman galan bölegini Huan Çao birleşdiripdir we 878-nji ýylyň ahyrynda Ýanszy derýasynyň günorta kenaryna geçip, günorta tarap süýşüp ugraýar we 879-njy ýylda Guančžou şäherini zabt edip alýar. Guančžouda biraz egleneninden soň Huan Çaonyň goşunlary ýene-de demirgazyga tarap süýşüp ugraýar. Ýörişler döwründe garyp düşen oba ilaty gozgalaňçylara ýakyndan kömek beripdir we Huan Çaony azyk önümleri bilen üpjün edipdirler, oňa adam güýçlerini beripdir. Netijede, gozgalaňçylaryň sany 500 müň adama ýetipdir, ýöne Hubeýiň ýanynda bolan söweşde ol hökümet goşunlaryndan ýeňilýär we ýene-de Ýanszyň


Buddanyň Loýan şäherindäki heýkeli

[2] Hytaýda duz söwdasy döwletiň elinde bolupdyr, şol sebäpden hem kesekilere duz söwdasyny etmek gadagan edilipdir. Kimde-kim döwletden rugsatsyz duz söwdasyny etse, kanun esasynda jezalandyrylypdyr.

günortasyna geçýär. Indi onuň ygtyýaryndaky gozgalaňçylaryň sany azalyp 300 müňe ýetýär.

880-nji ýylda Huan Çao ýene-de demirgazyga ugraýar. Şol ýylyň dekabrynda gozgalaňçylar Loýan şaherini söweşsiz eýeleýärler. Aşaky gatlaklar, şäherliler, harbylaryň bir bölegi onuň tarapyna geçýär. 881-nji ýylyň 10-nji ýanwarynda Tan imperiýasynyň paýtagty Çanan uly söweşden soň gozgalaňçylaryň eline geçýär. Imperator maşgalasy bilen günorta gaçýar. Örän köp emeldarlar, patyşa maşgalasynyň agzalary öldürilýär. Gozgalaňçylar şäher garyplary bilen oljalaryny paýlaşypdyrlar. Huan Çao imperator diýlip yglan edilýär. Onuň golaý egindeşleri dürli wezipeleri eýeläpdirler, gozgalaňçy serkerdeleriň 500-si «hatyraly» adamlar diýlip yglan edilipdir.

Emma gozgalaňçylaryň anyk maksatnamasy bolmandyr. Üstesine-de, gaçyp giden imperator hem ýöne ýatmandyr. Imperator çarwalary hakyna tutupdyrl. Çarwalar Huan Çaonyň şäherde ýoklugyndan peýdalanyp (ol demirgazyga ýörişe gidipdir) şähere girýärler we paýtagty talap başlaýarlar. Huan Çaonyň esgerlerine olary kynlyk bilen şäherden gysyp çykarmak başardýar. Emma şäherde-de ýagdaý kynlaşypdyr. Çananda açlyk höküm sürüpdir, üstesine-de, käbir serkerdeleriň dönükligi gozgalaňçylaryň ýagdaýyny kynlaşdyrypdyr. Şol sebäpden hem 883-nji ýylyň 20-nji maýynda Huan Çao şäherden çykmaga mejbur bolýar we Henan welaýatyna tarap ugraýar. Pursatdan peýdalanyp tan hökümeti tarapyndan hakyna tutulan çarwalaryň 17 müňlük söweşjeň atly goşuny Çanany ikinji gezek talaýar.

Henanda gozgalaňçylar binäçe söweşlerde ýeňilýärler. Olaryň sany üzül-kesil azalypdyr. Gozgalaňçy serkerdeleriň arasynda dönüklik edenler hem tapylypdyr. Onuň ýakyn egindeşlerinden Çžu Wen, Şan Žan hökümet goşunlarynyň tarapyna geçipdirler. 884-nji ýylda Şandun welaýatynda Huan Çao öz sanly nökerleri bilen gabawa düşüp, özüni öldürýär.

Şeýlelikde, Huan Çaonyň baştutanlygyndaky gozgalaň ýeňilýär, ýöne, onuň goşunyndan galan aýry-aýry toparlar köp wagtlap tanlara garşylyk görkezipdirler.

874-884-nji ýyllaryň gozgalaňynyň uly ähmiýeti bolupdyr. Agalyk edýän Tan nesilşalygynyň häkimiýeti abraýdan düşýär we IX asyryň başlarynda olaryň häkimiýeti synýar. Tanlaryň döwründe agalyk eden ýokary gatlaklar hem uly ýitgileri çekýärler. Gozgalaňlar sebäpli köp ýyllaryň dowamynda daýhanlar döwlete salgyt tölemändirler, döwlet borçlaryny ýerine ýetirmändirler.

**X asyrdaky özara uruşlar we Sun imperiýasynyň döredilmegi.** Huan Ҫaonyň gozgalaňdan soň Hytaýda häkimiýet ugrunda uzaga çeken özara uruşlar başlaýar, sebäbi dolandyryjy tan nesilşalgy häkimiýeti elden giderýär. Ýurtda merkezi häkimiýetiň ýoklugundan peýdalanyp, welaýatlarda serkerdeler hojaýynçylyk edýärdiler. Tan serkerdelerinden Li Ke-ýun bilen Çžu Wen özara urşup paýtagt şäher Çanany weýran edýärler. Tan imperatorlary olaryň elindäki oýunjaga öwrülipdirler. Imperatory ilki Li Ke-ýun alýar, ýöne soň ony Çžu Wene aldyrýar. Çžu Wen imperatory Loýana äkidipdir we şol ýerde-de öldürýär. Umuman, 906-960-njy ýyllar Hytaýyň taryhynda 5 nesilşalygyň[1] we 10 patyşalygyň döwri diýip atlandyrylýar. Bu bolsa ýurduň dagynyk ýagdaýa düşendigine güwä geçýärdi.


Sun nesilşalygyny esaslandyryjy Çžao Kuan-in (927-976)

[1] Bäş nesilşalyk (U Daỳ) – Hou Lỳan (907-923), Hou Tan (923-937), Hou Szin (936-946), Hou Han (947-950) we
Hou Çžou (951-960).

X asyryň başlarynda Hytaýyň goňşusy bolan kidan taýpasy güýçlenip ugraýar. Kidanlar imperiýa döredýärler we olaryň serdary Ambigan Ýelýuý hökümdar bolýar. Kidanlaryň esaslandyran döwleti Lýao (916-1125) diýlip atlandyrylyp, olar Demirgazyk Hytaýyň içerki işlerine hem gatyşyp ugrapdyrlar. X asyryň 40-njy ýyllarynda olar Kaýfyn şäherini eýeleýärler, ýöne halk köpçüligi gozgalaň turzup, kidanlary şäherden kowup çykarýar. Sebäbi kidanlar Hytaýda häklimýeti öz ellerine alyp ýurduň imperatory bolmaga çalşypdyrlar.

Kaýfynyň häkimi Çaý Şun ýurdy birleşdirip ugraýar. Emma ýurdy birleşdirmek işini tamamlamak oňa başatmandyr, sebäbi ol kidanlara garşy uruşlary alyp barmaly bolupdyr. 960-njy ýylda Çaý Şun tarpa-taýyn aradan çykýar we onuň goşunlary beýleki bir serkerde Çžao Kuan-ini imperator diýip yglan edýärler. Şeýlelikde, Çžao Kuan-in Sun nesilşalygyny (960-1276) esaslandyrýar. Çžao Kuan-in 960-980-nji ýyllaryň dowamynda Hytaýy birleşdirýär, ýöne kidanlaryň basyp alan ýerlerini yzyna gaýtaryp alyp bilmeýär.

Sunlaryň döwründe-de ýere hususy eýeçilik agalyk edipdir. Bu döwürde ekerançylyk ýerleri hytaýly iri ýer eýeleri tarapyndan eýelenilipdir, täze-täze ýerler özleşdirilipdir. Hytaý hökümeti iri ýer eýeleriniň täze ýerleri özleşdirmekleriniň öňüni almaga dyrjaşypdyr. Sebäbi daýhan hojalyklarynyň ýagdaýy ýene-de ýaramazlaşypdyr we ýurtda närazylyk güýçlenipdir. 994-nji ýylda Syçuan welaýatynda halk gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňçylar Çendu welaýatyny eýeläp, Beýik Şu döwletini esaslandyrýarlar. Ýöne 995-nji ýylda hökümet goşunlaryna gozgalaňçylary derbi-dagyn etmek başardýar. Şeýle gozgalaňlar 1043-nji ýylda Şandun welaýatynda, 1047-nji ýylda bolsa Hebeý welaýatynda-da bolup geçýär. XII asyryň 20-30-njy ýyllarynda daýhanlar gozgalaňlary günorta we merkezi welaýatlarda-da turýar. Emma gozgalaňlaryň ählisi netijesiz tamamlanypdyr.

Sun imperiýasy gowşak daşary syýasat ýöredipdir. Sebäbi hökümet goşunlary ýurduň araçägini kynlyk saklaýardylar. Kidanlardan başga-da sunlaryň ýene-de bir garşydaşlary bolup, ol Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Tangut döwletidi. Tangutlar hem Sun imperiýasynyň ep-esli ýerlerini eýeleýärler. 1040-1044-nji, 1069-1072-nji we 1096-1099-njy ýyllarda sunlar bilen tangutlaryň arasynda agyr söweşler bolup geçipdir.

Tangutlaryň güýçlenmegi Hytaýyň içeri we daşary-syýasy durmuşyna, onuň halkara abraýyna ýaramaz täsir edipdir. Tangutlar Sun imperiýasynyň Hindistan we Merkezi Aziýa bilen arasyny kesipdir, has beteri-de, sunlar tangutlara paç tölemäge-de mejbur edilipdir.

## § 14. Hytaý XIII-XV asyrlarda

**Hytaýy mongollaryň basyp almagy.** XII asyrda Hytaýyň ýerinde dört sany döwlet bardy. Olaryň arasynda diňe Sun imperiýasy hytaýlylaryň öz döwletidi. Sun imperiýasyndan başga-da, ýurduň demirgazygynda – çžurçženleriň Szin (1115-1234), demirgazyk-günbatarynda – tangutlaryň Günbatar Sýa döwleti (1032-1227), Ýunnanda (günortada) bolsa Nançžao döwleti bolupdyr. Bu ýagdaý Hytaýyň dagynyklygynyň alamatydy.


Hubilaý han (1215-1294)

XIII asyryň başlarynda Hytaýyň üstüne ýene-de howp abanýar. Bu howpy söweşjeň mongol taýpalary döredýärdi. Ondan öň Hytaýyň üstüne tangutlar, çžurçženler çozup heläk edipdirler. 1206-njy ýylda mongol döwletiniň döremegi bilen mongollaryň Hytaýa salýan howpy has hem güýjeýär.

1209-njy ýylda mongollar tangut döwletiniň üstüne çozup, ony boýun egdirýärler. 1210-njy ýylda mongollar tangutlar bilen bileleşip, çžurçženleriň Szin döwletiniň üstüne çozýarlar we olary derbi-dagyn edýärdiler. 1215-nji ýylda mongollar eýýäm Pekini eýeläpdirler. 1217-nji ýylda Çingiz han goşunlary bilen tangutlaryň üstüne gaýtadan çozýar we 10 ýyldan soň olaryň ýurduny doly eýeleýär. Şundan soň mongol goşunlary Hytaý diwarlaryndan geçip ýurduň demirgazyk welaýatlaryna we etraplaryna talaňçylykly çozuşlary gurap ugraýarlar. Hytaýyň demirgazygyndaky uruşlar uzaga çekip, bu uruşlar tä 1234-nji ýyla çenli dowam edipdir, sebäbi mongollar çžurçženler bilen entegem yzygider uruşlary alyp barypdyrlar. Emma şol ýyl mongollara çžurçženleri hem doly derbi-dagyn etmek başardýar.

Çžurçženler bilen alnyp barlan uruşlardan soň mongollar 1235-nji ýylda Günorta Sun döwletine garşy söweş hereketlerine başlaýarlar. Günorta Sun döwletine garşy uruşlaryň alnyp barylýan döwründe 1251-nji ýylda Hytaýa Çingiz hanyň agtygy Hubilaýyň baştutanlygynda uly goşun iberilýär. Şol ýörişe beýik hökümdar Müňke han hem gatnaşýar we söweşleriň birinde öldürilýär. Müňke ölenden soň Hubilaý han basylyp alnan hytaý ýerleriniň hökümdary bolýar.


Hubilaý hanyň aýaly Ýan

1257-nji ýyldan başlap mongollar Günorta Sun döwletiniň üstüne dürli taraplardan çozupdyrlar we onuň ýerlerini eýeläpdirler. Emma ýurduň paýtagty Hançžou şäherini mongollar diňe 1276-njy ýylda basyp alypdyrlar. Sebäbi ýerli halk basybalyjylara

berk garşylyk görkezipdir. Mongollara garşy uruşlarda Hytaýyň belli döwlet işgärleriniň biri Wen Tansýan (1236-1282) aýratyn tapawutlanypdyr. 1276-njy ýylda mongollar bilen bolan söweşde Wen Tansýan ýeňlip ýesir düşýär. Ol Hubilaý hana gulluk etmekden ýüz öwüripdir we şonuň üçin hem jezalandyrylyp öldürilýär.

Şeýlelikde, mongollar ägirt uly ýerleri basyp alyp, kuwwatly döwlet döredýärler. Bu döwlet öz düzümine mongol ýerlerinden başga-da tutuş Hytaýy hem öz içine alypdyr. Täze dörän döwlete mongollar hytaý däpleri boýunça «*Ýuan*» - «Dünýäniň başky ýaradylyşy» - adyny dakýarlar.

**Hytaý mongollaryň gol astynda.** Hytaýy eýelänlerinden soň mongollar döwletiň paýtagtyny Pekine geçirýärler. Şäheriň adyny bolsa «Hanbalyk» – «Han şäheri» diýip üýtgedýärler. Mongol çozuşlary Hytaýy ägirt uly tozgunçylyga sezewar edipdir, şäherler, obalar weýran bolupdyr. Ýurduň ilaty gyrylyp, birnäçe esse azalypdyr. Mongollaryň başky maksady Hytaýy basyp alyp, ony ägirt uly öri meýdana öwürmek eken. Ýöne, siwilizasiýanyň lezzeti olary bu maksatdan el çekmäge mejbur edipdir. Hubilaý hanyň käbir maslahatçylary hökümdara Hytaý siwilizasiýasynyň artykmaçlygyny düşündirmegi başarypdyrlar.

Ýöne, hytaý siwilizasiýasynyň gazananlaryny mongollar kynlyk bilen kabul edipdirler. Olar ýerli medeniýeti kabul edip, hytaýlylaryň arasynda ýitip gitmekden gorkupdyrlar we şonuň üçin hem özlerini ýerli ilatdan aýra tutupdyrlar. Şol sebäpden hem mongol hökümdary ýurduň ilatyny 4 bölege bölüpdirler: mongollar; «*semu žen*» (araplar, parslar, türkiler); demirgazykly hanlar (hytaýlylar), kidanlar, çžurçženler, koreýler; we günortaly hanlar (hytaýlylar).

Mongol agalygy döwründe hytaý köşgünde daşary ýurtlylar hem işläpdirler. Dürli ýyllarda Rim papasynyň ilçisi Jowanni Monte Korwino, italýan syýahatçysy Odariko de-Pardenone,

wenesiýaly täjir Marko Polo dagylar Ýuan hanynyň Pekindäki köşgünde işläpdirler.

XIV asyryň ortalaryndana başlap Ýuan döwleti hem gowşap ugraýar. Üstesine-de, tebigy betbagtçylyklar hem häli-şindi gaýtalanyp durupdyr. Ýurtda ekerançylyk ýerleri azalypdyr, senetçilik, söwda pese düşüpdir, döwletiň hazynasyna gelýän girdejiler üzül-kesil azalypdyr. Şol sebäpden hem mongol hökümdarlary tarapyndan berk gadagan edilendigine garamazdan, daýhanlar ellerine ýarag alypdyrlar. Hytaýyň dürli sebitlerini halk gozgalaňlary gurşap alypdyr. Ýurduň dürli ýerlerinde kesekileriň hökümdarlygynyň soňunyň golaýlap gelýändigi hakyndaky myş-myşlar hem köpçülikleýin ýaýrapdyr.

Şol döwürler ýurduň dürli künjeklerinde gizlin dini jemgyýetler döräpdir. Olar «Geljegiň Buddasynyň» - Maýtreýiniň geljekdigi hakyndaky gürrüňleri ýaýradypdyrlar we eşretli zamananyň golaýlaşýandygyny halk arasynda wagyz edipdirler. Gizlin iş alyp barýan buddaçylyk jemgyýetleriniň biri bolan «Akgül jemgyýeti» kesekilere garşy halk köpçüligini söweşe çagyrypdyr we jemgyýetiň yzyna eýerijiler halk ar alyjylary bolan «Gyzyl goşuny» döredipdirler. «Gyzyl goşunyň» ähli esgerleri gyzyl geýnipdirler, sebäbi bu reňk – Maýtreýiniň simwoly eken. «Gyzyl goşun» demirgazykda üstünlikli hereket edipdir. Gozgalaňçylar Kaýfyn, Datun ýaly uly şäherleri eýeläpdirler.

«Akgül jemgyýeti» tarapyndan turzulan gozgalaňlar 1351-nji ýylda Hytaýyň merkezi welaýatlarymy hem gurşap alypdyr. Hytaýyň merkezinde ýerleşen Anhueý welaýatyndaky toparlanyşya Go Szýasin, 1355-nji ýylda ol ölensoň bolsa Çžu Ýuançžan baştutanlyk edipdir.

Ýönekeý daýhanyň ogly bolan Çžu Ýuan-çžan öň keşişçilik (monah) edýär eken. Çžu Ýuan-çžan «Gyzyl goşunyň» hataryna giripdir we gozgalaňçy serdaryň ýakyn adamlarynyň birine öwrülipdir. 1363-nji ýylda mongollar «Gyzyl goşunyň»

serkerdesi Lýu Futuny derbi-dagyn edipdirler, onuň özi bolsa wepat bolýar. Lýu Futun ölenden soň «Gyzyl goşunyň» aglaba köpüsi Çžu Ýuan-çžana goşulýarlar. Çžu Ýuançžan Nankinde ýerleşipdir we mongollara berk gaýtawul beripdir. 1368-nji ýylda gozgalaňçy goşunlar gandöküşikli söweşden soň Ýuan döwletiniň paýtagty Pekini eýeleýärler. Iň soňky mongol hany tagtyny taşlap mongol sähralaryna gaçyp gidýär. Şeýdip Hytaýda mongol agalygy syndyrylýar we gozgalaňçy goşunyň serdary, daýhanyň ogly Çžu Ýuýan-çžan Hytaýyň imperatory diýlip yglan edilýär. Şeýlelikde, Hytaýyň taryhynda Min nesilşalygy (1368-1644) esaslandyrylýar.

**Min hökümetiniň amala aşyran durmuş-ykdysady çäreleri.** Mongol agalygy Hytaýyň hojalygyny tozdurypdy. Baý şäherler talanyp, ekerançylyk ýerleri işlenip bejerilmeýärdi. Şonuň üçin hem Çžu Ýuan-çžanyň (1368-1398) dolandyran ýyllarynda Hytaý ýuwaş-ýuwaşdan ykdysady çökgünligiň we tozgunçylygyň täsirinden çykyp ugraýar. Min hökümdarlary we olaryň köşk begzadalarynyň köpüsiniň asly daýhanlardan bolandygy üçin olar halkyň ýagdaýyny az-kem ýeňilleşdirmäge çalşypdyrlar. Konfusiýaçy alymlaryň maslahatlaryna eýermek bilen hökümdar mazmuny boýunça bölek ýer ulgamyny ýada salýan ýer özgertmesini geçirmäge çalşypdyr. Min nesilşalygy häkimiýet başyna gelenden soň ýurduň günortasynda hususy mülkler, demirgazykda bolsa döwlet ýerleri agdyklyk edipdir. Döwlet eýeçiligine geçen ýerleriň hasabyna müňlerçe daýhan hojalyklaryna ýer paýlary bölünip berlipdir. Bu ýerler daýhan hojalyklaryna henişelik berlip, ýer paýyny alan daýhan hojalyklary döwlete salgyt tölemäge we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge borçlandyrylypdyr. Taşlanan ýerleri ekin dolanyşygyna girizen daýhan hojalyklaryna ýeňillikli şertlerde tohum, iş mallary, zähmet gurallary berlipdir we birnäçe ýyllap salgytdan boşadylypdyr. Serhetýaka ýerlerde we ýurduň merkezinde

döredilen harby obalaryň daýhanlary hem edil şunuň ýaly ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar.

Bu döwürde suwaryş ulgamlaryny we bentleri dikeltmek hem giň gerime eýe bolupdyr. Netijede, daýhan hojalyklarynyň ýer, iş mallary, zähmet gurallary bilen üpjün edilmegi, salgydyň möçberiniň azaldylmagy, gullara erkinlik berilmegi Hytaýda ekerançylyk pudagynyň ösüşine gowy täsir edipdir. Min hökümeti salgyt ulgamyny tertibe salmak bilen baglanyşykly işleri durmuşa geçirmäge-de synanyşyk edipdir. Döwlet hazynasyna girdejileriň yzygider gelmegini üpjün etmek maksady bilen yurt boýunça ekerançylyk ýerleriniň ölçegi geçirilipdir we salgyt töleýjileriň sany kesgitlenilipdir. Munuň üçin etraplarda, welaýatlarda we merkezde ýörite kitapçalar ýöredilipdir. Salgyt tölemäge degişli edilen ilatyň sanawy kesgitlenilenden soň, olar öz ýaşaýan ýerlerine berkidilipdir.


Çžu Ýuan-çžan (1328-1398)

Hytaýly daýhanlar ýylda iki gezek önüm görnüşinde (tüwi, bugdaý, arpa we mata) salgyt töläpdirler. Bulardan başga-da, daýhanlar ýylyň dowamynda bir gezek döwletiň peýdasyna zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler. Döwlet ýerlerinde oturýan daýhan hojalyklaryna salynýan salgydyň mukdary, hususy ýerlerdäki daýhanlara salynýan salgytdan agyr bolupdyr. Döwlet ýerinde oturanyň baýdygyna, orta tapdadygyna ýa-da garypdygyna garamazdan, olaryň ählisinden salgyt alnypdyr. Emma hususyýetçilere we olaryň ýerlerinde işleýänlere az möçberde salgyt salnypdyr. Sebäbi hususy

ýerlerdäki daýhanlar öz işläp bejerýän ýerlerinň eýelerine köp salgyt töleýärdiler.

Çžu Ýuan-çžanyň dolandyran ýyllarynda kagyz pullarynyň ornuna bürünçden zikgelenilen pullar dolanyşyga goýberilipdir. Min hökümdary öz şöhratyny artdyrmak maksady bilen döwlet işinde ýolbaşçylardan hasabat soramak düzgünini girizipdir. Täze häkimiýetler tarapyndan amala aşyrylan döwlet hem-de halk bähbitli işler bilen bir hatarda ýurtda orta asyr tertip-düzgünleri hem berkidilipdir.

1398-nji ýylda Çžu Ýuan-çžan ölenden soň tagta onuň agtygy geçipdir, ýöne 1403-nji ýylda häkimiýeti onuň ogly Çžu Di (1403-1424) eýeleýär. Ol Min döwletiniň paýtagtyny Nankinden Pekine geçiripdir. Bu hökümdaryň dolandyran ýyllary ýurduň ykdysadyýeti we medeniýeti ösüpdir, daşary gatnaşyklary giňäpdir. Bu ösüşler tä XV asyryň ahyrlaryna çenli dowam edipdir.

**XIV asyrýň ahyrlarynda – XV asyrda Hytaýyň daşary syýasaty.** Mongol basybalyjylaryna garşy göreşiň netijesinde gaýtadan dikeldilen Hytaý döwleti özüniň halkara abraýyny dikeltmäge girişipdir. Min hökümdarlary daşary syýasatda Hytaýyň asyrlar boýy öňe süren «kesekileriň üstünden agalyk» doktrinasyna eýermäge çalşypdyrlar. Başky ýyllarda min hökümetiniň esasy aladasy mongollaryň elinden hytaý ýerlerini gaýtaryp almak we olaryň çozuşlaryna gaýtawul bermek meseleleri bolupdyr. Şu maksat bilen ýurduň demirgazyk-günbatar serhetlerinde gorag berkitmeleri gurlupdyr we bu ýerlerde gowy ýaraglandyrylan goşun bölümleri ýerleşdirilipdir. Min hökümeti Beýik Hytaý diwaryny berkitmäge-de uly üns beripdir.

Min hökümdarlary ýurduň deňiz serhetlerini ýapon garakçylaryndan goramak we deňiz portlaryny berkitmek hakynda-da köp aladalanypdyrlar. 1374-nji ýylda hytaý deňiz goşunlary ýapon garakçylarynyň Rýukýu adasyndaky gämilerini gark edipdir we olaryň köp sanlysyny olja alypdyr.

1388-nji ýylda Koreýa bilen Hytaýyň arasyndaky jedeller hem Koreýanyň hytaý ýapjalygyny kabul etmegi bilen çözülipdir.

Alysdaky ýurtlar bilen Hytaý ilçileri alyşmak esasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga çalşypdyr. Daşary ýurtlar bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmak, Hytaýyň halkara at-abraýyny ýokarlandyrmak we sebitiň döwletlerine öz syýasyny täsirini güýçlendirmek maksady bilen 1369-1370-nji ýyllarda Týampa, Ýawa, Sumatra, Ýaponiýa, Kamboja we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna diplomatik wekilhanalar iberilipdir. Ilçiler bu ýurtlaryň




hökümdarlaryna baý sowgatlary getiripdirler we Hytaý bilen söwdada dürli ýeňillikleriň beriljekdigi hakynda öz hökümetleriniň adyndan wada beripdirler. Şunuň bilen bir hatarda, ilçiler «Taňrynyň oglunyň[1] kuwwaty» hakyndaky gürrüňler bilen ýerli hökümdarlary gorkuzypdyrlar.

[1] Hytaýyň patyşasy.

XV asyryň başlarynda Min hökümeti bilen Teýmirileriň döwletiniň arasyndaky gatnaşyklar ýitileşýär. Emma 1405-nji ýylda Teýmirleňiň düýdansyz aradan çykmagy bilen Beýik ýüpek ýolunyň ugry bilen ýola düşen hytaý goşunlarynyň hereketi togtadylýar we Teýmirleňiň mirasdüşerleriniň arasynda başlan häkimiýet ugrundaky uruşlar iki döwletiň arasynda uruş bolmagynyň öňün alýar. Şundan son min hökümeti günortada öz hereketini işjeňlişdirýar we Wýetnama zor salyp başlaýar. Netijede, hytaý goşunlary Wýetnamyň demirgazyk welaýatlarynyň ep-esli bölegini eýeleýärler. Ýurtda başlan özara uruşlardan peýdalanmak bilen Hytaý Wýetnamy doly eýeleýär we 1406-njy ýylda ony öz welaýatlarynyň birine öwürýär.

Hytaý goşunlary ýurduň demirgazygynda-da okgunly hereket edipdir. Ýarym millionlyk hytaý goşunlary imperator Çžu Diniň hut özüniň serkerdelik etmeginde Mongoliýa çozup girýär we 1410-njy ýylda Onon derýasynyň boýunda mongol atlylaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär. Hytaý goşunlary soňra mongollary Tola derýasynyň boýunda-da derbi-dagyn etmekligi başarýarlar. Mongoliýa garşy ýörişler 1424-nji ýyla çenli dowam edipdir. 1419-njy ýylda Lýoudun ýarym adasynyň kenarlarynda hytaýlylar ýapon garakçylarynyň güýçlerini hem kül-peýekun edýärler.

Min hökümetiniň daşary syýasy gatnaşyklary has-da giňäpdir. 1402-1404-nji ýyllarda alysdaky ýurtlaryň köpüsine, sol sanda Hindistana hem ilçiler toparlary ugradylypdyr. Aýratyn hem ajaýyp hytay deňizde ýüzüjisi we diplomaty Çžen Heniň baştutanlygyndaky deňiz goşunlarynyň syýahaty uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Onuň baştutanlygyndaky deňiz goşunynyň düzüminde 50-60 sany uly gämiler we olaryň ýanynda kömekçi wezipäni ýerine ýetiren onlarça ownuk gämiler bolupdyr. Bu deňiz goşunynda 27-30 müň töweregi esgerler, deňizçiler, täjirler, senetçiler, kätipler bar eken. Deňiz

goşunlary ok-ýaraglar, dürli esbaplar bilen enjamlaşdyrylypdyr, gämilere köp mukdarda hytaý harytlary, baý sowgatlar hem ýüklenilipdir. Çžen He bilen bileleikde hytaýly ilçiler hem ugrapdyrlar. 1405-1433-nji ýyllar aralygynda amala aşyran ýedi ýüzüşiň netijesinde Çžen Heniň deňiz goşunlary Hindihytaý ýarym adasyndaky, Zond bogazynyň boýundaky ýurtlarda bolupdyr, Şri-Lanka sowlupdyr we Hindistanyň Malbar deňiz kenaryndaky şäherlerine barypdyr. Onuň gämileri Pars aýlagyndaky Ormuz şäherine we Gündogar Afrikanyň kenarlaryna baryp ýetipdirler.



Min imperatory Çžu Di (1403-1424)

XV asyryň ýüzüşleriniň uly ähmiýeti bolupdyr. Hytaý hökümeti diplomatik gatnaşyklaryň kömegi bilen goňşy we alys ýutlara öz täsirini güýçlendirmäge çälşypdyr. Hytaý deňizde ýüzüjileri söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar, daşary ýurt täjirlerini Hytaý bilen söwda etmäge çagyrypdyrlar, alys ýurtlaryň harytlary bilen tanşypdyrlar, söwda ýollaryny garakçylardan arassalapdyrlar. Beýik ýüpek ýolunda Hytaýyň täsiriniň gaçandygy zerarly hökümet deňiz söwdasyna aýratyn uly ähmiyet beripdir, üstesine-de şol döwürler hytaýlylar Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna göçüp hem başlapdyrlar.

XV asyryň birinji ýarymynda daşary ýurtlylar hem Hytaýa gelip baslapdyrlar. Aýratyn hem Palembang (Sumatra adasynda), Malakka soltanlygy we Boni ýurdy (Sulawesi adasynda) bilen has ysnaşykly gatnaşyklar ýola goýlupdyr.

1411-nji we 1433-nji ýyllarda Malakkanyň soltanlary Hytaýda dört gezek bolup görüpdirler.

Emma Hytaýyň Günorta-Gündogar Aziya ýurtlary bilen gatnaşyklary giňäp gidibermändir, üstesine-de, XV asyryň ortalarynda bu sebitde Hytaý öz ornuny ymykly ýitiripdir. Sebäbi Hytaýa bu sebitdäki döwletleriň üstünden agalygy ýola goýmak bşartmandyr. Hytaýyň işjeň daşary syýasatyna we söwda gatnaşyklaryna aýry-aýry  döwlet adamlary hem garşy çykypdyrlar

XV asyryň başlarynda Hytaý guryýer gatnaşyklaryny hem güýçlendirmäge çalşypdyr. Şu maksat bilen Hytaýdan günbatarda ýerleşýän ýurtlara ilçiler toparlary ugradylyp başlapdyr. 1415-nji ýylda Merkezi Aziýa – Teýmirleňiň mirasdarlarynyňka hytaýly ilçileriň uly topary gelipdir. 1420-nji ýylda hytaýly ilçiler topary ikinji gezek Samarkanda bolupdyrlar. 1411-nji ýylda Mançžuriýa hem ilçiler ugradylypdyr. 1412-nji ýlda hytaýly ilçiler Hindistanyň Jaunpur begligine we Deli soltanlygyna baryp görüpdirler. 1415-ji ýylda ýanynyň köp sanly goşunlary bilen hytaýly ilçiler Tibete hem barypdyrlar, 1420-nji ýylda bolsa olar Gimalý daglarynyň üsti bilen Hinditanyň demirgazyk-gündogar ýerlerine aralaşypdyrlar. Emma bu gatnaşyklar hem känbir netije bermändir. Kuwwatly Teýmiriler döwleti Hytaý bilen gatnaşyklaryň tarapdary bolmandyr. Mançžuriýada min hökümdarlaryna diňe häzirki Lýaonin welaýatynda we onuň töwereklerinde ýaşaýan çžurçženleri öz täsirine tabyn etmek başardypdyr. Demirgazyk hindi beglikleri barada aýdylanda bolsa, olar Hytaýa öz ilçilerini ibermek islemändirler.

XV asyryň ortalarynda ykdysady ýokary göterilişiň togtamagy bilen Min imperiýasynyň halkara arenasyndaky ähmiýeti hem peselip ugraýar. Bu döwürde Hytaýda maliýe çökgünligi hem başlaýar. Hytaýyň daşary syýasy gatnaşyklarynyň peselmegine paýtagtyň Pekine geçirilmegi hem uly täsir edipdir.

1418-nji ýylda Wýetnamda hytaý agalygyna garşy azat edijilik urşy baslaýar we ol wýetnam halkynyň ýeňşi bilen tamamlanýar. Hytaý hökümeti 1428-nji ýylda goşunlaryny Wýetnamdan çykarmaga we ýurdun garaşsyzlygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. 1436-njy ýylda Hytaýdan ähli daşary ýurt ilçileri çykarylýar we şol bir wagtyň özünde bolsa alys ýurtlara ýüzüşleri geçirmeklik bes edilýär. Daşary ýurtlar bilen diplomatik gatnaşyklar bütinleý kesilýär. 1452-nji ýylda deňiz goşunlaryna ähli adalardaky deňiz berkitmelerini taşlamaklyk we kenarýaka portlara dolanyp gelmeklik buýrulýar.

XV asyryň 40-njy ýyllarynda Hytaý Birmany (häzir Mýanma) zor bilen özüne tabyn etmäge synanyşypdyr. 1441-1445-nji ýyllaryň uruş hereketleri hytaýlylar üçin şowsuz tamamlanýar. Emma 1446-njy ýylda Birmanyň hökümdary hytaý ýapjalygyna razy bolýar. Hytaý tarapy hem öz gezeginde Birmada hökümete garşy topalaňlar turan ýagdaýynda ýerli hökümdara harby kömek wada edipdirler. Ýöne, 1465-nji ýyla çenli hytaý hökümetine öz goşunlaryny Birmanyň demirgazyk welaýatlarynyň diňe käbir ýerlerinde saklap galmak başardypdyr.

Min imperiýasynyň halkara abraýyna onuň mongollardan ýeňilmegi uly zyýan ýetiripdir. 1449-njy ýylda günbatar mongollaryň – oýratlaryň hökümdary Esen han Hytaýa garşy ýörişe başlaýar. Onuň garşysyna imperatoryň we köşk adamlarynyň baştutanlygynda ägirt uly hytaý goşunlary ugraýar. Emma entek garşydaş goşun bilen söweşe girmänkä hytaý goşunlary başly-barat yza çekilip ugraýar. Hebeý welaýatynyň Huaýlaý şäheriniň golaýyndaky Tumu diýen ýerde oýratlar hytaý goşunlarynyň yzyndan ýetip, olary aýylganç ýeňlişe sezewar edýärler. Imperator ýesir düşüpdir, goşunyň baş serkerdesi bolsa öldürilipdir. Pekine barýan ýolda Esen han üçin päsgelçilik galmandyr. Hytaýly serkerdeleriň biri Ýuý Sýana täze goşunlary jemlemek we 1450-njy ýylda Pekini

gaban Esen hany gabawy aýyrmaga we soňra bolsa Hytaýdan çykyp gitmäge mejbur etmek kynlyk bilen başardýar.

«Tumu heläkçiliginiň» netijesinde Hytaý özüniň ähli harby güýçlerini demirgazyk-günbatar taraplarda jemläpdir we beýleki ugurlara tarap hüjüm etmegini bes edipdir. Netijede, alymlaryň aýdyşy ýaly, «Hytaý ýüzüni demirgazyk-günbatara, arkasyny bolsa deňze tarap öwrüpdir». Munuň özi Hytaýyň halkara gatnaşyklar ulgamynda abraýynyň juda pese gaçandygyna şaýatlyk edýärdi.

## § 15. X – XIV asyrlarda Koreýada orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi.

**Merkezleşdirilen Koryo döwletiniň kemala gelmegi.** IX asyryň ikinji ýarymynda Silla döwletiniň syýasy hem-de ykdysady taýdan gowşamagy güýçlenýär. Özara uruşlar, daýhanlar gozgalaňlary döwleti halys tozdurypdyr. Şol gozgalaňlary ýerli begzadalar dürli ýollar bilen öz peýdalaryna ulanmaga çalyşýardylar. Şeýle begzadalaryň biri hem Kunýo bolupdyr. Ol gozgalaňçy serdarlaryň biri bolan Ýangiri öz tarapyna çekýär we 897-nji ýylda ony hile bilen ýok etmegi başarýar. Beýleki bir sillaly begzadalaryň biri Wan Gon bolup, ol Kunýonyň ýapjasy eken. 904-nji ýylda Kunýo Marjin döwletini esaslandyrýar. Emma 918-nji ýylda Wan Gon Kunýony agdaryp, Koryo döwletini we onuň dolandyryjy nesilşalygyny (918-1392) esaslandyrýar. Şeýlelikde, Koreýadaky dagynyk beglikleriň köpüsi meýletinlik bilen Wan Gona boýun egýärler. Wan Gon (918-943) özüni goldaýan begzadalar, han-begler babatynda inçe syýasat



Wan Gon

ýöredipdir. Ol ýapjalyga kaýyl bolup, özüne boýun synýanlaryň ählisiniň eýelik edýän ýerlerini we mülklerini özlerinde galdyrypdyr.

935-nji ýylda Sillanyň imperatory hem Wan Gona boýun egýändigini beýan edipdir. Şeýlelikde, käbir kiçiräk beglikler bolaýmasa, Koreýa ýarym adasy Wan Gon tarapyndan doly birikdirilipdir. Wan Gona daýhanlary hem öz tarapyna çekmek başardypdyr. Sebäbi Kunýo döwründäki zabun salgytlar 2-3 esse azaldylypdyr we üç ýyllap daýhanlar salgytdan boşadylypdyr. Bu bolsa az wagtlyk hem bolsa ýurduň öndüriji güýçleriniň ösmegine gowy täsir edipdir.

Wan Gon işjeň daşary syýasat ýöredipdir. Çžurçženler bilen gowy gatnaşyklary saklapdyr, kidanlar babatynda bolsa hemişe hüşgärlikde bolupdyr. Sebäbi kidanlar Hytaýyň ep-esli ýerlerini alyp, Koreýanyň üstüne çozmaga hyýallanypdyrlar.

**Orta asyr gatnaşyklarynyň ösýän döwründe Koryonyň durmuş-ykdysady gurluşy.** Koryo nesilşalygynyň berkarar edilen başky döwründe begzadalar ýerlere we daýhanlara eýeçilik etmegiň ýeňillikli şertlerinden peýdalanypdyrlar. Koreýada ýokary gatlak «*ýanbanlar*» diýlip atlandyrylypdyr. Ýanbanlar buddistik buthanalary bilen bilelikde hukuksyz daýhanlar bolan «*nobileri*» öz hasabyna işledipdirler. Nobilerden başga-da, Koreýada erkin daýhanlar hem bolupdyr. Olar «*ýanin*» diýlip atlandyrylypdyr. Ýaninler daýhanlaryň erkin gatlagyna degişli bolsalar-da, döwlet tarapyndan agyr salgytlara we borçlara sezewar edilipdir. Üstesine-de, ýaninleriň ýersiz galan bölegi ýanbanlaryň ýerlerinde işlemäge mejbur edilipdir, bu bolsa olaryň ýagdaýyny has hem ýaramazlaşdyrypdyr. Ýaninler öndüren önümleriniň ýaryny salgyt ýa-da kärende tölegi hökmünde ýanbanlara bermäge borçly edilipdir.

Koryo döwründe ummasyz köp ýerler imperator maşgalasyna degişli bolup, olar köşk ýerleri diýlip atlandyrylypdyr we hukuksyz daýhanlar bolan nobiler

tarapyndan işlenip bejerilipdir. Köşk ýerlerinde begzadalara garaşly bolan ýaninler hem işledilipdir. Imperatoryň özi beýleki ýanbanlar ýaly iri mülküň eýesi bolupdyr. Ýerleriň belli bir bölegi döwlet edaralaryna hem degişli edilipdir. Döwlet edaralary şol ýerleriň eýeleri bolup, şol ýerlerde nobiler ýa-da ýaninler işledilipdir. Ýöne, ýaninleriň ýagdaýy nobilere garanyňda ganymat bolupdyr. Sebäbi olar öndüren önümleriniň ýaryna özleri eýe bolupdyrlar.

Nobiler we ýaninler belli wagtlarda zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler we imperatoryň ýa-da döwlet edaralarynyň ýerlerinde işledilipdir. Buddaçylyk buthanalary hem uly ekerançylyk ýerlerini eýeläp, döwlet tarapyndan berilýän dürli ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar. Däp boýunça buthana ýerlerinden salgyt alynmandyr. Buthanalar süýthorçylyk we söwda bilen hem meşgullanypdyrlar.

976-njy ýylda ýer eýeçiliginiň merkezleşdirilen ulgamyny girizmek maksady bilen koryo patyşasy tarapyndan «Emeldarlaryň ekerançylyk we boş ýatan ýer bölekleri» hakynda kanun girizilýär. Kanun boýunça ähli ýerler we tokaýlar (boş ýerler) döwletiň hasap kitabyna (reýestr) girizilýär we soňra edara gullukçylaryna we harby adamlara öz derejesine görä paýlanylýar.

Ýerler welaýatlardaky esgerlere, ownuk emeldarlara öz eýeleýän gulluk derejelerine görä paýlanylypdyr. Şeýtmek bilen döwlet bu ýerleri umumy döwlet derejesinde dolandyrmagy ýeňilleşdirmek isläpdir. Döwlet tarapyndan ömürlik berlen bu ýerlerden olaryň eýeleri öz peýdalaryna salgyt ýygnapdyrlar. Netijede, döwlet özüniň eýeçilige we salgyt ýygnamaga bolan hukugyny ýer eýelerine beripdir. Harby gullugy ýerine ýetirýän esgerler we beýlekiler barada aýdylanda bolsa, eger-de olaryň ýeri bar bolsa, onda olar gulluklary üçin döwlete tölenilmeli 1/10 möçberdäki ýer salgydyndan boşadylypdyr. Eger-de, olaryň ýerleri ýok bolsa, onda salgytdan olaryň işläp-bejerýän ýerleriniň hojaýynlary

boşadylypdyr. Şeýdip döwlet ekerançylyk we beýleki ýerleri berk gözegçilige almaga özüne mümkinçilik döredipdir. Ýene bir bellemeli zat: döwlet ýeri berse beripdirem, ýöne şunuň bilen bir hatarda, ony yzyna almak hukugyny hem saklap galypdyr.


Aýak bilen işledilýän jykyr

976-njy ýylda kabul edilen kanuna görä, ýer almaga degişli edilen adamlar dört topara bölünipdir. 1) Gyzyl köýnekliler, 2) döwlet emeldarlary, 3) beýleki adamlar, 4) harbylar. **B**u dört topar hem öz içinde birnäçe içki toparçalara bölünip, olaryň hemmesi 79 sany toparçalardan ybarat bolupdyr. Iň köp ýerleri «gyzyl köýnekliler», iň azyny bolsa üçünji toparyň *noksam* toparçasynyň 10-njy derejelisi alypdyr.

974-nji ýylda sylag ýerleri hem girizilýär we ol aýratyn hyzmat görkezen begzadalara, şeýle hem hökümete meýletin boýun egen ýerli hökümdarlara berlipdir. Bu ulgamyň gowşak ýeri hem bolupdyr. Sebäbi şol ýerler soňra döwlet gullugynda durmasalar-da, olaryň mirasdüşerlerine geçip bilipdir. Bu bolsa ýere döwlet gözegçiligini gowşadypdyr.

Şol döwürler Koryonyň daşary-syýasy ýagdaýy birden kynlaşýar. Sebäbi 993-nji ýylda kidanlar 800 müňlik goşun bilen Koryonyň üstüne çozýarlar. Kidanlaryň üstün çykandyklaryna garamazdan Koryo döwleti basybalyjylara berk garşylyk görkezip olaryň hüjümlerini saklamagy başarýar.

Soňra Korýo goşunlary garşylyklaýyn hüjüme geçip kidanlary çym-pytrak edýärler. 1010-njy ýylda 400 müňlik goşun bilen kidanlar ikinji gezek Korýonyň üstüne çozýarlar we 1011-nji ýylda onuň paýtagtyny eýeleýärler. Ýöne soň kidanlar gazanan üstünliklerini berkidip bilmän yzlaryna dolanýarlar. 1018-nji ýylda kidanlar Korýonyň üstüne üçünji gezek çozýarlar, ýöne ýeňlip ýene-de yzlaryna dolanmaga mejbur bolýarlar.

**XII asyrdaky daýhanlar gozgalaňlary.** XII asyrda Korýo döwleti hem çöküp ugraýar. Döwlet hazynasyna girdeji getirýän ekerançylyk ýerleri iri begzadalar tarapyndan paýlaşylypdyr. Begzadalar özleriniň şahsy goşunlaryny hem ýygnap ugraýarlar. Ýurtda begzadalaryň özara oňşuksyzlyklary, häkimiýet ugrundaky göreşler güýjeýär. Daýhanlar gozgalaňlary täzeden başlaýar. Şol gozgalaňlaryň has ulusy 1176-1177-nji ýyllarda Maniniň ýolbaşçylygyndaky hukuksyz daýhanlaryň gozgalaňy bolupdyr. 1176-njy ýylda Maniniň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylar welaýat merkezi bolan Konju şäherini eýeleýärler. Hökümet goşunlary olardan birnäçe gezek ýeňilýärler. Ahyrynda 1177-nji ýylda Manini aldap tutýarlar we jezalandyryp öldürýärler.

Hökümet goşunlary ýurduň demirgazygynda hereket edýän Kim Danyň ýolbaşçylygyndaky daýhanlar gozgalaňyny hem basyp ýatyrýarlar. 1193-1194-nji ýyllarda Kim Saminiň we Hýo Simanyň ýolbaşçylygynda ýene-de daýhanlar gozgalaňlary bolup geçýär. Gozgalaňlar begzadalaryň häkimiýetini gowşadypdyr we döwlet ýerleriniň eýelenmeginiň wagtlaýynça öňüni alypdyr.

1198-nji ýylda hökümet başyna gelen harby begzada Çhwe Çhunhon daýhanlaryň garşysyna jeza çärelerini ulanmak bilen bir hatarda, olaryň ýagdaýyny ýeňilleşdirýän çäreleri hem geçiripdir. Ýöne onuň geçirýän çäreleri wagtlaýyn häsiýete eýe bolupdyr.

**Koreýanyň mongollar tarapyndan eýelenilmegi.** XIII asyryň başlarynda Korýonyň üstüne daşardan täze howp

abanýar. 1218-nji ýylda Koryonyň serhetlerinde mongollar peýda bolýarlar. Mongollaryň Koryodan ummasyz köp mukdardaky salgyt talap etmegi ýurtda uly nägilelik döredýär. 1225-nji ýylda mongol ilçisiniň öldürilmegi Koryonyň mongollar bilen arasyny ýitileşdirýär. 1231-nji ýylda Salitaýyň baştutanlygyndaky mongol goşunlary Koryonyň köp ýerlerini eýeleýärler. Koryonyň wany Çhwe U gepleşikler geçirip boýun egýär.

1232-nji ýylda mongol goşunlarynyň agramly bölegi uly olja bilen yzyna dolanýar. Koryoda bolsa 70 sany mongol dikmeleri galýar. Emma soňra olar ýerli begzadalar tarapyndan öldürilýär. Muňa jogap edip şol ýyl mongol hany Koryonyň üstüne uly jezalandyryjy goşun iberýär we olar ýerli halkdan aýylganç öç alýarlar. 1254-nji ýylda mongollar 200 müňden gowrak adamy ýesir edip Mongoliýa äkidýärler. Diňe 1356-njy ýylda wan Konmin döwründe mongollaryň galyndylaryny ýurtdan kowup çykarmak başardýar.

Koryo harby serkerdeleriniň biri Li Songe patyşa garşy gozgalaň turuzýar we 1388-nji ýylda häkimiýeti eýeleýär. 1391-nji ýylda Li Songe begzadalaryň ýere bolan artykmaç hukuklaryny ýok edip başlaýar we ýere döwlet eýeçiligini girizýär. Ähli ýerlere döwlet 1/10 salgydy girizýär. Ýöne ýurtda iri mülkler hem saklanyp galypdyr. Li Songäniň ýer özgertmesi ekerançylyk ýerlerini Koryo döwrüniň begzadalarynyň elinden alyp, täze gullukçy begzadalaryň eline geçiripdir. Sebäbi olar Li Songäniň häkimiýetini goldapdyrlar. 1392-nji ýylda Li Songe iň soňky wanyň mirasdüşerini sürgün edip, özüni wan diýip yglan edýär we Li nesilşalygynyň (1392-1910) düýbüni tutýar. Şeýlelikde, ýurduň taryhynda täze döwür başlaýar. Ýurduň ady üýtgedilip, ony indi Çoson diýip atlandyryp ugraýarlar. Li nesilşalygy esaslandyrylandan soň paýtagt hökmünde Seul şäheri saýlanylyp alynýar.

**Li nesilşalygy döwründe Koreýada orta asyr gatnaşyklarynyň we döwlet häkimiýetiniň berkemegi.**

Koreýada häkimiýet başyna gelen täze nesilşalygyň esasy ünsi merkezi häkimiýeti we ýere döwlet eýeçiligini berkitmäge gönükdirilipdir. Munuň üçin döwlet edarasy tarapyndan ýurduň ähli ekerançylyk ýerleri birnäçe gezek hasaba alnypdyr. Netijede, salgyt töleýän ummasyz köp ýerler döwletiň gözegçiligine geçipdir.

Merkezi häkimiýetiň berkemegine we ýere döwlet eýeçiliginiň girizilmegine buddaçylyk ybadathanalary esasy päsgelçilik döredipdirler. Şonuň üçin hem hökümet 1392-nji, 1402-nji we 1424-nji ýyllarda ummasyz köp ekerançylyk ýerlerini we hukuksyz daýhanlary ybadathanalaryň elinden alyp, döwletiň hasabyna geçiripdir. Budda ybadathanalarynyň elinden alnan on müňlerçe *kýol*[1] mes toprakly ýerler döwlet eýeçiligine geçipdir. Şol sebäpden hem ýurtda buddaçylygyň täsiri hem peselip başlaýar.


Çoson döwrüniň aramgähleri

Li nesilşalygynyň ilkinji hökümdarlarynyň alyp baran işleri Koryo döwrüniň soňky ýyllarynda ýüze çykan hetdenaşa ýitileşen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ýumşatmaga we durmuş gapma-garşylyklary peseltmäge gönükdirilipdir. Munuň üçin hökümet tarapyndan öň budda ybadathanalarynyň mülklerinde ýaşaýan we koryoly begzadalaryň ygtyýarynda bolan köp sanly hukuksyz daýhanlara erkinlik berlipdir.Olaryň döwlet daýhanlaryna öwrülmekleri bolsa

[1] Koreýada ýer ölçegi. Kýolyń möçberi ýurduń her ýerinde bir hili bolupdyr.

ýurduň ykdysady hem-de harby taýdan kuwwatlanmagyna oňyn täsir edipdir.

Li Songeniň (1392-1408) we onuň mirasdüşerleriniň döwründe merkezi we ýerli dolandyryş edaralary kemala gelipdir we soňra hökümet tarapyndan kabul edilen ýörite kanunda öz beýanyny tapypdyr. Kanun esasynda wanyň (patyşa) çäklendirilmedik häkimiýeti kemala gelipdir we onuň mertebesi hudaýlaryň keramaty bilen deňleşdirilipdir. Yurtdaky dolandyryşy paýtagtda ýerleşýän köp sanly döwlet edaralary amala aşyrypdyrlar. Şol edaralaryň esasysy döwlet geňeşi *(Yýjonbu)* we ministrlikler *(ço)* bolupdyr. Döwlet geňeşine alty sany ministrlik, ýagny derejeler, maliýe, däp-dessurlar, harby, jeza we jemgyýetçilik işleri ministrlikleri degişli bolupdyr. Dolandyryş taýdan ýurt sekiz sany welaýata *(do)*, olar hem öz gezeginde etraplara we aşaky ýerli dolandyryş edaralaryna bölünipdirler.

Ýurduň dolandyryş ulgamy onuň harby taýdan guralyşy bilen utgaşdyrylypdyr. Şunuň netijesinde paýtagtda, welaýatlarda we etraplarda uly goşun bölümleri ýerleşdirilipdir. Harby ulgam ählumumy harby borçlylyga daýanyp, 16-60 ýaş aralygyndaky döwlet daýhanlary gulluk etmäge borçly edilipdir. Ählumumy harby borçlylyk Koreýada ýerine ýetirmesi örän kyn borçlaryň biri bolupdyr. Daýhanlar ýa gulluk etmelidiler ýa-da gulluk edýän esgerleri eklemelidiler.

Bu döwürde ýurduň daşary-syýasy ýagdaýy hem belli bir derejede berkäpdir. Häkimiýete ele alandan soň köp wagt geçmänkä, Li Songe Min nesilşalygy bilen hem arasyny sazlapdyr we munuň üçin minlere ýapjalyga razy bolupdyr. Koreýa demirgazykly söweşjeň halk bolan çžurçženler bilen hem parahatçylykly gatnaşyklary saklapdyr.

Ýaponiýa bilen gatnaşyklar barada aýdylanda bolsa, Li hökümeti Asikaga sýogunlygy bilen parahatçylykly ýaşaşmaga çalşypdyr we şunuň bilen bir hatarda ýapon garakçylaryna garşy berk çäreleri görüpdir. 1389-njy we 1419-njy ýyllaryň

harby-deňiz ýörişleriniň netijesinde Susima adasyndaky ýapon garakçylarynyň daýanç nokady ýok edilipdir.

XV asyryň birinji ýarymynda diňe paýtagt we paýtagta golaý üç welaýatda 50 sany harby-deňiz duralgasy gurlupdyr. Koreýanyň harby-deňiz güýçleriniň 600 gämisi we 50 müň deňizçisi bolupdyr. Koreýanyň harby kuwwatynyň artmagy netijesinde ýapon garakçylarynyň çozuşlary görnetin azalypdyr we bu çäreler ýaponlary parahatçylykly söwda gatnaşyklaryny açmaga mejbur edipdir. 1443-nji ýylyň şertnamasyna laýyklykda, ýapon täjirlerine Koreýanyň günortada ýerleşýän üç portunda (şol sanda Pusanda) söwda etmäge ygtyýar berlipdir. Ýöne söwda etmäge gelýän täjirleriň we gämileriň sany görnetin çäklendirilipdir. Ýaponlar Koreýa mis, kümüş, kükürt, burç we atyr önümlerini getiripdirler, bu ýerden bolsa däne, nah matalary, kitaplary weženşen (derman oty) äkidipdirler. Daşary ýurt täjirlerine Koreýa gelmäge rugsat edilse-de, ýerli täjirlere daşary ýurtlara gitmeklik gadagandy.

**Halk köpçüliginiň ýagdaýy.** Li nesilşalygy häkimiýet başyna gelenden soň ýurduň ekerançylyk pudagy ösüpdir. Ekin dolanyşygyna girizilýän ýerleriň mukdary artypdyr. Bu bolsa ýurtda ýer ýetmezçiligi meselesini aradan aýyrmaga belli bir derejede mümkinçilik beripdir. Gürrüňi edilýän döwürde daýhan hojalyklary salgydyň iki görnüşini töläpdirler we zähmet borjuny ýerini ýetiripdirler. Kanun boýunça bellenilen ýer salgydynyň (*ço* ýa-da *çose*) möçberi uly bolmandyr we ol öndürilen önümiň 1/10 ýa-da 1/20 möçberlerinde kesgitlenilipdir. Görnüşi ýaly, salgydyň mukdary daýhan hojalyklary üçin kän bir agyr bolmandyr. Emma Koreýada öndürilen önümiň mukdarynyň we salgydyň möçberiniň doly takyklanylmandygy, aýratyn hem ýer ölçegi bolan kýolyň tutýan meýdanynyň ýurduň dürli ýerlerinde dürli ölçeglerde bolmaklygy emeldarlara salgyt ýygnalanda eden-etdilikleri etmäge, kesgitlenilen möçberinden has köp salgyt almaga mümkinçilik beripdir. Üstesine-de, dänäniň paýtagta äkidilmegi

bilen baglanyşykly ýol çykdajylaryny ödemek, dänäniň äkidilmegine gatnaşýan adamlara we bu işe ýolbaşçylyk edýäň emeldarlara hak tölenmegi bilen baglanyşykly çykdajylar ýer salgydynyň möçberini ep-esli artdyrypdyr. Daýhanlardan döwletiň peýdasyna hojalyk salgydy *(konse)* bolan öý senetçilik önümlerini hem alypdyrlar. Mysal üçin, XV asyryň başlarynda Phýonan welaýatynda hojalyk salgydynyň düzümine öý haýwanlarynyň (öküziň, atyň) we ýabany haýwanlaryň (gaplaňyň, sugunyň, tilkiniň, belkanyň, torsugyň) derisi, şeýle hem dürli görnüşdäki balyklar, derman otlary, ösümlik ýaglary, bal we mum girizilipdir. Ýurduň beýleki welaýatlarynda demirden we misden ýasalan gap-gaçlary we beýleki zatlary döwlete tabşyrýardylar. Döwlet daýhanlarynyň ählisi juda agyr düşýän harby we zähmet borçlaryny *(puýok)* hem ýerine ýetirmelidiler.

XV asyryň ikinji ýarymyndan başlap begzadalara degişli mülk ýerleriniň mukdarynyň artmagy, daýhan hojalyklarynyň ýersizleşmegi we olaryň hukuksyzlaşmagy ýaly ýagdaýlar hem güýçlenip ugraýar. Iri mülkler diňe bir täze ýerleriň açylmagynyň hasabyna däl, eýsem döwlet tarapyndan aýratyn hyzmatlary üçin begzadalara, döwlet adamlaryna ýerleriň köpçüllikleýin berilmeginiň hasabyna-da artypdyr. Emma ýerleriň köpçülikleýin paýlanylmagy döwlet hazynasyna gelýän girdejileriň mukdaryny azaldypdyr. Şonuň üçin hem 1466-njy ýyldan başlap ýerler diňe döwlete gulluk edýän adamlara berlip başlaýar. Soňra gulluk ýerleriniň deregine emeldarlara däne görnüşinde aýlyk tölenilip ugraýar. Emma bu çäreler iri ýer eýeçiligini çäklendirmäge gönükdirilmändir, şol sebäpden hem XV asyryň ikinji ýarymynda döwlet daýhanlarynyň ep-esli bölegi hukuksyz daýhanlara (nobi) öwrülipdirler. Aýry-aýry begzadalaryň 10 müň sany hukuksyz daýhanlary bolupdyr. Ýaman ýeri hukuksyz daýhanlaryň ýer eýelerine baglylygy hiç hili hukuk kadalary bilen kesgitlenilmändir. Döwlet daýhanlarynyň iri ýer eýeleriniň ygtyýaryna geçmegi döwlet

girdejilerini azaldypdyr, munuň öňüni almak üçin bolsa döwlet ýerlerinde oturýan daýhan hojalyklaryna salynýan salgytlaryň mukdary artdyrylypdyr. Şonuň üçin hatda hasylly ýyllarda-da daýhan hojalyklarynyň öndüren hasylynyň özünde galýan bölegi azyklyk üçin hem ýetmändir. Dogry, Li nesilşalygy döwründe kynçylyk çekýän daýhan hojalyklaryna döwlet ammarlaryndan azyklyk we tohumlyk däne karzyna berlipdir. Ýöne däne karz berlende emeldarlar süýthorçulygyň daýhan üçin iň bir bähbitsiz görnüşlerini ulanypdyrlar. Koreýanyň obalarynda ýagdaý şeýle bolansoň, daýhanlar ýurduň gyrak-çetlerine we barmasy kyn ýerlerine gaçyp gidýärdiler.

**XV asyryň birinji ýarymynda ykdysadyýetiň ýokary göterilmegi we medeniýetiň ösüşi.** Merkezleşdirilen döwletiň kemala gellmegi we orta asyr düzgünlerini berkitmäge gönükdirilen özgertmeler ýurduň öndüriji güýçleriniň we koreý medeniýetiniň ösüşine oňyn täsir edipdir. Täze mes toprakly ýerleriň özleşdirilmegi we döwlet tarapyndan ekerançylyk pudagyna goldaw berilmegi gowy netijeleri beripdir. Ekerançylykda ýokary hasyl berýän tohumlar önümçilige ornaşdyrylypdyr, şaly şitillerini göçürmeklik giňden ulanylyp başlapdyr, suw desgalary kämilleşdirilipdir, täze ekin – gowaça ekilip ugrapdyr, tut agaçlarynyň meýdany giňeldilipdir. Hökümet agranomçylyk, meteorologiýa we astronomiýa ylymlaryny öwrenmäge ýardam edipdir. 1429-njy ýylda alym Çon Çho tarapyndan «Oba hojalygynyň ýöredilişi hakynda kitap» neşir edilýär. Koreýaly alymlar ýagynlaryň mukdaryny kesgitlemek üçin yzgar ölçeýän, burçlary we wagty kesgitleýän gurallary döredipdirler.

Öndüriji güýçleriň ösüşi senetçilige-de öz täsirini ýetiripdir. Dokmaçylykda we beýleki senetçilik önümlerini öndürmekde maşgala senetçiligi agdyklyk eden-de bolsa, ýurtda senetçilik önümçiligi ösüpdir. Bu önümçiligiň giň ýaýran usuly hukuksyz ussalar işledilýän döwlet senetçilik kärhanalary bolupdyr. Döwlet senetçilik kärhanalary göniden-

göni döwlet we ýerli dolandyryş edaralary tarapyndan dolandyrylypdyr. Olarda ýaraglar we zynat harytlary öndürilipdir. Welaýatlardaky ussalar paýtagtly ussalar üçin çig mallary taýýarlapdyrlar. Paýtagtly ussalar köp ugurlar boýunça ýöriteleşipdirler. Olar esasan hem metallaryň dürli görnüşlerini, süňk, agaç, gön işläp bejeripdirler, farfor onümleriniň dürli görnüşlerini öndüripdirler.

Döwlet senetçiligi bilen bir hatarda, öz önümlerini içerki bazara çykarýan ýekebara senetçilik hem ösüpdir. Emma senetçileriň öndürýän önümleriniň agramly bölegi jemgyýetiň baý gatlaklarynyň we döwlet häkimiýetiniň isleglerini kanagatladyrmaga gönükdirilipdir. Ýurduň paýtagty hökmünde Seul şäheri saýlanylyp alnandan soň, hökümet tarapyndan söwdagärler üçin ýörite köçeler bölünip berlipdir. 1399-njy ýylda Seulda eýýäm 800 sany dükan bar eken.

Li nesilşalygynyň döwründe medeniýet has hem ösüpdir. Sejonyň (1419-1450) dolandyran ýyllarynda «Danalaryň ýygnagy» atly akademiýa döredilipdir. Akademiýanyň alymlary konfusiançylygyň esasynda özüňi alyp barmagyň we hukugyň kadalaryny işläp düzüpdirler. Bu döwürde Koreýanyň taryhyny ýazmak bilen baglanyşykly hem köp işler amala aşyrylypdyr. Koreýanyň Li nesilşalygyndan öňki taryhyny beýan edýän «*Koryo sa*» («Koryonyň taryhy») şu döwürde döredilen ajaýyp eserdir.

1443-nji ýylda Çon In Çži tarapyndan baştutanlyk edilýän köşk akademiýasynyň alymlar topary 28 harpdan durýan ýazuwy döredipdirler. Ýöne, resmi kagyzlar we ylmy-edebi eserler, entäkler hem halk köpçüligine düşnüksiz bolan hytaý dilinde alnyp barlypdyr.

## § 16. Ýaponiýa ösen orta asyrlar döwründe (X-XV asyrlar)

**X-XV asyrlarda agrar gatnaşyklary.** Ýurduň durmuş-ykdysady we harby kuwatynyň peselmegi 895-nji ýylda Ýaponiýanyň «ýapyk» ýurt diýlip yglan edilmegine getirýär. Ýaponiýa gelmeklik we ondan çykmaklyk düýbünden gadagan edilýär. Şu düzgüni bozanlar häkimiýetler tarapyndan ölüm jezasyna höküm edilipdir. Şonuň üçin hem Ýaponiýanyň mundan beýläkki ösüşi ýurduň ýapyk ýagdaýynda we bölek ýer ulgamynyň dargaýan şertlerinde bolup geçdi. Bölek ýer ulgamynyň dargamagy  X asyrda-da dowam edip, onuň ornuna iri mülkler  – sýöenler  peýda bolýar. Bu ýagdaý X asyryň ikinji ýarymynda has giň gerime eýe bolupdyr. Mälim bolşy ýaly, sýöenler VIII asyryň ikinji ýarymynda tarp ýerleriň özleşdirilmegi bilen peýda bolupdy.

Sýöenleriň mundan beýläkki ösüşi iri ýer eýeleriniň peýdasyna zähmet borjunyň giňden peýdalanylmagy bilen baglanyşykly boldy. Mälim bolşy ýaly, daýhanlar döwletiň ýa-da iri ýer eýesiniň peýdasyna ýylyň dowamynda 100 gün, kähalatlarda, ondan hem köp günläp mugt işlemäge borçly edilýärdi. Emma mülkdarlary we budda ybadathanalaryny diňe zähmet borjunyň ýerine ýetirilmegi kanagatlandyrmaýardy: indi olar daýhanlaryň ýerlerine-de dalaş edýärdiler.

X asyrda kommendasiýa häsiýetdäki sýöenler hem peýda bolup başlaýar. Agrar gatnaşyklarynda bu nämäni aňladypdyr? Merkezi häkimiýetiň gowşamagy we ýerlerde emeldarlaryň eden-etdilikleriniň güýjemegi bilen ýer eýeleri öz ýerleriniň elden gitmeginden gorkup, şeýle hem  buýrukçynyň ýa-da öňki eýelik eden ýeriniň dolandyryjysy wezipesine eýe bolmak maksady bilen ýerlerini kagyz ýüzünde welaýat häkimleriniň adyna geçirýärdiler (ýagny kommendirleýärdiler). Şeýle bolanda ýere kagyz ýüzünde häkim, iş ýüzünde bolsa ýer eýesiniň özi eýeçilik edýärdi. Ýöne ýerden gelýän girdejiniň ep-esli bölegine adyna ýer kommendirlenen häkim eýe bolýardy. Häkim hem öz gezeginde şol ýeri köşk begzadasynyň biriniň adyna geçirýärdi. Kähalatlarda ýeriň hut patyşanyň

adyna geçirilýän wagtlary-da bolýardy. Ýagdaý şeýle bolanda häkimiň özi ýer eýesiniň, şol ýer adyna geçirilen köşk begzadasy ýa-da patyşa bolsa şol ýeriň howandarynyň wezipesini ýetirýärdi. Ýere eýeçilik etmekde şeýle düzgüniň ulanylmagy ýeriň hakyky eýesi bolan mülkdara öz ýerine bolan eýeçilik hukugyny saklamaga mümkinçilik beripdir. Şeýle ýerlere hiç bir keseki adam el degrip bilmändir. Eýeçiligiň bu görnüşi basgançak şekilinde bolup, onuň aşaky basgançagynda kommendator, ýagny ýeri kommendirleýän – iň ýokarsynda bolsa köşk begzadasy ýa-da patyşanyň özi durupdyr. Her basgançagyň özüniň hukugy hem-de borjy bardy. Mysal üçin, kommendator salgydyň wagtly-wagtynda tölenilmegini, zähmet borjunyň ýerine ýetirilmegini gazanmaly, häkim kommendatory wezipe bilen üpjün etmeli, köşk begzadasy bolsa howandaryň wezipesini ýerine ýetirmeli. Munuň üçin her kim ýerine ýetirýän wezipesine laýyklykda muzd alypdyr.

Howandaryň wezipesi diňe ýeriň eldegrilmezligini gazanmak bolupdyr, eger-de, ol şu wezipäni ýetirip bilmese, onda mülkün hakyky eýesi – kommendator ýeri başga biriniň adyna geçiripdir. Howandaryň hukuklary nesilden-nesle geçip ýa-da başa birine satylyp bilnipdir. Ekerançylyk ýeriniň daşynda bolup geçýän şeýle «hereketler» önümçilige hiç hili zyýan ýetirmändir, daýhanlar şol öňküleri ýaly zähmet çekmeklerini we önün öndürmeklerini dowam etdirýärdiler.

Daýhanlar tarapyndan taşlanan we sýöene goşulan ýerlerde ykmandalaryň, gaçgak daýhanlaryň we senetçileriň obalary peýda bolupdyr. Olar ýer eýeçiligi bilen baglanyşykly bolan salgytlardan we borçlardan boşadylypdyr, ýöne olary ýer eýesiniň hojalygynyň isleglerini kanagatlandyrmakda giňişleýin ulanypdyrlar. Şeýle görnüşdäki ýerlerde zähmet çekýän daýhanlaryň ýagdaýy, ýerleriň beýleki görnüşlerinde işleýän daýhanlaryňkydan ep-esli ýeňil bolupdyr. Şonuň üçin şeýle ýerlerdäki daýhanlaryň artykmaç önüm almaga we ony bazara çykarmaga-da mümkinçikleri bolupdyr.

Sýöeniň sylag görnüşi hem bolupdyr. Olar ýer eýeleriniň arasyndaky göreşleriň netijesinde ýüze çykyp, ýeňiji öz garşydaşynyň ýerini bu göreşde özüni goldan ýapjasyna sylag beripdir.

Sýöeniň eýesi bolmak üçin ýerli häkim ýa-da hökümet tarapyndan berlen şahadatnama gerek bolupdyr. Şahadatnama esasy resminama bolup, ol onuň şol ýeriň hakyky eýesidigini tassyklapdyr. Şahadatnamanyň bolmadyk halatynda sýöen onuň eýeçiligine dalaş edýäniň elinden alnypdyr. Ýurtda Fudziwaralaryň hojaýynçylyk edýän döwründe olar her hili ýollar bilen ýapon patyşalarynyň köp ygtyýarlyklaryny ellerinden alypdyrlar. Sebäbi eýeçiligi tassyk edýän şahadatnamalaryň hem aglaba köpçüligi Fudziwaralar tarapyndan berlipdir. Fudziwaralar patyşanyň salgyt immunitetini girizen ýer eýeçiligini hem ýok edipdirler, sebäbi şeýle ýerleriň eýeleri patyşanyň esasy daýanjydylar.

**Samuraýlar gatlagynyň döremegi.** IX-X asyrlarda ýapon jemgyýetinde uly üýtgeşmeler bolup geçýär. Sebäbi Ýaponiýada merkezi döwlet häkimiýeti gowşap başlaýar. Ýere döwlet eýeçiligi gowşapdyr, hususy eýeçilikdäki ýerleriň mukdary bolsa has-da artypdyr. Aýry-aýry welaýatlarda dolandyryş täsirli toparlaryň eline geçip ugraýar. Bitewi döwlet dargap, ýurtda özara oňuşmaýan harby toparlar köpelýär. Ýaponiýanyň syýasy durmuşynda bolup geçýän bu hadysalar jemgyýetiň ösüşine-de öz täsirini ýetiripdir. X asyrda ýapon jemgyyetinde täze gatlak – samuraýlar («*samuraý*» – gulluk etmek sözünden) ýüze çykýar.

Samuraýlar ilatyň üç gatlagyndan döräpdirler. Samuraýlaryň esasy köpçüligi baý daýhanlardan ýa-da obanyň ýokary gatlagyndan gelip çykypdyr. Täze dörän gatlagyň ikinji bir bölegi öý hyzmatkärlerinden emele gelipdirler. Öňler hyzmatkärler diňe garny üçin işläpdirler we hojaýynyň mülküni daşky howplardan gorapdyrlar. Ýöne olar bu işe höwesli ýapyşmandyrlar. Şonuň üçin hem hojaýynlar olara ýer

böleklerini beripdirler. Ýer bölünip berlenden soň hyzmatkär hem öz ýerini, hemem hojaýynyň mülküni batyrlyk bilen gorapdyr. Samuraýlaryň üçünji bölegi welaýat häkimlerinden gelip çykypdyr. Samuraýlar toparlara birigipdirler we has uly birikmeleri emele getiripdirler. Bu birikmeler, esasan, gandüşer garyndaşlar tarapyndan we olaryň ýapjalaryndan düzülip, olar tanymal serdarlar tarapyndan ýa-da täsirli samuraýlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Samuraý toparlanyşyklary häkimiýet we baýlyk ugrunda biri-biri bilen göreşýän toparlanyşyklary goldapdyrlar. Şonuň üçin hem olar atabegleriň we hökümet baştutanlarynyň elindäki esasy harby güýje öwrülipdirler.

Samuraýlaryň özleri hem iki sany özara bäsleşýän uly topara bölünipdir. XII asyrda Taýra we Minamoto atly belli samuraý toparlanyşyklary özara bäsleşýärdiler. Samuraýlaryň öz däp-dessurlary bolupdyr. Şol däp-dessurlar «*Busido*» («Esgeriň ýorelgesi») kitabynda beýan edilipdir. Samuraýlar öz hojaýynlaryna wepaly bolupdyrlar, batyrlyk, sadalyk, gerek bolsa janyňdan geçmek samuraý üçin häsiýetli bolupdyr. Hojaýyn söweşde ölse onuň samuraýynyň özüni «*harakiri*» etmegi - ýagny garnyny ýaryp özüni öldürmegi däbe öwrülipdir. Hakyky samuraý üç zada kaýyl bolmaly bolupdyr: öýüni, çagalaryny we janyny ýatdan çykarmaly.

Samuraý toparlanyşyklarynyň arasynda bitewilik bolmandyr, şonuň üçin hem hökümdarlar olary öz garşydaşlaryna garşy göreşlerde ulanypdyrlar. Mysal üçin, 936-njy ýylda Fudziwara Sumitoma Kýusýu adasynda topalaň turzupdyr, 938-946-njy ýyllarda bolsa Taýra Masakado topalaň turzup, özüni patyşa diýip yglan edýär. Masakado ýurduň gündogaryndaky welaýatlaryň häkimlerini hem özbaşdak belläpdir. Bu topalaňy basyp ýatyrmak üçin onuň garşysyna şol samuraý toparlanyşygynyň serdarlarynyň biri Taýra Samadori ugradylypdyr.

**Ýapon şäherleriniň ösmegi we olaryň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi Ýaponiýada ykdysadyýetiň, medeniýetiň ösmegine uly itergi beripdir. Ýurtda şäherler hem döräp başlaýarlar. IV-VI asyrlarda Naniwa we Asuka şäherleri ýüze çykypdyr. Şäherler ybadathanalaryň ýanynda (Nara we Heýýan), Osu, Naniwa (häzirki Osaka) aragatnaşyk ýollarynda (olary hytaýly, koreýaly gelmişekler esaslandyrypdyrlar), deňiz kenarlarynda (Hýogo, Sakaýi), galalaryň daşynda (Nagoýa) peýda bolupdyrlar. Şäherler ilki koreý, soň bolsa hytaý ülňüleri esasynda gurlupdyr. Ýaponiýanyň ilki dörän şäherlerinde Hytaýyň paýtagty Çananyň (häzirki Sian) täsiri güýçli duýlupdyr. Paýtagt ilki Nara, soňra bolsa Heýýan şäheri bolupdyr, emma ol 1177-nji ýylda bütinleý ýanýar. Heýýanyň ýerinde täze şäher gurlupdyr we oňa «Kýoto» («Paýtagt şäher») diýlip at goýulýar. Şäherler senetçiligiň, söwdanyň, medeniýetiň, sungatyň, şeýle hem ýurduň dolandyryş-syýasy merkezleri bolupdyr.

Ýaponiýada şäherleriň ösüşi deň bolmandyr. Ýurduň günbataryndaky şäherler gündogardakydan has ösendiler. Şäherlerde senetçilik ösüp, eýýäm XI asyrda paýtagtyň bazarlarynda senetçileriň birleşmeleri *(dza)* ýüze çykypdyr. Ýapon dzasy söwdagäri hem-de senetçini bileleikde aňladypdyr. Sebäbi şindi söwda senetçilikden bölünip aýrylmandy. Başda dza diýlip («dza» – «oturmak» sözünden) senetçileriň bazardaky öz ýasan zatlaryny satýan ýerlerini atlandyrypdyrlar, soňra şol at bilen söwda-senetçilik, artistleriň we suratkeşleriň birleşmeleri aňladylypdyr.

**Ýaponiýa eks-imperatorlaryň dolandyran ýyllarynda.** Ýapon köşgünde atabegiň (regent) hem-de hökümet baştutanynyň wezipelerini öz ellerine almak bilen Fudziwaralar patyşanyň ygtyýarlyklaryny çäklendiripdirler. Fudziwaralar ýapon patyşalaryny öz gyzlaryna öýlendirýärdiler. Şol sebäpden hem Fudziwaralar her bir

patyşanyň daýysy ýa-da babasy bolup galýardylar. Şeýle garyndaşlyk gatnaşyklary Fudziwaralara köşkdäki ähli möhüm wezipeleri eýelemäge mümkinçilik berýärdi. Elbetde, ýapon patyşalary Fudziwaralaryň täsirinden çykmaga we ýurdy özbaşdak dolandyrmaga ençeme ýola synanyşyk edipdirler.

969-njy ýylda patyşa *(tenno)* kämillik ýaşyna ýetmedik oglunyň peýdasyna tagtdan el çekýär we monahçylyga geçýär. Patyşanyň öz ornuny kämillik ýaşyna ýetmedik ogluna bermegi, mundan beýläk oňa giň mümkinçilikleri döredipdir. Ol nesilşalygyň ýaşulysy hökmünde atabegiň hem-de hökümet başlygynyň wezipelerini öz eline alypdyr. Şeýlelikde, 969-1167-nji ýyllar Ýaponiýanyň taryhynda eks-imperatorlaryň *(inseý)* dolandyran ýyllary diýlip atlandyrylýar. Eger-de, öňler ýurtdaky häkimiýet patyşanyň Fudziwaralar neberesinden bolan ejesiniň, aýalynyň we daýylarynyň elinde bolan bolsa, indi, tagtdan el çekmek bilen patyşa samuraýlara, ýerli häkimlere we iri ýer eýeleriniň bir bölegine daýanyp, Fudziwaralary häkimiýetden çetleşdirip ugraýar.

Eks-imperator welaýat häkimlerine ähli ekerançylyk ýerlerini barlamagy we bikanun alnan ýerleri patyşanyň hasabyna geçirmek barada buýruk berýär. Çünki ýurtdaky häkimiýeti doly ele almak üçin döwletiň ykdysady ýagdaýyny berkitmelidi. Emma tiz wagtdan häkimleriň patyşanyň tarapdary däldigi ýüze çykýar. Fudziwaralaryň döwründe häkimler öz ellerinde ummasyz köp mukdardaky kommendasiýa edilen ýerleri saklapdyrlar. Şonuň üçin hem 1069-njy ýylda sýöenleri hasaba alýan edara açylyp, bu edara resminamalar bilen tassyklanylmadyk we 1045-nji ýyldan soň döredilen, esasan hem Fudziwaralara degişli sýöenleri bikanun diýip yglan edýär. Bu edara bary-ýogy dört ýyl hereket eden-de bolsa, ol patyşa degişli ýerleriň mukdaryny ep-esli giňeldýär.

XI asyryň ahyrynda – XII asyryň başlarynda Sumeragiler nesliniň patyşa maşgalasy ýene-de ýurduň iň uly mülkdaryna öwrülýär. Patyşanyň adyna ýerleri

kommendirlemek giň gerime eýe bolýar. Aýratyn hem samuraýlar topary bolan Taýralar patyşanyň adyna köp mukdardaky ýerleri kommendirläpdirler.

Bu döwürde ykdysadyýetiň ösüşi birneme janlanýar, ýurduň ilatynyň sany artyp, 11 milliondan adamdan geçýär. Ýurduň ekerançylyk pudagynda 2-3 gezek gasyl almaklyk adaty ýagdaýa öwrülipdir. Öndürilen oba hojalyk önümleri daýhanlar tarapyndan bazarlarda satylypdyr. Ýöne, ýönekeý daýhan hojalyklaryň ýagdaýy öwerlikli bolmandyr, olar öňküleri ýaly agyr salgytlary töläpdirler, dowamlylygy uzaga çekýän zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärdiler. Şonuň üçin hem ýurduň kä ol ýerinde, käte başga ýerinde daýhanlar gozgalaňlary bolup geçýärdi. Daýhanlaryň çykyşlary bilen bir hatarda, Ýaponiýada samuraý topalaňlary we özara uruşlar hem dowam edipdir. 1185-nji ýylda Minamoto topary patyşanyň tarapdarlary bolan Taýra toparyny derbi-dagyn edýär. Minamotalar patyşadan özlerine baş serkerdäniň *(sýogun)* wezipesiniň berilmegini gazanýarlar. Netijede, sýogunyň wezipesine eýe bolan Minamotalar baş serkerdäniň oturýan ýerini Kamakura şäherine geçirýärler. Şeýdip, Ýaponiýanyň taryhynda Minamotolar sýogunlygynyň (1192-1333) döwri başlaýar. Bu sýogunlygy merkeziniň ýerleşýän ýerine görä, Kamakura sýogunlygy diýip hem atlandyrýarlar. Minamotolar sýogunlygynyň döremegi bilen ýurtda iki häkimýetlilik, ýagny bir tarapdan patyşanyň, beýleki bir tarapdan bolsa sýogunyň harby häkimiýeti peýda bolýar, özi hem patyşanyň häkimiýeti soňa-baka Kýotodaky köşgünden känbir uzaga gitmändir.



Ýapon teatrynda ulanylan maska (XVI asyr)

Sýogunyň häkimiýeti ykdysady taýdan gowşak etraplarda ýola goýlupdyr, ýöne, muňa garamazdan, patyşa onuň häkimiýetini ykrar etmäge mejbur bolýar. Elbetde, patyşa her hili ýollar bilen elden gideren syýasy häkimiýetini gaýtaryp almaga dyrjaşypdyr. Munuň üçin ol köşk begzadalaryny, sýogunyň garşydaşlaryny öz tarapyna çekmäge çalşypdyr.

Sýogun ýurtdaky dünýewi häkimiýeti öz elinde jemlemäge çalşypdyr we özüni «dzitonyň we sýugonyň baştutany» diýip yglan edýär. Munuň özi sýogunyň öz elinde dolandyryş *(dzito)* we gözegçilik *(sýugo)* ygtyýarlyklaryny jemländigini aňladypdyr. Elbetde, başky döwürlerde sýogunuň häkimiýeti hem durnukly häsiýetde bolmandyr. Haçanda, 1199-njy ýylda sýogun Minamoto Ýoritoma ölenden soň, onuň gaýynatasy Hodzýo Tokimaso onuň ogly Ýorineni monahçylyga ugradypdyr we atabegligi öz eline alypdyr.

Ýoritomanyň ölümini eks-imperator Gotoba hem öz peýdasyna ulanmaga çalşypdyr. Ol 1219-1221-nji ýyllaryň topalaňlary döwründe günbatarly samuraýlaryň baştutany Miurany öz tarapyna çekip, häkimiýetini dikeltmäge çalşypdyr. Emma Gotobanyň hereketleri şowsuz tamamlanypdyr. Şeýle hereketleriň gaýtalanmazlygy we patyşanyň hereketlerine gözegçilik etmek maksady bilen Hodzýo patyşanyň paýtagty Kýotonyň töwereklerinde ýaragly toparlary ýerleşdiripdir.

XIII asyryň ikinji ýarymynda Ýaponiýanyň üstüne mongollaryň çozmak howpy abanýar. 1266-njy ýylda Hubilaý han boýun egmek talaby bilen Ýaponiýa öz ilçilerini iberipdir. Mongollaryň bu talabyny ýaponlar jogapsyz galdyrypdyrlar. Mongollaryň soňky talaplary hem şeýle netijeler bilen tamamlanypdyr. Şonuň üçin hem 1274-nji ýylda Ýaponiýanyň kenarlarynda mongol deňiz goşunlary peýda bolupdyr. Mongollar Susima we Iki adalaryny eýeläpdirler, emma deňizde turan apy-tupan mongollaryň 200-den gowrak gämilerini gark edipdir. 1275-1278-nji ýyllarda mongollar

ýene-de iki gezek boýun egmek baradaky talaplar bilen ýaponlara ýüzlenipdirler.

Talaplar ýerine ýetirilmäninden soň, 1281-nji ýylda Hubilaý han 3500 gämiden ybarat bolan ägirt uly deňiz goşunlaryny Ýaponiýa ugradýar. Mongollaryň öňki çozuşlaryndan netije çykaran ýaponlar kenarýakalary berkidipdirler we basybalyjylara mynasyp garşylyk görkezipdirler. Üstesine-de, deňizde güýçli harasat *(taýfun)* turup, mongol gämilerini doly gark edipdir. Şondan bäri taýfuny ýaponlar *kamikadze* («Taňry şemaly») diýip atlandyryp gelýärler.

Mongollaryň çozuşlary sýogunlaryň häkimiýetini gowşadypdyr. Kamakura sýogunlygynda häkimiýeti elde saklaýan Hodzýo neberesine garşy häli-şindi çykyşlar bolup durupdyr. Şeýle şertlerde sýogunyň häkimiýetine garşy çykýan güýçleri diňe patyşa birleşdirip biljekdi. Özüniň dini abraýyna daýanmak bilen 1318-nji ýylda tagta gelen eks-imperator Godaýgo sýogunyň garşysyna dildüwüşik gurnap ugraýar. 1324-nji ýylda ol Kýota öz tarapdarlaryny jemläp ugraýar, emma dildüwüşik şowsuz tamamlanypdyr. 1332-nji ýylyň martynda häkimiýeti basyp almaga synanyşandygy üçin Godaýgo tagtdan agdarylýar we Oki adasyna sürgün edilýär. Emma ol bu ýerden gaçyp Kamakura sýogunlygynyň garşydaşlaryna baryp goşulýar.


Asikaga Takaudzi (1305-1358)

1333-nji ýylyň maýynda günorta-günbatarly samuraýlaryň baştutany Asikaga Takaudzi Kýotony eýeleýär. Şol wagt gündogarly samuraý toparynyň baştutanlarynyň biri

Nitta Ýosisada Kamakura girip Hodzýolaryň ählisini ýok edýär. Şeýlelikde, Kamakura sýogunlygy ýaşamagyny bes edýär.

Kamakura sýogunlygy synandan soň eks-imperator Godaýgo Kýota dolanyp gelip 1332-nji ýylda tagta çykarylan Kogeni agdarýar we öz häkimiýetini dikeldýär. Emma Godaýgo ýurtdaky häkimiýeti doly derejede eline alyp bilmändir, üstesine-de, onuň patyşa häkimiýetini dikeltmäge bolan islegleri Asikagalaryň bähbitlerine ters gelipdir. Şonuň üçin hem 1336-njy ýylda Asikaga Kýotony eýeläp, häkimiýeti dolandyryjy maşgalanyň demirgazyk şahasyndan bolan başga bir patyşa berýär. Godaýgo ýapon patyşalarynyň ýurduň günortasynda ýerleşýän köşkleriniň biri bolan Ýosino kabulhanasyna gaçyp gelýär. Ýosino soňra ýapon patyşalarynyň günorta şahasyny emele getirýär. Şol döwürden başlap ýapon patyşalarynyň günorta we demirgazyk şahalarynyň arasynda ýarym asyrdan-da gowrak wagt dowam eden özara göreşler başlaýar.

1336-njy ýylyň noýabrynda ssýogun Asikaga harby dolandyryşyň dikeldilýändigini, häkimiýetiň Meýdan ordasynyň (*Bakufu*) ygtyýaryna geçýändigini yglan edýär. Şeýlelikde, Ýaponiýanyň taryhynda ikinji sýogunlygyň – Asikaga sýogunlygynyň (1336-1568) döwri başlaýar. Ony başgaça sýogunyň hökümetiniň ýerleşýän ýeriniň ady boýunça Muromati sýogunlygy diýip hem atlandyrýarlar.

XIV asyryň uruşlary samuraýlaryň peýdasyna tamamlanypdyr. Ekerançylyk ýerleri esasan olaryň elinde jemlenipdir. Bu döwürde gulluk ýerleriniň, şeýle hem hususy mülkleriň mukdary ep-esli artypdyr, kommendasiýa edilýän ýerleriň mukdary bolsa düýpli azalypdyr. Bu döwürde sýogunyň häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen köşk begzadalarynyň ykdysady we syýasy täsiri gaçypdyr.

**Irki orta asyrlarda Ýaponiýada din. Sintoizm we buddizm.** Hytaýda bolşy ýaly Ýaponiýada hem orta asyrlarda dürli dini garaýyşlar kemala gelipdir. Gadymdan gelýän

rowaýatlara görä, ýapon halky Hudaý tarapyndan ýaradylypdyr. Aýtmyşlaryna görä, Ýaponiýada sekiz million sany hudaýlar barmyşyn. Sintoizmiň many-mazmuny bilen içgin tanyşlyk munuň hakykatdan-da şeýledigine güwä geçýär. Sintoizm ýaponlaryň milli ynançlarynyň toplumy bolup, adalga hökmünde «sinto» biziň eýýamymyzyň VI-VII asyrlarynda peýda bolupdyr.


Sýogun Asikaga Ýosimisu (1358-1408)

Ýaponlaryň sinto ýa-da ýewropalylaryň aýdyşy ýaly, sintoizm hudaýlarynyň *(kami)* hataryna ýapon halkynyň ata-babalary hasap edilýän hudaýlar; daglaryň, daşlaryň, derýalaryň, agaçlaryň, oduň, ýeliň ruhlary; aýry-aýry ýerleriň we senetleriň howandarlary hem-de pirleri; merhumlaryň ruhlary degişlidir. Ýopon ynançlary boýunça, kami (hudaýlar) ähli ýerlerde, hemme zatlarda göze görünmän ýaşapdyrlar we ähli bolup geçýän hadysalara gatnaşypdyrlar. Ol sözüň doly manysynda adamy gurşap alan dünýäniň içinden eriş-argaç bolup geçipdir.

Bu diniň «*sinto*» ady iki sany ieroglifden durýar: «sin» we «to». Onuň birinjisi «hudaýlar» diýlip terjime edilip, onuň «kami» ady hem bardyr, ikinji ieroglif bolsa «ýol» manysyny aňladýar. Netijede, sintonyň sözme-söz terjimesi «hudaýlaryň ýoly» diýmekligi aňladýar. Sinto butparazçylyk ýa-da butlara çokunylýan dindir. Onuň esasyny ata-babalaryň ruhuna we tebigatyň gudratlaryna çokunmaklyk düzýär. Sintonyň aýratynlygy, ol bütin damzat üçin niýetlenilen däl-de, diňe

ýaponlar üçin döredilen milli dindir. Bu din Ýaponiýanyň dürli ýerlerinde ýaýran ynançlar bilen ýurduň merkezi welaýaty bolan Ýamatoda imperatorlar nesliniň ata-babalarynyň hudaýlarynyň birleşmesiniň esasynda döräpdir. Sintoda *magiýa, totemizm* (aýry-aýry jandarlara çokunylmagy), *fetişizm* (dogalaryň we tumarlaryň gudratyna ynanmaklyk) ýaly gadymy ynançlar saklanyp galypdyr we olar häzirki bu güne çenli ýaşamagyny döwam etdirip gelýär. Köp dinlerden tapawutlylykda, sinto anyk bir adam ýa-da hudaý tarapyndan esaslandyrylmandyr. Aslyýetinde, bu dinde adamlar bilen hudaýlaryň (kami) arasynda nähilidir bir aratapawut goýulmaýar. Sinto boýunça adamlar kamileriň özlerinden döräpdirler we olar bilen bir dünýäde ýaşap, ölenlerinden soň kamilere öwrülip bilipdirler. Şonuň üçin hem sintoizm o dünýäde halas bolmaklygy wada etmeýär, onuň esasy talaby adam tebigat bilen bir jan, bir ten bolup, ruhy bitewilikde sazlaşykly ýaşamaly.

Sintonyň aýratynlyklarynyň biri, onuň asyrlaryň dowamynda üýtgemän diýen ýaly saklanyp gelýän köp sanly dessurlarynyň bolmaklygydyr. Şunuň bilen bir hatarda, sinto taglymaty öz däp-dessurlaryna garanda has gowşak ösendir. Başda sintoda hiç hili taglymat bolmandyr. Wagtyň geçmegi bilen Hytaýyň üsti bilen dini taglymatlaryň ýaýramagy netijesinde aýry-aýry din adamlary sintonyň taglymatyny döretmäge çalşypdyrlar. Emma sintoizm taglymatynyň ornuna buddaçylyk, daosçylyk we konfusiançylyk taglymatlarynyň özboluşly birleşmesi (sintezi) emele gelipdir. Şol taglymatlar bolsa häzirki güne çenli däp-dessurlar görnüşinde sinto dininden özbaşdak ýaşap gelýärler.

Beýleki dinlerden tapawutlylykda, sintonyň ahlak kadalary hem ýokdur. Onda ýagşynyň hem-de ýamanyň ornuny arassa we hapa hakyndaky düşünjeler eýeleýär. Eger-de adam özüni «hapalasa», ýagny özüne mahsus bolmadyk bir herekete ýol berse, ol «arassalanyş» dessuryny geçmeli bolupdyr.

Sintonyň düşündirmegine görä, günä iş eden adam ölenden soň Tümlük Ýurduna iberilipdir we bu ýerde şol adam ýaman ruhlaryň arasynda kynçylykly ýaşaýşa sezewar edilipdir. Emma sinto dininde o dünýädäki ýaşaýyş, jennet, dowzah we kyýamat magşar güni hakyndaky ösen taglymat ýokdur. Sintoizmde ölüme güýç-kuwwatyň kem-kemden egsilip gutarmagy we onuň gaýtadan döremeginiň gutulgysyzlygy hökmünde garalypdyr. Sintoizm dini merhumlaryň ruhy ýer üstünde, ýagny diri adamlaryň daş-töwereginde uçup ýörler diýip öwredýär. Sintoizme eýerýänleriň ynançlaryna görä, ähli wakalar dünýäleriň iň ýagşysy bolan şu dünýäde bolup geçýär.

Bu dine eýerijilerden gündelik ybadat etmeklik, ybadathanalara barmaklyk hem talap edilmeýär. Dini baýramçylyklara gatnaşmak we durmuşda möhüm ähmiýete eýe bolan adaty däpleri berjaý etmeklik ýeterlik bolupdyr. Şonuň üçin hem ýaponlar sintony milli däp-dessurlaryň toplumy hökmünde kabul edýärler. Her bir diniň öz keramatly kitaplarynyň bolşy ýaly «*Kodziki*» («Gadymyýetiň ýazgylary») we «*Nihongi*» («Ýaponiýanyň ýazgylary») sintoizmiň baş kitaplarydyr. Beýleki dinleriň keramatly kitaplaryndan tapawutlylykda, bu kitaplar, hakykat ýüzünde, dini kitaplar bolman, rowaýata öwrülen taryhy ýyl ýazgylarydyr. Bularda ilkinji gezek ýaponlaryň dilden aýdylyp gelinýän hekaýatlary we rowaýatlary ýygnalyp ýzgy edilipdir.

VI asyrda Ýaponiýa Hytaýdan buddizm dini gelipdir. Buddizme ilkinji bolup köşk adamlary uýupdyrlar. Olar täze diniň kömegi bilen öz häkimiýetlerini berkitmek we ýurdy birleşdirmek isläpdirler. Ýurduň köp ýerlerinde budda ybadathanalary peýda bolupdyr. Buddizmiň Ýaponiýa ýaýramagy ýurtda hat-ýazuwyň ösmegine oňyn täsir edipdir. Ýaponlar Hytaýdan ieroglif ýazuwyny kabul edip alypdyrlar we ony keramatly ýazgylary, kitaplary döretmekde ulanypdyrlar.

Ilkinji mekdepler budda ybadathanalarynyň ýanynda peýda bolupdyr. Buddizm ýaponlaryň ynançlaryna, dini garaýyşlaryna, medeniýetine we sungatyna uly täsir edipdir. Buddizm Ýaponiýada özboluşly milli binagärçiligiň ýüze çykmagyna we ösmegine-de uly täsir edipdir.

Ýaponiýada sintoizm bilen buddizmiň arasynda hiç haçan dini oňşuksyzlyklar bolmandyr, tersine, bu iki garaýyş ýaponlaryň aňynda özboluşly birleşipdirler. Sintoizm ýaponlara gözel tebigata söýgi döredipdir, buddizm bolsa sabyrly-kanagatly bolmagy öwredipdir. Ýaponlar tebigaty özgertmäge ýykgyn etmändirler, tersine, onuň bilen yalalaşyp ýaşaşmaga we ony söýmäge çalşypdyrlar.

Sintoizm boýunça islendik zat kami bolup bilipdir we olaryň has giň ýaýrany ýa-da ylahy güýje eýe bolany daş hasap edilipdir. Şonuň üçin hem daşdan edilen zatlar – «*sintaý*» (hudaýyň bedeni) keramatlylygyň we ybadat etmekligiň esasy nyşanlary hasap edilipdir. Sintoistik hudaýlaryna bolan ynançlar asyrlaryň dowamynda kemala gelip, olaryň hataryna Merkezi Ýaponiýa Kýusýu adasynyň demirgazygyndan göçüp gelen taýpalaryň, şeýle hem şu ýerde öňden ýaşap ýören taýpalaryň hudaýlary goşulypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen ýerli hudaýlaryň abraýy peselipdir, sebäbi aýal hudaýy Amaterasu (*Ama-terasu-o-mikami*) ýapon adalaryny we dolandyryjy ýapon nesilşalygyny «ýaradyjy» baş hudaýa öwrülipdir.

Sintoizmde kamiler – hudaýlar köp bolupdyr, ýöne olaryň gadymy ýaponlar üçin has ähmiýetlisi *udzikami* hudaýlary («udzi» - urug, «kami» - hudaý) hasap edilýär. Udzikamiler ýapon urug-taýpalaryny gorapdyrlar we olaryň agzalarynyň janyna penakärlik, gündelik işlerine bolsa howandarlyk edipdirler.

V asyryň ahyrlarynda – VI asyryň başlarynda Ýaponiýada häkimiýet ugrunda göreşler güýçlenipdir. Häkimiýet ugrundaky göreşlerde Soga urugy 538-nji ýylda koreý döwletleriniň biri

bolan Pekçeden gelen ilçiler tarapyndan getirilen buddaçylygy peýdalanypdyrlar. Ýapon adalaryna konfusiançylyk hem aralaşýar. Konfusiançylygyň edep kadalary, jemgyýetde her kimiň öz ornunyň, wezipesiniň we borçlarynyň kesgitlenilmegi ýaly möhüm ýörelgeleri ýapon dolandyryjylarynyň ýurtda ýöredýän syýasatyna laýyk gelipdir.

Sogalaryň täsiri güýçlenenden soň VI asyryň ortalaryndan başlap buddaçylyk köpçülikleýin ýaýrap başlaýar we ýurtdaky buddaçylyk ybadathanalaryň gurluşygy giň gerime eýe bolýar. Netijede, buddalar we bodhisatwalar sintoizm hudaýlarynyň hataryna goşulypdyrlar we ýaponlaryň aňynda edil kamileriň gudraty ýaly häsiýete eýe bolupdyrlar. Edil kamilere ýüzlenişleri ýaly, ýaponlar Budda we bodhisatwalara, isleg-arzuwlar, anyk dilegler bilen ýüzlenipdirler. Sintoizm ekerançylyk jemagatynyň, ýagny köpçüligiň dini hökmünde kemala gelipdir, buddaçylyk bolsa şahsyýetiň, indiwidiň, ýagny adamyň bähbitlerini nazarda tutupdyr. Şonuň üçin hem şatlykly durmuş wakalarynda, meselem, çaga doglanda ýa-da durmuş toýunda ýaponlar gün hudaýy Amaterasu tarapyndan baştutanlyk edilýän urug hudaýlaryna çokunypdyrlar. Sintoizm tarapyndan ýakymsyz hadysa hökmünde garalýan adam ölende, gaýtadan göwrä girmek bilen baglanyşykly dileglerde olar hökman buddaçylyga ýüzlenipdirler.

Kem-kemden iki diniň birleşmegi bilen emele gelen sinkretizm (ýaponça atlandyrylyşy «*rýobusinto*» - «buddizmiň we sintonyň ýoly») dini häkimiýetler tarapyndan hem giň goldawa eýe bolupdyr.

## § 17. Wýetnam XI – XV asyrlarda

**X-XIII asyrlarda Daýwýetiň durmuş – ykdysady gurluşy.** 1069-njy ýyldan başlap wýetlileriň döwleti Daýwýet (Beýik Wýet) diýlip atlandyrylyp ugraýar. Şol döwürler bu ýerde merkezleşdirilen döwlet ulgamy kemala gelip, Daýwýetde ösen orta asyr gatnaşyklary agalyk edipdir. Ýurduň

ähli ekerançylyk ýerleriniň eýesi döwletiň özi bolup, şol bir wagtyn özünde ýurduň ekerançylyk ýerlerine wuanyň özi eýeçilik edipdir. Ýurduň ähli ýerleriniň eýesi bolmak bilen bir hatarda, wuanyň öz hususy mülkleri hem bolupdyr.

Daýwýetde oba jemagatlaryna degişli ýerler hem giň ýaýrapdyr. Erkin oba jemagatlaryndan alynýan salgytlar ýa döwletiň hazynasyna gidipdir ýa-da döwlet üçin salgyt ýygnaýan emeldara gulluk üçin berlipdir. Jemagat ýerleri bilen bir hatarda iri ýer eýeleriniň, şeýle hem daýhanlaryň bir böleginiň ygtyýarynda hususy mülk ýerleri hem bolupdyr. Ýöne, hususyýetçi daýhanlar jemagat ýerlerinden hem paý edinip bilipdirler. Şol döwürler hususy ýerler döwletiň haýryna geçirilip ýa-da onuň eýesiniň nesillerine galdyrylyp bilnipdir.

Jemgyýetiň ýokary gatlagyny esasan wuanyn garyndaşlary bolmadyk iri ýer eýeleri düzüpdir. Ýöne wagtyň geçmegi bilen olaryň arasyndan wua gulluk edýän we onuň garyndaşlaryna öwrülen begzadalar döräpdir. Şeýle adamlara wua bir wagtyň özünde iki görnüşli mülk beripdir: olaryň biri «sylag» ýeri, beýlekisi bolsa «güzeran» ýeri diýlip atlandyrylypdyr. Güzeran ýeriniň mukdaryi sylag ýerinden az bolupdyr. Muňa garamazdan, ýurduň ýer eýeçiliginde esasy orny jemagat eyeçiligi eýeläpdir. XI asyryň ortalaryna çenli iri begzadalaryň elinde ykdysady hem-de dolandyryş häkimiýeti bolan bolsa, bu döwürden soň olar dolandyryş bilen baglanyşykly hukuklaryny ýitirýärler.

Welaýat we etrap çäklerinde gulluk wezipelerini eýelän begzadalar hem edil iri begzadalar ýaly nebereleri, kowumlary emele getiripdirler we olara berilýän ýerler «neberäniň ýa-da kowumyň ýeri» diýlip atlandyrylypdyr. «Nebere ýerini» hususy eýeçilige bermek üçin başga usullary hem ulanypdyrlar. Munuň üçin şol ýerleri «haýyr-sahawat» ýeri diýip yglan edipdirler. Ýöne, haýyr-sahawat ýerlerini diňe wua berip bilipdir. Orta we pes derejedäki emeldarlaryň ýerleriniň doly ýa-da kem-käsleýin ummuniteti, ýagny eldegrilmezlik häsiýeti bolupdyr. Şu düzgün

boýunça, olaryň ýerlerine salgyt salynmandyr ýa-da salgyt salynaýan ýagdaýynda-da, onuň möçberi juda pes bolupdyr.

Şol döwürler budda ybadathanalaryna hemişelik peýdalanmak şerti bilen ummasyz giň ýerler bölünip berlipdir. Wýetnamda buddizmden başga-da gadymy ata-babalaryň ruhlary bilen baglanyşykly dini ynançlar hem bolupdyr. Şonuň üçin onuň ybadathanalaryna-da eklenmek üçin ýerler berlipdir.




Bu diniň wekillerine ekerançylyk ýerlerini iri we orta ýer eýeleri beripdir. Şol ýerleri olar jemagat ýerleriniň içinde ýerleşýän öz paý ýerlerinden bölüp, ybadathanalara hemişelik beripdirler.

XI – XII asyryň başlarynda Günorta–Gündogar Aziýa ýurtlarynda, şol sanda Wýetnamda hem öý hyzmatkärlerini we gullary ýere berkitmek we olary jemagatyň, iri ýer eýeleriniň we döwletiň tabynlygyndaky ilata öwürmek giň gerime eýe bolýar. Erkin oba jemagatynyň özi hem käbir çäklendirmelere sezewar edilýär. 1137-nji ýylda döwlet emeldarlaryna oba jemagatynyň üstünden gözegçilik etmeklik tabşyrylýar. Şeýle çäklendirmeler iri ýer eýeleriniň

güýçlenmegine, ýerleriň olaryň elinde jemlenip başlamagyna getirýär. Ýeri eýelemegiň esasy görnüşi ony satyn almak bolup, döwletiň özi ýer satyn alýanlary höweslendiripdir. Esasy ýer satyn alýanlar bolsa budda ybadathanalary bolupdyr.

Daýhanlaryň eyeçiligindäki ýerler esasan jemagat ýerleriniň içinde ýerleşipdir. Oba jemagaty tokaýlara, howuzlara, çemenliklere we sürümli ýerlere eýeçilik edipdir. Sürüm ýerleri daýhanlaryň 20-60 ýaş aralygyndaky maşgala agzalarynyň arasynda yzygider paýlanylyp durupdyr. Olar jan başyna we ýer salgydyny töläpdirler, goşunda gulluk eipdirler, zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler. Oba jemagatynyň öz içki dolandyryjysy bolupdyr. Jemagat geňeşi ykdysady, belli bir derejede hukuk, däp-dessurlar we ybadat bilen baglanyşykly meseleleri çözüpdir.

**XI – XIII asyryň ortalarynda Daýwýetiň syýasy ýagdaýy.** 981-1009-njy ýyllar Daýwýetiň taryhynda irki Le nesilşalygynyň dolandyran ýyllarydyr. 1009-njy ýylda bu nesilşalygyň ornuna giçki Le nesilşalygy (1009 – 1225) gelýär, Thaňlauň (häzirki Hanoý) şäheri bolsa Daýwýetiň paýtagtyna öwrülýär. Bu döwürde ýurt 24 sany welaýata bölünipdir. XI asyrda Daýwýet demirgazykda Hytaý, günortada bolsa Týampa döwleti bilen yzygider uruşlary alyp barypdyr.

XI-XII asyrlarda Daýwýet günorta tarap güýçli hüjüm edipdir we wýetli daýhanlar kem-kemden häzirki Merkezi Wýetnamyň ýerlerine süýşüp, týampalylaryň arasynda ornaşypdyrlar. Bu bolsa Týampanyň ýerlerini eýelemegi ýeňilleşdiripdir. 1043-1044-nji ýyllarda alnyp barlan uruşlarda Daýwýet Týampadan üstün çykýar. 1075-nji ýylda bolsa Daýwýetiň goşunlary Günorta Hytaýyň hem ep-esli ýerlerini eýeleýär. Umuman alanyňda, XII asyr Daýwýet üçin durnukly ösüşleriň döwri bolupdyr. Ýöne, XII asyryň ahyrlarynda ýurtda merkezi häkimiýet gowsap, iri ýer eýeleriniň täsiri hem artyp ugraýar. Ýurtda ýaşaýyş-durmuş ýaramazlaşyp, kä ol ýerde, käte beýleki ýerlerde halk gozgalaňlary başlaýar.

XIII asyryň başlarynda ýurduň içeri-syýasy ýagdaýy has hem ýaramazlaşýar, halk gozgalaňlarynyň, häkimleriň topalaňlarynyň sany köpelýär. Käbir begzadalar baýlygyna baýrynyp, özbaşdak goşun ýygnapdyrlar. Begzadalar öz goşunlaryna daýanyp, paýtagtdaky häkimiýete dalaş edýän syýasy toparlary goldap çykyş edipdirler. Şol toparlar bolsa gelip çykan welaýatlaryna we etraplaryna görä «Khoaýly adamlar», «Hoňly adamlar» diýip atlandyrylypdyr.


Dänäniň üwelişi

Daýwýetiň imeratory öz ýagdaýyny berkitmek üçin şahsy goşunlaryň döredilmegine päsgel bermändir. Emma 1225-nji ýylda Çan urugynyň begzadalary ýerlerdäki «adamlaryň» serdarlaryna daýanyp, döwlet agdarylyşygyny geçirýärler. Seýlelikde, ýurtda Çanlaryň nesilşalygy (1225 – 1400) esaslandyrylýar. Çanlaryň döwri Daýwýetde orta asyr döwletiniň has ösen döwri hasap edilýär. Bu döwürde şäherler, şäher önümçligi, senetçilik we söwda has-da ösüpdir.

**Wýetnam halkynyň mongol basybalyşlaryna garşy göreşi.** 1257-nji ýylda Daýwýet mongol basybalyjylarynyň çozuşlaryna duçar bolýar. Başda mongollar Hytaýdaky Günorta Sun döwletine çozmak üçin çan hökümdaryndan özlerine Daýwýetiň üstünden geçmäge ygtyýar berilmegini talap edýärler. Emma iru-giç basybalyjylaryň Daýwýeti hem basyp aljakdyklaryny aňyp, mongollaryň talaplary ret edilýär. Netijede mongollar bilen wýetlileriň arasynda gazaply uruşlar başlaýar. Daýwýetiň goşunlary, halk köpçüligi basybalyjylara degerli garşylyk görkezýärler. Uruşlarda üstünlik gazanyp bilmän mongollar Daýwýetden çykyp gitmäge mejbur bolýarlar.

1282-nji ýylda wýetliler mongollaryň ýene-de iki gezek çozuşlaryny yzyna serpikdirýärler. Emma 1284-nji ýylda Daýwýetiň garşysyna ýene-de ýarym millionlyk mongol goşuny iberilýär. Olaryň garşysyna Daýwýetiň 200 müňlük goşuny, halk köpçüliginiň köpsanly özbaşdak hereket edýän ýaragly toparlary çykýar. Daýwýetiň goşunlaryna wua Çan Hyň Daonyň (ýaşan ýyllary 1226-1300) hut özi serkerdelik edýär. Ol birbada paýtagt şäher Thaňlauňy mongollara söweşsiz galdyrýar, ýöne döwletiň hazynasyndaky ähli gymmatlyklary öňünden gizleýär. 1285-nji yylyň iýunynda Demirgazyk Wýetnamdaky mongol goşunlary derbi-dagyn edilýär. Ýeňilmezek mongol goşunlaryndan üstün çykmagy başaran Çan Hyň Daonyň ady Wýetnamyň taryhynda milli gahryman hökmünde hemişelik galypdyr.

Şu wakadan köp wagt geçmänkä ýuan hökümdary Hubilaý han Daýwýete ýene-de 300 müňlük guryýer goşunlaryny, 400 sany gämiden ybarat bolan harby-deňiz goşunlaryny iberýär. Emma 1289-njy ýylda weýet halky mongollaryň harby-deňiz güýçlerini Gyzyl derýasynda dolulygyna gark edýärler. Mongolllaryň Gury ýer goşunlary hem derbi-dagyn edilýär.

1289-njy ýylda Ýuan döwleti Daýwýet bilen parahatçylykly şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýunça Daýwýet mongollaryň nominal agalygyny ykrar edipdir, emma hakykat ýüzünde garaşsyz döwlet bolup galýar.

Iri ýer eyeçiliginiň ösmegi Daýwýetde şindi mongollaryň çozuşlary döwründe başlapdyr. Sebäbi uruş döwründe döwlet emeldarlarynyň aglaba köpüsi gulluk ýerlerini ýitirýärler. Munuň tersine, wuanyň welaýatlardaky garyndaşlary bolan mirasdar ýer eyeleri uly peýda görýärler. 1266-njy ýylda olara ýere eýelik etmäge hukuk berilýär. Şol ýerlere mülk hukuk derejesi berlip, olar «*çaň*» diýlip atlanyrylypdyr.

XIII asyryň ahyrynda – XIV asyryň başlarynda buddaçylyk buthanalarynyň we aýry-aýry ruhanylaryň ygtyýaryndaky ýerleriň möçberi artypdyr, erkin daýhanlaryň ýagdaýy bolsa ýyl-ýyldan kynlaşypdyr. Olaryň hukuk derejesi peselip, köpüsi kärendeçilere öwrülipdirler. Çaňlaryň ýa-da mülkleriň giňemegi erkin oba jemagatlarynyň agzalarynyň ýagdaýyny belli-külli kynlaşdyrypdyr.

Uzaga çeken uruşlar yurdy tozdurypdyr. 1290-njy ýylda açlyk başlaýar. Daýhanlar ýerlerini, kähalatlarda bolsa hatda öz hossarlaryny hem satmaga mejbur bolupdyrlar. Ýurduň ýagdaýynyň agyrlygyna garamazdan, wua Çan An Toň Daýwýetiň ýerlerini giňeltmegi, goňşy ýurtlara garşy alnyp barylýan uruşlary dowam etdiripdir. Ol 1307-nji ýylda Týampa döwletinden O we Ri welaýatlaryny basyp alýar, emma 1311-nji ýylda basylyp alnan ýerleriň ilaty gozgalaň turzupdyr we Daýwyet bilen Týampanyň arasyndaky uruşlar gaýtadan başlaýar. Iki döwletiň arasyndaky uruşlar arakesmeler bilen 1318-nji we 1326-njy ýyllarda-da bolup geçýär.

1337-nji ýylda Daýwýetiň üstüne Laosyň goşunlary çozyar we ýurduň günorta welaýatlary talaňçylyga sezewar edilýär. Laoslylar birnäçe gezek wýetlileri agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Týampalylar hem dek oturmandyrlar. Týampanyň hökümdary Teboňňanyň goşunlary ençeme ýola Daýwýetiň

günorta welaýatlaryna çozuşlary geçiripdirler. 1369-njy ýylda týampalylar Thaňlauňy (Hanoýy) hem basyp alýarlar we paýtagty zabun talaýarlar.

**«Aşaky» giçki Le nesilşalygy döwründe Daýwýetiň orta asyr dolandyryş ulgamynyň berkemegi we Ho Küý Liniň özgertmeleri.** 1300-1380-nji ýyllarda Daýwýetde üznüksiz daýhanlar gozgalaňlary bolup geçipdir. XIV asyryň 40-njy ýyllarynda Ňo Beniň başutanlygynda daýhanlar gozgalaňý bolup geçýär, 1354-nji ýyldaky gozgalaňa bolsa Te serkerdelik edipdir. Bu halk gozgalaňlary has uly we ýiti häsiýete eýe bolupdyrlar. Ýurtda şeýle ýagdaýyň dowam edýän döwründe 1371-nji ýylda Daýwýetiň hökümet başyna başarjaň döwlet işgäri Ho Küý Li (ýaşan ýyllary 1335-1408) gelýär we ýurtda merkezleşdiriş syýasatyny ýöredip ugraýar. Ho Küý Li 1377-nji ýylda Týampanyň Daýwýete çozuşlaryna berk gaýtawul beripdir, sebäbi ol berk düzgün-nyzamly goşun düzmegi başarýar. Ho Küý Li goşuna budda monahlaryny hem alyp ugraýar, baý ybadathanalara salgyt salýar. Bu bolsa döwletiň hazynasyna goşmaça serişdeleiň toplanmagyna mümkinçilik beripdir. Ho Küý Liden öň wýet hökümdarlarynyň budda ybadathanalaryna salgyt salmaga bogunlary ysmandyr. Ol iri köşk begzdalaryny wezipelerinden boşadyp, olaryň ornuna özgertmeleriň tarapdarlaryny çekipdir.

Möhüm özgertmeleri durmuşa geçirmekde Ho Küý Li esasan kiçi we orta döwlet gullukçylaryna daýanypdyr. Emma Ho Küý Liniň özgertmeleri iri ýer eýeleriniň, ýokary wezipeli döwlet adamlarynyň, şeýle hem ruhanylaryň ýokary gatlaklarynyň arasynda ýiti nägilelikleri döredipdir. Bu bolsa özgertmeleriň tarapdarlary bilen onuň garşydaşlarynyň arasynda özara uruşlaryň turmagyna getiripdir. Bularyň üstesine-de XIV asyryň 80-nji ýyllarynda gozgalaň bolup, oňa budda monahy Fam Şi O baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylara wagtlaýynça paýtagty eýelemek başardýar. Ýöne, Ho Küý Li öz tarapdarlaryna dayanyp, gozgalaňy basyp ýatyrýar. Ol

gozgalaňçy monahlary ybadathanalara dolap getirýär, olaryň sagdynlaryny bolsa goşunçylyga alýar.

Ho Küý Liniň girizen kanunyna görä, 1397-nji ýylda hususy ýerler, şol sanda çaňlar (mülk) hem döwlet ýerleri diýlip yglan edilýär. Şol ýeriň oba jemagatlaryna degişlileri jemagatlaryň öz ygtyýaryna belrip, şol ýerlere soň eýe çykanlaryň her birine bolsa bary-ýogy 10 *mau*[1] galdyrylýar.

Şu kanuny durmuşa geçirmek maksady bilen 1398-nji ýylda ähli hususy ýerleriň ölçegi geçirilýär we artykmaç hasap edilen ýerler eýeleriniň elinden alynýar. Döwlet yeri diýlip yglan edilen ähli ýerilerň ilaty erkin daýhanlara öwrülýärler. Mundan başga-da, 1401-nji ýylda ählumumy ilat we ýer ýazgysy hem geçirilýär. Döwlet ýerlerini taşlap gaçyp giden daýhanlary yzyna gaýtaryp getirmek bilen baglanyşykly çäreler amala aşyrylýar. Şunuň netijesinde müňlerçe daýhanlar yzyna gaýtarylyp getirilýär.

Ho Küý Li ownuk we orta ýer eýeleriniň, şeýle hem daýhanlaryň ygtyýaryndaky hususy ýerlere degmändir. Elbetde, bu özgertmeler ýiti garşylyk döredipdir. Iri ýer eýeleri Ho Küý Liniň özgertmelerine garşy dürli topalaňlary turuzypdyrlar, ýöne olaryň ählisi basylyp ýatyrylýar. Özgertmeleriň garşydaşlary Ho Küý Lini häkimiýeti bikanun eýelemekde – uzurpatorlykda aýyplapdyrlar. Munuň üçin olar Hytaýyň min hökümdarlaryna kömek sorap ýüz tutupdyrlar. Emma Ho Küý Liniň esaslandyran Ho nesilşalygy (1400 – 1407) özgertmeleri geçirmegi üstünlikli dowam etdiripdir, Çan nesilşalygy döwründe (1225-1400) girizilen kop sanly çökder salgytlar ýatyrylýar, agyr salgytlaryň möçberi bolsa ep-esli azaldylýar. Ho Küý Li min hökümetiniň Daýwýetiň garşysyna gurnap biljek uruş hereketlerine hem ykljam taýýarlyk görüpdir, munuň üçin bolsa goşuny we ýurdy berkidipdir.

---

[1] 1 mau - 0,33 ga.

1402-nji ýylda Daýwýet Týampa garşy täze urşa başlaýar. Týampanyň hökümdary minler bilen bileşik döredýärler. Şonuň üçin hem 1406-njy ýylda min goşunlary Daýwýete demirgazykdan çozup girýär. 1407-nji ýylda alnyp barlan uruşlarda Ho Küý Liniň goşuny ýeňilýär, onuň özi bolsa egindeşleri bilen daşy gabalyp ýesir düşýär. Ýurduň hökümdary hytaýlylara ýesir düşse-de, Daýwýet göreşi dowam etdirýär. Hytaýa we Týampa garşy uruşlar köp ýyllap dowam edipdir.

1418-nji ýyldan başlap Daýwýetiň içindäki ownukly-irili pytraňňy goşunlar wýetli serkerde Le Loý (ýaşan ýyllary 1385-1433) tarapyndan birleşdirilýär. Netijede, 1428-nji ýylda oňa min goşunlaryny ýurtdan kowup çykarmak başardýar. Ýurt azat edilenden soň Le Loý täze Aşaky giçki Le nesilşalygynyň (1428-1788) düýbüni tutýar. Mälim bolşy ýaly, Irki Le nesilşalygy 981-1009-njy ýyllarda ýaşap geçipdi.

Le Loý (1428-1433) pähim-paýhasly, başarjaň hökümdar bolmak bilen ýurduň içinde uly abraýdan we hormatdan peýdalanmagy başarypdyr. Ol edil Ho Küý Liniň geçiren özgertmeleri ýaly işleri durmuşa geçirmäge çalşypdyr. Le Loýuň döwründe milli bähbitlere dönüklik edip minleri kömege çagyran iri ýer eýeleriniň, begzadalaryň ellerinden ýerleri alynypdyr. Le Loýuň goşunlary esasan daýhanlardan bolansoň, hökümdar ýer ýazgysyny geçiripdir, daýhanlara maşgala agzalarynyň sanyna görä ýer paýy berlipdir. Eýesiz ýatan döwlet ýerleri hem ýersiz daýhanlaryň arasynda paýlanylypdyr. Döwlet oba jemagatlaryna degişli ýerleri satmagy we eýelemegi gadagan edipdir. Diňe boş, işlenilmän ýatan ýerleri eýelemäge rugsat edilipdir. Le Loý daýhan hojalyklaryny gurplandyrmak maksady bilen iki ýyllap salgyt ýygnamaklygy ýatyrypdyr. Bu özgertmeler, gürrüňsiz, daýhan hojalyklarynyň berkemegine, oba ilatynyň ýaşaýyş durmuşyna oňyn täsir edipdir. Ýöne mülkleriň daýhan hojalyklaryna paýlanylmagy, jemagat eýeçiligini gowşadypdyr. Sebäbi

wagtyň geçmegi bilen hususyýetçilik jemagatçylykdan üstün çykyp ugrapdyr.

Ýerler derejeli täze begzadalara-da berilipdir. Ýöne, olara öňki begzadalara degişli bolan hususy ýerler berlipdir. Tiz wagtdan özüniň garaşly daýhanlary bilen iri ýer eýeleri hem döräpdir. Emma olar oba hojalygynda agalyk ediji orna eýe bolup bilmändirler. XV asyrda Daýwýetde amala aşyrylan özgertmeler ýurduň ösüşine uly itergi beripdir we tä XV asyryň ahyryna çenli dowam edipdir. Ýöne hemmeleriň işi ugruna bolup gidibermändir. Döwlet häkimiýetiniň bu ýagdaýyň öňüni almaga gönükdirilen çärelerine garamazdan, ýurtda ýersiz hem-de garyp daýhanlaryň gatlagy peýda bolup başlaýar, olar ýer eýelerine garaşlyly ýagdaýa geçmäge mejbur bolupdyrlar.

## § 18. XI – XV asyrlarda Indoneziýadaky döwletleriň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy

**Kediri döwleti XI asyryň ortalarynda we XIII asyryň başlarynda.** Ýawa döwleti bolan Mataram XI asyryň birinji ýarymynda diňe bir Şriwijaýýanyň zarbasyndan aýňalmak däl, eýsem uly üstünlikleri gazanmagy başarýar. Bu üstünlikler esasan maharaja Aýyrlaňganyň (1019-1049) dolandyran ýyllarynda bolup geçýär. Ol öz gaýynatasy Dharmawaňşi ölenden soň ýurtda başlan bulaşyk wakalaryň döwründe wagtyny ybadathanada oturyp geçirýär. Soň bolsa din adamlaryna daýanyp Mataramda tagta çykýar we ýurdy birikdirip başlaýar. Bu işde oňa buddaçy ruhanylar uly ýardamlary beripdirler.

1025-nji ýylda hindistanly çollalar tarapyndan Şriwijaýýanyň derbi-dagyn edilmegi, hilegär hem-de başarjaň hökümdar Aýyrlaňga sumatraly bäsdeşi bilen sebiti özara paýlaşmaga we Zond bogazyndan gündogardaky ýerlerde Ýawanyň agalygyny ýola goýmaga mümkinçilik döredýär. Bu üstünlikler şriwijaýýaly melikä öýlenmek bilen has-da

berkidilýär. Ýawaly hökümdar ýurduň içinde-de birnäçe işleri geçiripdir. Ol salgyt ulgamyny düzgünleşdiripdir, suwaryş ulgamlary giňeldilipdir, söwda we deňiz ýollaryna gözegçiligi güýçlendirilýär. Ölmeziniň öň ýany Aýyrrlaňga kanuny mirasdary bolmansoň, öz döwletini birnäçe bölege bölüp, olary nikasyz doglan ogullarynyň arasynda paýlaýar. Şol bölekleriň biri hem Kediri bolupdyr. Kameşwara I-niň (1115-1130) döwründe Kediri döwletiniň düzümine Jaňgalu welaýatynyň ýerleri goşulyp, ýurduň çäkleri has-da giňeýär. XII – XIII asyryň başlarynda Kediri döwleti öz düzümine öň Aýyrlaňganyň ogullaryna bölüp beren ýerlerinden başga-da Gündogar Ýawany, Bali, Lombok, Günorta Kalimantan, Ternat ýerlerini hem alypdyr.

Kediri döwleti 1222-nji ýyla çenli ýaşamagyny dowam etdirýär. Şol döwürler dini we dünýewi häkimiýetiň arasynda ýiti garşylyk ýüze çykypdyr. Ýurduň dini häkimiýeti Kediri nesilşalygyna boýun egmän Tumapel şäherinde we welaýatynda häkimiýeti bikanun basyp alan (uzurpator) Ken Aňgrogyň tarapyna geçýär. Ganteranyň eteginde bolup geçen söweşde Ken Aňgrok Kediri goşunynyndan üstün çykýar we Rajasa tagt adyny kabul edip, täze Singasari döwletini esalandyrýar.

Kediri we Singasary döwürleriniň eýeçiligi barada aýdylanda bu ýerlerde ýere esasan döwlet eýeçilik edipdir. Döwlet tarapyndan ilki oba jemagatlaryna, soňky döwürlerde bolsa, orta we ownuk begzdalara ýerler peşgeş berlipdir. Eger-de, bir adam tarapyndan başga birine ýer peşgeş berlende hökümdar şeýle eýeçiligi tassyk etmese, ol bikanun hasap edilipdir. Şol döwürler ruhanylara, ybadathanalara degişli ýerlere hem salgyt salnypdyr. Soňra döwlet ruhanylaryň girdejileriniň bir bölegini özüne almaga-da çalşypdyr. Dini edaralar esasan döwlete, şeýle hem oba jemagatlaryna we onuň dolandyryjylaryna salgyt töläpdirler. Ybadathanalar döwlet hem-de ownuk begzadalar tarapyndan gurlupdyr, emma

Majapahidiň giçki döwürlerinde ybadahanalary gurmaklyk seýrek hadysa öwrülipdir.

**Singasari döwleti.** Singasariniň irki döwründe Rajasanyň nesilleri bilen öňki tumapel hökümdarynyň urugdaşlarynyň arasynda häklimiýet ugrunda ýiti göreşler bolup geçipdir. Emma XIII asyryň ortalarynda Brantas derýasynyň boýlarynda güýçli häkimiýetiň döremegi üçin amatly durmuş-ykdysady we syýasy şertler ýüze çykýar. Şeýle häkimiýetiň ideologiki binýadyny öz elinde dini hem-de dünýewi häkimiýeti jemleýän hudaý-maharaja (*bhatary*) bolan ynançlar düzüpdir. Bu ynançlaryň kemala gelmegine buddaçylygyň hem-de indusçylygyň özara gatyşyp-garyşmagy we din adamlarynyň maharajanyň häkimiýetine doly tabyn edilmegi ýakyndan ýardam edipdir.

Singasary döwletiniň iň soňky patyşasy bharaty (hudaý-maharaja) Kertanagaranyň (1268-1292) dolandyran döwründe adanyň gündogar we merkezi böleklerinde kemala gelen umumy Ýawa döwletini berkitmek işleri töwerekdäki ýerlere geçirilýän yzygider çozuşlar bilen utgaşdyrylypdyr. Kertanagara dürli usullar bilen Ýawanyň agalyk etmeginde Nusantara (Alysdaky adalar) döwletleriniň konfederasiýasyny – bileleşini döretmäge galşypdyr. Munuň üçin Günbatar Ýawa, Madura, Bali, Sumatra we Kalimantan adalaryna deňiz goşunlary ugradylypdyr. Kertanagara Günorta – Gündogar Aziýada täsir ugrunda mongollaryň Hytaýdaky ýuan nesilşalygy bilen bäsleşipdirler. Ýawalylar Hubilaýyň boýun egmek baradaky tekliplerine, onuň ilçileriniň burnuny kesmek bilen jogap beripdirler.

Singasariniň ykdysady we harby kuwwatyny artdyrmak bilen bir hatarda, bharaty Kertanagara Gündogar Sumatra we Malakka ýarym adasyna yzygider hüjüm edipdir. XII-XIII asyrlarda bu ýerdäki Şriwijaýýa döwleti kem-kemden güýçden gaçypdyr. Bir wagtky deňiz imperiýasyndan ýapja ýerler hem-de mülkler yzly-yzyna bölünip aýrylypdyrlar. 1230-njy ýylda

Şriwijaýýadan onuň uly bölekleriniň biri bolan Tambralinga bölünip aýrylýar. *Raja* (patyşa) Çandrabhanunyň döwründe Tambralinganyň özi Şriwijaýýanyň öňki ýapjalarynyň köpüsini tabyn edýär. Ýöne, XIII asyryň başlarynda Şriwijaýýanyň paýtagty Palembang sebitiň iň uly söwda portlarynyň biri bolup galmagyny dowam etdiripdir. Emma şu asyryň ahyrlarynda taý döwleti bolan Sukataýiniň demirgazykdan, ýawalylaryň bolsa günortadan gysmaklary netijesinde Şriwijaýýa dargapdyr.

1293-nji ýylda mongol goşunlary Ýawanyň demirgazygynda düşürilýär. Ýöne, Hubilaýyň goşunlary Singasarini eýeläp bilmeýär, sebäbi ýawalylar mongollary içki uruşlara çekipdirler. Kertanagaranyň giýewisi Wijaýýa mongollar bilen ylalaşyk baglaşýar. Ol mongollaryň güýji bilen häkimiýete dalaş edýän garyndaşyny ýok edýär, soň bolsa Majapahit diýen ýerde (Ýawada) mongollaryň dagynyk goşunlarynyň üstüne çozup olary ýok edýär. 1294-nji ýylda Wijaýýa tagta çykýar. Majapahit şäheri paýtagt diýlip yglan edilýär, ýurt hem şeýle atlandyrylyp başlanýar.

**Majapahit döwleti.** XIV asyr Ýawa adasynda merkezleşen Majapahit imperiýasynyň kemala gelen we gülläp ösen döwrüdir. Bu döwürde döwletiň durmuş-ykdysady ýagdaýy berkäpdir, ýurtda dolandyryş işleri kämilleşipdir. 1330-1364-nji ýyllarda Majapahitiň döwlet edarsay birinji ministr Gaja Mada tarapyndan dolandyrylypdyr. Ol umumyindonez syýasatyny ýöretmek bilen Ýawanyň agalygyny ähli indonez adalarynyň (Nusantara) boýnuna dakmaga çalşypdyr. Gaja Madanyň döwründe ululy-kiçili indonez adalarynyň köpüsi Ýawanyň gol astyna ýa-da täsirine düşüpdir. Olaryň her biri aýratyn tabynlykda Majapahide degişli bolupdyr. Bir döwlet doly boýun egdirilse, beýleki biri ýapja, ýene biri bolsa onuň täsirinde bolupdyr. Majapahidiň täsirindäki we tabynlygyndaky begliklerde maharajanyň garyndaşlary ýa-da majapahit hökümdarynyň bellän dikmeleri dolandyrypdyrlar. Orta asyr ýawa ýylýazgysy bolan «*Nagarakertagama*» poemasynda (XIV

asyr) Malalakka ýarym adasyndan tä Irian Jaýýa (Günbatar Indoneziýa) çenli aralykda ýerleşýän ýüze golaý welaýatlaryň Majapahide salgyt töländikleri barada aýdylýar.

Majapahitde ähli häkimiýet hudaýlaşdyrylan maharajanyň ygtyýarynda bolupdyr. Ol «Wilwatiktanyň (Majapahidiň) hökümdary», «Nusantaranyň patyşasy», «Ýawa ýerleriniň şalar şasy» ýaly atlara we derejelere eýe bolupdyr. Döwlet dolandyryş işlerinde maharaja köşk begzadalary ýardam edipdirler. Munuň üçin olara eklenmäge hökümdar tarapyndan döwletiň dürli künjeklerinden mülkler berlipdir. Ýerine ýetiriji häkimiýet we ähli derejedäki döwlet gözegçiligi şahalara bölünýän döwlet edaralarynyň emeldarlary tarapyndan amala aşyrylypdyr. Welaýatlardaky dolandyryş ulgamy hem edil merkezi häkimiýet ýaly bolup, onuň işine köşk begzadasy gözegçilik edipdirler. Buddaçylyk we indusçylyk dini guramalary dünýewi häkimiýetiň bähbitlerine gulluk edipdirler.

XIV asyryň ikinji ýarymynda Majapahitiň daşary syýasaty döwletiň Malakka ýarym adasyndaky ýerlerini Siamyň (Aýutiýa) hökümdarynyň hüjümlerinden goramaga, Hytaýdaky Min nesilşalygy bilen bolsa parahatçylykly gatnaşyklary alyp barmaga gönükdirilipdir.

**Günorta-Gündogar Aziýa Yslam dininiň ýaýrap başlamagy we XV-XVI asyryň başlarynda Indoneziýadaky we Malaýýadaky döwletler.** XIV asyryň ahyrynda XV asyryň başlarynda Ýawa imperiýasy bolan Majapahitde merkezi häkimiýetiň bähbitleriniň tersine iri ýer eyeçiligi güýçlenýär. Munuň özi ýurduň içeri syýasy ýagdaýyny ýitileşdirýär. Sebäbi ýerlerdäki iri ýer eýeleri, dürli syýasy toparlanyşyklar merkezi häkimiýete boýun egmän başlýarlar. Bu toparlanyşyklar köşkdäki ol ýa-da beýleki bir topary goldap häkimiýet ugrundaky göreşlere-de gatnaşypdyrlar. Häkimiýet ugrundaky göreşler 1401-1406-njy ýyllarda Majapahit imperiýasynyň esasyny emele getirýän Gündogar Ýawanyň bölünmegine we birnäçe özbaşdak beglikleriň ýüze çykmagyna

getirýär. Majapahitiň Sumatra adasyndaky ýapjalary bolsa Aýutiýa döwleti tarapyndan eýelenilýär.

XV asyrda başlan içerki çökgünlilik Majapahitde buddizmiň täsiriniň peselmegine getirýär. Sebäbi şol döwürler Indoneziýa adalarynda we Malaýýada Yslam dininiň ähmiýeti we orny ýokary göterilip ugraýar. Bu ýerlere yslam dinini arap, eýranly we hindistanly musulman täjirleri getiripdirler. Olar söwda edýän ýerlerinde köp wagtlap bolmaly bolýardylar. Musulman täjirleri ýerli zenanlary Yslam dinine uýduryp olara köpçülikleýin öýlenýärdiler. Musulmanlar ýerli halkdan tutunýan hyzmatkärlerini hem musulmançylyga salýardylar. Şeýdip, asyrlaryň dowamynda bu sebitlere yslam dini köpçülikleýin ýaýrapdyr. Yslam dinini ýerli baý täjirleriň, aýry-aýry hökümdarlaryň kabul etmekleri musulmançylygyň giň gerim bilen ýaýramagyna getirýär. Netijede, Indoneziýanyň köp ýerlerinde musulman beglikleri we soltanlyklary döräp başlaýar. Musulman döwletleri Ýawanyň, Hytaýyň we Siýamyň (häzirki Taýlandyň ýerinde) täsiriniň gowşak ýa-da olaryň agalygynyň berkarar edilmedik ýerlerinde döräpdirler.

Musulman beglikleri we soltanlyklary Günorta Malaýýada, Demirgazyk we Gündogar Sumatrada, Günorta we Demirgazyk Kalimandanda, Tidorda we Ternatda hem-de Demirgazyk Ýawanyň port şäherlerinde döreýär. 1400-nji ýylda port şäher Malakkanyň we onuň esasynda soltanlygyň emele gelmegi Indoneziýa adalarynda Yslam dininiň abraýyny we ähmiýetini has-da artdyrýar. Bu döwlet soňra ähli söwda ýollaryny gözegçilige alýar. 1478-nji ýylda musulmanlar Majapahitiň paýtagtyny zabt edip alýarlar. 1527-1528-nji ýyllarda Demirgazyk Ýawanyň musulman şäherleriniň birleşmesi Majapahitiň galan ýerlerini hem eýeleýär we orta asyr Ýawa imperiýasy ýaşamagyny bes edýär.

## §19. Mongol döwletiniň döremegi

**XI-XII asyrlarda mongol taýpalarynyň ýerleşişi we olaryň hojalygy.** Mongoliýanyň ýeriniň 4/5 bölegini giň sähralyklar tutýar. Mongollar maldarçylyk hojalygynyň çarwaçylyk görnüşi bilen meşgullanypdyrlar. Köplenç ýagynsyz geçýän gurak gyşlar mongollara ýylyň bütin dowamynda öri meýdanlarda mal bakmaga mümkinçilik beripdir.

Hytaý çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, XI-XII asyrlarda mongol taýpalary Beýik Hytaý diwarlaryndan başlap, tä Selenga derýasyna çenli aralykda ýaşapdyrlar. Durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýlaryna görä, hytaýlylar mongol taýpalaryny «ak tatarlar», «gara tatarlar» we «ýabany tatarlar» diýip atlandyryp, olary biri-birinden tapawutlandyrypdyrlar. Taryhy çeşmelerde mongollaryň uly taýpalarynyň hatarynda hamag-mongollaryň, jelaýyrlaryň, taýjiutlaryň, keraýitleriň, merkitleriň, naýmanlaryň, oýratlaryň, ongutlaryň we başgalaryň atlary tutulýar.

Hamag-mongollar Onon, Kerulen we Toly derýalarynyň, jelaýyrlar Onon derýasynyň boýlarynda, taýjiutlar Ononyň we Selenganyň ýokary akymlarynda, az sanly ongutlar bolsa Hytaý araçäklerine golaý ýerlerde ýaşapdyrlar. Uly taýpa bolan keraýitler Hangaý we Henteý dag gerişleriniň arasynda, Orhon we Toly derýalarynyň boýlarynda ýaşapdyr. Hangaý we Altaý daglarynyň arasynda we keraýitlerden günbatarda bolsa naýmanlar oturypdyr. Olaryň ýaşan ýerleriniň bir çeti Orhon derýasyna çenli beryp ýetipdir. Merkitler häzirki Baýkal kölüniň gündogar töwereklerinde ýaşapdyrlar. Olar örän söweşjeň taýpa hasap edilipdir.

«Ýabany tatarlar» awçylar we balykçylar bolup, olar Günorta Altaýyň tokaýlarynda ýaşapdyrlar. Baýkal kölüniň töwrekelerinde hori, bargut, tumet, bulagaçin, keremuçin, urýanhat, urasut we telengut taýpalary oturýardylar. Oýrat taýpasy Sekizmürende ýerleşipdir. Iri mongol taýpalarynyň biri

bolandyklaryna garamazdan, taryhy çeşmelerde tatarlaryň nirede ýaşandygy görkezilmeýär.

Mongol taýpalarynyň esasy mallary goýun-geçi, iri şahly mal we ýylkylar bolup, olar düýeleri az idedipdirler. Mongollar öz mallarynyň yzyna düşüp giň sähralarda ondan oňa göçüp-gonup ýörüpdirler. Olar ýurt tutunanlarynda küren bolup, aýlaw şekilli oturypdyrlar. Bir küren müň öýliden ybarat bolup, onuň ortasynda taýpa serdarynyň öýi ýerleşipdir. Wagtyň geçmegi bilen mongol jemgyýetiniň içinden hem barly gatlaklar döreýär. Jemagatçylyk gurluşynyň gowşap başlamagy bilen mongollarda esasy oba jemagaty bolan «kürenler» hem dargap başlaýar. Soňa-baka çarwaçylyk, ýagny göçüp-gonup ýaşamaklyk *aýle* («aýle» – birlik sanda - maşgala, «aýlaw» – köplük sanda maşgalalar) häsiýetine geçip ugraýar, ýagny çarwalar aýry-aýry maşgalalar bolup özara bölünipdirler. XIII asyryň başlaryna çenli mongol jemgyýetinde aýla gurluşy doly kemala gelýär, munuň özi bolsa mongol jemgyýetiniň feodallaşýandygyna şaýatlyk edipdir.

Orta asyr gatnaşyklaryň kemala gelýän döwründe-de jemagat gurluşy döwrüniň däp-dessurlarynyň köpüsi saklanyp galypdyr (kiçi ogluň atasynyň öýüne eýe bolmagy, şamanizmiň saklanyp galmagy we başgalar). XII asyrda ähli mongol taýpalarynda diýen ýaly baý çarwalar bolan «*noýonlar*» döräpdir. Olary Batyr, Seçen (akylly), Mergen, Bilge, Buka diýip atlandyrypdyrlar.

Bu döwürde emläk deňsizligi hem ýüze çykypdyr. Emma ýönekeý çarwalar erkinligini ýitirmändirler. Mongol döwletiniň döremeginde «nökerleriň» («*nöker*» türki-mongol sözi bolup «dost» manysyny aňladýar) täsiri uly bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen nöker özüniň başky ähmiýetini ýitirip, esgerleriň toparyny aňladypdyr. Tanymal noýonlar öz töwereklerine nöker toplapdyrlar we olar «onluk» ulgamy boýunça bölünipdirler: 10, 100, 1000, 10 000 (*tüm*). Şundan hem türki halklarynyň we mongol goşunlarynyň onbaşy, ýüzbaşy,

müňbaşy we tümbaşy (on müň başy) bölünişigi gelip çykypdyr.

Çarwa türki (türkmen) halklarynda bolşy ýaly, mongollarda hem orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelişi köp halklaryňkydan tapawutly boldy. Ekerançylyk bilen meşgullanan halklarda orta asyr gatnaşyklary şu pudakda bolup geçen ösüşler esasynda kemala gelen bolsa, mongollarda ol maldarçylygyň esasynda ýüze çykdy. Aýratyn taraplarynyň biri-de, orta asyr gatnaşyklary jemagat gurluşynyň esasynda kemala geldi, özi hem mongol taýpalarynyň her birinde diýen ýaly, aýry-aýry döwürlerde bolup geçdi. Mongollarda ekerançylyk hem bolupdyr, ýöne ol giň ýaýramandyr. Senetçilik hem her aýleniň (maşgalanyň) öz içinde bolupdyr.

**Mongol jemgiýetinde dagynyk taýpalary birikdirmek ugrundaky hereket.** Müň ýyla barabar taryhy döwrüň içinde Mongoliýanyň ýerinde birnäçe döwletler ýaşap geçipdir. Mongoliýanyň ýerinde b.e. öňki III – b.e. III asyrlarynda Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti, I-III asyrlarda Siýanbi döwleti, IV-VI asyrlarda Žužan hanlygy, 552-745-nji ýyllarda Göktürkmenleriň döwleti, 745-840-njy ýyllarda Uýgur hanlygy, X-XI asyrlarda bolsa Kidanlaryň döwleti ýerleşdi. Soňra bu ýerlere häzirki Mançuriýanyň ýerinde ýaşan mongol taýpalary aralaşyp ugrady.

XII asyryň ahyrlarynda aýry-aýry mongol taýpalary biri-birini boýun egdirmek maksady bilen özara urşupdyrlar. Şol uruşlarda hamag-mongol ulusynyň taýjiutlar taýpasynyň borjiginler tiresinden bolan Temuçin (soňra Çingiz han (1162-1227) tapawutlanypdyr. Ol «*Hamag mongol ulusynyň*» hökümdary Habul hanyň çowlugy, Bartan batyryň agtygy, Ýesugeý batyryň hem ogly bolupdyr. Onuň kakasy Ýesugeý (ejesi Oýelun) atasy Habul hanyň hökümdarlygyny miras alyp bilmändir. Temuçiniň kakasy Ýesugeý batyr taýpa serdary eken, ýöne 1172-nji ýylda ony tatarlar zäherläp öldürýärler. Şol

sebäpden hem onuň serdarlyk edýän taýpasy dargamak bilen bolýar.

Temuçin mongol taýpalarynyň üstünden öz hökümdarlygyny ýola goýmak üçin kakasynyň «andy» («*and*» baglaşmak - «dogan okaşmak») keraýit hany Togrul we öz andy Jamuha bilen ýaranlyk baglaşýar. Ol töwregindäki nökerleriniň sanyny hem artdyrmagy başarýar. Ol öz andlary bilen taýjiutlaryň esasy garşydaşy bolan merkitleri derbi-dagyn edýär. Emma birnäçe wagt geçenden soň Temuçiniň Jamuha bilen arasy bozulýar. Dalan Balžutda bolan söweşde Temuçin ondan ýeňilýär. 1190-njy ýylda Temuçin «Hamag mongol ulusyny» dikeltmegi we onuň hany bolmagy başarýar. Şeýle işler bilen bir hatarda Temuçin öz tarapyna täsirli mongol serdarlaryny hem çekipdir, olara baý sowgatlary we wezipeleri beripdir.

1200-njy ýylda Temuçin çžurčženleriň (giçki döwürlerde mančžurlar) hökümdary, Szin döwletiniň patyşasy Altyn han bilen birleşip tatarlary boýun egdirýär. Şeýdip ol kakasynyň köýüp ýatan aryny alýar. Şol döwürler Temuçiniň öňki andy Jamuhe hem öz tarapyna tatarlary, hataginleri, saljiutlary, honkiratlary, merkitleri, oýratlary çekip, Temuçiniň garşysyna çykýar. Emma Jamuha söweşde Temuçinden ýeňilip öldürilýär.

1202-nji ýylda Temuçin tatarlary, merkitleri ikinji gezek uly ýeňlişe sezewar edýär. Keraýit hany Togrul bilen bileleşip naýmanlary hem boýun egdirýär. Şeýlelikde, 1204-1205-nji ýyllarda ol ähli mongol taýpalaryny diýen ýaly bitewi bir döwlete birikdirilýär.

**Mongol döwletiniň döremegi.** 1206-njy ýylda Onon derýasynyň boýunda bolan gurultaýda Temuçin umumy mongol hany diýlip yglan edilýär we *Çingiz han* (Umman han) adyna eýe bolýar. Täze dörän mongol döwleti özünden öňki irki orta asyr döwletlerinden gurluşy we durmuş bölünişigi boýunça düýpli tapawut edipdir. Döwlet harby-dolandyryş esasynda dolandyrylypdyr. Çingiz han ýurdy iki ganata – sag

(*barun-gar*) we çep (*dzun-gar*) ganatlara bölüpdir. Her ganat tümenlerden («tüm» – on müň) ybarat bolup, her bir tümene noýon serkerdelik edipdir.

Müňbaşylar Çingiz hanyň öňki nökerleri («nöker» - dost) bolupdyr. Olar hana wepaly gulluk edipdirler we onuň ýapjalary hasap edilipdir. Hanyň çaparlary gelen badyna olar müňlükleri bilen Çingiz hanyň huzuryna gelipdirlerr. Netijede, Çingiz hanyň döreden harby-dolandyryş ulgamy jemagat gurluşynyň soňuna çykypdyr. Mongol döwletini dolandyrýan nesilşalygy berkitmek we ýurdy merkezleşdirmek maksady bilen, Çingiz han käbir uluslary öz ýakyn garyndaşlaryna beripdir. Mysal üçin, inisi Temuga Otçigin bilen ejesi Oýelun eke ikisine 10 müň aýla (maşgala), inileri Hasara – 4 müň, Elçidaýa – 2 müň, Belgudaýa – 1,5 müň, ogullary Juça 9 müň, Çagataýa 8 müň, Ugedeýe bolsa 5 müň aýla beripdir.

Çingiz han ýönekeý mongol raýatlary bolan aratlary bir ýere berkidipdir we olara bir onlukdan beýleki onluga geçmegi gadagan edipdir. Bu düzgünler onuň işläp düzen kanuny bolan «*Ýasada*» («Kanunlar ýygyndysy») görkezilipdir. Çingiz han döwletiň baş kazysy bolan «Jarguçynyň» (türkmenlerde «jarçy» görnüşinde ulanylýar) wezipesini girizip, ol jenaýat işlerine seredipdir, höküm çykarypdyr we çasly sesi bilen hökümi yglan edipdir. Mongol döwletiniň döremegi halkyň taryhynda uly ähmiýete eýe boldy. Sebäbi giň sähralarda ýaşaýan dagynyk halk bir döwlete birleşdirilipdir. Öňki döwürlerde dürli atlary göterip ýören taýpalar, indi özlerini mongol diýip atlandyryp başlapdyrlar, Çingiz hanyň döreden döwleti bolsa «*Ýeke mongol ulus*» (Beýik mongol döwleti) diýlip atlandyrylypdyr.

**Mongol basybalyşlary we onuň netijeleri.** 1211-nji ýylda Çingiz han mongol döwleti bilen serhetleşýän ýurtlara garşy talaňçylykly uruşlara başlaýar. Mongol goşunlarynyň hüjümleri ilkinji nobatda Hytaýa we Hytaýyň demirgazygyndaky we demirgazyk-günbataryndaky ýerlere gönükdiripdir. Eýýäm

1215-nji ýylda mongol goşunlary Pekini eýeleýärler we ýurduň günortasyna tarap yzygiderli ýörişlere başlaýarlar.

Mongollaryň Hytaýyň demirgazygyny eýeländikleri hakyndaky habarlar Merkezi Aziýada uly howsala döredýär. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Muhammet şa Çingiz hanyň huzuryna yzly-yzyna iki gezek ilçiler toparyny iberipdir. Soňra Çingiz han hem köneürgençli täjir Mahmyt Ýalawajy ilçi edip Horezme iberýär. 1218-nji ýylda Muhammet şanyň huzuryna Çingiz hanyň adyndan ýene-de ilçiler iberilýär. Emma soňra iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar ýitileşýär. «Otrar gyrgynçylygy» bolsa Çingiz hana Merkezi Aziýany basyp almakda amatly bahana bolup hyzmat edýär. 1218-nji ýýlda Çingiz han Gündogar Türküstany we Ýedisuwy eyeleýär. 1219-1220-nji ýyllaryň talaňçylykly uruşlaryndan soň butin Mawarennahr mongol basybalyjylary tarapyndan eýelenýär.

1220-1221-nji ýyllarda mongollar Türkmenistanyň häzirki ýerlerini doly basyp alýarlar. Netijede, türkmen topragynda ýerleşýän Ürgenç, Merw, Sarahs, Abywert, Nusaý ýaly şäherler ýer bilen ýegsan edilýär. Merkezi Aziýa eýelenenden soň, 1221-nji ýylda mongollar Azerbaýjany, Gürjistany we Kawkazy eýeläp, Derbent geçelgesinden geçýärler we Gypjak sähralaryna çykýarlar.


Çingiz han geňeşdarlary bilen maslahat geçirýär (miniatýura)

1223-nji ýylda Kalka derýasynyň boýunda bolan söweşde rus-gypjak goşunlary mongollar tarapyndan agyr ýeňlişe

sezawar edilýär. Soňra mongol goşunlary Bulgara tarap hüjüm edýärler. Ýöne, olardan ýeňilip yzyna gaýdýarlar. Bu ýörişlere tejribeli mongol serkerdeleri Jebe bilen Subedeý baştutanlyk edip, olaryň ýanynda Çingiz hanyň ogullary Juçy, Çagataý, Ugedeý, Toly dagy hem bar eken.

1227-nji ýylda Çingiz han tangutlaryň Günbatar Sýa döwletini derbi-dagyn edip Mongoliýa dolanyp gelýärkä ýolda aradan çykýar. Ol ölenden soň Kerulen derýasynyň boýunda bolan gurultaýda Çingiz hanyň üçünji ogly Ugedeý han (1229-1241) diýlip yglan edilýär. 1231-nji ýylda Ugedeýiň we Tolynyň baştutanlygynda mongollar ýene-de Hytaýa çozýarlar we Kaýfyn şäherini eýeleýärler. Bu uruşlarda olar hytaýlylaryň özara öňşuksyzlygyndan peýdalanýar. Sebäbi Hytaýdaky Günorta we Demirgazyk Sun döwletleri özara oňuşmandyrlar. Netijede 1234-nji ýylda Demirgazyk Hytaý mongollar tarapyndan doly eýelenýär.




1235-nji ýylda bolan gurultaýda Günbatara ýöriş etmek barada karar kabul edilýär. 1237-1238-nji ýyllaryň gyşynda

Subedeý bilen Baty han Orsýete çozup Rýazany, Wladimiri eýeleýärler we Noworoda tarap süýşüp ugraýarlar. Ýöne, garaşylman durka mongollar yzlaryna öwrülip, günorta tarap hüjüm edýärler we 1240-nji ýylda Kiýewi basyp alýarlar. Soňra mongollar Wengriýa, Polşa, Sileziýa we Morawiýa çozup girýärler. 1241-nji ýylda mongollar basybalyşlaryny togtatmaga mejbur bolýarlar, sebäbi beýik han Ugedeýiň aradan çykandygy baradaky habar gelýär. Şonuň üçin hem täze hany saýlamak üçin mongol goşunlary yzlaryna dolanýarlar.

1245-nji ýylyň gurultaýynda mongol tagtyna Ugedeýiň ogly Gök han (1245-1248) çykarylýar. Bu gurultaýa genuýaly monah Plano Karpini, gruzin patyşasanyň iki ogly, rus knýazy Ýaroslow Aleksandrowiç (Aleksandr Newskiniň kakasy), fransuz ilçisi Rubruk gatnaşypdyrlar. 1248-nji ýylda Gök han ölýär. Çingiz hanyň nesilleriniň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Sebäbi Ugedeýiň, Çagataýyň ogullary birtarapdan, Juçynyň, Tolynyň ogullary bolsa beýleki bir tarapdan özara oňuşmandyrlar. Emma 1251-nji ýýlda Juçynyň hem-de Tolynyň ogullary üstün çykyp Müňke han (1251-1259) umumy mongol hökümdary bolýar. Müňkäni Çingiziň nesilleriniň ýaşulysy, Juçynyň ogly Baty han aýgytly goldapdyr.

Müňke han doganlary Hulagu hany Eýrany, Hubilaýy bolsa Hytaýy basyp almaga iberýär. 1256-njy ýýlda Hulagu han Eýrana çozup girýär we 1258-nji ýylda Abbasy halyflygynyň merkezi Bagdady eýeleýär. Emma 1259-njy ýylda onuň goşunlary Müsüriň patyşasy mamlýuk Guduz (1259-1260) tarapyndan derbi-dagyn edilýär we mongollaryň mundan beýläk öňe süýşmekleriniň öňi alynýar. Mamlýuklaryň mongollaryň üstünden gazanan ajaýyp ýeňşi musulman dünýäsini otparaz mongollaryň we ýewropaly haçparazlaryň howpundan halas edipdir. Sebäbi ýewropaly hökümdarlar mongollar bilen ýaranlyk baglaşmaga jan edýärdiler we olar bilen birleşip musulmanlary Ýakyn Gündogardan doly gysyp

çykarmagy maksat edinýärdiler. 1260-njy ýylda Müsüriň golaýyndaky Aýn Jalut söweşinde mongollaryň mamlýuklar tarapyndan ikinji gezek derbi-dagyn edilmegi bu howpuň öňüni alypdyr.

Mongollaryň taryhynda Altyn Orda döwletine uly orun degişlidir. Bu döwlet öz düzümine Yrtyş-Dnestr derýalarynyň boýlaryny we Ürgenç-Bulgar aralygyny, Syrderýanyň aşak akymlaryny, Demirgazyk Kawkazy we Krym ýerlerini alypdyr. Altyn Ordanyň ilkinji hanlary Juçynyň neslinden bolan Baty han (1236-1255) we Berke han (1255-1266) bolupdyr. Altyn Ordadan soň Eýranda döredilen Hulagular döwleti hem güýçli döwlet bolupdyr. XIII asyryň 60-njy ýyllarynda bu döwletleriň ikisi hem Mongol döwletinden bölünip özbaşdak hereket edýärdiler. Üstesine-de, Altyn Ordanyň hökümdarlarynyň Yslamy kabul etmekleri bu iki döwletiň arasyndaky duşmançygy hem güýçlendirýär. 1258-nji ýylda, haçanda, Bagdat basylyp alnanda Hulagu han bütin dünýäniň halyfyny ata depeledip öldürende, bu waka Altyn Ordada çuňňur gahar-gazap döredýär. Jogap çäresi hökmünde Berke han Derbendiň üsti bilen Hulagular döwletiniň ýerlerine çozuşlary geçiripdir.

**Mongollaryň Hytaýdaky hökümdarlygy.** 1251-nji ýýlyň gurultaýynda Müňke han Günorta Hytaýa ýöriş etmegi karar edýär. Bu işi amala aşyrmaklyk Müňkäniň hytaý terbiýesini alan inisi Hubilaý hana tabşyrylýar. XIII asyryň 50-nji ýyllarynda mongollar Hytaýyň Ýunnan welaýatynda ýerleşýän Nançžao döwletini basyp alyp Wetnamyň araçäklerine ýetýärler we Hytaýdaky Günorta Sun döwletini demirgazykdan, günbatardan we günortadan gabaýarlar. Ýöne, bu döwleti basyp almaklyk mongollara örän kyn düşüpdir. Günorta Sun döwletine garşy alnyp barylýan gandöküşikli söweşleriň birinde Müňke hanyň özi hem öldürilýär. Müňkäniň ornuna Aryk Buga eýe bolýar. Emma Hubilaý (1260-1294) häkimiýeti onuň elinden alypdyr we umumy mongol hany bolýar. 1264-nji ýylda Hubilaý han Pekini mongol döwletiniň

paýtagtyna öwürýär. Sebäbi ol mongol beglerinden gorkupdyr. 1271-nji ýylda Hytaýyň basylyp alnan ýerlerinde Hubilaý han mongollaryň *Ýuan* («Dünýäniň başky ýaradylyşy») döwletini esaslandyrýar. Ýokary derejeli döwlet wezipeleri mongol han-begleri, aşakylaryny bolsa daşary ýurtlylar (türkiler, araplar we ýewropalylar) bilen hytaýlylar eýeläpdirler. Uzaga çeken söweşlerden soň 1276-njy ýylda Günorta Sun döwleti hem mongollar tarapyndan doly boýun egdirilýär.

Hytaý basylyp alnandan soň ummasyz köp baýlyklar mongollaryň eline geçipdir. On müňlerçe adamlar gulçulyga sezewar edilipdir. Daýhanlar, has hem şäherli senetçiler kyn günlere sataşypdyrlar. Ýurduň içinde mongollara garşy häli-şindi topalaň turup durupdyr. 1282-nji ýylda Hubilaýyň maliýe işleri boýunça weziri Ahmet öldürilýär. Şonuň üçin hem Hubilaýyň mirasdarlary ýokary wezipelere hytaýly emeldarlary hem bellemäge mejbur bolupdyrlar.

Dolandyryşda ýuwaş-ýuwaşdan hytaý düzgünleri hem dikeldilip ugraýar. 1317-nji ýýlda döwlet wezipelerini eýelemek isleýänler üçin synaglar dikeldilýär we diňe ýokary wezipeler mongol han-begleriniň ygtyýarynda galypdyr. Ýuan hökümdarlary Ýaponiýa, Ýawa we Wýetnama harby-deňiz ekspedisiýalaryny yzygider iberip durupdyrlar. Ýöne, olaryň ählisi diýen ýaly şowsuz tamamlanypdyr. Diňe wýetnamly feodallar mongol ýapjalygyna razylyk beripdirler, ýogsam Wýetnamy doly boýun egdirmek hem mongollara başartmandyr. XIV asyryň ortalaryna çenli Ýuan döwletiniň ykdysadyýeti çuň çökgünlige düşýär. Ýurtda önüm öndürijilere salynýan salgytlar birnäçe esse artypdyr, halkyň gün-güzerany kynlaşypdyr. Bu bolsa ýurduň dürli ýerlerinde halk gozgalaňlarynyň turmagyna sebäp bolýar. Gozgalaňçylar tertip-düzgünli, gowy ýaraglandyrylan goşunlary döredýärdiler. Olaryň arasynda aýratyn hem «Gyzyl goşun» tapawutlanypdyr. Ol mongol dikmeleriniň goşunlaryna garşy üstünlikli söweşleri geçiripdir. Emma 1363-nji ýylda «Gyzyl goşun» hökümet

goşunlaryndan ýeňilýär, goşun serkerdesi Lýu Fu-tun bolsa öldürilýär. Gozgalaňçy goşuna Çžu Ýuan-çžan serkerdelik edip başlaýar. Ol şowly söweşleri alyp barypdyr. 1368-nji ýylda agyr söweşlerden soň Çžu Ýuan-çžan Ýuan döwletriniň paýtagty Pekini zabt edip alýar. Çžu Ýuan-çžan Ýuan imperator diýlip yglan edilýär we ol Hytaýda min nesilşalygyny esaslandyrýar.

## § 20. Hindistan XII – XV asyrlarda

**Hindistanda Deli soltanlygynyň esaslandyrylmagy.** X-XI asyrlarda Hindistana musulmançylyk öňki döwürlere garanyňda has hem giň ýaýrapdyr. Mahmyt Gaznalynyň (998-1030) döwründe Hindistana ençeme gezek ýörişler geçirilipdir. XII asyryň ortalarynda Seljukly döwletiniň we onuň ýapjasy bolan gaznalylaryň gowşamagy bilen, Owganystanyň daglyk ýerlerinde ýerleşýän Gur döwleti (1147-1215) hem güýçlenipdir.

Guruň hökümdary Alaeddin Hüseýin Bährem Gaznalydan üstün çykyp, onuň paýtagtyny we onuň töweregindäki welaýatlary eýeleýär. Köp ýerlerini gurlara aldyran Bährem Gaznaly Lahor şäherini özüne merkez edinýär. Gaznalylaryň soňky wekilleri Hindistandaky mülklerini tä 1186-njy ýyla çenli elde saklapdyrlar. Gaznalylaryň elinden olaryň mülklerini alansoňlar gurlar uly döwlete eýe bolupdyrlar. Bu döwürler Guruň ýerlerinden türkmenleriň Hindistana tarap göçmekleri hem güýçli depginde dowam edýärdi. Seýfeddin Muhammet Gurlynyň (1157-1163) dolandyran ýyllarynda balhly oguzlaryň uly bölegi Bagtyýar han Halajyň baştutanlygynda günorta tarap süýşüp ugraýarlar. Olar Gaznany eýeläp Hindistana aralaşýarlar.

1163-nji ýylda balhly oguzlar bilen uruşda Guruň hökümdary Seýfeddin Muhammet wepat bolýar. Bu döwürde Balhy 1153-nji ýylda Soltan Sanjara garşy gozgalaň turzan oguzlaryň Zeňňiler nesilşalygy dolandyrýardy. Oguzlar birnäçe

ýyllap Gaznany elde saklamagy başarypdyrlar, emma 1173-nji ýylda şäher Guruň hökümdary Kyýaseddin Muhammet Gurly (1163-1203) we onuň taryhy edebiýatda Myhammet Gurly ady bilen tanalýan meşhur inisi Şyhabeddin Muhammet tarapyndan gaýtarylyp alynýar. Muhammet Gurly 1175-nji ýylda Hindistana özüniň birinji ýörişini geçirýär we Multan şäherini eýeleýär.

1179-njy ýylda Muhammet Gurly Peşewaryň gaznalylar nesilşalygyndan bolan türkmen hökümdaryny ýeňip, şäheri eýeleýär. 1181-nji ýylda ol gaznalylaryň paýtagty Lohar şäherine hem ýöriş geçirýär. Bu wakadan bäş ýyl geçenden soň Muhammet Gurly Penjaba ikinji gezek ýöriş geçirýär we Hindistanda hökümdarlyk edýän gaznaly türkmen nesilşalygynyň iň soňky wekili Hysrow Mäligi häkimiýetden agdarýar. Şeýlelikde, gaznaly türkmen hökümdarlarynyň eýýamy tamamlanyp, Owganystanda we Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda gurlylaryň hökümdarlygy başlaýar.

XII asyryň 90-njy ýyllarynda Muhammet Gurly Delini, Benaresi, Gwaliory we başga-da Hindistanyň köp şäherleridir welaýatlaryny eýeleýär. Bu işlerde gurly soltanyň Gyzyl Arslan Seljuk, Nasyreddin Aly Seljuk, Mubarizeddin Atsyz, Nasyreddin Gubaçy, Täjeddin Ýyldyz, Kutubeddin Aýbeg ýaly türkmen serkerdeleri aýratyn tapawutlanypdyrlar. Hindistanda eýelenen ýerleri dolandyrmak üçin Muhammet gelip çykyşy oguzlardan bolan Kutubeddin Aýbegi dikme edip belleýär. Kutubeddin Aýbeg taryhy edebiýatda «kyrk türkler» diýlip atlandyrylan oguz-türkmen serkerdeleriniň biri bolupdyr.

Aýbegiň dikmelik edýän ýerleriniň merkezi Deli şäherinde ýerleşipdir. Bu ýerdäki goşunlaryň agramly bölegini oguzlar-türkmenler tutup, galanlary dürli musulman milletleriniň wekilleri bolupdyr. XII-XIII asyrlaryň sepgidinde Demirgazyk Hindistanda ýagdaý kadaly bolmandyr. Sebäbi Hindistanyň günortasynda ýerleşýän indus döwletleri Muhammet Gurly bilen bäsleşipdirler. 1206-nji ýylda

Muhammet Gurly Hind derýasynyň boýunda garşydaşlary tarapyndan öldürilýär. Şonda ol indus hökümdarlarynyň topalaňlaryny basyp ýatyryp, yzyna dolanyp gelýär eken. Şol ýyl Deli soltanlygynyň hem esaslandyrylan ýyly (1206-1526) hasap edilýär. Demirgazyk Hindistanda Muhammet Gurlynyň serkerdeleriniň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Bu göreşde «kyrk türkler» öz garşydaşlaryndan üstün çykýarlar we Kutubeddin Aýbeg Deli soltanlygyny esaslandyrýar. Emma 1210-njy ýylda atly çilik (*çowgan*) oýnuny oýnap ýörkä Aýbeg atdan ýykylyp ölýär. Onuň ýerine gelen Şemseddin Iltutmuş (1211-1236) Deli soltanlygyny berkidýär. Iltutmuş hem gelip çykyşy boýunça türkmen gulamlaryndan bolupdyr. Ol ýiti garşylyklardan soň Penjaby, Sindi we Bengaliýany basyp alýar.

1221-nji ýylda Penjaba mongollar bilen gaça uruş edip ýören Jelaleddin Meňburun (1221-1231), onyň yzy bilen bolsa mongollar çozup girýär. Deli soltanlygy üçin howply ýagdaýyň emele gelendigine garamazdan, Iltutmuş Jelaleddine ýardam bermändir. Jelaleddiniň hem-de mongollaryň goşunlary Penjapda we Sintde üç ýyllap bolupdyrlar, şol sebäpli bu ýerler halys tozdurylypdyr. Ýöne Deli soltanlygynyň esasy ýerleri bu uruşlardan kän häläkçilik çekmändirler. Iltutmuş ölenden soň 1241-nji ýylda mongollar Hindistana ýene-de çozuş geçiripdirler.

**Deli soltanlygynyň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Deli soltanlygynyň döwlet gurluşy harby guramany ýada salypdyr. Muny keseki ýurdyň ýagdaýy talap edýärdi. Döwlet örän berk merkezleşdirilipdir we serkerdeler soltana diýseň garaşly ýagdaýda galypdyrlar. Ähli harby güýçler we maddy serişdeler soltanyň elinde jemlenipdir. Basylyp alnan ýurtda feodal ýer eýeçiligi hökmünde ikta ýýze çykypdyr. Onuň eýesi iktadar döwlet tarapyndan bellenilen ölçegler esasynda salgyt ýygnapdyr. Şol ýygnalan salgydyň diňe 1/20 ýa-da 1/10 bölegini özünde galdyryp, galanyny döwlet gaznasyna tabşyrypdyr. Iktadar salgydyň özünde galdyran

böleginiň hasabyna atly nökerleri saklapdyr. Ol soltanyň çagyran wagty nökerleri bilen ýörişe gidipdir. Parahatçylyk döwri iktadar özüne berkidilen etrapda tertip-düzgüne gözegçilik etmek we salgyt ýygnamak bilen meşgullanypdyr.

Harby serkerdäniň derejesi ýokarlandygyça, oňa berilýän iktanyň möçberi hem artypdyr, ýöne onuň öňki iktasy elinden alnypdyr. Ikta ömürlik berilse-de, ony miras galdyryp bolmandyr. Ýöne wagtyň geçmegi bilen harby feodallaryň jebisligi gowşap ugraýar. Mälikler we ownuk iktalaryň eýeleri özlerini soltanyň hyzmatkärleri, esgerleri däl-de, özlerine berlen ýerleriň hojaýynlary hökmünde duýup başladyrlar. Bu ýagdaýy aňan Iltutmuş Deliniň töweregindäki ýerleri 2000 sany atlysynyň arasynda paýlaýar. Iktanyň ölçegi adatça bir obadan, kähalatlarda bolsa, ýarym obadan ybarat bolupdyr. Iktadarlaryň soltana wepadarlygy, hökümdaryň häkimiýetiniň berkligine ýa-da gowşaklgyna baglydy.

Orta asyr ýer eýeçiliginiň beýleki bir görnüşi – *halise* bolup, ol döwletiň eýeçiligindedi. Ýerden hyraç (arapça – haraj) salgydy alnypdyr. Hyraç dolulygyna hazyna geçip, ol döwlet dolandyryşy üçin zerur bolan maksatlara (esasan goşuna) sarp edilipdir. Şonuň üçin hem halise ýerleriniň mukdary artdygyça, döwletiň harby kuwwaty hem artypdyr. Sebäbi döwlet hazynasyna gelýän girdejiniň mukdary artypdyr, bu bolsa hökümdara köp goşun saklamaga mümkinçilik beripdir. Şeýlelikde, Deli soltanlygynda goşun iki bölekden – iktadarlaryň hakyna tutma nöker goşunyndan we soltanyň öz goşunyndan ybarat bolupdyr. Deli soltanlygynda ýerli indus begzadalarynyň hem ýerleri bolup, şol ýerler *zemindari*, eýeleri bolsa *zemindar* diýlip atlandyrylypdyr. Zemindarlar soltana gulluk etmändirler, ýöne özlerine degişli zemindari ýerlerinden salgyt ýygnap, onuň bir bölegini (1/10) özünde galdyrypdyrlar, galanyny bolsa döwlet hazynasyna tabşyrypdyrlar.

Deli soltanlygynda eýeçiligiň ýene bir görnüşi bolup, ony *ynam* diýip atladyrýardylar. Aslyýetinde, ynam (sowgat)

zat ýa-da pul görnüşinde bolupdyr, ýöne soltanlar köplenç bir obany ynam edip beripdirler. Ynam ýerleri soltan tarapyndan döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin atly döwlet işgärlerine, ulamalara, şahyrlara sowgat hökmünde berlipdir. Ynam ömürlik berlipdir, kähalatlarda ol ynamdaryň nesillerine-de miras galdyrylyp bilnipdir.

Bu döwürde hususy ýerler bolan mülk hem bar eken. Ol nesilden-nesle geçirilip bilnipdir, ýöne ony şertsiz eýeçilik diýip atlandyrmak kyn. Sebäbi mülkdar alýan girdejisiniň epesli bölegini döwlete tabşyrmaga borçly edilipdir. Mülkiň eýesi köplenç söwdagärler bolup, olar mülki satyp ýa-da satyn alyp bilýärdiler. Mülk ýerleri kärendä berlip, adatça, mülkdar kärendeçileriň öndüren önüminiň 1/10 bölegini salgyt hökmünde ýygnapdyr.

Beýleki musulman döwletlerinde bolşy ýaly, Deli soltanlygynda wakf ýerleri hem eýeçiligiň giň ýaýran görnüşleriniň birine öwülipdir. Wakf ýerleri barada aýdylanda, ol din adamlaryna, dini guramalara, metjit-medreselere, aramgählere hökümdarlar tarapyndan sadaka berilýän ýerlerdi. Sebäbi musulman döwletlerinde durmuş syýasaty esasan din adamlarynyň ýa-da dini edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýardy. Çünki çagalara bilim bermek, garyp-gasarlara, ýetim-ýesirlere, maýyp-müjrüplere, hassalara howandarlyk etmek işlerini din adamlary ýa-da dini edaralar ýerine ýetirýärdiler. Keselhanalar, hanakalar, metjit-medreseler hem dini edaralar, ulamalar tarapyndan gurulýardy. Emma bu işleri amala aşyrmak üçin kän serişde gerek bolýardy. Şonuň üçin hem hökümdarlar din adamlaryna, dini guramalara wakf ýerlerini sahylyk bilen eçilýärdiler. Wakf ýerleri diýlip döwlet tarapyndan yglan edilen obalaryň ýa-da etraplaryň daýhan hojalyklary her ýylky tölenmeli salgytlary döwlete däl-de, dini edaralara tabşyrýardylar. Orta asyrlarda beýleki musulman döwletlerinde bolşy ýaly Hindistanda-da durmuş syýasaty şeýdip amala aşyrylýardy.

**Deli soltanlygy halaçlaryň we togalaklaryň nesilşalyklarynyň dolandyran ýyllarynda.** Iltutmuş ölenden soň Deli soltanlygynda häkimiýet ugrunda özara göreşler başlaýar. Bu göreşlerde Iltutmuşyň edenli hem-de başarjaň gyzy Raziýa wepat bolupdyr. Ol dört ýyllap mälikleriň dildüwüşiklerine garşy durmagy başarypdyr. Raziýadan soň ýene-de iki sany soltan öldürilipdir. 1246-njy ýylda mälikler tagta Iltutmuşyň agtygyny çykarypdyrlar. Hakykat ýüzünde döwleti mälikleriň özleri dolandyrypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen ýurtdaky häkimiýet başarjaň mälikleriň biri bolan Kiýasetdin Balbanyň (1265-1287) elinde jemlenýär. 1265-nji ýylda ol erksiz soltany agdaryp, onuň özi tagta geçýär. Balban ýurtdaky topalaňlary köşeşdirmäge, ýurdy berkitmäge we dolandyryjy gatlak bolan oguz serkerdelerini mongol çozuşlaryna garşy işlere jemlemäge çalşypdyr. Emma Balban ölenden soň ýurtda ýene-de özara uruşlar başlaýar.

Bu döwürde Deli soltanlygyna mongollaryň çozuşlary uly zyýan ýetirýärdi. Mongol leşgerleri paýtagtyň töwereklerine, Ganga derýäsynyň boýlaryna talaňçylykly ýörişleri geçirýärdiler. Çozuşlaryň öňüni almak, goşuny güýçlendirmek üçin köp serişde gerek bolýardy. Şeýle şertlerde häkimiýete edenli mälikleriň biri Alaýeddin Halaç (1296-1320) gelýär. Onuň dolandyran ýyllarynda gullukdan gaçýan mälikleriň ynamlary, mülkleri, iktalary ellerinden alynýar. Döwletiň haýryna geçirilip, söweşjeň serkerdelere we esgerlere berlen şol ýerlerden döwlet hazynasyna köp girdeji giripdir. Alaýeddin Halaç iktadarlaryň jogapkärçiligini hem güýçlendiripdir.

Hökümdar ýer salgydynyň mukdaryny artdyrypdyr. Eger-de, öňler raýatlar öndüren önümleriniň ¼ bir bölegini tabşyryran bolsalar, indi onuň möçberi iki esse (1/2) artdyrylypdyr. Soltan bazarlardaky bahany hem doly gözegçilige alypdyr, esasy harytlaryň bahasyny hökümdaryň özi kesgitläpdir. Emma soltan tarapyndan kesgitlenen bahalar

söwdanyň we senetçiligiň ösüşine zyýan ýetiripdir, ýogsam belli bir döwürlerde kesgitli bahalar goşuny zerur zatlar bilen üpjün etmäge mümkinçilik beripdir. Serişdeleriň esasan goşuny güýçlendirmek üçin ulanylmagy öz netijesini beripdir. Soltan Alaýeddin Halaç mongollary birnäçe gezek agyr ýeňlişlere sezewar edipdir.

Alaýeddin Halaç halise we ikta ýerleriniň mukdaryny artdyrmaga çalşypdyr. Onuň döwründe köp sanly ynamlar, mülkler, wakflar, zemindary ýerleri eýeleriniň elinden alnypdyr. Bu çäräniň özi döwlete salgyt töleýän ýerleriň mukdaryny üzül-kesil artdyrypdyr. Iri iktadarlar adatça 500-1000 sany nökeri getirmäge borçly edilýärdi. Şunça mukdardaky goşuny jagirdaryň ekläp-saklap bilmegi üçin soltan olara ikta ýerlerini berýärdi. Giçkiräk döwürde iktadarlyk ýerli indus bezgadalaryna hem berlipdir. Olar hem edil musulman iktadarlary ýaly soltan üçin kesgitli mukdardaky nökerleri saklamaga we soltanyň huzuryna getirmäge borçly edilýärdi. Kähalatlarda uzakdaky iktadarlar öz çykdajylaryny azaltmak we girdejilerini artdyrmak maksady bilen soltan tarapyndan kesgitlenilen mukdardan az nöker saklaýardylar. Emma Alaýeddin Halaç iktadarlaryň öz gulluk wezipelerini neneňsi ýerine ýetirýändiklerini barlamak üçin häli-şindi ýerlere barlagçylary iberipdir. Ol iktadarlaryň hökümeti aldamazlyklary üçin olaryň nökerleriniň atlaryny tagmaladýar eken. Öňler atlar tagmalanmaýarka barlagçy gelende 500 nökeriň ornuna 250 nöker saklaýan iktadar öz goňşy iktadaryndan 250 atlyny çagyryp getirip hem-de olary öz nökerleri bilen goşup, soltanyň barlagçylaryna görkezýär eken. Soňra ol öz 250 nökerini, «kömege» gelen 250 nökeriň üstüne goşup, goňşy iktadary «halas etmäge» ugradypdyr. Indi, atlar tagmalanandan soňra, iktadarlarda beýle mümkinçilik bolmandyr. Sebäbi her iktadaryň nökerleriniň atlaryna hökümdaryň buýrugy bilen aýratyn tagma basylypdyr.

Alaýeddin Halaç ölenden soň Deli soltanlygynda häkimiýete edenli serkerdeleriň biri Kyýasetdin Togalak (1320-1325) gelýär. Kyýaseddin täze – Togalaklar nesilşalygyň düýüni tutýar. Onyň döwründe Deli soltanlygyndaky berk düzgünler belli bir derejede ýumşaýar. Ol ekerançylyk pudagynyň ösüşi, salgyt töleýjiler bolan raýatlaryň ýagdaýy bilen içgin gyzyklanypdyr. Soltan iktadarlara we zemindarlara raýatlara agyr salgytlary salmazlygy berk tabşyrypdyr. Kyýaseddin Togalak raýatlardan alynýan hyrajyň mukdaryny çäklendiripdir, bu bolsa ekerançylara öndürilýän önümiň we ekerançylyk ýerleriniň mukdaryny artdyrmaga mümkinçilik beripdir.

Kyýaseddin wepat bolandan soň onuň ornuna ogly, şöhratly serkerde Muhammet Togalak (1325-1351) gelýär. Onuň dolandyran döwründe Alaýeddin Halaç ölenden soň elden giderilen ýerler gaýtadan eýelenilip başlaýar. Gysga döwrüň içinde bütin Günorta Hindistan (Dekan) Deli soltanlygyna birleşdirilýär. Elbetde, ägirt uly ýerleri eýelemek üçin köp serişde gerek bolupdyr. Şonuň üçin hem Muhammet Togalak belli bir derejede Alaýeddin Halajyň tejribesine daýanypdyr. Ol hazyna gelýän girdejiniň mukdaryny artdyrmak maksady bilen raýatlara salynýan salgydyň mukdaryny 1/3-e çenli artdyrypdyr we käbir goşmaça salgytlary girizipdir.

Öz häkimiýetini berkitmek üçin Muhammet Togalak ýurduň paýtagtyny Deliden has günortada ýerleşýän Dewagiri şäherine geçiripdir we öz täze paýtagtyny Döwletabat diýip atlandyrypdyr. Emma soltanyň täze paýtagta Deliniň köp sanly begzadalaryny, baý söwdagärlerini, senetçileri göçürip getirendigine garamazdan, Döwletabat Deli soltanlygynyň hakyky paýtagtyna öwrülip bilmändir. Şonuň üçin hem belli bir wagtdan soň paýtagt ýene-de Delä göçüp gelýär.

Muhammet Togalak maliýe özgertmesini geçirmäge synanyşyk edipdir. Onuň görkezmesi boýunça altyn hem-de kümuş teňňeleriň ýerini tutmak şerti bilen mis teňňeler

zikgelenilip başlaýar. Emma bu özgertmeler şowsuz tamamlanýar. Sebäbi hiç kim öz harydyny mis teňňä bermek islemändir. Muhammet Togalagyň döwründe merkezi häkimiýete garşy göreşler hem güýçlenipdir. Hökümdaryň ýowuz daraýandygyna garamazdan, döwletiň aýry-aýry welaýatlary bölünip başlaýar. 1335-nji ýylda Tamilnadyň musulman dikmesi gozgalaň turuzýar we paýtagty Maduraýi şäherinde ýerleşen Madura soltanlygyny esaslandyr. Bir ýyldan soň Krişna we Tungabhadra derýalarynyň aňyrsynda kuwwatly Wijaýanagar döwleti esaslandyrylýar. Deli soltanlygyndan Bengaliýa bilen Orissa-da bölünip aýrylýar. Muhammet Togalagyň dolandyryşynyň soňlarynda onuň görnükli serkerdeleriniň biri Bähmen 1347-nji ýylda hökümdaryna garşy gozgalaň turuzýar we Bähmeni döwletini esaslandyrýar.

Muhammet soltan aradan çykandan soň Firuz şa Togalak (1351-1388) tagta çykýar. Firuz şa raýatlara salynýan salgytlary üzül-kesil azaldypdyr we taşlanan ekin meýdanlaryny dikeltmek barada aladalanypdyr. Hökümdar döwlet ýerlerini ýeňillikli şertler bilen kärendesine beripdir, hatda kärendeçilere döwlet hazynasyndan karzlary hem berlipdir. Firuz şa Deliniň demirgazygynda we demirgazyk-günbatarynda birnäçe döwlet ähmiýetli suwaryş desgalaryny hem gurdurypdyr.

Salgytlaryň azaldylmagy, täze suwaryş desgalarynyň gurulmagy taşlanan ekerançylyk ýerleriniň ekin dolanyşygyna girizilmegi oba hojalyk önümçiligini janlandyrypdyr, ilatyň artmagyna oňyn täsir edipdir. Firuz şa şäher hojalygynyň, senetçilgiň hem-de söwdanyň ösüşi barada-da içgin alada edipdir. Şäherleriň ilatyna salynýan salgytlaryň, halkdan ýygnalýan ýygymlaryň ençemesi soltan tarapyndan ýatyrylypdyr. Netijede, Firuz şa Deli soltanlygynyň taryhynda we halkyň ýadynda adalatly hökümdar hökmünde uly yz galdyrypdyr.

Firuz şa aradan çykandan soň ýurtda häkimiýet ugrundaky göreşler tutaşypdyr, bu bolsa döwleti gowşadypdyr. Deli soltanlygynyň gowşamagyndan Merkezi Aziýanyň hökümdary Teýmirleň peýdalanypdyr. Ençeme ýyllaryň dowamynda Teýmirleň Hindistana yzygider ýörişleri geçirip durupdyr. Ýurduň paýtagty Deli we köp sanly şäherler talanylypdyr, ilaty bolsa gyrlypdyr. Teýmirleň 1399-njy ýylda talanylan we weýran edilen Demirgazyk Hindistany taşlap gidýär. Daşyndan, hem içinden çekelenilýän Deli soltanlygy dargapdyr.

Täze Seýitler nesilşalygyna (1414-1451) ýurtdaky häkimiýeti doly ele alýança ençeme ýyllar geçipdir. Seýitler nesilşalygynyň başky döwründe döwletiň düzümine Deliniň töwerekleri we Gündogar Penjap giripdir. Emma döwletiň amatly geografiki, ykdysady we syýasy giňişliklerde, möhüm ýollaryň çatrygynda ýerleşmegi Deli soltanlygynyň ähmiýetiniň gaýtadan artmagyna getirýär.

Deli soltanlygynyň gaýtadan güýçlenmegine bu ýerlere goňşy musulman ýurtlaryndan esgerleriň, serkerdeleriň we taýpalaryň yzygider göçüp gelip durmagy hem öz täsirini ýetiripdir. Ýönekeý esgerlere gulluk etmäge, olaryň serkerdelerine bolsa Hindistanda eýýäm birnäçe asyrlar bäri ýaşap gelýän iri begzadalar bilen bäsleşmäge mümkinçilik tapylypdyr. Bu döwürde Hindistanyň demirgazygynda bolup geçen etniki hadysalaryň netijesinde umumy hindi urdu («urdu» - türkmen we türki dilleriniň «orda» sözüniň ýoýulmasy) dili kemala gelipdir.

XV asyryň ortalarynda Delidäki häkimiýet halaç (giçki döwürde gilzaý) taýpasynyň lodiler urugyndan bolan serdarlaryň eline geçýär. Lodileriň asly türkmenleriň halaç taýpasyndan gelip çykypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen halaçlar ýerli halk bilen garyşyp owganlaşypdyrlar. Muhammet ibn Nejip Bekran XIII asyryň başlarynda özüniň «*Jahannama*» eserinde: «Halaçlar – türk[men] taýpalaryndan bolup, olar

Balhdan Kabulystana göçüp gelipdirler. Gazna welaýatynda sähralyk ýer bar, olar şol ýerde ýerleşipdirler. Bu ýerleriň howasynyň howrundan olaryň ýüzüniň reňki üýtgäpdir we garalyp başlapdyr. Olaryň dilem üýtgäpdir we bir hili şiwä öwrülipdir» diýip ýazypdyr. Olaryň serdary Bählul Lodiniň ata-babalary XIV asyryň ahyrlarynda öz neberesi bilen Owganystandan göçüp gelipdirler. Setlej derýasy bilen Deliniň we Lahoryň aralygyndaky ýerler Bählulyň ygtyýarynda bolupdyr. Onuň 20 müňden hem geçýän goşuny owganlardan, şeýle hem merkezi aziýaly türki taýpalarynyň wekillerinden ybarat bolupdyr.

Bählul Lodi Jaunpur döwletini basyp alypdyr we 1451-nji ýylda Deli soltanlygyny dikeldýär. Bu hökümdar tä 1489-njy ýyla çenli soltanlyk etmek bilen ol döwletiň düzümine Penjaby we Ganga derýasynyň aşak akymlaryndaky Bengaliýa çenli ýerleri goşmagy başarypdyr. Lodileriň nesilşalygy 1526-njy ýyla çenli dolandyrypdyrlar. Bu nesilşalygyň iň soňky hökümdary Ybraýym Lodi häkimiýetini Owganystan taraplardan hüjüm edýän Zahyreddin Muhammet Babura aldyrýar.

**Bähmeni we Wijaýanagar döwletleri.** 1347-nji ýylda az sanly musulman harby serkerdeleri tarapyndan Dekanda Bähmeni döwleti döredilýär. Bu sebitleriň musulman ilatynyň azlygy sebäpli hökümdarlar we musulman serkerdeleri ýerli indus begzdalarynyň we ilatyň bähbitlerini nazarda tutmaly bolupdyrlar. Döwlet esasan soltanyň ýapjalarynyň mülklerinden ybarat bolupdyr. Ýapjalar soltan çagyran mahaly öz goşunlary bilen hökümdaryň huzuryna gelýärdiler. Käbir musulman we indus begzadalarynyň giň mülkleri we uly goşunlary bolup, olar kähalatlarda hökümdara garşy topalaň turzup hem bilýärdiler.

Döwleti dolandyrmak amatly bolar ýaly dört sany dikmelik – *«taraf»* (tarap, etrap manysynda) döredilýär. Taraplary soltan tarapyndan bellenilýän *«tarafdar»* (tarapdar)

dolandyrypdyr. Demirgazyk Hindistandan tapawutlylykda, bu ýerlere atlary getirmek örän kyn bolupdyr, Şonuň üçin hem Bähmeni goşuny esasan pyýada esgerlerden ybarat bolupdyr. Goşunda söweş pilleri hem köpçülikleýin ulanylypdyr. Tarapdarlar belli bir özbaşdaklykdan peýdalanypdyrlar, olaryň hersiniň özbaşyna goşunlary, uly mukdardaky emläkleri bardy.

Bähmeni döwletiniň syýasy durmuşy özüniň çylşyrymlylygy bilen tapawutlanypdyr. Köşkde iki sany özara oňuşmaýan toparlanyşyk bolup, olaryň birinjisi irki musulmanlaryň nesilleri bolan sünnilerdi, ikinjisi bolsa giçki döwürde Eýrandan göçüp gelen we Bähmenilere gulluga duran şygalardy. Şygalaryň täsiri baş wezir Mahmyt Gawanyň döwründe has hem güýçlenipdir. Ol gelip çykyşy boýunça eýranly söwdagär bolupdyr we XV asyryň 50-nji ýyllarynda Bähmeni soltanynyň ýakyn adamlarynyň birine öwrülýär.

Bähmeni döwleti Wijaýanagar bilen bäsleşipdir. Özara uruşlara esasan Krişna we Tungabhadra derýalarynyň aralygyndaky mes toprakly ýerler we almaz känleri sebäp bolupdyr. Mahmyt Gawan başarjaň döwlet işgäri bolşy ýaly, ol edermen serkerde hem bolupdyr. Onuň serkerdeligindäki bähmeni goşunlary demirgazykda ýerleşýän Malwa soltanlygyny uly ýeňlişe sezewar edýär we Malwanyň, Orissanyň we Telingananyň (Andhra) bähmenilere garşy gönükdirilen bileleşigini ýok edýär. Mahmyt Gawan Wijaýanagary hem ýeňlişe sezewar etmegi başarýar we möhüm Goa port şäherini basyp alýar. Umuman Mahmyt Gawanyň döwründe Bähmeni döwleti kuwwatlanypdyr. Emma belli begzadalar Mahmyt Gawanyň garşysyna dildüwşik geçirýärler. Dönüklikde aýyplanylan Mahmyt Gawan 1481-nji ýylda jezalandyrylyp öldürýär.

Şundan soň ýurtda häkimiýet ugrunda özara uruşlar başlaýar. Bähmeni döwleti bölünip, 1489-1490-njy ýyllarda Bijapurda, Berarda we Ahmetnagarda, şeýle hem 1512-nji ýylda Golkondada (türkmenleriň Kutubşalar döwleti) özbaşdak

soltanlyklar peýda bolýar. Bidar şäherinde oturan Bähmeni nesilşalygyndan bolan soltanlaryň häkimiýeti paýtagtdan aňryk gitmändir. 1525-nji ýylda iň soňky Bähmeni soltany tagtyny taşlap gaçyp gidýär we bu ýerde täze nesilşalyk häkimiýete gelýär.

Wijaýanagar döwleti Muhammet Togalaga gulluk edip, musulmançylygy kabul eden iki dogan Bükki bilen Harihara tarapyndan 1336-njy ýylda esaslandyrylýar. Deli soltanlygynda emele gelen ýagdaý doganlara gowy berkidilen Wijaýanagar galasyny gurmaga we ony täze dörän döwletiň paýtagtyna öwürmäge mümkinçilik beripdir. XIV asyryň ahyrlaryna çenli Wijaýanagaryň hökümdarlary bütin Günorta Hindistany diýen ýaly eýeleýärler we Bähmenileriň esasy garşydaşyna öwrülýärler. Wijaýanagarlylar Orissa döwleti bilen Andharanyň Bengal aýlagyna ýanaşyk ýerleri ugrunda uruşlary alyp barypdyrlar.

Harby kuwwatynyň berkligine garamazdan, Wijaýanagar syýasy taýdan gowşak döwlet bolupdyr. Sebäbi ol öz düzümine köp sanly ýapja beglikleri birleşdirýärdi. Beglikler belli bir özbaşdaklykdan peýdalanýardylar, üstesine-de, olar biri-biri bilen uruşlary hem alyp barypdyrlar. Emma ýurduň köp bölegi Wijaýanagaryň hökümeti tarapyndan dolandyrylypdyr we ol welaýatlara bölünipdir. Welaýatlary soltan tarapyndan bellenilýän häkimler dolandyrýardylar. Häkimleriň wezipesine harby-goranyş işleri, ýapjalaryň topalaňlaryny basyp ýatyrmak, döwletiň peýdasyna salgytlary we ýygymlary ýygnamak, iri begzadalaryň soltanyň hazynasyna baý sowgatlary ibermeklerini gazanmaklyk giripdir. Häkimleriň giň hukuklary bolupdyr, emma soltan olary iki-üç ýyldan köp bir ýerde saklamandyr.

Wijaýanagar döwletinde iri ýer eýeçiliginiň esasy görnüşi iktany ýatladyp duran *amaram* bolupdyr. Amaramyň eýesi – *amaranaýak* – nöker saklamaga we soltan çagyran wagty onuň huzuryna gelmäge borçlanypdyr. Ol ýygnalýan

salgydyň 1/3 bölegini hazyna tabşyrypdyr. Paýtagta golaý welaýatlarda musulman soltanlyklaryndaky halise ýerlerini ýatladyp duran döwlet hazynasyna degişli ýerler hem köp bolupdyr. Bu ýerlerdäki obalardan ýygnalýan salgytlar we ýygymlar goşuny, döwlet edarasyny saklamaga sarp edilipdir.

XV asyryň ikinji ýarymynda Wijaýanagar döwletinde iri begzadalaryň, ýapjalaryň täsiri güýçlenip ugraýar. Mahmyt Gawanyň goşunlarynyň Wijaýanagara uran zarbasy hem hut şu döwre gabat gelýär. Emma XVI asyryň başlarynda Krişnadewaraýeniň (1509-1529) dolandyran ýyllarynda Wijaýanagar ýene-de kuwwatly döwlete öwrülipdir. Ol Dekandaky musulman soltanlyklary, Orissa döwletleri bilen üstünlikli uruşlary alyp barypdyr. Emma 1565-nji ýylda dekanly soltanlar birleşipdirler we Wijaýanagara derbi-dagyn ediji zarba urýarlar. Bu wakadan soň Wijaýanagar ýene-de bir asyra golaý ýaşapdyr, emma ol öňki syýasy-ykdysady ähmiýetini doly ýitiripdir we kiçiräk welaýatyň derejesindäki döwlete öwrülýär.

# III BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY GIÇKI ORTA ASYRLAR DÖWRÜNDE

## § 1. Eýran giçki orta asyrlarda

**Eýranda Sefewileriň döwletiniň döremegi.** Sefewileriň döwletiniň kemala gelmegi aýry-aýry türkmen taýpalarynyň öz kowumdaşlary bolan akgoýunlylara we osmanlylara garşy hereketleri bilen baglanyşykly bolupdyr. Sefewi ady Günorta Azerbaýjandaky Ardebiliň sopyçylyk-derwüşçilik guramasyny esaslandyran Sefieddin Yshak şyhyň (1252-1334) ady bilen baglanyşyklydyr. Sefieddin öz döwrüniň belli şyhy Zahidiň okuwçysy we giýewsi bolupdyr. XV asyrda Sefieddiniň şygalaryň ýedinji ymamy Musa Kazymyň (799-njy ýylda aradan çykan) 21-nji arkasydygy hakynda gürrüň döredilipdir. Zahit şyh aradan çykandan soň, Sefieddin onun ornuna geçipdir

we onuň abraý-mertebesi artyp ugraýar. Sefieddiniň yzyna eýerýän köp sanly muritleri bolup, olary soňra *sefewiler* diýip atlandyrypdyrlar.

XV asyryň ortalaryndan başlap sefewileriň esasy daýançlary Azerbeýjanyň we Kiçi Aziýanyň şygaçylyk mezhebine uýan we osmanly soltanlaryna garşy çykyş edýän türkmen çarwa taýpalary bolupdyr. Başda özlerini sefewileriň muridi diýip yglan eden 7 sany türkmen taýpasy bolupdyr: şamly, rumly, üstitäçli, afşar, gajar, tekeli we zülkadar. Soňra olaryň sany has hem artypdyr. XV asyryň ikinji ýarymyndan başlap sellelериniň daşyna şyga ymamlaryny aňladýan onki zolak gyzyl mata daňýandyklary üçin sefewileri gyzylbaşlar diýip hem atlandyryp ugrapdyrlar.

Söweşjeň türkmen taýpalarynyň sefewileriň derwüşçilik guramasyna girmekleri gyzylbaşlaryň hereketiniň mazmunyny hem üýtgedýär. Başky şyhlar asuda derwüşler bolan bolsalar, Jüneýit şyhyň (1460-njy ýylda şehit bolan) we Haýdar şyhyň (1488-nji ýylda şehit bolan) döwründe sopyçylyk bilen bir hatarda, «gäwürlere garşy mukaddes uruşlar» hem uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Jüneýit şyh we onuň ogly Haýdar şyh gyzylbaşlara, şeýle hem azerbaýjanly talyşlara we garadaglylara daýanyp, Gruziýa, Trapezund patyşalyklaryna çozuşlary geçirip durupdyrlar. Her gezek Gruziýa çozanlarynda gyzylbaşlar Şirwanyň üstünden geçipdirler, bu bolsa sünni mezhebine sygynýan Şirwanşalar bilen urşa getiripdir. Şol söweşlerde Juneýdem, Haýdaram öldürilipdir. Haýdar şyh öldürilenden soň, 1488-nji ýylda Ýakup Akgoýunly Ardebili alýar, şonda onuň ogullaryny hem Töwrüze alyp gidipdir. Ýöne, onuň ogullarynyň körpesi Ýsmaýyly (1487 doglan) wepaly gyzylbaşlar Gilýanyň Lahyjan şäherinde gizläpdirler.

Sefewiler bilen akgoýunlylaryň arasynda öňden gelýän ýakyn garyndaşlyk gatnaşyklary alnyp barlypdyr. Jüneýit şyhyň aýaly Hatyja begim akgoýunly türkmen patyşasy Uzyn

Hasanyň (1466-1478) aýal dogany bolupdyr. Jüneýt şyhyň ogly Haýdar şyhyň aýaly Älemşah begim (Marta) bolsa Uzyn Hasanyň Trapezund grek imperatorynyň gyzy Katerinadan (Despine Hatyn) bolan gyzydy. Maglumatlardan mälim bolşy ýaly, Uzyn Hasan sefewi türkmenleriniň döwletini esaslandyran şa Ysmaýylyň babasy bolupdyr. Emma sefewileriň şygaçylyga ýykgyn etmekleri olaryň akgoýunlylar bilen gatnaşyklarynyň duşmançylykly häsiýete eýe bolmagyna getirýär.

XVI asyryň başlarynda Eýranda bir bitewi döwlet bolmandyr. Onuň köp bölegi teýmirileriň, ýene bir bölegi Akgoýunlaryň elinde bolupdyr. Bulardan başga-da, Eýranyň dürli ýerlerinde köp sanly ownuk hanlyklar hem saklanyp galypdyr. Häkimiýet ugrundaky göreşleriň netijesinde Akgoýunly türkmenleriň döwleti ikä bölünipdir. Mundan bolsa gyzylbaşlar peýdalanýarlar. 1499-njy ýylda gyzylbaşlar baş göterýärler. 12 ýaşly Ýsmaýyl öz halypasy Hüseýin beg Şamly bilen Gilýandan üstitäçlileriň ýaýlagyna gelýärler. Ol uly şatlyk bilen garşylanýar. Ysmaýyl 300 gyzylbaş bilen Ardebiliň alkymyna gelýär, ýöne şäheri alyp bilmeýär. Şonuň üçin hem olar Garabagyň we Erzinjanyň üsti bilen günbatar tarapa gitmegi makul bilýärler. Sebäbi olar kiçi aziýaly şygalara bil baglapdyrlar. 1499-njy ýylyň ahyryna çenli Ýsmaýyl ýedi müňe golaý goşun ýygnaýar. Ysmaýylyň baştutanlygyndaky gyzylbaşlar Şirwanşa Ferruh Ýasaryň garşysyna ýörüş edip, 1500-nji ýylda Şemahany we Bakuwy eýeleýärler. Ýöne, Şirwany almak olara başartmandyr. 1501-nji ýylda gyzylbaşlar Elwent Akgoýunlydan üstün çykyp Töwrüzi, soňra bolsa bütin Azerbaýjany eýeleýärler. Şeýlelikde, 1502-nji ýylda 15 ýaşly Ysmaýyl ibn Haýdar şyh ibn Jüneýt şyh Sefewi türkmenleriniň ýa-da başgaça aýdylyşy ýaly Gyzylbaşlar döwletiniň şalar şasy diýlip yglan edilýär.

1503-nji ýylda şa Ysmaýyl (1502-1524) Myrat Akgoýunlydan üstün çykyp bütin Günbatar Eýrany eýeleýär.

Akgoýunly türkmenleriň döwleti ýaşamagyny bes edýär. 1503-nji ýylda gyzylbaşlar Semnany, Parsy we onuň paýtagty Şirazy, 1504-nji ýylda bolsa Ýezdi eýeleýärler. 1502-1509-njy ýyllarda şa Ysmaýyla Huzistanyň, Kürdüstanyň, Gilýanyň, Mazendaranyň we käbir beýleki ýerleriň hökümdarlary tabyn bolýarlar. Eýrandaky hökümdarlaryň özara uruşlary sefewilere giň ýerleri ýeňillik bilen eýelemäge mümkinçilik beripdir.

1504-nji ýylda Hyradyň hökümdary Soltan Söýün Baýkara şa Ysmaýylyňka ilçi iberip, Gazagystanyň ýerinden Mawarennahra hüjüm edýän özbeklere garşy bileleşik döretmegi teklip edýär. Emma Soltan Söýüniň özüne boýun egmek islemeýändigi üçin şa Ysmaýyl onuň teklibini ret edýär. Soltan Söýün ölenden soň, özbekleriň hökümdary Şeýbany han 1507-nji ýyl çenli Horasanyň ep-esli ýerlerini eýeleýär. Şonuň üçin hem gyzylbaşlar täze garşydaş bilen iş salyşmaly bolýarlar.

Şeýbany han Mawarennahr bilen bir hatarda, Eýrany hem eýelemegi maksat edinýärdi. Muhammet Şeýbany han şa Ysmaýyla: «Sen biz üçin sowgat-serpaý taýýarlap goý. Zikgehanalaryňda biziň hakyň halan adymyzy ýazdyryp teňňeleri zikgelet. Metjitleriňde biziň adymyzy şöhratlandyrmak üçin hutba okat. Özüňem biziň gadymy tagtymyzyň huzuryna boýun synyp gel» diýip hat ýazypdyr. Şa Ysmaýyl hem Şeýbany hana jogap hatyny ýazyp, özüniň Maşada ýöriş geçirmekçidigini we sekizinji şyga ymamy Aly Rzanyň (Gyzyl Ymam) mazaryna zyýarat etmekçidigini aýdypdyr.

Şa Ysmaýylyň hem-de Muhammet Şeýbany hanyň goşunlarynyň arasyndaky aýgytly söweş 1510-njy ýylyň 30-njy noýabrynda Merwiň etegindäki Talhatanbaba diýen ýerde bolup geçýär. Şeýbany hanyň goşunlary gyzylbaşlar tarapyndan derbi-dagyn edilýär, onuň özi bolsa öldürilýär. Netijede, tä Amyderýa çenli ýerleriň Balh welaýatyndan galany sefewiler tarapyndan eýelenilýär. Şa Ysmaýyl bütin Mawarennahry

eýelemegi maksat edinyär, emma Garşynyň eteginde özbekler tarapyndan ýeňlişe sezewar edilýär.

Sefewileriň basybalyşlary günbatarda-da dowam etdirilipdir. 1504-nji ýylda osmanly soltany Baýezit II Derwüşiň şa Ysmaýylyň hökümdar diýlip yglan edilmegi mynasybetli gutlamak we dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Töwrüze ilçiler toparyny iberendigine garamazdan, iki döwletiň arasyndaky duşmançylykly gatnaşyklar güýçlenmese, peselmändir. 1507-nji ýyla çenli sefewiler Ermenistany, Diýarbekiri, 1508-nji ýylda bolsa Yragy Bagdat bilen bilelikde eýeleýärler. Kiçi Aziýanyň gündogarytnda sefewileri goldaýan şygalar-türkmenler örän köp bolupdyr.

Soltan Baýezit II dolandyran soňky ýyllarynda kiçi aziýaly şygalar osmanlylara garşy köp topalaňlar turzupdyrlar. Gozgalaňa türkmenleriň tekeli taýpasyndan bolan Şaguly baştutanlyk edipdir. Şagulynyň gozgalaňy Osman imperiýasynda ýaşaýan sünnilere uly zyýan ýetiripdir, şonuň üçin hem ony Şeýtanguly diýip atlandyrypdyrlar. Şagulynyň gozgalaňyny basyp ýatyrmak örän agyr düşüpdir. Siwas bilen Kaýseriniň aralygyndaky Gökçaý diýen ýerde bolan söweşde gozgalaňy basyp ýatyrmaga gelen osmanly serkerdesi we Şagulynyň hut özi öldürilipdir. Munuň özi söweşiň örän gazaply ýagdaýda bolup geçendigine şaýatlyk edýär. Şa Ysmaýyl kiçi aziýaly şygalara kömek bermäge çekinipdir, sebäbi Osman imperiýasy iňňän kuwwatly döwletdi. Şeýle döwlet bilen aç-açan urşa girilmegi Sefewiler döwletini agyr ýagdaýa salmagy mümkindi.

Baýezit II-den soň tagta çykan Selim Ýowuz (1512-1520) Osman imperiýasynyň daşary syýasatyny işjeňleşdirmäge başlaýar. Selim döwletiň gündogar serhetleriniň howpsuzlygyny üpjün etmegi maksat edinipdir we Kiçi Aziýanyň gündogarynda ýaşaýan şygalara garşy berk syýasat ýöredipdir. Soltanyň bu hereketi sefewiler bilen

osmanlylaryň arasynda uruş hereketleriniň başlamagyna getirýär. Esasy söweş 1514-nji ýylyň 23-nji awgustynda Günorta Azerbaýjandaky Çaldyran düzlüginde bolup geçýär. Çaldyran söweşinde şa Ysmaýylyň özi osmanly pälwany Malgoç ogly bilen başa-baş söweşýär. Söweşde osmanly pälwany öldürilýär, şa Ysmaýyl bolsa agyr ýaralanýar. Söweşiň netijesinde gyzylbaşlar agyr ýeňlişe sezewar bolup, söweş meýdanyny taşlap gidýärler. Emma soltan Selim hem mundan aňryk süýşmändir: ol goşunlaryny alyp yza dolanýär. 1517-nji ýylda şa Ysmaýyl Gündogar Gruziýany hem eýeleýär.

**Sefewiler döwletiniň syýasy we jemgyýetçilik gurluşy.** Birnäçe ýyla çeken ýörişlerden soň, giň ýerleri öz içine alan Sefewileriň ýa-da Gyzylbaşlaryň döwleti (parsça «*doulet-i Gyzylbaş*») ýüze çykýar (1502-1736). Bu döwletde XVI asyryň ahyrlaryna çenli türkmenler hojaýynçylyk edipdirler. Köşk adamlary, goşun serkerdeleri, welaýatlaryň häkimleri esasan türkmenlerden bellenilipdir. Köşkde we goşunda türkmen diliniň günbatar aziýa şiwesi ulanylypdyr. Hatda şa Ysmaýylyň özi hem Hataýy lakamy bilen türkmen dilinde eserleri döredipdir. Ýöne, öňden gelýän däplere eýerilip (Seljuklaryň, hulagularyň we başgalaryň), diwanyň işi pars dilinde alnyp barlypdyr. Sefewileriň döwletiniň düzümine häzirki Eýranyň ýerinden başga-da, Azerbaýjan, Ermenistan, Günorta Türkmenistan, Owganystan giripdir. XVI asyryň ortalaryna çenli döwletiň merkezi Günorta Azerbaýjanda – Töwrüz şäherinde ýerleşipdir.

Sefewiler döwletiniň durmuş-ykdysady we syýasy bitewiligini saklamak üçin dolandyryjylar hem-de ýerli ulamalar tarapyndan ýeke-täk ideologiýa – şygaçylyk öňe sürlüpdirler. Ýurda sünnüleriň şygalardan has köp bolandygyna garamazdan, olar köpçülikleýin yzarlanylypdyr. Ýowuz yzarlamalaryň netijesinde sünnüler şygaçylyga geçmäge mejbur bolupdyrlar, olaryň şygaçylygy kabul etmediklerini gyrypdyrlar ýa-da olar başga ýurtlara gaçyp gidipdirler. Munuň özi sefewi

döwletini Merkezi Aziýanyň, Orta we Ýakyn Gündogaryň sünni musulmanlaryndan barha çetleşdiripdir. Beýleki dinler babatynda sefewiler aram syýasat ýöredipdirler. Hristianlar (gruzinler, ermeniler, assiriýalylar) we iudeýler (ýahudylar) sefewi hökümdarlary tarapyndan belli bir derejede hormat-sylaga mynasyp bolupdyrlar.

XVI asyrda çarwa taýpa serdarlaryna («*emir-i il*» - «iliň emiri») şa tarapyndan «*yurt*» ýa-da «*ojaklyk*» diýlip atlandyrylan ekerançylyk ýerleri berlipdir. Sefewiler döwletinde taýpalar «il» diýlip atlandyrylypdyr, şu ýerden hem köplük sanda aýdylýan türkmen diliniň «*ilat*» (ýagny «iller», «taýpalar» manysynda) düşünjesi ýüze çykypdyr. Taýpa serdarlaryna mal bakmak we ýazlaga çykmak üçin daglarda «*ýaýlag*», gyşlamak üçin bolsa, düzllerde «*gyşlag*» diýlip atlandyrylan öri meýdanlary berlipdir. Bu ýerler kanun boýunça taýpanyň ilatynyň umumy eýeçiligine berilse-de, iş ýüzünde köplenç taýpa serdarlarynyň ygtyýaryna geçipdir. Ýöne, taýpa serdarlary şol ýerleri satyp ýa-da dolylygyna öz hususy eýeçiligine geçirip bilmändirler.

Ýurt ýerlerinden başga-da sefewileriň döwletinde eýeçiligiň öňki döwürler üçin häsiýetli bolan görnüşleri hem saklanyp galypdyr. Olar 1) döwlete degişli diwany, 2) sefewileriň maşgalasyna degişli hasse, 3) hususyýetçileriň mülk, 4) sowgat berilýän *süýürgal* we 5) dini edaralara degişli wakf ýerleridi. Emma sefewileriň döwründe bu ýerler saklanyp galsa-da, eýýäm olaryň görnüşleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň tapawudy üýtgäpdir. Diwany, hasse we yurt ýerleriniň mukdary belli-külli artypdyr, bularyň tersine mülk we



Pälwanlaryň şanyň öňünde çykyşy

süýürgal ýerleriniň möçberleri kemelipdir. Dogry, sefewi hökümdarlary öňki süýürgallaryň bir bölegini saklapdyrlar, ýöne onuň eýeleriniň merkezi häkimiýet bilen gatnaşyklarda giň hukuklarynyň bolandygy üçin täze süýürgallary bermekligi bes edipdirler.

Mälim bolşy ýaly, süýürgal (mongolçadan terjime edilende «sylag») iktanyň mongollaryň döwründe ýüze çykan bir görnüşi bolup, ony döwlete gulluk edýänligi üçin ol ýa-da beýleki bir begzada, serkerdä hökümdar tarapyndan hususy eýeçilige berilýän ýer bolupdyr. Süýürgalyň iktadan tapawutly aýratynlygy, onuň eýesi özüne berlen ýerde dolandyryş we kazyýet işlerini özbaşdak alyp barypdyr. Süýürgal ýerlerindäki ähli wezipeli adamlar, onuň eýesi tarapyndan bellenilip, diňe şoňa-da hasabat beripdirler. Merkezi döwlet edarasynyň emeldarlarynyň süýürgal ýerlerine barmaga ygtyýary bolmandyr. Sefewileriň döwründe beglere we döwlet gullukçylaryna indi *tiul* ýerlerini berip ugrapdyrlar. Tiul barada XV asyryň başlarynda agzalyp başlaýar, ýöne ol şol döwürler giň ýaýramandyr. Sefewileriň döwletinde tiul diýlip kesgitlenilen ekerançylyk ýerinden alynýan salgydyň hemmesi ýa-da bir bölegi, onuň eýesine gulluk üçin berlipdir. Tiul ýeri beglere we döwlet gullukçylaryna gullugy üçin ýa-da bitiren aýratyn hyzmaty üçin berlipdir. Tiul ýerleri ömürlik berlipdir we ony nesilden nesle geçirip bolmandyr. Şeýlelikde, tiul ir döwürlerde ulanylan iktanyň giçki döwürde ýüze çykmasydyr. Tiuly döwlet ýerleriniň (diwany) hasabyna berýärdiler.

Ýerlerdäki taýpa serdarlary, sefewilere tabynlyk bildiren ýerli nesilşalyklar şa tarapyndan bellenilýän we boşadylýan gullukçylar – hökümdaryň ýerlerdäki dolandyryjylary («*häkim*») hasap edilipdir. Iş ýüzünde ýerli dolandyryjylaryň wezipeleri nesilden-nesle geçipdir. Çarwa türkmen, lur we kürt taýpa serdarlary han ýa-da soltan unwanyny, ýerli oturymly begzadalar bolsa mälik unwanyny göteripdirler. Mälikleriň birleri şanyň welaýatlardaky dolandyryjylary bolan

beglerbegilere, beýleki birleri bolsa gönüden-göni şanyň özüne tabyn bolup, olary «weli» diýip atlandyrypdyrlar. Mysal üçin, Kartliniň we Kahetiýanyň patyşalary (ikisi hem Gruziýada), Lurystanyň, Kürdüstanyň we Huzistanyň hökümdarlary weli derejesini göteripdirler.

Sefewileriň döwletinde şeýle wezipeler bolupdyr: «*beglerbegi*», «*weli*» (sefewileriň golastyndakykäbir ýurtlaryň häkimi), «*möhürdar*» (şa möhrüni saklaýjy), «*işikagasybaşy*» (köşkde dabaralary gurnaýan emeldar), «*awşikarbaşy*» ýa-da «*awçybaşy*», «*wekil*» (şanyň orunbasary), «*läle*» (atabeg), «*ýasawulbaşy*» (şanyň adýudanty), «*myrahyrbaşy*» (athananyň başlygy), «*myhmandarbaşy*» (daşary ýurtly we hormatly myhmanlary kabul edýän emeldar), «*supraçybaşy*» (köşk aşhanasynyň başlygy), «*müneçjimbaşy*», «gapyguly» (köşk gullukçylary), «*gullaragasy*» (gapy gullarynyň ýolbaşçysy), «*jarçy*» we başgalar. Harby wezipeler we derejeler barada aýdylanda bolsa, olar hem edil türkmen dilinde aýdylyşy ýaly bolupdyr: goşun, ýasawul, ýüzbaşy, onbaşy, nöker we başgalar.

Sefewileriň döwründe döwletiň durmuş-ykdysady gurluşy bilen baglanyşykly adalgalaryň hem aglabasy türkmen dilinde atlandyrylypdyr. Muňa taryhy çeşmelerde berilýäň il, ilat, ýurt, ülke, gonalga, ýaýlag, gyşlag, ojaklyk ýaly köp sanly atlar hem doly şaýatlyk edýär.

Sefewileriň döwründe salgyt töleýänler iki topara bölünip, olaryň birini «ilat» (çarwa taýpalar), beýlekisini bolsa «raýat» (ekerançy daýhanlar) diýip atlandyrypdyrlar. Ilatyň ýagdaýy raýatyňka garanyňda has ýeňil bolupdyr. Sebäbi esasy salgyt töleýjiler raýatlardy. Raýatlar döwlete önüm görnüşinde hyraç ýa-da *maly-jihat* salgydyny töläpdirler. Şa Ysmaýylyň döwründe hyrajyň möçberi 1/6-e çenli azaldylypdyr. Emma hyraçdan başga-da, raýatlar döwletiň ýa-da ýer eýesiniň peýdasyna başga-da dürli görnüşdäki ýgymlary tabşyrmaly bolupdyr. Raýatlar «bigar» (gazy-haşar işleri) borjuny hem ýerine ýetirmelidiler. Bigar boýunça raýatlary ýollaryň,

köprüleriň, ýaplaryň we başgalaryň gurluşygyna sürýärdiler. Sefewileriň döwründe raýatlar belli bir derejede goşunlar üçin azyk we ot-iým (alafe we ulufe) tabşyrmalydy, ondan-oňa geçip barýan emeldarlara, goşunlara «*gonalga*» bermelidi, begleriň gurnaýan «aw-şikaryna» hyzmatkär, kowguçy bolup gatnaşmalydy we başgalar.

**Tahmasp I döwründe Sefewiler döwletiniň içeri we daşary syýasaty.** Şa Ysmaýyl aradan çykandan soň tagta onuň on ýaşlyja ogly Tahmasp mürze (1524-1576) çykýar. Ýaş wagtlary ýurtdaky häkimiýet esasan tanymal türkmen taýpa serdarlarynyň we begleriniň elinde bolupdyr. Şonuň üçin hem dürli ýyllarda taýpalaryň özara uruşlary, ýerli begleriň topalaňlary bolup geçipdir. Kämillik ýaşyna ýetenden soň Tahmasp ýurdy özbaşdak dolandyrmaga çalşypdyr, ýurduň dürli ýerlerinde bolup geçen topalaňlary basyp ýatyrmagy başarypdyr, ýöne bu döwürde-de taýpa serdarlarynyň täsiri güýçli bolmagynda galypdyr.

Tahmasp şa 1538-nji ýylda Demirgazyk Azerbaýjandaky Şirwan döwletini, 1551-nji ýylda bolsa Şekini basyp alypdyr. Ol Gündogar Gruziýany tabynlykda saklamak üçin dürli ýyllarda bu ýere ýörişleri geçirmeli bolupdyr.

Mawarennahrdaky özbek döwletleri bilen uruşlar Tahmaspyň döwründe-de dowam etdirilipdir. Sebäbi özbek hökümdarlary her ýyl diýen ýaly Horasana we Astrabat taraplara çozuşlary geçirip durupdyrlar, olar birnäçe gezek Hyrady hem eýeläpdirler. 1528-nji ýylda sefewiler Turbatjamyň töwereginde Buharanyň hany Ubaydylla hany agyr ýeňlişe sezewar edipdirler. Emma bir ýyl geçip-geçmänkä, özbekler Maşady we Hyrady eýeläpdirler. Şundan soň gyzylbşlaryň özbekler bilen gatnaşyklary esasan goranyş häsiýete eýe bolýar. Bu ýerleriň ilatynyň esasy köpçüliginiň sünniler bolandygy üçin olar sefewiler tarapyndan yzarlanmalara sezewar edilipdir. Bu bolsa öz gezeginde ýerli ilatyň mawarennahrly özbeklerden arka gözlemeklerine we

sefewilere garşy gozgalaňlaryň turmagyna getirýärdi. 1535-nji ýylda Hyratda sefewilere garşy şäher ilaty gozgalaň turuzýar. Mundan özbekler peýdalanyp şäheri eýeleýärler. Emma 1536-njy ýylda sefewilere özbekleri Horasandan gysyp çykarmak başardýar. Özbekleriň Horasana ýörişleri 1543-nji, 1549-njy, 1556-njy, 1560-njy we 1567-nji ýyllarda yzygider dowam etdirilipdir.

1550-nji ýylda Astrabat taraplarda sefewilere garşy türkmenleriň okly taýpasyndan bolan Aba serdaryň baştutanlygynda uly gozgalaň turýar. Gozgalaňçylar Astrabat sebitinde häkimiýeti öz ellerine alypdyrlar. Gozgalaňçylara özbekler hem ýakyndan ýardam edipdirler. Bu gozgalaň 1558-nji ýylda Aba serdaryň haýynlyk bilen öldürilmegi netijesinde basylyp ýatyrylýar.

XVI asyryň birinji ýarymynda Osman imperiýasy bilen hem yzy üzülmeýän uruşlar alnyp barlypdyr. Uruşlar Kürdüstany, Yragy, Kawkazy, şeýle hem möhüm söwda ýollaryny eýelemek ugrunda alnyp barylýardy. 1533-nji ýylda osman soltany Süleýman Kanuny (1520-1566) Azerbaýjana çozup girýär we 1534-nji ýylda ýurduň paýtagty Töwrüzi, Soltanyýany eýeleýär.  Osmanly goşunlaryna Yraga girip Bagdady eýelemek hem başardýar. Sefewilere osmanly goşunlaryny Azerbaýjandan gysyp çykarmak başardypdyr, ýöne Yrak, onuň merkezi Bagdat Süleýman Kanunynyň eline geçipdir. 1538-nji ýylda osmanly goşunlary Wan kölüniň töwereklerindäki ýerleri, Wan şäheri bilen bileleikde eýeläpdirler.

Sefewiler döwleti üçin şeýle kynçylykly döwürde Tahmaspa garşy onuň dogany Algas mürze topalaň turuzýar. Algas mürze Şirwanyň beglerbegidi. Ol Şirwany Sefewiler döwletiniň düzüminden aýryp özbaşdak döwlete öwürmek isläpdir. Sefewileriň taýpa serdarlaryna iki dogany ýaraşdyrmak birbada başardan hem bolsa, soň Algas mürze ýene-de agasynyň garşysyna topalaň turzupdyr. Tahmasp

tarapyndan iki gezek ýeňlişe sezewar edilen Algas mürze Krym hanynyňka, ondan hem aňryk Stambula gaçyp gidipdir. Soltan Süleýman Kanuny Algasyň topalaňyndan peýdalanypdyr we 1548-nji ýylda Günorta Azerbaýjana çozup girip, Töwrüzi[1] ikinji gezek eýeleýär. Osmanly goşunlary sefewileriň döwletiniň has içki welaýatlaryna aralaşyp, wagtlaýynça Yspyhan şäherini hem basyp alýarlar.

1555-nji ýylda Kiçi Aziýanyň Amasýa şäherinde sefewiler bilen osmanlylaryň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşylýar. Amasýa şertnamasyna laýyklykda, Sefewileriň döwleti Azerbaýjany, Gündogar Ermenistany we Gündogar Gruziýany saklap galypdyr. Günbatar Gruziýa, we Günbatar Ermenistan, şeýle hem Yrak Osman imperiýasynyň düzümine goşulypdyr.




---

[1] 1548-nji ýylda Töwrüziň Osman imperiýasynyň serhetlerine juda golaýdygy göz öňünde tutulyp, paýtagt Kazwin şäherine geçirilýär

Sefewileriň döwletiniň günorta-gündogar welaýatlary Hindistandaky Beýik Mogollaryň mülkleri bilen serhetleşýärdi. 1540-nji ýylda mogol hökümdary Humaýun häkimiýetini owganlara aldyryp, Tahmaspyňka gaçyp gelýär. Tahmasp ony güler ýüz bilen garşylapdyr we oňa tagtyny gaýtaryp almaga ýakyndan ýardam edýär. Munuň üçin mogollar sefewilere Kandagary berýärler.

Sefewiler döwleti ýewropa ýurtlary bilen dürli gatnaşyklary alyp barypdyrlar. 1561-1563-nji ýyllarda Tahmasp şanyňka rus patyşasy Iwan IV ilçisi, iňlis raýaty Antoni Jenkinson ýörite tabşyryk bilen gelipdirler. 1571-nji ýylda Kazwine Wenesiýanyň ilçisi D,Alessandri hem gelýär we Tahmaspy Osman imperiýasyna garşy Ýewropa döwletleri bilen bileleşmegi teklip edýär. Emma Tahmasp Osman imperiýasy bilen gatnaşyklaryň parahatçylykly ýagdaýdadygyny aýdyp, içiniň bu teklibini kabul etmeýär. Tahmasp şanyň dolandyran ýyllarynda ýurduň dürli ýerlerinde halk çykyşlary hem bolup geçipdir. 1569-njy ýylda Gilýanda, 1571-1573-nji ýyllarda Töwrüzde çykyşlar bolup geçipdir.

Tahmasp şa tebigaty boýunça gysyk, ýöne örän tygşytly hökümdar bolupdyr. Özünden rugsatsyz emeldarlaryna hazynadan bir köpük almaga-da ygtyýar bermändir. Hökümdarlygynyň soňky ondört ýylynda Tahmasp goşunlara bir gezek hem aýlyk tölemändir. Hökümdaryň husytlygynyň hem-de tygşytlylygynyň netijesinde, onuň Kahkah galasyndaky hazynasynda 380 müň tümen altyn we kümüş teňňeler, her biriniň agramy üç müň mysgala (1 mysgal – 4,6 gr.) barabar bolan 600 sany altyn we kümüş tokgalary, 200 harwar (eşek ýüki) ýüpek, 30 müň sany gymmat baha eşikler, 30 müň atla ýeter ýaly ýarag esbaplary saklanypdyr.

1576-njy ýylda Tahmasp şa aradan çykýar. Käbir taýpalaryň serdarlary şa tagtyna hökümdaryň gruzin aýalyndan bolan ogly Haýdar mürzäni çykarmak isläpdirler. Ony köşgün gruzinlerden düzülen goragçylary hem goldapdyrlar. Emma

mundan awşarlar, gajarlar, rumlylar nägile bolupdyrlar we olar hökümdaryň ýigrimi ýyl bäri öý tussaglygynda saklanylýan ogly Ysmaýyl mürzäni tagta çykarýarlar. Haýdar mürze we onuň tarapdarlary bolsa öldürilýär. Şeýlelikde, şa tagtyna Tahmaspyň türkmen aýalyndan – Isa beg Mosully Türkmeniň gyzy Soltanym hanymdan bolan iki oglunyň kiçisi Ysmaýyl mürze çykarylýar.

Ysmaýyl II (1576-1578) döwlet işine ukypsyz hem-de ýowuz hökümdar bolupdyr. Ol kakasynyň beýleki aýallaryndan bolan ähli doganlaryny, olaryň çagalaryny öldürdipdir, diňe öz süýtdeş dogany Muhammet mürzä we onuň çagalaryna degmändir. Täze hökümdar ýörite perman çykaryp, Sefewiler döwletinde şygaçylygy ýatyrýar we Yslamyň sünni mezhebini ýurduň esasy dini ynanjy diýip yglan edýär. Hökümdaryň başlangyçlary taýpa serdarlaryny, din wekillerini gorkuzypdyr. Ýöne, tiz wagtdan onuň özi hem duýdansyz ýagdaýda aradan çykýar. Tagta Tahmaspyň nowbahar ogly, ýöne keselbent hem-de batyl Soltan Muhammet (1578-1587) çykarylýar. Takwalygy üçin oňa Hudaýbende hem diýýär ekenler. Hudaýbende hem ukypsyz döwlet işgäri bolupdyr, şonuň üçin hem dolandyryş onuň aýalynyň eline geçipdir. Hökümdaryň aýaly Mäti Öwlüýä begim gilýanly şyhlardan bolup, ol döwlet işlerine öz garyndaşlaryny we parslary çekipdir. Bu bolsa türkmen taýpa serdarlarynyň nägileligini döredýär we şa aýaly öldürilýär.

1578-nji ýylda Osman imperiýasy sefewilere garşy uruş hereketlerine täzeden başlaýar. Osmanlylar Kawkazy eýelemegi we Hazar deňziniň günbatar kenarlaryna çykyp, möhüm söwda ýollaryny eýelemegi maksat edinýärdiler. 1578-nji ýylda osman soltany Myrat III (1574-1595) goşunlary Gündogar Gruziýa, Gündogar Ermenistana we Azerbaýjana çozup girýärler. Hudaýbendäniň uly ogly Hemze mürzä osmanlylaryň hüjümlerini saklamak we hatda olary iki gezek ýeňlişe sezewar etmek hem başardýar. Emma bu wakalardan

köp wagt geçmänkä, Hemze mürze dildüwüşigiň pidasy bolýar. Netijede, osmanly goşunlary bütin Demirgazyk hem-de Günorta Azerbaýjany Töwrüz bilen bileleikde eýeleýärler.

Soltan Muhammet Hudaýbendäniň dolandyryşynyň ilkinji ýylynda Horasanda üstitäçli we şamly taýpalary gozgalaň turuzýarlar. Horasanyň dikmesi bolsa Hudaýbendäniň kiçi ogly Abbas mürzedi. Abbas mürzäniň ýaşlygyndan peýdalanyp (1571-nji ýylda doglan), onuň lälesi (atabeg) Alyguly han Şamly, beyleki bir taýpa serdary Mürşitguly han Üstitäçli bilen bileleşip, 1581-nji ýylda ony şa diýip yglan etmegi karar edýärler. Bu iki taýpa serdary soltan Muhammede garşy aç-açan urşa başlaýarlar we 1587-nji ýylda Kazwini eýeläp, Abbas mürzäni hökümdar diýip yglan edýärler. Bu döwürde Parsda topalaňlary basyp ýatyryp ýören soltan Muhammedi hemmeler taşlap gidýärler we köp wagt geçmänkä ol şol ýerde-de keselläp aradan çykýar.

**Sefewileriň döwleti şa Abbasyň dolandyran başky ýyllarynda.** Şa Abbasyň (1587-1629) dolandyran ilkinji ýyllarynda sefewi döwletiniň ýagdaýy örän kyn bolupdyr. 1587-1588-nji ýyllarda Buhara emiri bütin Horasany Merw, Hyrat, Nişapur we Maşat şäherleri bilen bilelikde eýeleýär. Gündogar Ermenistan, Azerbaýjan we Eýranyň günbatary osmanly goşunlary tarapyndan eýelenilipdi.

Ýurduň içinde-de taýpa serdarlarynyň özara uruşlary, welaýat dikmeleriniň topalaňlary dowam edýärdi. Şanyň golaý adamlary bolan Alyguly han bilen Mürşitguly han hem oňuşmandyrlar. Olyryň her biri juwan patyşany öz elindäki oýunjaga öwürmäge çalyşýardylar. Bu oňşuksyzlykda Mürşitguly han üstün çykypdyr. Emma tiz wagtdan ýaş hökümdar Mürşitguly hany öldürdip, onuň «howandarlygyndan» halas bolýar. Şundan soň şa Abbas merkezleşdirilen, güýçli häkimiýetiň tarapdarlary bolan ýerli pars emeldarlaryna daýanyp ugraýar. Gysga wagtyň içinde şa Abbas türkmenleri döwlet işlerinden hem, harby işlerden hem

çetleşdirýär. Häkimiýete parslary, goşun gullugyna bolsa ermenileri, gruzinleri we beýleki milletleri köpçülikleýin çekip başlaýar.

1590-njy ýylda Sefewi döwleti Osman imperiýasy bilen özi üçin örän agyr bolan parahatçylyk şertnamasyny baglaşmga mejbur bolýar. Şertnama boýunça Gündogar Gruziýa, Gündogar Ermenistan, bütin Demirgazyk we Günorta Azerbaýjan (Ardebil bilen Talyşdan galan ýerler) we Lurystanyň bir bölegi elden gidýär.

Şu döwürler Eýranyň dürli ýerlerinde gozgalaňlar, topalaňlar hem turupdyr. 1588-nji ýylda Lurystanyň häkimi Şaberdi han, 1589-njy ýylda Seýistanda hökümdaryň garyndaşy, şazada Rüstem mürze, Parsda zülkadar taýpasy, Kermanda awşarlar topalaň turuzýarlar. Bu topalaňlar basyp ýatyrmak şa Abbasa örän kyn düşüpdir. 1590-njy ýylda Yspyhanyň dikmesi Ýüli beg gozgalaň turuzýar. Şa Abbasa Yspyhany eýelemek başartmandyr, şonuň üçin hem hökümdar Ýüli beg bilen ylalaşmaly bolýar. 1590-njy ýylda Gilýanyň emiri Hanahmet han osmanlylar bilen gepleşik geçirip başlaýar we sefewilerden bölünip aýrylýar. Emma Hanahmet han hökümet goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär we gaçyp gidýär. Şa Abbas Gilýany öz mülküne (hasse) öwürýär. 1593-nji ýylda Talyşdaky we Lurystandaky gozgalaňlar basylyp ýatyrylypdyr. Şa Abbas Mazendarana ýöriş geçiripdir we bu ýerdäki dört sany nesilşalygy ýatyryp olaryň ýerlerini öz hususy mülküne öwürýär.

Osman imperiýasy bilen baglaşylan şertnama şa Abbasa mawarennahrly hökümdarlara garşy üstünlikli uruşlary alyp barmaga mümkinçilik beripdir. 1597-nji ýylda özbekleriň elinden bütin Horasan Merw, Nişapur, Maşat we Hyrat şäherleri bilen bilelikde gaýtarylyp alynýar.

**Şa Abbasyň özgertmeleri.** Şa Abbas öz döwletiniň ykdysady hem-de harby babatda Osman imperiýasyndan yza galýandygyna tiz düşünipdir. Aýratyn hem harby babatda

sefewiler osmanlylardan yza galýardylar. Türkiýede nöker goşunlaryndan başga-da, hemişelik goşun bolan ýanyçarlaryň pyýada goşun bölümleri we topçy goşunlary bardy. Sefewilerde bolsa ýaýçylaryň atly kurçy (köşk goragçylary) goşunlary (6 müň atly) we taýpa serdarlarynyň goşunlary (*mulazimler*) bardy. Nökerler köplenç maşgalalary we mallary bilen bileleikde hereket edýärdiler, bu bolsa uruş şertlerinde goşunlaryň üstünlikli hereket etmeginde uly kynçylyklary döredipdir. Sefewiler döwletiniň esasyny düzen türkmen taýpalarynda 200 müňe golaý harby borçly adamlar bolupdyr, emma hiç haçan goşunda 60 müňden köp atly gulluk etmändir.

Şa Abbas öňi bilen goşuny kämilleşdirmek, onuň söweş ukybyny artmak işlerine girişýär. Bu iş hökümdaryň musulmançylygy kabul eden, ermeni asylly döwlet işgäri Allaberdi hana we iki dogan, iňlis raýatlary Antoni bilen Robert Şerlilere tabşyrylýar. Özgertmeleriň netijesinde 12-müňlük atyjylar («*tüpeňçi*»), 10-müňlük atly gulam birikmeleri, artilleriýa edarasy («*tophana*»), artilleriýa goşun bölümi («*topçy*») döredilýär. Gulamlar birikmesine, edil osman imperiýasyndaky ýanyçar birikmeleri ýaly, esasan yslama uýdurylan gruzin we ermeni ýigitlerini alypdyrlar.

Şa Abbasyň döwründe gyzylbaş-türkmen taýpalarynyň goşunynyň sany üzül-kesil azaldylýar. Käbir taýpalary, meselem, tekeli taýpasyny boýun synmaýandygy üçin şa Abbas 1596-njy ýylda bütinleý diýen ýaly gyrýar. Şa Abbas hazynadan hak tölenilýän gyzylbaş türkmen mulazim (nöker) goşunlarynyň sanyny 30 müň atla çenli azaldypdyr. Umuman şa Abbasyň döwründe goşunyň sany 120 müňe barabar bolupdyr. Olaryň 44 müňüsi kurçi, topçy, tüpeňçi we gulamlar, 75 müňüsi bolsa (olaryň 30 müňüsi gyzylbaş mulazim goşunlary, galanlary bolsa türkmen[1], kürt, lur we beýleki çarwa

[1] Şol döwürde häzirki Türkmenistanyň ỳerinde ỳaşan türkmenler göz öňünde tutulýar.

halklaryň atly goşunlary) taýpa serdarlarynyň nöker goşunlary bolupdyr.

Şa Abbasyň harby özgertmeleriniň diňe bir tehniki-guramaçylyk taýdan däl, eýsem syýasy ähmiýeti hem bolupdyr. Çünki goşunyň şeýle tertipde düzülmegi, ýerli gyzylbaş-türkmen taýpalarynyň güýjüni gowşadypdyr, onuň ornuna hemişelik döwlet goşunlarynyň täsiri artypdyr. Şunuň netijesinde, ýerlerdäki han-begleriň täsiri hem gaçypdyr.

Şa Abbas merkezi döwlet edarasyny berkidipdir, ondan gyzylbaş-türkmen taýpa serdarlaryny, beglerini çetleşdiripdir we olaryň ornuna parslary köpçülikleýin döwlet wezipelerine çekipdir. Elbetde, şa Abbasyň döwründe-de, barybir türkmenleriň abraýy belli bir derejede saklanyp galypdyr. 1598-nji ýylda paýtagtyň Kazwinden parslaryň köpçülikleýin ýaşaýan ýeri bolan Yspyhana geçirilendigine garamazdan, köşkde we goşunda türkmen dili giňden ulanylypdyr. Emma gyzylbaş türkmenleriniň köpçülikleýin ýaşan ýeri bolan Günorta Azerbaýjan indi döwletiň merkezi däldi, ol döwletiň gyrak-çeti bolup galypdy.

Şa Abbas pul özgertmesini hem geçiripdir. Ol Eýranyň ähli ýerleri üçin deň güýji bolan maliýe ulgamyny döretmäge synanyşypdyr. Täze zikgelenilen teňňe «abbasy» diýlip atlandyrylypdyr. Täze pul abbasy 1 *mysgal* (4,6 gr) kümüşden zikgelenilip, onuň hümmeti 200 dinara barabar bolupdyr, ýagny 1 tümen = 10 müň dinar ýa-da 50 abbasy. Eger-de, XIV asyryň başlarynda Gazan hanyň döwründe 1 dinaryň 3 mysgal kümüşden zikgelenilendigini ýatlasak, onda XVII asyrda 3 abbasy, ýagny 600 dinaryň hem 3 mysgal kümüşden zikgelenilendigini görýäris. Munuň özi 300 ýylyň dowamynda dinaryň hümmetiniň alty ýüz esse peselendigini görkezýär. Netijede, şa Abbasa ýurduň bütin çäginde ýeke-täk teňňäniň aýlanyşygyny ýola goýmak başartmandyr. Ýurtda abbasy bilen bir hatarda dürli ýurtlaryň teňňeleri hem pul dolanyşygynda ulanylypdyr.

Şa Abbasyň döwründe ýurduň dolandyryş ulgamy belli bir derejede kämilleşdirilipdir. Ýurt dolandyryş taýdan diwany (döwlet) we hasse (patyşanyň mülkleri) welaýatlaryna bölünipdir. Diwany welaýatlary adatça ýurduň gyrak-çetlerinde ýerleşip olary beglerbegi dolandyrypdyr. XVII asyrda Sefewileriň döwletinde beglerbegi tarapyndan dolandyrylýan on üç sany welaýat bolupdyr: Şirwan, Genje-Garabag, Günorta Azerbaýjan, Çukur-Saad (Gündogar Ermenistan), Kazwin, Hemedan, Pars, Kerman, Gürgen-Astrabat, Maşat, Hyrat, Merwi-Şahyjan (Merw) we Kandagar.

Hasse welaýatlaryna sefewileriň ata-baba mekany bolan Ardebil, şeýle hem Gilýan, Mazendaran we Yspyhan degişli bolup, olary wezirler dolandyrypdyr. Hasse we diwany welaýatlaryndan başga-da, şanyň ýapjalarynyň, ýagny mirasdüşer häkimiýetli, ýöne sefewilere tabyn edilen ýerleriň hökümdarlary hem bolupdyrlar. Olaryň wezipesi weli diýlip atlandyrylypdyr. Sefewileriň döwletinde bäş sany weli bolupdyr: Arabystanyň (Huzistan) welisi, Lurystanyň welisi, Kartliniň welisi, Kahetiýanyň welisi (Ikisi hem Gruziýada ýerleşipdir) we Kürdüstanyň welisi.

**Sefewiler döwletiniň daşary syýasaty.** Osman imperiýasyna garşy urşa taýýarlanmak bilen şa Abbas ýewropaly hökümdarlar bilen syýasy gatnaşyklary ýola goýmagyň aladasyny edipdir. Şindi 1602-nji ýylda Eýrana german imperatory Rudolf II ilçileri (Kakaş bilen Tektander), Ispaniýanyň we Portugaliýanyň koroly Filip III ilçileri gelipdirler. Şa Abbasyň özi hem rus, german, rim we ispan köşklerinde bolmak we diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak şerti bilen Hüseýinaly beg Baýatyň baştutanlygyndaky ilçiler toparyny Ýewropa ugradýar.

1603-nji ýylda Abbas I Osman imperiýasyna garşy urşa başlaýar. Bu uruşda ýüz ýylyň dowamynda ilkinji gezek Sefewileriň döwleti hüjüm edýärdi, osmanlylar bolsa goranýardy. 1603-1607-nji ýyllarda sefewiler Töwrüzi,

Lurystany, Kürdüstanyň bir bölegini, Azerbaýjany, Gündogar Ermenistany we Gündogar Gruziýany osmanlylaryň elinden gaýtaryp alýar. Bu uruşlarda şa Abbasyň ermeni asylly serkerdesi Allaberdi han aýratyn tapawutlanypdyr. 1612-nji ýylyň Stambul şertnamasy boýunça şa Abbas ähli eýelän ýerlerini özünde galdyrmagy başarypdyr, ýöne sefewiler her ýylda osmanlylara, olaryň elden gideren ýüpekçilik ýerleriniň öwezine 200 harwar ýüpek ibermäge borçlanypdyrlar.

1616-nji ýylda uruş hereketleri täzeden başlaýar, emma Osman imperiýasyna üstünlik gazanmak başartmaýar we 1618-nji ýylda baglaşylan Sarawa (Günorta Azerbaýjan) şertnamasy hem Stambul şertnamasynyň maddalaryny gaýtalapdyr, diňe osmanlylara berilýän ýüpegiň mukdary 100 harwara çenli azaldylypdyr. 1623-nji ýylda sefewi-osmanly uruşlary täzeden tutaşýar. Şa Abbas Bagdadyň osmanly dikmesi Bekir sübaşynyň soltan Mustafa I garşysyna turzan topalaňyndan peýdalanypdyr we Bagdady eýeläp, 1624-nji ýyla çenli tutuş Yragy basyp alýar. Yrak eýelenilende sefewileriň eline Mosul, Basra şäherleri, şeýle hem şygalaryň mukaddes şäherleri hasap edilýän Nejef bilen Kerbelada geçipdir.

Şa Abbas ilçi iberip, mogol patyşasy Jahangirden Kandagaryň özüne gaýtarylyp berilmegini birnäçe gezek sorapdyr. Emma Jahangir Kandagary sefewilere bermäge howlukmandyr. Osmanlylar bilen baglaşylan Saraw şertnamasy, Buhara emirligi bilen ýola goýlan parahatçylykly gatnaşyklar şa Abbasa gündogara ýöriş etmäge we Kandagary eýelemäge mümkinçilik beripdir.

Sefewiler portugallar bilen hem uruşlary alyp barypdyrlar. Pars aýlagyndaky Ormuz adasynda amatly deňiz duralgasy bolupdyr. Şu ýerden öňler Hindistana, Arabystana, Hytaýa we Ýewropa harytlar äkidilýär eken. 1507-nji ýylda Ormuzy portugallar eýeleýärler we şa Ysmaýylyň paç tölemek baradaky talabyny ýerine ýetirmändirler. Portugallar birbada Ormuzy elden giderýärler, ýöne 1515-nji ýylda meşhur

portugal deňizçisi admiral Alfonso d, Albukerke Ormuzy gaýtadan eýeleýär. Portugallar Ormuzda goşun ýerleşdirip ony berkidipdirler we baý söwda faktorisini döredipdirler. Şa Abbasa Ormuz diýseň zerur bolupdyr. Sebäbi Ormuzyň üsti bilen eýran ýüpegini ýewropa bazarlaryna çykaryp, köp peýda görüp boljakdy. Emma şa Abbasyň doganlar Şerlileriň üsti bilen Ispaniýanyň we Portugaliýanyň koroly Filip III bilen gepleşikleri netije bermändir. Şol sebäpden hem şa portugallaryň garşysyna iňlisleriň Ost-Hindistan kompaniýasy bilen gepleşikleri geçirip ugraýar. 1614-nji ýylda şanyň permany bilen Ost-Hindistan kompaniýasyna Eýran bilen söwda gatnaşyklarynda ýeňillikli şertler döredilýär.

1623-nji ýylda Ost-Hindistan kompaniýasy Ormuzy portugallaryň elinden almak üçin öz gämilerini şa Abbasyň ygtyýýaryna berýär. Baş serkerde Allaberdi hanyň ogly, Parsyň häkimi Ymamguly han şa goşunlaryna baştutanlyk edipdir we birleşen iňlis-sefewi goşunlary portugallary Ormuzdan kowupdyrlar. Şa Abbas özünde harby-deňiz güýçleriniň ýoklugy üçin Ormuzdaky berkitmäni ýumurdýar we öňki Gombrunyň ýerinde täze Bender Abbas portuny gurdurýar.

**Şa Abbasyň içeri syýasaty.** Şa Abbasyň döwründe sefewileriň döwleti başky hökümdarlaryň döwri bilen deňeşdirilende has merkezleşipdir. Onuň döwründe diwany (döwlet) we hasse (şanyň hususy mülki) ýerleriniň mukdary artypdyr. Şa Abbasa ençeme boýun egmezek hanlary we mälikleri özüne tabyn etmek başardypdyr, ýöne ýurdy doly merkezleşdirmek hökümdaryň özüne-de, mirasdüşerlerine-de başartmandyr. Içeri syýasatda şa Eýranyň merkezi welaýatlarynyň öndüriji güýçlerini ösdürmäge we olary basylyp alnan ýerleriň hasabyna baýlaşdyrmaga çalşypdyr. Bu ýerleriň ilatyna salynýan salgydy hökümdar ep-esli derejede azaldypdyr. 1612-nji ýylda Türkiýe bilen uruşdan dolanyp gelenden soň şa Yspyhanyň ilatyny üç ýyllap salgytdan boşadypdyr we her ýyl bu ýerden döwlet hazynasyna gelýän 15

müň tümen raýatlardan alynmandyr. Günbatar Eýranda raýatlara salynýan mal salgydy bolan *«çopan begi»* salgydy şa Abbas tarapyndan ýatyrylypdyr. XVI asyryň 70-80-nji ýyllarynyň salgydynyň mukdary XVII asyryň başlarynda ep-esli azaldylypdyr. Bu çäreler şa hökümetiniň hasaplamalary boýunça Merkezi Eýranyň ykdysadyýetiniň ösüşini üpjün etmelidi. Tersine, ýurduň gyrak-çetlerinde raýatlara salynýan salgytlaryň mukdary artdyrylypdyr we bu ýerleriň ykdysadyýeti belli-külli çöküpdir. Goňşy ýurtlara garşy alnyp barlan talaňçylykly uruşlar diňe şanyň hazynasyny däl, eýsem aýry-aýry emirleriň hem baýlaşmagyna mümkinçilik beripdir. Kurçibaşy (atly nöker goşunyň baş serkerdesi) Allaguly beg Gajar alnan oljalaryň hasabyna 200 million dinar baýlyk toplamagy başarypdyr.

Hökümet senetçilige hem-de söwda ýakyndan howandarlyk edipdir, bu pudaklaryň ösdürilmegi üçin serişde gaýgyrylmandyr. Talaňçylara garşy ýowuz çäreleri geçirmek bilen söwda ýollarynyň howpsuzlygy üpjün edilipdir. Söwda ýollarynyň ugrunda kerwensaraýlar, täze ýollar gurlupdyr, bar bolan ýollar düýpli abadanlaşdyrylypdyr. Bu döwürde Hazar deňziniň kenar ýakasyndaky Mazendaranda uzynlygy 270 km barabar bolan daş düşelen täze ýol gurlupdyr. Şa Abbas halkara söwda ýollarynyň Yspyhanyň üstinden geçmegini ýola goýmak maksady bilen Araks derýasynyň boýundaky ermenileriň Julfa şäheriniň ilatyny Yspyhanyň töweregine göçüripdir. Julfanyň ilaty ussat senerçiler, şeýle hem halkara bazarlarynda tanalýan tejribeli täjirler hasap edilipdir. Ermenileriň Yspyhana göçürilmegi olar üçin hakyky betbagtçylyk bolupdyr. Bu göçhä-göçlükde 100 müňe golaý ermeni ilatyndan diňe 20 müňe golaýyna Yspyhana aşmak başardypdyr, galanlary açlykdan-suwsuzlykdan, keselçilikden ölüpdir. Göçüp gelen ermeniler üçin şa Yspyhanyň golaýynda özbaşyna bir şäheri – Täze Julfany gurup beripdir. Şa Abbas ermeni senetçilerine,

aýratyn hem söwdagärlere ýakyndan howandarlyk edipdir, olary salgytdan doly boşadypdyr.

Eýranyň merkezi welaýatlarynyň ilat sanyny artdyrmak maksady bilen dürli ýyllarda Azerbaýjandan, Ermenistandan we Gruziýadan maşgalalary köpçülikleýin göçürip getiripdir. 1605-nji ýylda Nahiçewandan 70 müňden gowrak ermeniler we gyzylbaş-türkmenleri göçürilipdir. Ýolda olaryň köpüsi heläk bolupdyr. Bu wakalar sefewiler döwrüniň taryhynda «*uly sürgün*» ady bilen galypdyr. Şa Abbas Gruziýadan hem 100 müňden gowrak ilaty Eýranyň merkezi etraplaryna göçürip getiripdir.

Şa Abbas gurujy hökümdar hökmünde şöhratlanypdyr. Eger-de, XVI asyryň ahyrlarynda Yspyhanyň ilaty 60 müň töweregi bolan bolsa, XVII asyryň ortalarynda onuň ýaşaýjylarynyň sany 600 müne ýetipdir. Şäheriň özünde ajaýyp köşkler, metjit-medreseler, seýilgähler gurlupdyr. Zinderud derýasynyň üstünden bolsa Yspyhany Täze Julfa bilen birleşdirýän Allaberdi hanyň meşhur köprüsi gurlupdyr.

Şa Abbas gürrüňsiz başarjaň hökümdar hökmünde tanalypdyr, onuň döwründe Sefewileriň döwleti harby-syýasy we ykdysady taýdan döwrüniň kuwwatly döwletleriniň hataryna goşulypdyr. Elbetde, sefewiler döwletiniň şeýle derejä ýetmeginde onuň meşhur serkerdeleri Garçgaý Muhammet hanyň, Allaberdi hanyň, onuň ogly Ymamguly hanyň hem hyzmatlary uludy. Emma şa Abbas müňkür hem ýowuz hökümdar bolupdyr. Öz häkimiýetiniň elinden alynmagyndan gorkup ogly, başarjaň ýigit Sefi mürzäni öldürdipdir, iki oglunyň bolsa gözüni oýdurypdyr. Şeýlelikde, ähli ogullaryndan dynyp, şa kiçi ýaşly agtygy Sefi mürzäni tagtyň mirasdary diýip yglan edýär. Şol döwürden başlap, hökümdarlar arkaýyn dolandyrar ýaly, sefewilerde tagtyň mirasdarlaryny haremhanadan çykarman terbiýelemek dessury ýüze çykýar. Şa Abbas 1629-njy ýylyň ýanwarynda içagyry keselinden aradan çykýar.

Täze hökümdar Sefi şanyň (1629-1642) dolandyran ýyllarynda Sefewiler döwletiniň harby-syýasy kuwwaty belli bir derejede peselipdir. Buharaly we hywaly hökümdarlaryň Horasana ýörişleriniň öňüni almak başardypdyr, ýöne mogol patyşasy şa Jahan Kanadagary sefewileriň elinden alypdyr. Osmanly soltany Myrat IV (1623-1640) Sefewilere garşy täze uruşlara başlaýar. Osman goşunlary Ermenistana we Azerbaýjana çozup girýär. Bu uruşda sefewiler diňe goranypdyrlar. 1638-nji ýylda osmanly goşunlary wagtlaýynça Hemedany, Ýerewany, Nahiçewany, Töwrüzi we Bagdaty eýeleýärler. 1639-njy ýylyň şertnamasy boýunça Sefewiler döwleti bilen Osman imperiýasynyň arasyndaky serhetler känbir üýtgemändir. Emma Yrak Bagdat şäheri bilen bilelikde Osman imperiýasynyň elinde galypdyr.

Sefi I soň sefewi tagtyna onuň ogly Abbas II (1642-1666) çykýar. Onuň döwründe Beýik Mogollaryň döwletinden Kandagary gaýtaryp alypdyrlar. Bu döwürde Sefewiler döwleti ykdysady taýdan ösmegini dowam etdiripdir, ýöne eýýäm şu ýyllarda onuň gowşaýandygy mese-mälim bildirip ugraýar.

**Orta asyrlarda Eýranyň medeniýeti.** Orta asyr medeniýeti Eýranda Yslamyň ornaşmagy bilen has-da kämilleşýär. Medeniýetiň ösendigini aýratyn hem binagärçilik sungatynda aýdyň görmek bolýar. Şu döwürde gurlan ilkinji ymaratlaryň hatarynda VIII asyryň ahyrlarynda Reýde bina edilen halyf Mätiniň metjidini, Damgandaky Tarikhana metjidini (IX asyr), Naýindäki Juma metjidini (X asyr), Demawentdäki metjidi (XI asyr) görkezmek bolar. XI asyryň başlarynda Gürgeniň Kümmethowuz şäheriniň golaýynda gurlan Kowusyň aramgähi täsin binalaryň biridir.

X-XII asyrlarda çeper hünärmentçilik ýokary derejelere ýetipdir. Owadan gülli matalary dokamaklyk, altyn sapaklar arkaly keşdeleme, dürli görnüşdäki ýaraglary, toýundan, bürünçden, kümüşden we altyndan edilen gap-gaçlary öndürmeklik kämilleşipdir. Yslamyň başky asyrlarynda pars

diliniň ulanyşdan galandygyna garamazdan, Eýranda edebiýat hem belli bir derejede ösüpdir. Ýerli alymlar sasanylar döwrüniň käbir eserlerini arap diline terjime edipdirler. VIII asyrda Ibn al-Mukaffa sasanylar döwrüniň «*Hudaýnama*» eserini arap diline terjime edipdir. IX asyrdan başlap pars dilinde (täze pars ýa-da täjik dili) hem eserler peýda bolup başlaýar. Abul Kasym Ferdöwsiniň (940-1020/30) «*Şanama*» poemasy täze pars dilinde ýazylan eserdir.

IX-X asyrlar Eýranda we sebitdeş ülkelerde taryh we geografiýa ylymlary ösüpdir. Al-Belazuriniň (892-nji ýylda aradan çykan) «*Kitab futuh al-buldan*» («Ýurtlaryň basylyp alnyşy hakynda kitap»), al-Ýakubiniň (892-nji ýylda aradan çykan) «Taryh», at-Tabariniň (838-923) «*Tarih ar-rusul wa-l-muluk*» («Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy»), asly oguzlardan bolan as-Suly (946-njy ýylda aradan çykan) «*Aurak ahbar al Abbas wa aş-arihim*» («Abbasylaryň nesilşalygy we olaryň döwrüniň şygryýeti barada maglumatrlar»), ibn Hordadbehiň (IX asyr) «*Kitab al-masalik wa-l-mamalik*» («Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby») we başgalar şu döwürde döredilen eserlerdir.

Eýranda edebiýat aýratyn hem seljuklaryň döwründe ösüpdir. Gündogaryň beýik filosofy, alymy we şahyry Omar Haýýam (1123-nji ýylda aradan çykan), «Wis we Ramin» poemasyny gaýtadan işlän Fahreddin Gürgeni, ajaýyp şahylar Enweri (1191-nji ýylda aradan çykan), Muezzi, Mähesti, Senaýy (1150-nji ýylda aradan çykan), Ferideddin Attar (1119-1220) ölmez-ýitmez eserleri döredipdirler. Beýik pir Mäne Baba, dünýä belli lukman Ibn Sina (980-1037) musulman Gündogarynyň taryhynda öçmejek yz galdyrypdyr.

Mongol basybalyşlary Eýranda medeniýetiň ösüşine örän uly zyýan ýetiriýär. Ýöne wagtyň geçmegi bilen ykdysady durmuşyň janlanmagy bilen medeniýet hem ýuwaş-ýuwaşdan dikelip ugraýar. Pars edebiýatynyň ajaýyp wekilleri Sädiniň (1184-1291) «*Bossan*» we «*Gülüstan*» poemalary, Hafiziň

(1300-1389), Jamynyň (1414-1492) ölmez-ýitmez şygyrlary diňe bir Gündogar şygryýetiniň däl, eýsem dünýä edebiýatynyň ösüşine hem ägirt uly täsir edipdir. Sefewileriň döwründe Muhammet Fizuly Baýaty (1494-1556), Şa Ysmaýyl Hataýy, Amany, Şany Tekeli, Misgin Abdal ýaly türkmen şahyrlary ajaýyp eserleri döredipdirler.

Bu döwürde Eýranda özboluşly binagärçilik hem kemala gelýär. Oljaýtu hanyň Soltanyýadaky metjidi-aramgähi, XV asyrda Maşatda gurlan Juma metjidi, Jahanşa Garagoýunlynyň Töwrüzde gurduran Gök metjidi we başgalar öz döwrüniň ajaýyp binalary bolupdyr. Binagärçilik sefewileriň döwründe hem güýçli ösüpdir. Şa Abbasyň dolandyran ýyllarynda Yspyhanda Şa metjidi, Şa enesi medresesi, Allaberdi hanyň köprüsi ýaly gözel binalar gurlupdyr. Şeýle ymaratlar Eýranyň beýleki şäherlerinde-de bina edilipdir.

Eýranda suratkeşlik sungaty hem ösüpdir. Orta asyrlarda tutuş musulman Gündogarynda bolşy ýaly Eýranda hem patyşalaryň köşgüniň ýanynda gadymy kitaplar saklanylýan we ýokary çeperçilik bilen bezelýän golýazmalary döredýän ýörite döwlet edarasy işläpdir. Şol edaralar öz döwründe «*kitaphana*» diýilip atlandyrylýardy. Kitaphanalara patyşa tarapyndan bellenilýän «kitapdar» baştutanlyk edip, kitaplary ýazmaklyk, olary owadan suratlar we nagyşlar bilen bezemek we jiltlemek işleri kitapdaryň gönüden-göni ýolbaşçylygynda amala aşyrylypdyr. Köşgüň ýanyndaky gadymy golýazmalaryň saklanýan we olaryň täze nusgalary ýazylýan kitaphanalarda meşhur hatdatlar, suratkeşler, nakgaşlar, sahapçylar, jiltçiler we başgalar işläpdirler.

Töwrüzdäki türkmen suratkeşlik mekdebiniň işini kämilleşdiren we ösdüren, suratkeşlik sungatynda öz ýoluny döredip bilen ussatlaryň biri-de Kemaleddin Begzada (1455-1536) bolupdyr. XV asyryň 70-nji ýyllarynda Begzada eýýäm özüni kämil suratkeş hökmünde tanatmagy başarypdyr we Hyratda Soltan Söýüniň köşgündäki iň abraýly suratçylaryň

birine öwrülýär. 1510-nji ýylda Şeýbany han Merwiň eteginde şa Ysmaýyl tarapyndan öldürilenden soň Kemaleddin Begzada Töwrüze gelýär. Begzada Hyradyň, Töwrüziň we Şirazyň sungat mekdepleriniň tejribesini ösdürmek bilen çäklenmän türkmen suratkeşliginde öz ýoluny – «Begzadanyň ýoluny» döretmegi başarypdyr.

Töwrüz mekdebiniň suratkeşleri esasan Nyzamynyň (1141-1209), Nowaýynyň (1441-1501), Ferdöwsiniň, Hafiziň (1325-1390), Sädiniň (takm. 1203/10-1292) we Gündogaryň beýleki söz ussatlarynyň eserlerindäki wakalary janlandyrmaga ýykgyn edýärdiler. XVI asyrda Töwrüz mekdebinde Begzadadan başga-da Rüstemaly, Şyhmuhammet, Abdylla, Dost Muhammet, Aga Mirek, Soltanmuhammet, Muhammet Kadimi, Abdylgapbar, Masut, ussat Hasanaly, Hoja Kaka we başgalar işläpdirler. Töwrüz mekdebiniň köp sanly sungat ussatlarynyň arasynda merwli suratkeş zenan Bibijäniň hem ady tutulýar. Suratkeşlik sungaty şa Abbasyň döwründe has hem kämilleşipdir. Ýurduň paýtagty Yspyhanda ol çeperçilik akademiýasyny döredipdir.

Sefewileriň döwletinde seýilgähçilik sungaty ýokary derejelere ýetipdir. Bu döwletiň taryhynda onuň üç sany paýtagty bolup, olaryň üçüsi hem gözel çarbaglary bilen şöhratlanypdyrlar. Döwletiň birinji paýtagty Töwrizdäki «Döwlethana», ikinji paýtagty Kazwindäki «Kyrk sütün», üçünji paýtagty Yspyhandaky «Kyrk sütün» köşgi-seýilgäh toplumlary görenleri aňk edipdir. Şa Abbasyň Yspyhandaky «Hazar-Jerib», Şirazdaky «Bagy-tagt», Aşrafdaky bagy ýapynyň ýüzünde gurlan seýilgählerdir.

### § 2. Osman imperiýasy XV asyryň ahyrlaryndan – XVII asyryň ortalaryna çenli döwürde

**Osman imperiýasynda orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi we onuň kanunlaşdyrylmagy.** Muhammet II Fatyh

(1451-1489) Türkiýäniň taryhynda täze ýerleri basyp alan meşhur serkerde, şeýle hem ýurtda möhüm özgertmeleri amala aşyran başarjaň döwlet işgäri bolupdyr. Kiçi Aziýada we Günorta-Gündogar Ýewropada giň ýerleriň eýelenilmegi soltana häkümdaryň ygtyýarlyklaryny giňeltmäge, ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýyny pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm özgertmeleri durmuşa geçirmäge-de mümkinçilik beripdir. Onuň dolandyran ýyllarynda döwleti edara etmek, eýeçiligi, salgyt we maliýe ulgamlaryny we jenaýat jemkanunyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly «Fatyhyň Kanunnamasy» atly kanunlar toplumy işlenilip düzülipdir.

Kanunnamada şertli (gulluk) ýer eýeçilik ulgamy ykrar edilipdir we şeýle eýeçilikdäki ýer eýeleriniň dürli görnüşleriniň hukuklarynyň hem-de borçlarynyň toplumy kesgitlenilipdir. Hasseleriň we zeametleriň eýeleri (gulluk ýerleriniň bu görnüşleri «*serbest*» (erkin) ýerleriniň hataryna goşulypdyr) kazyýet we hukuk taýdan eldegrilmesiz ýagdaýa (immunitet) eýe bolupdyrlar we raýatlardan (daýhanlar) ýygnalýan salgytlaryň tas ähli görnüşlerine diýen ýaly eýe bolupdyrlar. Timaryň özi «*serbestsiz*» (erkin däl) gulluk ýerleri diýlip hasap edilipdir we olar ýokarky ikisiniňki ýaly artykmaçlyga eýe bolup bilmändirler. Timarlaryň eýeleri raýatlardan alynýan ýygymlaryň diňe bir bölegine eýe bolup bilipdirler.

Osmanly döwletinde daýhanlaryň şahsy eýeçiligindäki ýerler çiftlik diýlip atlandyrylyp, iki görnüşi bolupdyr. Onuň birinjisi raýat (daýhan) çiftligi, ikinjisi bolsa hasse (gurply adamlaryň) çiftligi diýlip atlandyrylypdyr. Çiftlikleriň möçberi ýeriň hili bilen bagly bolup, olar üç topara bölünipdir: mes, orta tapdaky we ýaramaz hilli ýerler. Ýeriň hiline baglylykda, çiftlikleriň ölçegi 60-150 dönüm aralygynda kesgitlenilipdir.

XVI asyrda Süleýman I «Kanunnamasy» hem kabul edilýär. Oňa laýyklykda mes toprakly çiftligiň möçberi 70-80

dönüm, ortaçasynyňky – 100, ýaramaz hilli ýerleriňki bolsa 130-150 dönüme barabar bolupdyr. Ýöne, Osmanly döwletiniň dürli ýerlerinde çiftligin möçberi az-kem tapawut edipdir: Aýdaňda 60, 80, 130-150 dönüm, Bursada 70-80, 100, 130-150; Kütahýada 60-80, 120; Diýarbekirde 80, 100, 150; Erzurumda 80, 100, 130; Mosulda 80, 100, 150 we ş.m.

Bir dönüm ortaça 40 ädime, ýa-da 940 kw/metr deň bolupdyr. Eger-de, bir dönümi ortaça 1 müň kw/metr diýip hasaplansa, onda çiftligiň ortaça möçberi 6-15 ga töweregi bolar. Diýmek, mes toprakly ýerdäki çiftligiň ölçegi 6-8 ga; ortaça hilli ýerdäki – 9-11 ga, ýaramaz toprakly çiftligiň möçberi 12-15 ga barabar bolýar.

Gulluk we çiftlik ýerlerinden başga-da, Osman imperiýasynda mülk we wakf ýerleri hem giň ýaýrapdyr. Mülkleriň esasy bölegi Günorta-Gündogar Ýewropa ýurtlary we Anadolydaky beglikleriň ýerleri eýelenilýän döwri ýüze çykypdyr. Olaryň eýeleri Balkan ýarym adasyny eýelän ilkinji begleriň nesilleri we osmanlylara meýletin boýun egen öňki kiçi aziýaly beglikleriň hökümdarlarynyň mirasdarlarydy. Emma Muhammet II-niň Kanunnamasy mülk we wakf ýerleriniň aýry-aýry şahslara degişli böleginiň mukdaryny çäklendiripdir. Sebäbi Osman imperiýasy harbylaşdyrylan döwlet bolandygy sebäpli, ýörişleri geçirmek üçin oňa döwlet ýerleri köp gerek bolýardy. Gündogaryň musulman ýurtlarynda hususy eýeçilikdäki ýerleriň kanun tarapyndan ygtybarly goragynyň bolmandygy sebäpli, mülkleriň eýeleri öz emläklerini we mülklerini elde saklamak üçin döwletiň gözegçiligine degişli bolmadyk wakf düzgünini peýdalanmaga çalşypdyrlar. Munuň üçin olar dini guramalar we atly ulamalar bilen şertleşip, öz mülklerini we emläklerini wakfa geçirýärdiler we munuň üçin mülkden gelýän girdejiniň bir bölegini dini gurama ýa-da atly ulamanyň hasabyna geçirýärdiler.

Muhammet II-niň Kanunnamasynyň döredilen döwürleri osman jemgyýetiniň ýokary gatlagynda sipahiler diýlip atlandyrylan iki sany topar ýüze çykýar. Sipahileriň esasy köpçüligini timariotlar düzüp, olar salgydyň diňe bir bölegine eýe bolýardylar we olaryň özlerine berkidilen daýhanlar (raýatlar) babatynda hem hukuklary çäklidi. Timariotlardan tapawutlylykda, az sanly iri sipahileriň elinde ummasyz köp gulluk ýerleri we emläk bardy. Ýurtdaky mülk ýerleriniň hem esasy bölegi şolaryň elindedi. Sipahiler ýeri işläp bejermek, ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak bilen gyzyklanmandyrlar. Olaryň esasy gyzyklanmasy salgydyň wagtly-wagtynda ýygnalmagyna gönükdirilipdir. Ähli ekerançylyk ýerleri raýatlar, ýagny salgyt töleýjiler bolan daýhanlar tarapyndan işlenilip bejerilipdir we ýeri ulanýandyklary üçin hasylyň kesgitli bölegini salgyt hökmünde ýeriň eýesine tabşyrypdyrlar.

Muhammet II Kanunnamasynyň käbir maddalary daýhanlaryň sipahileriň öňündäki borçlaryny hem kesgitläpdir. Sipahi özüne degişli ekerançylyk ýeriniň mukdaryna görä daýhanlardan ýer salgydyny (hyraç) we hüşür salgydyny (1/10) almaga hukugy bolupdyr. Bulardan başga-da, daýhanlar ýeriň eýesine degirmen salgydyny, mal salgydyny, nika salgydyny, ýeriň miras galdyrylýandygyna güwä geçýän resminamanyň (*tapu*) düzülýändigi üçin salgyt we dürli görnüşdäki jerimeleri töläpdirler. Däýhanlar köprüleriň, ýollaryň, galalaryň gurluşygynda işlemäge-de borçly edilipdir. Musulman däller ýer salgydyndan we hüşürden başga-das, jan başyna salgydy – jyza hem töläpdirler. Ýöne, musulman dälleriň artykmaç tarapy, olar goşunçylyga alynmandyr, ýörişlere äkidilmändir.

Salgytlar pul, önüm we hyzmat görnüşlerinde tölenilipdir. Eger-de, tölegçiniň pul ýa-da önüm görnüşinde salgyt tölemäge gurby ýetmese, zähmetiň haýsy hem bolsa bir görnüşini ýerine ýetirip, algydary bilen üzülişip bilipdir. Ýöne, Osman imperiýasynda salgydyň giň ýaýran görnüşi, önüm bilen

üzülişmeklik bolupdyr. Osman imperiýasynda zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeklik giň gerime eýe bolmandyr. Kanunnama onuň dowamlylygyny ýylda ýedi güne çenli azaldypdyr, özi hem zähmet borjundan pul töläp galyp bolupdyr. Kanunnama raýatyň erkinligini belli bir derejede çäklendiren hem bolsa, kanun boýunça osmanly daýhany erkinligine galypdyr. Osmanly daýhanynyň ýeri atasyndan ogluna miras galyp, daýhan öz ýerinden diňe ony işläp bejermedik ýagdaýynda mahrum edilipdir. Ýewropanyň, Uzak Gündogaryň we Günorta Aziýanyň döwletlerinden tapawutlylykda, Osman imperiýasynda gaçgak daýhany yzyna dolap getirmek bilen baglanyşykly ýowuz hukuk kadalary göz öňünde tutulmandyr.

Umuman alanyňda, Kanunnama Osman imperiýasynyň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşyny berkidipdir. Dogry, Baýezit II (1481-1512) dolandyran ýyllarynda ýokary gatlagyň wekilleri öz mülkleriniň we wakflarynyň dikeldilmegini başarypdyrlar, emma gulluk ýerleri Osman imperiýasynda eýeçiligiň agalyk ediji görnüşi bolup galmagyny mundan beýläk hem dowam etdiripdir. Şonuň üçin hem XVI asyryň başlarynda mülkler we wakflar ekerançylyk ýerleriniň bary-ýogy 10-12%-ni düzüpdirler.

**Osman imperiýasynyň jahan şalygyna öwrülmegi.** XVI asyryň birinji ýarymynda osmanly hökümdarlary Ýewropada, Aziýada we Demirgazyk Afrikada eýelenilen täze ýerleriň hasabyna döwletiň araçäklerini has uzaklara süýşürmegi başarypdyrlar. XVI asyryň başlarynda Osman imperiýasy özüniň gündogar serhetlerinde täze peýda bolan Sefewi döwleti bilen bäsleşmeli bolupdyr. Edil Osman imperiýasy ýaly, Sefewiler döwletini hem türkmenler esaslandyrypdylar. Emma dinara dawalary bu iki türkmen döwletiniň gatnaşyklaryny örän ýitileşdiripdir. Sebäbi Osman döwletinde yslamyň sünni, Sefewileriň döwletinde bolsa şygaçylyk mezhebleri ykrar edilýärdi. Şunuň netijesinde Sefewileriň döwletinde sünniler

ýowuz yzarlanylýardy. Elbetde, Osman imperiýasynda-da şygalaryň ýagdaýy ýeňil bolmandyr, ýöne osmanly şygalary Sefewiler döwletindäki sünnüleriň çekýän jebirlerini çekmändirler. Sebäbi Osmanly döwletinde şygalara hem beýleki dinler (hristianlar, ýahudylar) ýaly içki özbaşdaklyk berlip, şygalaryň mukaddes merkezleri Kerbele we Nejep osmanly soltanlarynyň aýratyn howandarlygyndan peýdalanypdyrlar. Ýöne sefewileriň meçew bermegi bilen Anadolynyň gündogar etraplarynda ýaşaýan şygalar häli-şindi topalaň turuzýardylar. Şeýle ýagdaý dörände Osmanly döwleti hem olara garşy ýowuz çäreleri geçirýärdiler. Netijede, dinara dawalary iki döwletiň arasynda ganly çaknyşmalara getirýärdi.

Sefewileriň döwletiniň güýçlenmegi Osman imperiýasyny ynjalykdan gaçyrypdyr we onuň gündogar serhetlerine howp salypdyr. Sefewiler Anadolynyň gündogar welaýatlarynda ýaşaýan türkmen taýpalaryny hökümete garşy gozgalaňlara küşgürýärdiler. Şonuň üçin hem gyzylbaşlaryň täsirini gowşatmak üçin osmanly hökümdarlary Gündogar Anadolydaky türkmen taýpalaryny günbatara, imperiýanyň Ýewropadaky mülklerine göçürýärdiler. Şygaçylyga uýýan türkmen taýpalary osmanlylaryň bu syýasatyna gozgalaňlar bilen jogap berýärdiler ýa-da Sefewi döwletiniň ýerlerine köpçülikleýin göçüp gidýärdiler. 1502-nji ýylda Gündogar Anadolyda ýaşaýan türkmen taýpalarynyň bir bölegini osmanly hökümeti Moreýa (Günorat Greziýa) göçüripdir.


Selim I Ýowuz awda (miniatýura, XVI asyr)

Selim I (1512-1520) hökümdarlygyny şygalara garşy berk çärelerden başlapdyr. Osmanly soltanynyň hereketlerine

Sefewiler sünnülere garşy jeza çäreleriniň güýçlendirilmegi bilen jogap beripdirler. Netijede, iki döwletiň arasyndaky gapma-garşylyklar uruş hereketlerine getirýär. Sefewiler bu uruşlarda osmanlylardan ýeňilýärler we köp ýerlerini olara aldyrýarlar.

1516-1517-nji ýyllarda Selim I goşunlary Mamlýuklaryň döwletini basyp alýar. Mamlýuklaryň döwleti ýykylandan soň osmanly häkimiýeti Hijazda-da (Günbatar Arabystan) ornaşdyrylýar. Mamlýuklaryň üstünden gazanylan ýeňiş Selim I abraýyny artdyrypdyr we ol «*Ýowuz*» adyna eýe bolýar.

Süleýman I (1520-1566) dolandyran ýyllarynda Osman imperiýasy harby-syýasy kuwwatynyň çür depesine çykýar. Müsürden soň 1522-nji ýylda osmanly deňiz goşunlary Rodos adasyny eýeleýär. Rodosyň eýelenilmegi Osman imperiýasyna Ortaýer deňziniň gündogar sebitlerinde agalyk etmäge doly mümkinçilik berýär. Ispan we portugal haç göterijileriniň Demirgazyk Afrikadaky ýörişlerine gaýtawul bermek bilen, Süleýman I öz häkimiýetini sebitiň ähli ýerinde diýen (Marokka çenli) ýaly ýola goýmagy başarýar. Bu işde soltana meşhur deňizçiler – iki dogan Barbarossalar ýakyndan ýardam edipdirler. 1565-nji ýylda Süleýman I Malta adasyny eýelemäge hem synanyşyk edýär.

Ýewropada osmanlylar bilen Gabsburglaryň imperiýasynyň arasynda ýangynly uruşlar alnyp barlypdyr. 1526-njy ýylda osmanly goşunlary Belgrady eýeleýärler we Mohaçyň eteginde birleşen wenger-çeh goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edyärler. 1529-njy ýylda Süleýman I goşunlary eýýäm Wenanyň eteginde peýda bolup şäheri gabaýarlar. Emma Wenany eýelemek osmanlylara başartmandyr. 1547-nji ýylyň şertnamasy boýunça Wengriýa Osman imperiýasy bilen Gabsburglaryň imperiýasynyň arasynda paýlaşylýar. Tiz wagtdan Rumyniýanyň bir bölegi bolan Transilwaniýada hem osmanly häkimiýeti ornaşdyrylýar,

Moldowanyň we Walahiýanyň içki özbaşdaklygy bolsa öňküsinden hem beter çäklendirilýär.

Günortada Süleýman I goşunlary Gyzyl deňziniň bütin kenarlaryny eýeläp Ýemene baryp ýetýärler. 1537-nji ýylda osmanly soltany uly harby-deňiz güýçlerini jemläp portugallary Hindi ummanyndan kowup çykarmaga synanyşyk edýär, emma portugallaryň hereketiniň Günorta deňizlerinde örän giň ýerleri öz içine alandygy sebäpli bu maksat amala aşman galýar.

Gündogarda osmanly goşunlary 1534-nji ýylda Bagdady eýeleýärler we sefewi hökümdary Tahmasp I 1555-nji ýylda Amasýa şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýunça bütin Günbatar Ermenistan, Günbatar Gruziýa we Yrak Bagdat bilen bileleikde Osman imperiýasynyň düzümine girizilýär.

Döwlet dolandyryşynyň 46 ýylynyň içinde Süleýman Kanuny 13 gezek uly ýörişleri geçiripdir we olaryň 10-sy Ýewropa ýurtlaryna garşy guralypdyr. Wenanyň gabawy, Hind derýasynyň kenaryna ugradylan uly harby-deňiz ýörişi, Maltany almaga synanyşyk – bularyň bary Osman soltanynyň öz döwletini jahan şalygyna öwürmek isleýändigini aňladýardy. Osman imperiýasynyň ilatynyň sany 25-30 million adama ýetip, ýurduň ýerleri gündogardan günbatara 7 müň km, demirgazykdan günorta bolsa 5 müň km aralyga uzalyp gidipdir. Döwletiň eýeläp outran ýerleriniň umumy meýdany 8 mln kw/km barabar bolupdyr.

**XVI asyrda Osman imperiýasynyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** XVI asyryň başlarynda ýurduň ilatynyň agramly bölegi (80-90%) ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyr. Öňler oba ilaty özüniň hukuk ýagdaýy boýunça dürli durmuş toparlaryna we gatlaklaryna bölünýärdi. Emma Osman imperiýasynyň kuwwatlanmagy, onuň durmuş-ykdysady gurluşynyň kämilleşmegi bilen, oba ilatynyň gatlaklarynyň arasyndaky tapawutlar ýitipdir we indi hemmeler (türkmenler, kürtler we öňden oturan halklar) raýatlara öwrülipdir.

Merkezi Anadolynyň esasy ilaty bugdaý we arpa ekipdir, emma deňiz ýakalarynda, şäherleriň töwereklerindäki ekerançylar dürli görnüşdäki gök, bakja we miwe önümlerini ösdürip ýetişdirýärdi. Daýhanlaryň esasy iş gurallary agaç künde, azal, orak, iş maly bolsa öküz bolupdyr. Daýhan hojalygynyň ýöredilişi natural häsiýetde bolup, zerurlyk ýüze çykaýmasa, ol bazara barmandyr, Hojalyk üçin gündelik zerur zatlaryň ählisi diýen ýaly öý şertlerinde öndürilipdir.

XVI asyrda harby ýörişleriň geçirilýän ýerleriniň Anadolydan has daşlaşmagy ýurduň hojalyk durmuşyny janlandyrypdyr. Önümçilik bilen meşgullanýan raýatlaryň sany görnetin köpelipdir. Ekerançylyk ýerleri aňrybaş derejä çenli artypdyr. Ýöne, salgyt töleýän ýerleriň möçberiniň artmagy, ilatyň artyş derejesinden yza galypdyr. Netijede, raýat ýerleriniň möçberi azalyp ugrapdyr, ilatyň içindäki sallahlaryň sany bolsa artypdyr, ýer edinmek we maşgala gurmak mümkinçiligi peselipdir. Munuň özi ilatyň bir böleginiň şäherlere
g




öçmegini çaltlandyrypdyr.

XVI asyryň birinji ýarymynda ýa-da 50 ýylyň dowamynda ýurduň 14 sany uly şäherleriniň ilat sany iki esse artypdyr. Munuň esasy sebäbi soltan hökümeti şäher ilaty üçin gowy şertleri döretmäge çalşypdyr. Şäher medeniýetine, gurluşyga uly üns berlipdir, ilatyň azyk önümleri we oba-hojalyk çig maly bilen üpjünçiligi gowylanypdyr, salgyt ýeňillikleri döredilipdir. Uly emläge eyeçilik etmek bilen türkmen baýlary owadan ymaratlary gurdurypdyrlar, gymmat bahaly harytlary satyn alypdyrlar. Bu bolsa gurluşygyň we senetçiligiň ösmegi üçin amatly şertleri döredipdir.

Osaman imperiýasynyň şäherleri nepis dokmaçylyk önümleri, deri işläp bejermek, metal önümlerini öndürmek, ýarag ýasamak bilen giňden şöhratlanypdyrlar. Senetçilik el güýjüne esaslanypdyr. Aýry-aýry şäherleriň bir önümi öndürmäge ýöriteleşmegi gowy netijeleri beripdir. Bursanyň mahmaly, Uşagyň, Konýanyň halysy, Ankaranyň geçi ýüňünden edilen matalary Ýewropada uly isleglerden peýdalanypdyr. Diýarbekir, Erzurum, Kastamonu mis önümleri, Kütahýa bilen Iznik bolsa ýokary hilli gap-gaç önümleri bilen şöhratlanypdyr.

Osmanly senetçiler sehlere (*esnaflara*) birleşipdirler. Esnaflar önümçilige we satuwa gözegçilik edýärdiler, öndürilýän önümiň mukdaryny we hilini barlaýardylar. Şäher esnaflarynda harytlaryň satylyşy hem berk gözegçilige alnypdyr. Her esnafyň özüniň zat satýan yeri bolupdyr. Hiç kimiň bahalary özbaşdak galdyrmaga hukugy bolmandyr. Ýöne, esnaflar Gündogaryň beýleki ýurtlarynyň şäherlerinde bolşy ýaly, şäheriň syýasy durmuşynda uly ähmiýe bolup bilmändirler. Her hepdäniň anna güni bazarlarda osmanly täjirleri şüweleňli söwda işlerini alyp barypdyrlar.

Hökümet içeri söwdany ösdürmäge aýratyn uly üns beripdir, sebabi hazynanyň girdejileriniň ep-esli bölegini içeri söwda berýärdi. Hökümet köprüleri, ýollary gorapdyr, ýollaryň ugrunda, şäherlerde kerwensaraýlary gurupdyr. Ýöne, beýleki

Gündogar ýurtlarynda bolşy ýaly, ýurduň kemala gelen tertip-düzgüni söwdanyň ösmegine päsgel beripdir. Sebäbi eýeçilik we emläk kanun tarapyndan goralmandyr, bu bolsa emeldarlaryň eden-etdiligini döredipdir. Şonuň üçin hem osmanly söwdagärleri pul ýygnanlaryny ýa-da ýygnan pullaryna ýer, öý, dükan, ammar we gaýry zatlary satyn alanlaryny gowy görüpdirler. Sebäbi olar puly işletmäge, aýlanyşyga goýbermäge çekinipdirler.

Ýerli söwdagärleriň arasynda ermeniler, grekler, ýewreýler, araplar, serpler we başgalar köp bolupdyr. Türkmenler ýarag göterýän söweşiji esgerler bolandyklary üçin söwda işine höwes etmändirler, tersine, pes iş hökmünde söwdagäriň kärine gyýa göz bilen garapdyrlar.

XVI asyrda Osman imperiýasy Gündogaryň we Günbataryň ýurtlary bilen gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyr. Aýratyn hem Müsüriň we Siriýanyň portlarynyň üsti bilen alnyp barylýan üstaşyr söwda bähbitlidi. Wenesiýaly we dubrownikli söwdagärler bu ýerlerde Gündogar ýurtlaryndan getirilýän hoşboý ysly otlary, ýüpegi we dürli zynat harytlaryny satyn alyp, alan harytlaryny Ýewropa ýurtlaryna äkidip satýardylar. Söwda respublikasy bolan Dubrownik Osman imperiýasyna tabynlyk bildiripdir we soltana paç tölemäge borçlanypdyr, öz gezeginde osmanly hökümdary hem dubrownikli täjirlere ýurtda ýeňillikli şertlerde söwda etmäge ygtyýar beripdirler.

XVI asyrda Osman imperiýasynyň ähli ilaty iki sany uly gatlaga: esgerlere (askeri, ýagny sipahi) we raýatlara (raýýa) bölünipdir. Birinji gatlaga soltan häkimiýetine wekilçilik edýän köşk adamlary, döwlet emeldarlary, harbylar we ulamalar giripdir, ikinji gatlagy bolsa musulmandygyna ýa-da musulman däldigine garamazdan, önüm öndürýän we salgyt töleýän ilat düzüpdir.

Harby gatlak bolan sipahiler hem öz arasynda iki bölege: «gylyç adamlaryna» we «galam adamlaryna» bölünipdir. Adyndan belli bolşy ýaly, gylyç adamlary harby gulluk, ikinji

topar bolsa dolandyryş işleri bilen meşgul bolupdyrlar. Gylyç adamlary gelip çykyşy boýunça esasan türkmenlerden we beýleki musulman halklaryndan düzülip, olaryň kesbi, derejesi we durmuşdaky orny nesilden-nesle geçipdir, emma osmanly jemgyýetinde uly ähmiýete eýe bolandyklaryna garamazdan, paýtagtda ýerleşmek we köşk adamlaryna öwrülmek olar üçin örän kyn mesele bolupdyr. Edil şonuň ýaly-da raýatlaryň sipahi toparyna geçip bilmekleri hem mümkin däl ýagdaý gasap edilipdir. Ýöne, raýatlaryň arasynda-da, ýaşlykdan gowy dini bilim alyp, uly ulama bolup ýetişenleri az bolmandyr. Hut şu ýol bilen raýatlar hem ýokary gatlagyň wekilleriniň hataryna goşulyp bilipdirler.

Galam adamlarynyň aglabasy musulmançylyga uýdurylan öňki gullar bolup, olara örän ýokary döwlet wezipeleri ynanylypdyrlar. Olary başgaça «gapyguly» diýip hem atlandyrýardylar. Tiresi, taýpasy, haýsy milletiň wekilidigi näbelli bolan bu adamlar, soltan tarapyndan özüne ynanylan wezipäni birkemsiz ýerine ýetirmek üçin hökümdaryna jany-teni bilen hyzmat edipdirler. Üstesine-de, gapygullaryndan begzadalar gatlagynyň kemala gelmezligi üçin, kanun olaryň nesillerine atasynyň wezipesini eýelemäge ygtyýar bermändir. Şonuň üçin hem, adatça, olar harby işi saýlap alyp sipahilere öwrülýärdiler.

Gapygullaryny berk gözegçilikde saklamak üçin soltanlar döwlet işine musulman ulamalaryny hem köpçülikleýin çekýärdiler. Ulamalar dürli kanunlary işläp düzüp, yslam kadalaryny dolandyryşyň esasy edip alýardylar. Olar döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda şerigatyň kadalarynyň we soltanyň permanlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärdiler. Ulamalar merkezi hökümetiň ýerlerde alyp barýan işini hem gözegçilik astynda saklaýardylar. Netijede, osman döwletinde häkimiýetiň dürli şahalarynyň arasynda özboluşly güýç deňeçerligi kemala gelýärdi:

gapygullary ýerlerdäki sipahileri tabynlykda saklan bolsalar, ulamalar gapygullarynyň eden-etdilikleriniň öňüni alýardylar.

**Döwlet gurluşy we goşun.** Osman imperiyasy onlarça halklary birleşdirýän köp milletli jahan döwleti bolupdyr. Soltanlar tutýan çägi boýunça şeýle uly hem-de dürli dinlere uýýan köp milletli döwleti dolandyrmagyň hötdesinden gelipdirler. Salgyt tölemeklik raýatyň dini ynançlary boýunça kesgitlenilmändir, sebäbi salgyt töleýänleriň arasynda musulmanam, musulman dälem, oba ilatam, çarwa-da, şäherlem bolupdyr. Osman imperiyasynda aýratyn hem musulman däl halklar köp bolupdyr. Döwletde grek-prawoslaw, ermeni-grigorýan, ýahudi dinleri we şygaçylyk päsgelçiliksiz hereket edipdirler we olara osmanly hökümdarlary dürli ýeňillikleri we içki özbaşdaklygy beripdirler.

Osman döwletinde soltan (has takygy patyşa, ýagny imperator) «Allanyň ýerdäki kölegesi», dünýä musulmanlarynyň halyfy, «Iki mukaddesligiň hyzmatkäri» (ýagny, Mekge-Medinäniň) hasap edilip, ol öz tabynlygyndaky ähli bendeleriň janyna-da, emlägine-de eýeçilik edipdir. Döwletde iň ýokary we birinji wezipe Beýik wezir hasap edilipdir. Ol syýasy-dolandyryş we harby islere jogap beripdir. Ähli wezirler (ministrler), döwlet işgärleri, welaýatlaryň häkimleri Beýik weziriň tabynlygynda bolupdyrlar. Ýöne, dolandyryşda baş müftiniň ýa-da şeýhulyslamyň wezipesi hem uly ähmiýete eýedi. Hatda soltanyň özi hem kabul edilýän ol ýa-da beýleki permanyň yslamyň kada-kanunlaryna laýyk gelýändigi ýa-da gelmeýändigi barada müftiniň pikirini sorapdyr we ondan pata (*fetwa*) alypdyr.

Döwlet ähmiýetli möhüm meselelere diwanda seredilipdir. Öňler soltanlar diwanyň ähli ýygnaklaryna gatnaşypdyrlar, ýöne XV asyryň ahyrlaryndan başlap soltanlar diwanyň işine seýrek, soň bolsa düýbünden gatnaşmandyrlar. Diwanyň düzümine Baş wezir, şeýhulyslam, esasy köşk adamlary, hukuk

we magaryf işlerine jogap berýän ulamalaryň arasyndan saýlanylyp alnan iki sany harby kazy (kadi esger) girizilipdir.

XVI asyryň ortalarynda ýurt 21 eýalete (welaýat) bölünipdir. Her welaýatyň başynda ähli harby we dolandyryş ygtyýarlyklaryny elinde jemlän, paşa derejesi bolan beglerbeg durupdyr. Her bir beglerbegiň öz köşgi, edarasy we diwany bolupdyr. Welaýatlar öz arasynda sanjaklara (etrap) bölünip olary sanjakbegi diýip atlandyrýardylar. Olar hem öz edara edýän ýerlerinde edil beglerbegiňki ýaly ygtyýarlyklara eýe bolupdyrlar. Sanjak Osman imperiýasynyň esasy dolandyryş birligi bolup, ýurtdaky sanjaklaryň sany 250-ä ýetipdir.

Osman soltanlary ähli ukyplaryny we başarnyklaryny guryýer we harby-deňiz goşunlaryny ösdürmäge, olaryň söweş taýýarlyklaryny ýokarlandyrmaga gönükdiripdirler. XV asyryň ahyrlarynda imperiýanyň port şäherlerinde gämi gurluşygy giň gerime eýe bolup başlanyndan soň deňiz goşunlarynyň kuwwaty has hem artypdyr. XVI asyryň birinji ýarymynda portugal, ispan, wenesiýa deňiz goşunlarynyň üstünden birnäçe gezek ýeňiş gazanylandan soň osmanly deňiz goşunlary Orta ýer deňziniň aglaba ýerlerini öz gözegçiligine alypdyr. Käbir söweşlerde, mysal üçin Rodos eýelenilende we Malta gabalanda söweşe 300-400 sany gämi gatnaşypdyr.

Osmanlylaryň guryýer goşunlary has hem güýçli bolupdyr. Goşun hemişelik we welaýatlaryň nöker ýygynlaryna bölünipdir. Hemişelik goşunlarda hökümetiň doly üpjünçiliginde saklanylýan ýanyçar bölümleri tapawutlanypdyr. Onuň düzüminde topçylar goşuny hem bar eken. Osmanly hökümdarlary goşunyň toplar bilen üpjünçiligine uly ähmiýet beripdirler. Süleýman I döwründe goşunda dürli ölçegdäki toplaryň 300 sanysy bolupdyr. Ýanyçarlardan başga-da, soltanyň hut öz ygtyýarynda ýörite atly goşun bolup, ol ýörişler döwründe soltany we weziri gorapdyr, söweş wagtynda bolsa ýanyçar goşunlarynyň iki ganatynyň goragyny üpjün edipdir.

XVI asyrda hemişelik goşunyň sany yzygider artypdyr. Eger-de, XV asyryň birinji ýarymynda ýanyçar goşunlarynyň sany 3-5 müň esgere barabar bolan bolsa, Süleýmanyň döwründe olaryň sany 12 müňe ýetipdir. Aslyýetinde, bu döwürde osmanlylarda 50 müňe barabar hemişelik goşun bardy. Welaýatlaryň sipahi nöker goşunlarynyň sany has köp bolup, onuň umumy sany 130-200 müňe çenli artypdyr. XV asyrdan başlap osmanly goşunlary ok atýan ýaraglar bilen ýaraglandyrylyp ugraýar. Pyýada goşunda tüpeňçiler bölümleriniň sany çalt köpelipdir.

**Osman imperiýasynyň halkara ýagdaýy.** Giçki orta asyrlar döwründe Osman imperiýasynyň sözüň doly manysynda jahan şalygyna öwrülmegi onuň halkara gatnaşyklar ulgamyndaky abraýyny has-da artdyrypdyr we munuň özi daşary syýasy ugruň maksatlaryna gaýtadan seredilmegine getiripdir. Eger-de, XV-XVI asyrlaryň sepgidinde döwletiň öňünde durýan esasy wezipe Aziýada, Afrikada we Ýewropada täze ýerleri eýelemeklik bolan bolsa, Süleýman I we onuň mirasdüşerleriniň döwründe esasy üns Osman imperiýasynyň jahan şalygy derejesini saklamaga gönükdirilipdir. Şonuň üçin hem osmanly hökümdarlaryny diňe bir Awstriýa, onuň arkasynda duran Merkezi Ýewropadaky «Mukaddes Rim imperiýasy» bilen alnyp barylýan göreşler däl, eýsem ýyl-ýyldan güýçlenýän Moskwa döwleti, ýurduň gündogaryndaky Sefewileriň syýasy işjeňligi, ispanlaryň Demirgazyk Afrikadaky osmanlylara garşy syýasaty, portugal deňiz goşunlarynyň hindi ummanyndaky üstünlikleri uly alada goýupdyr. Amerikanyň açylmagy mynasybetli 1580-nji ýylda soltan üçin ýazylan eserde, ýewropalylaryň Amerikada, Hindistanda we Pars aýlagynda ornaşyp başlamaklarynyň netijesinde, Yslam dünýäsi üçin uly howpuň ýüze çykandygyna ýerlikli ynjalyksyzlyk bildirilipdir.

XVI asyrda Osman imperiýasynda diplomatik we söwda gatnaşyklaryna uly ähmiýet berlipdir. Şindi XV asyrda

Wenesiýa, Genuýa, Eýran, Wengriýa, Awstriýa, Polşa, Moskwa we beýleki döwletler bilen şeýle gatnaşyklar ýola goýlupdyr. Ýewropa ilkinji diplomatik wekilýeti Wenesiýa bilen urşuň tamamlanmagy mynasybetli 1449-njy ýylda ugradylypdyr. XVI asyrda Portada[1] Ýewropa ýurtlarynyň ilçihanalary hem açylyp ugraýar. Ýewropa döwletleriniň özara oňşuksyzlygyndan peýdalanmak bilen, osmanly soltanlary olary biri-birine garşy küşgüripdirler, ýöne, şunuň bilen bir hatarda, diplomatiýanyň ýewropa ülňülerine we kadalaryna eýermändirler. Ýewropa ýurtlary babatynda gazanylýan ylalaşyklar, şol döwletlere osmanlylar tarapyndan rehim edilmegi, olardan gelýän pul sowgatlaryna bolsa, hamana «gäwürler» tarapyndan tölenilýän paç hökmünde seredilipdir.

Awstriýanynyň we Ispaniýanyň eýesi bolan Gabsburglar bilen alnyp barlan uzaga çeken uruşlar Osman imperiýasyny onuň duşmanlarynyň tarapyna geçmegini we Fransiýa bilen ýakynlaşmagyny tizleşdiripdir. Fransuzlaryň Demirgazyk Italiýadaky şowsuzlyklary bu ýakynlaşygy has-da çaltlaşdyrypdyr. 1534-nji ýylda ilkinji fransuz ilçisi diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak baradaky teklip bilen Stambula gelende ol doly düşünişmek ýagdaýynda kabul edilipdir. 1536-njy ýylda iki döwletiň arasynda Gabsburglara garşy bileleşip göreşmek hakynda ylalaşyk baglaşylýar. Şol bir wagtyň özünde Osman imperiýasynyň ýerlerinde fransuz täjirlerine ýeňillik bermek hakynda gepleşikler hem alnyp barylýar. Şeýle ylalaşyk 1559-njy ýylda baglaşylyp, ol «kapitulýasiýa» (latynça «kapitul» – madda, bap) adyna eýe bolýar. Bu ylalaşyga görä, fransuz söwda gämilerini tussag etmek, raýatlaryny ýesir almak, gul edip satmak bolmandyr, fransuzlar şerigatyň kadalary boýunça kazyýet jogapkärçiligine çekilip bilinmändir, olaryň şahsyýeti we emlägi eldegrilmesiz diýlip yglan edilipdir.

[1] Ýewropa ýurtlarynda Osman imperiýasy «Ottoman imperiýasy», onuň hökümeti bolsa köplenç Beýik Porta diýlip atlandyrylypdyr.

1580-nji ýylda Angliýanyň hökümeti Portadan iňlis täjirleri üçin Lewant söwda kompaniýasyny esaslandyrmaga rugsat alýar. Şunuň esasynda öňler iňlis gämileri fransuz baýdaklarynyň astynda Osman imperiýasynyň portlaryna gelen bolsalar, indi olar öz baýdaklarynyň astynda arkaýyn gelip bilipdirler.

Diplomatik gatnaşyklar bilen bir hatarda Osman imperiýasy Ýewropa ýurtlary bilen uruşlary alyp barmagy hem dowam etdirýär. 1571-nji ýylda Lepantonyň ýanynda bolan deňiz söweşinde Ýewropanyň katolik döwletleriniň deňiz goşunlary osmanlylary agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Osmanlylaryň 277 gämisinden 224-si ýewropalylar tarapyndan gark edilipdir ýa-da ele salnypdyr. Emma ýewropalylar gazanan üstünliklerini berkidip bilmändirlker: 1572-nji ýylda osmanly deňiz goşuny gaýtadan dikeldilipdir we eýýäm 1573-nji ýylda Kipr eýelenilipdir. 1574-nji ýylda osmanly deňiz goşunlary ispanlary Tunisden gutarnykly kowup çykarýarlar.

1576-njy ýylda soltan Myrat III (1574-1595) Kawkaz ýurtlaryny eýelemek maksady bilen Sefewileriň döwletine garşy urşa başlaýar. 14 ýyllap dowam eden bu uruş osmanlylaryň ýeňşi bilen tamamlanýar. 1590-njy ýylda baglaşylan Stambul şertnamasyna görä, Myrat III Gündogar Gruziýany, Gündogar Ermenistany, Günbatar Eýranyň bir bölegini we tutuş Azerbaýjany gyzylbaşlaryň elinden alýarlar.

1592-nji ýylda wenger ýerlerini eýelemek üçin Awstriýa garşy uzaga çeken uruş hem başlaýar. Emma 1605-nji ýylda osmanly goşunlarynyň ýewropada jemlenendiginden peýdalanyp, şa Abbas Kawkazda hüjüme geçýär. Emele gelen ýagdaýda osmanlylar, haýal etmän, Gabsburglar bilen ylalaşmaly bolupdyrlar. Öňler Ýewropa döwletleri osmanlylaryň ýöriş geçirmeginden çekinip, olara her ýylda paç töleýärdiler ýa-da baý sowgatlary iberýärdiler. Emma 1606-njy ýylda baglaşylan Sitwatorok şertnamasyna laýyklykda, Awstriýa şeýle mejbury hem-de kemsidiji borçlardan dynýar.

Awstriýa 1547-nji ýyldan bäri Osman imperiýasyna ýylda 30 müň dukat paç töleýärdi, emma indi osmanlylar ilkinji gezek hristian döwletini özi bilen deň hukukly döwlet hökmünde ykrar edýär. Munuň özi Osman imperiýasynyň gowşaýandygyna şaýatlyk edýän aýdyň bir mysaldy.

Gündogarda osmanly-sefewi uruşlary dowam edýärdi. 1612-nji ýyla çenli şa Abbas osmanlylardan Kawkazyň ep-esli bölegini, 1624-nji ýylda bolsa Yragy Bagdat bilen bilelikde alýar. Emma täzelikde tagta çykan Myrat IV (1624-1640) sefewilere garşy urşa täzeden başlaýar. 1639-njy ýlda baglaşylan Kasra-Şirin şertnamasy boýunça Yrak Bagdat bilen bileleikde ýene-de osmanlylaryň ygtyýaryna geçýär. Mundan başga-da, osmanly goşunlary Günbatar Gruziýany, Günbatar Ermenistany we Kürdüstanyň bir bölegini elde saklamagy başarýarlar. Şu şertnama boýunça kesgitlenilen sefewi-osmanly araçägi soňra känbir üýtgemändir.

Sefewilere garşy uruşlar bilen bir hatarda, Osman imperiýasy Ýewropada Polşa (Reç Pospolitaýa) garşy urşa başlaýar. Iki döwletiň arasynda esasy jedel döredýän mesele ukrain ýerleri bolupdyr. Osmanlylar Ýewropada otuz ýyllyk urşa ulaşan (1618-1648) Polşa özlerine degerli garşylyk görkezip biler öýtmändirler. Emma polýak goşunlarynyň Hotinde uzak wagtlap netijesiz gabawda saklanmagy, bu ýörişiň şowsuz tamamlanmagyna getirýär.

Osman imperiýasynyň sefewilere garşy alyp barýan urşundan peýdalanyp, 1637-nji ýylda ruslar Azow galasyny eýeleýärler. Emma 1641-nji ýylda sefewiler bilen uruşlar tamamlanandan soň, osman goşunlary Azowyň eteginde peýda bolýarlar. Russiýa döwleti Osman imperiýasy bilen gatnaşyklary ýitileşdirmek islemändir we 1642-nji ýylda Azowy yzyna gaýtaryp berýär. Ruslaryň Osman döwleti babatyndaky şeýle syýasatyna Polşa döwleti hem eýeripdir.

**Sipahi ulgamynyň dargap başlamagy we onuň sebäpleri.** XVI asyryň ikinji ýarymyndan başlap Osman imperiýasy kem-

kemden gowşap ugraýar, ýogsam, indiki asyrlarda-da osmanlylar ýewropalylaryň üstünden uly ýeňişleriň ençemesini gazanmagy başarypdyrlar. Osman imperiýasynyň gowşamagynyň esasy sebäpleri harbylaşdyrylan orta asyr düzgüni bolan sipahi ulgamynyň dargap başlamagy bilen baglanyşykly boldy.

Wagtyň geçmegi bilen osmanly begleriniň pula-baýlyga bolan islegleri has-da artypdyr, olaryň ýaşaýşy, durmuş ýörelgeleri-de üýtgäpdir. Öňki döwürleriň ýönekeý, kanagatly durmuşynyň ornuna, baýlyk edinmäge bolan islegler, gowy geýimlere, owadan köşklere kowalaşmak endikleri gelýär. Emma şol bir wagtyň özünde öňki girdeji çeşmeleri, birinji nobatda, oljalaryň gelmegi azalýar. Şonuň üçin hem sipahileriň isleglerini kanagatlandyrmak üçin Osmanly döwleti täze-täze ýörişleri geçiripdir. Bu bolsa döwlet çykdajylaryny köpeldipdir, salgyt töleýän öndüriji hojalyklary tozdurypdyr. Munuň özi döwletiň harby kuwwatynyň peselmegine getiripdir. Üstesine-de, wagtyň geçmegi bilen, Ýewropada osmanlylaryň ýörişlerine gaýtawule durup biljek merkezleşdirilen döwletler hem peýda bolup ugraýar. Öňki asyrlarda täze ýerler ýeňillik bilen eýelenilýän bolsa, indi uzaga çekýän gabaw uruşlary başlaýar. Ýewropa döwletlerinde hemişelik goşunlar döredilip, olar ok atýan ýaraglar bilen ýaraglandyrylypdyr, gowy türgenleşdirilipdir. Ortaýer deňziniň üsti bilen alnyp barylýan Lewant (Gündogar) söwdasyndan gelýän girdejiler hem görnetin peselýär, sebäbi Amerikanyň we Hindistana gidýän deňiz ýollaryň açylmagy bilen halkara söwda ýollary Atlantika ummanyna geçýär.

XVI asyryň ahyrlarynda osmanly begleriniň girdejileri düýpli azalypdyr. Üstesine-de, timar ulgamy begleriň ösen isleglerini kanagatlandyryp bilmändir, sebäbi sipahileriň özlerine degişli ýerlerden almaly girdejileri kanun tarapyndan berk kesgitlenilipdir. Şonuň üçin hem sipahiler özlerine

berilýän gulluk ýerlerini hususy mülklere öwürmäge çalyşýardylar.

Bu döwürler sipahi ulgamynyň gowşamagyna timarlardan gelýän girdejiniň azalmagy hem sebäp bolupdyr. XVI asyrda timariotlaryň ortaça ýyllyk girdejisi 5 müň akja barabar bolupdyr, emma welaýat şäherlerinde ýaşaýyş jaýynyň bahasy 5000-1000 müň, suw harazynyňky – 5200, guluňky – 1000-4000, atyňky 800- 900 akja barabar bolupdyr. Munuň özi timardan gelýän girdejiniň sipahileriň ösýän isleglerini kanagatlandyrmaýandygyna şaýatlyk edýär. Bu döwürde kümüşiň hümmeti hem peselýär. Sebäbi Lewant ýurtlaryna Amerikadan arzan kümüş gelip ugraýar. Bu ýagdaý hem sipahileriň girdejileriniň peselmegine ýa-da şol öňki derejesinde galmagyna sebäp bolýar.

Osman imperiýasynyň gowşaýandygyna şaýatlyk edýän alamatlaryň biri-de, XVI asyryň ahyrlarynda ýüze çykyp ugran maliýe kynçylyklary bolupdyr. Goşuny we harby-dolandyryş edarasyny saklamak üçin goýberilýän maliýe serişdeleriniň ýetmeýändigi belli bolýar. Serişdeleriň ýetmeýändigi ilkinji gezek 1564-nji ýylda hasaba alnyp, şol ýyl hazynanyň girdejisi 183 million, çykdajysy bolsa 190 million akja barabar bolupdyr. 1596-njy ýylda hazyna ýygnanan serişde 300 million, çykdajylar bolsa 900 million akja ýetipdir. Munuň üstesine-de, şu döwürde akjanyň hümmeti hem üç esse aşak düşüpdir. Yurduň pul üpjünçiligini gowylandyrmak we kümüşüň ýetmezçiligini aradan aýyrmak üçin, hökümet akjanyň düzümindäki kümüşüň mukdaryny kemeldipdir.

**XVI-XVII asyrlarda Osman imperiýasynda halk hereketleri.** Osman imperiýasynyň gowşamagyna ýurduň dürli ýerlerinde bolup geçen halk çykyşlary hem uly täsir edipdir. Aýratyn hem 1511-1512-nji ýyllarda Sefewiler döwletiniň araçäklerine golaý ýerlerde turan gozgalaň has hem giň gerimlidi. Gozgalaňa türkmenleriň tekeli taýpasyndan bolan

*Garabyýykly*[1] Hasan halypa baştutanlyk edip, ol özüni *Şaguly*[2] diýip atlandyrypdyr. 1511-nji ýylyň aprelinde onuň baştutanlygyndaky 10-müňlük gozgalaňçy goşun Antalýa şäherini eýeleýär we welaýat merkezi Kütahýany gabaýar. Şagulynyň gozgalaňçylarynyň aýry-aýry toparlary Bursa we Mermer deňziniň kenarlaryna çenli baryp ýetipdirler. Soltan goşunlaryna gozgalaňçylary uly kynçylyk bilen Siwasa tarap yza çekilmäge mejbur etmek başardypdyr. Siwasyň eteginde aýgytly söweş bolup, gowy ýaraglandyrylan hökümet goşunlary Şagulyny agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Söweşde gozgalaňçy serdarynyň özi hem öldürilýär. Şundan soň gozgalaňçylaryň aman galan bölekleri Sefewileriň ýerlerine gaçyp gidýärler.

Gozgalaňlaryň jelalylaryň hereketi diýlip atlandyrylan ýene biri 1519-njy ýylda Tokat we Amasýa sebitlerinde turupdyr. Gozgalaňa belli din wekilleriniň biri Jelaly şyh baştutanlyk edip, ol özüni Mäti diýip yglan edýär. Tiz wagtdan Jelaly şyhyň gozgalaňçylarynyň sany 20 müňe ýetipdir. Gozgalaňçylar Tokata tarap süýşüpdirler, emma soltan goşunlary gozgalaňçylary agyr ýeňlişe sezewar edýärler, şyhyň özi bolsa öldürilýär.

1520-nji ýylda Ýozgat bilen Siwasyň aralygynda täze gozgalaň turup, oňa Jelaly şyhyň ogly Şaweli ýolbaşçylyk edýär. Ol özüni Mäti diýip atlandyrýar we 20 müňlük gozgalaňçy goşun ýygnaýar. Şawliniň goşunlary Tokady gabaýar, ýöne soltan olary hem derbi-dagyn edýär, Şaweli we onuň egindeşleri ýesir alnyp öldürilýär.

1526-1529-njy ýyllarda türkmen we kürt çarwa taýpalaryň gatnaşmagynda-da gozgalaň bolup, oňa Galandar ýolbaşçylyk edýär. Ol hem özüni Mäti diýip yglan edipdir. Gozgalaňçylaryň sany 30 müňe ýetýär, emma soltana olary hem ýok etmek başardýar. Halk çykyşlarynyň ählisi ilatyň kyn agyr durmuşy

---

[1] Garamurtly.

[2] Ýagny, şa Ysmaýylyň guly manysynda.

bilen baglanyşyklydy. Sebäbi Ýewropa ýurtlaryna garşy geçirilýän ýörişleriň köp çykdajy talap edýändigi üçin salgytlaryň mukdary we sany artypdyr, täze salgytlar girizilipdir.

Obalaryň tozmagy netijesinde müňlerçe adamlar şäherlere siňipdir. Ýöne şäherleriň hem munça mukdardaky ilaty ýerleşdirmäge mümkinçiligi bolmandyr we «artykmaç adamlar» köpelipdir. Olary «lewent» (ykmanda, giçkiräk döwürde bolsa garakçy manylarynda) diýip atlandyrypdyrlar. Hökümet lewentleriň sanyny kemeltmek üçin olary tüpeňçi edip goşunçylyga alypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen lewentler uly güýje öwrülýärler, sebäbi olar ýörişden gelip ýaraglaryny tabşyrmandyrlar. Olar ýa bir güýçli bege gulluga durupdyrlar ýa-da garakçylara öwrülipdirler.

Hökümete garşy hereketlere aýry-aýry beglerbegiler, sanjakbegleri we sipahiler gatlagynyň aşaky toparlary hem gatnaşypdyr, sebäbi hökümet gulluk etmekden boýun gaçyrýan sipahileriň elinden ýerlerini alypdyr, bu bolsa harby gatlak babatynda ýöredilýän syýasata nägilelikleri güýçlendirýär. Şu nägilelikleriň esasynda 1596-njy ýylda Osman imperiýasyda Kiçi Aziýany, Yragy, Siriýany öz içine alýan tolgunşyklar başlanypdyr. Şol döwürde hökümet tarapyndan sipahi goşunlarynda barlag geçirilip, goşunda gulluk etmeýändikleri üçin 30 müň timariot ýerlerinden mahrum edilipdir. Ýerlerinden jyda düşen iki dogan Gara Ýazyjy bilen Däli Hasanyň baştutanlygynda gozgalaň başlaýar. Olar 30 müňlük goşun bilen Tokady eýeleýärler, Kaýserini bolsa gabaýarlar. 1602-1603-nji ýyllaryň gyşynda gozgalaňçylaryň ýagdaýy agyrlaşýar, sebäbi ownuk sipahiler soltan goşunlarynyň tarapyna geçipdirler. Däli Hasanyň özüne-de hökümet tarapyndan Bosniýanyň paşasy wezipesi hödürlenilýär. Aldawa düşen Däli Hasan gozgalaňy bes edip, ýaragyny taşlaýar. Gozgalaňçylaryň arasyna başagaýlyk düşmeginden peýdalanyp hökümet goşunlary olary derbi-dagyn edýärler.

Osmanly hökümetiniň esasy garşydaşlarynyň biri hem Galandaroglunyň gozgalaňçylary bolupdyr. 1607-nji ýylda Galandaroglunyň ygtyýaryndaky 30 müňlük goşun Bursa şäherini eýeleýär. Gysga döwrüň içinde onuň tarapdarlary Ankaradan tä Egeý we Mermer deňizlerine çenli aralykdaky ýerleri öz gözegçiliklerine alypdyrlar. Emma 1608-nji ýylda başarjaň osmanly serkerdesi Myrat paşa Galandaroglunyň goşunyny çym-pytrak etmek başardýar. Gozgalaňçy serkerde öz tarapdarlarynyň az sanly topary bilen Sefewi döwletiniň ýerlerine gaçyp gidýär.

Osman imperiýasynyň dürli ýerlerinde bolup geçen halk çykyşlary ýurduň kem-kemden gowşaýandygyna, goşunyň söweş ukybynyň peselýändigine, dolandyryş ulgamynyň bozulýandygyna şaýatlyk edýärdi. Osmanly döwletiniň gowşamagyna häkimiýet başyna dolandyryşdan başy çykmaýan, emelsiz hem-de erksiz soltanlaryň gelmegi, häkimiýetiň wezir-wekilleriň, soltanlaryň ýakyn garyndaşlarynyň eline geçmegi hem belli bir derejede täsir edipdir. Süleýman Kanunynyň döwründe häkimiýetde onuň asly ukrain ýerlerinden bolan söýgüli aýaly Roksalananyň täsir uly bolupdyr. Ol baş wezir Rüstem paşanyň kömegi bilen ogly Selim II (1566-1574) tagta çykarmagy başarýar.

1595-nji ýylda soltanlyga göterilen Muhammet III (1595-1603) dolandyryşy ejesi Safiýe hanymyň ygtyýaryna beripdir. Safiýe hanymyň döwründe köşk haremhanasynyň başlygy bolan «*gyzlar agasynyň*» wezipesiniň ähmiýeti artypdyr. Welide-soltan (soltanyň ejesi) derejesi bilen oglunyň adyndan ýurdy dolandyran ýyllarynda Safiýe hanym gyzlar agasynyň goldamagynda 11 sany beýik weziri wezipesinden boşadypdyr. Osmanly köşgünde Ahmet I-niň (1603-1617) howandary, soltanlar Osman II-niň (1617-1622), Myrat IV-niň (1424-1640) we Ybraýym I-niň (1640-1648) ejesi Kösem soltan (1651-nji ýylda aradan çykan) hem uly täsirden we häkimiýetden peýdalanypdyr. Köp ýyllaryň dowamynda bu zenan Osman

imperiýasynyň içeri we dasary syýasatyny öz islegine görä kesgitläpdir. Diňe 6 ýaşly Muhammet IV (1648-1687) tagta çykarylandan soň, Kösem soltan onuň ejesi tarapyndan häkimiýetden çetleşdirilipdir. Şeýleleikde, XVII asyryň birinji ýarymy halkyň ýadynda «hatynlaryň dolandyran eýýamy» ady bilen galypdyr.

**Türkiýäniň orta asyr medeniýeti.** Türkmenleriň Kiçi Aziýada ymykly ornaşmagynyň netijesinde sebitde özboluşly, şunuň bilen bir hatarda, baý orta asyr medeniýeti kemala gelýär. Şäher durmuşynyň janlanmagy ýurtda medeniýetiň ösüşine oňaýly täsir edipdir. Seljuklar döwründe Kiçi Aziýanyň şäherlerinde köp sanly köşkler, metjitler, medreseler, hanakalar, hammamlar we ýaşaýyş-durmuş maksatly gaýry binalar gurlupdyr. Seljuklar döwründe Siwasda gurlan Gök metjit (1196-1197), Nigdede (1233) we Amasýada (1237-1246) gurlan metjit, Gylyç Arslanyň Konýadaky aramgähi, Ewdiredäki kerwensaraý (1228-1229) ýaly ajaýyp binalar biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr.

Merkezi Aziýadan we Eýranyň ýerinden göçüp gelen türkmen taýpalary «Oguznama», «Gorkut Ata», «Ergenokan» ýaly gadymy oguz-türkmen şadessanlaryny getiripdirler, täze göçülip gelnen Kiçi Aziýa topraklarynda bolsa «Seýit Battal Gazy», «Sary Saltyk», «Danyşmentnama» ýaly harby-gahrymançylyk ruhuna ýugrulan ajaýyp kyssa eserleri döredilipdir.

Bu döwürde seljukly soltanlarynyň halypasyç filosof Ibn Araby (1165-1260), belli ulama Sadreddin Konewi (1274-nji ýylda aradan çykan), Bäheweddin Weled (1231-nji ýylda aradan çykan) ýaly akyldarlar ýaşapdyrlar. Bäheweddin Weled meşhur Jelaleddin Rumynyň (1273-nji ýylda aradan çykan) kakasydyr.

Jelaleddin Rumy ýa-da halk içinde aýdylyşy ýaly Möwlana türkmen-türk edebiýatynyň düýbüni tutupdyr. Onuň döreden ölmez-ýitmez eserleri soňraky asyrlaryň edebiýatyna ägirt uly

täsir edipdir. Bu döwrüň beýik şahyrlarynyň biri, şygryýet äleminiň läheňi Goja Türkmen – Ýunus Emredir. Filosofiki garaýyşlary boýunça Ýunus Emre panteist bolupdyr we ähli zatda Ýaradanyň yzlaryny görüpdir. Gözel tebigaty wasp etmek bilen, Ýunus Emre şol bir wagtyň özünde tebigat bilen bir jan, bir ten bolan Hudaýy wasp edipdir. Ýunus Emre halk aýdymçylary bolan aşyk poeziýasynyň gözbaşynda durupdyr.

Ýunus Emräniň döredijiliginiň yzlaryny Aşyk Paşanyň (1271-1332) döredijiliginde görmek bolýar. Aşyk Paşa öz eserlerini köne türkmen dilinde ýazypdyr we ene dilde şygyrlary ýazmak bilen, soňky asyrlaryň şahyrlaryna-da ata-baba mirasa uly höwes döredipdir. Aslyýetinde köne türkmen dilinde eser döreden ilkinji şahyrlaryň biri Jelalaeddin Rumynyň ogly Soltan Weled (1226-1312) hasap edilýär. Onuň 25 müňe barabar ikilemeleriniň 235 sanysy türkmen dilinde ýazylypdyr.

Şeýad Hemzäniň «Ýusup-Zylyha», Ahmediniň (1329-1443) «Isgendernama» eserleri özboluşly türkmen edebiýatynyň Türkiýede döredilen ajaýyp eserleridir.

Medeniýet Osmanly döwletiniň döwründe hem uly ösüşlere eýe bolupdyr. XVI asyrda ýaşap geçen türkmen şahyry Pir Soltan Abdalyň eserlerinde adama bolan belent söýgi beýan edilýär. Mähri hatynyň (1506/1511-nji ýyllar töweregi aradan çykan) söýgi temasyndan ýazan şygyrlary özüniň çuňňur many-mazmuny bilen tapawutlanýar. XVI asyryň meşhur şahyrlarynyň biri-de, Baky lakamy bilen tanalan, şahyr Molla Mahmytdyr. Baky Süleýman Kanunynyň söýgüli şahyry bolmak bilen özünden soň ummasyz köp şygyrlary miras goýup gidipdir. XVI-XVII asyrlarda özüniň ýiti şygyrlary bilen Weýisi (1628-nji ýylda aradan çykan) we Nefi (1635-nji ýylda aradan çykan) uly yz galdyrypdyr.

Osmanly döwründe türkmen edebiýatynda «*latifa*» dıýlıp atladyrylan edebı žanry hem ýüze çykyp ugraýar. Latifany bursaly ýazyjy Lämi (1531-nji ýylda aradan çykan)

esaslandyrypdyr we onda uly bolmadyk hekaýalar, degişmeler, ýiti häsiýetdäki durmuş wakalary janlandyrylypdyr. Läminiň ýygyndysyna XIII-XIV asyrlarda ýaşap geçen, özüniň degişmeleri, ötgür sözleri bilen döwürdeşleriniň hem-de soňky asyrlaryň adamlarynyň kalbynda ymykly orun alan, oba ymamy Hoja Nasreddin (Ependi) baradaky hekaýalar hem ilkinji gezek girizilipdir.

Osmanly döwrüniň binagärçiliginde Goja Sinanyň (1490-1588) guran ymaratlary aýratyn orun eýeleýär. Özüniň uzak ömründe ol 360-dan gowrak ajaýyp binalary gurupdyr. Stambuldaky Şazada we Süleýmaniýe metjitleri, Edirnedäki Selimiň metjidi onuň taýsyz zehininden dörän binalardyr.

Osmanlylaryň döwründe ylmyň, bilimiň ösüşine uly ähmiýet berlipdir. Muhammet II Fatyhyň döwründe medreselerde köp basgançakly bilim ulgamy döräp başlaýar. Medreselerde arap, pars dilleri, musulman hukugy (fykh), kelam öwrenilipdir, logika, arifmetika, astronomiýa, lukmançylyk dersleri okadylypdyr. Ilkinji matematika mekdebi döredilipdir. Ony Ulugbegiň okuwçysy Aly Guşçy esaslandyrýar.

Bu döwürde meşhur deňizde ýüzüji Piri Reýis (1554-nji ýylda aradan çykan) «Bahriýe» atly dünýäniň deňiz atlasyny döredipdir, 1513-nji ýylda bolsa dünýäniň kartasyny düzüpdir. Öwlüýä Çelebiniň (1611-1669) «Syýahatnamasy», Muhammet Neşriniň (1520-nji ýylda aradan çykan) «Jahannamasy», Ibn Kemalyň (1534-nji ýylda aradan çykan) «Osmanly taryhy» eserleri uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Umuman alanyňda, orta asyrlar Kiçi Aziýada ýurt tutan türkmenleriň taryhynda uly yz galdyrypdyr. XI-XVI asyrlarda sebitde ýaşan esasy halk taryhy çeşmelerde «türkmenler» diýlip atlandyrylypdyr. XV asyryň asyryň ahyrlaryndan – XVI asyryň başlaryndan başlap, taryhy çeşmelerde, resmi hatlarda umumy «türk» ady hem köp ulanylyp başlaýar we soňky asyrlarda bu at «osmanly» ady bilen bir hatarda ýerli halkyň esasy adyna

öwrülýär. Emma türkmenler halk, etnos hökmünde, Türkiýede ýitmändirler. Olar Yragyň, Siriýanyň türkmenleri bilen bir hatarda, Türkiýede şu günki güne çenli ýaşamagyny dowam etdirýärler.

Türkmen halkynyň taryhynda uly yz galdyran bu döwletiň ady barada aýdylanda bolsa, eýýäm XII asyryň ahyrlaryndan başlap «Türkiýe» adalgasy («*Turchia*») günbatar ýewropalylaryň işlerinde, dürli görnüşdäki diplomatik resminamalarda duş gelip ugraýar. XIII asyryň diplomatik resminamalaryna, dürli mazmundaky permanlara seljuk soltanlary «Türkiýe ýerleriniň we deňizleriniň hökümdary» diýip gol çekipdirler.

## § 3. Arap ýurtlary Osman imperiýasynyň düzüminde

**Arap ülkeleriniň osmanlylar tarapyndan eýelenilmegi.** XVI asyryň başlarynda Sefewiler döwletinden üstün çykandan soň Orta we Ýakyn Gündogar sebitinde Osman imperiýasynyň ýeke-täk garşydaşy galypdyr. Ol Müsüri, Siriýany, Palestinany we Demirgazyk Afrikadaky käbir ýerleri öz düzümine alan Mamlýuklaryň döwletidi. Kilikiýadaky, Ýewfratyň ýokary akymlaryndaky we Arabystandaky ownuk döwletler hem mamlýuklaryň ýapjalarydy. Mamlýuk döwletiniň hökümdary Gansuh al-Guri musulman dünýäsinde agalyk ugrunda dalaş etmek bilen, şa Ysmaýyl Hataýynyň osmanlylara garşy syýasatyny ýakyndan goldaýardy.

1516-njy ýylyň tomsunda Selim I  goşunlary Demirgazyk Siriýa çozup girdiler. Ilkinji çaknyşyklar osmanly goşunlarynyň söweş endikleriniň we ýaraglandyrylyşynyň mamlýuk goşunlarynyňkydan artykmaçlygyny görkezipdir. Halabyň etegindäki Marj Debikde bolan söweşde mamlýuk goşunlary derbi-dagyn edilýär, Gansuh Guri bolsa öldürilýär. Şundan soň osmanlylar Siriýany we Palestinany mamlýuklaryň elinden alýarlar.

Osmanly goşunlarynyň ýolundaky şäherleriň ilaty hiç hili garşylyk görkezmändirler, tersine, haçan-da 1516-njy ýylyň oktýabrynda osmanly goşunlary Siriýanyň paýtagty Damaskyň etegine gelende, şäher ilaty mamlýuklara garşy gozgalaň turzupdyrlar, bu bolsa şäheri eýelemek işini ýeňilleşdiripdir. Müsüriň ýerinde osmanlylara degerli garşylyk görkezilipdir, ýöne garşylyklar osmanlylar tarapyndan syndyrylypdyr. 1517-nji ýylyň başlarynda osmanly goşunlary Kairi eýeleýär. Mamlýuk goşunlary Ýokarky Müsüre tarap yza çekilýärler, emma birnäçe wagtdan olar hem doly ýeňlişe sezewar edilýär. Iň soňky mamlýuk hökümdary Tuman beg ýesir alnyp, jezalandyrylyp öldürilýär.

Müsür eýeleneninden soň osmanly häkimiýeti Hijazda-da (Günbatar Arabystan) ornaşdyrylýar. Sebäbi Müsür Hijazy däne we beýleki azyk harytlary bilen üpjün edýärdi. Mekgäniň şerifi Kaire ilçiler iberip, özüniň soltan Selimiň häkimiýetini ykrar edýändigini, juma namazynda Käbäniň minarysyndan soltanyň adyna hutba okandygyny we osmanly hökümdaryny «iki mukaddes şäheriň hyzmatkäri» derejesi bilen sylaglaýandygyny habar beripdir. Kairde Selim I Mekkedäki mukaddes Käbäniň açaryny gowşurypdyrlar. Müsürden yzyna gaýdanda osmanly soltany mamlýuklaryň köşgünde ýaşan iň soňky abbasy halyfy al-Mütewekkili we onuň häkimiýetiniň nyşanlary bolan Pygamberiň donuny, baýdagyny we beýleki mukaddes musulman gymmatlyklaryny hem öz ýany bilen Stambula alyp gaýdýar. Mütewekkil Selim I dünýä musulmanlarynyň halyfy unwanyny beripdir we Selimden başlap ähli osmanly soltanlary halyfyň derejesini hem göterip başlapdyrlar.

Arap ýerlerini eýelemeklik Süleýman Kanunynyň döwründe-de dowam edýär. 1538-nji ýylda Süleýman paşa Arnautiniň serkerdeligindäki goşunlar Gyzyl deňziniň üsti bilen Adene ugradylyp, bu ýerler Osman imperiýasynyň düzümine goşulýar. Şol ýyl osmanly soltany uly harby-deňiz güýçlerini

jemläp, portugallary Hindi ummanyndan kowup çykarmaga-da synanyşyk edýär.

1555-nji ýylyň Amasýa şertnamasy boýunça osmanlylar Yragy Bagdat bilen bileleikde eýeleýärler.

1520-nji ýylda Haýreddin Barbarossanyň (1483-1546) serkerdeligindäki osmanly deňiz goşunlary Alžiri eýeleýär. Haýreddin özüni Süleýmanyň ýapjasy, Alžiri bolsa Osman imperiýasynyň bir bölegi diýip yglan edýär. Tunisi eýelemeklik birbada şowsuz tamamlanýar, sebäbi ispanar bilen portugallar hem bu ýererini eýelemek isleýärdiler. 1574-nji ýyla çenli osmanlylar Tunisi gutarnykly eýeleýärler.

1551-nji ýylda Süleýman Kanunynyň goşunlary Tripolini (häzirki Liwiýa) hem basyp alýar. Alžiriň, Tunisiň we Liwiýanyň eýelenilmegi Osman imperiýasyna Ortaýer deňziniň gündogar sebitlerinde agalyk etmäge doly mümkinçilik beripdir. Netijede, XVII asyryň ortalaryna çenli bütin Demirgazyk Afrika (Marokkadan galan ýerler) osmanly soltanlarynyň häkimiýetine tabyn edilýär.

XVII asyrda Osman imperiýasy Günorta Yragy eýelemek maksady bilen Sefewileriň döwleti bilen uzaga çeken uruşlara başlaýar. Bu uruşlar 1638-nji ýylda Osman imperiýasynyň doly ýeňşi bilen tamamlanýar. Bu ýeňşiň netijesinde osmanlylar bütin Yragy, Parş aýlagynyň kenaryndaky al-Hasa welaýatyny eýeleýärler. 1534-nji ýylda Bagdady eýeläp, osmanly soltany bu ýerde dini agzybirligi ýola goýupdyr. Täze hökümdaryň permany bilen dürli dinleriň we mezhepleriň agzalaryna öz dini ynançlaryny erkin amala aşyrmaga ygtyýar berlipdir. Sünnileriň we şygalaryň ybadat edýän mukaddesliklerine uly möçberdäki wakf ýerleri berlipdir.

Täze eýelenilen ýerlerde osmanlylar Bagdat, Mosul we Şährizor eýaletlerini (welýat) esaslandyrypdyrlar. Basranyň, Lurystanyň, Huzistanyň, Bahreýniň, al-Katifanyň, Nejdiň we Aşaky Ýewfratyň ownuk beglikleriniň hökümdarlary özleriniň osmanly soltanynyň tabynlygyna geçýändiklerini yglan

edipdirler. Başda bu beglikler özbaşdklyklaryny saklapdyrlar. Emma 1546-njy ýylda Günorta Yrak osmanly eýaletine öwrülipdir, onuň merkezi hökmünde bolsa Basra şäheri saýlanylyp alnypdyr. Şeýtmek bilen Osman imperiýasy bu ýerlere dyzaýan portugallaryň hüjümine garşy durmaga we Basranyň gümrükhanasyndan uly girdejileri almagy başarypdyr.

Osmanlylar Arabystan ýarym adasynyň gündogar kenarlaryna-da aralaşypdyrlar. Bu ýerde al-Hasa eýaleti esaslandyrylýar. 1550-nji ýylda Osmanly soltany portugallaryň Pars aýlagyndaky möhüm daýanç nokady bolan al-Katifi eýeleýär. Şeýlelikde, XVI asyrda alnyp barlan ýörişleriň netijesinde Yrak, Siriýa, Liwan, Palestina, Müsür, Liwiýa, Tunis we Alžir ägirt uly Osman imperiýasynyň düzümine girizilýär.

**Arap ýerleriniň dolandyrylyşy.** Arap ülkelerinde osmanlylar dolandyryşyň we edara etmegiň dürli usullaryny ulanypdyrlar. Basranyň we Gündogar Arabystanyň eýaletlerine içki özbaşdaklyk berlipdir we bu ýerlerde timar ulgamy girizilmändir, ýöne oňa derek bu ýerlerde soltan goşunlary ýerleşdirilipdir. Bu ýerlerden gelýän ýyllyk girdejiniň bir bölegi emirlere we esgerlere aýlyk bermek üçin sarp edilipdir, galany bolsa soltanyň hazynasyna geçirilipdir.

Bagdat eýaleti 20 sany sanjaga bölünipdir we olaryň diňe 8 sanysynda timar ulgamy girizilipdir. Timarlaryň eýeleri goşunda gulluk etmäge we nöker goşuny üçin 980 sany atly bermäge borçly edilipdir. Taýpa emirleri bolsa 4500 atly getirmeli bolupdyrlar. Bulardan başga-da, Bagdat eýaletinde hakyna tutma goşun bölümleri hem bar eken.

Mosul eýaletinde (arapça «liwa» hem diýlipdir) 5 sanjak bolup, olaryň ikisi soltana tabynlygy üçin çarwa taýpalaryň emirleriniň eýeçiligine berlipdir. Bu sanjaklar dolandyryş taýdan özbaşdak bolup, ýörişler döwründe öz goşunlary bilen hereket edipdirler. Beýleki üç sanjakda timar ulgamy

girizilipdir. Timarlaryň eýeleri 950 atly nöker getirmäge borçlanypdyrlar.

Mosul liwasy (eýalet) üçin 1574-1595-nji ýyllarda düzülen kanun boýunça her bir salgyt töleýjiniň ýeri we tölenilmeli salgydyň möçberi kesgitlenilipdir. Şol kanuna görä, daýhanlaryň ygtyýaryndaky ýer paýynyň (çiftlik) iň az bölegi bir dönüm (40X40 ädim), iň gowy hasylly ýerlerdäki doly ýer paýynyň mukdary bolsa 80 dönüm diýlip hasap edilipdir. Pes hasylly ýerlerde çiftligiň möçberi 150 dönüme, ortaça hasylly ýerlerde bolsa 90 dönüme barabar bolupdyr.

Kanun daýhana (çiftçi) özüňe degişli ýeri işläp bejermezden, başga ýeri ekmäge ygtyýar bermändir. Eger-de, şeýle ýagdaý ýüze çyksa, onda daýhandan iki esse salgyt alnypdyr. Kanun boýunça salgydyň möçberi hem kesgitlenilipdir we doly çiftliklerden 50 akja, ýarym çiftliklerden bolsa 25 akja salgyt alnypdyr. Salgydy çarwa taýpalardan hem alypdyrlar. Mosul liwasyndaky ýerli türkmen çarwalarynyň her ýüz goýnundan biri, gelmişeklerden bolsa berilmelisinden daşary ýene-de bir goýun alypdyrlar. Eger-de, çarwalar öz örüsinde däl-de, keseki ýerde gyşlasalar, munuň üçin hem her 300 goýundan birini salgyt hökmünde töläpdirler.

Bal ary maşgalalary, degirmenler, bakja ekinleri, miweli agaçlar, üzüm, pagta meýdanlary hem salgyt salynmaga degişli edilipdir. Hatda gelin üçin hem salgyt bar eken. Ony gyzyň atasyndan şol ýeriň ýer eýesi alypdyr. Haçanda, gyzy durmuşa çykaranlarynda 60 akja, dul aýaly äre berenlerinde bolsa, 30 akja töleg tölemeli bolupdyr. Şol tölegiň ýaryny ýer eýesi, galan bölegini bolsa sanjakbegi (etrabyň häkimi) alypdyr. Osmanly hökümdarlygy esaslandyrylandan soň Siriýada musulman dällerden (hristianlar, jöhitler) alynýan salgytlar düýpli azaldylypdyr.

**Siriýa we Liwan**. Bu ýerler osmanly paşalar tarapyndan dolandyrylypdyr. Siriýadaky ýerleriň köpüsi osmanly serkerdelerine timar edilip berlipdir. Timarlaryň köpüsi Halap

liwasynda ýerleşipdir. Beýleki ýerlerde bolşy ýaly, bu ýerde-de, ekerançylyk ýerleriniň eýesi soltan hasap edilipdir we serkerdeler özlerine berilýän ýerlere soltanyň ýapjasy hökmünde onuň adyndan eýeçilik edipdirler.

Siriýa eýaletine 11 sany sanjak degişli bolup, olaryň 7 sanysynda timar düzgüni girizilipdir. Halap liwasy 6 sany sanjaga bölünip, olaryň diňe biri ýerli emirleriň eýeçiliginde, galanlary bolsa osmanly emirleriň dolandyryşyna geçirilipdir. Bu iki welaýat jemi 10 müň atly saklamaga borçlanypdyrlar.

Siriýada we Liwanda osmanly soltanlary söwdanyň we senetçiligiň ösüşine aýratyn uly üns beripdirler. Sebäbi şäher önümçiligi osmanly hazynasyna ummasyz köp girdejileri getiripdir. XVI asyrda deňizlerde ýewropaly garakçylaryň agalyk edýändigi üçin Osman imperiýasynda guryýer söwdasy giň gerime eýe bolupdyr. Siriýanyň, Palestinanyň we Müsüriň şäherleriniň üstünden möhüm söwda ýollary geçipdir. Bu sebitiň Damask, Halap, Tripoli, Iskenderun we Kair şäherleriniň baý hojalygy Gündogaryň we Günbataryň täjirlerinde uly gyzyklanma döredipdir. Şu döwürde diňe Halabyň özünde 365 sany kerwensaraý bar eken.

XVI asyrda Osman imperiýasy bilen söwdada wenesiýaly täjirler entekler hem möhüm orun eýeläpdirler. Osmanly hökümdarlary olara käbir ýeňillikleri beripdirler. Siriýada, Palestinada we Liwanda wenesiýanyň pul birligi – dukat örän ýörginli töleg serişdesi bolupdyr. Halapdaky wenesiýalylara degişli dört sany söwda öýi giň meşhurlykdan peýdalanypdyr. Wenesiýaly täjirler bu ýerlerden ýüpek, indigo, nah ýüplügini, hoşboý ysly otlary, gymmat bahaly daşlary äkidipdirler, Ýewropadan bolsa ýüpek matalary, mawut, kümüş teňňeleri we aýna önümlerini getiripdirler. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, wenesiýalylaryň Halapdaky söwda dolanyşygy 1-1,5 million altyn dukada barabar bolupdyr. Emma XVII asyryň birinji çärýeginde Ýakyn Gündogaryň

söwda işlerinde fransuz we iňlis täjirleriniň işewürlik görkezip başlamaklary bilen wenesiýalylaryň ähmiýeti peselip ugraýar.

**Müsür.** Müsür Osman imperiýasynyň düzümine aýratyn dolandyryş birligi – paşalyk hökmünde girizilipdir we her ýylda Müsür paşalygy soltanyň hazynasyna 16 million[1] para salgyt tölemäge borçly edilipdir. Mundan başga-da, Stambula bugdaý, gant, tüwi, kofe, däri we başga-da dürli görnüşdäki harytlar ugradylypdyr. Müsürden Mekgäniň we Medinäniň ilaty üçin hem 10 million para, 44 mün ardeb däne, zerur mukdarda zeýtun ýagy, bal, mum, şem we çyra iberilipdir.

Muşüriň Osman imperiýasynyň syýasy we ykdysady durmuşyndaky uly ähmiýetini göz öňünde tutup, onuň paşalary soltanyň hut özi tarapyndan bir-iki ýyllyk möhlet bilen bellenilipdir. Müsüriň paşalaryny öň Osman imperiýasynyň paýtagtynda we möhüm welaýatlarynda uly wezipelerde işlän tejribeli gullukçylardan belläpdirler. Paşalaryň arasynda soltanyň hazynadary, silahdary, kazylary we depderdarlary bolup işlän adamlar köp eken.

Müsüri dolandyrmak üçin ýörite diwan döredilipdir. Onuň düzümine paşanyň gullukçylary, goşun serkerdeleri, mamlýuk begleri, baş kazy, tanymal şyhlar we şerifler, dört sany musulman kanunçylyk mekdepleriniň ýolbaşçylary we ulamalar girizilipdir. Ýokary wezipeli gullukçylar aýlykdan daşgary, döwletden azyklyk bugdaý we atlar üçin iýmlik arpa hem alypdyrlar.

Müsüriň port şäherleriniň goragyny we abadanlaşdyryş işlerini soltan tarapyndan bellenilýän kapitan-begler (*kapudan-beý*) amala aşyrypdyrlar. Kapitan-beg gämi gurluşygyna, hereket edýän gämileriň abat saklanylyşyna hem-de olaryň söweş ukybyna, şeýle hem Müsürden Stambula ýükleriň äkidilişine jogap beripdirler. Bulardan başga-da, kapitan beg

[1] *Para* – Müsüriň pul dolanyşygynda aýlanan agramy 1,28 gr barabar bolan kümüş pul. Häzirki döwürde Türkiýede «pul» sözi «para» diýlip atlandyrylýar.

Orta ýer deňziniň dürli ýerlerine soltan tarapyndan deňiz ýüzüşleri geçirilende goşmaça gämileri iberip durupdyr.

Aleksandriýanyň kapitan-begine has jogapkäri wezipe ynanylypdyr. Oňa Müsüriň ortaýer deňiz kenarlarynyň, Stambula äkidilýän ýükleriň goragyny üpjün etmek ynanylypdyr. Suesiň kapitan-begi bolsa Gyzyl deňzini ýewropaly gämilerden we garakçylardan gorapdyr.

Osmanly soltanlary Müsürde guryýer goşunlaryny hem saklapdyrlar. Bu ýerde osmanlylaryň 7 sany goşun korpuslary[1] ýerleşdirilipdir. Goşun korpuslaryna Müsüriň we ýurduň möhüm desgalarynyň goragy tabşyrylypdyr. Bu goşunlar döwletiň alyp barýan uruşlaryna hem gatnaşmalydylar. Käbir halatlarda goşunlar polisiýa gullugynyň wezipesini ýerine ýetirmeli we salgyt ýygnamaga-da gatnaşmaly bolýardy. Bulardan başga-da, goşun korpuslaryndan 500 sany esgeri Mekgä haja gidýänleri, ýene-de 500 esgeri bolsa Stambula gury ýerden ugradylýan salgyt kerwenini ugratmaga iberýärdiler.

Goşunlara aýlygy gullugyň häsiýetine we ähmiýetine görä töläpdirler. «Ojak agasy» diýlip atlandyrylan goşun korpusynyň serkerdesi ýokary aýlyk hakyny alypdyr. Korpusa täze kabul edilýän ýönekeý esgerlere bolsa günde 6 para hak bellenilipdir. Wagtyň geçmegi we esgerleriň tejribesiniň artmagy bilen olara has ýokary aýlyk tölenilipdir. Söweşlerde tapawutlananlara gymmat bahaly ýokary sylaglar hem berlipdir.

Müsürde ýanyçar korpusyny – ojagyny hem ýerleşdiripdirler, ýöne ony ýurduň daşyndaky harby hereketlerde ulanýardylar. Şol sebäpden hem onuň serkerdesi – ýanyçar agasyna giň ygtyýarlyklar berlipdir. Özüniň täsiri boýunça ýanyçar agasy Müsürdäki ähli osmanly goşunlarynyň baş serkerdesi ýaly ähmiýete eýe bolupdyr. Ýanyçar ojagynyň özi hem güýji we ähmiýeti boýunça bu ýerdäki ähli goşunlardan saýlanypdyr.

---

[1] Korpus – olar türkmen dilinde «*ojak*» diýlip atlandyrylypdyr.

Müsüriň syýasy durmuşynda mamlýuklar hem uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Şindi Selim I tarapyndan 12 sany tanymal mamlýuga beg derejesi berlipdir. Olar derejesi we hukugy boýunça iki *bunçukly*[1] paşalar bilen deňleşdirilipdir. Bulardan başga-da, ýene 12 sany mamlýuk begi olaryň kömekçileri hökmünde tassyk edilipdir. Soňky 12 sany mamlýuk begi adatdan daşary tabşyryklary berjaý edipdirler ýa-da hojaýynyň ýok wagty onuň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiripdirler. XVI asyryň ahyrlarynda mamlýuklar öz aralaryndan Müsüriň baş hazynaçysyny saýlap ugraýarlar. Munuň özi mamlýuklara ýurduň maliýe serişdelerini öz gözegçiliklerine almaga mümkinçilik berýär. Emma XVII asyryň başlarynda osmanly hökümeti hazynaçynyň ygtyýarlyklaryny çäklendirip, maliýe meselelerini çözmekligi öz garamagyna alýar.

## § 4. Afrikanyň döwletleri XVI-XVII asyrlarda

**Ýewropalylaryň Afrika aralaşyp ugramagy we gul söwdasynyň başlamagy.** XV asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap Günbatar Afrikanyň kenarlarynda ýewropalylar, öňi bilen portugallar bilen ispanlar peýda bolup başlaýarlar. 1434-1482-nji ýyllar aralygynda portugallar we ispanlar Bahodor burnundan tä Kongo derýasynyň deňze guýýan ýerlerine çenli aralyklarda bolup görüpdirler. 1460-1469-njy ýyllarda portugallar tarapyndan eýelenilen Gök Burun adalary Günbatar Afrikada gul söwdasynyň merkezine öwrülip başlaýar. 1475-nji ýylda lissabonly täjir Fernan Gomiş tarapyndan Ankobra we Wolta derýalarynyň deňze guýýan ýerinde altynyň köp gazylyp alynýan ýurdy[1] açylandan soň portugallaryň Günbatar Afrika bolan gyzyklanmasy has hem güýçlenýär. Şu sebitlerde

---

[1] *Bunçuk* – gadymy we orta asyrlar zamanynda türki (türkmen) hem-de mongol goşunlarynda atyň ýalyndan edilen baýdagyň, nyşanyň bir görnüşi.
[1] Soňra ol ýerler «Altyn Kenar» adyna eýe boldy.

ýaşaýan fanti taýpasy afrika halklarynyň içinde ilkinjileriň hatarynda portugal täjirleriniň açgözlüginiň pidasy bolýar.

Portugallar haýal etmän Altyn Kenarda ornaşmagyň ýoluny agtarypdyrlar we 1482-nji ýylda deňiz kenarynda daşdan San-Horhe-da-Mina (häzirki Elmina) fortuny gurýarlar. Afrikadan äkidilýän esasy haryt altyn bolupdyr. Gul söwdasy başda giň gerime eýe bolup bilmändir, sebäbi Ýewropa bazarlarynda bu «haryda» bolan isleg ýokary däldi.

Ýewropalylar tarapyndan Amerika yklymy açylandan soň we Latyn Amerikasynyň kenarýaka sebitlerinde ekerançylyk pudagynda palantasiýa hojalygynyň ýola goýulmagy bilen Günbatar Afrikadan gul getirmeklik giň gerime eýe bolýar. XVI asyryň ahyrlarynda Günbatar Afrikada ymykly ornaşan ýeke-täk döwlet Portugaliýady. Ýewropalylardan ilkinji bolup gul söwdasyny etmäge başlanlar hem portugallar boldylar. Olar Günbatar Afrikanyň kenarlarynda köp sanly fortlary esaslandyran hem bolsalar, portugal täjirleri Senegal bilen Gambiýa derýalarynyň aralygyndaky ýerlerden başga içki etraplara aralaşyp bilmeýärdiler. Bu derýalar portugallara sebitiň has içki etraplaryna aralaşmaga mümkinçilik beripdir. 1534-nji ýylda olar Maliniň, 1565-nji ýylda bolsa Tombuktunyň ýerlerine baryp ýetýärler. Portugallar Senegal we Gambiýa derýalary boýunça ýüzüp, Maliniň Kantor we Bambuk welaýatlaryna çenli barýarlar. Bu ýerlerde birnäçe uly döwletler bardy, şonuň üçin hem portugallar özlerini basybalyjylar hökmünde görkezip bilmändirler. Portugallaryň esasy ünsi Aşaky Gwineýanyň (Sýerra-Leonadan Kameruna çenli ýerler) kenarýaka etraplaryna gönükdürilipdir. Kenarýakasynyň bu ýerlerini olar äkidýän harytlarynyň atlary boýunça dört bölege bölüpdirler. Häzirki Demirgazyk Liberiýanyň kenarýakasyny Burç kenary, ondan soň Şirmaýy Kenar, Altyn Kenar we iň soňunda bolsa Wolta derýasy bilen Nigeriň deňze guýýan ýerine çenli aralygy bolsa – Gul kenary diýip atlandyrypdyrlar.

Burç kenarda we Şirmaýy Kenarda amatly deňiz duralgalarynyň we bol suwly derýalaryň bolmazlygy portugallara bu ýerlerde işjeňlik görkezmäge mümkinçilik bermändir. Şonuň üçin hem olaryň esasy işleri Altyn Kenarda we Gul kenarynda ýaýbaňlanypdyr. Elminadan başga-da portugallar Aksimde, Şamda we we beýleki kenarýaka sebitlerinde birnäçe fortlary esaslandyrypdyrlar. Ähli söwda işleri şol ýerlerde jemlenipdir. Söwdanyň gerimi we mukdary juda giň bolupdyr. XVI asyryň başlarynda portugallaryň Afrikadan äkidýän altyny onuň dünýä boýunça çykarylýan möçberiniň 1/10 bölegine barabar bolupdyr.

Fernando-Po we San-Tome adalarynda ornaşyp we bu ýerde palantasiýa hojalygy (şekerşiňrigi ösdürilip ýetişdirilipdir) esaslandyryp, portugallar işçi güýjüniň ýetmezçiliginden kösenipdirler. Munuň özi gul söwdasyny höweslendiripdir. Gullary Benin döwletinde köp satypdyrlar. Sebäbi Beniniň hökümdarlary Niger derýasynyň deňze guýýan ýerinde ýaşaýan ownuk taýpalar bilen alnyp barylýan yzygider uruşlarda ele salynýan ýesirleri gulçulyga satýardylar. Portugal täjirleri gullary palantasiýa hojalyklaryna äkidip satýardylar ýa-da Altyn Kenarda altyna çalyşýardylar. Potugallaryň gul söwdasy aýratyn hem XVI asyryň ahyrlarynda Braziliýanyň ýerleri özleşdirilýän döwürde giň gerime eýe bolýar.

Bu döwre çenli Amerikanyň Ispaniýa, Angliýa we Fransiýa tarapyndan eýelenilen dürli sebitlerinde palantasiýa hojalyklary köpelipdir. Gul zähmetine bolan isleg birnäçe esse artýar. Ýewropaly täjirleriň arasynda Afrikanyň gul bazaryna eýe bolmak ugrunda özara bäsleşikler başlaýar. Bu göreşde Portugaliýa ýewropanyň has güýçli döwletleri bilen çaknyşmaly bolupdyr. Emma bu göreşleriň esasy pidasy afrikalylaryň özleridi. Diňe portugallaryň özi 1530-njy ýyldan – 1600-nji ýyla çenli Amerika 900 müň afrikaly gullary äkidip satypdyrlar.

1610-njy ýylda portugallaryň agalygy gollandlar tarapyndan syndyrylýar. Golland West-Hindistan kompaniýasy portugallaryň Günbatar Afrikadaky fortlaryny eýeläp başlaýar. 1642-nji ýyla çenli Arguin, Gori, San-Tome eýýäm gollandlaryň eline geçipdir. Gollandlar portugallaryň Altyn Kenardaky ähli fortlaryny hem eýeleýärler. 1648-nji ýylda Portugaliýa San-Tomeni gaýtaryp almak başardýar, ýöne onuň Atlantik ummanyndaky gul söwdasyndaky agalygy gutarnykly syndyrylýar. Gul söwdasyndaky agalyk indi gollandlaryň ygtyýaryna geçipdir. Gollandiýanyň agalygy hem uzaga çekmeýär. XVII asyryň ikinji ýarymynda halkara bazarlary ugrundaky göreşlere Angliýa bilen Fransiýa-da goşulýar.

Gul söwdasyna Angliýa bilen Fransiýadan başga-da, Ýewropanyň Şwesiýa, Daniýa, Brandenburg ýaly döwletleri hem goşulýarlar. Şeýlelikde, XVII asyryň ikinji ýarymynda we XVIII asyryň bütin dowamynda ýewropa döwletleri Afrika yklymynda, aýratyn hem Günbatar we Merkezi Afrikada agalyk ugrunda özara bäsleşipdirler. Angliýa we Fransiýa gul söwdasyny alyp barýan ýörite söwda şereketlerini esaslandyrypdyrlar. 1664-nji ýylda esaslandyrylan fransuz kompaniýasy we 1672-nji ýylda döredilen iňlisleriň «Afrika korollyk kompaniýasy» şeýle söwda şereketleridi.

Fransuz söwdasynyň esasy alnyp barylýan ýerleri Senegal derýasynyň boýlarydy. Senegalyň deňze guýýan ýerindäki ilkinji daýanç nokady 1630-njy ýylda döredilýär, soňky ýyllarda Sent-Lui adasynda fort esaslandyrylýar, gollandlaryň elinden bolsa Arguin we Gori fortlary alynýar. Wagtyň geçmegi bilen Gori fransuzlaryň Günbatar Afrikadaky esasy deňiz berkitmesine öwrülýär.

Arzan işçi güýjüne bolan islegler gul söwdasynyň möçberini görülip-eşidilmedik derejelere çenli artdyrýar. Diňe XVII asyrda Amerika 2million 750 müň gul äkidilipdir. Gullaryň 2/3 bölegi Günbatar Afrikadan äkidilip, munuň özi sebitiň halklarynyň özüşine juda ýaramaz täsir edipdir.

**Mali XVI-XVII asyryň ortalarynda.** XVI asyrda Maliniň pese düşmegi we onuň dargamagy dowam edipdir. Onuň esasy garşydaşy Songaý patyşalygydy. 1498-1499-njy ýyllarda songaýlylar ýurduň uly bölekleriniň biri bolan Baganu welaýatyny, 1500-1501-nji ýyllarda Maliniň ýapjasy Diara patyşalygyny, 1506-1507-nji ýyllarda beýleki bir ýapja döwleti Galam patyşalygyny eýeleýärler. Songaý döwletiniň araçäkleri Tekrura çenli süýşüpdir. Iň soňunda Mali döwletine tukulerlerden we fulbelerden durýan Tekruryň häkimi agyr zarba urýar. 1530-njy ýyldan başlap Tekrur Maliniň ýapjasy we köp sanly altyn känleriniň ýerleşýän ýeri bolan Bambuk döwletiniň ýerlerini hem eýeläp başlaýar. Maliniň patyşasy Mamadu II 1554-nji ýylda portugallary kömege çagyrypdyr. Portugal ilçisi Peres Fernandes araçy bolup çykyş edýär. Tekrurlylaryň 1535-nji ýylda Falema derýasynyň aňyrsyna çekilendiklerine garamazdan, Mali döwleti Bambugy elden giderýär. Sebäbi Bambugyň patyşasy ýapjalykdan çykyp, özbaşdaklyga eýe bolýar.

Maliniň öz ýerleriniň ep-esli bölegini saklap galandygyna garamazdan, onuň halkara abraýy pese düşüpdir. 1546-njy ýylda songaý patyşasy Daudyň goşunlary Maliniň paýtagtyny gysga wagtlyk eýelemegi hem başarypdyr.

XVII asyryň başlarynda Maliniň täze garşydaşy – banbara taýpalary güýçlenip ugraýar. Bambaralar öň Maliniň ýapjasydy, emma 1600-nji ýylda olar Segu welaýatynda özbaşdak döwlet döredýärler. Butparaz halk bolmak bilen olar Maliniň musulman hökümdarlaryna garşy dini uruş yglan edýärler we onuň günorta welaýatlaryna yzygider çozuşlary geçirýärler. 1670-nji ýylda bambaralar güýçli Segu döwletini esaslandyrýarlar. Segunyň patyşasy Bitona Kulubali Mali döwletinden Sansading, Massina we Bagana welaýatlaryny basyp alýar.

Edil şol döwürler Kaartada Sunsa Kulubaliniň hökümdarlygynda ikinji bir bambara döwleti hem ýüze çykýar.

1667-1670-nji ýyllarda Mali döwleti bambaralaryň hüjümlerine garşy durmaly bolupdyrlar. Bu hüjümler Malini halys güýçden gaçyrýar we onuň kiçijik bir begligiň derejesine çenli peselmegine getirýär. Netijede, Maliniň elinde Keýta nesilşalygynyň bir mahalky urug mülki bolan Kangaba etraby galýar.

**Songaý döwleti.** Muhammet I-niň (1493-1528) dolandyran soňky ýyllarynda songaý begzadalarynyň merkezi häkimiýete garşy çykyşlary güýçlenýär. Olar öz bähbitleri üçin patyşanyň (*aski*) ogullaryny ulanypdyrlar. 1528-nji ýylda patyşanyň garşysyna onuň ogly Musa gozgalaň turuzýar. 1528-nji ýylyň awgustynda topalaňçylar Gao girýärler we Muhammet I tagtdan el çekmäge mejbur edýärler. Häkimiýeine hiç kim dawa etmez ýaly Musa ähli doganlaryny ýok etmäge çalşypdyr. Emma özara uruşlaryň netijesinde 1531-nji ýylyň aprelinde Musa öldürilýär. Tagty Musanyň doganoglany Bengan-Koreý ýa-da Muhammet II (1531-1537) eýeleyär. Onuň dolandyran ýyllarynda Songaý döwleti has hem pese gaçýar. Bu ýagdaýdan ýurduň welaýatlarynyň häkimleri peýdalanýarlar we merkezi häkimiýete garşy topalaňlar başlaýar. Dendi welaýatynyň häkimi Mar Tamzu 1537-nji ýylda Muhammet II tagdan agdarýar we onuň ornuna Muhammet I ogly Ysmaýyly häkimiýete getirýär. Bengan-Koreý bolsa paýtagtdan gaçyp Tombuktuda gizlenýär. Ysmaýyl I-niň (1537-1539) dolandyran ýyllarynda goňşy ýurtlara garşy basybalyjylykly ýörişler geçirilipdir. Harby ýörişler dolandyryşda serkerdeleriň ähmiýetini güýçlendiripdir we songaýlaryň askisi (patyşa) olaryň täsirine düşüpdir. Serkerdeleriň täsirinden çykmak üçin aski Issihak I (1539-1549) köp sanly serkerdeleri we özüniň dogan-garyndaşlaryny ýok edipdir. Emma basybalyşlaryň we ýörişleriň dowam etdirilmegi goşun serkerdeleriniň täsirini peseldip biljek däldi. 1545-1546-njy ýyllarda Issihagyň dogany Dauduň serkerdeligindäki goşunlar Mali döwletine çozýarlar we ýurdy

talap yzyna dolanýarlar. Daudyň goşunlary soňra paýtagta gelip öz serkerdesine häkimiýeti alyp berýärler. Täze aski Daut (1549-1582) mosi, fulbe taýpalaryna, Kebbi we Mali döwletlerine garşy ýene-de birnäçe ýörişleri geçirýär. Daudyň dolandyran ýyllarynda Tekkazyň duz känleriniň üstünde Songaý döwleti bilen Marokkanyň arasy bozulýar. 1556-njy ýylda Marokkanyň goşunlary Songaýyň goňşy taýpalara garşy guralan ýörişinden peýdalanyp Tekkazyň duz känlerini eýeleýär.

1584-nji ýylda Marokkanyň hökümdary soltan Ahmet Songaý döwletine ilçileri iberipdir. Daudyň mirasdüşeri Muhammet III (1582-1586) marokkalylary gowy garşylapdyr. Emma ilçiler dostlukly maksatlar bilen däl-de, songaý döwletiniň harby-syýasy ýagdaýyny bilmek üçin gelipdiler. Biraz wagt geçenden soň 20-müňlük marokkaly goşunlar Songaý döwletine garşy ýörişe başlaýar. Emma bu ýöriş şowsuz tamamlanypdyr we goşunlaryň ählisi diýen ýaly ýorişiň dowamynda açlykdan we suwsuzlykdan heläk bolýar.

Emma Songaý döwletiniň içeri-syýasy ýagdaýy durnukly bolmandyr. 1586-njy ýylda Muhammet III doganlarynyň biri Muhammet Bani topalaň turuzyp, häkimiýeti agasynyň elinden alýar. Emma 1588-nji ýylda Muhammet III beýleki bir dogany Muhammet Sadyk topalaň turuzýar, şol sebäpden hem patyşalyga Daudyň ogly Issihak II (1588-1591) göterilýär. Muhammet Sadyk Tombuktu şäherine gaçyp gidýär, ýöne ele salnyp öldürilýär. Gongaý döwletindäki syýasy durnuksyzlykdan ýene-de marokkalylar peýdalanýarlar. Marokkanyň soltany Ahmet Issihak II hat iberip, Tekkaz duz känlerinden el çekmegi talap edýär. Issihak II marokkaly soltana gödek jogap beripdir. Şol sebäpden hem 1590-njy ýylda marokkanyň goşunlary Arauanyň üsti bilen Gao tarap süýşüp ugraýarlar. 1591-nji ýylyň 12-nji aprelinde Gaodan 50 km demirgazykdaky Tondibo diýen ýerde iki goşun duşuşýar.

Marokkalylaryň goşunlarynyň sany 3 müňden sähel gowrak bolup, olar ot açýan ýaraglar bilen ýaraglandyrylypdyr. Şunça mukdardaky goşunyň garşysyna Songaý döwleti 30 müň pyýada we 12 müň atly goşun çykarypdyrlar. Emma sanynyň birnäçe esse azlyk edýändigine garamazdan, marokkaly goşunlar Issihak II goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Şu ýeňlişiň netijesinde Issihak II ýurduň paýtagty Gaony we Tombuktuny elden giderýär, marokkoly goşunlar ýurduň esasy merkezlerini eýeleýärler.

Songaý döwletiniň demirgazyk bölegi Gao, Tombuktu we Jenne şäherleri bilen bilelikde marokkalylaryň eline geçýär. Bu ýerde olar oýnatgy Tombuktu patyşalygyny döredýärler. Ýurduň günorta bölegi garşsyzlygyny saklap galypdyr we ol Dendi patyşalygy adyna eýe bolupdyr. Dendini Issihak II dolandyryp, ol indi söweşjeň fulbe taýpalarynyň we Tombuktu patyşasynyň geçirýän ýörişlerine garşy durmaly bolupdyr. Şeýlelikde, Songaý döwleti kiçelip, sebitiň daşary syýasynda onuň ähmiýeti bütinleý peselipdir.

Songaý döwletiniň ekerançylyk we senetçilik pudaklarynda gul zähmeti giňden peýdalanylypdyr. Döwletiň belli begzadalary, aýratyn hem askiniň (patyşa) özi 300, 500 hatda 1000 gula eýeçilik edýän iri gul eýesi bolupdyr. Gullar öz hojaýynlaryna önüm görnüşinde salgyt töläpdirler. Songaý döwletinde, şeýle hem Afrikadaky orta asyr döwletleriniň köpüsinde, gullar hukuk derejesi hem-de hojaýynyna garaşlylygy boýunça dürli toparlara bölünipdirler. Gullaryň ikinji nesli *(korso),* eýýäm öz kakalaryndan *(banýa)* tapawutlylykda, doly derejede gul hasap edilmändir. Korsony satyp ýa-da sowgat berip bolmandyr. Gullaryň üçünji topary *sule*, dördünjisi bolsa *sule-gule* diýlip atlandyrylypdyr. Sule-guleden bolan çaga eýýäm hukuk taýdan erkin bolupdyr, ýöne onuň öňki hojaýynyna bolan käbir garaşlylygy saklanyp galypdyr.

Gullardan başga-da Songaý döwletinde erkin jemagatçylar hem bolupdyr. Olar döwlete diňe önüm salgydyny töläpdirler. Özi hem Songaý döwletinde erkin ilat jemgyýetiň esasy köpçüligini düzüpdir. Aýdylanlary Songaý döwletinde gür ilatly şäherleriň (Gao, Tombuktu we başgalar) bolmagy hem belli bir derejede subut edýär.

**Kanem-Bornu döwleti.** Çad kölüniň sebiti Afrikada gadymy siwilizasiýanyň dörän ýerleriniň biridir. Onuň döredilmeginde kanembu we kanuri halklarynyň hyzmaty uly bolupdyr. Kanembu kölüň gündogarynda, kanuri bolsa onuň günbatar kenarlarynda ýaşapdyrlar. Eýýäm VIII asyrda Kanem döwleti ýüze çykyp, XI asyrda kanembalylar yslam dinini kabul edip başlapdyrlar. Bu döwletiň paýtagty Njimi şäheri eken. XIII asyrda Kanem has hem güýçlenipdir we goňşy halklara we taýpalara garşy yzygider ýörişleri geçiripdir. Onuň ýerleri demirgazykda Liwiýa, günortada bolsa Dikoa,

gündogarda Wadaýa, günbatarda bolsa Nigere  çenli uzalypdyr.




Kanemiň basybalyjylykly syýasaty boýun egdirilen taýpalaryň ýiti garşylygyny döredýär. Kanuri we teda taýpalary Kanema garşy gozgalaň turzupdyrlar. Goňşy bulala taýpalary hem birleşip Kanemiň gündogar araçäklerine çozupdyrlar. XIV asyryň ahyrlarynda olar hatda ýurduň paýtagty Njimi şäherini hem eýeleýärler. Kanemiň patyşasy Onar (1394-1398) Kanemiň ýerini taşlamaga we Çad kölüniň günbatarynda ýerleşmäge mejbur bolýar. Döwletiň täze merkezi Bornu welaýaty bolupdyr, şonuň üçin hem bu döwleti indi Kanem-Bornu diýip atlandyrypdyrlar.

XVI asyrda Kanem-Bornu döwleti güýçlenipdir. Katakarmabiniň (1504-1526) döwründe döwletiň köne paýtagty Njimi gaýtarylyp alynýar. Dunamyň (1546-1563) dolandyran ýyllarynda bolsa bulala taýpalary doly boýun egdirilýar. Kanem-Bornunyň has kuwwatly döwri Idris Alumynyň (1581-1603) dolandyran döwri hasap edilýär. Tunis bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak bilen Idris bu ýerden ot açýan ýaraglary we osmanlylar tarapyndan harby tälim berlen hakyna tutma goşunlary alypdyr we sebitde harby-syýasy artykmaçlyk gazanypdyr. Şunuň netijesinde günortada gamergu, musgu-kotoko, budumo taýpalary boýun egdirilýär. Şu döwürlerde hausanlaryň Kano döwleti hem Idrisiň ýapjasyna öwrülýär. Idris duzly känleriň ýerleşýän ýeri bolan Kauar welaýatyny eýeleýär, bu bolsa onuň döwletini Merkezi Sudandaky duz söwdasynyň merkezine öwürýär.

XVII asyrdan başlap Kanem-Bornu tuaregleriň we jukunlaryň hüjümine sezewar bolup başlaýar. Olaryň hüjümini saklamak juda kyn düşüpdir. Kanem-Bornu döwleti orta asyr gatnaşyklaryna geçýänçä uzak taryhy ýoly geçmeli bolupdyr. Ýurduň jemgyýetçilik gurluşynda urug-jemagatçylyk we gul eýeçilik gurluşynyň galyndylary saklanyp galypdyr. Hatda bu ýerde matriarhatyň täsiri hem güýçli duýulypdyr. Döwlet dolandyryşda *magira* (patyşanyň ejesi) we *gumsa* (birinji aýal) uly ähmiýete eýe bolupdyr. Patyşanyň häkimiýeti döwlet geňeşi tarapyndan çäklendirilip, onda *kangama* (goşun serkerdesi), *galadima* (wezir), *ýerima* (patyşanyň ogly ýa-da kakasy) we *çiroma* (paýtagtýaka welaýatyň häkimi) uly täsirden peýdalanypdyrlar.

**Efiopiýa.** XVI asyryň başlarynda Efiopiýada ýurt dagynyklygy güýçlenip, welaýat häkimleriniň arasynda özara uruşlar başlaýar. Ýurduň serhetýaka welaýatlaryna Somalidäki arap emirleri hem çozup durupdyrlar. Osman imperiýasynyň ýapjalary bolan arap emirleri Efiopiýany eýelemegi maksat edinýärdiler. Şonuň üçin hem efiop neguslary (patyşa)

Ýewropa döwletleri, ilkinji nobatda bolsa Portugaliýa bilen gatnaşyklary ýola goýup başlaýarlar. Şu maksat bilen 1510-njy ýylda Portugaliýa ilçiler topary ugradylýar, emma gepleşikler uzaga çekipdir. 1516-njy ýylda efiop negusy Lebna Dengal iri Somali emirligi bolan Adalyň garşysyna ýöriş geçirýär we Zeýlu adasyny eýeleýär. 1527-nji ýylda Lebna Dengal Adal emirligine garşy ikinji gezek ýöriş geçirýär we ýene-de ýeňiş gazanýar.

Emma Harraranyň emiri Ahmet Gran köp sanly Somali begliklerini birikdirenden soň Gyzyl deňzi sebitinde ýagdaý ýene-de üýtgeýär. Ol efiop goşunlaryny iki gezek agyr ýeňlişe sezewar edýär. 1529-njy ýylda Ahmet Gran Efiopiýanyň üstüne çozup, ondan Şoa welaýatyny basyp alýar. Ol ýurduň köne paýtagty Aksumy hem eýeläpdir. Lebna Dengal goşunlarynyň galan bölekleri bilen Dara (Tana kölüniň günorta-gündogary) welaýatyna gaçyp gidýär. 1535-nji ýylda Ahmet Gran Efiopiýa ýene-de çozuşlary geçirýär. Netijede, efiop negusynyň elinde uly bolmadyk ýerler galýar.

Lebna Dengal Portugaliýa täze ilçiler toparyny iberýär. Ilçiler toparyna efiop mitropoliti, asly portugallardan bolan Bermudes baştutanlyk edipdir. Efiopiýa kömek hökmünde portugallaryň Goa welaýatyndan 500 sany esger iberilýär. Başda efiop goşunlary we Kristof da Gamanyň portugal esgerleri Ahmet Granyň goşunlaryny yza çekilmäge mejbur edýärler. Emma 1542-nji ýylyň awgustynda Ahmet Gran garşydaşlaryndan üstün çykýar, Kristof da Gama bolsa ýesir alnyp öldürilýär.

1543-nji ýylda ähli güýçlerini jemläp, efioplar portugallar bilen Ahmet Granyň 10-müňlük goşunlaryna güýçli zarba urýarlar. Söweşde Ahmet Gran öldürilýär we gysga wagtyň içinde efioplar ähli elden gideren ýerlerini gaýtaryp alýarlar. Emma XVII asyrdan başlap Efiopiýa ýene-de güýçden gaçyp ugraýar. Muňa-da ýurduň içindäki özara uruşlar, aýry-aýry

welaýatlaryň häkimleriniň täsiriniň güýçlenmegi, portugallaryň Efiopiýanyň içerki işlerine gatyşmaklary sebäp bolupdyr.

**Sudan.** XVI-XVII asyrlarda yslam dini Sudanda mäkäm ornaşypdyr. XV asyryň ikinji ýarymynda ýurduň iň soňky hristian hökümdary häkimiýetden çetleşdirilýär. Sudanda dörän ilkinji musulman döwletleri Sennar bilen Darfur bolupdyr. Sennar döwleti Ak we Gök Niliň aralygyndaky ýerlerde ýerleşip, ol Dongola, Şangiýa, Berber, Ed-Damir we Gerri welaýatlaryna bölünipdir. Goňşy sebitleriň köp taýpalary Sennaryň ýapjasyna öwrülipdirler.

Sennaryň hojalygy esasan suwarymly ekerançylyga esaslanypdyr. Daýhanlar ýaplary we bentleri gurupdyrlar, dürli görnüsli gök-bakja we dänelik ekinleri ösdürip ýetişdiripdirler. Ýurtda et-süýt önümlerini berýän mallary, at, düýe, eşek ýaly iş mallary köpeldilipdir.

Sennar daşary söwda-da aýratyn işjeňlik görkezipdir. Ýurda hoşboý ysly otlar, demir, aýna, ýarag, zergärçilik önümleri getirilipdir. Sennarda pul zikgelenilmändir: söwda geleşiklerinde müsür, osmanly we ispan pullary ulanylypdyr. Haryt alyş-çalyş işlerinde ýerli önümler bolan duz tokgasy, demir we nah mata bölegi, peýkam we başga zatlar hem giňişleýin ulanylypdyr. Bazarlar diňe bir Sennaryň özünde däl, eýsem Dongola, Berber, Suakin, Şendi we beýleki şäherlerinde hem bolupdyr.

Sennarda döwletiň baştutany soltan bolup, onuň häkimiýeti welaýat häkimlerini hem öz düzümine alýan begzadalaryň geňeşi tarapyndan çäklendirilipdir. Ýurtdaky häkimiýet esasan dört sany belli begzadadan durýan gizlin geňeşiň ygtyýarynda bolupdyr. Soltan Dekin (1577-nji ýylda aradan çykan) tarapyndan ýurtda şerigata esaslanýan ýeke-täk kanunçylyk döredilýär. Soltan tarapyndan bellenilýän kazy giň ygtyýarlyklara eýe bolupdyr. Emma möhüm kazyýet işlerini soltanyň özi amala aşyrypdyr.

Darfurda-da yslam esasy din bolupdyr. Soltanyň nesildennesle geçýän häkimiýetini taýpa serdarlarynyň geňeşiniň esasynda ýüze çykan begzadalar geňeşi çäklendiripdir. Begzadalar geňeşiniň agzalary *abu konjara* (konjara taýpasynyň atasy), *abu dunuga* (dunuga taýpasynyň atasy) we şuňa meňzeş unwanlary göteripdirler. Ýurtda kiçi gizlin geňeş hem bolupdyr. Darfurda abu-for, ýagny soltanyň kömekçisi, ýakyn geňeşçisi we soltanyň orunbasarynyň wezipesi hem bolup, ýerli däbe görä, bu wezipäniň eýesi bolan begzada soltan bilen bile ölmeli eken. Begzadalar geňeşiniň her bir agzasynyň öz ýerine ýetirmeli wezipesi bolup, olaryň ikisi salgyt ýygnamak, üçünjisi ýer eýeçiligi bilen baglanyşykly jedelleri çözmek, dördünji biri daşary gatnaşyklar meselesi, ýene biri bolsa soltanyň mülküni dolandyrmak işleri bilen meşgullanypdyr. Geňeşe birnäçe belli serkerdeler hem girizilipdir.

Kerwen ýollary Darfury Sennar, Müsür, Tunis, Alžir, Efiopiýa we hatda Arabystan bilen hem baglanyşdyrypdyr. Kerwen ýollarynyň ugrunda şäherler döräp, olar içeri we daşary söwdada uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Şeýle şäherleriň iň ulusy Kobbe bolup, ol ýurduň merkezinde ýerleşýärdi. Darfuryň özi daşary bazara düýeleri, şirmaýy, gummiarabik, duz daşamak üçin ulanylýan gönden edilen meşikleri we gullary çykarypdyr.

XVI-XVII asyrlarda Afrikanyň beýleki ýerlerinde-de köp sanly döwletler bolupdyr. Zambezi we Limpopo derýalarynyň aralygynda ýerleşen Monomotapa sebitde güýçli döwletleriň hatarynda ady tutulypdyr. Bu döwürlerde Kongo derýasynyň köp sanly şahalarynyň boýlarynda hem birnäçe döwletler döräpdir. Olardan Kongo, Ndonga, Kuba, Luba, Lunda güýçli döwletler hasaplanypdyr.

## § 5. XVI – XVII asyryň birinji ýarymynda Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy

**Hytaýda durmuş-ykdysady çökgünligiň başlanmagy.** Hytaýyň XVI-XVII asyrlar döwrüniň taryhy orta asyr gatnaşyklarynyň pese gaçyp başlamagy bilen häsýetlendirilýär. Bu çökgünlikler esasan ýurduň ykdysadyýetiniň pese düşmegi, durmuş gapma-garşylyklarynyň we syýasy göreşleriň ýitileşmegi bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. Mongol çozuşlary bilen bagly bolan ykdysady tozgunçylyk, Min imperiýasy döwründe dikeldilen dolandyryş ulgamy, Hytaýda yzagalak orta asyr düzgünini has-da berkitdi.

XV asyryň ahyryna çenli iri begzadalaryň baýlygy we olaryň döwlet syýasatyna täsiri biçak artdy, halk köpçüliginiň ezilmegi öňküsindenem güýçlendi. Şunuň bilen bir hatarda, feodal jemgyýetiň içinde täze durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň döremeginiň irki alamatlary-da peýda bolup başlady.

Ekerançylaryn kyn iş we durmuş şertleri oba hojalygynyň ösüş mümkinçiliklerini çäklendirýärdi. Feodal jemgyýetinde seýrek hadysa bolan arzan işçi güýji, tehniki ösüşiň öňündäki uly päsgelçilik bolup durýardy. Elbetde, öňki nesilleriň yhlasy netijesinde Hytaýyň ekerançylygy ep-esli üstünlikler, käbir tehniki öňegidişlikler gazanylypdy. Meselem, daýhanlaryň akyl-paýhasy esasynda jykyr kämilleşdirilip, suw göteriji enjamlar döredildi. Ýöne, suwaryş tehnikasynyň kämilleşmegi mundan aňryk ösüp gitmedi.

Ekerançylykda daýhanlar tohumlaryň hilini ýokarlandyrýardylar, ekin dolanyşygyndan gowy baş çykarýardylar, ekerançylyk pudagynda ösdürilip ýetişdirilýän ösümlikleriň ekilişiniň we suwarylyşynyň wagtyny-sagadyny bilýärdiler, ekin dolanyşygyny göz öňüne tutýardylar. Daýhanlar ýerde yzgar saklamagy, ýörite usullar boýunça ýeri dökünlemegi, bir mellekde birnäçe ekini bir wagtda ekmegi we ýetişdirmegi başarypdyrlar. Ekerançylykda tehniki ekinleriň ekilýän ýerleri, aýratyn hem gowaça ekilýän ýerleriň mukdary artypdyr. Oba ýerlerinde nahmata dokamaklyga köpçülikleýin

geçip başlapdyrlar we ilat öz öndüren önümlerini giňden ulanypdyrlar.

**Hususy ýer eýeçiliginiň görnüşleri we salgyt ulgamy.** Oba hojalyk önümçiliginde zähmet gurallarynyň köp dürli görnüşleriniň ulanylandygyna garamazdan, olar örän sada we öndürijiligi pes ýagdaýynda galmagyny dowam etdiripdir. Esasan gol zähmeti höküm sürüpdir. Daýhan hojalyklarynyň ygtyýarynda ýabylar bolmandyr, beýleki iş mallaryndan öküzleriň, sygyrlaryň we eşekleriň ýiti ýetmezçili duýulypdyr. Daýhanlar diňe elleri bilen ýeri işläp bejeripdirler, gerdenleri bilen her hili zatlary daşapdyrlar. Şeýle azap bilen öndürilen önümler bolsa, adatça, daýhan hojalygyny kanagatlandyrmaga ýetmändir. Artykmaç önümleri bolmadyk daýhan hojalyklary tozupdyr. Şunuň netijesinde bolsa köpçülikleýin açlyklar, ykmandaçylyk we ilatyň garyplaşmagy şol döwrüň giň ýaýran durmuş hadysasy bolupdyr.



Ýüpegiň egrilişi

XV-XVII asyrlarda önümçilikde özbaşdak hojalyk ýöredýänler bilen iri feodal eýeçiliginiň arasynda gapma-garşylyklar ýitileşipdir, şeýle hem baý ýer eýeleri bilen orta we ownuk ýer eýeleriniň arasyndaky garşylyklar hem güýçlenipdir. Diňe bir döwlete salgyt töleýän daýhan hojalyklarynyň elindäki döwlet ýerleri däl, eýsem hususy eýeçilikdäki ýerler hem iri begzadalar tarapyndan eýelenipdir.

Döwlet we hususy ýerleriň hukuk derejesini kesgitleýän kanunlaryň bolmazlygy, ýerleriň bikanun ýagdaýda eýelenmegine, ýerleriň satylmagyna we satyn alynmagyna getiripdir. Ýerleriň özara paýlaşylmagy hususy eyeleriň, ýagny orta we ownuk mülkdarlaryň sanyny artdyrypdyr. Bir wagtlar daýhan hojalyklarynyň, şeýle hem oba ilatynyň ygtyýarynda, şeýle hem ownuk eýeleriň ygtyýarynda bolan ýerler, indi täze hojaýynlaryň mülklerine öwrülipdirler.

Iri mülkdarlaryň hataryna täsirli maşgalalar, ol ýa-da beýleki ýerlerdäki tanymal adamlar, belli emeldarlar, harbylar, baý şäherliler, iri mülkleriň dolandyryjylar degişli bolupdyrlar. Kähalatlarda, bir maşgala bütin etrabyň sürümli ýerleriniň ýaryna golaýyna eýeçilik edipdir. Baý şäherliler, söwdagärler we süýthorlar ýer satyn alyp, iri mülkdarlara öwrülipdirler.

Natural salgyt daýhan hojalyklarynyň düzümini üýtgedipdir, ýagny bir tarapdan gurply, beýleki tarapda bolsa garyp daýhanlar ýüze çykypdyr. Daýhanlaryň baýan bölegi jemagatyň ekerançylyk ýerleriniň paýlanylmagyna işeňňir gatnaşypdyrlar. Oba arçynlyklarynyň wekilleri, gurply daýhanlar, köpsanly kethudalar, oba süýthorlary, döwlet ýerleriniň gullukçylary tozan daýhanlaryň ýerlerini eyeläpdirler. Mülkdarlara öwrülenlerinden soň hem olary ýönekeý adamlar hasaplaýardylar, ýöne kähalatlarda olaýyň käbirine synag tabşyrmak we döwlet gullugyna işe durmak hem basardypdyr.

XV-XVII asyrlarda döwlet ýerleriniň aýry-aýry adamlar tarapyndan köpçülikleýin eýelenilmegi Szýansi, Çžeszýan, Guandun, Hunan, Hubeý welaýatlarynda, has dogrusy, ykdysady taýdan ösen ýerlerde giň ýaýrapdyr. Täze mülkdarlar bitewi hojalyk döretmändirler, olar diňe ownuk melleklerde oturan daýhanlardan ýer salgydyny almak bilen çäklenipdirler. Ýerlerde esasy işçi güýji ýarpaçy daýhanlar ýa-da batraklar bolupdyr. Şeýle hojalyklary köplenç bazaryň talaplaryna görä

ýöredipdirler. Satuw üçin gök-bakja, miwe önümleri, gowaça, temmäki ýetişdirilipdir, howuzlarda balyk köpeldilipdir.

Hytaýda ýerleri eýelemeklik iňňän uly möçberlerde amala aşyrylypdyr, özi hem muňa resmi taýdan ugtyýar berlipdir. 1456-njy ýyldan başlap imperatorlaryň özleri döwlet ýerlerini hususy mülklere öwrüp başlapdyrlar. Şunuň nertijesinde XVII asyryň ortalarynda imperatoryň mülkleriniň sany 300-e ýetipdir. Şolardan paýtagta golaý bäş welaýatdaky mülkleriň umumy meýdany bir million *mu*[1] barabar bolupdyr. XV asyryň ahyrynda köşk mülkleri ýa-da imperatorlaryň garyndaşlarynyň mülkleri döräpdir. Aýratyn hyzmat görkezen köşk adamlara imperator tarapyndan müňlerçe mu möçberindäki ýerleri peşgeş berlipdir. Köplenç ýagdaýda ýeri eýelemeklik käbir adamlaryň täsirli köşk admlaryna, imperatoruň garyndaşlaryna para bermekleri arkaly hem amala aşyrylypdyr. Iri begzadalaryň mülklerinde ýerleri öňküleri ýaly ownuk melleklere bölüpdirler we olara daýhanlara berkidip,  çökder salgytlary salypdyrlar.

Daýhanlardan alynýan önümler köp sanly maşgalalary eklemek üçin begzadalaryň köşklerine, dolandyryjylaryň öýlerine ýygnalypdyr. Bazar bilen göni gatnaşyk bolmandyr. Sebäbi begzadalar zerur zatlary öz mülklerinden we hazynadan alypdyrlar. Olar diňe gymmat bahaly zynatlary satyn alypdyrlar. Begzadalaryň mülklerinde tehnikany kämilleşdirmegiň we hakyna tutma işçi güýjüni ulanmagyň zerurlygy bolmandyr. Olarda daýhany ezmegiň öňden gelýän görnüşleri we hak-hukuksyz adamlaryň zähmeti agdyklyk edipdir. Üstesine-de, emlägi nesilden–nesle geçirmegiň takyk kanuny bolmansoň, begzadalar hojalygy ýöretmäge parhsyz garapdyrlar. Olaryň bar ünsi hojaýynçylyk edýän döwründe öz eýelik edýän mülkünden mümkin boldugyça köp girdeji almaga gönükdirilipdir.

[1] Hytaýda ýer ölçegi.

Begzadalar daýhanlarlardan her hili ýygymlary we salgytlary ýygnapdyrlar, ýöne döwlet hazynasyna hiç zat tölemändirler. Imperatorlar öz garyndaşlaryna we täsirli adamlara döwlet ýerlerini şol ýerde oturan daýhanlary bilen birlide, hatda ownuk ýer eýeleriniň hem ýerlerini mülk edip beripdirler. Netijede, döwletiň hazynasyna gelýän girdejiler azalypdyr, döwlet büjetini düzmek çynlakaý meselä öwrülipdir.

Ekerançylyk ýerleri eýelenilýän mahaly iri begzadalar öz hojalygyny başarnykly ýöredýän gurply daýhanlary, hatda ownuk we orta mülkdarlary hem tozdurypdyrlar. Döwlete salgyt töleýänler, hususyýetçi mülkdarmy ýa-da döwlete salgyt töleýän daýhanmy, tapawudy ýok, olar hökümdarlaryň ýa-da dolandyryjy toparlaryň doly garaşlylygynda galypdyrlar. Döwlet daýhanlaryna, özbaşdak hojalyk ýöredýän hususyýetçi daýhanlara we ownuk ýer eyelerine dolandyryjylar tarapyndan berk talaplar bildirilipdir. Köplenç, olar oturan ýerlerden çykarylyp, ýarpaçylar bilen çalşyrylypdyr.

XV-XVII asyrlarda hususy eýeleriň ýa-da begzadalaryň mülklerindäki ownuk melleklerde oturan daýhanlaryň sany hem ep-esli artypdyr. Köplenç ýagdaýda, olar gös-göni salgyt töleýänler bolmandyrlar-da, dürli borçlary ýerine ýetirýän, özlerine derek däl-de, ýeriň hojaýynynyň ornuna salgyt töleýän adamlar bolupdyrlar. Olaryň hojaýyna töleýän ýer salgydynyň mukdary hasylyň 50%-ni tutupdyr. Bulardan başga-da, şeýle daýhanlar her hili senetçilik önümlerini öndürmeklige we dürli işleri ýerine ýetirmäge borçlandyrylypdyr, olaryň maşgala agzalary bolsa hojaýynyň hojalygynda hyzmatkärlik edipdirler.

Edere iş tapman ýören ýersiz daýhanlaryň güni has hem kyn bolupdyr. Obadan çykyp gitmeklik hem ýagdaýy ýeňilleşdirmändir. Sebäbi tozan daýhan, bergidar, gaçgak ýa-da ykmanda üçin onuň garyndaşlary, goňşulary jogap bermeli bolýardylar. Oba jemagatynyň agzalary öňküleri ýaly ýylyň dowamynda iki gezek döwlet salgytlaryny töläpdirler. XV–XVII asyrlarda salgydyň esasy görnüşi natural salgyt (däne,

mata) we pul salgydy bolupdyr. Kümüşiň hümmetiniň üýtgäp durýandygy sebäpli ol esasan tüwi ýa-da bugdaý bilen hasaplanylypdyr. Beýleki oba hojalyk önümleri, şeyle hem ýüpek we nah mata, şeýle hem metal we kagyz pullary hem tüwi bilen deňleşdirilipdir we tüwi olaryň ýerini tutup bilipdir. Munuň hem esasy sebäbi şaly ýetişdirmek kyn bolupdyr, üstesine-de, ol esasy azyk önümidi. Ýöne, pul görnüşinde alynýan ýygymlaryň hem möçberi artypdyr. Resmi maglumatlara görä, tüwi we bugdaý salgydyny, köplenç kümüş pul bilen çalşyrypdyrlar. Emma puluň ýoklugy sebäpli daýhanlar pul salgydyny töläp bilmeýärdiler, üstesine-de, salgyt tüwä we bugdaýa geçirilende daýhanlary aldapdyrlar. Salgyt töleýänler ýylyň dowamynda 30 gün gurluşyklarda, ýük daşamakda, ýer gazmak işlerinde döwlet borçlaryny mugt ýerine ýetiripdirler.

**Daýhanlaryň ýagdaýy, halk gozgalaňlary.** Min hökümeti özüniň we begzadalar gatlagynyň isleglerini kanagatlandyrmak, şeýle hem harby çykdajylaryň öwezini dolmak üçin hemişe salgytlary ardyrmaga çalşypdyr. Bu bolsa asaky gatlaklarýyň gün-güzeranyny çydamsyz ýagdaýa getiripdir. Sebäbi salgyt töläp bilmeýän daýhanlar, senetçiler we ownuk söwdagärler kyn günlere sezewar edilipdir. Munuň üçin salgyt töläp bilmeýänleriň garyndaşlaryna-da azar beripdirler. Eger-de, min nesilşalygynyň dolandyran başky ýyllarynda gaçgak daýhanlary tutup yzyna dolap getirmek barada buýruklar çykarylan bolsa, XVII asyrda daýhanlary ýerden kowmaklyk we olary ýerden mahrum eteklik giň gerime eýe bolupdyr. begzadalar tarapyndan daýhanlaryň ýerleriniň köpçülikleýin eýelenen ýerleri bolan ýurduň demirgazygynda ilatyň üstüne açlyk howpy abanypdyr.

Hytaýyň günortasynda-da ýerler hakyky eýeleriniň ellerinden alnyp, ýarpaçylar bilen çalşyrylypdyr. Ownuk mülkdarlar bu ýerde-de çökder salgytlardan ejir çekipdirler, ýöne olary yerden kowmaklyk we emläklerini ellerinden

almaklyk seýrek hadysady. Hytaýyň demirgazyk we kemkäsleýin merkezi welaýatlarynyň yersiz galan daýhanlary dag jülgelerine, jeňňellere ýygnanyp, iri ýer eýeleriniň mülklerine çozuşlary gurapdyrlar. Kähalatlarda daýhan gozgalaňlary giň ýerleri öz içine alypdyr. 1507-1512-nji ýyllarda Hubeý we Hunan welaýatlarynda kuwwatly halk çykyşlary bolup geçipdir. Häkimiýetler uly goşun birikmelerini olaryň üstüne sürüp, gozgalaňyň beýleki welaýatlara geçmezligi üçin dürli çäreleri geçiripdirler. Emma 1513-nji ýylda Szýansi welaýaty täze gozgalaňyň merkezine öwrülip, ol ýerde on müňlerçe gozgalaňçy hereket edipdir.

Uzaga çeken şeýle gozgalaňlar Syçuan we Şandun welaýatlarynda-da bolup geçipdir. Gozgalaňçylara şäherliler, magdan känleriniň işçileri hem goşulypdyrlar. Gozgalaňçylary ýerli daýhanlar hem goldapdyrlar. Şeýle gozgalaňlar Şensi, Gansu, Şandun we Henan welaýatlarynda hem tutaşypdyr. Min häkimiýetleriniň gozgalaňçylara dürli eglişikleri etmeklerine, salgydyň mukdaryny azaltmaklaryna, açlyk çekýänlere kömek bermegine we günä geçişlik yglan ediýändigine garamazdan, gozgalaňlaryň gerimi has-da giňäpdir.

**Şäher önümçiliginiň we söwdanyň ýagdaýy.** XVI-XVII asyrlarda Hytaýyň dürli künjekleriniň ösüş derejesi deň bolmandyr. Bu ýagdaý soňa-baka has hem güýçlenýär. Günorta-gündogar deňizýaka welaýatlarynyň, Ýanszynyň we Beýik emeli derýanyň iki kenaryndaky ýerleriň ykdysadyýeti ýokary göterilip ugaraýar. Söwda ýollarynyň we ykdysady merkezleriň başga ýerlere geçmegi bilen Syçuan, Şensi we käbir beýleki welaýatlaryň ähmiýeti ikinji orna geçýär. Hytaýyň Beýik ýupek ýolundan mahrum bolmagy Kaýfyn, Loýan, Çendu, Siýan ýaly ösen senetçilik we söwda şäherleriniň çökmegine getiripdir. Sebäbi söwda ýollary indi başga ýerleriň üstünden geçýärdi. Bularyň ornuna bolsa, esasy suw ýollarynyň ugrunda täze şäherler – Pekin, Týanszin,

Szinin, Hankou, Sunszýan, Şanhaý şäherleri ýüze çykdy. XVI asyrda Pekinde eýýäm 1 milliondan hem köp ilat ýasapdyr.

XVI asyrda obalaryň we kürenleriň ösen bazarly we senetçilik önümçiligi jemlenen şäherçelere öwrülmek ýagdaýy güýçli dowam etdi. Olara şäheriň hukugy berlipdir. Şäherçelerde (*çžen*) köpsanly dolandyryş edarasy bolmandyr. Ýüpek dokmaçylygynyň merkezleri bolan Suçžou, Hançžou, Usin, Şanhaý, Nankin şäherleriniň daş-töwereginde daýhan hojalyklary tut agajyny ösdürip, ýüpek gurçugyny idedipdirler. Ýurtda şekerçiňrigini we dürli ýaglary berýän ösümlikleri ösdürip ýetişdirýän we olary gaýtadan işleýän merkezler döräpdir.

XVI asyra çenli haýsy etrabyň nähili önümlere ýöriteleşendigi hem belli boldy. Meselem, Guandun welaýaty demirden edilen önümler bilen tanalypdyr, Szýansi welaýaty bolsa bütin Hytaýa we goňşy ýurtlara farfor we keramika önümlerini iberipdir. Şanhaýda we Sunszýanda nah matalary, Uhu şäherinde dürli reňkler, Taýwanda bolsa gant öndürilipdir. Ýurtda ýüpek we nah mata dokmaçylygy, reňk ýasamak işi, farfor we keramika önümlerini öndürmek, kagyz ýasamak we kitap çap etmeklik ösüpdir. Nankinde, Suçžouda we Hançžouda ýüpek öndürmeklik ýola goýlupdyr.

Ýurtda dürli magdanlaryň gazylyp alynmagynyň artdyrylmagy we olaryň işläp bejerilişiniň giňemegi, käbir tehniki öňe gidişliklere hem getiripdir. Hebeýde, Szýansuda, Şanside daş kömür gazylyp alnanda her hili tehniki tilsimleri we enjamlary ulanypdyrlar.

Demir işläp bejerýän ussahanalarda oba hojalyk gurallaryny, gazanlary, labyrlary we tpos, demir listlerini, sim, çüýleri öndüripdirler. Emma metallary gazyp almak, işläp bejermek bilen baglanyşykly kärhanalarda we känlerde ýokary zähmet endikleri, pes derejedäki tehnika bilen utgaşdyrylypdyr.

Şol döwürlerde Hytaý beýik diňli, dört gatly gämileri bilen şöhratlanypdyr. Hytaýlylar gämiler bilen uzaklara gidip

gelmegi başarypdyrlar. XVII asyryň başlarynda hytaýlylar suwa çümülýän skafandrany, suw bombasyny - minalary ýasamagy başarypdyrlar. Şeýle minalar bilen hytaýlylar garşydaş tarapyň gämilerini gark edipdirler.

Dürli çig mallaryny gaýtadan işläp bejerýän önümçilik ösüpdir. Şekerçiňriginden gant gaýnadylypdyr, çaýy, temmäkini gaýtadan işleýän kärhanalar, ýag çykarýan juwazlar, un üweýän harazlar we süýji-köke önümlerini öndürýän sehler gurlupdyr. XVI –XVII asyrlarda gurluşyk işi täzeden janlanypdyr. Pekinde we Nankinde ajaýyp gurluşyk desgalary, köşkler we ybadathanalar gurlupdyr. Beýik Hytaý diwarynyň käbir ýerleri dikeldilipdir, köp berkitmeler, berk we örän gelşikli köprüler gurlupdyr.

Senetçiligiň täze görnüşleriniň ýüze çykmagy bilen täze sehler hem döräpdir, olaryň düzgünnamalaryna üýtgeşmeler girizilipdir. Ýüpek mata we farfor önümçiliginde täze söwda merkezleriniň sany artypdyr. Ýöne, söwdanyň senetçilikden bölünip aýrylmak ýagdaýy haýal geçipdir we ol XX asyra çenli dowam edipdir. Bu döwürde her önümçiligiň öz sehi bolupdyr. Farfor onümçiliginde külallaryň, suratçy-nagyşçylaryň we küýze bişirijileriň hersiniň öz aýratyn sehleri döreýär. Taýyn bolmadyk önümler bir sehden beýleki sehe diňe alyp-satmagyň üsti bilen geçirilipdir. Elbetde, önümçiligiň şeýle pytraňňy we üzňe ýagdaýda bolmagy önümçilige ýaramaz täsir edipdir.

Senetçiligiň, şäher önümçiliginiň we söwdanyň ösýändigine garamazdan, senetçiler döwletiň ykdysady we syýasy sütemininiň astynda galypdyrlar. Olar rugsatsyz bir şäherden beýlekisine göçüp bilmändirler, her bir senetçi salgyt tölemeli we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli bolupdyr. Senetçileriň zähmet borçlary hakyndaky kanun baryp 1385-nji ýylda kabul edilipdir. XV asyrda zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge degişli edilen senetçileriň sany 300 müňe, olaryň döwletiň peýdasyna mugt işlemeli günleriniň möçberi bolsa ýylda 20 güne ýetipdir. Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek üçin olar

uzaklara gitmeli bolýardylar. XVI asyrda natural salgydy we zähmet borçlaryny pul salgydy bilen çalyşmaga edilen synanyşyklar hem netijesiz gutarypdyr.

Pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi bilen senetçileriň arasynda gatlaklara bölünmek ýagdaýy dowam edýärdi. Ownuk, orta we iri senetçiler ýüze çykypdyr. Ownuk senetçiniň ussahanasynda bir maşgala, orta senetçiniňkide ussanyň kömekçisi we 2-3 sany şägirt işläpdir, özbaşyna ussahanasy bolan senetçileriň kärhanasynda bolsa, birnäçe hakyna tutma senetçiler zähmet çekipdir.

Içerki bazaryň giňemegi, welaýatara gatnaşyklaryň ösmegi, senetçilik sehleriniň içindäki bölünişik sehleriň işini kynlaşdyrypdyr. Sebäbi seh öňküleri ýaly ýerli bazarda hojaýynçylyk edip bilmändir. Köpsanly gelmişek söwdagärler ýerli sehleriň gadagan etmeklerine garamazdan, söwda edipdirler we gelen ýerlerinde özleriniň ildeşler guramalaryny döredipdirler.

XVI asyrda ösen welaýatlarda, ýagny merkezi we kenarýaka welaýatlarynda şärikdeş maýa goýumly şereketler we manufakturalar döräpdir. Serişdeleriň ýetmezçiligi we maýa toplamagyň kyn şertleri zerarly özbaşdak hususy kärhanalar döräp bilmändir. Şonuň üçin hem şärikdeş şereketler kärhanalaryň köp ýaýran görnüşi bolupdyr. Şonda her kim goýan maýasyna görä girdeji paýyny alypdyr. Şu görnüşdäki kärhanalar esasan hem iş alyp barmak üçin köp çykdajy talap edýän pudaklarda, dag-magdan işlerinde, metal işläp bejermekde, duz çykarmakda, kagyz ýasalanda, gant gaýnadylanda döräpdir. Ýöne, magdan gazyp almakda döwlet monopoliýasy (agalyk) bolansoň, hususy kärhanalar barmasy kyn, gizlin ýerlerde gurlupdyr. XVI asyryň ortalarynda min hökümeti hususyýetçilere magdan gazyp almaga rugsat beripdir, ýöne olara örän çökder salgytlar salnypdyr.

Hususy kärhanalarda önümçilik hakyna tutma işgärleri işletmegiň hasabyna ýöredilipdir. Käbir kärhanalarda ýönekeý

şärikdeşlikden (kooperasiýa) özbaşdak maýa goýum önümçiligine, ýagny kapitalistik maýa goýum önümçiligine geçilip ugraýar. Kooperasiýa görnüşdäki kärhanalarda ýüzlerçe işçi güýji işledilip, paýçylaryň ownuk toparyndan, girdejiniň esasy uly bölegini alýan «hojaýyn» saýlanypdyr. Adatça, şeýle hojaýynlar söwdagärlerden bolupdyrlar. Sehler däp bolşy ýaly taýyn önüm satmandyrlar (gön, ýüplük, boýag we ş.m.), manufakturalar bolsa taýyn önümleri öndüripdirler (mata, aýakgap we ş.m.)

Senetçiler bilen söwda kapitalynyň arasyndaky gatnaşyklar hem dürli görnüşde bolupdyr: 1) ýönekeý alyş-çalyş (biri satýar, beýlekisi alýar); 2) dokma taralaryny - stanoklary kärendesine almak; 3) pytraňňy manufaktura önümçiligini ýola goýmak (ýagny söwdagär çig maly dürli ýerlere ýaýradyp, soňam zat ýasadyp ýa-da dokadyp taýýar önüm satyn alýar). Söwda kapitalynyň önümçilik pudagyna aralaşmagy senetçilikde yzagalak, köne gatnaşyklary saklap galypdyr we senetçiligiň ösüşini bökdäpdir. Munuň özi önümçiligiň peýdasyna bolmandyr.

Manufakturalaryň eýeleri esasan söwdagärlerden, baý senetçilerden, ýokary gatlagyň wekillerinden, aýratyn hem döwlet eýeçiligindäki önümçiligi dolandyrmak bilen meşgullanýan emeldarlardan bolupdyrlar. Manufaktura önümçiligine şeýle adamlaryň eýeçilik etmekleri olaryň eýeçiligindäki emlägiň goragyna kepil geçipdir.

Iri manufakturalar uly senetçilik merkezlerinde ýerleşip, olarda döwlet ussalary işläpdir we olar seh gurluşy boýunça ýöredilipdir. Şu aýratynlyk manufakturanyň ösüşine iki hili täsir edipdir. Birinjiden, hususy manufakturalar önümçilik enjamlaryny döwlet manufakturalaryndan alypdyrlar, sehler bolsa manufakturalara ýokary hünärli işçi güýjüni beripdir. Ikinji bir tarapdan sehiň ýanynda döremek bilen, manufaktura sehiň agalygynyň astyndan çykyp bilmändir. Bu bolsa onuň

geljekki ösüşine ýaramaz täsir edipdir, ony gowşadýan we ösüşini togtadýan bir ýagdaý bolupdyr.

Döwlet senetçiligi seh ulgamynyň dargamagyna we hususy kärhanalaryň ösmegine päsgel beripdir. Döwlet ussahanalary, adatça paýtagtda we iri senetçilik merkezlerinde ýerleşipdir. Ýarag, mata öndürýän kärhanalarda, metal eredilýän ýerlerde we gämi gurulýan kärhanalarda işleýän müňlerçe senetçiler zähmet borçlaryny hem ýerine ýetirmeli bolýardylar.

XVI asyrda döwlet senetçilik önümçiliginde pul-haryt gatnaşyklarynyň täsiri bilen käbir üýtgeşmeler bolup geçýär: zähmet borçlary ýatyrylyp, ussalary indi hakyna tutupdyrlar, çig malyň bir bölegi ilatdan satyn alnypdyr (öň salgyt salynýar eken). Ýöne, hatda, ýokary hünärli ussany hakyna tutmaklyk hem erkin bolmandyr, sebäbi hakyna tutulan ussa bary bir döwlete bagly bolup galypdyr. Çig mal satyn almaklyk hem mejbur etmeklik arkaly amala aşyrylyp, çig mala örän pes baha kesilipdir.

Döwlet ussahanalarynda öndürilen önümler imperator köşgüniň, ýokary gatlaklaryň hojalyklarynyň ygtyýaryna geçirilipdir. Önümleriň soňra daşarky we içerki bazara çykarylmagy bilen şol önümler hususyýetçileriň we senetçileriň önümleri bilen bäsleşipdirler. Netijede, döwlet manufakturalary haýallyk bilen natural ykdysadyýetiň çäginden çykyp ugrapdyrlar. Şol döwürler dasary söwda ösüpdir. Hytaýda öndürilen önümler Ýewropada, Günorta–Gündogar Aziýada, Ýaponiýada, Jungariyada we Kaşgarda satylypdyr.

**XV-XVII asyryň birinji ýarymynda Hytaýyň daşary syýasaty.** XV-XVII asyrlarda Hytaýyň alyp baran uruşlary, umuman goranyş häsiýetde boldy. Şonuň üçin hem Min nesilşalygynyň höküm süren ýyllarynda Hytaý öz serhetlerini goramaga çalşypdyr. Ýurduň demirgazygynda hökümet goşunlary mongollaryň çozuşlaryny häli-şindi yzyna serpikdirip durupdyrlar. Sebäbi uruş ýoly bilen mongollar Hytaýy söwda etmäge mejbur etmäge çalyşýardylar.

Mongollaryň çozuşlarynyň öňüni almak ücin min hökümeti 1488-nji, 1500-nji, 1570-nji ýyllarda olar bilen söwda şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar. Hytaý mongollardan gymmat bahadan maldarçylyk önümlerini satyn almaga, onuň ornuna bolsa arzan bahadan ýüpek mata we azyk önümlerini satmaga mejbur bolupdyr.

Bu asyrlarda Hytaý Ýaponiýa bilen amatly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Emma Min hökümetiniň ýaponlar bilen söwdany çäklendirmäge eden synanyşyklary iki ýurduň arasynda uzaga çeken uruşlara getiripdir. 1528-nji ýylda ýapon garakçylarynyň gämileri Hytaýyň uly port şäheri bolan Ninbony talaýarlar. Muňa jogap edip min hökümeti özüniň ähli portlaryny daşary ýurtlylar üçin ýapýar. Bu bolsa gaçakçy we kontrabanda söwdasynyň güýçlenmegine getirýär. Sebäbi söwdadan, has hem daşary söwdadan uly girdeji alýan söwdagärler we begzadalar ýapon garakçylary bilen dürli söwda geleşiklerini amala aşyrypdyrlar. 1555-nji ýylda ýapon gämileri hat-da Ýanszy derýasy bilen ýurduň paýtagty Nankine çenli ýüzüpdirler we köp talaňçylyklar edipdirler. Diňe XVI asyryň 60-njy ýyllarynda uly flotuň kömegi bilen min hökümetine ýaponlary kenarýaka sebitlerden kowup çykarmak basardýar.

XVI asyryň ahyrynda Hytaý ýaponlaryň çozuşyna sezewar edilen Koreya ýakyndan kömek beripdir, sebäbi ýapon sýoguny Hideýosi Koreýanyň üsti bilen Hytaýa çozmagy meýilleşdiripdir. Koreýadan soň Hytaýa çozuljakdygyny aňyp min imperatory Koreýa uly goşun iberýär. Birleşen hytaý we koreý goşunlary 1593-nji ýylda ýaponlaryň elinden Phenýan şäherini zabt edip alýarlar. Soňra birleşen güýçler öz üstünliklerini berkidip, deňiz hem-de gury ýer söweşlerinde ýapon goşunlarynyň üstünden uly ýeňişleri gazanýarlar. Bu ýeňiş min nesilşalygynyň döwründe hytaýlylaryň gazanan iň soňky uly ýeňşidir.

XVI asyryň ahyrlarynda häzirki Mukdeniň töwereginde ýaşan çžurçžen taýpalary bir bitewi taýpa bileleşigini döredýärler. Olary indi mançžurlar diýip atlandyrýardylar. Mançžurlar Hytaýyň demirgazygynda kuwwatly güýje öwrülýärler. Mançžurlaryň serdary Nurhasy Merkezi we Gündogar Mançžuriýada ýaşaýan taýpalary boýun egdirip Szin döwletini esaslandyrýar. Min hökümetiniň bu söweşjeň çarwa taýpalary ýarag güýji bilen boýun egdirmek barada eden tagallalary puja çykýar. Mançžurlaryň han-beglerine-de çozuşlar zerur bolupdyr. Nurhasy Hytaýa salgyt tölemegini bes edipdir we 1618-nji ýylda min hökümeti bilen uzaga çeken uruşlara başlaýar. Mançžurlar söweşjeň halk bolupdyrlar we olar Hytaý şäherlerini yzly-yzyna eýeläpdirler. Hytaý Lýaodun ýarym adasyny we Günorta Mançžuryany elden giderýär. Min hökümetine Beýik Hytaý diwaryndaky Şanhaýguan galasyny elde saklamak kynlyk bilen başardypdyr.

Öz döwründe Min hökümeti basybalyjylykly syýasat ýöretmäge-de synanyşyk edipdir. 1520-nji ýylda Birma (häzir Mýanma) garşy gurnalan basybalyjylykly ýöriş netijesiz gutarypdyr. XVII asyryň başlarynda Hytaý tarapy Sibiri çalt depginler bilen eýeleýän Orusýet döwleti bilen hem ilkinji diplomatik gatnaşyklary açypdyr. Ýöne, bu gatnaşyklar dürli sebäplere görä ösüp gidibermändir.

**Ýewropalylaryň Hytaýa aralaşyp başlamagy.** XVI asyryň başlarynda Hytaýyň kenarlarynda ýewropalylar peýda bolup başlaýarlar. Ýewropalylardan ilkinji bolup portugal konkistadorlary (basybalyjylar) gelipdirler. 1516-njy ýylda Rafael Perestrellonyň serkerdeligindäki portugal gämisi Hytaýyň kenaryna gelýär. 1517-nji ýylda Fernan d’Andradeniň baştutanlygynda başga bir portugal gämileriniň topary Hytaýa gelip, onuň kenarlarynda söwda daýanç nokatlaryny – faktori edinmäge synanypdyrlar. Portugallar bu mesele barada min köşgi bilen gepleşik geçirmäge girişýärler. Emma beýleki bir portugal eskadrasy güýç bilen söwda faktoriýasyny açmaga

synanyşýar. Olar kenarýaka etraplaryny oka tutup, kenar goragçylary bilen urşa girýärler. Portugallaryň Hytaýa aralaşmak islegi puja çykýar. Emele gelen ýagdaýy göz öňünde tutup, Hytaýyň hökümeti öz kenarlaryny berkitmäge girişýär. Netijede, Hytaýyň goňşy ýurtlar bilen söwda gatnaşyklary kesilýär. Hökümetiň bu syýasaty ýurduň daşary söwdasyna uly zyýan ýetiripdir.

XVI asyryň 40-njy ýyllarynda portugallar Günorta Hytaýda ýerleşýän Guandun welaýatyna aralaşyp ugraýarlar. Olara her hili ýollar bilen Ninbonyň golaýynda söwda nokadyny esaslandyrmak başardýar. Ýöne, portugallaryň eden-etdiligi, olaryň ýapon garakçylary bilen aragatnaşyk saklamaklary min hökümetini berk çäreler görmäge mejbur edýär. 1549-njy ýylda uly deňiz söweşinden soň portugallar Hytaýdan kowulýar. Muňa garamazdan, portugallar para-peşgeş ýoly bilen 1557-nji ýylda Makao (Aomyn) portuny eýeleýärler, bu bolsa soňra Hytayyň daşary ýurt agalygyna sezewar edilmeginde daýanç nokady bolup hyzmat edýär.

XVII asyryň başlarynda Hytaýyň kenarlarynda ilki ispanlar, soňra bolsa gollandlar peýda bolýarlar. Olar hem Hytaýyň kenarlarynda talaňçylyklar bilen meşgullanypdyrlar. 1624-nji ýylda gollandlar Taýwanyň günorta bölegini eýeläpdirler, ýöne Hytaýyň kenarlarynda berkleşmek olara başartmaýar.

Gollandlar bilen bir wagtda iňlisler hem peýda bolupdyrlar. Ueddeliň serkerdeligindäki iňlis eskadrasy Humen berkitmesine deňizden zarba urup, ony ýok edýär. Netijede, iňlisler Guançžou port-şäheriniň üsti bilen Hytaýy söwda etmäge mejbur edýärler.

Ýewropalylar hytaýly täjirleri talapdyrlar we goňşy ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylaryň söwda işini çäklendiripdirler, olaryň gämilerini ellerinden zorluk bilen alypdyrlar. Olar ýerli ilatdan arzan bahadan ýüpek, farfor we başga-da dürli görnüşdäki geçginli harytlary satyn alypdyrlar we satyn alan

harytlarynyň ornuna hytaýlylara ýarag hem-de temmäki satypdyrlar.

Ýarag güýji bilen Hytaýda ornaşyp bilmänlerinden soň, ýewropalylar din ýaýradyjy hristian missionerleriniň kömeginden peýdalanypdyrlar. 1601-nji ýylda Hytaýyň hökümeti iýezuit dini ordeniniň monahy, missioner Mateo Riççä Pekine gelmäge rugsat berýär. Ol min köşgünde uly abraýdan peýdalanypdyr. Mateo Riççiniň baştutanlygyndaky missionerler toparynda italýanlar, ispanlar, nemesler we beýlekiler bolupdyrlar. Olar geljekde Hytaýyň ýewropa syýasatyna tabyn edilmeginde, hristian dininiň ýaýramagynda uly hyzmat görkezipdirler. Ýöne, şunuň bilen bir hatarda, missionerler ýewropanyň öňdebaryjy gazananlaryny ýaýratmakda-da köp işleri geçiripdirler. Missionerler ylmýň, bilimiň, medisinanyň, öňdebaryjy tehnikanyň gazananlaryny bu ýurtda ornaşdyrypdyrlar, olar hytaýlylara tüpeň, top, äýnek, sagat satypdyrlar, hytaý kalendaryny düzetmäge kömek beripdirler, ýewropalylar bilen ýerli ilatyň arasynda ýaýbaňlanyp başlan söwda işlerinde araçyllyk edipdirler.

**XV-XVII asyrlarda Hytaýdaky syýasy göreşler we özgertmeler ugrundaky hereketler.** XV-XVII asyrlarda Hytaýyň syýasy durmuşynda-da göze görnüp duran düýpli öwrülşik bolmandyr, ýogsam ýurduň ykdysadyýetinde we jemgyýetçilik gurluşynda köp üýtgeşmeler bolup geçipdir. Munuň hem esasy sebäbi Min imperiýasynyň döwlet gurluşynda orta asyr dolandyryş düzgüni höküm sürýärdi. Asyrlar boýy dowam edip gelýän bu gurluş ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda bolup biläýjek täzelikleriň öňüni alypdyr.

Min nesilşalygynyň döwründe syýasy häkimiýet köplenç ýagdaýda haremhana agtalarynyň elinde bolupdyr. Olar parahorluk, ogurlyk bilen meşgullanypdyrlar. Döwlet wezipeleri tejribeli emeldarlara ynanylmandyr, döwletiň ykbalyna jogapkär bolan imperatorlar dolandyryş işi bilen

meşgullanmandyrlar. Adamlary yzarlamak görlüp eşidilmedik derejä ýetipdir. Munuň üçin gizlin aňtaw guramalary döredilipdir. Ýurtda şugulçylyk görlüp-eşidilmedik derejelere ýetipdir. 28 basgançakdan durýan döwlet wezipelerini eýeleýän hytaýly emeldarlar aşakdan (oba) ýokarlygyna (köşk) berk gözegçilikde saklanylypdyr.

Ýurduň içeri we daşary syýasatynda bolup geçýän şeýle ýagdaýlar öz döwrüniň öňdebaryjy adamlaryny işjeňleşmäge mejbur edýärdi. Alymlaryň we emeldarlaryň progressiw toparlary ýurduň durmuşynda bolup geçýän ýaramaz hadysalar barada imperatora hat üsti bilen häli-şindi ýüzlenip durupdyrlar. Köşgüň gözegçiler (inspektorlar) palatasynyň emeldarlary özleriniň imperatoryň adyna hat bilen ýüzlenip bilmek hukuklaryndan peýdalanyp, agtalaryň eden-etdilikleri barada hut imperatorýň adyna hat ýazypdyrlar. Döwletiň bähbitlerini öňe sürýän emeldarlara 1498-nji ýylda agtalary dolandyryş ulgamyndan çetleşdirmek başardypdyr. Bu işde döwlet işgärlerine imperatoryň garamagyndaky Hanlin akademiýasynyň alymlary ýakyndan ýardam edipdirler.

XVI asyrda ýurtda özgertmeleri geçirmek ugrundaky syýasy göreş has-da güýçlenýär. Reformatorlar esasan hem döwletiň syýasy durmuşynda täzelikleriň girizilmegini talap edipdirler. Bu talaplara görä, imperatoryň özi döwlet işleri bilen gönüden-göni meşgullanmalydy, sada durmuşda ýaşamalydy, ata-babalaryň ýol-ýörelgelerini dowam etdirmelidi, döwlet edarasynda işleýän wezipeli adamlaryň sanyny azaltmalydy, döwlet wezipesine bellenilende garyndaşparazlyga, para-peşgeşe ýol berilmeli däldi. Reformatorlar agtalaryň döwlet işinden çetleşdirilmegini, zehinli alymlaryň, döwlet emeldarlarynyň ýokary wezipelere işe çekilmegini talap edýärdiler. Talaplar boýunça bilim ulgamyny, synaglaryň geçirilmegini kämilleşdirmek göz öňünde tutulypdyr, yza galak kanunçylyk ulgamy tankyt edilipdir.

Gözegçiler edarasynyň işgärleri ykdysadyýetiň gözgyny ýagdaýy barada ýazypdyrlar, döwlet kärhanalarynyň, magdan çykarylyşyna döwlet eýeçiliginiň, duz söwdasyna gadagan edilmeleriň ýatyrylmagyny talap edipdirler. Olar öz hatlarynda hususy senetçilik kärhanalarynyň we ýaňy döräp ugran manufakturalaryň işjeňligini bökdeýän döwlet dokmaçylyk kärhanalarynyň ýatyrylmagyny hem teklip edýärdiler.

Reformatorlar döwletiň daşary syýasatyny işjeňleşdirmäge çagyrýardylar, goşunyň söweş taýýarlygy, onuň üpjünçiligi berk tankytlanylypdyr. Watançy döwlet işgärleri tarapyndan açylyp görkezilýän ýaramaz ýagdaýlary düzetmegiň ýerine Min hökümeti reformatorlardan öç alypdyr. 1508-nji ýylda 300 sany paýtagtly emeldar tussag edilipdir. Bu çärelerden Hanlin akademiýasynyň alymlary hem jebir çekipdir, onuň görnükli alymlarynyň 200-si zyndana taşlanylypdyr.

Öç almalara garamazdan, ýurduň syýasy durmuşyndaky talaplar köpelmese azalmandyr. Şonuň üçin hem imperator 1567-nji ýylda agtalary wezipelerden boşadyp, olaryň ornuna belli alymlary bellemäge mejbur bolýar. Imperator hökümetiň başlyklygyna özgertmeleriň tarapdary Çžan Szýuýçženi belleýär. Ol ýurduň ösüşine oňyn täsir edip biljek birnäçe çäreleri durmuşa geçirýär. Salgyt tölemäge boçly edilen ilatyň sany kesgitlenilenden soň natural salgyt, zähmet borçlary ýatyrylypdyr we pul salgydy girizilýär. Baoszýa düzgüni boýunça göz öňünde tutulýan gaçgak daýhanyň ýerine onuň haryndaşlarynyň töleg borjy ýatyrylýar. Döwlet daýhanlaryň aýratyn agyr bergilerini hem ýatyrýar. Magdanlary işläp bejermekde, duz gaýnatmakda we ony satmakda döwlet monopoliýasy aýrylýar. Emeldarlaryň wezipä bellenmeginiň we olary döwlet synaglaryndan geçirmegiň täze tertip-düzgünleri girizilýär. Imperator döwlet işlerine gatyşmaga razylaşýar.

Emma ýurtda başlan özgerişlere häkimiýeti elden giden köne pikirli güýçler ýiti garşylyk görkezipdirler. Şeýle şertlerde

hökümetiň başlygy Çžan Szýuýçžene töhmet atypdyrlar, ölenden soň bolsa, ol dönük diýlip yglan edipdirler. Hökümetiň başlygynyň maşgalasy hem öç almalara sezewar edilipdir.

XVI asyryň 90-njy ýyllarynda begzadalaryň aýry-aýry toparlarynyň, şäherleriň ýokary gatlaklarynyň arasynda hökümete garşy hereket güýçlenipdir. Onuň merkezi Hytaýyň günortasynda, Ýanszi derýasynyň boýundaky Usi şäherinde ýerleşen Dunlin akademiýasy bolupdyr. Bu ýerde ýerleşen herekete paýtagtdan kowlan emeldarlar gatnaşypdyrlar. Herekete Gu Sýançen ýolbaşçylyk edipdir. Dunlin akademiýasynyň alymlarynyň talaplary Çžan Szýuýçženiňki bilen belli bir derejede gabat gelipdir. 1620-nji ýylda dunlinçilere öz adamsyny tagta çykarmak hem başardypdyr. Ýöne, tiz wagtdan ol zäherlenip öldürilipdir, häkimiýeti bolsa ýene-de öňküler ýaly, agtalar we geldi-geçerler eýeläpdirler. Häkimiýeti ele alan güýçler tarapyndan ähli dunlinçiler jezalandyrylyp öldürilipdir, olaryň tarapdarlaryny bolsa sürgün edipdirler, akademiýalaryň we mekdepleriň köpüsi ýapylypdyr. 1624-nji ýylda Hytaýda reformatorçylyk hereketi doly derbi-dagyn edilýär.

**Halk gozgalaňlary we daýhanlar urşy.** Ýurtdaky häkimiýet köneçil toparlaryň eline geçenden soň, ilatyň gün-güzerany ýaramazlaşypdyr, närazylyklar güýçlenipdir. Bu bolsa min hökümetiniň syýasatyna garşy halk gozgalaňlarynyň turmagyna getirýär. Halk gozgalaňlaryna dürli gizlin jemgyýetler ýolbaşçylyk edýärdiler. Şolaryň biri hem gizlin «Ak bägül jemgyýeti» bolupdyr. 1622-nji ýylda bu jemgyýetiň ýolbaşçylygynda ýurduň Şandun welaýatynda gozgalaň başlaýar. 1628-nji ýylda dagynyk gozgalaňçy goşunlar Gansu we Şensi welaýatlarynda birleşýärler. Gozgalaňy basyp ýatyrmak maksady bilen hökümet Şensä jezalandyryjy goşun bölümlerini iberýär.

1631-nji ýylda gozgalaňçy goşunlar Huanhe derýasynyň günbatar tarapyna geçip, ýurduň paýtagtyna tarap süýşüp

ugraýar. Hökümet goşunlary bilen alnyp barlan gandöküşikli söweşlerde gozgalaňçylar ýeňilýär we ýene-de Huanheniň günorta tarapyna yza çekilmäge mejbur bolýarlar. 1635-nji ýylda Henan welaýatynda 32 sany uly gozgalaňçy goşunlaryň serkerdeleri we 72 sany ownuk toparlanyşyklaryň baştutanlary ýygnanyşyp, bitewi bir gozgalaňçy merkezi döretmäge synanyşýarlar. Gozgalaňçylar Gao Insýany baş serkerde edip saýlaýarlar. Emma 1635-1639-njy ýyllarda hökümet goşunlaryna garşy alnyp barlan uruşlarda gozgalaňçy goşun yzly-yzyna ýeňlipdir. Muňa garamazdan, söweşler dowam etdirilipdir. Gozgalaňy ýatyrmak üçin min hökümeti günä geçişlikleri yglan edipdir. Emma gozgalaňlar dowam etdirilipdir. 1636-njy ýylda hökümet goşunlary bilen bolan söweşleriň birinde Gao Insýan öldürilýär.

1636-njy ýylda gozgalaňçy goşunynyň ýolbaşçylygyna Li Szyçen geçýär. Ol daýhanyň ogly bolup, gelip çykyşy boýunça Şensi welaýatyndan eken. Li Szyçeniň goşunlary Loýan şäherini eýeläpdirler, Kaýfyn şäherini bolsa birnäçe gezek gabapdyr. Gozgalaňçylar eýelän ýerlerinde ammarlarda saklanylýan azyk ätiýaçlyklary ele salyp açlyk çekýän ilata paýlapdyrlar. Li Szyçen soňra Hubeý welaýatynda Sýanýan şäherini eýeleýär. Gozgalaňçylar goşuny kämilleşdiripdirler, berk tertip-düzgünleri girizipdirler. Olja ýygnamak esgerlere bütinleý gadagan edilipdir. Ýörişler döwründe olja alynýan azyk önümlerini, mallary, gymmat bahaly zatlary ýörite ammarlara tabşyrmaly bolupdyr. Munuň üçin esgerlere, serkerdelere ýörite sylag-serpaý berlipdir.

Gozgalaňçylar Li Szyçeniň ýolbaşçylygynda hökümet düzmäge synanyşypdyrlar. Ýokary häkimiýet we goşuna ýolbaşçylyk Li Sziçeniň baştutanlygyndaky serkerdeler Geňeşiniň ygtyýaryna berlipdir. Gozgalaňyň esasy maksady min hökümetini agdarmak, iri begzadalary we köşk adamlaryny ýok etmek bolupdyr. Gozgalaňçylar şäher ilaty babatynda inçe syýasat ýöredipdirler we bu işe iňňän eserdeň çemeleşipdirler.

Olar şäher ilatyny üçe bölüpdirler: baý gatlaklar, orta gatlak, ýönekeý halk. Baýlaryň elinden alnan emläk we dürli zatlar şäher garyplarynyň arasynda paýlanypdyr.

Gozgalaňçylaryň belli bir dini ynançlary bolmandyr. Olaryň arasynda buddaçylaram, daosçylaram, musulman dinine uýýanlaram bolupdyr. 1644-nji ýylda gozgalaňçylar paýtagta golaý Siýan şäherini zabt edip alýarlar. Bu ýerde Li Sziçeni imperator diýip yglan edýärler. Şu wakadan köp wagt geçmänkä  üç günlük gabawdan soň Li Szyçeniň goşunlary Hytaýyň paýtagty Pekini eýeleýärler. Min neslinden bolan iň soňky mperator özüni öldürýär. Hytaýda Min nesilşalygy ýaşamagyny bes edýär.

Pekin eýelenenden soň gozgalaňçy serkerdeler şäherde tertip-düzgüni ýola goýupdyrlar, talaňçylyk, zorluk etmek gadagan edilipdir. Ýöne, Pekinde ýaşamak gozgalaňçy goşuna ýeňil düşmändir, sebäbi ägirt uly gozgalaňçy goşuny bir ýerde saklamaly, esgerleri, atlary iýmitlendirmeli bolupdyr. Şonuň üçin hem şäheriň her bäş maşgalasyna bir esger berkidilipdir. Li Szyçen raýatlardan salgyt ýygnamaklygy, olaryň bergilerini ýatyrýar. Gozgalaňçylar ýokary gatlaklar babatynda zabun syýasat ýöredipdirler, ele düşen baýlary, döwlet adamlaryny jezalandyryp öldüripdirler ýa-da zyndana taşlapdyrlar. Şäher emeldarlaryny wezipeden kowup, olary ýönekeý adamlaryň hataryna goşupdyrlar. Emma töleg tölän baýlary jeza çärelerinden boşadyp erkinlige goýberipdirler. Gozgalaňçylar döwlet edaralaryny döredip başlaýarlar. Munuň üçin bolsa pes wezipelerde işlän emeldarlary, kähalatlarda bolsa zyndandan çykaryp ýokary wezipeli köşk adamlaryny hem peýdalanydyrlar. Gozgalaňçylar pul zikgeläp, maliýe işlerini düzgüne salmaga çalşypdyrlar.

Min nesilşalygy ýykylandan soň häkimiýeti elden gideren güýçler hem dek oturmandyrlar. Olar güýç ýygnap demirgazyk tarapdan Hytaýa howp salýan mançžurlar bilen ýaranlyk baglaşýarlar. Beýik Hytaý diwarlaryndaky Şanhaýguan

geçelgesini saklap duran öňki min goşunlary mançžurlary ýurduň içine goýberýärler. Mançžurlar Pekine howp salypdyrlar, şonuň üçin hem gozgalaňçylar gabawa düşmekden çekinip, Pekinden çykyp gidýärler. Şeýlelikde, 1644-nji ýylyň iýunynda mançžurlar Pekini eýeleýärler. Hytaýda mançžurlaryň keseki agalygynyň düýbi tutulýar we Sin nesilşalygy (1644-1911) esaslandyrylýar. Oktýabr aýynda Nurhasynyň neslinden bolan Şun-ži imperator diýlip yglan edilýär. Gozgalaňçylar barada aýdylanda bolsa, mançžurlar bilen alnyp barlan soňraky söweşlerde olar ýeňlişe sezewar edilýär, Li Sziçen bolsa söweşleriň birinde öldürilýär.

## § 6. Koreýa giçki orta asyrlar döwründe (XVI – XVII asyrlar)

**XVI asyrda Koreýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XV asyryň ahyrlarynda Çoson döwletiniň gowşaýandygyna şaýatlyk edýän alamatlar ýüze çykyp ugraýar. Bu döwürde iri begzdalaryň ygtyýaryndaky mülkler köpelipdir, döwlet eýeçiligindäki ýerleriň mukdary bolsa üzül-kesil azalypdyr. Ýerlerdäki begzdalaryň täsiriniň güýçlenmegi bilen merkezi hökümetiň ykdysady hem-de syýasy täsiri peselýär. Döwlet gullukçylaryna, iri begzadalara we dolandyryjy nesilşalygyň wekillerine ýerleriň köpçülikleýin berilmegi iri ýer eýeçiliginiň güýçlenmegine getiren esasy sebäp bolupdyr. Bu ýagdaý aýratyn hem XV asyryň ikinji ýarymynda güýçli depginler bilen dowam edipdir. Sebäbi bu döwürde ýurtda döwlet agdarylyşyklary tiz-tizden bolup geçipdir we her gezek şeýle wakadan soň täze patyşanyň öňünde bitiren «aýratyn hyzmatlary» üçin begzadalaryň uly topary iri mülkler bilen sylaglanylypdyr. Patyşa hökümeti begzadalara iň gowy ýerleri bölip berýärdi.

Iri ýer eýeçiliginiň artmagy ýerlerdäki orta we ownuk begzadalar toparynyň bähbitlerine çapraz gelipdir. Şonuň üçin hem XV asyryň ahyrlarynda «hatyraly begzadalar» diýlip

atlandyrylýan paýtagtly köşk adamlary bilen ýerlerdäki orta we ownuk begzadalaryň bähbidini araýan konfusiýaçy alymlaryň arasynda syýasy göreşler ýitileşýär.


Sadap bilen bezelen sandyjak. (XV asyr)

Konfusiançyly gyň ynsanperwerlik we adalatlylyk, şeýle hem döwletiň bähbitleri ugrunda aladalanmk ýörelgelerinden ugur alýan alymlar, köşk adamlaryny eden-etdiliklerde we bikanunçylyklarda aýyplapdyrlar. Köşk begzadalarynyň aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän mülkleri ýurduň dürli ýerlerinde ýerleşipdir we şol ýerleriň dolandyryjylary edilip bellenilen ýerli emeldarlar daýhanlary dürli salgytlar hem-de ýygymlar bilen halys tozdurypdyrlar. Iri begzadalaryň eden-etdilikleri şazada Ýonsan häkimiet başyna gelenden soň has hem güýjeýär. 1498-nji we 1504-nji yllarda Ýonsan konfusiýaçy alymlaryň ençemesini tussag edip zyndana taşlapdyr. Emma tiz wagtdan hazyna boşapdyr, şol sebäpden hem patyşa iri begzadalaryň mülklerinden salgyt ýygnap başlaýar. Bu bolsa döwlet agdarylyşygyna we Ýonsanyň häkimiýetden çetleşdirilmegine sebäp bolýar. Şeýlelikde, ýurtdaky häkimiýet iri begzdalaryň eline geçýär. Ýurtda eden-etdilikler has hem güýjäpdir. 1519-njy we 1545-nji ýyllarda iri begzadalar konfusiýaçy alymlardan rehimsiz öç alypdyrlar, olaryň agramly bölegi jezalandyrylyp öldürilipdir ýa-da zyndanlara taşlanylypdyr. Emma ýowuz yzarlamalar iri begzadalaryň häkimiýetine garşy gidýän güýçleri amana getirip bilmändir. Göreşler döwründe täze-täze adamlar öňe çykypdyrlar we şolar hem ahyr soňy merkezi häkimiýetde

esasy wezipeleri eýelemegi başarypdyrlar. Emma Koreýada häkimiýet ugrundaky göreşler şunuň bilen tamamlanmandyr, syýasy göreşler ýurtda XVI asyryň ikinji ýarymynda-da dowam edipdir.

**Koreýanyň üstüne Ýaponiýanyň çozmagy we basybalyjylara garşy göreş.** XVI asyryň ahyrlarynda Koreýanyň üstüne ýapon howpy abanyp ugraýar. Ýaponiýada ýurt dagynyklygy höküm sürýän döwründe Koreýa bilen gatnaşyklar umuman alnanda parahatçylykly häsiýetde bolupdyr.

1419-njy ýylda Susima adasyndaky garakçylar mekany dargadylandan soň we 1443–nji ýylda Koreýa bilen Ýaponiýanyň arasynda şertnama baglaşylandan soň döwletara gatnaşyklar düzgünleşdirilýär. Koreýanyň hökümeti tarapyndan ýapon söwdagärlerine Pusan, Ýempho we Nenpho şäherlerinde ýaşamaga we söwda etmäge rugsat edilýär. Ýöne daşary söwda gözegçiliginiň gowşamagy bilen ýapon garakçylary ýene-de çozuşlary gurap ugraýarlar. Üstesine-de, ýapon sýoguny Toýotomi Hideýosi Uzak Gündogarda basybalyşlary amala aşyrmak üçin dürli maksatnamalary işläp düzüpdir.

1590-njy ýylda sýogun Hideýosi Koreýanyň hökümetinden öz ýeriniň üstünden ýapon goşunlaryny geçirmäge ygtyýar bermegini we koreýleriň ýaponlar bilen bileleşip Hytaýa çozmaga gatnaşmaklaryny talap edýär. Ýaponlaryň maksady aýdyň bolsa-da, koreý hökümetiniň gowuşgunsyzlygy zerarly ýurt doly derejede goranyşa taýýarlanylmaýar. Ýewropa ýaraglary bilen ýaraglandyrylan güýçli ýapon goşuny bolsa Koreýa golaý portlarda taýýar ýagdaýda durupdyr. Şeýlelikde, 1592-nji ýylyň maýynda 200 müňlük ýapon goşunlary Koreýanyň Pusan portunyň golaýynda ýurda çozup girýärler. Koreýada ýedi ýyllap dowam eden talaňçylykly uruş başlaýar. Koreýanyň taryhnamasynda

bu döwür 1592-1598-nji ýyllaryň Watançylyk urşy diýlip atlandyrylýar.

Ýaponlara Pusan we Tonne galalarynyň goşunlary we ýerli ilat garşylyk görkezipdir. Ýöne hökümet goşuny kömege gelýänçä bu galalar ýaponlara boýun egýär. Haçanda ýapon goşunlary Pusandan ýurduň paýtagty Seula tarap süýşüp ugranda ýerli dikmeler, serkerdeler goşunlaryny taşlap gaçypdyrlar. Hökümet guryýer goşunlarynyň baş serkerdesine goşunlary Seula barýan dag geçelgesinden aýryp, Çhunju düzlügine çykarmagy buýurýar. Ýöne serkerdäniň goşuny ýaponlar tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Ýurduň wany (patyşa) we köşk begzadalary paýtagty taşlap demirgazyga gaçypdyrlar.

Koreýanyň ýerine çozup girenlerine 20 gün geçende ýaponlar eýýäm Seuly eýeläpdirler we tomusyň ortalarynda Phenýany alyp, ýurduň demirgazyk-gündogardaky Tumangan derýasyna çykmagy başarýarlar. Koreýanyň köp ýerleri basybalyjylaryň eline geçipdir. Ýaponlar ýerli ilatdan rehimsiz öç alypdyrlar Şol rehimsizlikleriň şaýatnamasy hökmünde Kioto (Ýaponiýa) şäherindäki «gulak mazaryny» görkezmek bolar. Şol mazarda öldürilen koreýleriň kellesinden kesilip alnan gulaklaryň we burunlaryň 30 müňüsi gömülipdir .

Ýapon goşunlarynyň yzynda koreýlerden düzülen gozgalaňçylaryň uruşlary giň gerime eýe bolýar. Has hem Kýonsan welaýatyndaky ýerli konfusiaçy alymy Kwak Çeu okgunly hereket edip, basybalyjylara uly zyýan ýetiripdir. Emma hökümet edarasynyň we koreý goşunlarynyň wagtlaýyn ýerleşen ýeri bolan Çolla we Çhunçhon welaýatlarynda ýaponlara garşy göreşýän gozgalaňçy goşunlary koreý hökümeti tarapyndan goldaw tapmandyr.

Halk goşunlarynyň hereketine meşhur koreý serkerdesi Li Sunsiniň (1545-1598) deňiz söweşlerinde gazanan ajaýyp ýeňişleri gowy täsir edipdir. Ýaponlar

çozmanka deňiz goşunlarynyň serkerdeligine bellenen Li Sunsin floty berkidipdir we ony gowy ýaraglandyrypdyr. 1592-nji ýylyň awgustynda Hansando adasynyň ýanynda bolup geçen deňiz söweşinde Li Sunsin ýapon flotuny derbi-dagyn edýär. Netijede, şol söweşde we onuň yzýany Angoliho portunyň ýanynda bolan deňiz söweşinde ýaponlaryň ýene-de 100 gämisi we 9 müň deňizçisi ýok edilipdir. Şondan soň Koreý floty deňizde agalyk edip ugraýar, ýaponlaryň Koreýany eýelän gury ýer goşunlary bolsa Ýaponiýadan üzňe ýagdaýda galýar. 1592-nji ýylyň oktýabrynda koreýler Kenju şäherini yzyna gaýtaryp alýarlar.

1592-nji ýylyň oktýabr aýynda 50 müňlik hytaý goşunlarynyň gelmegi bilen koreýleriň ýagdaýy has hem ýeňilleşýär. 1593-nji ýylyň fewral aýynda birleşen hytaý-koreý goşunlary Phenýany ýaponlardan azat edýärler. Şol ýylyň maýynda ýaponlar Seuldan hem kowlup çykarylýar. Ýaponlara diňe ýurduň günorta-gündogar etraplary bolan Pusanda we Ulsanda saklanyp galmak kynlyk bilen başardýar.

Emma şol döwürler koreý goşunlarynyň dolandyrylyşynda we onuň hereketine ýolbaşçylyk etmekde birnäçe ýaramaz hadysalar bolup geçýär. Hökümet köp sanly başarjaň hem-de söweşjeň serkerdeleri goşundan gitmäge mejbur edýär. Şeýle serkerdeleriň arasynda Li Sunsin hem bar eken. Ony gorkaklykda aýyplapdyrlar we ýönekeý deňizçilige geçiripdirler. Emele gelen amatly ýagdaýdan ýaponlar peýdalanypdyrlar we 1597-nji ýylyň başlarynda ýene-de Koreýanyň demirgazygyna tarap hüjüm edip ugraýarlar. Koreý floty derbi-dagyn edilýär. Ýöne, her nämede bolsa, bu gezek koreýler öňkülere garanda taýýarlykly bolupdyrlar. Üstesine-de, Li Sunsini ýene-de flotuň serkerdeligine getirýärler. Ýapon floty yzly-yzyna ýeňlişe sezewar edilýär. 1597-nji ýylyň oktýabrynda ýaponlar Çiksanyň eteginde hem ýeňilýärler.

1598-nji ýylyň dowamynda koreý we hytaý goşunlary ýaponlary yza çekilmäge mejbur edipdirler. Şol ýylyň dekabr aýynda Koreý buhtasynda ýapon floty gutarnykly dargadylýar. Emma şol söweşde şöhratly koreý serkerdesi Li Sunsin öldürilýär. Şeýleleikde, koreý halkynyň Watançylyk urşy ýapon basybalyjylarynyň ýurtdan kowlup çykarylmagy bilen tamamlanýar. Urşuň netijesi boýunça Koreýa bilen Ýaponiýanyň arasynda parahatçylyk şertnamasy baglaşylýar. Iki ýurduň arasynda Pusan portunyň üsti bilen söwda gatnaşyklary gaýtadan ýola goýulýar.

**XVII asyryň başlarynda Koreýanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Ýedi ýyl dowam eden tozgunçylykly uruş Koreýanyň durmuş-ykdysady ösüşine örän uly zyýan ýetiripdir. Şol ýyllaryň wakalaryny gözi bilen gören Ýun Gukhýon: «Halk dyr-pytrak boldy, hat-da begzadalar hem näme etjeklerini, nädip ýaşajakdyklaryny bilmeýärdiler. Çar tarapda maslyklar dargap ýatyrdy, olary ýygnamaga adam tapdyrmaýardy. Atalar çagalaryny, erkekler aýallaryny satmaga mejbur bolýardylar. Uruş biziň ýurdumyza köp betbagtlyklar getirdi, ýöne ýagdaý hiç haçan hem şu günki ýaly bolmandy» diýip ýazypdyr

Uruşlar netijesinde paýtagtdaky hojalyklaryň sany 80-90 müň bolanlygyndan, 30-40 müňe çenli, ilatyň sany bolsa urşuň öňüsyrasyndakydan üzül-kesil azalypdyr. Elbetde, hojalyklaryň sanynyň azalmagy diňe bir gyrgynçylyk bilen baglanyşykly bolman, eýsem ummasyz köp mukdardaky ilatyň ondan-oňa ygyp ýörendigine hem güwä geçýärdi. Sebäbi ýurduň ykdysady taýdan bütinleý tozmagy maşgalalaryň dargamagyna, şunuň netijesinde bolsa hojalyklaryň sanynyň görnetin azalmagyna getiripdir.

1611-nji ýylda hojalyklaryň üstünden gözegçilik edýan edaranyň dolandyryjysy Hwan Sin tarapyndan ýurduň wanyna berlen hasabatda ýurtdaky ekerançylyk ýerleriniň görnetin azalandygy görkezilipdir. Eger-de, uruşdan öň

bütin ýurtda 1 million 708 müň kýol[3] ýer işlenilip bejerilen bolsa, onda uruşdan soň, ýagny 1611-nji ýylda şol ýerleriň mukdary 541 müň kýole çenli azalypdyr. Munuň özi ekin ýerleriniň mukdarynyň üç esseden-de gowrak kemelendigini görkezýär. Aýry-aýry welaýatlarda bu san has hem ýokary bolupdyr. Mysal üçin, söweş hereketleriniň güýçli geçen ýerleriniň biri bolan Kýonsando welaýatynda uruşdan öň 430 müň kýol ýer hasaba alnan bolsa, 1611-nji ýylda ol 70 müň kýole çenli kemelipdir. Bu sanlar welaýatyň ekin ýerleriniň alty esseden hem azalandygyna şaýatlyk edýär. Ýer salgydyny tölemäge degişli ýerleriň mukdary hem düýpli azalypdyr .

1625-nji ýylyň ýer kadastry (ekin ýerlerini hasaba alýan döwlet resminamasy) boýunça 1 million kýoldan gowrak ýer hasaba alnan bolsa, şol ýerleriň 200 müň kýoly dürli derejedäki salgyt salynmaýan ýerler bolupdyr, 200 müň kýoly bolsa taşlanan ýa-da tebigy heläkçilikler zerarly şol ýylda işlenip bejerilmedik ýerler hasaplanylypdyr. Diýmek, döwlet hazynasyna salgyt töleýän ýerler 600 müň kýoldan gowrak bolupdyr. Bu ýagdaý şondan 10 ýyl geçensoň hem känbir üýtgemändir. Mysal üçin, 1635-nji ýylda Koreýanyň üç welaýatynda – Çollada, Kýonsandoda we Çhunçhonda 894 müň kýol ekerançylyk ýerleri bolup, şolaryň diňe 540 müň kýolundan ýer salgydy alnypdyr . Uruşdan öň şu üç welaýatda 1 million 130 müň kýola barabar ýer işlenilip bejerilipdir. Munuň özi ekerançylyk pudagyny urşuň nähili agyr ýagdaýa salandygyny görkezýär. Netijede, 37 ýylyň dowamynda (1598-1635) oba hojalyk pudagynda nähilidir bir öňegidişlikler bolmandyr we ol doly derejede dikelip bilmändir. Bulardan başga-da, iri ýer

---

[3] *Kýol* hem ýer ölçegi hem-de hasylyň ölçegi bolupdyr. 10 *pha* ( goşawuç ) – 1 sok, 10 *sok* – 1 *pu* (ýük), 100 pu bolsa 1 kýol bolupdyr. Häzirki zaman ýer ölçegine geçirilende 1 kýol – takmynan 0,33 ga.

eýeleri salgyt tölemejek bolup her hili hilegärlikleri edipdirler. Munuň üçin ýerleriniň hakyky möçberini gizläpdirler, öz ýerlerinde işleýän daýhanlara salynýan salgytlaryň möçberini artdyrypdyrlar .

Koreýanyň hökümeti goşuny türgenleşdirmek bahanasy bilen harby salgytlary (samsumi) hem girizipdir. Şol döwürde koreý goşunynyň üç kysymy bolupdyr: ýaýçylar ( sasu ), topçylar (phosu) we başabaş söweş (salsu) goşunlary.

**Mançžurlaryň Koreýa çozmagy.** 1608-nji ýylda häkimiýet başyna Kwanheniň gelmegi bilen köşkde «demirgazyk toparynyň» täsiri güýçlenipdir we olar öz garşydaşlarynyň ählisinden üstün çykypdyrlar. Bu syýasy toparlanyşyk täze-täze salgytlary girizipdir, uruşlar döwründe weýran bolan köşkleri dikeltmek üçin müňlerçe daýhanlary paýtagta sürüpdir. Demirgazykly begzadalaryň eden-etdiliklerine garşy «günbatar toparlanyşygy» baş göteripdir. Günbatarlylar Kwanheni agdarypdyrlar we onuň ornuna Injony (1623-1648) tagta çykarypdyrlar. Häkimiýet başyna gelen güýçler hem näçe wada etseler-de, agyr salgytlary we borçlary azaltmandyrlar. Umuman alnanda, ýaponlara garşy alnyp barlan uruşlar, ýurduň içindäki häkimiýet ugrundaky özara göreşler Koreýany bütinleý diýen ýaly tozdurypdyr, halk köpçüligini bolsa halys garyplaşdyrypdyr. Bu döwürde hukuksyz daýhanlaryň (nobi) sany hem belli-külli artypdyr. Şeýle şertlerde ýurduň üstüne täze basybalyjylaryň – mançžurlaryň çozmak howpy güýçlenýär.

Mançžurlaryň howpy döwründe Hytaýyň hökümeti Koreýadan şindi Kwanheniň hökümdarlyk eden döwründe 13 müňlük goşun kömegini soraýar. Koreýanyň hökümeti soralýan kömegi Hytaýa iberipdir, emma birleşen koreý-hytaý goşunlary mançžurlardan ýeňilýär.

Koreýanyň wany Injo mançžur howpuna ähmiýet bermändir. Şonuň üçin hem 1627-nji ýylda 30 müňlik

mançžur goşuny Koreýa çozup girýär we koreý goşunlarynyň garşylygyny syndyryp Ýýju, Kwasan, Aýju we başga şäherleri talaňçylyga sezewar edipdirler. Koreýanyň hökümeti Kanhwa adasyna gaçyp, şol ýerden parahatçylykly şertnama baglaşmak üçin haýyş bilen mançžurlara ýüz tutupdyr. Baglaşylan şertnama görä, koreýler hytaý-mançžur gatnaşyklarynda bitaraplygy saklamaga borçlanypdyr. Öz gezeginde mançžurlar hem goşunlaryny Koreýadan çykarypdyrlar .

1636-njy ýylda mançžurlaryň Sin imperiýasynyň döremegi mynasybetli geçirilen dabaralara mançžurlaryň «dogany» koreýler barmandyrlar. Şonuň üçin hem 140 müňlik mançžur goşuny Koreýanyň üstüne täzeden çozýar. Mançžur goşunlary Koreýanyň paýtagtyny kynçylyksyz eýeläpdirler. 1637-nji ýylda daşy gabalan dag galasy Namhanda gizlenen Koreýanyň wany mançžurlara boýun egýär we olaryň ýapjasyna öwrülýär. Koreýa mançžurlara girew bermäge we altyn, kümüş, tüwi, ýüpek, nah mata, kagyz we beýleki zatlary tölemäge mejbur bolýar.

Basybalyjylar Koreýany tozdurypdyrlar, ýurduň şäherleri, obalary täzeden ýandyrylypdyr, ilaty bolsa gulçulyga sürlüp äkidilipdir. Şeýlelikde, ýaponlaryň hem-de mançžurlaryň talaňçylykly ýörişleri Koreýany we onuň öndüriji güýçlerini gowşadypdyr. Ýurdy gaýtadan dikeltmek, adaty durmuşy ýola goýmak üçin bolsa onýyllyklar gerek bolupdyr.

## § 7. Ýaponiýa giçki orta asyrlar döwründe

**Muromati sýogunlygy döwründe ekerançylyk pudagynyň agdaýy.** Muromati sýogunlygy döwründe (1336-1568) hususy mülkler bolan sýöenler dargapdyr. Sebäbi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösýän döwründe olar öndüriji güýçleriniň ösüşine päsgel beripdirler. Beýleki bir tarapdan sýöenleriň döwri ötüp, olar indi uzakdaky etraplaryň, şeýle hem bütin ýurduň ykdysady ösüşini üpjün edip bilmändir.

Sýöenleriň dargamak hadysasy bilen bir hatarda ösen feodalizmiň durmuş-ykdysady binýady bolan ýarym garaşsyz beglikleriň ýüze çykmak hadysasy hem başlady. Bu iki hadysany, ýagny sýöenleriň dargamagyny, beglikleriň ýüze çykmagyny ýarym garaşsyz beglere öwrülýän öňki welaýat häkimleriniň mysalynda görmek bolýar. Öňki häkimleri indi «häkim – beg» («*sýugo-daýmýo*») diýip atlandyrýardylar.

Sýugo-daýmýolaryň häkimiýetiniň goşa ykdysady daýanjy bardy. Olaryň birinjisi sylag berlen sýöenlerdi, ikinjisi bolsa begligiň özüdi. Häkim begler ýurduň gyrak-çetlerinde uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Bu begliklerdäki ekerançylyk ýerleri, dolandyryş we kazyýet işleri olaryň doly ygtyýaryndady. Netijede, häkim beg ýerlerde hojaýynçylyk edýän doly hukukly ýarym garaşsyz harby häkime öwrülýärdi.

Emma gulluk ýerlerine sýugo-daýmýo eýeçilik edip bilmändir. Harby häkim sýöenleriň dargaýandygyna garamazdan, köp sanly sýöen wezipelerini ýatyrman, tersine, olary öz häkimiýetini berkitmegiň maksatlaryna ulanypdyr. Bu işde welaýat dolandyryş edarasy hem giňden ulanylypdyr.

Muromati sýogunlygy döwründe häkim-begler Kamakura döwründäki mülke öwrülen obalar bilen däl-de, güýçli oba jemagatlary bilen iş salyşmaly bolupdyrlar. Öňki döwürde obalarda ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy ýokdy, sebäbi obalar ýokardan bellenilýän arçynlar tarapyndan dolandyrylýardy. Merkezi döwlet edarasynyň gowşamagy bilen, indi, jemagat ýygnaklarynyň ähmiýeti artypdyr. Jemagat ýygnaklarynda obanyň meseleleri (suwaryş, täze ýerleriň özleşdirilmegi, salgytlar, howpsuzlygy üpjün etmek we başgalar) giňden ara alnyp maslahatlaşylypdyr.

Oba jemagatlarynyň täsiriniň güýçlenmegi bilen daýhanlaryň işjeňligi hem artypdyr. Daýhanlar bergileriň ýatyrylmagy, salgytlaryň azaldylmagy, sýöen dolandyryjylarynyň abraýdan düşenlerini aýyrmak ugrunda çykyş edýärdiler. Daýhan çykyşlarynyň dürli görnüşleri

bolupdyr. Olar talaplary bildiripdirler, ýerlerini taşlap gaçypdyrlar, topalaňlary we gozgalaňlary turzupdyrlar. 1447-nji, 1454-nji we 1457-nji ýyllarda Ýaponiýanyň dürli ýerlerinde daýhanlaryň çykyşlary bolup geçipdir.

Häkim-begler öz howpsuzlyklaryny berkitmek üçin berkitmeleri gurupdyrlar. Mysal üçin, häkim beg Ota 1457-nji ýylda Edo galasyny gurdurýar. Soňra Edonyň esasynda häzirki Tokiýo şäheri kemala geldi. XVI asyryň ahyrlaryna çenli Ýaponiýada 83 sany gala şäherleri peýda bolýar. Şäherlerde senetçilik we söwda, olaryň töwereginde bolsa ekerançylyk pudagy güýçli ösüpdir.

Özleriniň häkimlik edýän ýerlerinde sýugo daýmýolar doly hukukly hojaýynlara öwrülipdirler. Olar diňe bir mülklerinde däl, eýsem öz kabulhanalaryny esaslandyrmak bilen paýtagt şäher Muromatide hem ýaşapdyrlar. Sebäbi öz häkimiýetiniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin sýogun olaryň paýtagtda ýaşamaklaryny talap edipdir. Mülklerine giden wagtlary daýmýolar öz maşgalalaryny girew hökmünde paýtagtda galdyrmaga mejbur edilipdir.

Daýmýolaryň köplenç paýtagtda bolmaklygy, olaryň welaýatlardaky ýapjalary bolan mülkdarlary güýçlendiripdir. Bu mülkdarlar sýogunyň ýerlerdäki wekilleri bolan samuraýlardan emele gelipdi. Olar özi ýaly mülkdarlar bilen birleşip, daýhanlar, ekerançylyk ýerleri we öz hukuklary ugrunda daýmýolara garşy göreşleri alyp barypdyrlar.

Ýurt boýunça ýokary hökümdarlygy Asikagalar neslinden çykan sýogun amala aşyrýardy. Asikagalaryň mülkleri köp bolmandyr. Ýaponiýanyň dürli ýerlerinde olaryň 35 sany mülkleri hasaba alnypdyr. Şonuň üçin hem sýogunlaryň ýerden gelýän girdejileri çäkli bolupdyr. Girdejilerni artdyrmak üçin sýogunlar gurply adamlara salgyt salypdyrlar, olardan baý sowgatlary we dürli görnüşdäki peşgeşleri alypdyrlar.

Sýogun uly gerdijileri getirýän daşary söwda hem uly ähmiýet beripdir. 1434-nji ýylda Hytaý bilen söwda

şertnamasyna gol çekilýär. Bu şertnama 1547-nji ýyla çenli hereket edipdir. Bu şertnama Hytaýa her 10 ýyldan bir gezek söwda wekilýetini ibermeklik göz öňünde tutupdyr. Şertnamanyň hereket eden döwründe Hytaýa jemi 11 wekilýet iberilipdir. Wekilýetleriň ýedisi sýogunlyk tarapyndan, galanlary bolsa ýerli daýmýolar tarapyndan ugradylypdyr. Ýaponiýa hytaý bazaryna ýokary hilli gylyçlary, mis, kükürt, ýelpewaçlary, laklanan harytlary, Hytaý hem öz gezeginde ýapon bazaryna mis we kümüş teňňeleri, ýüpek çig malyny we ýüpek matalaryny çykarypdyr.

Sýogunlygyň döwlet dolandyryş ulgamy Kamakura sýogunlygy döwründäki dolandyryş ulgamyna esaslanypdyr. XV-XVI asyrlarda sýogunyň köşgünde Samuraýlar, Dolandyryş, Arhiw we Kazyýet edaralary hereket edipdir. Asikagalaryň döwründe sýogunyň orunbasarynyň wezipesi – kanrýo girizilipdir. Bu wezipä sýogunyň iň golaý adamlarynyň biri – täsirli samuraý maşgalasynyň wekili bellenilipdir. Munuň özi sýogunyň ýapjalary bolan orunbasarynyň hem-de ýerli häkimleriň täsiriniň güýçlenýänliginden habar berýärdi. Ýapjalarynyň täsirini peseltmek üçin sýogun olary biri-biriniň garşysyna küşgüripdir, boýun egmezeklerini jezalandyryp, mülkerini ellerinden alypdyr. Emma 1441-nji ýylda täsirli häkimleriň biri Akamasu sýogun Ýosinorini öldüripdir.

Sýogun öldürilenden soň häkimleriň arasyndaky özara göreşler has-da güýçlenipdir. Bu ýagdaý Asikaga sýogunlygy gowşadypdyr. Şonuň üçin hem sýogunlygyň soňky ýüz ýyllyk taryhy (1467-1568) özara uruşlar bilen geçipdir. Ýaponiýanyň taryhynda bu döwür «söweşýän welaýatlaryň eýýamy» diýlip atladyrylylýar. Bu uruşlar öz gözbaşyny 1467-1477-nji ýyllaryň özara uruşlaryndan gözbaş alyp gaýdýardy. Uruşlar Kiotanyň töwereklerinde bolup, agalyk ugrunda iki sany samuraý toparlanyşygy özara göreşipdirler. Bu toparlanyşyklaryň birinde 160 mün samuraý, beýlekisinde bolsa 90 müň samuraý

bardy. Uruşlar Kiotonyň ýumrulmagy, köpsanly medeni gymmatlyklaryň ýok edilmegi bilen tamamlanypdyr.

Özara uruşlarda daýhanlar köpçüligi ejir baryny çekipdirler. Sebäbi uruşlar ekerançylyk ýerleriniň azalmagyna, salgytlaryň artmagyna, täze salgytlaryň girizilmegine getirýärdi. Netijede, ýurduň dürli welaýatlarynda daýhanlar gozgalaňlary turýardy. Gerimi boýunça aýratyn hem Ýamasiro welaýatyndaky gozgalaň (1485-1494) uly bolupdyr. Gozgalaňyň başky döwründe oňa daýhanlaryň ähli gatlaklary, ownuk söwdagärler, senetçiler, ýükçiler, garyp samuraýlar gatnaşypdyrlar. Ýamasirodaky gozgalaňyň bolýan ýerlerinde tertip-düzgün ýola goýlupdyr, bu ýerlerde özara uruşýan samuraý toparlanyşyklary welaýatyň çäklerinden kowlup çykarylypdyr. Ýamasirodan sýogunyň emeldarlary hem gaçyp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Emma wagtyň geçmegi bilen sýogun tarapyndan bellenilen häkime gozgalaňçylary derbi-dagyn etmek başardýar.

Özara uruşlar we daýhanlar gozgalaňlary häkim-begleriň (sýugo-daýmýo) häkimiýetini gowşadypdyr, olara häkimlik edýän welaýatlaryny öz şahsy mülklerine öwürmäge mümkinçilik bermändir. Beýleki bir tarapdan, bu ýagdaý ýapjalyk ýagdaýynyň peselmegi bilen hem aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Ýaponiýanyň syýasy arenasyna indi «söweşýän welaýatlaryň» häkimleri çykypdyrlar. Olar gulluk ýerlerini ýatyrypdyrlar we oba jemagatlaryna daýanyp, «uly mülküň» (daýmýo) eýesi hökmünde, öz häkimiýetlerini berkidipdirler.

**Ýaponiýany birikdirmek ugrundaky hereket.** Bu döwürde Ýaponiýanyň dürli welaýatlarynda senetçilik we söwda işleri giň gerime eýe bolup, ilkinji manufaktura kärhanalary döreýär. Daşary söwda hem uly girdejileri getiripdir. Şonuň üçin hem ýerli begler daşary söwdany öz ellerine almak üçin özara bäsleşipdirler. 1545-nji ýylda Ýaponiýanyň kenarlarynda portugallaryň, alty ýyldan soň bolsa

ispanlaryň peýda bolmagy bilen, ýurtda ok atýan ýaraglar we hristiançylyk ýaýrap başlaýar. Ok atýan ýaraglaryň peýda bolmagy Ýaponiýada harby işi düýpli üýtgedipdir. Öňler esasy zarba urujy güýç atly-samuraý bolan bolsa, indi pyýada goşun uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ok atýan ýaraglaryň ýaýramagy gala gurluşyna-da uly täsir edipdir. Täze galalaryň daşyna galyň diwar galdyrylypdyr, galalaryň daşy bolsa içi suwly çuň garymlar bilen berkidilipdir. Daşary ýurtly söwdagärleriň ünsüni çekmek, ot açýan ýaraglary edinmek we ýewropalylary özara uruşlarda peýdalanmak üçin häkim-begler hristian dinini kabul edýärdiler. Hristiançylyk aýratyn hem Kýusýu adasynda köpçülikleýin ýaýrapdyr. Emma bu ýagdaý Ýaponiýada ýurt dagynyklygyny, Filippinler ýaly keseki ýurduň agalygyna sezewar bolmak howpuny güýçlendiripdir. Aýry-aýry häkim-begler ýurduň birikdirilmegi ugrunda hereket edip ugrapdyrlar.


Toýotomi Hideýosi (1536-1598)

Ýurdy birikdirmek ugrundaky hereket Honsýu adasynyň merkezi welaýatlarynda başlap, bu işe ýerli samuraýlar Oda Nobunaga, Toýotomi Hideýosi we Tokugawa Ieýasu baştutanlyk edipdirler. Oda Nobunaganyň asly Owari welaýatyndan bolup, ol ownuk ýer eýelerinden gelip çykypdyr. Kakasy oňa Nagoýada kiçiräk gala gurup beripdir. 1551-nji ýylda kakasy aradan çykandan soň, on ýedi ýaşly Oda öz samuraýlary bilen keseki ýerlerini basyp alyp başlapdyr. Odanyň ot açýan ýaraglar bilen ýaraglanan samuraýlary uly üstünliklere eýe bolupdyr. Ol

1573-nji ýylda ýurtda täsiri bütinleý gaçan, häkimiýetini doly elden gideren Asikaga neslinden bolan iň soňky sýoguny tagtdan agdarýar.

Oda Nobunaga ýurduň ýaryna golaý ýerlerini birleşdiripdir we eýelän ýerlerinde gümrük paçlaryny ýatyrypdyr, serhet galalaryny aýrypdyr. Ýurduň dürli ýerlerinde hereket edýän dürli ölçeg birliklerini ýatyrypdyr. Oda puluň takyk ölçegini girizipdir we tüwüniň puluň ornuna ulanylmagyny gadagan edipdir, ýüplügi, ýüpegi, dermanlary, gap-gaçlary ýurda getirmekde altyn-kümşüň ulanylmagyny höweslendiripdir. Oda altyn teňňeleri zikgeläp başlaýar.

Emma Odanyň ýowuz hereketleri ýurduň içinde ýiti garşylyklary döredipdir. Hatda onuň öz tarapdarlarynyň arasynda-da nägileleikler güýçlenipdir. 1582-nji ýylda Kiotanyň ybadathanasynda garşydaşlary tarapyndan daşy gabalan Oda Nobunaga özüni öldürýär. Ýurdy birikdirmek işini Odanyň daýhan maşgalasyndan gelip çykan egindeşleriniň biri Toýotomi Hideýosi dowam etdiripdir.

Hideýosiniň içeri syýasaty Odanyň amala aşyran çäreleri bilen utgaşyp gidipdir. Ol basyp alan etraplarydyr welaýatlarynda ýerleri ölçemek işlerini geçirýärdi we olary özi tarapyndan «gözegçilik edilýän mülkleriň» hataryna goşýardy. Oda tarapyndan «gözegçilik edilýän mülkler» ýylda 2 million *koku* (1 koku – 160 kg) tüwi hasylyny berip, şeýle mülkleriň hataryna Osaka, Nara, Kiota, Ominato, şeýle hem Kýusýu adasynyň daşary söwda bilen baglanyşykly Nagasaki we Hakata şäherleri girizilipdir.

Ýönekeý halkdan gelip çykan Hideýosi daýhanlaryň gozgalaňyny rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyr. Dähanlaryň ýere berkidilmegi olaryň ellerinden ýarag alynmagy bilen utgaşdyrylypdyr. 1588-nji ýylyň kanunyna görä, daýhanlaryň ellerinden gylyç, gama we ok atýan ýaraglar ýygnalyp alnypdyr. Bu wakadan üç ýl geçenden soň durmuş toparlary hakynda kanun kabul edilip, ilat üç sany durmuş toparlaryna

bölünýär. Kanuna görä jemgyýet üç sany gatlaga: samuraýlara (*si*), daýhanlara (*no*) we şäherlilere (*simin*) bölünýär. Simin gatlagyny senetçiler we söwdagärler düzüp, olaryň her biri entäk özbaşdak durmuş topary hökmünde kemala gelip ýetişmändirler.

1597-nji ýylda daýhanlaryň häkimiýetleriň öňündäki jogapkärçiligini berkitmek maksady bilen iň aşaky dolandyryş birlikleri bolan «bäş hojalyklar» we «on hojalyklar» döredilipdir. Şeýle dolandyryş birlikleriň agzalary birek-biregiň hereketi üçin döwlet edarasynyň öňünde jogap bermäge borçly edilipdir. Hideýosi basybalyjylykly daşary syýasat ýoredýärdi. 1583-nji ýylda ol paç tölemek talaby bilen Koreýa ilçiler toparyny ugradypdyr. Emma Koreýa talaby ret edýär. 1591-nji ýylda täze ilçiler topary Koreýa iberilip, olar patyşadan Ýaponiýanyň ýapjasy bolmaklygy we Hideýosi bilen bileleşip Hytaýa çozmaklygy koreýlerden talap edipdirler. Koreýanyň hökümeti bu gezek hem talaby ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýar. Netijede, 1592-nji ýylyň maýynda 137 müňlük ýapon goşunlary Koreýa çozup girýärler. Emma Koreýa çozuş uzaga çekse-de, ahyrynda ol şowsuz tamamlanýar.


Tokugawa Ieýasu (1542-1616)

**Tokugawalar sýogunlygynyň esaslandyrylmagy.** 1598-nji ýylda Hideýosi ölenden soň, ýurdy birikdirmek işini dowam etdirijileriň üçünjisi Tokugawa bilen onuň

garşydaşlarynyň arasyndaky gapma-garşylyklar ýitileşýär. Tokugawanyň garşydaşlary Hideýosiniň ogly Hideýoriniň töweregine jemlenipdirler. 1600-nji ýylda Sekigahara söweşinde Hideýori we onuň tarapdarlary Tokugawadan ýeňilýärler. 1603-nji ýylda Tokugawa Ieýasu özüni sýogun diýip yglan edýär we Tokugawalar sýogunlygynyň (1603-1867) düýbüni tutýar, Edo galasy (häzirki Tokiýo) bolsa onuň paýtagtyna öwrülýär. Tokugawalar ýapon patyşasyny döwletiň syýasy durmuşyndan doly çetleşdiripdirler, ýöne onuň dini abraýyny ykrar edipdirler we öz häkimiýetleriniň patyşa tarapyndan ykrar edilmegini gazanypdyrlar.

Özara uruşlaryň tamamlanmagy bilen XVII asyrda Ýaponiýada orta asyr gatnaşyklary we syýasy ýagdaý durnuklaşypdyr. Bu bolsa ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ösüşine oňaýly täsir edipdir. Ekerançylyk ýerleriniň we öndürilýän tüwüniň mukdary iki esse köpelipdir, ýurduň ilaty artypdyr. Ýurduň syýasy taýdan durnuklylygy esasan syýasy garşydaşlaryň çykyşlarynyň basylyp ýatyrylmagynyň esasynda gazanylypdyr. Syýasy garşydaşlaryň, aýratyn hem olaryň hristiançylygy kabul edenleri ýowuz yzarlanylypdyr. Olary maşgalalary bilen jezalandyryp öldüripdirler, mülkleri bolsa sýogunyň we onuň ýapjalarynyň ygtyýaryna geçipdir. 1614-1615-nji ýyllarda Hideýoriniň tarapdarlary hem boýun egdirilipdir.

Tokugawalaryň döwründe ýurduň durmuş gurluşynda düýli özgermeler bolup geçýär. Öňler ýapon jemgyýetinde samuraýlar, daýhanlar we şäherliler ýaly üç sany durmuş gatlaklary bolan bolsa, indi, şäherliler gatlagynyň özi iki sany topara bölünipdir: senetçiler (ko) we söwdagärler (sýo). Şeýlelikde, Ýaponiýada dört sany durmuş topary – samuraýlar, daýhanlar, senetçiler we söwdagärler gatlagy gutarnykly kemala gelipdir. Bu durmuş bölünişigi ylymda «*si-no-ko-sýo*» ady bilen bellidir. Tokugawalaryň döwründe ýurtdaky ähli häkimiýet samuraýlar gatlagynyň elinde jemlenipdir.

Samuraýlar Ýaponiýanyň 28 milliona barabar ilatynyň 2 millionyny düzüpdir. Ýurtda 400 müne barabar samuraý goşuny bar eken.

Tokugawa Ieýasu iňlisler we gollandlar bilen aragatnaşyk saklapdyr. Olaryň kömegi bilen sýogun hristian din ýaýradyjylary bolan ispan hem-de portugal missionerlerine garşy göreşipdir. 1630-njy ýylda ýurda hristiançylyga degişli ýewropa we hytaý dillerindäki kitaplaryň getirilmegi gadagan edilýär. 1633-nji, 1636-njy we 1639-njy ýyllarda ýapon raýatlaryna ýurtdan çykmak, uly gämileri gurmaklyk gadagan edilýär, munuň üçin ölüm jezasy göz öňünde tutulypdyr. Munuň özi ýurduň daşky dünýä üçin «ýapylýandygyny» aňladýardy. Iki ýüz ýyldan hem gowrak wagtlap dowam eden bu syýasaty doly amala aşyrmak başartmandyr. Gollandalara, hytaýlylara we koreýlere ýylyň belli bir döwründe hökümet tarapyndan kesgitlenilen portlara gelmäge ygtyýar edilipdir.

## § 8. Mongoliýada ýurt dagynyklygy

**XIV-XVII asyrlarda Mongoliýanyň jemgyýetçilik gurluşy.** Hytaýda Ýuan nesliniň häkimiýetiniň agdarylmagy Mongoliýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýyna uly zyýan ýetirýär. Mongol dolandyryjylarynyň Hytaýdan kowulmagy netijesinde öňki bütewi mongol döwleti birnäçe ownuk begliklere bölünip ugraýar. Ýurt dagynyklygynyň ýüze çykmagynyň esasynda ýerli begleriň we mülkleriň eýeleriniň syýasy we ykdysady özbaşdaklyga bolan ymtylyşy güýçlenipdir. Olar indi «ulus hanlaryna» öwrülipdirler. Olar uluslaryndaky hukuksyz aratlary öz peýdalaryna ulanypdyrlar, şeýle hem gowşak we ownuk han-begleri özlerine tabyn edip, şahsy häkimiýetlerini berkidipdirler.

Wagtyň geçmegi bilen iri begleriň hojalyk taýdan özbaşdaklygy güýçlenipdir. Öňki ýapjalaryň öz hökümdarlaryndan ykdysady taýdan garaşsyz bolup ugramaklary netijesinde, bir wagtky ýapjany hökümdara bagly

edip goýýan düzgünler hem gowşaýar. Netijede, Mongoliýada ýurt dagynyklygy döwri başlaýar. Bu döwür Mongoliýanyň taryhynda XIV asyryň ahyrlaryndan başlap üç asyrdan hem köp wagtlap dowam edýär. Uzaga çeken ýurt dagynyklygy soňra özbaşdaklygyň ýitirilmegine we ýurduň mançžurlaryň gol astyna düşümegi bilen tamamlanýar. Ýüze çykan ýurt dagynyklygy Mongoliýanyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni taýdan yza galmagynyň esasy sebäbi boldy.

XIV asyryň ahyryna çenli mongollar Hingan gerişlerinden günbatarda Týanşan daglaryna, Yrtyş we Ýeniseý derýalaryndan tä Beýik Hytaý diwarlaryna çenli giň aralyklarda ýaşapdyrlar. Mongoliýanyň ykdysadyýeti ekstensiw maldarçylyk hojalygyna esaslanypdyr. Ýurduň bar baýlygyny iri şahly mallaryň, goýun-geçileriň, düýeleriň we ýylkylaryň sürüleri düzüpdir. Mongol aratlary kiçeňräk «*aýlow*» (maşgalalar) toparlary bilen öri meýdanlaryň gözleginde ondan oňa göçüp-gonup ýöripdirler.

Her bir arat maşgalasy hojaýyny tarapyndan takyk bellenilen araçägi bolan örülerde özüniň hem-de hojaýynyň mallaryny bakypdyr. Aratlaryň başga hojaýynyň öri meýdanyna aýrylyp gitmäge hukugy bolmandyr. Munuň özi ýurduň öndüruji güýçleriniň aýry-aýry begzada toparlarynyň ygtyýarynda bolandygyna güwä geçýär. Mongoliýada esasy hojalyk birligi hökmünde bir ýa-da birnäçe aýle (maşgala) kabul edilipdir.

Mongoliýanyň hojalygynda awçylyga hem uly orun degişli bolupdyr. Aratlar ýekelikde ýa-da köpçülik bolup ertirden agşama çenli, kähalatlarda bolsa birnäçe güne çekýän aw-şikara gidipdirler. Awçylar kähalatlarda hojaýyn üçin 2-3 aýlap dowam edýän awada gatnaşypdyrlar. Mongollarda esasan natural hojalyk agalyk edipdir. Aratlar özleri üçin gündelik zerur bolan ähli zatlary öz hojalyklarynda öndüripdirler. Olar ýüňden gara öýüň keçesini basypdyrlar, gönden kemer, guşak, çeki, dürli hojalyk gaplaryny we torbalary, eginbaşlary, geýim-

gejimleri, aýakgap edipdirler. Agaçdan gara öýüň esbaplaryny, gap-çanaklary, araba ýasapdyrlar. Ýöne, ok-ýaý hojaýynyň hojalygynda ýerleşýän ussahanda ýasalypdyr. Ýaý tut agajyndan, gyrymsy agaçlardan, ýüpüni ýukajyk gönden, okuny gyrymsy agaçlaryň çybygyndan, peýkamy bolsa demirden edilipdir.

Hytaýdan kowlan mongol hanlarynyň, begleriniň Mongoliýa dolanyp başlamaklary ýurduň ýagdaýyny ep-esli üýtgedýär. Olar ýene-de ir döwürdäkiler ýaly syýasy we ykdysady taýdan özbaşdak gurama öwrülýärler. Indi ýurduň ýagdaýy esasan içki şertlere we öndüriji güýçleriň ösüşine bagly bolup galýar. Mongoliýada orta asyr gatnaşyklarynyň ösüşi şunuň ýaly şertlerde dowam etdi.

Gürrüňi edilýän döwürde esasan iki sany jemgyýetçilik ýa-da durmuş topary saklanyp galypdyr. Olar, bir tarapdan hanlar, begler, beýleki tarapdan bolsa aratlar köpçüligidi. Hanlar, begler hem öz aralarynda iki topara degişli bolupdyrlar. Olaryň birinjisi «*sagan ýasun*» («ak süňkler») diýlip atlandyrylyp, olar Çingiz hanyň nesline degişli bolupdyrlar. Ikinji topar «*taýji*» diýlip atlandyrylyp, olar Çingiz hanyň nökerleriniň, noýonlarynyň, gullukçy begzadalaryň nesillerindendiler.

Tanymal hanlaryň we begleriň mirasdüşer uluslary («*hubi*») bolup, olar ýarym garaşsyz beglikler ýaly bir zatdy. Aslyýetinde, hubi şertli eýeçilik hasap edilipdir, ýöne ýürt dagynyklygy şertlerinde ol umçä, ýagny hususy mülke öwrülipdir.

Şol wagtlar ýurtda umumy mongol hany hem bar eken. Tutuş ýurda hökümdarlyk etmek bilen bir hatarda, ol özüniň hususy ulusyny hem dolandyrypdyr. Mongol hany döwletiň çep (günbatar) ganatynyň (Dzungar) gönüden-göni hökümdary hasap edilipdir. Ýurduň sag (gündogar) ganaytyny (Barungar) bolsa tagtyň mirasdary «*jinon*» («bileleşip dolandyrýan beg») dolandyrypdyr. Iri begzadalar mirasdüşer *otoklara* (welaýat)

we *aýmaklara* (etrap) eýeçilik edipdirler we olar özlerinden ýokarda durýan hanyň ýapjasy hasap edilipdir. Şeýle ýapjalaryň hojaýyna tabynlygy, onuň gurultaýlara, ýörişlere gatnaşmagy, munuň üçin bolsa bellenilen mukdardaky goşuny getirmegi, öz hojaýynyna islendik ýardamlary etmäge taýýarlygy bilen kesgitlenilipdir.

Mongol aratlary mongol beglerine garşly ýagdaýda bolupdyrlar. Sebäbi öri meýdanlar begleriň eýeçiligindedi. Mongoliýada aratlaryň doly garaşly bölegini *albatu* diýip atlandyrypdyrlar. Albatular begiň malyny bakypdyrlar, dürli borçlary ýerine ýetiripdirler. Mongol begleri diňe bir öri meýdanlaryna däl, eýsem ýurduň esasy baýlygy bolan mallaryň hem esasy bölegine eýeçilik edipdirler. Albatulara öri meýdanyny bölüp berip, begler olara mallaryny bakdyrypdyrlar. Elbetde, özbaşdak hojalyk hökmünde şol mallaryň arasynda albatunyň öz mallary hem bar eken. Aratlar hojaýyndan rugsatsyz öz çagalaryna emläk bölüp berip bilmändirler, olara ogluny öýermäge, gyzyny çykarmaga, karz almaga, karz bermäge ygtyýar edilmändir. Munuň özi albatularyň mongol jemgyýetiniň hukuksyz gatlagy bolandygyny aňladýar.

Hojaýyna tabynlygyň görnüşleriniň biri-de, albatularyň ýerine ýetirýän zähmet borçlary bolupdyr. Aratlara mallary paýlap bakdyrypdyrlar ýa-da olary hojaýynyň mülküne getirip, gyrkymçylar we sagymçylar hökmünde mugtuna ulanypdyrlar. Önüm salgydy hem giň ýaýrapdyr. Her bir arat maşgalasy öz malynyň bir bölegini salgyt hökmünde töläpdir. Mysal üçin, 40-dan az bolmadyk goýny we iki sany uly maly bolan arat hojaýyna ýylda üç goýun bermeli eken. Bulardan başga-da, aratlar hojaýynyň toýlaryny, ýaslaryny we göçmek bilen baglkanyşykly çykdajylaryny hem çekipdirler. Munuň üçin her 10 sany arat hojalygyndan bir at we öküze goşulan araba, şeýle hem belli bir mukdarda süýt, aýran we keçe ýaly zatlar alnypdyr.

Köp ýurtlaryň jemgyýetçilik durmuşynda bolşy ýaly, mongol aratlary hem öz aralarynda toparlara bölünipdirler. Aratlaryň arasynda «*saýn humunlar*» («gowy adamlar») tapawutlanypdyr. Olaryň ikinji we üçünji toparlaryny «*dundu humunlar*» («ýönekeý adamlar») we «*hara humunlar*» («gara adamlar» - garamaýak) diýip atlandyrypdyrlar. Aratlaryň iň aşaky bölegini «*bogol*» («gul») tutupdyr. Ýöne, mongollarda gulçulyk maşgala häsiýetde bolup, olaryň az-owlak emlägi hem bar eken. Mongol jemgyýetinde «*tarhanlar*» hem bolupdyr. Tarhanlar irki döwürde mongol jemgyýetiniň öňünde aýratyn hyzmatlary görkezen adamlaryň nesilleridi. Olaryň arasynda begzada asyllylary-da, ýönekeý halkyň içinden çykanlary-da bar eken.

Ýuan imperiýasy döwründe mongollaryň 40 sany tümeni (400 müň goşun) bolupdyr, ýöne soňra olaryň sany azalyp 6-a ýetipdir. Şolaryň üçüsi çep ganata (Dzungar)[1], beýleki üçüsi bolsa sag ganata (Barungar) degişli eken.

**Ýurt dagynyklygy we ony ýenip geçmek ugrundaky synanşyklar.** Mongoliýanyň ykdysady taýdan gowşaklygy Ýuan nesilşalygy ýykylandan soň has aýdyňlygy bilen ýüze çykýar. Sebäbi Mongoliýa öňi bilen baý Hytaý bazaryndan kesilýär. Bu bolsa mongollary maldarçylyk önümleriniň satylýan ýeke-täk bazary bolan Hytaýda öz önümlerini satmak we özleri üçin zerur harytlary satyn almak mümkinçiliginden mahrum edýär. Hytaý bazarynyň mongollar üçin ýapylmagy Mongoliýada içerki bazaryň döremek mümkinçiliginiň hem öňüni alýar.

Min hökümeti mongollar babatynda «agzyny alart – höküm sür» syýasatyny ýöredipdir. Munuň üçin dürli serişdeler ulanylypdyr. Şol serişdeleriň biri hem söwdany çäklendirmek bolupdyr, ýagny mongollar babatynda min hökümeti ykdysady basyşy giňden ulanypdyr. Ýöne, mongollar hem dek

[1] Jungariýa ỳurdunyň ady şol sözden gelip çykypdyr.

oturmandyrlar, olar söwda nokatlaryny açmaga hytaý tarapyny mejbur etmek üçin Hytaýyň serhetýaka welaýatlaryna yzygider çozuşlary gurap durupdyrlar. Şeýle şertlerde min hökümeti araçäkde söwda nokatlaryny açmaga mejbur bolupdyr. Ýöne, şunuň bilen bir hatarda, mongollar bilen söwdada berk tertip-düzgün ýola goýlupdyr. Düzgün boýunça söwda nokadyna mongol çarwalary ýaragsyz gelmelidiler. Mongollara ýarag satmaklyk gadagan edilipdir we söwda işlerini gutaran batlaryna olary hytaý serhedinden 50-60 km aňyrlygyna çekilmäge mejbur edipdirler. Sebäbi söwda-satyg işlerini bitirenlerinden soň, mongollar adatça, daş-töweregi hem talaýar ekenler.

Ýuan nesilşalygy ýykylandan soň hem mongollar Hytaýdaky häkimiýetden wagty bilen el üzmändirler. Olar her hili ýollar bilen yzlaryna dolanmagy umyt edipdirler. Pekinden gaçyp gaýdan iň soňky mongol imperatory Togon Teýmir Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda hytaýlylar bilen söweşýän serkerdesi Göki Teýmiriň, şeýle hem Pekiniň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän beýleki bir serkerdesi Nagaçy bilen aragatnaşyk saklapdyr. Şol wagt onuň öz ýanynda-da ep-esli goşun bolup, şu goşunlara daýanmak bilen öňki mongol hany yzyna gelmäge umyt edipdir. Emma 1370-nji ýylda Togan Teýmiriň goşunlary derbi-dagyn edilýär. Onuň ogly Aýuşridara sypmak we Karaporuma aşmak başardýar. Bu ýere basym hytaýlylardan ýeňlen Göki Teýmir hem gelýär. Karakorum ýene-de mongollaryň merkezine öwrülýär we Aýuşridara Bilikte han ady bilen mongol tagtyna çykýar. Goşun ýygnan Bilikte han hem Hytaýa dolanmagyň arzuwyny edipdir. Emma 1372-nji ýylda Mongoliýa çozup giren min goşunlary Bilikte hanyň goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Ýöne, bir ýyldan soň mongollar hem Hytaýa jogap çozuşlaryny geçiripdirler.

Hytaýa mongollar bilen ýaraşyk baglaşmak gerek bolupdyr, şonuň üçin hem min hökümtei Bilikte hanyň ogly Maýdaritaly ýesirlikden boşadýar. Mongollar bilen Hytaýyň

arasyndaky parahatçylyk tä Bilikte han ölýänçä - 1378-nji ýyla çenli dowam edýär. Biliktäniň ornuna ogly Dokuz Teýmir (1378-1388) geçýär. Hytaýa garşy uruşlar täzeden başlaýar. 1380-nji ýylda Hytaý goşunlary Mongoliýa çozup Karakorum şäherini eýeleýärler. Iki ýurduň arasyndaky uruşlar tä 1388-nji ýyla çenli dowam edipdir. Uruşlarda Dokuz Týemir ýeňilýär we soňky söweşde öldürilýär.

Dokuz Teýmirden soňky 12 ýylyň içinde mongol tagtynda 5 sany hökümdar çalyşýar. Bu döwürde Mongoliýa halys tapdan düşüpdir. Ýagdaýdan min hökümeti peýdalanyp, täsirli mongol hanlaryny öz tarapyna çekmegi başarýar. Hytaýlylar öňi bilen Beýik Hytaý diwarlarynyň töwereginde göçüp-gonup ýören Nagaçyny öz taraplaryna çekýärler. Ol özüniň 200 müň ilaty bilen Hytaý ýapjalygyny kabul edýär. Min hökümeti Nagaçyny «*Urýanhaýyň üç ulusynyň*» hökümdary diýip ykrar edýär. 1403-nji ýylda min nesliniň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler bolanda Nagaçy Ýunleniň tagta çykmagyna ýakyndan ýardam edýär.

XIV asyryň ahyrlarynda günbatar we gündogar mongol hanlarynyň arasynda özara uruşlar başlaýar. Günbatar Mongoliýanyň esasy ilaty oýratlar bolup, olar has güýçlenipdirler. Oýrat hany Müňke Teýmir ölenden soň, onuň hökümdarlygy ogullary Mahmydyň, Taýpynyň we Baty Poladyň arasynda bölünýär. Oýratlaryň ýurdy Günbatar bilen alnyp barylýan söwda ýolunyň ugrunda ýerleşendigi sebäpli, olar Hytaý bilen gowy gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyrlar. Bu ýagdaýdan min hökümeti peýdalanypdyr we oýratlary gündogarly mongol hanlarynyň garşysyna küşgüripdirler. 1409-njy ýylda oýratlar Gündogar Mongoliýa goşun çekip garşydaşlaryny derbi-dagyn edýärler.

Oýratlaryň güýçlenmegi min hökümetini howatyrlandyrypdyr, şonuň üçin hem hytaýlylar indi gündogarly hanlara kömek edipdirler. 1413-1414-nji ýyllarda bolup geçen söweşlerde gündogarly hanlar ýeňiş gazanýarlar.

Ýöne, barybir, oýratlaryň güýçlenmegi dowam edipdir, uruşlar köplenç olaryň peýdasyna tamamlanypdyr. Oýratlaryň üstünligine sebäp bolan ýagdaýlaryň biri-de, Mahmydyň ogly, oýrat hany Togon umumy mongol hany Daýsunyň taýşisi (birinji wezir) bolupdyr. Ýöne, hakykat ýüzünde, ähli häkimiýete Togon eýelik edipdir. Ol 1434-nji ýyla çenli bütin Günbatar we Gündogar Mongoliýany boýun egdirmegi başarýar. Diňe Gündogar mongol hanlarynyň biri Adaý oňa boýun egmändir. 1434-nji ýylda Togon bilen Adaýyň taýşisi Aryktaýyň arasynda uly söweş bolup, söweşde Togon üstün çykýar. Şeýleleikde, Togonyň hyzmaty bilen Daýsun han Mongoliýanyň ýeke-täk hökümdaryna öwrülýär.

Bu wakalardan soň Togon min hökumeti bilen gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň ugruna çykýar. Munuň üçin bolsa goşun ýygnap Hytaýy söwda etmäge mejbur etmek isleýär. Emma 1435-nji ýylda Togon aradan çykýar we onuň taýşylyk wezipesini Esen han (1440-1455) eýeleýär. Esen han kakasynyň syýasatyny dowam etdirmek bilen Urýanhaýy hem öz häkimiýetiniň astyna geçirýär.

Esen hem-de Daýsun Hytaý bilen dostsyran bolupdyrlar. Olar Hytaýa yzly-yzyna ilçileri, sowgat-serpaýlary iberip durupdyrlar. Min imperatory hem şeýle syýasatdan ugur alypdyr. Emma Hytaý bilen Mongoliýanyň arasyndaky bu gatnaşyklar uzaga çekmändir. 1449-njy ýylda Esen hanyň goşunlary Hytaýa çozup girýär. Mongollaryň garşysyna ugran hytaý goşunlaryna hut imperatoryň özi serkerdelik edipdir. Emma Hebeý welaýatynyň Huaýlaý şäheriniň golaýyndaky Tumu diýen ýerde oýratlar hytaý goşunlarynyň yzyndan ýetip, olary aýylganç ýeňlişe sezewar edýärler. 1450-nji ýylda hytaý hökümetine mongollar bilen parahatçylykly şertnama baglaşmak başardýar.

Tiz wagtdan Esen bilen Daýsunyň arasy bozulýar. Beýik han bilen onuň taýşysynyň arasyndaky söweş Daýsunyň ýeňilmegi we öldürilmegi bilen tamamlanýar. Şeýlelikde,

umumy mongol tagtyna Esen han çykyp, ol «Beýik ýuan hany» diýen derejäni alýar. Esen hana uzak hökümdarlyk etmek başartmandyr. 1455-nji ýylda özara uruşlaryň birinde ol öldürilýär. Esenden soň han häkimiýetiniň abraýy has hem peselýär. Ýerlerde özbaşdak hökümdarlar köpelipdir. Diňe 1479-njy ýylda Baty Müňkäniň (1479-1543) Daýan han tagt ady bilen häkimiýete gelmegi netijesinde ýurt ýene-de güýçlenip ugraýar. Daýan han 1488-nji ýyla çenli Mongoliýanyň köp ýerlerini birikdirýär, Hytaý bilen söwda işleri düzgünleşdirilýär. Emma 1500-nji ýylda hytaý tarapy mongollar bilen söwda etmek islemeýändigini beýan edýär, şonuň üçin hem Daýan han Hytaýyň üstüne birnäçe çozuşlary geçirýär. Daýan han hem öz garşysyna baş göterýän mongol hanlarynyň köp sanly topalaňlaryny basyp ýatyrmaly bolupdyr.

1543-nji ýylda Daýan han aradan çykýar. Ol umumy mongol hanynyň derejesini göteren iň soňky hökümdardy. Daýan han ölenden soň ýurt ýene-de birnäçe özbaşdak hanlyklara bölünýär. Daýan handan soň yzly-yzyna üç han (Bodi-Alag, Daýsun we Tümen) hökümdarlyk edipdir. Olaryň iň başarjaňy Tümen han (1553-1593) ýurdy birleşdirmekde birnäçe wajyp işleri durmuşa geçiripdir, ýöne, oňa hatda öz kowumdaşlary hem boýun egmek islemändirler. Mysal üçin, Mongoliýanyň sag ganatynyň hökümdary, Daýan hanyň agtygy Altyn han (1507-1582-nji ýyllarda ýaşap geçen) Tümeniň häkimiýetini ykrar etmändir.

Altyn han Hytaý bilen arasyny sazlamaga çalşypdyr, emma hytaý tarapy onuň bilen gatnaşyk etmekden boýun gaçyrýar. 1550-nji ýylda Altyn han öz goşunlary bilen Hytaýa çozup girip, Pekine çenli baryp ýetipdir. 1551-nji ýylda hytaý tarapy mongollar bilen söwda şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar. Ýöne, soň hytaý tarapy söwda gatnaşyklaryny ýene-de kesýär. Mongol goşunlary ýene-de Hytaýa çozup başlaýarlar. Umuman şeýle ýagdaý tä 1570-nji ýyla çenli dowam edipdir. Ahyr min imperatory söwda gatnaşyklaryny

açmak teklibi bilen mongollara ýüzlenmäge mejbur bolýar. 1571-nji ýylda Hytaý bilen serhetýaka nokatlary bolan Datunda, Kalganda, Sininde we Huh-Hotoda bazarlar açylýar. Bu bazarlarda mongollar 28 müň sany ýylky satypdyrlar.

Emma ýyllar geçdigiçe Mongoliýada ýurt dagynyklygy, taýpa hanlarynyň özbaşdaklygy güýçlenipdir. XVII asyryň başlaryndan ýurduň dagynyklygynyň has-da güýçlenmegi, mançžurlaryň mongol ýerlerini basyp almaklaryny ýeňilleşdiripdir. Şol döwürler Mongoliýanyň günorta-gündogarynda Çahar hanlygy ýerleşip, oňa Daýan hanyň ýuwlugy Ligden han hökümdarlyk edipdir. Ol mançžurlara garşy min hökümeti bilen bileleşik döredipdir. Emma 1634-njy ýýlda olar mançžurlardan ýeňilýärler. 1636-njy ýylda mançžurlaryň hany Abahaý Mongoliýanyň hany diýlip yglan edilýär. Soňra Halha Mongoliýa (häzirki Mongoliýa respublikasynyň ýerleri) hem mançžurlaryň ýapjasyna öwrülýär. Mongol ýerlerinden diňe Oýratiýa ýa-da Jungar hanlygy wagtlaýynça garaşsyzlygyny saklap galýar. Jungar hanlygy Batyr-Huntaýjynyň (1635-1653) döwründe mançžur basybalyşlaryna garşy birnäçe möhüm çäreleri görüpdir, ol ähli mongollary birleşmäge we mançžur agalygyndan çykmaga çagyrypdyr.

**Mongoliýa lamaizmiň ýaýramagy.** XVI asyryň ikinji ýarymynda mongol jemgyýetiniň syýasy we ykdysady durmuşynda bolup geçen ilerlemeler, onuň jemgyýetçilik, medeni we aňyýet durmuşyna-da uly täsir edýär. Bu ilerlemeler lamazim dininiň ýaýramagy bilen bilen baglanyşykly boldy. Sebäbi öňki şamançylyk täze gatnaşyklaryň kemala gelýän döwründe ösýän mongol jemgyýetiniň isleglerini kanagatlandyryp bilmändir.

Lamazim budduizmiň bir görnüşidir. Ol XIV asyryň ikinji ýarymynda Tibetde ýüze çykýar. Bu dini tibetli monah Dzonhawa (1357-1419) esaslandyrypdyr. Dzonhawa VII asyrda Hindistandan Tibete gelen buddfuizm dinini kämilleşdiripdir,

ony tibet jemgyýetiniň aýratynlyklaryna laýyk edip girizipdir. Ol çylşyrymly buthana derejelerini döredipdir, dini sazlary peýdalanmak bilen baý dini dessurlary girizipdir, budda hudaýlarynyň hormatyna her-hili baýramçylyklary gurnapdyr.

Täze dörän lamazim dini buddizmiň esasy mazmunyny üýtgetmändir. Buddizm ýaly, lamaizm hem ýaşaýşa arasy üzülmeýän hereket, biri-birini çalşyp duran materiýanyň we aňyň bir görnüşi, üznüksiz gelip-gidip duran bir zat hökmünde garapdyr. Şonda her bir janly mahluk öň gelip-giden ýaşaýşynda gazanan günälerine we sogaplaryna görä täze bir ýaşaýşa mynasyp bolupdyr.

Lamazim bu dünýäniň ýaşaýşyny ejir hasaplapdyr. Şonuň üçin hem lamaizm boýunça şol ejirlerden saplanyp, bedeni hem-de aňy kem-kemden kämilleşdirip «belent dereje» bolan nirwanalyga ýetmek üçin ähli lezzetli isleglerden özüňi mahrum etmeli bolupdyr.

Lamaizmde *hubilganlar* (gaýtadan dogulýanlar), ýagny diri (adam) hudaýlar hakyndaky taglymat uly orun tutýar. Hubilganlar adamlaryň ruhuny halas etmek üçin asmandan inýän bodisatwlaryň ýerdäki görnüşidir. Bodisatwlar *nirwana* derejesine ýeten mahluklar bolup, olar adamlary «halas etmek» üçin adam sypatyna girip, asmandan ýere inipdirler.

Hubilganlary lamaistik buthanalarda yglan edipdirler. Wagtyň geçmegi bilen ilki Tubetde, soňra Mongoliýada hubilganlaryň bir topary döräpdir. Hubilganlar lamaizme uýýan dindarlaryň arasynda uly abraý-hormatdan peýdalanypdyrlar. Hubilganlardan başga-da adamlara «halas bolmaga» lamalar (ýönekeý ruhanylar) kömek beripdirler. Lamalyga ýeten adam, adaty adamlardan ýokarda durýan hasaplanylypdyr we onuň aýdanlaryny hökman berjaý edilipdir.

1566-njy ýylda Ordosyň hökümdary Hutuhtaý-Seçen-huntaýjy Tibete çozýar we onuň onuň ruhanylaryna boýun egmekligi talap edýär we eger talap berýaý edilse, olaryň dinini kabul etjekdigini aýdýar. Onuň talaby berjaý edilýär. Hutuhtaý-

Seçen-huntaýjy on ýyllap ýeke özi lamaizm dinine uýýar. Soň ol 1576-njy ýylda muny Altyn hana-da teklip edýär. Altyn han Tibete ilçi iberip, Beýik lamany Mongoliýa çagyrýar. 1578-nji ýylda lamaizm dini edarasy bilen mongol häkimiýetiniň arasyndaky gatnaşyklaryň düzgünleri kabul edilýär. Beýik lama Sodnomžalsan (1543-1588) resmi suratda Mongoliýada lamaistik buthananyň baştutany diýlip yglan edilýär we oňa «*dalaý-lama*» («dalaý» – «deňiz ýaly giň hem pähimli») derejesi berilýär.

Dalaý-lama hem öz gezeginde lamaizme eýerýän han-beglere ýokary dini we dünýewi derejeleri beripdir. Altyn hany ol beýik han diýip yglan edipdir. Mongollaryň lamaizm dinini kabul etmekleri olary güýçlendiripdir. Lamaizmiň kabul edilmegi Hytaýyň garşysyna Mongoliýa bilen Tibetiň öz güýçlerini birleşdirmäge mümkinçilik beripdir. 1586-njy ýylda Altyn hanyň çowlugy Ýondon-žamso dalaý-lama bolýar. Ol bu dini derejä ýeten ilkinji we iň soňky mongol ruhanysydyr. Lamaizmiň kabul edilmegi şamançylyk bilen deňeşdirilende uly öňegidişlik bolupdyr. Mongoliýada hat-ýazuw, ilkinji mugallymlar, lukmanlar, hatdatlar peýda bolupdyr, yzagalak däp-dessurlar öz-özünden ýatyp galypdyr.

## § 9. Wýetnam giçki orta asyrlarda.

**XVI asyrda Wýetnamyň ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XVI-XVII asyrlarda Wýetnamyň esasy ilaty öňki döwürlerdäki ýaly oba hojalygy, aýratyn hem salyçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Bu döwürde senetçilik belli bir derejede ösüpdir. Bu bolsa ýurtda söwdanyň ösmegine we geriminiň giňemegine, Wýetnamyň Ýaponiýa, Hytaý we Ýawa (Indoneziýa) bilen gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny alyp barmaga mümkinçilik beripdir. Daşary söwdanyň ösmegi bilen XVI asyryň başlarynda Wýetnamda ok atýan ýaraglar hem ýaýrap ugraýar.

XVI-XVII asyrlar Wýetnamda ownuk daýhan hojalyklarynyň hem dörän döwrüdir. Sebäbi Ho Küý Li (XIV asyryň ahyrlary), Le Loý (XV asyryň 30-njy ýyllary) we olaryň mirasdüşerleri ykdysady hem-de syýasy taýdan täsirli emeldarlar gatlagyny döretmegi başarypdyrlar. Oba jemagatynyň içinde gurply daýhanlar döräp, olar hem özlerine degişli jemagat ýerlerini hususylaşdyrypdyrlar. Jemagatyň ýönekeý agzalary bolsa, garaşly daýhanlara öwrülipdirler. Netijede, ýer eýeleri bilen daýhanlaryň, halk köpçüligi bilen häkimiýetiň arasynda gapma-garşylyklar döräp ugraýar. Ýurtda dürli syýasy toparlaryň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler güýçlenipdir, köşkdäki dildüwşükleriň sany köpelipdir. Syýasy göreşlerde häkimiýetler goşuna daýanypdyrlar.

1510-njy ýylda ýurtda häkimiýet ugrunda göreş başlaýar we wua (patyşa) goşunlarynyň baş serkerdesi häkimiýeti eyeleýär. Ýöne, häkimiýeti ele alan serkerdä ýurtdaky durnuksyzlygy aradan aýyrmak we emele gelen ýagdaýy kadalaşdyrmak başartmaýar. Munuň üstesine-de ýurtda daýhanlar urşy hem başlaýar.

1512-nji ýylda Daýwýetde uly gurakçylyk bolupdyr we ýurtda açlyk başlaýar. Häkimiýetlere onuň öňüni almak başartmaýar. Netijede gozgalaňlar has hem güýjeýär. 1516-njy ýylda başlan täze gozgalaňa «daýhanlar şasy» Çan Kao baştutanlyk edýär. Çan Kao üstünlikli hereket edipdir we hökümet goşunlary bilen alnyp barlan uruşlarda hemişe ýeňiş gazanypdyr. Agyr söweşlerden soň şol ýyl Çan Kaonyň goşunlary ýurduň paýtagty Thaňlauňy (Hanoý) eýeleýärler. Çan Kao imperator (wua) diýlip yglan edilýär we dabaraly ýagdaýda onuň başyna täç geýdirilýär.

Bu wakadan soň Daýwýetiň häkimiýet ugrunda özara göreşýän toparlary häkimiýeti Çan Kaonyň elinden almak üçin öz güýçlerini birleşdirýärler. Oňa ýurduň hökümdary Li Hien Toiniň hut özi ýolbaşçylyk edýär, ýöne ýurduň içinde onuň abraýy bolmandyr, üstesine-de, onuň öz goşunlary hem

ýokdy. Sebäbi hökümet goşunlary esasan Ňuýenler, Çinler we Maklar ýaly iri toparlanyşyklaryň ygtyýaryndady. Şeýle şertlerde Çan Kaonyň garşysyna uruşlary alyp baran Mak urugyndan bolan serkerdeleriň biri Mak Daň Zuň wuadan dolandyryş işleriniň özüne berilmegini gazanýar.

**XVI asyryň daýhanlar gozgalaňy we özara uruşlar.** Mak Daň Zuň 1520-nji ýylda Çan Kaonyň gozgalaňyny basyp ýatyrýar, 1527-nji ýylda bolsa ol Giçki Le nesilşalygyny (1428-1527) agdaryp, öz Mak nesilşalygyny (1527-1533) esaslandyrýar. Mälim bolşy ýaly, Giçki Le nesilşalygy 1428-nji ýylda esaslandyrylypdy. Bu nesilşalyk tä 1788-nji ýyla çenli Daýwýeti dolandyrypdyr. Emma 1527-nji ýylda esaslandyrylan Mak nesilşalygy Giçki Le nesilşalygynyň arasyny bölüpdir. Şonuň üçin hem Wýetnamyň taryhynda Giçki Le nesilşalygynyň dolandyran ýyllaryny iki döwre - «Aşaky Giçki Le» (1428-1527) we «Ýokarky Giçki Le» nesilşalyklaryna (1533-1788) bölýärler.

Ýurtdaky häkimiýeti öz eline alsa-da, Mak Daň Zuňyň häkimiýetini beýleki uruglar – Çinler we Ňuenler ykrar etmändirler. Mak Daň Zuň tarapyndan döredilen häkimiýet XV asyrdaky wua häkimiýetine meňzemändir. Sebäbi ol ähli ünsüni goşuny berkitmäge gönükdiripdir, goşun bolsa ownuk mülkleri bolan serkerdelerden we esgerlerden durýardy. Şeýle goşunlaryň uly serkerdeleri *kuok-koň* derejesine eýe bolup, olar serkerdelik bilen bir hatarda welaýatlarda dolandyryşy hem amala aşyrypdyrlar. Kuok-koňlar bilimli adamlar bolmandyrlar, olary patyşa nesli bilen garyndaşlyk gatnaşyklary hem baglanyşdyrmandyr. Olar öň hiç ýerde gulluk hem etmändirler, ýöne öz welaýatlarynda edil ýapja hökümdarlar ýaly derejä eýe bolupdyrlar.

1533-nji ýylda Ňuen urugynyň serdary Ňuen Kim Le nesilşalygynyň bir wekilini wua diýip yglan edýär. Netijede, Le nesilşalygynyň taryhynda ýene-de bir döwür – Le Mat, ýagny Ýokarky Giçki Le nesilşalygy (1533-1788)

esaslandyrylýar. Emma bu nesilşalykdan bolan wualar häkimiýet ugrunda göreşýän mak, çin we ňuen uruglarynyň elindäki oýunjaga öwrülipdirler.

Ýokarky Giçki Le nesilşalygy esaslandyrylandan soň Ňuen Kim öz goşunlaryny maklaryň garşysyna sürýär. Maklaryň esasy güýçleri we tarapdarlary Gyzyl Derýanyň boýlarynda, çinleriňki – Thanhoa we Ňean taraplarda, ňuenleriňki bolsa – Thuanhoa we Kuaňnamda ýerleşýärdi. Ýurtda ňuenleriň, maklaryň we çinleriň arasynda uzaga çeken özara uruşlar başlaýar. Bu uruşlar diňe bir Gyzyl Derýanyň boýlaryna däl, eýsem Thanhoa we Ňeana-da uly zyýan ýetiripdir. Beýleki iki toparlanyşyk bilen deňeşdirilende, ňuenleriň ýagdaýy gowy bolupdyr. Sebäbi bu ýerlerde ekerançylyk ýerleri köp, ilat bolsa az ýaşapdyr. Tersine, maklaryň we çinleriň hojaýynjylyk edýän ýerlkerinde, ilatyň gür ýerleşendigi zerarly ekerançylyk ýerleri ýetmändir. Maklaryň esasy artykmaçlygy ilatyň gür ýerleşmegi bolupdyr, şonuň üçin hem beýleki toparlanyşyklara garanyňda köp goşun jemläp bilipdirler. Emma bu çäre maklaryň ykdysady kuwwatyny peseldipdir, çünki köp goşuny saklamak üçin köp serişde sarp etmeli bolupdyr. Şunuň netijesimnde, XV asyryň 90-njy ýyllarynda maklaryň ýagdaýy has hem ýaramazlaşýar, daýhanlar topar-topar bolup obalardan gaçýardylar.

1592-nji ýylda çinler ýurduň paýtagty Thaňlauňy eýeleýärler, maklar bolsa, demirgazyga – Kaobaň welaýatyna tarap çekilmäge mejbur bolýarlar. Çinler Le nesilşalygynyň beýleki bir wekilini Thaňlauňdaky tagtda oturdýarlar we ony Hytaýyň ykrar etmegini gazanýarlar. Munuň üçin çinler maklara degmezlige söz berýärler. Sebäbi Hytaýyň min hökümdarlary Demirgazyk Wýetnamyň Kaobang welaýatyndan ep-esli ýerleri özlerine berendikleri üçin maklary goldaýardylar. Çinler Giçki Le nesilşalygyndan özlerine döwlet we harby wezipeleriň berilmegini gazanýarlar we welaýat týuasyna

(häkim) öwrülýärler. Merkezi häkimiýetiň gowşaýan döwründe týua – welaýatyň doly hukukly hökümdaryna öwrülipdir.

1600-nji ýylda ňuýenler Daňçauňda (Günorta we Merkezi Wýetnam) häkimiýeti nesilden-nesle geçýän özbaşdak mülk döredýärler. Edil şunuň ýaly ýagdaýa çinler hem Daňňoaýda (Demirgazyk Wýetnamda) eýe bolupdyrlar. Ňuenler hem edil çinler ýaly Giçki Le nesilşalygyny ykrar edipdirler we týua derejesini alypdyrlar. Emma, eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, Giçki Le nesilşalygynyň häkimiýeti simwoliki häsiýetdedi.

**XVI-XVII asyryň birinji ýarymynda Wýetnamyň ykdysady ýagdaýy.** Çinleriň agalyk edýän ýeri bolan Demirgazyk Wýetnamda (Daňňoaý) oba jemagatlary dargap, hususy mülk ýerleriniň döremegi güýçlenýär. Daňňoaýda ekerançylyk ýerleri azlyk edipdir, ilat bolsa örän gür ýerleşipdir. Şonuň üçin hem demirgazykly daýhanlar Günorta – Ňuenleriň mülklerine gaçypdyrlar. Üstesine-de, demirgazykda häli-şindi daýhanlar gozgalaňlary hem bolupdyr. Elbetde, halky köşeşdirmek üçin çinler käbir eglişikler hem edipdirler. Daýhanlar üç ýyllap salgytdan boşadypdyrlar, döwletiň peýdasyna mugt işletmeklik galypdyr. Geçirilen bu çäreler halk çykyşlarynyň gerimini ep-esli peseldipdir.

Daňçauňda durmuş-ykdysady ýagdaýynyň gowy bolmagy çinleriň az ilatly, köp ýerli we baý ňuen ýerlerine göz gyzdyrmaklaryna sebäp bolupdyr. Şonuň üçin hem ňuýenler Merkezi Wýetnamda (Daňçauňyň demirgazygy) ňuenleriň garşysyna Doghoý diwaryny gurupdyrlar.

Wýetnamda ýurt dagynyklygy dowam edýän döwründe ýurda ýewropalylar hem aralaşyp ugrapdyrlar. Gollandlar çinler, portugallar bolsa ňuýenleri bilen gatnaşyk açypdyrlar. Ýewropalylar Daýwýetiň özara uruşýan toparlanyşyklaryny ýakyndan goldapdyrlar we olary öz bähbitleri üçin ulanmaga çalşypdyrlar.

1627-nji ýylda çinler ňuenlere garşy urşa başlaýarlar we bu uruş 46 ýyllap dowam edipdir. Çinleriň esasy maksady ňuenleriň elinden Merkezi Wýetnamyň (bu ýerler ňuenleriň elinde bolup, ol Daňçauň diýlip atlandyrylypdyr) mes toprakly ekerançylyk ýerlerini almak bolupdyr. Ňuenler demirgazyga – çinleriň mülklerine tarap süýşmek islemändirler, olaryň esasy maksady araçägi goramakdy. Ýöne, ňuenler günorta tarap süýşmeklerini we öz ýerlerini giňeltmegi dowam edipdirler.

Ňuenler bilen alnyp barlan uruşlar çinleri tapdan düşüripdir. Döwlet hazynasyna gelýän salgytlar azalypdyr, döwlet emeldarlarynyň, iri ýer eýeleriniň eden-etdilikleri güýçlenipdir. Daýhalar öňküleri ýaly gozgalaňlary turzupdyrlar, topar-topar bolup günorta gaçypdyrlar.

Daňçauňda daýhanlar gozgalaňlary bolmandyr. Sebäbi onuň ekerançylyk ýerleri köp bolup, onuň mes topragy gowy hasyl beripdir. Üstesine-de, ňuenler häzirki Wýetnamyň günortasyna – Mekong derýasynyň boýlaryna daýhan hojalyklaryny göçüripdirler. Bu ýerleriň topragy hem örän hasylly eken. Ňuenler öz pullaryny zikgeläpdirler we Ýaponiýa, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary, Portugaliýa we Gollandiýa döwletleri bilen gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyrlar. Ňuýenler portugallardan top ýasamagy hem öwrenipdirler.

Wýetnamyň taryhynda özbaşdak Ňuen döwletiniň döräň wagty hökmünde 1610-njy ýyl kabul edilýär. Ňuenlerde döwleti týua dolandyryp, onuň öz dolandyryş edarasy bolupdyr. Döwlet wezipelerini eýelemek üçin ňuenler islendik bilimli adama, onuň gelip çykyşyna garamazdan, synag tabşyrmaga we synagy üstünli tabşyran ýagdaýynda özüne laýyk wezipäni eýelemäge ygtyýar beripdirler. Sebäbi kemala gelýän ňuen döwlet edarasyna köp sanly sowatly emeldarlar zerurdy.

Ňuenlere Mekong derýasynyň boýlaryndaky ýerleriň we şol döwürde Kampuçiýanyň golastynda bolan Týampanyň hasabyna öz çäklerini giňeltmek başardypdyr. Taýampalylar

berk garşylyk görkezipdirler, emma olaryň goşunlary ýeterlik däldi. Üstesne-de, Týampada musulmanlar bilen induslar hem özara oňuşmandyrlar. Týampanyň ýerleri eýelenilenden soň ýerli begzadalar ňuenleriň emeldarlaryna öwrülipdirler. Täze eýelenilen ýerlerde wýet daýhanlarynyň obalary peýda bolup başlaýar. Umuman alanyňda, XVII asyryň ortalarynda Günorta Wýetnam ösen ýurt hasap edilipdir.

## § 10. Indoneziýa XVI-XVII asyryň birinji ýarymynda

**Indoneziýa portugallaryň aralaşyp ugramagy.** XV asyryň soňky çärýeginde Majapahit döwletiniň (1294-1478) ýykylmagy bilen Ýawanyň ýerinde birnäçe musulman beglikleri ýüze çykýar. Majapahit begleri bolsa Bali adasyna we Ýawanyň çet gündogary Balambangana gaçýarlar. Şol döwürler Malakka bogazynda hem uly wakalar bolup geçýär. 1511-nji ýylyň awgustynda portugal deňiz goşunlary Günorta-Gündogar Aziýanyň möhüm söwda çatrygy we merkezi bolan Malakkany zabt edip alýarlar, bu ýerdäki Malakka soltanlygy bolsa dargaýar.

Malakkada kolonial dolandyryşy girizmek maksady bilen portugallar sebitde söwda agalygyny ýola goýmak üçin özlerine daýanç nokadyny döredýärler. Gündogar indonez soltanlyklary bolan Ternat bilen Tidoryň (Sulawesiniň gündogaryndaky Halmahera adasynda ýerleşýän iki sany musulman şäher–döwletleri) arasyndaky gapma-garşylygy ulanmak bilen portugallar hoşboý ysly otlaryň (muskat hozy, gwozdika, burç we başgalar) söwdasyny etmekde agalygy öz ellerine alýarlar.

Portugallaryň gelmegi bilen sebitde däp bolup gelýän söwda gatnaşyklaryny bozulýar we ýerli ykdysadyýete uly zyyan ýetirilýär. Olar zorluk bilen katolik dinini girizmäge çalşypdyrlar. Hoşboý ysly otlara pes baha kesilmegi oba hojalygynyň ösen etraplarynyň tozmagyna sebäp bolýar. Emma Indoneziýadaky köp döwletler portugal basybalyjylaryna ýangynly garşylyk görkezýärdiler, olaryň täze ýerleri

eýelemeklerine päsgel berýärdiler. Üstesinede, bu sebitlerde ispanlaryň peýda bolmagy we olaryň Filippinlerde öz agalygyny berkarar etmekleri, portugallara üçin uly päsgelçilik döredipdir. Indoneziýada kolonial agalygy ýola goýmaga çalyşmak bilen, portugallar bu ýere dyzaýan ispanlar, gollandlar we iňlisler bilen bäsleşmeli bolupdyrlar.

**XVI asyrda Indoneziýadaky döwletler.** Portugallar Indoneziýa gelmänkäler ýurduň portlarynda hytaýly, ýaponiýaly, wýetnamly, hindistanly, eýranly we arap söwdagärleri gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyrlar. Emma portugallaryň talaňçylykly syýasaty netijesinde deňiz söwda ýollary başga ýerlere geçip ugraýar, sebäbi portugallar agyr gümrük paçlaryny we beýleki zabun tölegleri girizipdirler, üstesine-de, olar talaňçylyk, grakçylyk hem edýärdiler. Şonuň üçin hem söwda ýoly Malakka bogazyndan Sumatra bilen Ýawanyň arasyny bölýän Zond bogazyna geçýär. Indi, dürli Gündogar ýurtlarynyň söwdagärleri halkara söwda gatnaşyklarynda şol ýollardan peýdalanyp ugraýarlar. Söwda ýollarynyň üýtgemegi Sumatranyň günbatar kenarlarynyň we günbatar Ýawanyň ösmegine gowy täsir edýär.

Bu döwürde Zond bogazynyň iki kenaryny (Sumatranyň gündogary, Ýawanyň günbatary) öz içine alýan Bantam döwleti ýüze çykýar. 1568-nji ýylda Bantam özbaşdak döwlet diýip yglan edilýär. Gyzgalaňly söwda merkezi bolan Bantam şäheri bolsa ýurduň paýtagty hökmünde saýlanyp alynýar. Tiz wagtdan Bantam şäheri Gündogaryň iň uly söwda merkezleriniň birine öwrülýär. Bu ýere hindiler, araplar, malaýlar, hytaýlylar, efiopiýalylar söwda etmäge gelipdirler. Bantama dürli görnüşli harytlar: nah we mawut matalar, dürli görnüşli dermanlar, tüwi, bal, mis, duz we pagta getirip satypdyrlar.

Ýewropada hoşboý ysly otlara islegiň artmagy bilen, bu ýerde täze ekin – gyzyl burç hem ekilip başlaarr. Gyzyl burçy öndürmekligi we onuň söwdasyny Bantam döwleti öz eline

alypdyr. Bantamyň öz harby deňiz goşuny we söweş toplary bolupdyr we ol ýewropalylaryň hüjümlerini yzyna serpikdirmegiň hötdesinden gelip bilipdir.

Indoneziýanyň söwda merkezleriniň biri hem Sumatra adasynyň demirgazygynda ýerleşýän Açe soltanlygydy. Açeniň möhüm söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän amatly deňiz portlarynda esasan burçuň we beýleki geçginli harytlaryň söwdasy alnyp barylypdyr. XVI asyrda Açe soltanlygy portugallaryň eline geçen Malakka soltanlygynyň esasy garşydaşydy. Sebitiň güýçli döwletleriniň biri hökmünde, Açe soltanlygy Malakka ýarym adasyna we tutuş Sumatra adasynda agalyga dalaş edýärdi. Bu soltanlyk arasynyň örän uzakdygyna garamazdan, dünýä musulmanlarynyň merkezi hasap edilen Osman imperiýasy bilen ýakyn gatnaşyklary alyp barypdyr.

Günorta-Gündogar Aziýa sebitinde Molukka ýarym adasynyň günortasynda ýerleşýän Johor soltanlygy Açe soltanlygyny özüniň esasy bäsdeşi hasaplapdyr. Johor soltanlary Malakka soltanlygynyň mirasyna hem dalaş edärdiler.

Şeýlelikde, XVI asyryň ikinji ýarymy portugallar bilen Açeniň hem-de Johoryň arasynda Molukka ýarym adasy ugrundaky göreşler bilen geçipdir. Portugallar malakkaly, sumatraly hökümdarlaryň arasyndaky garşylyklardan peýdalanmaga çalşypdyrlar. Netijede, uzaga çeken uruşlar sebäpli bu ýerlerde söwda–ykdysady gatnaşyklar pese düşüpdir, onuň ornuna Indoneziýanyň yzagalak ýerleri bolan Demirgazyk Kalimantandaky Bruneý soltanlygynyň, Sulawesiniň günorta–günbataryndaky Gowa soltanlygynyň täsiri artypdyr.

Merkezi Ýawanyň esasy döwleti bolan Mataram (VIII-XI asyryň başlary) 1575-nji ýylda ýene-de özüni garaşsyzlygyny yglan edýär. XVII asyryň başalrynda ol has hem güýçlenýär. Aguňyň (1613-1645) dolandyran ýyllarynda Mataram Ýawada köp sanly uruşlary alyp barypdyr we Ýawa adasynda

Bantamdan Balambangana (Ýawanyň çet gündogary) we Madura adasyna çenli ýerleri eýeleýär. Şundan soň Aguň ilki «*Susuhunana*» («Özüne boýun egdirýän»), soň bolsa soltan derejesini alyp, Mataramyň dini hem-de dünýewi hökümdaryna öwrülýär.

**XVII asyryň birinji ýarymynda Indoneziýa gollandlaryň aralaşyp başlamagy.** 1596-njy ýylyň 23-nji iýunynda Bantama ilkinji golland söwda gämileri gelýär we şundan soň uzaga çeken golland kolonial basybalyşlary başlaýar. 1602-nji ýylda döredilen golland Ost–Hindistan kompaniýasy Niderlandlaryň Baş Ştatlaryndan Hoşumyt burnundan, tä Magellan bogazy aralygyndaky döwletler bilen söwda etmeklige monopol hukuk alýar. Golland Ost-Hindistan kompaniýasynyň kuwwatly söwda gämileri we harby deňiz goşunlary, ummasyz uly maýasy bolupdyr. Bu kompaniýa uly harby-syýasy güýje öwrülýär we Indoneziýada uly basybalyşlara girişmek bilen, bu ýerden ilki portugallary, soňam iňlisleri gysyp çykarýar.

Eýýäm XVII asyryň birinji ýarymynda gollandlar gündogar indonez soltanlyklarynyň ençemesiniň boýnuna «bileleşik baradaky şertnamalary» dakypdyrlar we Ternatda, Amboinda we Banda adalarynda ençeme berkitmeleri döredip, portugallary bu ýerlerden hem kowupdyrlar.

Indoneziýanyň esasy ýerleri bolan Ýawada we Sumatrada gollandlar berk garşylyga sezewar bolupdyrlar. Gollandlara öňi bilen Ýawadaky Mataram hem-de Bantam döwletleri garşylyk görkezipdirler. Ýöne, 1619-njy ýylda gollandlara Jakarta harby berkitmesini (*fort*) we söwda nokadyny (*faktori*) döretmek başardýar. Gollandlar Bantamyň hüjümlerini yzyna serpikdiripdirler we Ýawada ýerleşipdirler. Jakarta berkitmesini gollandlar Batawiýa diýip atlandyrypdyrlar we ol soňra bütin Ýawany eýelemekde olara daýanç nokady bolup hyzmat edipdir. Birneme soňrak Jakarta Golland koloniýasynyň paýtagtyna öwrülýär. Golland Ost–Hindistan kompaniýasy

söwda agalygy ugrundaky göreşlerde portugallary Indoneziýadan doly gysyp çykarýar. 1641-nji ýylda gollandlar Malakkany hem portugallaryň elinden alýarlar. Ýöne, Indoneziýany eýelemek üçin gollandlara köp wagt gerek bolupdyr we bu syýasat tä XIX asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär.

## § 11. Hindistanda Beýik Mogollaryň döwleti

**Hindistanda Beýik Mogollaryň döwletiniň döremegi.** 1526-njy ýylda Hindistanda öňki Deli soltanlygynyň ýerinde Beýik Mogollaryň döwleti döreýär. Bu döwleti hem edil Deli soltanlygy ýaly, esasan Merkezi Aziýadan gelen türkiler esaslandyrypdyrlar. Türki kowumlaryndan gelip çykandyklaryna garamazdan, hindiler olaryň ählisini mongol (hindi şiwesinde – *mughal*) diýip atlandyrypdyrlar. Bu at Babyr tarapyndan esaslandyrylan nesilşalyga-da berlipdir. Ýewropa dillerinde bu nesilşalyk mogollar diýlip atladyrylypdyr. Beýik Mogollaryň döwleti türkmenleriň, Merkezi Aziýanyň halklarynyň arasynda, şeýle hem Eýranda *Körekenleriň*[1] döwleti ady bilen tanalypdyr.



Babyr köşk bagynda
(miniatýura, XVI asyr)

Zahyreddin Muhammet Babyr (1483-1530) häkimiýet ugrundaky göreşlerde asgynlan teýmiriler neslinden bolupdyr.

[1] Teýmirleň Çingiz hanyň nesilleriniň körekeni bolupdyr. Şonuň üçin hem ony köreken diýip atlandyrypdyrlar.

Teýmirleňiň neslinden bolan köp sanly emirler ýaly, onuň hem ömrüniň köp bölegi Merkezi Aziýada we Gündogar Eýranda tutaşan häkimiýet ugrundaky netijesiz uruşlarda geçipdir. Babyryň häkimiýeti ele almak bilen baglanyşykly ähli umytlaryny Ak Ordanyň ýerinden gelen we Merkezi Aziýanyň köp ýerlerini eýelän özbek taýpalary puja çykarypdyrlar. Babyr Hindiguş daglarynyň aňyrsyna, Owganystana çekilmäge mejbur bolupdyr we Kabul jülgesinde berkleşipdir. Şu ýerden hem ol Hindistanyň Owganystan bilen goňşy welaýatlaryna yzygider ýörişleri geçirip başlapdyr. Babyr Deli soltanlygynyň ýagdaýyny gowy bilýärdi, şonuň üçin hem 1525-nji ýylda Deliniň üstüne ýöriş geçirýär. Onuň ygtyýarynda bary-ýogy 12 müň goşun bar eken, ýöne, olar köpsanly agyr söweşlerde taplanan tejribeli atlylardy. Babyryň gowy söweş toplary hem bar eken.

Öz öňünde goýan baş maksadyna ýetmekde Babyr söweşler bilen bir hatarda, ýerli musulman emirlerini hem dürli usullar bilen öz tarapyna çekmäge çalşypdyr. 1526-njy ýylda Deliniň golaýyndaky Panipatyň eteginde Babyr Deli soltany Ybraýym Lodiniň goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär, hökümdaryň özi bolsa öldürilýär. Bu ýeňişden soň Babyr Delini we Agrany eýeleýär. Bu ýeňişleriň netijesinde Babur ägirt uly olja eýe bolýar. Oljasy oňan serkerdeler Kabula dolanmagyň wagtynyň ýetendigini Babyra duýdurypdyrlar. Emma Babyryň maksady olja almak däldi, ol Merkezi Aziýada elden gideren häkimiýetine derek bu sebitlerde kuwwatly döwlet döretmek isleýärdi. Ol öz serkerdelerine, şeýle hem


Humaýunyň Delidäki aramgähi

özüni patyşa diýyip ykrar eden hindistanly musulman emirlerine derejeleri we tutuş welaýatlary mülk edip beripdir.

Demirgazyk Hindistany eýelemek ugrundaky göreşlerde Penjabyň hökümdary Rana Sanga Babyryň esasy garşydaşyna öwrülipdir. Emma 1527-nji ýylda bolup geçen Sikri söweşinde Babyr penjaplylaryň üstünden aýgytly ýeňiş gazanmagy başarýar. Bu ýeňşiň netijesinde rajput begleriniň bileleşigi hem gutarnykly dargaýar.

Babyryň täze ýerde dörän döwletindäki häkimiýeti türki we owgan serkerdelerine, şeýle hem Hindistanda öňden ýaşap ýören, ýöne täze hökümdara tabynlyk bildiren musulman emirlerine, begzadalaryna daýanypdyr. Golastyndaky welaýatlaryň raýatlaryndan Babyr 1/3 salgyt ýygnapdyr. Emirler, begzadalar hem girdejileriniň 1/3 bölegini hazyna tabşyrmaly bolupdyrlar.

Babyryň döwründe döwlet parganlara bölünipdir. Pargan dolandyryş-salgyt ulgamy bolup, ol emirler, begzadalar tarapyndan dolandyrylypdyr we düzgün boýunça her pargan salgydyň kesgitli mukdaryny döwlet hazynasyna töläpdir. Elbetde, Babyr döwleti edara etmekde, ýurduň doly derejedäki dolandyryş-çäk gurluşyny, kämil döwlet edarasyny döretmäge ýetişmändir. Ölmeziniň öňýany ol öz döwletini ogullarynyň arasynda paýlapdyr. Uly ogly Humaýun Ganga derýasynyň boýlaryna, beýleki doganlary bolsa Penjaba, Gündogar Owganystana eýe bolupdyrlar. Bu bolsa 1530-njy ýylda Babur ölenden soň doganlarynyň Humaýuna (1530-1540, 1455-1456) görüplik etmeklerine we döwletiň içinde häkimiýet ugrundaky özara göreşleriň tutaşmagyna sebäp bolýar.

Mogol nesliniň özara uruşlaryndan owganlaryň Biharda ýaşaýan sur taýpasynyň serdary Şir han peýdalanýar we Humaýunyň elinden patyşa häkimiýetini alýar. Täze hökümdar Şir şa (1540-1545) adyna eýe bolup Hindistanyň hökümdaryna öwrülýär. Häkimiýetini aldyran Humaýun bolsa Sefewi türkmenleriniň döwletine gaçyp gitmäge mejbur bolýar.

Az wagt hökümdar bolandygyna garamazdan, Sur nesilşalygyny esaslandyran Şir şa uly işleri amala aşyrypdyr. Onuň durmuşa geçiren esasy özgertmeleriniň biri-de, jagir ulgamyny girizilmegi bolupdyr. Jagiriň eýesi – jagirdar, edil iktanyň eýesi ýaly, patyşa üçin atly nökerleri saklamaga borçlanypdyr. Şir şa jagirdarlaryň hökümeti aldamazlary ýaly, Alaýeddin Halajyň atlary tagmalamak düzgünini girizipdir. Sur hökümdary salgyt ulgamynda eden-etdiliklere ýol bermezlik maksady bilen ýurduň ekerançylyk ýerleriniň hasabatyny geçiripdir. Raýatlara salynýan salgytlar hem çökder bolmandyr. Sebäbi raýat öndüren önüminiň 1/3 bölegini salgyt hökmünde tabşyrypdyr.

Jagir nökerlerinden başga-da, Şir şa hazynanyň hasabyna köpsanly atly we pyýada goşun hem saklapdyr. Munuň özi hökümdara döwleti asudalykda, emirleri tabynlykda saklamaga mümkinçilik beripdir. Şir şanyň özgertmeleri tamamlanman galandygyna garamazdan, uly ähmiýete eýe bolupdyr. Sebäbi bu özgertmeler döwletiň özüniň içki ösüşinde mundan beýläk haýsy ugurlar bilen gitmelidigini kesgitläpdir.



Ekber şa Gangadan ýüzüp geçýär (miniatýura, 1567)

**Beýik Mogollaryň nesilşalygynyň gaýtadan dikeldilmegi we Ekberiň özgertmeleri.** Şir şanyň mirasdüşerleriniň döwründe döwlet gowşapdyr, mundan bolsa Sefewi türkmenleriniňkide ýaşap ýören Humaýun peýdalanypdyr. Tahmasp şanyň (1524-1576) kömegi bilen ol

Hindistana dolanyp gelýär we 1555-nji ýylda kanuny häkimiýetini surlaryň elinden alýar. Emma Humaýuna uzak hökümdarlyk etmek miýesser bolmaýar. Bir ýyldan soň ol öz kitaphanasyndan çykyp gelýärkä ýykylyp kellesini ýardyrýar we aradan çykýar.

Tagta Humaýunyň ýaşajyk ogly Ekber çykarylýar, ýöne onuň häkimiýetine surlar hem dawa edipdirler. Emma aýgytly pursatda Ekberiň atabegi hem baş serkerdesi Baýram han Türkmen Panipatyň eteginde surlaryň goşunlary bilen duşuşýar. Bu goşunlara surlaryň serkerdesi indus Hemu baştutanlyk edipdir. Hemu surlara dönüklik edipdir we surlaryň goşunlaryna daýanyp Delidäki häkimiýete eýe bolmak isläpdir. Emma Baýram han onuň goşunlaryny derbi-dagyn edipdir we ýaraly Hemunyň özüni Ekberiň aýagynyň astyna süýräp getiripdir. Şeýdip, Beýik Mogollaryň döwletinde Ekberiň (1556-1605) uzaga çeken hökümdarlygy başlaýar. Bu döwürde Beýik Mogollaryň döwleti öz kuwwatynyň çür depesine çykýar.

Ekberiň dolandyryp başlan döwründe Beýik Mogollaryň döwleti Agranyň, Deliniň töweregindäki ýerler, Penjabyň bir bölegi, we Kabulyň töwerekleri bilen çäklenipdir. Emma XVII asyryň başlarynda döwletiň düzümine tutuş Demirgazyk Hindistan we käbir beýleki ýerler goşulypdyr. Ekberiň basybalyşlarynyň köpüsi onuň hökümdarlygynyň birinji ýarymynada amala aşyrylypdyr. Ol Malwany, Güjeraty, Kaşmirdäki, Sintdäki we Bengaliýadaky musulman döwletlerini, rajput bileleşigine girýän döwletleriň ýerlerini basyp alypdyr. Ekber Sefewi türkmenleriniň elinden Kanadagary we tutuş Gündogar Owganystany alypdyr, Ahmetnagardaky dekan soltanlygynyň demirgazygyny we Orissa soltanlygyny öz döwletiniň düzümine goşupdyr. Bengaliýanyň we Güjeratyň basylyp alynmagynyň uly ähmiýeti bolupdyr, sebäbi Beýik Mogollaryň döwletiniň düzümine ykdysady taýdan ösen ýerler goşulypdyr.

Ekberiň syýasatynyň düýp maksady döwleti merkezleşdirmäge we patyşanyň häkimiýetini berkitmäge gönükdirilipdir. Onuň dolandyryş ulgamy hem özünden öňki musulman hökümdarlarynyň syýasatyndan känbir tapawut etmändir, ýöne Ekberiň döwlet syýasaty olardan özüniň düzgün-tertipliligi we guramaçylyklylygy bilen düypli tapawutlanypdyr. Başarjaň döwlet işgäri hökmünde Ekber patyşa ýurdy dolandyrmakda köp zatlary hasaba almaly bolupdyr, sebäbi Hindistan esasan induslaryň ýurdudy.

Beýik Mogollaryň döwletinde patyşanyň dolandyryş ulgamy esasan üç edara daýanypdyr: harby edara (*bahşy*), maliýe diwany we kazyýet. Bu edaralar patyşanyň gös-göni gözegçiliginde bolup, olar hökümdaryň ýakyn maslahatçylary tarapyndan dolandyrylypdyr. Bu wezipelere ýolbaşçy bellemekde Ekber olaryň dini ynançlaryny göz öňünde tutmandyr. Mysal üçin, Ekberiň dolandyran döwrüniň görnükli döwlet işgärleriniň biri, indus Todar Mal köp ýyllaryň dowamynda maliýe diwanyna ýolbaşçylyk edipdir, şol bir wagtyň özünde bolsa ol başarjaň serkerde hökmünde tanalypdyr.

Mogollaryň häkimiýetiniň ýokary gatlagyny türki we beýleki täze musulman begzadalary, şeýle hem bu döwlete boýun egdirilen öňki musulman we indus begzadalarydyr emirleri emele getiripdir. Mogol döwleti harby babatda özüne gulluga duran harby serkerdeleriň – jagirdarlaryň nökerlerine daýanypdyr. Şol sebäpden hem jagirdarlaryň öz gulluk borçlaryny berjaý edişlerine gözegçilik etmek patyşanyň hem, harby edaranyň hem esasy wezipesi bolupdyr.

Şir şadan tapawutlylykda, Ekber köp goşun saklamandyr. Patyşanyň goşuny edil jagirdarlaryňky ýaly hakyna tutma esgerlerden ybarat bolupdyr. Esgerler diňe sowuk ýaraglar bilen ýaraglandyrylypdyr. Sowut we tuwulga geýen mogol atlylary gylyç, ok-ýay, tegelek galkan bilen ýaraglandyrylypdyr. Pyýada goşun naýza, gylyç we galkan

bilen ýaraglandyrylyp, olaryň söwş ukyplary ýokary bolmandyr. Emma rajputlardan düzülen atly goşun ýewropalylaryň rysarlary ýaly juda söweşjeň bolupdyr. Köne harby däplere hormat goýmak bilen Ekber ýörişlerde söweş pillerini hem ulanypdyr.

Ekber goşunda ot açýan ýaraglary ulanmaga-da çalşypdyr. Munuň üçin atyjylar we topçular goşunyny döredipdir. Goşunyň harby kuwwatyny artdyrmak, düzgün-nyzamlylygyny ýokarlandyrmak üçin mogol patyşasy ýewropaly harbylaryň hyzmatyndan peýdalanypdyr. Ýöne bu işler Beýik Mogollaryň goşunlarynyň harby kuwwatyna görnüp duran täsir etmändir. Muny soňra ýewropalylar bilen alnyp barlan ownukly-irile söweşler subut edýär.

Möhüm döwlet edaralarynyň biri-de maliýe diwany bolupdyr. Diwan öz edarasynyň üsti bilen salgyt tölemäge degişli edilen ýerleri we edaralary (bazarlar, kerwensaraýlar, senetçilik kärhanalary we başgalar) hasaba alypdyr, salgytlaryň möçberini kesgitläpdir. Diwanyň gözegçiliginde diňe bir döwletiň hasabyna salgyt ýygnalýan ýerler däl, eýsem jagir ýerleri hem saklanylypdyr. Üstesine-de, jagir ýerlerinden salgytlar döwlet salgytçylary tarapyndan ýygnalyp, jagirdaryň paýy soňra onuň ýörite wekiline gowşurylypdyr. Şunuň bilen bir hatarda, maliýe diwany hazyna ýygnanan artykmaç girdejileri döwlet işgärleriniň arasynda paýlapdyr.

**Beýik Mogollaryň döwletiniň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Mogol döwleti dolandyryş-çäk gurluşy boýunça subalara (welaýat) bölünip, täze ýerleriň basylyp alynmagy bilen olaryň sany 16 ýetipdir. Subalar patyşa tarapyndan bellenilýän dikmeler – *subadarlar* tarapyndan dolandyrylypdyr. Subadarlaryň giň hukuklary bolupdyr, olar goşun saklapdyrlar, topalaňlary basyp ýatyrmakda özbaşdak hereket edipdirler, subadan ýygnalýan salgytlara jogap beripdir. Subalar öz içinde etraplara bölünip, onda esasan salgyt ýygnamak bilen meşgullanypdyrlar. Şunuň bilen bir hatarda,

olarda salgyt ýygnalanda asudalygy saklar ýaly, şeýle hem etrapda tertip-düzgüni ýola goýmak üçin nökerler hem saklanylypdyr. Käbir howsalaly ýa-da gyrak-çetlerdäki etraplarda ýerli etrap edarasy bilen bir hatarda, harby gullukçy – *foujdar* hem bellenilipdir.

Ýerlerden alynmaly salgydyň mukdaryny döwlet emeldarlary kesgitläpdirler. Olar salgyt ýygnalyşyna gözegçiligi hem amala aşyrypdyrlar, ýöne obanyň çäginde salgyt ýygnamaklygy jemagatyň ýerli dolandyryş edarasy amala aşyrypdyr. Jemagatçylaryň ýa-da salgyt töleýän raýatlaryň salgyt borçlaryny hasaba alýan kethudalar we mürzeler döwletden uly bolmadyk muzd alypdyrlar. Adatça, muzd salgytdan bölünip alnyp, ol ýygnalan salgydyň takmynan 2,5% barabar bolupdyr. Kähalatlarda jemagatyň ýeriniň bir bölegi salgytdan boşadylyp, şol ýerden ýygnalmaly salgyt olara aýlyk-günlük hökmünde berlipdir. Şeýlelikde, oba dolandyryş edarasy döwlet emeldarlarynyň aşaky gatlagyny emele getiripdirler. Oba dolandyryş edarasynyň bolmaklygy döwletiň salgyt ýygnamak wezipesini ýeňilleşdiripdir, beýleki bir tarapdan bolsa maliýe edarasynyň eden-etdilikleriniň öňüni alypdyr.

Mogollaryň döwlet edarasynyň üçünjisini kazyýet emele getiripdir. Kazyýetiň ýolbaşçysy *sadr* diýlip atlandyrylypdyr. Beýik Mogollaryň döwletinde hem edil beýleki musulman ýurtlarynda bolşy ýaly, kazyýet ulgamy şerigata daýanypdyr. Şunuň bilen bir hatarda, musulman dällere – induslara we beýlekilere öz kanunlary, däp-dessurlary boýunça kazyýet işlerini ýöretmäge-de mümkinçilik berlipdir. Ýöne, kazyýetiň meseleleri induslaryň özara gatnaşyklarynyň çäginden çykan ýagdaýynda, şeýle işlere musulman kazylary seredipdirler. Kähalatlarda kazynyň wezipesini (meselem, topalaňlar basylyp ýatyrylanda) dolandyryş edaralary hem amala aşyryp bilipdirler.

Ekber patyşa öz gullugynda duran emeldarlaryň we emirleriň girdejilerini tertipleşdirmek üçin gulluk derejelerini (*mansab*) girizipdir. Döwlet edarasynyň ähli işgärleri we serkerdeler mürzeden başlap tä şazadalara çenli hemmeler patyşanyň harby gullukçylary diýlip hasaplanylypdyr we olaryň her biri ýerine ýetirýän wezipesine görä mansab (gulluk drejesi) alypdyr. Mysal üçin, mürze on sany esgeriň serkerdesi hasaplanylyp, ol şoňa görä-de aýlyk alypdyr. Jagirdar adatça 400-1000 atlysy bolan serkerdäniň mansabyny alypdyr. Patyşanyň wezir-wekilleri has uly mansablara eýe bolupdyrlar we şoňa görä-de girdeji alypdyrlar.

Ekberiň döwründe eýeçiligiň iň köp ýaýran görnüşi jagir bolup, ol öňküleri ýaly gulluk üçin berlipdir. Beýik Mogollaryň döwletinde indus emirleriniň we begzadalarynyň zemindary ýerleri hem bolupdyr. Adatça zemindarlar ähmiýeti boýunça jagirdarlardan aşakdaky gatlagy düzüpdirler. Iri zemindarlar mogol patyşasynyň ýapjalary bolmak bilen olar öz ýerlerinde oturan raýatlardan gelýän salgydyň hasabyna ýaşapdyrlar, emma ownuk zemindarlar öz ýerlerinden gelýän girdejiniň bir bölegini döwlete tabşyrmaga borçly edilipdir.

Mogollaryň döwründe möçberi uly bolmadyk sylag berilýän ýerler hem bolupdyr. Sylag ýerleri miras galdyrylyp bilnipdir we onuň üçin hiç hili borç ýerine ýetirilmändir. Öňler ony ynam diýip atlandyrýardylar, indi bolsa süýürgal diýip atlandyrypdyrlar. Beýik Mogollaryň döwletinde eýeçiligiň giň ýaýran görnüşleriniň biri-de wakf ýerleri bolupdyr.

Mogol hökümdary dini özgertme geçirmäge-de synanyşyk edipdir. Onuň teklibi bilen musulmanlar hem-de induslar üçin umumy «*Din-i-ilähi*» dinini girizmäge synanyşyk edipdir. Soňra şu diniň esasynda sikhizm dini ýüze çykýar. Emma Ekberiň bu özgertmesi musulman ulamalalarynyň we ýonekeý musulmanlaryň arasynda uly nägilelikleri döredipdir.

**Beýik Mogollaryň döwleti XVII asyryň birinji ýarymynda.** Ekberiň patyşalyk süren döwrüniň soňky ýyllary

onuň mirasdüşeri Jahangiriň topalaňlary bilen utgaşypdyr. Ekber aradan çykandan soň ol mogol tagtyny eýeleýär. Jahangir tebigaty boýnça örän zalym hem-de ynjyk hökümdar bolupdyr. Jahangiriň hökümdarlygynyň köp wagty tirýek çekmeklik we şerap içmeklik bilen geçipdir. Şonuň üçin hem hökümdarlygynyň soňky ýyllary ýurdy esasan aýaly Nurjahan dolandyrypdyr.

Jahangir (1605-1628) Demirgazyk Hindistandaky topalaňlary rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyr. Onuň Assamy eýelemek ugrundaky maksatlary hem netijesiz tamamlanypdyr. Dekan ýarym adasynda Jahangir Ahmetnagar soltanlygyna garşy uzaga çeken uruşlary alyp barypdyr. Ahmetnagar soltanyna Bijapur bilen Golkonda hem kömek edýär. Uly ýitgilere we çykdajylara garamazdan, mogollara üstünlik gazanmak başartmaýar. Şol döwürler sefewi patyşasy Abbas I (1587-1629) hem mogollaryň elinden Kandagary alýar. Ýurtda topalaňlar hem başlaýar. Tagtyň mirasdary Şa Jahan häkimiýet özüne ýetdirmez öýdüp atasyna garşy topalaň turuzýar.Ol öň Gujarat welaýatynyň subadary eken. Şa Jahan goşun ýygnap ýurduň merkezi welaýatlaryna süýşüp ugraýar, ýöne ýeňlip Dekana gaçýar. Golkondanyň hökümdarlary bolan Kutubşalardan kömek alyp, ol indi Bengaliýada peýda bolýar we Bihary basyp alýar. Emma patyşanyň goşunlary Allahabadyň eteginde Şa Jahany ýene-de ýeňlişe sezewar edýär. Topalaňçy ýene-de Dekana gaçyp gelýär. Häkimiýet


Mogol patyşasy
Şa Jahan (1628-1658)

ugrundaky göreşlerde şowsuzlyklara uçrasa-da, ykbal oňa gülüp bakypdyr. Atasy ölenden soň Şa Jahan tagty kynçylyksyz eýeläpdir. Şa Jahan tagtyna hiç kim dawa etmez ýaly, ähli erkek göbekli hossarlaryny, doganoglanlaryny we olaryň ogullaryny öldürdipdir.

Şa Jahanyň (1628-1658) dolandyran ýyllarynda Beýik Mogollaryň döwletiniň ýerleri ep-esli giňeýär. Bu döwürde Ahmetnagar we Bijapur eýelenilipdir, Golkondaky türkmenleriň Kutubşalar döwleti bolsa salgyt tölemäge mejbur edilýär. Hökümdar Kandagary hem gaýtaryp alypdyr, emma patyşalygynyň soňky ýyllarynda Owganystanyň demirgazgynda sefewilerden uly ýeňlişe sezewar bolup, ony ýene-de elden giderýär. Şa Jahanyň döwründe jagir ulgamy, jagirdarlaryň üstünden gözegçilik gowşaýar. Halise ýerleriniň (döwlet ýerleri) mukdary az bolandygy sebäpli hazyna gelýän girdejiler hem azalýar. Bu döwürde köp serişdeler sarp edilip owadan binalar gurlupdyr. Olaryň hatarynda Täçmahal aramgähini, Delidäki Juma metjidini, Gyzyl galany we başgalary görkezmek bolar. Olaryň arasynda iň nepisi we owadanlygy boýunça deňi-taýy bolmadyk bina Täçmahal aramgähidir. Bu aramgäh hökümdaryň ondördünji zürýady – mogol tagtynyň geljekki eýesi Aurangzebi dünýä inderende ýaş üstünden ýogalan aýaly Mümtazy Mahalyň hatyrasyna gurlupdyr.

Şa Jahanyň hökümdarlygynyň soňky döwürlerinde Beýik Mogollaryň döwleti ähli ugurlar boýunça gowşaýar. Goşunyň söweş ukyby peselipdir, ok atýan ýaraglara, uruşlarda toplary ulanmaga üns peselýär. Bu döwürde köp müňlük pilli goşuna uly ähmiýet berlipdir. Merkezi döwlet häkimiýeti hem güýçden gaçypdyr.

1658-nji ýylda Şa Jahan agyr keselleýär we tagt üstündäki dawalar başlaýar. Şol dawalarda patyşanyň ähli ogullary wepat bolup, körpe ogly Aurangzeb (1658-1707) tagty eýeleýär. Şa

Jahan bolsa öý tussaglygynda saklanylyp 1664-nji ýylda aradan çykýar.

**Golkondadaky Kutubşalar türkmen döwleti.** Asly garagoýunly türkmenleriň baharly tiresinden bolan Soltanguly Kutub al-Mülk 1512-nji ýylda Golkondada (Günorta Hindistan) Kutubşa türkmenleriniň döwletini gurýar. Soltanguly meşhur Aly Şükür beg Baharlynyň nesillerinden bolupdyr. Baharlylar XV asyryň 60-njy ýyllarynda Günorta Azerbaýjandan Horasana, ol ýerden hem Hindistana göç edýärler. Soltanguly beg 1480-nji ýylda Hindistanyň Bidar şäherine gelip, Bähmeni patyşasynyň gullugyna durýar. XV asyryň 90-njy ýyllarynda ol ilki Goada, soňra bolsa Telingianda emirlik edýär we Bähmenileriň döwletinde täsirli emeldarlaryň birine öwrülýär. XVI asyryň başlarynda döwletiň gowşamagy bilen Berarda Ymadşalar, Ahmetnagarda Nyzamşalar, Bidarda Beritşalar, Bijapurda Adylşalar we Golkondada bolsa Kutubşalar döwletleri peýda bolýar. Mälim bolşy ýaly, 1512-nji ýylda Soltanguly beg tarapyndan Kutubşalar döwleti esaslandyrylýar. 1543-nji ýylda Soltanguly wepat bolandan soň onuň ornuna ogly Jemşit şa tagta geçýär. Jemşit Kutubşa örän häkimiýeti söýýän adam bolupdyr, şonuň üçin hem doganlarynyň dildüwüşiginden gorkup, olaryň ählisini öldürýär. Jemşidiň doganlaryndan diňe Ybraýym gaçyp gutulmak başardýar.

1550-nji ýylda Jemşit şa aradan çykandan soň ýerine az wagtlyk Suwhanguly hökümdarlyk edýär. Emma köşk adamlary Ybraýym Kutubşany daşary ýurtdan getirip, ony Suwhangulynyň ornuna oturdýarlar. Ybraýym Kutubşanyň (1550-1580) hökümdarlyk eden ýyllarynda döwletde berk tertip-düzgünler ýola goýlupdyr we ýurtda oba hojalygy, senetçilik we söwda gülläp ösýär. Soltan Ybraýym Kutubşa goňşy döwletler bilen hoşniýetli gatnaşyklary saklapdyr, döwletara gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri parahatçylykly ýol bilen çözmäge çalşypdyr. Ybraýym soltan 1580-nji ýylda aradan çykýar. Onuň wesýetine görä, ogly

Muhammetguly Kutubşalaryň tagtyna çykarylýar. Muhammetguly Kutubşanyň (1580-1611) dolandyran ýyllarynda hem döwlet uly ösüşlere eýe bolupdyr. Aýratyn hem onuň döwletinde göwher (almaz) söwdasyna uly ähmiýet berlipdir. Çünki bu söwda uly girdejileri getirýärdi. Muhammetguly Kutupşanyň häkimýet başyna gelen döwri Golkonda gözel binalary bilen şöhratlanan uly şäherdi. Sebäbi onuň ata-babalary şäherde gurluşyk işlerini gňden ýaýbaňlandyrypdylar. Hatda häzirki döwürde hem Golkondanyň harabalayklary özüniň patyşalyk beýykligi we täsin gurluşyk tilsimleri bilen görenleri haýran galdyrýar. Hindistana syýahat eden dürli döwürleriň gezengeleri, haraba öwrulen şäheriň derwezesinden girip, çapak çalsaň ýa-da gygyrsaň, sesiň baýryň ýüzünde ýerleşýän şäheriň ýokarsyna tarap kem-kemden güýçlenip hem-de töwerege ýaň salyp gidýändigini belläpdirler.

Döwletiň paýtagty Golkondanyň ilatynyň artmagy Muhammetguly soltany täze paýtagt gurmaga mejbur edýär. Şonuň üçin hem ol 1600-nji ýylda Haýdarabat şäheriniň düýbüni tutýar. Saklanyp galan rowaýatlara görä, ýaş wagtlary Muhammetguly Haýdaramahal atly bir gözel gyza aşyk bolupdyr we patyşalyga saýlanan soň, oňa öýlenipdir. Muhammetguly Türkmeniň gurduran Haýdarabat şäheri onuň öz söýgülisiniň hormatyna guran ajaýyp ýadygärligidir.

Muhammetguly Kutupşanyň döwründe gurlan köp sanly ajaýyp binalaryň biri-de «Çar minara» hasap edilýär. «Çar minara» 1591-1593-nji ýyllarda Haýdarabadyň baş köçesinde bu ýerlerde mergi keseliniň sag-aman sowulmagynyň hatyrasyna gurlupdyr. Bu ymarat inedördül görnuşde, küňreli derwezeleri dört tarapa bakdyrylyp ýerli daşdan gurlan äpet desga bolup, ol uzakdan has hem gowy görünýär. Küňrelerden ýokarda biri-birinden kiçelip gidýän üç sany gatlar ýerleşip, olaryň aşaky ikisi kiçeňräk küňreler, üçünji gaty bolsa penjireler bilen bezelipdir. Minara has hem küňreli derwezeleri,

onuň dört burçunda asmana tarap uzap gidýän mähnet diňleri aýratyn gelşik berýär.

Muhammetguly Kutubşa aradan çykandan soňra ýerine agasynyň ogly Muhammet (1612-1626) geçýär. Muhammet patyşanyň mirasdüşer ogly Abdylla edenli şazadalaryň biri bolupdyr. Oňa soltan derejesi berlip, 1626-njy ýylda kakasynyň ornuna oturdylýar. Emma Abdylla Kutubşanyň döwründe 1636-njy ýylda Golkonda salgyt tölemek borjy bilen Beýik Mogollaryň döwletiniň tabynlygyna düşýär. Abdylla Kutubşa 1672-nji ýylda aradan çykýar. Döwlet başyna onuň «Tana şa» edebi ady bilen tanalan giýewsi Abul Hasan geçýär. Şondan soň Kutubşa türkmenleriniň döwleti Beýik mogollar döwletiniň täsirine gutarnykly düşüp, 1687-nji ýylda bu döwlet mogol patyşasy Aurangzep tarapyndan doly dargadylýar. Onuň iň soňky hökümdarynyň ömrüniň galan bölegi bolsa mogollaryň zyndanynda geçýär. Kutubşa türkmenleriniň döwletiniň hökümdarlary özleriniň daşary syýasatlarynda Sefewi türkmenleriniň döwletiniň patyşalary bilen gowy gatnaşykda bolýarlar. Esasan hem, olaryň arasynda ilçi lyşmak şa Abbas I döwründe has güýçlenýär. Muhammetguly Kutubşa asylzada gyzlarynyň birini şa Abbasyň ogluna durmuşa çykarypdyr.

Türkmeniň şol wagtky döwletiniň wekilleri dünýä medeniýetine öz goşantlaryny goşupdyrlar. Olaryň döwletinde arap, pars, dahny, telegu dilleri ulanylypdyr. Döwletde iki dil bilýän kätipler, terjimeçiler köpelipdir. Resmi dil hökmünde pars we telegu dilleri ulanylypdyr.

**Ýewropalylaryň Hindistana aralaşyp başlamagy.** 1498-nji ýylda Wasko da Gama tarapyndan Hindistana gidýän deňiz ýoly açylandan soň portugallaryň harby gämileri Hindistanyň günbatar kenarlaryna yzly-yzyna gelip başlaýarlar. Portugallaryň esasy maksady kenarýaka etraplarynda daýanç nokatlaryny – galalary edinmek we ýerleri basyp almaklykdy. Şonuň üçin hem olar 1510-njy ýylda Goa pot şäherini eýeläp, ony geljekki kolonial basybalyşlar üçin daýanç nokadyna

öwürýärler. Tiz wagtdan portugallar dürli usullar bilen kenarýaka etraplaryndaky ýerli hindi hökümdarlaryndan ep-esli ýerleri almagy başarýarlar. Olar täze alnan ýerlerde ýerli ilatyň içki işlerine goşulmandyrlar, olaryň däp-dessurlaryna päsgel bermändirler, diňe ilatdan salgyt almak bilen çäklenipdirler. Salgyt ýygnamaklyk hem şol ýerlerde hereket edýän ýerli kada-kanunlar we dessurlar esasynda alnyp barlypdyr.

Portugallara Hindistanda köp ýerleri eýelemek başartmandyr, ýöne olar deňizlerde hakyky garakçylygy ýola goýupdyrlar. Portugal gämileri Hindistanyň portlaryny gabawa salyp, ýerli hem-de daşary ýurtly söwdagärlere deňiz söwdasyny alyp barmaga mümkinçilik bermändirler. Portugallar hindi, eýranly we arap söwdagärlerini talapdyrlar, olaryň gämilerini otlap, deňizçilerinden öç alypdyrlar. Ýagdaý şeýle bolansoň, guryýer söwdasy güýçlenip ugraýar. Bu bolsa kerwen ýollary arkaly hindi harytlarynyň Owganystanyň üsti bilen Eýrana, Merkezi we Günbatar Aziýa ýurtlaryna köpçülikleýin äkidilmegine getirýär. Guryýer söwdasynyň güýçlenmegi Hindistanyň Lahor, Multan we Peşawar ýaly şäherleriniň ösmegine oňyn täsir edipdir. Şeýlelikde, kerwen söwdasynyň ösmegi portugallaryň maksatlaryny puja çykarypdyr. Şonuň üçin hem XVI asyryň ikinji ýarymynda olar hindi we daşary ýurt täjirlerine söwda etmäge ygtyýar berýän rugsatnamalary satyp başlaýarlar.

Portugaliýa yzagalak döwletdi, şonuň üçin hem olar gollandlaryň we iňlisleriň bäsleşigine döz gelip bilmändirler. Birnäçe gezek harby çaknyşyklardan soň olar bu sebitlerde öz orunlaryny ýitirip ugraýarlar. 1600-nji ýylda Iňlis Ost-Hindistan kompaniýasynyň, 1603-nji ýylda bolsa Golland Ost-Hindistan kompaniýasynyň döredilmegi bilen portugallaryň ýagdaýy has hem kynlaşýar. Başda iňlis hem-de golland söwdagärleriniň hem ýagdaýy ýeňil bolmandyr. Sebäbi Hindistanyň kenarlarynda ňlisleriň, gollandlaryň söwda nokatlary (faktori) we haryt saklanylýan ammarlary ýokdy.

Üstesinede, bäsdeşler hökmünde hindi täjirleri olara gyýa göz bilen garaýardylar. Emma barybir ilkinji söwda geleşikleri iňlis söwdagärlerine uly girdejileri beripdir. Iňlis söwdagärleri edil arap we hindi täjirleriň edişi ýaly, Surat portundan alan hindi harytlaryny Gyzyl deňziniň portlaryna äkidipdirler, soňra Hindistandan Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary we Hytaý üçin harytlary alypdyrlar, ol ýerden bolsa harytlar bilen Hindistana dolanyp gelipdirler we ýene-de haryt alyp Ýewropa ugrapdyrlar. Golland söwdagärleri hem edil şunuň ýaly hereket edipdirler. Ýewropa ýurtlarynyň Ost-Hindistan kompaniýalary (soňra Daniýanyň we Fransiýanyň kompaniýalary hem döräpdir) eksporta gidýän harytlaryň önümçiligini giňeldipdir. Hatda eksportuň ösmegi bilen aýry-aýry harytlaryň ýiti ýetmezçiligi hemişe diýen ýaly duýlup durupdyr. Bu bolsa islegiň harytlaryň sarp edilişinden artyk bolandygyny aňladýar. Şu döwürlerde iňlislere Suratda ilkinji söwda faktorisini esaslandyrmak başardýar. Bu bolsa iňlis söwdagärleriniň harytlarynyň saklanylmagyny we dünýä bazaryna haryt çykarmak işlerini belli bir derejede ýeňilleşdirýär. 1639-njy ýylda iňlisler Hindistanyň gündogarynda ep-esli ýerleri kärendesine alýarlar we şol ýerde berkitme (fort) esaslandyrylýar. Bu fortuň esasynda soňra Madras şäheri peýda bolýar. Berkitmäniň esaslandyrylmagy aýratyn uly ähmiýete eýe bolýar. Çünki iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy bu forty diňe bir söwda faktorisi hökmünde däl, eýsem indi iňlis esgerleri ýerleşdirilen harby berkitme hökmünde hem ulanyp bilipdir. Şeýlelikde, Madras forty Hindistany koloniýa öwürmekde iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy üçin ilkinji daýanç nokady bolup hyzmat etdi.

**Hindistanda musulman medeniýetiniň kemala gelmeginde türkmenleriň hyzmaty.** Deli soltanlygy döwründe durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň ösüşi bilen bir hatarda, musulman medeniýeti hem ösüpdir. Musulman medeniýetiniň ösüşine türkmen soltanlary uly goşant

goşupdyrlar. Bu ýurda öňi bilen musulman dini, hat ýazuwy ýaýrapdyr. Bu bolsa Hindistanda ylmyň, medeniýetiň we edebiýatyň ösüşine ägirt uly täsir edipdir. Türkmen soltanlarynyň köşgünde köp sanly taryhy eserler döredilipdir. Musulmanlar gelmänkä hindilerde ýerli taryhnama däpleri bolmandyr. Deli soltanlygynyň döwründen başlap musulman taryhçylarynyň täsiri bilen Günorta Hindistanda hem indusçylyga esaslanýan taryhnama däpleri ýüze çykypdyr.

Hindistanda Deli soltanlygynyň esaslandyrylmagy bilen bu ýerlerde şindi Mahmyt Gaznalynyň döwründe ýüze çykyp ugran urdu diliniň ähmiýeti artypdyr. Bu diliň kemala gelşini ömrüniň soňky ýyllaryny Hindistanda geçiren, asly merwli Muhammet Aufi (1177-1242), türkmenleriň Delidäki soltanlygynyň halaçlar nesilşalygynyň köşk şahyry Emir Hysrow Dehlewi (1253-1325) ýaly beýik söz ussatlarynyň ölmez-ýitmez eserlerinde görmek bolýar.

Emir Hysrow Kyýaseddin Balbandan (1265-1287) başlap, onuň ogly Mugyzeddin Keýkubadyň (1287-1290), Jelaleddin Firuz şa Halajyň (1290-1296), şahyra «emir» adyny dakan Alaýeddin Muhammet şa Halajyň (1296-1316), Kutubeddin Mübärek şa Halajyň (1316-1320), Togalak soltanyň (1320-1325) we onuň ogly Muhammet han Togalagyň (1325-1351) dolandyran ýyllarynyň sözüň doly manysynda hakyky bezegine öwrülipdir.

Emir Hysrow Dehlewi diňe bir türkmen edebiýatynyň taryhynda däl, eýsem, dünýä edebiýatynyň taryhynda hem köpsanly şygyr we kyssa eserlerini döreden ajaýyp şahyr hasap edilýär. Ol 5 sany poema, 22 sany dessan, ýüzlerçe kasydalary, rubagylary, gazallary döredipdir. Bar bolan maglumatlara görä, Emir Hysrow 400-500 müňe barabar bentleri döredipdir. Ony hindileriň halk saz guraly bolan sitarany dörediji diýip hem hasap edýärler.

1326-njy ýylda Muhammet Togalagyň Dekana (Günorta Hindistan) ýöriş geçirip, giň ýerleri döwletiň

düzümine goşmagy bilen urdu diliniň gerimi has hem giňeýär. Ňetijede, urdu dili Günorta Hindistana ýaýrap, ol bu ýerlerdäki marathi, telugi we kannara, şeýle hem Gündogar Hindistanyň bengali, oriýa dillerinde gürleýän halklar üçin hem milletara gatnaşyklaryňyň serişdesine, ylym-bilimiň hem-de çeper döredijiligiň diline öwrülýär.

Urdu diliniň kemala gelmeginde we ösmeginde XVI asyryň meşhur türkmen serkerdesi, edenli döwlet işgäri we ajaýyp şahyry Muhammet Baýram hanyň hem gürrüňsiz uly hyzmaty bardyr. Urdu poeziýasy Dekanda asly osmanly türkmen nesilşalygyndan gelip çykan Ýusup Adyl han tarapyndan Bijapurda esaslandyrylan Adylşalar (1489-1686) we aýratyn hem Golkondada Soltanguly Türkmeniň guran Kutubşalar (1512-1687) döwletlerinde gülläp ösüpdir. Bu sebitlerde ylym-bilimiň, medeniýetiň we sungatyň ösmegi bilen bu diliň «Dekan urdusy» atly şiwesi ýüze çykypdyr. Kutubşalar neslinden Muhammetguly Kutubşa, Muhammet Kutubşa, Abdylla Kutubşa, Abulhasan Tana şa Kutubşa; Adylşalar neslinden Ywraýym II Adylşa we Aly II Adylşa hakyky şa şahyrlar bolupdyrlar.

Goňşy we garyndaş döwletler bolan Bijapur bilen Golkonda syýasy we edebi bäsdeşler bolan Muhammetguly Kutubşanyň (1580-1611) hem-de Ywraýym II Adylşanyň (1580-1625) dolandyran ýyllarynda gülläp ösüpdir. Şa şahyrlar bolan Muhammetguly Kutubşadan «*Külliýet*» («Ýygyndy»), Ywraýym II Adylşadan bolsa «*Nauras*» («Dokuz nagma») atly uly göwrümli eserler miras galypdyr.

Ybraýym II döwründe Bijapurda bir million töweregi ilat ýaşapdyr. Şäherde 1600 sany metjit bolup, onda köpsanly köşkler, kerwensaraýlar, bazarlar, hammamlar we ýaşaýyş jaýlary gurlupdyr. Ywraýym II Günorta Hindistanda Adylabat şäherini hem gurdurupdyr.

1580-nji ýylda häkimýet başyna gelen Muhammetguly Kutubşa hem beýik şahyr bolupdyr. Hindi edebiýatçylarynyň

ýazmagyna görä, ol ýüz müňden hem gowrak ikilemeleri döredipdir. Olaryň agramly bölegi urdu dilinde ýazylypdyr. Muhammetguly Kutubşa pars we telugi dillerinde hem eserleri döredipdir. Şa şahyryň ejesi Günorta Hindistanda ýaşaýan andhra milletinden bolupdyr. Şonuň üçin hem Muhammetguly Kutubşa andhralaryň dili bolan telugini hem suwara öwrenipdir we bu dilde ajaýyp şygyrlary döredipdir. Hindi edebiýatçysy we tankytçysy Seýit Ehtişam Hüseýin: «Telugi dilindäki goşgularyny ol Türkmen tahallusy bilen ýazypdyr» diýip belleýär. Muhammetgulynyň häkimiýet başyna gelen döwri Golkonda gözel binalary bilen şöhratlanan uly şäherdi. Golkondanyň ilatynyň artmagy Muhammetgulyny täze paýtagt gurmaga mejbur edýär we 1600-nji ýylda ol Haýdarabat şäheriniň düýbüni tutýar.

Türkmen soltanlarynyň döwründe binagärçilik sungatyň gülläp ösen ugurlarynyň birine öwrülýär. Deli soltanlygynyň esaslandyrlmagy bilen musulmançylyk binagärligi Hindistanda hakyky kämillige ýetdi. Beýik Mogollaryň döwründe has hem ajaýyp binalar gurlupdyr. Türkmen soltanlarynyň döreden binagärçilik sungaty Ýewropanyň sungaty öwreniş ylmynda «Imperiýal staýl» («Imperiýa stili» - «Hökmürowanklyk ülňüsi») diýlip atlandyrlýar. Türkmenler Hindistanyň ýerli binagärçiligine «gala», «derweze», «metjit», «medrese», «aramgäh», «hanaka» ýaly binalary gurmak dessuryny, şeýle hem «küňre», «gupba», «kalaş» (gupbanyň üstündäki çiş), «gümmez», «hüjre», «mährap», «dalan», «supa», «eýwan», «minara» ýaly


Haýdarabatdaky Çar Minara (1600)

ymaratçylyk desgalaryny girizdiler. Musulmanlar gelmänkä, binagärçiligiň şeýle biçüwleridir ülňüleri Hindistanda entek ýüze çykmandy.

Türkmenler Hindistana gelmänkä, häzirki Deliniň ýerinde induslaryň Lagyl Gala («*Lal Kot*») atly şäheri bar eken. Lagyl Gala Deliniň taryhynyň birinji döwri hasap edilýär. Deli soltanlygynyň esaslandyrylmagy bilen türkmenler onuň ýerinde bäş sany uly şäherleri gurdular. Olar Siri, Jahanpena, Togalagabat, Adylabat, Firuzabat şäherleridir. Firuzabatdan soň gurlan Şajahanabat ýa-da Jahanabat Deliniň mogollar döwründe gurlan bölegidir.

Delidäki türkmen döwletini esaslandyran Aýbeg soltan (1206-1210) bir ýola «Delide kim hökümdarlyk edýän bolsa, Hindistana-da şol eýelik edýändir» diýip aýdypdyr. Onuň döwründe gurlan Delidäki «*Kuwwat ul-Yslam*» hem-de Ajmirdäki metjitler, gurlup başlanan «*Kutup Minara*» Hindistanyň ähli sebitlerine ýaýran musulman binagärçiliginiň iň ilkinji ajaýyp nusgalarydyr. Kutup Minarany Aýbeg soltan gurduryp başlapdyr, Iltutmuş han (1210-1236) bolsa onuň gurluşygyny tamamlapdyr.

Binagärçilik sungaty soltan Iltutmuşyň döwründe has hem ösüpdir. Deliniň 150 kilometr günorta-gündogarynda ýerleşýän Badaýunda soltan üç sany meşhur ymarat gurdurypdyr. Olar «*Hauz-i-şemsi*», «*Şemsi idgäh*» köşkleri hem-de Juma metjididir. Binagärçilik taýdan aýratyn hem «hökmürowanlyk ülňüsinde» gurlan Juma metjidi ähmiýetlidir. Iltutmuşyň Delidäki aramgähi hem hut şu ülňi boýunça gurlan binadyr.

XIII asyryň ortalarynda soltan Balbanyň (1265-1287) gurduran «Gyzyl köşgi» we onuň özünde täsin binagärçilik çözgütlerini jemleýän ajaýyp aramgähi hem şu döwürleriň iň nepis ymaratlarynyň hataryna degişlidir.

Deli soltanlygynda Alaýeddin Halajyň häkimiýet başyna gelmegi bilen Hindistanda binagärçilik sungaty ýokary

derejelere ýetipdir. Onuň dolandyran ýyllarynda köp sanly köşkler, galalar we suwaryş ulgamlary gurlupdyr. Olardan has ähmiýetlileri we ajaýyplary «Müň sütün» («*Hazar sütün*») köşgi, Nyzameddin Öwlüýäniň aramgähindäki «Jemagat Han metjidi», Kutup Minaranyň gapdalyndaky «Alaýeddiniň derwezesi» («*Ala-i darwaza*»), şeýle hem «*Hauz-i Allahi*» bilen «*Hauz-i has*» köşkleridir.

Halaçlardan soň häkimiýet başyna gelen Togalaklaryň döwri ýerli binagärçiligiň ösüşinde täsin bir döwür hasap edilýär. 1328-nji ýylda Günorta Hindistana ýörişleriň döwründe Muhammet Togalak Döwletabat şäherini esaslandyrypdyr. Paýtagtam şu ýere göçürýär. Muhammet Han Togalagyň döwründe Allahabat şäheri hem gurulypdyr. Firuz şanyň hökmdarlyk eden ýyllary Fatyhabat, Hizar we Juwanpur şäherleri, köp sanly köşkler, metjit-medreseler, sopular ýaşamak üçin hanakalar, kerwensaraylar, suwaryş desgalary we seýilgähler gurlupdyr. Şu döwüriň binalaryndan Firuz şa Togalagyň we onuň baş weziri Han Jahanyň aramgähleri iň ajaýyp ymaratlardyr.

Firuz şa 1354-nji ýylda Deliniň taryhynda altynjy şäher hasap edilýän Firuzabadyň düýbüni tutýar. Firuzabaddan başga-da, ol Delide Jamnanyň gollarynyň biri bolan Gumti derýasynyň boýunda ýene-de üç sany berkitme salýär. Firuzabady alymlar özbaşdak şäher hasap edýärler. Ol XIV asyryň ortalarynda, tä XVIII asyryň ahyrlaryna çenli söwdanyň we senetçiligiň möhmüm merkezi hökmünde, giçki döwürde mogollar nesilşalygy tarapyndan esaslandyrylan Şajahanabat bilen ýanaşyk ýerleşipdir we onuň bilen bäsleşipdir.

Türkmen hökümdarlarynyň Hindistanda döreden binagärçiligi Günorta Hindistanyň Adylşalar we Kutupşalar döwletlerinde has hem gülläp ösüpdir. Bu ýerlerde gurlan ajaýyp binalaryň hatarynda Muhammet Adylşanyň (1627-1657) il içinde «Tegelek gümmez» («*Gol gumbez*») diýlip atlandyrylýan we Abdylla Kutupşanyň (1626-1672) täsin

gurluşyk çözgütleri bilen haýran galdyrýan ajaýyp aramgählerini görkezmek bolar. Muhammetguly Kutupşanyň döwründe hem köp sanly ajaýyp binalar gurlupdyr. Olaryň iň täsini «Çar minara» hasap edilýär.

## DERS BOÝUNÇA MÖHÜM SENELER

### Eýran

215-276-njy ýyllar – Maniniň ýaşan ýyllary.
226-njy ýyl – Eýranda Sasanylar döwletiniň esaslandyrylmagy.
260-njy ýyl - Rim imperatory Walerianyň ýesir alynmagy.
310-379-nji ýyllar - Şapur II-niň dolandyran ýyllary.
421-438-nji ýyllar - Bäram V Guruň dolandyra ýyllary.
531-579-nji ýyllar - Hysrow I Anuşirwanyň dolandyran ýyllary.
637-nji ýyl - «Beýik Rüstemiň goşunynyň» derbi-dagyn edilmegi.
821-873-nji ýyllar - Tahyrylar döwletiniň ýaşan ýyllary.
861-900-nji ýyllar – Saffarylaryň hökümdarlygy.
874-999-nji ýyllar - Samanylar döwletiniň ýaşan ýyllary.
945-1055-nji ýyllar - Eýranda Buýidleriň hökümdarlygy.
1071-nji ýyl - Malazgirt söweşi.
1194-nji ýyl – Yrakdaky Seljuk döwletiniň synmgy.
1295-1304-nji ýyllar - Eýranda Gazan hanyň hökümdarlygy.
1340-1410-nji ýyllar – Eýranda Jelaýyrlar nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1378-1467-njy ýyllar - Garagoýunly türkmenleriň hökümdarlygy.
1350-1502-nji ýyllar - Akgoýunly türkmenleriň hökümdarlygy.
1453-1478-nji ýyllar - Uzyn Hasan Akgoýunlynyň dolandyran ýyllary.
1502-nji ýyl – Sefewiler döwletiniň döredilmegi.
1514-nji ýylyň 23-nji awgusty - Çaldyran söweşi.
1550-1558-nji ýyllar – Aba serdaryň gozgalaňy.
1587-1629-njy ýyllar - Şa Abbasyň dolandyran ýyllary.
1612-nji ýyl - Sefewi-osmanly Stambul şertnamasynyň baglaşylmagy.

## Arabystan

570-632-nji ýyllar - Muhammet Pygamberiň ýaşan ýyllary.
622-nji ýyl - Muhammet Pygamberiň Mekgeden Medinä gitmegi. Hijret.
636-njy ýyl - Ýarmuk söweşinde Wizantiýa goşunlarynyň derbi-dagyn etmegi.
638-nji ýyl - Araplaryň Iýerusalimi (Kuddusy) eýelemegi.
661-750-nji ýyllar - Omeýýalar nesliniň halyflyk etmegi.
747-nji ýyl - Merwde omeýýalara garşy halk gozgalaňynyň başlamagy.
749-njy ýyl - Abul Abbas Saffahyň halyf diýlip yglan edilmegi.
750-1258-nji ýyllar – Abbasylar nesliniň halyflyk etmegi.
717-nji ýyl - Konstantinopolyň araplar tarapyndan gabalmagy.
732-nji ýyl - Araplaryň Puatýeniň eteginde franklardan ýeňilmegi.
786-809-nji ýyllar - Harun ar-Reşidiň halyflyk eden ýyllary.
861-946-njy ýyllar – Halyflaryň türkmen serkerdeleri tarapyndan bellenilmegi.
776-783-nji ýyllar – Mukannanyň baştutanlygyndaky gozgalaň.
778-779-njy ýylllar - «Gyzyl baýdaklylaryň» («Surh alem») gozgalaňy.
816-837-nji ýyllar - «Gyzyl hürremileriň» gozgalaňy.
868-905-nji ýyllar – Müsürde türkmenleriň Tulunylar döwleti.
935-969-njy ýyllar – Müsürde türkmenleriň Ihşitler döwleti.
969-njy ýyl – Kair şäheriniň esaslandyrylmagy.
1099-njy ýyl - Iýerusalimiň haçgöterijiler tarapyndan basylyp alynmagy.
1187-nji ýyl - Türkmenleriň Iýerusalimi haç göterijilerden gaýtaryp almagy
1250-1517-nji ýyllar – Müsürde Mamlýuklaryň hökümdarlygy.
1534-nji ýyl – Osmanlylaryň Bagdady eýelemegi.
1520-nji ýyl - Haýreddin Barbarossanyň Alžiri eýelemegi.

1574-nji ýyl – Tunisiň osmanlylar tarapyndan gutarnykly eýelenilmegi.

## Türkiýe

1077-1307-nji ýyllar – Rumdaky Seljuk döwletiniň ýaşan ýyllary.
1176-njy ýyl - Miriokefal (Egridir kölüniň töweregi) söwşi.
1243-nji ýyl - Kösedag jülgesinde rumly seljuklaryň mongollardan ýeňilmegi.
1389-njy ýylyň 28-nji iýuny - Kosowo söweşi.
1402-nji ýyl - Ankara söweşinde osmanlylaryň Teýmirleňden ýeňilmegi.
1415-1416-njy ýyllar - Bedreddin Simawynyň baştutanlygyndaky gozgalaň.
1453-nji ýylyň 29-njy maýy – Konstantinipolyň zabt edilip alynmagy.
1520-1566-njy ýyllar - Süleýman Kanunynyň dolandyran ýyllary.
1559-njy ýyl - Fransiýa bilen «kapitulýasiýa» baglaşylmagy.
1490-1588-nji ýyllar – meşhur osmanly binagäri Goja Sinanyň ýaşan ýyllary.
XVII asyryň birinji ýarymy – Türkiýede «hatynlaryň dolandyran eýýamy».

## Hytaý

265-419-nji ýyllar - Hytaýda Szin döwletiniň ýaşan ýyllary.
280-nji ýyl - Hytaýda bölek ýer ulgamyny girizmäge synanyşyk edilmegi.
317-419 ýyllar - Hytaýda Gündogar Szin döwletiniň ýaşan ýyllary.
386-535-nji ýyllar - Hytaýda Demirgazyk Weý döwletiniň ýaşan ýyllary.
420-478-nji ýyllar - Sin döwletiniň ýaşan ýyllary.

479-501-nji ýyllar - Günorta Hytaýda Si döwletiniň ýaşan ýyllary
502-557-nji ýyllar - Günorta Hytaýda Lýan döwletiniň ýaşan ýyllary.
557-580-nji ýyllar - Günorta Hytaýda Çen döwletiniň ýaşan ýyllary.
485-nji ýyl - Hytaýda «bölek ýer ulgamynyň» resmi taýdan girizilmegi.
550-557-nji ýyllar - Demirgazyk Hytaýda Si döwletiniň ýaşan ýyllary.
557-581-nji ýyllar - Demirgazyk Hytaýda Çžou döwletiniň ýaşan ýyllary.
581-618-nji ýyllar - Suý döwletiniň ýaşan ýyllary.
618-907-nji ýyllar - Tan imperiýasynyň ýaşan ýyllary.
618-626-njy ýyllar - Li Ýuanyň dolandyran ýyllary.
755-nji ýyl - An-Lu-şanyň topalaňy.
874-884-nji ýyllar – Huan Çaonyň baştutanlygyndaky gozgalaň.
906-960-njy ýyllar - Hytaýda 5 nesilşalygyň we 10 patyşalygyň döwri.
960-1276-nji ýyllar - Sun nesilşalygynyň ýaşan ýyllary.
1206-1368-nji ýyllar – Hytaýy Ýuan nesilşalygynyň dolandyran ýyllary.
1368-1644-nji ýyllar - Min nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1368-1398-nji ýyllar - Çžu Ýuan-çžanyň hökümdarlyk eden ýyllary.
1449-njy ýyl - Tumu heläkçiligi.
1557-nji ýyl - Makao (Aomyn) portuny portugallaryň eýelemegi.
1628-1644-nji ýyllar - Hytaýda daýhanlar urşy.
1644-nji ýyl – Mančžurlaryň Sin nesilşalygnyň häkimiýet başyna gelmegi.

## Koreýa

660-njy ýyl - Pekçe döwletiniň synmagy.
668-nji ýyl - Kogurýa döwletiniň synmagy.
722-nji ýyl - Koreýada bölek ýer ulgamynyň girizilmegi.
735-nji ýyl - Silla döwleti tarapyndan Koreýanyň birikdirilmegi.
918-1392-nji ýyllar – Korýo döwletiniň ýaşan ýyllary.
976-njy ýyl - Ýer eýeçiligi hakynda kanunyň kabul edilmegi.
1392-1910-njy ýyllar - Li nesilşalygynyň ýaşan ýyllary.
1592-1598-nji ýyllar - Koreý halkynyň ýaponlar garşy azat edijilik urşy.
1637-nji ýyl – Koreýleriň mançžurlara tabynlyk bildirmegi.

## Ýaponiýa

645-654-nji ýyllar - Kotoku – Taýkanyň dolandyran ýyllary.
646-njy ýyl - Ýaponiýada ýere döwlet eýeçliginiň girizilmegi.
702-nji ýyl -«Taýhorýo» (Taýho döwrüniň kanuny) kanunynyň kabul edilmegi.
969-1167-nji ýyllar – Ýaponiýada eks-imperatorlaryň dolandyrmagy.
1192-1333-nji ýyllar - Minamotolar sýogunlygynyň ýaşan ýyllary.
1336-1568-nji ýyllar - Asikaga sýogunlygynyň ýaşan ýyllary.
1457-nji ýyl - Edo (Tokiýo) galasynyň düýbüniň tutulmagy.
1600-nji ýyl - Sekigahara söweşi.
1603-1867-nji ýyllar - Tokugawalar sýogunlygynyň ýaşan ýyllary.

## Wýetnam

541-603-nji ýyllar - Wýetnamy Irki Li nesilşalygynyň dolandyrmagy.
939-njy ýyl - Daýkowýet döwletiniň esaslandyrylmagy.
968-980-nji ýyllar - Täze Din nesilşalygynyň ýaşan ýyllary.

981 – 1009-nji ýyllar - Irki Le nesilşalygynyň hököm süren ýyllary.
1009 – 1225-nji ýyllar - Giçki Le nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1225 – 1400-nji ýyllar - Çan nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1400 – 1407-nji ýyllar Ho nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1428 – 1527-nji ýyllar - Aşaky Giçki Le nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1527-1533-nji ýyllar - Mak nesilşalygynyň ýaşan ýyllary.
1533-1788-nji ýyllar - Ýokarky Giçki Le nesilşalygynyň hokum süren ýyllary.
1610-njy ýyl - Ňuen döwletiniň döremegi.

## Mongoliýa

1162-1227-nji ýyllar - Çingiz hanyň ýaşan ýyllary.
1206-njy ýyl - Mongol döwletiniň esaslandyrylmagy.
1215-nji ýyl - Pekiniň eýelenilmegi.
1227-nji ýyl - Tangutlaryň Günbatar Sýa döwletiniň derbi-dagyn edilmegi.
1241-nji ýyl - Beýik han Ugedeýiň aradan çykmagy.
1258-nji ýyl - Bagdadyň eýelenilmegi.
1260-njy ýyl - Aýn Jalut söweşinde mongollaryň derbi-dagyn edilmegi.
1479-1543-nji ýyllar - Daýan hanyň dolandyran ýyllary.
1507-1582-nji ýyllar - Altyn hanyň ýaşan ýyllary.
1578-nji ýyl - Lamaizmiň kabul edilmegi.
1636-njy ýyl - Abahaýyň Mongoliýanyň hany diýlip yglan edilmegi.

## Hindistan

320-340-njy ýyllar - Çandragupta I dolandyran ýyllary.
606-647-nji ýyllar - Harşiniň dolandyran ýyllary.
712-713-nji ýyllar - Muhammet ibn Kasymyň Sindi we Multany eýelemegi

916-njy ýyl - Raştrakutlaryň Jamna-Ganga derýa aralygyna çozup girmegi.
1015-1044-nji ýyllar - Rajendra I-niň Çolla döwletini dolandyran ýyllary.
1206-1526-nji ýyllar - Deli soltanlygynyň ýaşan ýyllary.
1211-1236-nji ýyllar - Şemseddin Iltutmuşyň dolandyran ýyllary.
1296-1320-nji ýyllar - Alaeddin Halajyň dolandyran ýyllary.
1414-1451-nji ýyllar - Seýitler nesilşalygynyň hökümdarlygy.
1489-1686-nji ýyllar – Bijapurda Adylşalaryň hökümdarlygy.
1498-nji ýyl - Wasko da Gamanyň Hindistana gidýän deňiz ýoluny açmagy.
1512-1687-nji ýyllar - Kutubşalar türkmen döwletiniň ýaşan ýyllary.
1526-njy ýyl – Beýik Mogollaryň döwletiniň esaslandyrylmagy.
1540-1545-nji ýyllar - Şir şanyň dolandyran ýyllary.
1556-1605-nji ýyllar - Ekberiň dolandyran ýyllary.
1639-njy ýyl – Ost-Hindistan kompaniýasynyň Madras şäherini esaslandyrmagy.

## MAZMUNY

Giriş..................................................................................7

**I BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNDA ORTA ASYR GATNAŞYKLAYNYŇ KEMALA GELMEGI**

§ 1. Eýran irki orta asyrlar döwründe................................19
§ 2. Arabystan irki orta asyrlar döwründe......................38
§ 3 Merkezleşdirilen orta asyr arap döwletiniň we Yslam dininiň döremegi..........................................................50
§ 4. Afrika III-VII asyrlarda.............................................74
§ 5. Hytaý irki orta asyrlarda (III-VIII asyrlar).................79
§ 6. Koreýa irki orta asyrlarda...................................97
§ 7. Ýaponiýada orta asyr döwletiniň döremegi.................106
§ 8. Wýetnam irki orta asyrlarda.......................................120
§ 9. Indoneziýa irki orta asyrlarda.....................................126
§ 10. Hindistan III-XII asyrlarda.......................................132

**II BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY ÖSEN ORTA ASYRLAR ZAMANYNDA**

§ 1 Arap halyflygy VIII asyryň ikinji ýarymynda - X asyrda..........................................................................155
§ 2. Eýran IX-XIII asyryň başlarynda..............................170
§ 3. Günbatar Aziýadaky türkmen atabeglikleri.............191
§ 4. Eýran XIII-XIV asyrlarda.......................................216
§ 5. Türkiýe XI-XIV asyrlarda.......................................234
§ 6. Osman döwleti XIV-XV asyrlarda ........................260
§ 7. Ýakyn Gündogar ýurtlary haçly ýörişleriň döwründe.......................................................................281
§ 8. Magrib ýurtlary IX-XI asyrlarda............................293

§ 9. Musulman hukugynda (fykyh) durmuş-ykdysady we syýasy meseleler.........................................................303
§ 10Yslamda sopyçylyk (tasawwuf) akymy...................309
§ 11 Orta asyr musulman medeniýeti .......................... 318
§ 12 Afrikanyň döwletleri III-XV asyrlarda..................323
§ 13 Hytaýda orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi............331
§ 14 Hytaý XIII-XV asyrlarda......................................340
§ 15 X – XIV asyrlarda Koreýada orta asyr gatnaşyklarynyň ösmegi...................................................................352
§ 16 Ýaponiýa ösen orta asyrlar döwründe (X-XV asyrlar)....................................................................... 363
§ 17 Wýetnam XI – XV asyrlarda................................ 378
§ 18 XI – XV asyrlarda Indoneziýadaky döwletleriň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy......................................388
§ 19 Mongoliýada irki orta asyr döwletiniň döremegi…393
§ 20 Hindistan XII – XV asyrlarda……………......... 404

## III BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY GIÇKI ORTA ASYRLAR DÖWRÜNDE

§ 1. Eýran giçki orta asyrlarda ……………….................417
§ 2. Osman imperiýasy XV asyryň ahyrlaryndan – XVII asyryň ortalaryna çenli döwürde..............................................443
§ 3. Arap ýurtlary Osman imperiýasynyň düzüminde....469
§ 4. Afrikanyň döwletleri XVI-XVII asyrlarda .............477
§ 5. XVI – XVII asyryň birinji ýarymynda Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy........................................490
§ 6. Koreýa giçki orta asyrlar döwründe......................511
§ 7. Ýaponiýa giçki orta asyrlar döwründe....................519
§ 8. Mongoliýada ýurt dagynyklygy.............................528
§ 9. Wýetnam giçki orta asyrlarda.................................539
§ 10. Indoneziýa giçki orta asyrlarda.............................545
§ 11. Hindistan beýik Mogollaryň döwründe.................549
Ders boýunça möhüm seneler.....................................571